# Aýtmaly habarym bar...

RAHMET GYLYJOW



# Aýtmaly habarym bar...

Rahmet Gylyjowyň dürli ýyllarda metbugat sahypalarynda çap bolan makalalar ýygyndysy, I jilt

© Rahmet Gylyjow



1

# Melekleriň pyşyrdysy

Ozalyýetinde durmuş şeýle gurnalan eken: nämä garaşsaň, nämäni gözleseň, nähili pikirlere hemra bolsaň, öňüňden şol çykýar. Bir maksady ýüregiňe düwüp, mümkin boldugyndan ugrunda yhlas etseň, ýüze çykýan sebäplere, pursatlara we mümkinçiliklere daýansaň, hökman arzuwyňa gowuşjakdygyň nygtalýar. Çünki dünýäni görmek islegindäki Zülkarneýn hem şeýle sebäplere ýapyşyp, yzyna eýerip, zeminiň iki künjüne ýetmegi başarypdyr. Arzuwlara çäklendirme girizmeli däl. Näçe köp gazanasymyz gelse, şol mukdarda haýyrly, bol we beýik islegleri ýapyşmaly. Adamyň ömür boýy ýanyndan aýrylmaýan arzuwlarynyň biri – Hydyr atany görmek. Çagalykdan aňymyza ornan düşünjeler haýyr paýlaýan we ak pata berýän Hydyr ataly kyssalara şeýle bir höwrügipdir, ömrüň haýsy menzilinden barýandygyňa garamazdan, ol elmydama şol arzyly isleglige hem saklanýar. Ýöne, täsin ýeri biz Hydyr ata, aglaba wagt, diňe gadyr gi-jesinde garaşýarys. Hawa, şol gadyr gijesinde asmandan inýän lek-lek perişdelere ýa-da Hydyr ata duşmak islegi we mümkinçiligi örän ýokary. Olaryň arzuwynda uzyn gijäni ukusyz oturýanymyz we garaşyp ötürýänimiz az däl. Onsoňam, göräýsegem, bu wakany hiç kime aýtmaýarys ahyry, sebäbi beýle zatlary aýdyp ýörmeli dälmişin diýen sözlerden gulaklarymyz ganypdyr. Ýöne, geň ýeri aýdylmaly däl şeýle hakykatlaryň kyssasy hemmä mälim. Taryhy çeşmelerde, gadymy eserlerde melekleriň ýa-da hut

Hydyr atanyň ynsanlara edýän kömekleri dogrusynda müňlerçe kelam bar. Olaryň dürli sypatda, dürli şekilde, ýada-oýa düşmeýän, hyýala gelmeýän keşpde peýda bolýandygy ýaňzydylýar. Ýol salgy berşi, ak pata berşi, kömek ýa-da halas edişi.. sanardan kän. Eýsem, Hydyr ata haçan gelýär? Ýogsamam, siz ömrüňizde şeýle meleklere ýa-da Hydyr ata duşduňyzmy? Ýanyňyzda peýda bolandygyny, hut siziň diňlemeli sözleriňizi size ýetirendigini duýduňyzmy? Siz olar nähili keşpde peýda bolar öýtdüňiz? Siz şeýle meleklere, Hydyr ata hökman duşansyňyz, bu anyk, ýöne bu hakykatlary hiç kime aýtmajak bolup, içiňizde saklap ýören bolmaly.

Durmuşda şeýle bir wakalar, pursatlar ýüze çykýar, şol pursatlara sebäp bolýan adamlar Hydyr ata ýa-da perişde ýaly görülýär. Bu zatlaryň nädip şeýle bolýandygyna aklyň haýran. Olaryň ählisi tüýs gerekli wagty, biziň şeýle sözlere we kömeklere mätäç wagtymyz peýda bolýar. Olary göremizde, diňlänimizde ýüreklere ornaýan tesellini, ynjalygy, ynamy duýýarys, ýöne biz ömür boýy ganatly perişdelere ýa-da jowur ak sakgaly döşüni ýapyp duran Hydyr ata garaşyp gezemizsoň, bu adamlary olardyr öýdüp gümanam edemzok. Üstesine-de olaryň käbiri gözümiziň öwrenişen, öňden bäri tanyş-biliş adamlarymyzdygy üçin, bir begenip, taňryýalkasyn aýtmak bilen çäklenýäris. Hekim ata Süleýmanyň "Her görenňi Hydyr bil" diýen sözlerini bolsa okamadygymyz ýok. Bu zatlaryň aňyrsynda ylahy enaýatyň bardygy hakda pikir etmeýäris. Ýogsam, göze görünmeýän meleklerиň göwün gulagymyza pyşyrdaýan sözlerini bize diňe şolar ýetirýärler. Olaryň ählisi aýny wagtynda aýdylýan, tüýs wagtynda ýetirilýän sözlerdir. Döwürden, durmuşdan, ösüşden, ýaşaýyşdan, maksatdan yza galmazlygymyz üçin, barmaly ýerimize wagtynda barmagymyz üçin şeýle wakalar ýüze çykyp dur. Ol käte adamlaryň üsti bilen, käte-de kitaplaryň, ýazgylaryň

üsti bilen ýürege ornaýar. Ählisiniň özeninde bize niýetlenen söz bar. Durmuşda bolsa şeýle wakalar bolýar:

“Dört aý öňünden çagalar bilen geljekki tomus paslyny nähili geçirmelidigini maslahatlaşypdyk. Tomsuň ahyrky aýynda maşgala bolup Awazada dynç almagy ýüregimize düwdük. Ählimiz bu pikiri bir ses bilen makulladyk. Hä diýmän arzyly günlere ýetdik. Deňziň dury suwuny, tolkunlaryň owsun atyp, kenary öpüp gidişlerini, ylla tebigatyň jadyly dünýäsini görmeklige şeýle bir muşdakdym. Ir säher bilen ugraýan awtobusa petek alamyzsoň, indi bar aladamyz ýol şaýyny tutmakdy. Gerek-ýaraklarymyzy, goşlarymyzy düwüp, ýarygijä çenli oturandygymyzy hem duýmandyrys. Ertir irden ýola düşmelidik. Sagady bäşe düzsek, arkaýyn ýetişeris diýip, uka batdyk. Aladaňdan sagadyň jaňyndan öň telefon jyrlady. Trubkany göterdim. Aňyrdan: “Alo, salawmaleýkim” diýen, ses eşdildi. Oýaly-ukuly halda ardynjyrap salam berdim. Ol sesimi eşitdi-de: “Bagyşlaň ýaşuly, ýalňyş aýlapdyryn öýdýän” diýip, ötünç sorap, trubkany goýdy. Birbada gaharym geldi. “Ýarygije ili örüzip ýörmänkä, aýlajak belgisini anyk bilmeli eken-dä” diýip, hüňürdäp barşyma, oýananyma görä wagty biläýeýin diýdim. Görsem, sagat eýýäm bäşden agan eken, emma sagadyň jaňy jyrlamandyr. Men howul-hara beýlekileri hem örüzip, derrew ýuwnup-ýylmanyp, ýola düşmek bilen bolduk. Münmeli awtobusymyza zordan diýen ýaly ýetişdik.  Men şol wakany henizlerem ýatlaýaryn. Eger şol jaň gelmedik bolsa, ýalňyşyp düşen şol telefon jaňy bolmadyk bolsa, biz şol gezekki syýahatymyzy mejbury ýagdaýda soňa süýşürmeli bolýardyk. Diňe awtobusdan gijä galmak däl, ol ýerde biziň näçe aýlap gursagymyzda göteren arzuwymyzyň soňa süýşmek howpy bardy. Ir säher ukudan oýarandygyna birbada bimaza bolsam-da, soň şol nätanyşa içimden sag bolsun baryny aýtdym. Ol bizi Hydyr ata ýaly bolup oýarypdy”.

“Daşary ýurt dillerini öwrenmek höwesi erkime goýmady. Munuň üçin ýörite kurslara ýazylaýyn diýsem-ä, üýtgeşik boş wagtym ýok. Bolanja boş wagtlarym hem dem-dynç we ertirki günüň taýýarlygy bilen sowlup gidýärdi. Kompýuterimde dil öwredäýn elektron kitaplar, ses ýazgylary, zerur esbaplar ýeterlik mukdarda bardy, emma barybir öňegidişlik göze ilmeýärdi. Ählisine-de özümiň wagty rejeli ulanyp bilmeýändigim bahana bolýardy. Sähel ýadawlyk duýsam, soňa süýşürmäge döwtalapdym, şeýdibem bahanalar bilen özümi aldaýardym. Ahyry ymykly karara geldim: “Maksadyna ýeter ýykylan çyndan”. Çynlakaý ugruna çykmasam, wagt ýitirmekden başga gazanan zadym bolmaz. Şeýle pikirlere berlemsoň, onlarça kitabyň içinden diňe birini saýladym, sebäbi maksatlar dagynyk bolsa, hiç birini hasyl edip bolmaýşy ýaly, okuw kitaby näçe köp bolsa, haýsy birine ýapyşjagyňy bilmän hem ençe kösenýän ekeniň. Bulutlar dagynyk bolsa, ýagyş ýagmaýar ahyry. Şol kitabyň ses ýazgysy hem bardy. Okadym, ürç edip okadym, emma barybir öwrenişimden göwnüm suw içmedi. Kanagatlanmadym. Nämedir bir zat ýetmeýän ýalydy, ýöne onuň nämedigini hiç aňşyryp bilmeýärdim.

Bir gün işden gaýdyşyn awtobusa mündüm. Gaty gysby bolmasa-da, awtobusyň üsti boşlaň däldi. Şol dyknyşygyň içinde bir ýaş gyz eline telefonyny alyp, gulaklyk bilen nämedir bir zatlar diňleýärdi. Ýanymda duran iki sany talyp oglanyň gözi, ünsi şol gyzda eglendi. Olaryň biri ýanyndaky ýoldaşyna: “Köpçülik ýerinde şeýdip durmaklaryny hiç oňlamok. Özgäň ünsünem bölme, ünsüni özüňe çekjegem bolma. Biraz sabyr etseň, öýüňe barýaň, arkaýyn otur-da, diňle, lezzet al. Bärde, köpçülikde beýdensirän bolmak nämä gerekkä?” diýdi. Ýoldaşy bu pikirleri makullamady: “Munuň hiç hili aýby ýok, telefonynyň sesini waňladyp, töweregindäkilere yza berenok. Gaýta menä örän peýdaly görýän. Içiňden boş pikirler edeniňden, telefonyňa ýazdyran zatlary

diňläp, ýol ýadawlygyny unudyp bolýar. Ýa-da mysal üçin dil öwredýän ses ýazgylaryny telefonyňa geçirip, ýene bir dil öwrenip bolýar. Sebäbi okamakdan gözüň, diliň ganýan bolsa, eşitmekden gulagyň ganýar. Dil üçin bu örän zerur. Wagtyňy manyly ötürýäň" diýdi. Olaryň mundan soňky sözleri meniň gulagyma ilmedi, sebäbi ýaňky sözüň özi hut maňa aýdylan ýaly boldy. Ol maňa şeýle bir täsir etdi, öýe gelen dessime nahar-tagamdan öňürti şeýle ses ýazgysyny telefonyma ýükledim. Birbada dogrusy beýdip ýörmegi uslyp bilmedimmi, ýerliksiz ýygralyk zerarly çekindimmi, haýdan-haý girişibermedim. Diňe, "Iilden utanar ýaly aýyp iş edýänmi men" diýen pikire ymykly kellämi öwrenişdiremsoň, şol oglanyň aýdyşy ýaly hereket etdim. Öýde okadym, ýolda diňledim. Şeýdibem, Hudaýa şükür, şol nätanyş oglanyň ýanymda durup, dostuna aýdan sözleri meniň ýene bir daşary ýurt dilini öwrenmegime, özleşdirmegime itergi berdi. Ol sözleri maňa ol oglan däl-de, bir perişde pyşyrdap aýdan ýalydy..".

"Bir gün işden gijräk çykdym-da, öýe basymrak ýeteýin diýen niýet bilen taksi sakladym. Ulagyň öňüne geçip, ornaşanym şoldy, sürüji saglyk-amanlykdan soňra, ýüzüme dikanlap seretdi-de, maňa hiç hili baglanyşygy bolmadyk bir wakany gürrüň berip başlady: "Mundan birnäçe ýyl ozal ýaz pasly Sumbar jülgesi şeýle bir owadandy. Ähli otlar, daragtlar ýaşyl parça bolup ýatyrdy. Ol ýerleri elmydama hem owadan welin, şol ýyl has gözel göründi. Miweli daragtlar ak-gyzyl güllere mazaly bürenipdi. Ýylyň bol hasylly geljekdigine hiç kim şübhe etmeýärdi. Şeýle günleriň birinde oslamaýan wakamyz ýüze çykdy. Göz ýumup-açasy salymda çabgaly doly guýdy-da, ýaňky bakjalary, agaçlary wes-weýran etdi. Ynanar ýaly bolmady. Her kim haýygyp, haýran galdy. Ýaşulylar üýşüp, beýle hadysalaryň bolup bilýändigini ýatlap, üýşüp jan saglygy üçin sadaka bermegi müwessa bildiler. "Esasy zat saglyk bilen agzybirlik. Galan zady gerekli wagty Hudaý ýetirer"

diýdiler. Şeýle-de boldy. Şol ýyl hasyl şeýle bir bereketli geldi, diýip-aýdar ýaly bolmady. Görýärmiň, sadaka müň belany başdan sowar diýýärler. Üstesine-de, bereket sanynyň känliginde däl-de, her zadyň öz içinde bolmaly" diýdi. Ol öýe ýetýänçäk başga-da ençeme zatlary gürrüň berdi, ýöne näme üçindir şu wagtam diňe ýaňky gürrüň ýadymda galypdyr, sebäbi..

Şondan köp wagt geçmänkä, iş sapary bilen Mara gitmeli boldum. Ýaz pasly. Daş-töwerek, tebigat şeýle bir owadan. "Munuň ýaly owadan ýaşyl reňk diňe tebigatda bolup bilýär, dünýäniň hiç bir ýerinde muňa kybap reňk öndürilýän däldir" diýen pikirler bilen töweregi synlap, baharyň hoştap howasyny işdämenlik bilen içime sorup otyrdym. Erik, alma agaçlarynyň pürleri şeýle bir bol bitipdir welin, ownujak güller şahalary egip durdy. Howa-da açyk, al-asmandaky Günüň şöhlesi mylaýymlyk bilen dökülip dur. Ähli zat duýdansyz başlandy. Bulutlaryň nireden peýda bolandygyny hem bilmedik, birdenkä çabgaly doly guýup başlady. Uzak ýagmady, ýöne gök öwsüp duran meýdany gyrýapyr etmek üçin sanaýmalyja minutlar ýeterlik boldy. Ýaňky ýaşyl dona gurşalgy tebigat ýalaňaç meýdana öwrüldi duruberdi. Gözüň bilen gören zadyň her neneň geň galdyrsa-da, "beýle zat mümkin däl" diýip bolmaýar. Hemme zat mümkin eken. Kelläme gelen ilkinji pikir paýtagtda gabat gelen şol sürüjiniň gürrüň beren wakasy boldy. Ýogsamam ol gürrüňlerden bäri hepde-de geçmändi. Men özümden bidin ýylgyranymy duýman galdym. Tötänlik diýilýän zada asla ynanmaýanym üçin muny diňe alamat hökmünde kabul etdim. Edil şonuň aýdyşy ýaly boldy - ýylyň hasyly garaşanymyzdan has önjeýli, netijeli çykdy. Adamlar şeýdip tebigat bilen arasyny sazlaýan bolmaly. Men ol adamyň kimdigini, adyny-zadyny hem soramandyryn, ýöne ol meniň aňymda adam keşbine giren perişde ýaly bolup galdy...".

Şeýle wakalar ählimiz bilen bolup geçýär. Durmuşda düýbünden garaşmaýan adamlarymyzdan özümize gerekli sözleri aýny wagtynda eşidýäris. Bize tüýs gerekli wagty şeýle adamlar bir sebäp bilen ýanymyza gelýär. Bir sebäp bilen işimiziň çözgüdini salgy berýär ýa-da kömek edýär. Bir sebäp bolýar – gerekli adamlara gabatlaşýarys. Hut bize gerekli sözler olaryň agzyndan çykýar. Ýa-da käteler kitap, gazet-žurnal sahypalaryny okap oturansyň. Bir makala ýa-da bir hekaýa, bir goşgy ýa-da bir jümle ruhuňa aýratyn täsir eder. Gerekli sözleri gaýtagaýta okarsyň. Ol ýerdäki many saňa nähili hereket etmelidigini, nähili gezmelidigini, neneňsi bolmalydygyny ýadyňa salar durar. Ine, şeýdip adamlaryň, aýdymlaryň, kitaplaryň, janly-jandarlaryň içinden özüňe gerekli zatlary aýny wagtynda tapyp bilýärsiň. Olar saňa niýetlenip aýdylýan ýalydyr, hut seniň üçin ýazylan ýalydyr, aslynda-da bu şeýle – şol sözler hut seniň üçin aýdylýar, hut seniň üçin hem ýazylýar. Böwrümize we töweregimize diň salyp bilsek, şeýle wakalaryň ýygy-ýygydan bolýandygyna göz ýetireris. Ýalňyş ýaly görünýän, ýöne tüýs barmaly ýerine gönügýän telefonyň aňyrsyndaky nätanyş sesler, düýşde buşlanýan hoş habarlar, işdeş ýa-da tanyş-biliş ýoldaşlarymyzyň söhbeti we maslahaty, ýolda-yzda bir gezek gabatlaşýan myhman ýüzler we olaryň maňza batýan sözleri, aýdýan habarlary, berýän öwüt-ündewleri, ykbalyňda bir salym peýda bolup, soňra gözden uçýan ýagşy adamlar.. garaz, şoňa kybap ýagdaýlar durmuşda juda kän. Durmuşda ýagşy adamlar örän kän. Olaryň sözleri dogry ýola düşmegimiz, ruhubelent we umytly ýaşamagymyz üçin tekge bolýar. Eýsem biz şeýle sözleri melekleriň pyşyrdysyndan başga nämä ýorup bileris? Şeýle adamlary Hydyr atadan başga kime meňzedip bileris? Biz Hydyr ata garaşýarys we ömür boýy şol kysmy adamlara hem ençeme gezek sataşýarys. Bular ykbalyň sowgady. Olar dürli keşpde, dürli röwüşde, dürli ýagdaýlarda peýda bolýarlar. Söz bilen ýöremeli ýolumyzy salgy

beryarler.  Onsoňam, asmandan bir melek inäýende hem ol hem şeýle adamlar ýaly, diňe bize gerekli sözleri ýetirerdi.

Belki siz mundan soňam gabat gelen perişdeleriňiz hakda başga ýerde dil ýarmazlygyňyz mümkin, ýöne siziň olary tanajakdygyňyza, olaryň siziň ýanyňyzdan we ýadyňyzdan aýrylmajakdygyna welin pugta ynanýaryn. Gör, nähili bagt, perişdeleriň arasynda ýaşamak.

2

# Ýokarda Biri bar

Ýokarda biri bar, ol meni gowy tanaýar. Durmuş ýollarynda, ähli ýagdaýlarda aljyran pursatym, kömege mätäç pursatlarym, men ony ýadyma salmasam-da, ol meni unutmaýar. Arkamy tutýar, derrew kömek edýär.

Ol meniň ýolumy açýar.
Ol maňa garaşmaýan ýerlerimden rysgal eçilýär.
Ol meni çagasyna mährini berip, gujagyna gysýan mähriban eneden hem has gowy mähir bilen bakýar.

Kimdir biriniň göwnüne degsem, şol adam mäňa azgyrylar, igener, «bolmady» diýip zeýrener, emma Ol şeýle bir geçirimlilik eder. Munuň üçin meniň ýüzüm gyzarmaz, ýöne müýnüm ýadymda galar. Indiki säwligime çenli bu geçirimlilik huşumdan çykar gider, ýöne her hili ýagdaýlarda Oňa bil baglaýşym ýaly, Ol maňa umydymdan hem beýik ýagşylyk bilen bakar. Ol öňki unudaganlygym üçin öýkeläp durmaz. Ýene-de Özünden umyt edenime begener we muňa monça bolup, elinden gelen ýagşylygy eçiler. Şonda men özümiň ýeke däldigime, arkalydygyma, arkamyň bardygyna şükür ederin.

Hawa, biz her demde şükür edilmäge mynasyp Beýik Taňryny her günde ýürekden ýatlamzok. Onsoň beýleki adamlary ýadyňda göterip ýörmek uslyp däl bolmaly. Emma biz özümize ýagşylyk edýänleri

unudýarys-da, haýrymy-şeri – haýsy tarapy agdyk boljagy näbelli adamlaryň yzynda aň-hyýallarymyzy, göwünlerimizi sergezdan edip ýöris. Men Onuň berýän nygmatyna şükür edýärin, emma çeýnän çöregim bokurdagymdan ötensoň, ýetiren ýüpek lybaslaryny egnime atamsoň, Ony bir sellem ýadymdan çykarýaryn. Käteler oturyp şeýle pikir edýärin: «Bir pursatlyk garnydokluk Ýagşylyk edýänleri unutdyryp bilýän bolsa, dynuwsyz guýulýan eşretleriň öňünde mesirgemän, azman saklanmak aňsat iş bolmaly däl» diýýärin.

Ýokarda biri bar, ol meni gowy tanaýar. Elmydama häsiýetime görä ýolumy açýar. Emma melekleriň seýilgähi bolan kalbym, şeýtanyň şüdügärine öwrülip, garaňky oý-hyýallara gurşalan pursatlarym, ho-ol uzakdan bir ýagtylygyň göni maňa sary gelýändigini görýärin. Bolmasa men Oňa telefon bilen jaň hem edemok, elektron poçtanyň üsti bilen habar hem ýollamok, ýa-da beýik depä çykyp gygyramogam. Ýöne maňa kömek edip dur. Özi hem edýän ýagşylygyna minnet edenok, öwezine hak-heşdek, berim-peşgeş soranok. Diňe ýagşy adam bolup, ilimi- günümi söýüp gezmegimi isleýär. Adamlara ýüz saraltman, göni Özünden soramagymy isleýär. Ýagşylyk edýäni synamak gowy gylyk hasaplanmaýar. Emma durmuş Onuň haçan has gowy görüp, haçan öýkeleýändigini aýan edýär. Bitmeýän işim üçin ilki Özünden haýyş etmän, gaýry gapylary kaksam gaty görýär. Özünden özgelere az-kem artykmaç umyt bilen baksam gaty görýär. Otugan nebsiň ugruna görä ters hereket etsem gaty görýär. Şol pursat bedew çapuwly ykbal keçjal düýe ýaly ýoluň ortasynda bögürip ýatyberýär. Onsoň, men Onuň öýkeländigine düşünip galýaryn. Ol bolsa iň bolmanda şoňa düşünenim üçin hem begenjinden iki bolup bilmeýär. Aslynda-da Oňa birlik mahsus diýýärin. Onuň hemme kişä sözi ýöreýär. Özi hem ähli zat Onuň ýekeje sözüne bitýär. Sebäbi onuň sylagy hem, hormaty hem, güýji-gudraty hem ýetik. Ol «Bol!» diýmese, beýlekiler «Bolýar!»

diýmeýär. Şonuň üçin hem men elmydama Oňa arkalanýaryn. Sebäbi Ol meni gowy tanaýar. Gowy tanany üçin hem Özi gelip, görnüp durmasa-da, Özüne has ýakyn ýagşy adamlaryň üsti bilen kömek edýär. Hawa, bu hut şeýle, ýokarda biri bar. Şol ýokardaky Biribar meni gowy tanaýar. Durmuş ýollarymda Ol maňa elmydama kömek edýär.

3

# Has gowusyny nähili saýlamaly?

Her birimiziň her bir zadyň has gowusyny saýlap almaga ýagdaýymyzam, mümkinçiligimezem, hakymyzam, ygtyýarymyzam bar. Üstesine, has gowusyny saýlap almaklyk her kimiň borjy bolubam durýar. Durmuşa gadam goýduňmy, ýollaryň has gowusyny saýlamaly. Maksatlara maňlaý dirediňmi, olaryň has gowusyny saýlamaly. Diňe bir maddy zatlaryň däl, pikir, hyýal, düşünje ýaly zatlaryň hem has gowusyny saýlap alyp bilýäris. Hat-da dost-jora hökmünde-de adamlaryň özümize, ýüregimize has gowy görünýänlerini saýlap tutýarys. Hiç bir zat bize berlen şu mümkinçiligi elimizden alyp bilenok. Ýogsamam her kim öz durmuşynyň binagäri. Gurasy gelýän ykbal jaýyny, oňa gerek bolan suwuny, laýyny, hekini, daşyny, içini-daşyny bezejek serişdeleri, goşlary özi saýlap alýar. Saýlamak mümkinçiligi barka, hiç kimiň özüne ýaramaz zat almajakdygy düşnükli. Şeýdibem öz durmuşymyzy gurýarys. Käteler welin saýlap alan zatlarymyzdan nägile bolup, „ýazgytdaky beýle deňsizligiň“ gel-gel bize gabat gelmesine gaharlanýarys. Ýa-da biz has gowusy diýip, mojuk bir zady saýlaýan-a däldiris-dä, hernä? Eýsem biz has gowusyny nähili saýlaýarys?

Mundan on bäş ýyl çemesi owal orta ýaşly bir adam uzak ýola sapara çykypdyr. Kireýli sürüjileriň biri öz ulagyny mazamlap, oňa ulagyň öňki salonyny hödür edipdir: „Ýaşuly, ap-akja ulag. Öňi boş dur. Size garaşyp duran ekeni“ diýip, sözüniň üstüni ýetiripdir. „Mündügim, eglenmän ugraýas däl-mi?“ diýip, ýolagçy günden goraýan gara äýnegini gözünden aýryp, kisesine salypdyr. „Hawa, ýaşuly, ugrabermeli“ diýip, sürüji ulagyň öňki gapysyny açyp beripdir. Ýolagçy münmek üçin boýnuny içeri uzadypdyr-da, sakga säginipdir: „A-how yzky salonda kiçijik bäbek bar eken-ä. Ýok, kiçijik bäbek bolsa maňa gerek däl. Barýançam, sesi jägildäp ýüregime düşer. Beýdip gidenimden, iki esse töläp, boş ýa-da bäbeksiz ulagda arkaýyn gidenim has gowy“ diýip dillenipdir. Şeýdibem, ol başga ulagda bir özi gitmese-de, arkaýynlyk bilen barmaly menziline aşypdyr. Şol wakadan bäş ýyl soň ýaňky ýaşuly ogluny öýeripdir. Ondan bärem on ýyl çemesi wagt geçipdir, emma ýaňky ýaşulynyň agtyk perzende gözi düşmändir. Şunça ýyllaryň azaby, yhlasy, ile eden ýagşylykdyr ýamanlygy, çöplän-u harç eden sogaby bir ýana, şol hereketi hem bir ýana agram salyp dur. Ähli zat huşundan uçsa-da bar zadyň sebäpkäri hökmünde „Ýok, kiçijik bäbek bolsa maňa gerek däl. Bäbeksiz ulagda arkaýyn gidenim has gowy“ diýen sözler gulagynda ýaňlanyp dur diýýär. Sebabi bu onuň haçanam bolsa bir eýýäm hut öz islän, öz saýlap alan „has gowy“ ýagdaýlarynyň biridi.

Ýaşy ýeten ulugyzlaryň birine sawçylyga barypdyrlar. Ýigit hakda gyza ýaňzydypdyrlar. Belki gyzyň ýürek töründe başga bir ýigit orun tutandyr ýa-da taryby ýetirilýäne göwni ýeten däldir, tasanjyrap barşyna: „Şol oglana baranymdan-a, ite durmuşa çykanym has gowy“ diýip dillenipdir. Şeýdip, oglan tarapyň habary alynmandyr. Uzak wagt geçmänkä, şol idegli gyzyň bagty açylypdyr, başga birine durmuşa çykypdyr. Dogry ol hakyky ite barmandyr, ýöne it häsiýetli biriniň

alnyndan çykandygyny il-gün he-nizem ýatlaýar. Sebäbi ol gyz has gowusyny özi saýlapdy, özi dile getiripdi.

Talyplyk döwrümizde bahana tapsa, oba gidesi gelýän bir deň-duşumyz bardy. Aglaba halatda hem garry ene-atasyny bahana edinerdi. Gürrüňle-riniň käbirinde garry ene-atasynyň dikgirdäp ýörşüni dile getirip, öz ýanyndan „tüweleme, garry hem bolsa bizden sagat" diýip, gürrüň be-rerdi. „Şularyň barlygy bahana üçin has gowy. Garry bolansoňlar, ýaranok diýseň, ýagdaýy boldugyndan rugsat berýärler" diýerdi. Ýöne her gezek şeýle rugsatdan dolanyp gelende „Bardym welin, dogrudanam enem ýa-da atam ýaraman ýatan eken" diýerdi. Sebäbi ol baş bahanasy hökmünde şolary has gowy dile getirýärdi.

„Pylany ogurlykda tutulypdyr" diýen gürrüň köpe ýaýranda, obadaşlarynyň biri „Ogurlyk ýaly biabraý zat ýok. „Ogry" diýleninden-ä, „tirýeki" diýleni has gowy" diýip, dile getiripdir. Ýyl aşyp ýetişmänkä ýaňky ýigidiň agzyny hapalandygyny hyşy-wyşylar arkaly her kim eşidip galdy. Sebäbi bu onuň göz öňüne getirip bilýän, beýleki bir zatdan „has gowy ýagdaýydy".

Has gowusyny saýlap, isläp, diläp alyp bolýarka, öňküdenem has erbedini, has şumuny, has beterini dile getirmek nämä gerek? Biziň ýüreklerimize kimdir biri ýa-da hiç kim düşünmeýändir öýtsegem, iň bolmanda şol ýüregi ýaradan düşünýär. Perwerdigär durmuşyň gylla ýarysyny öz islän gowy zatlary bilen gurşasa, galan ýarpysyny biziň isleýän gowy zadymyz bilen doldurýan ýaly görünýär. Biz-ä „has gowusy" diýip dilimize getirsek, Ol hem göwnümizi ýykmajak bolup, şony berse, bizem ýene diläp alan zadymyzdan nägile bolsak...., onda biz diňe göwnümiziň däl, eýsem Ýaradanyň öňünde ýalançy bolup galdygymyz bolýar.

Ýusubyň husny-görküne maýyl bolan Züleýha ony dürli ýollar bilen özüne imrindirjek bolupdyr. Emma Ýusup „Şol gabahat işi edenimdenä zyndana düşenim has gowy“ diýipdir. Şeýdibem, bu wakalaryň yzysüre Ýusup töhmet zerarly zyndana atylypdyr. Köneden gelýän şu taryhy kyssa giňişleýin düşündiriş beren alymlar, ulamalar, danalar „Eger-de şol wagt Ýusup zyndana düşmekligi däl-de halas bolmaklygy dile getiren bolsa-dy, Allatagala ony halas etjekdi, ýöne „zyndana düşenim has gowy“ diýensoň, oňa bendesiniň isleýän has gowy ýagdaýyny bagyş etdi“ diýilýär. Saýlamak ygtyýarynyň haçan we nähili röwüşde öz haýrymyza bagyş ediljekdigi näbelli. Muňa garamazdan her bir zadyň has gowusyny saýlap almaklyga endik etmeli. „Has gowusy“ diýip, öňküden-de mojuk bir zady dile getirip otursak, ussasy özümiz bolan ömür binasynyň mermerine derek hek, kerpijine derek kömür goýmaly bolarys. Ýa-da käbir pursatlarda gowy zada gözümiz düşende „Beýle zat bize nesip edesi ýok-la“ diýmän, „Tüweleme, bizede Hudaý ýetirsin“ diýip, ýagşy röwüşde hem ýaňzydyp bolýar ahyry. Diliňe bitýärmi, diýmeli. Emma  günde-günaşa „has gowularyň“ giden tapgyryny dile getirsek-de, olaryň ençemesi halamaýan zadymyz bolýar duruberýär.  Bir zat welin düşnükli: Saýlanylýan şeýle „has gowularyň“ özümize zyýanly bolup çykmazlygy üçin, hakykatdan-da has gowularyny dile getireliň. Ýaramaz söz bilen özümizem, ömrümizem aldamalyň!

4

# Olar diňe ýagşylyk edýärler

Köpüň ýaşaýan dünýäsinde sizem ýaşaýarsyňyz, diýmek, köpüň edýän käbir pikirlerini siz hem edýän bolmaly. Eýsem, siziň pikiriňizçe, dünýäde ýagşy adamlar köpmi ýa-da ýaman adamlar? Elbetde ýagşy adamlar kän. Aslynda-ha, dünýä diňe ýagşylardan doly. Ýa-da siz muňa ynanaňzokmy?

**Göwnüňe ýaramaýan iş ýamanlykmy?**

Käte ugrukmaýan işler üçin kejigip, dünýäni bir ýumrukda düňderesimiz gelýär. Şowsuzlyklarymyz üçin kimiň "günälidigini" keseden sorap bilmegiň hajaty ýok hasaplaýarys, ýazykly adamy şeýle bir tiz tapýarys welin, akylyň özi hem biziň bu "kesgir akylymyza" haýran galýar. Göwnümize ilki ornan her bir pikiri ömür pelsepesiniň daýanç nokady hökmünde kabul edýäris. Soňra başgaça pikirlenjegem bolamzok. Dünýäni, düzi başga taraplaryndan synlap bolýandyram öýdemzok. Halallyk bilen haramlygyň, ýagşylyk bilen ýamanlygyň, haýyr bilen şeriň parhyny hem özümizçe kesgitleýäris. Şoňa esaslansaň, birwagt Zaratuştrany biynjalyk eden ýagşylyk bilen ýamanlygyň arasyndaky göreş entegem kiparlana meňzänok. Biz kimdir biriniň matlabynyň, maksadynyň nä niýetden gözbaş alandygyny aýdyňlamazdan,

olaryň hereketlerini, göwnümize görä, çürt-kesik ikä bölýäris: "Meniň göwnüme ýaranok dälmi, diýmek, ol maňa diňe ýamanlyk edýändir". Her kimiň göwnüne iň adyl terezi – hamala, onuň hut özi. Il içinde ýa-da märekede bolsun, ikiçäk söhbetdeşlikde ýa-da garma-gürmelikde bolsun, elmydama özümizi mazamlap "Biziň-ä ile ýamanlygymyz ýok, göwnümiz gardan ak, pälimiz düzüw" diýip galýarys. Iň bolmanda, şu sözleri ömründe bir ýola diýmedik adam barmyka? Ähli adamzat nesli şeýle matlapdan ugur alýan bolsa, şoňa görä hereket edýän bolsa, onda biziň özümiz käbir kişileriň hereketine ters düşünip, olar babatda betgüman bolýan-a däldiris-dä? Ýa-da ýagşylyk bilen ýamanlygyň düýp manysyna düşünmäge akylymyz ejizlik edýärmikä? Onsoňam kim- kime ýamanlyk edip bilýär? Aslynda, ýamanlyk näme? "Türkmen diliniň düşündirişli sözlüginde" "Ýamanlyk – birine zyýan ýetirmek üçin bilkastlaýyn edilýän hereket, hyýanatçylykly edilýän iş, birine edilýän erbetlik" diýlip, kesgitleme berilýär. "Arap diliniň düşündirişli sözlüginde" "Ýamanlyk – birine ýaramaýan hereketleri etmek, bilkastlaýyn zyýan ýetirmek" diýilýär. Hindi, hytaý, ispan ýa-da zulu dillerini bilmesegem, Adam atadan bäri dowam edip gelýän bu düşünjä ähli dillerde birmeňzeş kesgitleme berilýändigini çaklap bolýar.

### Amallar niýetlere görädir

Şeýle bir rowaýat bar. Amallaryň agramy ölçelýän terezi gününde käbir adamlaryň eline hasap depderleri berlermiş, şonda olar ol ýerdäki birnäçe sogaplara geň galyp "Eý Perwerdigärim, biz bu amallary etmedik ahyry" diýip ýüzlenermiş. Şonda Perwerdigär "Siz şol amaly etmeseňizem, şol amallary niýet etdiňiz. Amallar niýetlere görädir" diýip, ýagşy niýet üçinem bendelerini ýalkarmyş. Ýokardaky düşünjelerden ugur alsak, biziň ýamanlyk hökmünde kabul edýän za-

dymyz iki dürli bolup çykýar: olaryň ikisi hem birbada hiç göwnümize ýaranok. Ýöne täsin ýeri, olaryň ikisi hem ahyrsoňunda biziň üçin örän bähbitli bolup gutarýar. Birinjisi, dogrudanam, abraýyňa, maddy-hal ýagdaýyňa, saglygyňa zyýan ýetirmek maksady bilen edilen bozuk niýetli ýamanlyklar. Beýlekisi -- ýamanlyk niýeti bolmadyk, ýöne netijesi göwnümize ýaramaýandygy üçin özümiz tarapyndan ýamanlyk hataryna goşulan amallar.

### Mekdebiň gapysy ýapylsa, Mekgäniň gapysy açylar

Ömrümizde ýamanlyga ýorlan, ýöne soňy düz bolan amallaryň ençemesini görmek her birimize miýesser edendir. Durmuşdan hyýaly bir wakany mysal alyp göreliň. Ine, sen haýsy hem bolsa bir işe ýerleşmekçi bolýarsyň. Arkadaglar, hossarlar, "işe girse, ýuwar" tamasy bilen töweregiňe jemlenişýän dost-ýarlar wagtal-wagtal halyňdan habar alyp durandyrlar. Ähli resmilikleri doldurarsyň. Emma yzgytsyz biri seni görer-de, "Aý, ýok, bolanok" diýer durar. Senem göz-görtele bu ýagdaýy ýamanlyk hökmünde kabul edersiň. Ýogsam adamkärçiligiň hem-de başarnygyň bar bolsa, edaranyň bähbidini ileri sürýän her bir hojaýyn iş başarjak adamy soňa goýman işe kabul edýärem. Biz işimiziň bitmezliginiň bar günäkäri hökmünde diňe şony göreris. Arasynda öz ýanymyzdan "Bähbit bolsun" hem diýeris, ýöne bu söz freony gutaran kondisioneriň ýeli ýaly bolup, göwnümizi gyzdyrmasa, sowadaýmaz. Şeýdip ol ýere işe ýerleşmeris. Uzak wagt geçmänkä, bir hakykata anyk göz ýetirersiň: şol işe ýerleşip bilmändigiň bähbide çekendigini bilip galarsyň. Belki, ondan has abraýly, aýlygy onuňkydan ganymat bir işe nesibäň çeker. Şeýle ýüregagyrylardan sowmak üçinem Alla seniň ol işiňi ugrukdyraýmaz. Oňa derek bir ýoda ýapylsa, hatar-hatar ýol açylýar. Il arasynda aýdylýan bir söz bar: "Molla talyba

mekdebiň (medresäniň) gapysyny ýapsa, Alla onuň üçin Mekgäniň gapysyny giňden açar". Şeýle ýagdaýlary hakyky öz keşbinde görmek we duýmak üçin, Hudaýa şükür etmek ündelýär. Ýaradan "Şükür etseňiz, size berjek nygmatymy artdyraryn" diýipdir. Indi bu ýerde hälki adamyň hereketini ýamanlyk hökmünde göz öňüne getirýäňizmi ýa-da siziň öz ýöremeli ýoluňyza düşmegiňize sebäp bolandygy üçin ýagşy adam hasaplaýarsyňyzmy?

### Daş çelgiler we menziline akmaly suwlar

Ýa-da ýene bir howaýy mysal. Kimdir biri seniň kimdir birinden ökde bolaryňy islemeýärmiş, hamana. Ylym-bilim, ukyp-başarnyk babatda hem, azyk-owkat, gazanç-gurbat babatda hem, söwdada, oýunda... garaz, bähbidi galtaşýan ýerde özünden pesde bolsaň, göhi gelip, göwni açylar durarmyş. Saňa gezek gelende ýörejek ýoluňa çil çekýän, daşyňa agyl aýlaýan ýaly görner. Söz bilen gysar, ýagsyz gowrar. Sen mejbur bolup, ýoluňy üýtgetmeli bolarsyň. Öwrenişen ýoluňdan sowulmak birbada ýakymsyz görner. Emma öňümize böwet bolýan şol adamlaryň bizi ýöremeli ýolumyza gönükdirýän daş çelgilerdigine birbada akylymyz çatmaz. Eýsem, suwy akmaly ýerine gönükdirmek üçin onuň öňüne böwet basylýandygyny we ýanyn ýollaryň arçalýandygyny haýsy birimiz bilemzok. Bu-da edil şonuň ýaly ýagdaý. Köp wagt geçmänkä hem şeýle bir begenersiň, hälki hereketi ýokuş görlen adamlara nädip minnetdarlyk bildirmegiň ebeteýini tapmarsyň. Dogry, ol bu hereketini saňa ýagşylyk bolsun diýip eden däldir, ýöne öz hereketini ýamanlyk hem hasaplan däldir, özüni goramak üçin görlen zerur çäre hökmünde göz öňüne getirýändir. Ýöne zannyň arassa, päliň düzüw bolsa, Alla her bir işi oňuna, gowynyň haýryna çözýär. Atalarymyzyň paýhasy bolsa şeýle zady salgy berýär: "Olar ýamanlyk

diýip edýär, saňa ýagşylyk bolup ýetýär". Şeýle ýagdaýlaryň ählijesi hem bizi öz ýöremeli ýolumyza atarýar. Şeýle halatlarda maňza batmaz şol hereketler üçin kimdir birinden öýkelemegem, gaharyňa bäs gelip bilmän, oňa gatyrganmagam, gargynmagam ýerliksiz. Ol-a seniň öz ýoluňa düşmegiňe sebäp bolup dursa, senem munuň üçin öýkeläp otursaň, heý-de, nygmata şükür etdigimiz, düşündigimiz bolarmy? Öýkämize basalyk berip, gaharymyza bäs edip bilsek, köp wagt geçmänkä, sabyr soňunyň sap altyndygyna anyk göz ýetirip bolýar. Bar agram birbada saklanyp bilmekde, sabyr etmekde. Şonuň üçinem araplar öt ýaly ajy ösümlikleriň biri bolan aloe daragtyna hem "sabyr" diýýärler. Bu ikisini biri-biri bilen baglanyşdyryp ulanýarlar. "Sabyr hem aloe ýaly ajy, ýöne aloe ýaly örän peýdaly" diýip aýdýarlar. Ýamanlyk etmek isleýän adam seniň sanlyja günden soň has gowy ýagdaýlarda gezjegiňi bilse, belki, ol hereketlerini edesi hem ýokdy. Ýöne durmuşyň bar syry şonda ahyry. Şol gyzgyn wagtynda gargynmandygyň, gatyrganmandygyň, zeýrenmändigiň üçin indiki ýörejek ýollaryňa ýagtylyk saçýar. Niýetiňe görä, gowy ýerlerden gapy açýar.

### Nesibä gönükdirýän öwrümler

Beýle ýagdaýlaryň ýene bir hikmeti şunuň ýaly, mysal üçin, seniň mundan bu ýana gazanmaly rysgalyň indi başga ýerde goýlupdyr diýeli. Sen öwrenişen öňküje ýoluň bilen gidiberseň, igenç-teýeneden, gury sözdür gybatdan başga tapjak, gazanjak, aljak zadyň ýok. Dagda goýlan hazynany düzden, çölde gömlen hazynany deňizden gözleýän ýaly bolýarys. Edil A.P.Çehowyň "Garaňky jaýdan gara pişigi tapmak kyn, esasanam, şol jaýda şol pişik ýok bolsa" diýen sözleri ýadyňa düşýär. Ýazgytda ýok zady aljak bolup, käbir adamlar özlerini nähak ýere horlaýarlar. Hatda Eýýubyň teninden nesibesini iýen gurçuk hem

togalanyp ýere düşüpdir. Eýýubyň oňa nebsi agyryp, öňki ýerinde goýaýmazmy, ýyllara çeken derde döz gelip oturan Eýýup onuň soňky ýeke agyz awusyna çydaman uwlaberipdir. “Eý, Eýýup, ol nesibesini iýeninden soň ýere gaçdy, sen oňa nesibesinden artykmajyny iýdirjek bolýarmyň, ol bolmajak zatdyr” diýip, arşdan seda gelip-dir. Indiki rysgymyz başga ýerde goýlupmy, diýmek, şol tarapa gönükmelidir. Başga ýol ýokmy, diýmek, öwrülmelidir. Biziň öwrülen tarapymyz maksada eltýän göni ýoldur. Ýolugra ýoldaş bolanlaryň biri: “Maňlaýyňa ýazylan bagt nirededir bir ýerde gizlenýän bolsa hem, seniň tapyp biljek ýeriňde gizlenýändir” diýipdi.  Şonuň üçin ykbal her dürli sebäp, bahana döredip, bizi şol ýere gönüger ýaly edýär. Ýeri, onsoň özüňi hak ýola ataran adamlaryň hereketini ýamanlyk hasaplap bolarmy?

## Belki, siz birbada halamarsyňyz..

Käteler ýönekeýje mysalam ýüregiňe jüňk bolýar. Arada tanyş sürüjile-riň biri bilen ýola düşdük.  Ol: “Öýe-de ony-muny almalydyr, ýolugra pylan ýerdäki dükanlara degip geçeris-dä” diýdi. Agzalan ýere golaýlaberenimizde,  ýol gözegçisi wagtlaýynça bu ýolda zerur bejeriş işleriniň dowam edýändigini, köçeden geçip bolmaýandygyny aýdyp taýagyny iki ýana galgadyp durdy. Bu ýagdaý uzak günüň argynlygyndan soň has ýakymsyz degýändir-dä, “Ah-ow, inim, gaýrat etde goýber, men sowlupjyk geçerin, hanha, hol görünýän dükana barjak“ diýip, janyny ýakyp başlady. Ýol gözegçisi: “Bolanok, ýaşuly, bolýan bolsa, bizem sizi saklap durjak däl. Ýollar gazylgy dur, wagtyňyzy ýitireniňizden, ol ýoldan sowlup sürüberiň. Aňry gitse, iki minut wagtyňyzy artyk sarp edersiňiz-dä” diýdi. Sürüji kese ýol bilen ugruny dowam etdi. Salym geçmänkä hem “Bäh, elmydama şol bir ýoldan gatnamaga endik edipdiris, munuň ýaly owadan zatlaryň bardygyndan bi-

habar ekenik. Ýogsa-da bu ýerde täze dükanam açylan ýaly-la, hany girip göreli” diýdi-de, ulagyny şol ýere sowdy.  Gözüňe söweýin, allanäme dükan. Hojalyga, gündelik durmuşa degişli ähli zatlaryň söwdasy bar. “Bu-la hasam gowy boldy” diýip, tanyş sürüji gereginden mazaly ýüklendi. Soňam Hudaýa şükür etdi, sebäbi onuň ýanaşyk oturan birnäçe dükanlardan aýlanyp saýlamaly zady bu ýerde -- ýekeje dükanda ýeterlikdi. Durmuş, ine, edil şuňa meňzeş. Ykbal bize has ajaýyp adamlaryň, has gözel ýerleriň, has oňat mesgenleriň, has süýji pursatlaryň başga ýerlerde hem bardygyny bilmegimiz üçinem şeýdýär. Ýeri, onsoň bizi has gowy ýola sowan şol gözegçä gahar etsek, dogry bolarmy? Ýogsamam, biz şol ýola sowlubam, hiç hili artykmaç wagt ýitirmedik, gaýta, isleýänimizden has gowusyny kösenmezden tapdyk, barmaly menzilimize hem wagtynda ýetdik. Bu kybap ýagdaýlar ýamanlyk niýeti bilen edilse-de, ýagşylyk niýeti bilen edilse-de, birbada erbetlige ýa-da gowulyga ýorulsa-da, her kimiň zanny päkligine görä diňe ýagşylyk bolup ýetýär. Ol şol ýagdaýdaky zerurlyk – biz has gowy zatlary görmeli. Gurhanda “Belki, siz bir zady halamarsyňyz, (aslynda welin) ol siz üçin haýyrlydyr” diýilýär. Hut şeýle bolubam çykýar.  Şuňa meňzeş ýagdaýlary ýatlap otursaň, adamlaryň her bir hereketiniň ahyrsoňunda saňa ýagşylyk bolup dolanýandygyna akyl ýetirip bolýar.

## Adam diňe özüne ýamanlyk edip bilýär

Ýöne ýamanlyk diýen söz bar bolsa, alymlar, akyldarlar bu hakda sözlän bolsa, ol niredekä,  nähili zatka? Ýekeje zat welin düşnükli hem aýan – adam hiç wagt başga birine ýamanlyk edip bilenok. Hüýt-gara nebisden dömen bolaýsyn, seniň her bir ýaramaz pikiriň diňe ony hut öz ýöremeli ýoluna, barmaly menziline ugrukdyrýan ýolbelet bolup ga-

laýýar. Adam ýamanlygy diňe özüne edip bilýär. Türkmeniň: "Her kim eder, özüne eder" diýen sözi  müň esse mamla.

## Olara iki essesini ber

Allatagala bir perişdäni ýaradypdyr, ol perişde hem diňe iki sany sözi bilýärmişin "Dilegiň kabul bolsun! Beýle gowy zat bolsa, ilki özüňe nesip etsin" diýip, dilegiňe, niýetiňe omyn diýermiş.  Özgä dileýän her bir zadymyz -  gowulyk bolsun, erbetlik bolsun, ilki özümize degýär. Özgä etmek isleýän ýamanlygymyz, hile-mekirligimiz diňe özümize dolanýar. Üstesine, öňki sogaplarymyzam köýüp, onuň haýryna geçýär. Ynsap taýdan örtenmeler ýüze çykýar. Her gezek bir nähak hereket ýa-da ýaramaz niýet etsek, susaklap gazanan sogabymyz çanaklap egsilýär. Şonuň üçin oýny gyzykly dünýä bu. Halal, arassa oýnamasaň, ahyrsoňunda utulyşa sezewar bolýarsyň. "Öňüm gelenden soňum gelsin" diýýär türkmen. Netije ýaryşyň soňunda belli bolýar. Ýokarda aýdyşymyz ýaly, adam diňe özüne ýamanlyk edip bilýär. Özgelere bolsa ähli zat eşrete ýa-da nygmata öwrülip ýetýär. Ile ýamanlyk etmesek göwnümiz gardan arassa, pälimiz düzüw bolsa, onda durmuşda bolýan islendik ýagdaýyň aňyrsynda haýsydyr bir bähbidiň, bagtyýarlygyň ýatandygyna bil baglap bolar. Hatda olar ilkibaşda göwnümize ýaramasa-da, haýryny-berekedini tiz wagtda aýdyň görkezer. Sähelçe ýaramaz pikir beýnä dolaşsa welin, özümize ýamanlyk edip başlandygymyzy aňşyraýmaly.  Onsoň paýhasyň töwellasy, ynamyň tesellisi ýürege ornaýança, wyždanyň duz sepelenen yzasyny çekip gezmeli bolarys. Ne ýaşaýyşda ynjalyk, ne şatlykda maza galar. Köne golýazmalaryň birinde şeýle ýazga gabat geldik: "Eý, Allam, maňa näme dileýän bolsalar, olara şonuň iki essesini ber". Megerem, ýagşylar üçin

şundan uly alkyş-dileg, ýamanlar üçin şundan beter gargyş-doga ýok bolsa gerek.

## Büdredýän daşlar we köprüli kyssa

Gezjek ýeriňde saňa “badak atýanlar” welin, rowaýatdaky garyby büdredýän daş ýaly görünsin. Ol rowaýaty köpiňiz bilýänsiňiz. Gadym döwürlerde bir derýanyň üstünden altyn köpri salypdyrlar. Gyzylyň üstünde otursa, adamyň şähdaçyk, keýpiçag bolýandygy düşnükli. Şeýle joşguny duýmak üçin agyr mähelle sil akan ýaly bolup, köprüden o ýan-bu ýan geçer ekeni. Egninde ýamaly içmekden başga dony bolmadyk pukaralaryň biri beýle mugt eşretiň köpe miýesser edendigine geň galyp, az salymlygam bolsa, dünýäni unudyp, ganat baglap uçasy gelipdir. Il sowluşyp, köpriniň gyzgyny sowaberende “gel, şu köprüden ýeke özüm hezil edip geçeýin-le” diýen niýet bilen ýola düşüpdir. Köprä golaýlaberende welin, bir daşa büdräp, aýagyny mazaly agyrdypdyr. Garyp görgüli: “Agzy aşa ýetende, burny ganar” diýleni boldy. „Indi men agsak aýak bilen gyzyl köpriniň gyzygyny duýup bilmerin” diýip,  aglamjyrap başlapdyr. Şol wagt altyn köpri jarka ýarylypdyr-da, aşak çöküpdir. Bu ahwalata geň galan garybyň ýaňky zeýrenji derrew şükranalyga öwrülipdir: “Eý, Allam, daş maňlaý däldigim üçin şu daş bilen meni halas eden ekeniň. Badymy saklaman, köprä münenligimde, bu wagt men nirelerde bolardym. Men juda bagtly ekenim” diýip begenipdir.

Her bir zadyň aňyrsynda haýsydyr bir haýryň bukulyp goýlandygy köp wagt geçmänkä aýan bolýar. Hudaý berjek zadyny göwnüňe geňeşenok, bir sebäp döredýär ýetiriberýär. Her bir wakanyň, hadysanyň düýbi-teýkary, ahyry-soňy biziň üçin haýyrly bolsa, ähli

hereketlerem niýetiňe görä ýagşylyga öwrülip gelýän bolsa, birmahallar Zaratuştrany biynjalyk eden ýagşylyk bilen ýamanlygyň darkaşy hakdaky pikire ýöntemje netije çykaryp bolýar: durmuşda ýagşy adamlar biziň göz öňüne getirişimizden has köp.

### Jemleme

Ähli zat  biziň dogry ýola düşmegimize sebäp bolýar. Diýmek, adamlaryň her  bir hereketi biziň bähbidimze. Hiç kim bizi ýoldan alyp galmaýar-da, gaýta, dogry ýola atarýar, maksada gönükdirýär.  Ýamanlyk kesewisiniň ökjämize basylmazlygy üçin her birimiz özgelere ýagşylyk etmegiň ugrunda gezmeli. Barybir, ýamanlyk etsegem, ýagşylyk bolup ýetýän bolsa, onda, goý, şol ýagşylyklary ýagşylyk niýeti bilen edeliň. Begeneliň hem begendireliň. Özgelere ýagşylyk etmek bilen, ömür binasyny berkideliň. Kalbymyzda ýagşy niýet bolsun.

5

# Ýagşy niýet - kämil döwlet

Soňky günlerde heý-de bir gezek ýaman görýän kimdir bir adamyňyz hakda özgeleriň ýanynda ýagşy sözleri aýdyp görüpmidiňiz? Onda-da ýüregiňize agram salman, ýasama ýylgyrman, sözden söz, gürrüňden gürrüň çykanda, bilýänje gowy taraplaryňyzy ýatlapdyňyzmy? Ýa-da köne endige, köne pikire eýerip, "şu-la bir pikirli adam ekeni" diýdirjek bolup, öňkiňiz ýaly üstünden düşüberdiňizmi? Bir bahana tapyp, sözüň agryny, gürrüňiň hörpüni şoňa syrykdyraýasyňyz gelip durmy ýa? Käteler şeýle pikir etseňizem, ol oýhyýallary içiňizde saklap, beýle hereket etmejekdigiňize men-ä ynanýaryn. Sebäbi görüp ýören adamlarymyň arasynda ýaman adama gabat gelemok. Her biriniň sanap oturmaly gowy taraplary bar. Birje ýaramaz häsiýeti üçin ony «gömübermek» bolmaz-a. Tymsallaryň birinde getirilipdir: "Deňziň ortasyndaky gämide on sany adam oturan bolsa, şolaryňam dokuzysy düzüw, biri ýaramaz bolsa, şol ýekeje ýaramaza gahar edip, galan dokuz adamyny suwa gark edäýjekmi?". Bir adamyň birje ýaramaz ýeri bolup, galan häsiýeti gowy bolsa, diňe ýaman ýerini görüp, ýagşysyna göz ýummaklyk galat bolardy. Haýsy bir agaçda birlän-ikilän çüýrük miwä gabat gelen däldiris. Emma miwesini ýolman ýa-da ýygman, ýüz öwrüp gaýdanymyz ýadymyza düşmez. Her näme-de bolsa, sen sebediňi sagdyn, abat miwelerden dolduryaň dälmi, diýmek, ýüregiňi hem şol adamyň gowy taraplary hakdaky pikirl-

erden dolduryber. Ýa-da özüni bir gurçukdan gorap bilmedik daragty köki bilen goparan däldiris. Üstesine-de şol gurçuk üçin, belki, daragtda ýazygam ýokdur. Onuň daşky sebäpleri, başga sebäpleri bar bolaýmasyn?!

Aňyňda, hyýalyňda ýagşy pikirleri götermegiň, gözel duýgulary özüňe hemra edinmegiň örän köp babatda oňyn täsirleri bar. Maddy we ruhy gönençlikleri gazanyp, köpleri duýdansyz gaplaýan göwnüçökgünlikden goranmak üçinem arassa oýlara bürenmek gerek. Sebäbi pikir, niýet biziň özümizden öňde ýöreýän ýolbelet. Nirä eltse, yzyna düşüp baryberýäris. Onsoň, päl-niýetem "jyny jyňkyryşýan", özüne muwapyk ýagdaýlaryň arasynda ynjalyk tapýar. Bilbilleriň arasynda gargany gören dälsiňiz. Häsiýetler we şekiller edil magnit ýaly bolup, özüne meňzeş ýagdaýlary çekip alýar. Käbir eşikler bardyr, çaň görse, deňesinden geçirmän, özi sorup alýan ýaly. Pällerem edil şonuň ýalyda, hili pes, düýbi gowşak ýa-da süňňi port bolsa, ýoluňy sozjak, dünýäňi bozjak durmuşy ýagdaýlara ýa-ha "bäri gel" diýer, ýa-da özi okdurylar. Şonuň üçinem "Amallar niýetlere görädir. Her kimiň päliniýeti onuň hemrasydyr" diýilýär. Işleriň aglaba halatda ugrugypugrukmazlygyny hem özüňde dömen, kimdir birine ýaramajak pikirden agtaryp bolar. Eýsem siz käbir adamlaryň bu dünýäni şeýle owadan şekilde görýändigini, siziň gözleriňize bolsa çalaryp duran sudurdan başga zat däldiginiň sebäpleri hakda pikir edip gördüňizmi? Ýogsam, ikisi-de şol bir ýer, şol bir dünýä. Muny parhly görkezýän zat diňe biziň edýän pikirlerimiz. Pikiriň, päl-niýetiň adama edýän we durmuşyňa ýetirýän täsiri hakda köpsanly ylmy işler ýazyldy, gaýta-gaýta tekrarlanyldy, tassyk edildi. Bir görseň täze açyş ýaly, bir görseňem gaýtalanýan gürrüňler. Ulalanymyzda okan köne kitaplarymyzda ýa-da ho-ol kiçijikkäk enelerimiziň aýdyp beren ertekilerinde, Kap dagynyň düýbüni köwýän äjit-mäjit hakdaky gürrüňler köpdi. "Adamlaryň

häsiýeti ýaramazlaşyp ugrasa, şol äjit-mäjit dagyň düýbüni köwüp, daşyna çykýarmyş. Onsoň keselçilik, derdi-bela artyp gidýärmiş. Ýöne, adam ýalňyşyna düşünip, dessine tobasyna daýansa, olaryň kerten ýeri ýene-de öňküsi ýaly bitermiş. Adamlar arkaýyn, asuda we sagdyn ýaşarmyş” diýerdiler.   Gel, muny erteki diýip bir gyrada goýaly. Magtymgulynyň söýüp okan “Kysasyl-enbiýa” atly eserinde bir kyssa bar. Onda: «Allatagala älemleri ýaradanda, daşardan gelýän derdi-belany dep etmek üçin, älemiň daşynda göze görünmeýän bir perdäni ýaradypdyr. Päller üýtgebärse, şol perde ýukalyp, her hili dert-kesel asmandan injekmiş» diýilýär. Bu kyssany hem köne sözler hasap edeli, ýöne häzirkizaman ylmynyň subut eden käbir zatlary bilen, bu ertekileriň, kyssalaryň arasynda şeýle bir meňzeşlik bar. Zeminiň daşyny gurşap duran göze görünmeýän azon gatlagynyň daşky älemden – asmandan ýere inýän köpsanly ýaramaz şöhleleri, täsirleri yzyna serpikdirip durandygyny ylym bireýýäm subut etdi. Subut edilen zatlaryň hatarynda azon gatlagynyň deşilen ýa-da ýukalan ýerinde ýüze çykan bejermesi kyn keselleriň bardygy hakdaky hakykatlar hem bar. Bu hakykatyň biziň bu söhbedimiz bilen baglanyşygy nämede? Owaldan-ahyra Adam kiçi älem hökmünde ykrar edilen. Uly älemiň syryna düşünmek kiçi älemiň – Adamyň syryna akyl ýetirmek bilen barabar. Adam hem edil ertekilerdäki ýa-da hakykatlardaky şol dag we dünýä kysmy bir zat. Adamyň daşyny gurşap duran aurasynyň bardygy mälim.  Biziň aňymyzda ornaýan oý-hyýallar, päl-niýetler, pikirler arassa boldugyça, şol perdäniň barha berkemegine, giňelmegine, owadan bolmagyna getirýär. Ýagşy adamy uzakdan görseňem, ýüzüňe sylasyň gelip dur.  Ýaramaz boldugyça, ýukalmagyna we özüni ýitirmegine sebäp bolýar.  Şondan soň şowsuzlyklaryň nazaryna ilen özüň bolýaň galyberýäň.  Ýanynda oturdygyň, gürletmek hökman däl, ýöne nähilidr

bir düşnüksiz we ýakymsyz duýgulara gaplanýarsyň. Ol adamy ne gowulyga, ne şowlulyga ýorýarlar.

Öňki döwürde mugallymlar öz şägirtlerine ilki bilen dogry, dürs we sagdyn pikirlenip bilmegi öwreder ekenler. Dürli durmuş wakalary, synaglary bilen okuwçylarynyň ruhy dünýäsini taplamagyň hötdesinden gelipdirler. Çünki päl-niýetiň ynsan durmuşyna, ösüşine, dünýägaraýşyna nähili täsir edýändigi göre-göre gelinýän aýdyňlyk ahyry. Şeýle halypalaryň biri şägirdini ýanyna çagyrypdyr. "Sen gaýraky syrgynda oturýan pylany hakda nähili pikir edýärsiň?" diýip, häsiýeti ýaramazrak biriniň adyny tutupdyr. Şägirdi desbi-dähel jogap beripdir: "Men ony gowy tanaýaryn. Häsiýeti ýaramaz, gödek. Paýyş sözleri diline almakdan çekinenok..." diýip, dowam edipdir. Halypasy şägirdini soňuna çenli diňläpdir, soňra: "Hany sen şol hakda ymykly pikirlen, on gün puryja berýärin, menem ol ýigidi gowy tanaýyn-la" diýipdir. Bellenilen möhlet tamamlanypdyr. Halypasy şägirdini ýanyna çagyryp, ondan pikirini sorapdyr. "Şol öňki pikirlerim barha berkedi gitdi, has çuňňur düşünip başladym, ol diýseň ýaramaz adam" diýip, şägirt dillenipdir. Halypasy söhbetiň arasynda gürrüňiň hörpüni başga tarapa gönükdiripdir. "Hany sen aýt, saglyk, iş ýagdaýlaryň, özüňi duýşuň gowumy? Arkaýyn ýatyp, säher bilen dessine ýeriňden galkýarmyň?" diýen ýaly soraglar beripdir. Şägirt: "Dogrusyny diýsem, howalar üýtgeýärmi, ne ukymda rahatlyk, ne dynjymda maza bar. Edenimem boluberenok. Göz degdimi, jyn urdumy, çile düşdümi, garaz, bir bolmaýan zad-a bar" diýipdir. "Onda sen ýaňky adam hakda diňe gowy pikirleri hem edip gör, şonda nähili bolýar" diýip, halypasy şägirdine sargapdyr. "Ýöne men onuň erbetdigini bilip durun ahyry" diýip, şägirt kejirlik edip, ýer depip duranmyşyn. "Bilýänem bolsaň, diňe gowy taraplaryny görjek bol. Mysal üçin, gördügiňiz gaçmaň-da, ilki özüňiz salam berip görüň, belki göwni-ýüzi açylar. Özüňiz ýaly görüň, özüne bolan ynamy

artar. Bolup biläýjek gowy taraplaryny göz öňüne getir. Saňa on gün möhlet" diýipdir. Ýene-de bellenilen gün gelip ýetipdir. Halypa şägirdinden şol adam hakdaky pikirini sorapdyr "Göräýmäge erbedem däl ol, gaýta käbir taraplaryny alsaň, menden artygam gelýär, ine şu häsiýeti.., ine bu häsiýeti.." diýip, bilýänjelerini sanapdyr. Halypasy: "Ýeri onsoň özüňi duýşuň nähili?" diýipdir. "Hudaýa şükür, düýp sebäbini bilemok weli, ýöne ähli zat ugruna. Ukularym rahat, ne gara, ne garma-gürmelik basýar.." diýip dillenipdir. Şonda halypasy oňa: "Bu zatlaryň düýp sebäbi kelläňde göterýän pikirleriň, ýürekde saklaýan niýetleriň sebäpli. Şolar arassa, tämiz we owadan bolsa, arşdan şoňa laýyk nur gelýändir, işler ugrugýandyr. Ýaramaz pikir etdigiň, nuruň egsilip, galaň gädilip başlandygyny duýaý. Ýaramaz adamam bolsa, sen ol hakda ýaramaz pikir saklama. Iň bolmanda öz edýän arassa pikirleriň bilenem bir bendäni dogry ýola salyp bolýandygyny unutma. Hem sogap, hem gönençlik taparsyň" diýipdir. Ýogsamam, bu kyssanyň durmuşa näderejede ýakyndygyna göz ýetirjek bolsaňyz, sizem şeýle pikir edip görüň! Ýaramaz saýýan bir adamyňyzy alyň we ol hakda ol görgülide ýok zatlary hem göz öňüne getiriň! Işleriňiz ugrukmaz. Rahatlygyňyz bolmaz. Ähli maddy zadyňyz üpjündir welin, ýene-de nämedir bir zadyňyz ýetmeýän ýaly bolup durandyr. Birdenkä tekiz ýerde büdrärsiňiz, ýok ýerde öňüňizde köl dörär. Ýylboýy ybadat edip, Hydyra garaşarsyňyz, ýa hyrs çykar ýa-da hiç zat. Emma siz şol adamyň iň bolmanda birje gowy tarapyny tapyp, pikirleriňiziň agramly tarapyny şol häsiýetine gönükdiriň. Belki, şol häsiýeti göze ilip duran beýleki "tikenleriniň" üstüni basyryp bilýändir. Köp wagt geçmänkä ruhy duýgulardaky sazlaşyklary, süňňüňze ýaýylan ýeňillikleri, işlerdäki öňegidişligi, üstünligi we oslamaýan ýeriňizden rysgala açylýan yşlary görersiňiz, duýarsyňyz. Synap görmek köp wagty-da, muşakgaty-da talap edenok. Onsoňam, işlese, beýniň ýokarky bölegi işleýär. Aňastyaň

ady berlen adam beýnisiniň beýleki bölegi gelen maglumatlary seljermäni bilmeýär. Oňa näme oklasaň, ol hem saňa – ýokarky beýnä hut şony gaýdyp berýär.  Ynha, beýniň gazany şol. Atalarymyz aýdypdyr ahyry: gazanda näme bar bolsa, daşyna-da şol döküler diýip. Ýa-da kädi çigidinden çigildem, şibitden şalgam gögerenok. Alymlaryň biri adamyň beýnisini degirmen daşyna meňzedipdir. "Ol durmany, säginmäni bilmeýän, dem-dynç almaýan degirmen daşydyr. Biziň edýän pikirlerimiz şol degirmende üweleninden soň, beýniň gazanyna geçirilýär. Kim bu degirmene däne, kim tagta, demir, kim kesek, tezek... oklaýar. Degirmen bolsa durmany, seljermäni  bilenok. Geleni üwäp otyr. Ahyrsoňunda her kim öz üweden zadyndan hamyr ýugurmaly bolýar. Ana, şol ýerde nämeden hamyr ýugrup, näme iýjekligiňiz ilki üweden zadyňyza bagly. Degirmene oklanýan şol zatlar  -  biziň pikirlerimiz, niýetlerimiz.

Arada bir oglan başyndan geçiren wakasyny gürrüň berdi. "Bir üýşmeleňde, has dogrusy sadakada otyrdyk. Sözden söz açylyp, gürrüň uzady gitdi. Diwara ýaplanyp, çaý süzüp oturanlryň biri: "Aý, men-ä adamlaryň käbirine ynanamogam. Öň-ä arak-şerapdan aýňalyp bilenokdy, indem hondanbärsi il adamsy bolup, törde otyr. Okan zatlaram kabul däldir-laý" diýdi. Bar diýenim, has dogrusy dilime gelen bar söz şu boldy: "Tobasy kabul bolan adam täze dogan çaga ýalydyr. Alla bagyşlan bolsa, adamlaram bagyşlap bilmelidir" diýdim. Bu sözi eşdip, ol adamyň seňrigini ýygranyny gördüm. Ýöne, bu sözden soň men özümde şeýle bir ýeňillik duýdum. Üstümden basyp duran bir läheň aýrylan ýaly boldy. (Şol wagt howa basyşy bolmadyk bolsa, asmana-da uçar giderdim diýibem degişýär.) Işlerimem örkünden gozgandy gitdi. Adamlaram öňkülerden nurana, dünýä-de öňkülerden owadan, ýaşaýyşam öňkülerden süýjän ýaly bolup dur. Şondan soň bu sözler meniň özüme-de pent boldy: biz adamlary bagyşlamagy başarmaly.

Kimdir biri hakda halys gowy pikir edip bilmesek, iň bolmanda ol hakda erbet pikirleri etmejek bolmaly. Her zadyň diňe gowy taraplaryny ýatlamaly" diýdi.

Elbetde, her bir adam hakda her kimiň şahsy pikiri bolup biler. Adamy tanamak aňsat däl. Esasanam, uly işlere girişilende, töwekgellik edilip, tanamaýan adamyňa bil baglanylmaýar. Tanasaň, ýagdaýyna görä hereket edýäň. Seresaplylygy elden gidereňok. Ýagdaýyňy ölçerip bilmeklik we pursatlary sypdyrman hereket etmekligem akyllylyk. Ýöne, göze görner-görünmez sebäpler ýa-da salgym bolup aldaýan säwlikler zerarly, kimdir birine betgüman bolup oturmak, ol hakda müňkürlige gitmek diňe özümize zyýanly. Bet niýetlere hemra bolup ýörşüňe ýokarda ýatlanylan barça oňaýsyzlyklara-da höwrügip gidýärsiň. Özüňden ökdäniň huzuryna, boýuňdan beýigiň gaşyna baraňda, kimdir biri hakda gürrüň gözgalanda, söz açylanda, özgeleriň ugrundan gopjak bolup oturman, öz edýän hak pikiriňi ýaňzyt. Içiňdendaşyňdan diňe ýagşy pikir et. "Her eşiden zadyny aýdyp ýörmegem adam üçin ýeterlik günädir" diýilýär. "Şu hem ýagşy adamdyr. Kähalat aladaly günde ýüzüni sowany, sähel säwligi, gyýa bakany, gyňralany üçin kine göterip ýörmäýin. Iş bitmez günleriň birinde, kimiň aýdan gepi janyňa ýakýar. Belki, öňki gezek şeýle haldaka görnendirin. Ýöne bu hökman gowy adam bolmaly" diýseňiz we bu sözüňize ynam etseňiz, siziň pikiriňiz akja perişdä öwrülip, onuň kalbyna gonar. Ol bolsa edip bilýän kömegini sizden gaýgyrmaz. Ýüzüňden-gözüňden çogýan ýakymly nurlar-ýagtylyklar islendik ýüregi oýarmaga ukyplydyr. Ýadyma düşýär, talyp döwrümizde okuwa gatnaýan ugrumyzda bir akja güjük jöw-jöwläp, her geçene üýrüp, maý tapsa, aýagyndan ýapyşyp, dişläp galýardy. Üýtgeşik pikirimizem ýok welin, içimizden "Bu güjüjegiň owadanjadygyny" diýip galýardyk. Emma her geçeni «boş goýmaýan» bu güjüjek gözüni tegeläp oturýan çagajyklar ýaly tä

deňesinden ötýänçäk, ýüzümize aňalyp durardy-da, ýene endigine-edähedine görä, bizden soňkulyra üýrüp başlardy. Belki, ol biziň eden şol ýekeje we ýönekeýje pikirimiz üçin üýrmekden saklanandyr. Bolmasa, ötüp duran özgeleriň haýbatam, göwresem bizden ganymatdy we äpetdi.

Ýüregiňde galan bir däne müňkürlik bolsa bir tabak süýde siňen bir damja sirke ýaly bolup, bu hyýalyňyzy puja çykaryp biler. Atalarymyz aýdypdyr: "Gümandan ägä boluň, içki pikirlere berilmäň" diýip. Eýsem-de, özüňe ynam etmeklik bilen içki pikirlere berilmezligiň arasynda nähili tapawut bar? Eger ol süňňi-zanny bilen ýagşy amala iterýän bolsa, şol niýetden ýüze çykan işlerde kimdir biriniň bähbidine zyýan ýetirmek, mertebesini peseltmek ýaly duýgular ýok bolsa, sizi we siziň töweregiňizdäki adamlary üstünlige, agzybirlige, birek-birege ynam etmeklige, arkalaşyga alyp gelýän bolsa, köpe bähbitli bolsa, bu pikiriňizden yza tesmäň, pugta ýapyşyň! Eger, kimdir biriniň ýanynda ýa-da arkasyndan aýdanyňda, göwnüne ýaramajakdygyny, bähbidine bilgeşlän ters gelýändigini bilýän bolsaňyz, onda bu siziň diňe özüňize zyýanly zatlara tarap owsun atýandygyňyzy aňladýar. Anygyna ýetmän gürlemeklik, erbet pikirleri ýüregiňde götermeklik, has dogrusy atalarymyzyň aýdyşy ýaly "Gümana berilmeklik iň aldaýjy pikirlerdir". Kalbyňa bir ýaramaz, ters pikir geldimi, onda nirededir bir ýerde, ýöne özüňize juda golaý ýerde, eli pilli şeýtanyň daşyňyza çil çekip ýörendigini unutmaň.

Durmuşymyzy gözelleşdirmek, sagdyn, ruhubelent, geljege umytly we ynamly ýaşamak özümize – edýän pikirlerimize, niýetlerimize bagly. Durmuşda az zähmet bilen köp zat gazanmak, ýakyn ýol bilen maksada ýetmek hakda bir matal bar bolaýsa, ýatda saklap ýören

çözgüdiňizi diliňize alyň: bu ýoluň bar syry hem, bar açary hem her kimiň başaryp biläýjek zatlaryna  syrygýar – ýagşy niýetlilik.

6

# Hasap we netije

Adamlar şeýle bir hasapçyl bolupdyr. «Hasaply dost uzaga gider» diýilýar, hernä şeýle bolsun-da, ýöne bu hasaplardaky dostlugyň garasyny görmek we ýürekleri barlamak üçin iň soňky enjamly mikroskoplary ulanaýmasaň, adaty gözüň aldap, arassa duýgunyň hem ýalňyşdyraýmagy mümkin.

Okuwçy döwrümiz hasap mugallymymyz «Adamyň bir güni hem hasapsyz geçmeýar. Biziň her bir aýdýan, aňlaýan zadymyzda hökman sanlar ulanylýandyr» diýerdi. Ondan bäri ýyllar geçdi. Dogrudan hem, sansyz-hasapsyz gün ýok eken. Hasapsyz zat hem ýok eken. Ýöne, käbir adamlaryň hasaby welin, egnimizdäki perişdeleriň hasap depderinden hem has galyň görünýär. Olar ömürlerinde bolan her bir öýkäni, kinäni özleriniň nähak düşünendigine garamazdan, şo-ol belläp gidip otyr, ýazyp gidip otyr. Beýle hasapçylar, durmuşyň geçirimli adamlara çynlakaý gülüp bakýandygyny unudýan bolara çemeli.

Ýatlabilseň, ömrüňdäki ýagşy zatlary ýatlamaly, begenjiňi-şatlygyňy göz öňüňe getirmeli, ile-güne ýene-de ýagşylyk etmegiň höwesinde-hyjuwynda gezmeli. Eger namys ara goşulmaýan bolsa, galan babatda sähelçe göwnüňe degen kimdir birinden ar aljak bolmak, seniň onça ýokdugyňy, şondan hem pesdigiňi

aňladýar. Deň bolmaly däl, beýik bolmaly. Geçirimlilik etseň, arkaňda-alnyňda Alla gülüp bakar. Onsoňam, her bir ownuk-uşak zady hasaplap, owaldan ýüki ýetik ýürege agram salma, sen entek köpe gerek. Öýke-kine, kitüw, görip-lik, gybatkeşlik, gep gezdirmek, kezzaplyk, hyýanat ýaly zatlar ýüregiň derdini artdyryp, bedene mähnet tartdyrýandyr. Ol adamy barha göwnüçökgünlige iterýär, ynamsyzlygy, müňkürligi oýarýar. Has beteri-de, bu hasaplaryň ahyr soňunda kimiň haýryna çözüljekdigi gümana. Arada bir hasap mugallymy bilen oturmak miýesser etdi. Birnäçe sanlary goşa ýaýyň içine saldy, kökün aşagyna girizdi, ýene birnäçesiniň kwadratyny-kubyny hasaplap, ahyrsoňunda deňdir alamatynyň yzyndan bir nolluk ýazdy. Uludan demini aldy-da «Ahyry hasaby çykdy» diýdi. Men onuň meseläni çözenine begendim, ýöne şol pursatda durmuşdaky hasaplarymyzy ýatlap howpurgadym. «Ýeri meniň şunça ýyllap ýürekde göterip ýören «hasaplarym» ahyrsoňunda netijesi nola deň bolsa näderdim? Üstesine-de, men olaryň her biri üçin ýüregimi gyýym-gyýym dilip, para-para etmedimmi, olaryň öz göwnüne degmedimmi? A birden ol hasaplarym nol hem bolman, minus bolup çyksa näderin?» diýdim. Şondan soň, dogrusy mundan öňem mende beýle hasap ýöredilenokdy welin, ol zatlary mundan bu ýana-da hasaplajak bolmadym. Diňe, aýdylaýmaly zady käteler jylawlatmajak bolýan nebsime welin aýdyp galdym, belki şeýle nebis ýene-de birnaçe adamda duş gelýändir:

«Eý nebsim, iliň gülküsini, ýaňsylamasyny, arkadan edilýän we günibirin ýetirilýän ýalan-ýaşryk gürrüňleri ýatlap, ýüregiňe agram salyp, her bir zady hasaplap oturma. Matematikadan ussat adam hem, durmuş meselesinde köp halatda gömük adam bilen desdeňdir. Hiç wagt öz akylyňa, ukybyňa, başarnygyňa, baýlygyňa,

tanyşlaryňa, ýakynlaryňa, gara güýjüňe bil baglap, gözsüz batyrlyga esaslanma, özgeleri kemsitjek, gaýgylandyrjak, hasrata batyrjak sözleri aýtma, öz bähbidiňi, göwün islegiňi, nebsiňi ileri tutup, ýaşyrynlyk bilen ikiýüzli hereket etme, iliň-günüň şowsuzlygyna begenme, hesretli gününe heşelle kakma! Döwran diýmek, aýlanyp duran döwür diýmekdir. Wagty gelende durmuş her kime gülüp bakar, şonda düýnki tekepbirler, şu günki ulumsylar har bolar, aýagyňdan çakan garynjany köwşüň bilen mynjyradyşyň ýaly, ol päliýamanlary pelegiň özi pyrlandyryp goýberer. Şonuň üçin her bir zady hasaplap oturma, ýokarda biri bardyr, ähli zady şonuň Özi hasaplap oturandyr. Ähli zadyň dogry netijesini hem Şol çykarýandyr. Sen bolsa hiç zady hasaplama, birden hasabyňy ýitirip, hem bulaşyp, hem ähli zady bulaşdyryp oturma! Ähli zady öz pikiriňe muwapyk getirjek bolup, dünýäni düňderäýme. Hasabyňda bärden gaýtsaň, köp zat gözüňe artykmaç görner, köp zady alnyňdan aýrasyň geler. Emma, Hudaýyň ýaradan dünýäsinde artykmaç zat ýok-da, ýerli-ýerinde goýulmadyk zat köpdür.

Hasabyňda öte geçseň, ençeme zady gaýtadan ýugurjak bolarsyň, göwnüňe jaýlamak islärsiň. Emma, hiç haçan döräli bäri togalak bolan Ýer şaryny dörtburç şekile getirip bolmaýar! Ähli zady Hudaýa tabşyr! Hudaýyň hasaby örän takykdyr! Ol örän adyldyr!

Şonuň üçin hem, eý nebsim, meniň ýalňyşlyklarymy hem, ýagşylyklarymy hem hasaplap oturma. Adamyň edýän her bir işi, isle ýagşylyk, isle ýamanlyk bolsun, edil her bir söwdagäriň banka goýýan goýumy ýalydyr. Uzak wagt geçmänkä Beýik hasapçy ony birnäçe esse göterimi bilen bize gaýdyp berýär welin, biz öz hasabymyzyň öteräkdigini ýa-da kemterdigini aňlaýarys. Gel, gowusy,

hasapsyz ýaşap bolmaýan bu durmuşda diňe özümize gerekli zatlary hasaplap ýaşabereli. Iň dogrusy hem şudur».

7

# Häsiýet

Ýagşy zamana ýagşy häsiýetler ýaraşar

Nireden okanymy bilemok, kimden eşidenim ýadyma düşenok, ýöne aňymda galşyna görä, gadym döwürde adamlar „Ýene bir günümiz ötdi” diýip aglar ekenler. Aglasaňam, aglamasaňam, nalasaňam, nalamasaňam, halasaňam, halamasaňam, aýlar aýlanyp, günler ötüp dur. Erkimizde ýok zady üýtgetjek bolmak – gury zähmet, ýöne üýtgedip bolýan zatlaryň aladasyny etmezlik welin, uly ýalňyşlyk. Dürli kärdäki, ýakyn we alys ýerdäki adamlar bilen söhbetdeş bolanyňda, olaryň käbirinden „Zandyňda bolmasa, üýtgäp bolýarmy?”, „ýaradylyşyň şeýle bolsa, dagy başgaça nähili çemeleşjek”, „Meniň häsiýetim şeýle-dä, şu häsiýetimden örtenip geçýän” diýen jümleleri häli-şindi eşidýäris. Üstesine-de, olar bu sözleri şeýle bir ynamly aýdýarlar welin, hamana, bu gylyk-häsiýet özlerine ýörite Hudaý tarapyndan inderilen peşgeşdir öýdenoklar. Gowy gylyk däldigine gözleri ýetip dur, emma aňlarynda ornaşan ýekeje ýalňyş düşünje zerarly, ençeme bähbitlerden binesip galýarlar. Halkyň arasynda, adamlaryň aňynda häsiýet baradaky nakyllar, aýtgylar giňden ýaýran. Arada biri „Nämä ynansaň, ynan, ýöne pylanyň häsiýeti üýtgäpdir diýseler, ynanma” diýen söz ähli adam babatda dogrumy?” diýip sorag berdi.

Aslynda, „häsiýet” näme? Orta asyrlarda ýazylan lukmançylyk eserlerinde, adalgalara berilýän düşündirişli sözlüklerde „häsiýet” diýilýän zadyň daş-töweregiňdäki adamlardan, öýüň we jemgyýetiň terbiýesinden täsirlenip, özüňde kemala getiren, ornaşdyran, hususylaşdyran gylyklaryňdygy, endikleriňdigi, edim-gylymlaryňdygy  ýaňzydylýar. Aýdylyş taýdan biri-birine juda ýakyn bolan „häsiýet” we „hususyýet” sözleri bir kökden gözbaş alýar. Häsiýet seniň dogabitdi tebigatyňy aňlatmaýar. Sen ony üýtgedip bilmäge ukyplysyň.  „Siz özüňizi üýtgetmeseňiz, Alla-da size bolan garaýşyny üýtgetmez” diýilýär. Aslynda, üýtgäp, özgerip durmak – beden saglygy üçinem, ruhy sagdynlyk üçinem ýaramly ýagdaý. Biz bu ýerde diňe gowulyga tarap üýtgemeklik hakda gürrüň edýäris. Bir durkuňda saklanmak, üýtgemezlik ajaýyp zat bolsa, Allatagala pasyllary çalşyryp, tebigaty üýtgedip durmazdy. Öwrenmeli we özgermeli. Kämillige çäk ýok, barha öňe ymtylmaly. Beýiklik babatda Günüň deňine ýetdiňmi, ýene aňyrlara ýöräber, bir ýerden butnamazlyk baş ýörelgäňe ters geler. Bir ýerde saklanmaklyk kämilligiň alamaty däldir.

Özüňi öňküdenem kämilleşdirmek, gözelleşdirmek üçin, ilkinji nobatda, aň-düşünjede özgermek gerek. Ýaramaz duýgulary, seni ýagşy işlerden, amallardan alyp galýan garaýyşlary, ýerliksiz çekinjeňligi aradan aýyrmaly. Entek görülmedik ýodalar gözümize garaňky görünýär. „Garaňky”  diýlende, çaga gorkusyny ýadyňyza salyň. Ähli zat gündizki ýaly, jaýam öňki ýerinde, bagam öňki ýerinde, diňe şol hakykatyň üstüni örtüp duran garaňkylyk bar. Ulular, ýagny akyly ýetýänler, ol ýerde gorkara zadyň ýokdugyny ýaňzydarlar, ýöne çagalar welin, ýanyna ýoldaş bolmasaň, bir ädim hem öňe ýöremezler. Bizem edil şonuň ýaly. Gorkýan-u çekinýän zatlarymyzyň köpüsiniň aňyrsynda ýa-da astynda, diňe öz aňymyzda berkäp galan birje duýgy ýatyr: nämälimlik, näbellilik.  Adamlaryň köpüsi şol „nämälimlikden” jyndan

gorkuşy ýaly çekinýär. Eger şu häsiýetini, şu ýagdaýyny üýtgedäýse, bu gününem, bu halynam tapmaz öýdüp, gorka gaplanýar. Şonuň üçinem „Begendirmeýän täzelikden, netijesi öňünden mälim bolmaýan gelejekden, öwrenilişen öňkülik oňat” diýip, öňküje güni bilen gezenini kem görenok. Ýüregi üýtgeşiklige atygsap dursa-da, şol çekinjeňligi sebäpli, ikirjiňlenmesi zerarly, gapysy giňden açylýan gelejege göni bakyp bilenok.

Şu ýerde halypa mugallymymyzyň bir tymsalyny ýatlasym gelýär. Dersde ýaşaýan ene gurçuklaryň biri öz perzendine gurçuklaryň taryhy, gelip çykyşy we ýaýraýşy, garyndaşlary hakda şeýle gürrüň berip oturan eken: „Gurçuklaram dürli-dürli. Käbirleri derslerde ýaşaýar. Gumdan iýmitlenýän gurçuklar bar, rysgaly bugdaýdan, arpadan bolan gurçuklar bolýar. Käbiri üzümdir almalarda ýaşaýar...”. Ogly enesine ýüzlenip: „Ene, onuň ýaly bolsa, bizem şol ýerlere göçüp gidelile” diýipdir. Enesi oňa: „Bor-la, oglum, öwrenişenje ýerimizde oňňut edibereli” diýip jogap berenmiş.

Bu bir tymsal, ýöne käbir adamlaryň özüni alyp barşy şol ene gurçugyňkydan enaýy däl. „Akar suw bir ýerde uzak saklansa, sadyr atýar”, täze atyzlary agdarmaýan pil poslap başlaýar. Aý aýlanyp, ýer öwrülip durmasa, älemdäki sazlaşyk ýitýär. Bu durmuş şeýle ýaradylan, bir ýerde durdugyň – yza gaýtdygyň. Gowulyga özgerip bolmaýandygy hakdaky pikiri ýa-da başarjakdygyňa bolan ynamsyzlygy aňyňdan öçürmeli. Müň ylganyň bilen adamyň häsiýeti üýtgemeýän bolsa, onda adamlaryň aňyny özgerdip, olara dogry ýola düşmegi, özüňi gözel alyp barmalydygyny ündeýän ylahy kitaplar inermidi?! Kimdir biriniň häsiýetini üýtgedip bolmaýan bolsa, onda parasatly sözleri, hikmetleri, öwüt-nesihatlary aýdyp oturmagyň nä hajaty bar? Bularyň ählisi, hut häsiýetiňi has-da gözelleşdirmek üçin ýüze çykan ahyry.

Diňe adamlar däl, terbiýe gören haýwanlaram häsiýetini, özüni alyp barşyny üýtgedýär ahyry! Munuň üçin bolsa düşünje we isleg gerek. Gowy häsiýetlere bürenip bolýandygyna, özüňi terbiýelemegiň mümkindigine düşünmeli. Ýagşy gylyklaryň, edim-gylymlaryň geljegiňe saçyp biljek ýagtysy hakda, gowy häsiýetleriň ähmiýeti we zerurlygy hakda oňatja oýlansaň we şoňa tarap ymtylsaň, özüňizdäki täze özgerişliklere basym göz ýetirersiňiz. „Kim gözellik, gowulyk ýolunda yhlas-tagalla etse, elbetde, biz ony bu ýollara gönükdireris" diýlip, Kurany-kerimde aýdylýar. Diňe adamlaryň daşyňyzdan synlap, hoşamaýlyk bilen uzakdan söz gatýandygyny ýa-da „tüweleme" diýýändigini däl, Allanyň ýüzüňize çaýýan ýalkymyny hem duýarsyňyz. Köňül gözüni ümezledip duran käbir häsiýetler durmuşyň açyk gapylaryny görmekden saklan bolsa, mundan soň çar ýanyňyzyň bagtyň açyk derwezesidigine haýran galyjylyk bilen seredersiňiz. Şol pursatda ýagşy häsiýetler arkaly durmuşda has köp zatlary gazanyp bolýandygyny görersiňiz.

Kapasa endik eden laçyn soňabaka asmana galmak höwesini we ukybyny ýitirýär. Onuň öýde gezýän towukdan tapawudy bolmaýar. Aňymyza ornan ýekeje ýalňyş düşünje bizi bir hasiýetiň kapasasynda saklap galýar. Ters düşünjeden saplanmak zerur. Näçe tiz bolsa, şonçada gowy. Adama kämilleşmek mahsus. Tebigatyň bagyş eden mümkinçiligini ulanyp bilmezlik – nygmaty harlamak bilen des-deň. Gowy häsiýetlere kem-kemden endik edibermeli. Ýürekden ynanan ýeriňde, ýürekden ýapyşan ýeriňde eliňe ilmejek zat ýok. Magtymgulynyň aýdyşy ýaly, „bir menzile ýetmän galmarsyň".

Gözel häsiýetler dünýäniň gözelligini has-da açyp görkezýär, has-da açyk görkezýär. Oňat gylyk-häsiýetleri özüňde jemle. Şonda bagtyň özi saňa meňzäp bilse, armanly bolmaz. Sen durmuşyňam,

dünýäniňem, tebigatyňam, daş-töweregimizdäki ähli adamlaryňam diňe owadan taraplaryny görersiň. Görýän zadyň aňyňda berkäp barşyna, ykbalyňa ýalkymyny çaýar. Günden ýylylyk, Aýdan owadanlyk alar. Pikirlenişiň, dünýä akyl ýetirişiň, özüňi duýşuň, duýgularyň şeýle bir gözelleşer, ykbal bilen nähili ajaýyp sazlaşyk tapyp bolýan bolsa, sen şony hem gazanarsyň. Ana şonda, gadymy adamlar ýaly „Ýene bir günümiz ötdi” diýip aglamarsyň-da: „Meniň manyly ömrümiň ýene bir güni artdy” diýip, şükür edersiň. Üýtgedip bolýan zatlary gowulyga üýtgedeliň!

# Hiç zat

Käbir adamlar bar, küpür sözden Alla saklasyn welin, olar özüni Allanyň ogludyrys ýa-da Isanyň doganydyrys öýdenoklar. Ýogsam, Allanyň-a ogly ýok, Isanyň hem dogany ýok. Şundan soň olar özlerini özgelerden aýry görmejek ýaly, emma başarýan bir işini ýerine ýetirse, özlerini şeýle bir elýetmez, tapylgysyz barlyk hökmünde görýärler. Olar tumşugyny-temegini göge tutanda, hatda burnuna ýel düşen düýe-de ondan tobaly görünýär. Ol «adamlar» üçin beýleki adamlaryň mertebesem, şahsyýetem hiç zat. Onuň üçin beýlekileriň gadyram, gymmatam hiç zat. Başda eden birje ýagşylygy üçin ýyllarboýy minnet eder welin, Hudaýa bergidarlygyň ýadyňdan çykyp, kime secde etmelidigiň huşuňa gelmez. Ýöne göwün käte aldagyç bolýar, göwün köplenç öz pikiriniň tassyk edilmegini isleýär, hatda ol hakykatyň ýele ýanyndan geçmesede... Onsoň, olaryň ýanynda öz pikiriňi aýtmak - «gedemlik», nägile ýeriňi ýaňzytmak - «ulumsylyk», kinäňi daşyňa çykarmaklyk - «äsgermezlik». Ýoň bolan söz bilen aýtsak, olar bir söz kem, iki söz artyk. Olar üçin özgeler hiç zat... Ýöne hiç zadyň beýikligini ölçemek üçin, köneden gelýän, rowaýata öwrülip galan hakykata ser salaýmaly.

Derwüşleriň biri arzyny mälim etmek üçin hökümdaryň huzuryna barypdyr. Gat-gat binanyň, aýlaw-aýlaw galanyň gapysynda bir derwezeban duran eken. Derwüş ondan özüni hökümdaryň ýanyna goýbermegi soraýar. Emma derwezeban ýönekeý geýimli derwüşe kän-

bir gabak galdyrmaýar, „Sen kim?” diýip soraýar. «Meni tanaňokmy?» diýip derwüş dillenipdir. Derwezeban «Ýok» diýip, başyny ýaýkapdyr. Derwüş:

– Sen kim? - diýipdir. Ol:

- Men derwezeban.

- Senden ýokarda kim bar?

- Garawulbaşy.

- Ondan ýokarda kim bar?

- Serkerdebaşy.

- Ondan ýokarda kim bar?

- Wezirlerbaşy.

- Ondan ýokarda kim bar?

- Hökümdar.

- Hökümdardan beýik kim bar?

- Hudaý.

- Hudaýdan beýik kim bar?

- Hiç zat.

- Ana, men-dä şol hiç zat-da – diýip, derwüş jogap beripdir.

Derwezeban bu söze aňk-taňk bolupdyr, näme diýjegini bilmän birsellem ýuwdunyp durupdyr. Soňra özünden ululara ýagdaýy mälim edipdir. Bu sözi eşidenleriň her biri haýran galypdyr.

Göwnüň demirden bolsa-da, ýüregiň daşdan bolsa-da, her bir kişini, iň bolmanda, adam mertebesi üçin bir syla. «Aý olmy, kimmişin ol, ol

meniň üçin hiç zat» diýen ýaly duýgular özüňe aşa göwnüýetijiligi oýarýar. Içi çüýrük agaçlara we adamlara bolsa «köwek» diýilýär. Göwnümize hiç zat ýaly görünýän käbir zatlaryň Hudaýdan beýik däldigini bilsegem, iň bolmanda, özümizçe bardygyny bir boýun alalyň.

9

# Demir palta

Sapy agaçdan däl-de, demirden palta ýasadylar. Et çapyp gördüler, süňk çapyp gördüler, odun, agaç, kök çapyp gördüler. Agaç şahalaryny pudarlap gördüler. Ählisine ýarady durdy. Ýöne kök çapmaga juda ýaransoň, ony şol maksat üçinem ulandylar. Ir ertirden agşama çenli ellerinden düşürmediler. Nirede näsaz daragt, näjaý kök bar bolsa, paltanyň üsti bilen deňlediler ýördüler. Öwgi hemme kişä ýaraýar. Aslynda jansyzam bolsa, palta aýdylýan hoşamaý sözler, gürrüňler onuň göwnüne-gulagyna hoş ýakýardy. Edil adam ýaly, „sen-sen" diýip arkasyna kaksaň, döw görse, döşüni gerip dokunýar, yş görse, burnuny diräp, sygmasa-da sokulýar. Guran töňňeleriň, gök öwsüp oturan daragtlaryň köküne urlup, onuň ýerden alýan damarlaryny çapanda, şeýle bir göhi gelýärdi. Hezret Alynyň elindäki zülpükar gylyçdan kemdirin öýtmezdi. Şeýdip, öz hünärine ökdeledi gitdi. Adamlaram „Sen kök çapmaga gaty ökde" diýip, ony elýeterinde sakladylar. Haýsy agajyň ýapragy ýele gyşaryp, gözlerüne gün düşse-de, şol paltany alyp, köküne kakdylar. Bir daragtyň dokuz miwesi düz bolup, birine gurçuk düşse-de, şol paltany ulandylar.

Endik günüňe goýýarmy, adamlaryň kökden eli sowaşyp, demi sowaýan wagtlary hem bolýar. „Sen-sen" diýlen her bir zat wagty bilen idelmese, ömürlik undulan ýaly, lapykeçlige düşüp başlaýar. Paltanyňam güni şol boldy. Çekije deregem, gysaja deregem, diňe kök däl,

çüý sogurmak üçinem, depesinden inip, şänik döwmek üçinem, paltany ulanyp bolýandygyny güjeňläsi geldi. Ýogsam, her zat üçin aýratyn bir guralyň, esbabyň bardygynam bilmän duranokdy. Zawodam edil durmuş ýaly, täze paltalary, byçgylary, çekiçleri hasyl etdi durdy. Onuň edýän işini täze paltalaryň her biri başarýardy. Demir palta şöhraty paýlaşmak kyn düşdi. Bir öwrenişseň, şöhraty paýlaşmak adama-da juda agyr degýär, ýeri onsoň akyly ýok palta üçin bu agyr urgy ahyryn. Ahyry endigi gününe goýmansoň seýilbagyň gyrasyndan girdi. Atam döwründen galan çynar bardy, köküne urup-urup, bir ýana agdardy, göwnühoş boldy, Garadäli Gökleňi agdaran ýaly begendi. Adamlaram palta pisint etmedi. Towugyna „tok" diýen bolmady. Ýene bir agajyň düýbüni çapdy. „Onça-munça agajy güýçlüräk ösen ýelem ýykýar" diýip, adamlar göwnübir gezdi. Ýene bir äpet daragt ýanyny ýere berdi. Adamlar: „Göwresi gaba bolsa-da, köki gowşak bolmaly" diýip, geçdi gitdiler. Ýaş agaçlary bir zarbada alýardy, güýjüne gara döwem „aperin" diýjekdi, ýöne bu möhletde oňa gara döwem sataşmady. Ahyry ýene bir köke urlup başlady. Gara çyny bilen, gara jyny bilen girişdi. Är ömründe birinji gezek maňlaýyna der indi, urdugy saýy essinden aýylyp, gözleri alaryp gitdi, ýöne alyp bilmedi. „Garralýar öýdýän" diýip, ilkinji gezek öz başarnygyna müňkür bolup başlady. Müňkürlik ähli ukybyňy ýok edip bilýän duýgy. Uruldy, uruldy, uruldygy saýy öz ýüzi çat açdy gitdi, ahyry jaýryk atyp, özi bölünmäge durdy. Sebäbi ol kökdür öýdüp, seýilbagda dikilen demir sütüniň düýbüne urlup ýatyrdy. Demir palta ähli zady düýbünden ýok edip bolmaýandygyna düşündi, ýöne eýýäm giçdi. Persala bolan döwük paltany ulanybam boljak däldi, ellediginiň öz eliňi gyýyp gitjekdi. Şeýdibem, bir wagtky şöhratly palta ziir-zibile garylyp ýatmaly boldy. Onuň pisint etmedik „ýönekeý", „adaty" gurallar bolsa birsydyrgyn durmuş bilen öz günlerini aýladylar ýördüler.

10

# Aň we maňlaý, aýa we täleý

Güne ýatyp däl-de, okalmakdan ýaňa elden-ele geçip, sahypasy saralan golýazmalaryň birinde «Özüniň bagt üçin ýaradylandygyny bilmegi we oňa ynanmagy ynsanyň bagt ýoluna düşenligidir» diýilýär. Diňe bir ýazgyt-täleý, ykbal-maňlaý düşünjesinde däl, durmuşda bolup geçýän islendik hadysanyň asyl maksadyny, sebäbini bilmesek, öz ýanymyzdan dürli-dürli pikirleri we oýlary, hakykatyň ýele ýanyndan geçmeýän howsalany we çaklamalary, iblisiň kellesine gelmejek toslamalary tapyp, özümiz üçin düýbünden başga bir «hakykatyň», düşnüksiz «takdyryň», Taňrynyň ýaratmadyk «dünýäsiniň» düýbüni tutýarys. Dogrusy soňa-baka şoňa ynanýarysam. Şeýdibem hyýallarymyzyň howasyny süňňümize salyp, juda ýalňyşýarys.

Her bir zat hakda aňrybaş bolmasa-da, durmuşda haýry ýetjek derejede aýdyň düşünjelerimiziň bolmagy, biziň käbir zatlary bilmegimiz, öwrenmegimiz zerurdyr. Sagdyn düşünje göz açyp gören ojagyňdan başlanýar. Terbiýe tabagy taňkyrap ýatan ynsan tejribe derýasy dolup-daşsa-da, geregini alyp bilmeýär. Ýaşlygynda edep öwredilmedik adamyň ykbal toruna tylla balyk düşse-de, ony gylçyk hasaplap, gadyryny bilmeýär. Ýogsam, beýleki adamlary gandyryp duran şol bir ýaşaýyş çeşmesi biziňem öňümizden akyp geçýär. Ynamsyzlygyň, çekinjeňligiň, soňuny görüp bilmezligiň ýelgininde gezip, göwnüçökgünlik bilen gurşalanymyzda, bagt çeşmesinden ganmaga her kimiň hakynyň bardy-

gyny, erňegine eňek bassaň, ganmagyň kyn däldigini welin unudýarys. Özümizi „gowulyklary görmek üçin ýaradylan adamlaryň” hataryndan çykarýarys. Janly-jandarlaryň arasynda gözi iň ejiz haýwanlaryň biri bolan perwana ýanyp duran ody ýagtylyga çykalgadyr öýdüp, özüni nähak pida edýär. Sebäbi onuň bar görüp bilşi, bar düşünip bilşi şeýle. Kimdir biri özüni bagtdan binesip bende hökmünde göz öňüne getirýän bolsa we bu pikir aňynda mäkäm berkän bolsa, bagtyň özi öz şekilinde däl, perişde bolup gapysyny kakanda-da, onuň salamyny aljagy gümana, sebäbi onda gülüp gelen ykbalyň öňünden güler ýüz bilen çykmalydygy hakda pikir, düşünje ýok. «Men taňry bendesi, iýere zat beriň» diýip gapyny kakan ötegçä, «Taňry bendesi bolsaň, Taňrynyň öýüne bar» diýip, metjidi görkezýän, diňe özüni bilýän husytlar ýaly, gelen döwlete duz-a däl, ýüz bermän goýberýänlerem bar. Şundan soňam biz elmydama bagtyň yzynda sergezdandygymyzy dilimize alasymyz gelip dur.

Ynsanyň bagta guwanmak, gözellikden ganmak, söýgä ýugrulyp ýaşamak üçin ýaradylandygyny, dünýäni we durmuşy has-da gözelleşdirip bilmäge ukyplydygyny bilmegi çagalykdan aňyňa guýulmaly düşünjeleriň biridir. Türkmen atabegleriniň öz perzentlerine, okuwçylaryna berýän dersleriniň, sapaklarynyň gönezliginde özüňe bolan ynamy terbiýelemek ýatyr. „Sen türkmen perzendi, türkmen balasy, elmydama başyň-seriň dik bolmaly. Sen hiç zatdan çekinmeli däl, hiç zatdan gorkmaly däl. Hudaý iň ýagşy ukyplary saňa beripdir. Çynlakaý ýapyşsaň, başarmajak zadyň ýok. Sen bar zada hötde geläýmeli. Sen beýik ykbal üçin ýaradyldyň...” diýen ýaly düşünjeler çagalykdan olaryň aňlaryna guýlupdyr. Bu düşünjäniň gapdaly bilen, hakykata ynam ederleri ýaly, müň dürli hünärleri, ylym-bilimi, ugurtapyjylygy öwredipdirler. Çünki ylym bilen amal utgaşmasa, hakykat hyýaly bir zada meňzeýär. Iş ýüzünde subut edilmedik söz hiç wagt ynandyryjy

bolmaýar. Özüňe, öz başarnygyňa bolan ynam bilen özüňe aşa göwnüýetijiligiň arasynda tapawut bar. Biz iň bolmanda sagdyn düşünjeli gezmek mukdarynda bir özümize ynanmalydyrys.

Okuwçy döwrümizde üýtgeşik gurjak oýunlary görerdik. Gurjagyň hereketlenýän agzalarynyň her birinde bir kirişjagaz oýunbazyň eline çatylgydy. Oýunbaz şol kirişler arkaly gurjaga müň dürli oýun etdirerdi. Agladardy, güldürerdi.. Bizem bir tarapdan edil şonuň ýaly, ýazgyda çatylyp goýlan gurjaklar. Ýokardaky Biribar näme islese şony oýnaýan mysalynda. Ýöne ähli zady gutulgysyz ýazgyda baglap goýmagyň özi ýalňyş düşünje. Yhlas etmeseň, zähmet çekmeseň, ylgamasaň, gözlemeseň, emgenmeseň zat ýok. Ylganyňa berseler begenibermeli. Akyly bar adama beýlede dursun, akylsyz jandarlaram iýjegini-içjegini ýatan ýerinden alanok. Üstesine-de, gaýta-gaýta ýaňzydylyp leji çykan «ykbal, bagt, täleý, maňlaý» ýaly düşünjeleri gerek ýerinde ýatlaýmaly. Ýaşaýşyňa täze öwüsgin we öwüşgin berjek bolsaň, ýatlanyňda ýadadýan sözlerden gaça durup, ter duýgulary berip biljek sözleri, sözlemleri özüňe hemra edinmeli. Her ädim ädeňde takdyry ýadyňa saljak bolup, ikirjiňlenip dursaň, ençeme pursat duşuňdan ötüp gidýar. Hudaýyň ýaradan her gününde haýsydyr bir zadyň amatly pursady bardyr diýilýär. «Müň bir gije» atly arap ertekilerinde bolsa, bu durmuşyň şonuň ýaly pursatlardan doludygy, ýöne olary peýdalanmagy başarmalydygy aýdylýar, «Pursat bolan wagty, tutup gal bagty» diýýär.

Durmuşda öňüňde anyk maksat goýmazlyk pikir dagynyklygyna eltýär. Belli bir işiň başyny tutup bilmän, ýa-ha ähli zady birlikde dynjak bolýarys, ýa-da ýatan çöpi galdyrman, ötenden-geçenden hantama bolýarys. (Ýöne, ötenden-geçenden hantama bolmak diňe merhumlara mahsus). Hiç netije bolmansoň, lapykeçlik petiginde suwa ezilen serçe ýaly boýnumyzy burmakdan başga çykalga bardyr öýdemzok. Adam-

laryň käbiri «Men bagtly ýaşasym gelýär» diýýär. Bagtly bolmak üçin bagtyň nämedigi hakda düşünje gerek. Belki biziň gözleýän zadymyz bagtam däldir, biz bagtdanam has owadan bir zada aşykdyrys. «Hany aýt, bagt näme?» diýip sorasaňam, «Gowy ýaşamak» diýip, uguralla jogap berer. Düşünjäniň täsirli tarapy, haýsy zat ruhy taýdan ýürege ýakyn, maddy jähetden bitirmesi ýeňil bolsa, göwün şony hem ileri tutýar. Gowy ýaşasyň gelýän bolsa, öňüňde anyk maksatlary goýmaly. Ynamly, dogumly we batyrgaý çemeleşmeli. Ysgynsyzja aýdylan söz, yhlassyz girişilen amal, ikirjiňlenmä ýugrulan duýgy bilen irkilen bagty oýarmak juda kyn. Kim bilýär, ýeterlik yhlas etmeseň, ol bagtyň aýy ukusyna gitmegem daş däl, ýöne bu onuň oýanmajakdygyny aňlatmaýar. Içiňde gaýtalanaýan ýa-da sabyrsyz adamlar tarapyndan palçylara berilýän «Men bagtlymy ýa-da bagtsyz?» diýen sowaly ýadyňyzdan çykaryň. Asla, onuň ýaly pikir etmäň. Şeýle ikirjiňlenme we ynamsyzlyk zerarly depämize gonjak bolup duran bagtyň göwnüni ynjytmagymyzam daş däl. Şowsuzlyk biziň alnymyzda ýok-da, aňymyzda bar, şonuň üçin hem ýerliksiz howsala düşýäris.  Mazaly synlap, oýlanyp, köp zady pikir eleginden geçireňsoň, sen özüňiň juda bagtly adamdygyňa, köp gowulyklar bilen gurşalandygyňa göz ýetirersiň. Ol diňe gören we ýadyňda galan zatlar. Ykbalyň entek nähili ajaýyplyklary, duýdansyz sowgatlary gizläp goýandygyny palçylara beýle-de dursun, perişdelerem bilenok. Siziň her biriňiz bagt wada berlen adamlar.  Diňe gowulyklara garaşyp ýaşamaly. Onsoňam asylly maksatlaryňyzdan alyp galýan adamlara-da, ýoluňyzdan sowmaga synaýşýan, göwnüňizi bölýän pikirlere-de gulak gabardyp ýörmek uslyp däl. Birnäçe ýyl mundan ozal bir oglan bilen tanyşmak miýesser etdi. Dogumy daş ýarýan diýilýänlerden. Sähel-mähel zada müzzermesi, gara zähmetden gaçmasy ýokdy. Bir gün seýilbagyň içi bilen gelýärkä, gözüne dikanlap, ýüzüne çiňerlip seredýän, üstünden atyryň däl-de

aragyň ysy aňkap duran birini görüpdir. Ähmiýet bermän geçiberjegem bolupdyr, ýöne jadylanan ýaly, onuň ýanyna hut öz aýaklary bilen barypdyr. Näme sebäpli beýle içgin seredendigini sorapdyr. Ol «Gel gowusy men saňa pal atyp bereýin, aýaňy aç» diýipdir. Aýasyny açaryna mähetdel «Baý-bo-ow, dünýäde senden betbagt adam ýok» diýip, onuň «täleýini» okap beripdir. Bu söz nähili täsir edendir öýdýäňiz, ýaňky döw gaýratly ýigit dünýeden umydyny üzüp, diňe betbagtlyga garaşyp gezdi. Lapykeçlige düşdügi saýy, edeni ugruna bolmady. Soňlugy bilen «Dogrudanam, men betbagt ekenim» diýen düşünjä ymykly per berip başlady. Aýdylýan öwütler, berilýän maslahatlar gulagynyň ýele ýanyndan geçdi durdy. Diňe, ýyllara çeken irginsizlikden soňra ony bu pkirinden dändirmek başartdy. Ol-a bu wagt ýeten gününe şükür edip, tapan döwletinden, döwründen lezzet alýar, bizem düşünip bilşimize görä netije çykarýarys: Adamlara erteki otarman, hakyky durmuşy düşündirip bilenligimizde, olaryň özlerine bolan ynamyny gaýtaryp getirmäge, dogry ýola salmaga doly mümkinçilik tapylýar. Munuň üçin düşünje binýädy düýpden we berkden tutulmaly.

Iş otagymyza, kompýuteriň zyýanly şöhlesinden goraýar diýip, kiçeňräk gülküýzä oturdylan kaktusy getirip berdiler. Mundan öň kaktusa beýle gyzyklanmam ýokdy. Gözümiň ýadan pursatlary ünsümi sowmak üçin, şol küýzedäki kaktusy synlardym. Suwjagaz guýardym, käteler tenini ýaryp çykýan tikenjiklere haýran galyjylyk bilen sererdim. Bir gün irden gelip görsem, ýaňky kaktus gülläpdir. Ajaýyp ysy bar diýsem öte geçdigim, ýöne naşyja güli özboluşly gelşik berip, kaktusy bezäp otyrdy. Ertesi gün gülleriň sany artdy gitdi. Men-ä bilemok welin, kaktusyň güllemegi hakda dünýäde dürli-dürli yrymlaram bar bolmagy mümkin, ýöne ähli zady gowulyga ýorup bolýarka, ýerliksiz yrymlara uýmak nämä gerek? Bu gezegem hut şeýle boldy. Güllän kaktus adamyň ykbalyny we yhlasyny ýatlatdy durdy: Durşuna tiken bolup

ýatan kaktuslar gülleýär, ýeri onsoň, aslynda bägüle meňzedilip ýazylan ykbalyňyz gül açmaz öýdýäňizmi?

11

# Bir owuç suw

Azaşany ýola salmak iň haýyrly işleriň biri. Teşnäni suwdan gandyrmagyň sogaby ýyldyzlaryň sanyndan köp. Döwründe, ýerinde dürüň gadyry gaçar, ýöne ýagşy sözüň gymmaty, täsiri ýitmez.

Adamlary medeni we ruhy iýmitlerden mahrum etmek ýaly agyr günä ýok, emma aýlanyp-öwrülip duran dünýä durmuşy olary hem başyňdan salýar. Pelek her wagt her hili bakýar. Käteler bile gülýär, käteler üstüňden gülýär. Şeýle pursatlarda öten ömrüňdäki üstünlikler, şatlyklar, ajaýyp söhbetdeşlikler, didaryny gören ýagşyzadalaryň, durmuşyňy ýyladan datly wakalaryň yzy üzülmeýän kinolar ýalay ýatlanylyp, aňyňda gaýtalanyp dursa, ýene bir ýagtylyga yş açylýar. Gijäniň yzyndan hökman gündiziň gelýändigine, günüň dogýandygyna ynanýaň, ýogsam ynamsyzlyk bilen gurşalan çagymyzda ýadymyza düşmeýän bir hakykat bar: bu dünýäde yzy ýagtylyga sapmaýan garaňkylyk ýokdur. Ýagşy sözler we söhbetler, süýji hekaýatlar we geň galdyrýan gürrüňler aladalardan ünsümizi sowup, täzeçe, başgaça pikirlenmäge gönükdirýär. Bizi täze bir galyba salýar, gaýtadan ýugurýar. Hat-da şol wagt badyhowa hyýallaram, ynanyp bolmaýan ertekilerem, hakykatyň ýele ýanyndan geçmeýän toslamalaram adamlary özüne şeýle bir çekýär welin, beýle gudrat demri dartýan magnitde hem bardyr öýtmeýärsiň.

Her bir döwrüň, her bir adamyň berip bilen zadyny inkär etmeli däl. Gowumy, gowulykda ýatlamaly, ýuwarlykly bolsa, günäsini ötmeli, nogsany bar bolsa, düzeltmäge çalyşmaly. Möwriti ötenden soň, geçmişe gara ýöňkäp oturmagyň hajaty ýok, geljegimize berk bolmaly. Hat-da egri ösen daragtlary hem pudap (pudarlap), timar berseň, göwnüňe görä gelşik gazanyp bilýärsiň. Ýaramaz zatlary ýatladygyň saýy ýüregiň çişip gidýär, onsoň, geçmişiň goýberen säwligine özüň günäli ýaly, agyr ýatlamalaryň jepasy jellat ýaly töweregiňde galgap ýör. Garaşsyzlygymyzy alanymyz bäri aň çalşygy dowam edýär. Täze zamana üçin täzeçe pikirlenip bilýän nesil gerek. Musa pygamber öz halkynyň aňyndaky „gulçulyk" düşünjesini aýyrmak üçin, olar bilen kyrk ýyllap çöllerde, sähralarda sergezdan gezýär. Şol zatlary ýatlanyňda, entegem bu nesliň döwrebap özgerişlige dogry we tiz düşünýändigi, uýgunlaşýandygy üçin, Hudaýa şükür edýärsiň. Geljek üçin geçmişiň bitirýän hyzmaty örän uly. Şol agzap öten ýatlamalarymyz, göwne teselli, geljege umyt berýän gürrüňlerimiz, ugruňy üstünlige sazlaýan söhbetlerimiz, sözlerimiz, setirlerimiz bize ýol tapmaga, ýola düşmäge kömek edýär.

Her kim öz saýlan ýolunyň dogrudygyna, özüne ilki sataşan ussadyň dogruçyldygyna ynanýar, ýöne ol, hakykatdanam, dogrumyka? Ýa-da bazary gezmän, ilki sataşan söwdagäriň sözüne ynanyp, arzandyr öýdüp, gereginden artyk töleýän-ä däldiris-dä?! Nesilleriň aň çalşygynda ylym-bilim esasy orny eýeleýär. Hudaýa şükür, döwrebap ösüşlere görä täzeden galkynan bilim ugry bedew bady bilen öňe barýar. Gazet-žurnallarda nesil terbiýesi hakda dürli makalalar, çeper hekaýalar, özüne çekýän ertekiler, güýmäp biljek gürrüňler çap edilýär. Ýöne gazet-žurnallarda, kitaplarda neşir edilýän her bir zadyň, her bir sözüň terbiýä dahyllydygyny, täsir edýändigini unutmaly däldiris. Şu babatda gadymy mirasy öwrenýän, köne kitaplary dörýän we olary özüçe

teswirleýän adamlar, alymlar we gyzyklanýanlar ýazýan zatlaryna sere-sap çemeleşseler, özlerine sogap, geljege ýagşylykdygyna düşünerler. „Köp bilýän ekeni”, „köneden habarly ekeni” diýip, özüňe şöhrat gazanjak bolmak, ýüzüne sarymsak sürtülen magnite meňzär: üstün-den tonnalap demir dökeniňde hem, beýle ýagdaýda ukybyny, öz aýratynlygyny ýitirýändigi üçin, oňa daklyşmakdan mahrum galar, bi-nesip bolar. „Elibi” öwrenip, elipbiýi bilýän diýmek, kitabyň daşyny sy-palap, Kurany çykdym diýmek bilen barabardyr. Toýda-tomguda, meýlisde-märekede, gazetde-žurnalda aýdylýan sözler, edilýän gürrüňler, könä salgylanylýan rowaýatlar we meseleler dogry teswirle-nen halatynda, geljegiň ýüzüne, nesilleriň ýüzüne gypynçsyz garaýyşlar bilen bakyp bileris. Emma öz sözüňi delillendirmek üçin, göwnüňe görä gopdurmak üçin taryhy maglumatlary ýoýup aýtsaň, ters röwüşde beýan etseň, öte ýalňyşdygymyz bolar, ylymyň bu ugruna teşne adam-lar, ýa-da entek şol zatlary eşitmedik adamlar ähli zady seljerjek hem bolmaýar, her bir zady hakykat hökmünde kabul edýär. Birinji aýdylan söz bolsa ýiti täsir edýär. Soň hernäçe „akyl” öwredäý, mysal getiräý, gat-gat kitaby gütüledip goýaý, haýry ýok, özüň ýalançy ýaly bolup galýarsyň. Has beteri-de, köneden lap urýan käbir adamlaryň ýalňyşyny ýüzüne aýtsaň, düşünjek bolmaýar, gaýta „sen entek çörege ”çojje” diýýärkäň, biz köp zatlary başdan geçirdik” diýip, ýüzüňi alýar. Özüňden ulynyň, özüňden ökdäniň sözüni diňlemek parz. Ýöne diňle-mek bilen uýmak düýbünden başga zat. Dogry netijäni özüň çykar-magy öwrenmeseň, örtenjek ýeriň, ýüzüňi gyzartjak ýagdaýyň köp bolýar. Meseläniň çözgüdi, dogry ýoluň salgysy hökmünde ündelýän zat hakykata gabat gelmese, üstesine-de ruhy terbiýä täsir edýän bolsa, günäni-sogaby ölçeýän Alladyr welin, şol ýagdaýyň haýyr däldigini ýaňzydyp bolar.

Gadym döwürde, medrese görendigini gören adam ýok, ýöne ondan-mundan eşiden zadyny, göwnüne görä üýtgedip, ili-güni güýmäp oturan bir adam bar eken. Kimdir biri nämedir bir zat sorasa, bilmeýändigini bildirmejek bolup, ýalan-ýaşryk, terslin-oňlyn gürlär oturar eken. Şol wagt bu märekä sowady ýetik ýaşlaryň biri gelipdir. Ol saglyk-amanlyk soraşanlaryndan soň, bir gyra geçip, ümsüm

oturypdyr. „Okumyş” adamyň sözi, haýbaty-hökümi örän belentden çykypdyr. Her kim ony hormatlap, aýdan zadyna agzyny açyp, ynanyp otyrmyşyn. Emma onuň gürrüňleri hakykata düýbünden bap gelmesede, ýigit edep saklap, köpçüligiň öňünde „bu sözleriňiz galat” diýmändir. „Märeke daganyndan soň ýaňzydaryn” diýip saklanypdyr. Hakykaty bilýän çagyň, ýalan söze çydam edip oturmak örän agyr. Şol wagt namaz wagty golaýlapdyr. Ýaňky ýigit „täretimi täzeläýin” diýip, eline kündük alyp, bir gyra çekilipdir. Eline akydan suwundan iki damja daşyna serpiläýmezmi, muňa gözi kaklyşan ýaňky „okumyşyň” azgyrylýan sesi gelipdir: „Haý, peläket, edýän işiň näme, ünsli bolarlar, bir owuç suw zaýaladyň, isrip etdiň, günä batdyň” diýipdir. Şol wagt ýigit hem sypaýylyk bilen „ýarylypdyr”: „Bagyşlaň, hormatly pir, men sähel ünssüzlik bilen bir owuç suw zaýaladym, siz häliden bäri görnetin ýalan, ýalňyş gürrüňler bilen bir topar adam zaýaladyňyz. Kimiň günäsiniň çökderdigini Alla bilýändir” diýipdir.

Geçmişiň gara günlerini, gara pikirlere gaplajak gürrüňlerini diňe netije çykarmak üçin, sapak almak üçin seýrek ýatlalyň-da, ähli güýjümizi-gaýratymyzy, süýji ýatlamalarymyzy ýagty geljegiň hatyrasyna agzybirlik bilen ulanalyň. Dogry sözläliň, dürs beýan edeliň. Birek-birekden öwrenmegi, özgeleriň pikirine sarpa goýmagy özümize peslik bilmäliň. Uly üstünliklere gyzygyp, ömrümize bezeg berýän hakyky gymmatlyklary gözden salmalyň.

12

# Görüp bilmek

Mugallymlaryň biri öz talyplaryndan dünýäniň ýedi täsinligi hakdaky pikirlerini bilmek isläp, özleri üçin ileri tutýan ýedi ajaýyplygynyň adyny ýazmagy talap edipdir. Pikirler dürli-dürli we hat-da umumy kabul edilenlere hem çapraz çykypdyr. Hindistanyň Täçmahaly, Müsür piramidalary, Hytaý diwary, Panama kanaly, Kolorado jülgesi.., tertip babatda hem hersi dürli orunlarda bolupdyr. Mugallym umumy pikiri jemlemek üçin talyplaryň ýazgylaryny ýygnap başlanda, bir talyp gyzyň heniz ýazyp bolmanydygyny görüpdir. “Belki saňa kömek ederis” diýip, mugallym dillenipdir. “Ýoldaş mugallym dünýäniň ajaýyplygy kän, ýöne şolaryň arasyndan has ajaýybyny saýlap otyryn. Şu sözümi ýazsam, pikirimi jemleýärin” diýip, mugallymdan haýyş edipdir. Soňra mugallym ondan ýazan zatlaryny okamagy sorapdyr. Talyp gyz bir salym ikirjiňlenip duransoň: “Meniň pikirime görä, dünýäniň ýedi ajaýyplygy: Görmek, eşitmek,  galtaşmak (degme), tagam duýup bilmek, duýmak, gülmek we söýmek” diýip, jogap beripdir. Okuw otagyna ümsümlik aralaşypdyr, hat-da ol wagt halyň üstüne gaçan iňňäniň sesini hem eşdip boljak ekeni. Talyplaryň hiç biri bu pikiri inkär etmändir. Gyz sözüni dowam etdiripdir: “Biz bu zatlaryň ählisini özümizde bilip ýöremizsoň, olara endik edemizsoň, gymmatyny duýmaýarys. Aslynda welin ähli ýedi ajaýyplyk şolardyr. Çünki bulary el bilen gurup bolmaz, pul bilen satyn alyp bolmaz” diýipdir.

Dogrudanam, dünýäniň ajaýyplygy kän. Görmek, görüp bilmeklik ukybynyň ilkinji orunda goýulmagy hem dogry pikir. Göz berlensoň, görmegi başarmaly. Gowy zatlary görmegi başarmaly. Göz berlensoň, görmeseň aýyp boljak ýaly, ýogsam gözi açyklygynda hiç zady görmän, gözi batyllygynda geljegi görýän adamlar hem bar ahyry. Mysal üçin bolgar bilgiji Wanga, gözi batyl bolsa-da, gaty köp zady öňünden gören. Ýokarky tymsaly okan wagtym, gyş gelen uçurlary soňkuja saralan ýapragy düşüp, daragtlary çalaran seýilbagyň içinde öz dünýälerine gümra bolup, jedirdeşip oturan iki sany çagajygyň aýdan sözleri ýadyma düşdi. Olar bir zadyň gürrüňine gyzygyp, bir meseläniň üstünde dil tapyşmaýana meňzeýärdiler. Olar öz dünýälerine şeýle bir berlipdir welin, ýanlaryna ýetendigimi hem aňşyrmadylar. Söhbedine gulagymy gabartmasamam, olaryň aýdan sözleri duşumdan ötüp gitmedi.

“Asmanda gün barka, ol ýerde ýyldyzlar bolmaýar” diýip, körpeje oglanjyk uýasyna aýtdy. Gyzjagaz: “Asmanda gün barka, ýyldyzlaram bar, ýöne ony ýörite gural bilen görmeseň görnenok. Muny bize mugallym aýtdy. Mugallymlar bolsa hiç wagt aldamaýar” diýdi. Oglanjyk gözlerini tegeläp, nazaryny asmana dikdi: “Hany onda maňa hiç zat görnenoga”. Gyzjagaz desbi-dähel jogap berdi: “Saňa görünmeýändigi, onuň ýokdugyny aňladanok”. Içimden gyzjagazyň aýdan sözlerini gaýtaladym. Ol şeýle bir täsirli ýaňlandy. Ukudan oýanan ýaly bolup, olaryň kimdigini tanamak üçin yzyma öwrüldim, ýöne hiç hili janlyjemendä gözüm düşmedi. Bu sözler hut meniň özüm üçin aýdylan ýalydy: “Maňa görünmeýändigi, onuň ýokdugyny aňlatmaýar”.

“Çylşyrymly” diýen sözüň özi adamy az-kem çekindirýär. Bu söz ýeňil, aňsat zady hem aňymyza çylşyrymly edip görkezýär. Ýogsam ähli halatda haýsydyr bir gulply gapa girelgäniň, görünmeýän ýerinde çykalganyň hökman bardygy düşnükli zat. Biz bolsa käteler däl, aglaba ha-

latda kimdir biri ýa-da nämedir bir zat hakda gürrüň gozgalanda, ol hakdaky pikirimiz soralanda çala bilýän ýa-da özge birinden eşiden zadymyza esaslanyp, jogap berýäris. Şol wagt “Çala eşiden çatma ýykar, öte eşiden - öý” diýen sözüň bize hem dahyllydygy kellämize gelenok. Ýa-da bir meseläniň çözgüdi dogrusynda oýlana-oýlana hepdeleri, aýlary geçirenimizden soň, ýagtylyga uç tapmasak, lapykeçlige ýüz urýarys. Bize görünmese ýa-da özümiz görüp bilmeýän bolsak “ýokdur” diýip, netije çykarýarys. Adamlaryň häsiýeti, özüni alyp barşy babatda hem, meseleleriň çözgüdi babatda hem şol pikire gulluk edýäris: “Maňa görünmeýän bolsa, diýmek beýle zat ýokdur”.

Hudaýa ynanmaýan ýaşlaryň biri synp otagyna giripdir. “Oglanlar siz şu kitaby gözüňiz bilen görýärsiňizmi?” diýip sorapdyr. Oglanlar: “Hawa, görýäris” diýip, jogap beripdirler. Ol: “Görýän bolsaňyz, bu şonuň hakykatdan hem bardygyny aňladýar” diýipdir. “Siz şu suratlary gözüňiz bilen görýärsiňizmi?” diýip, diwardaky suratlara elini uzadypdyr. “Hawa, görýäris” diýip, jogap beripdirler. Ol: “Görýän bolsaňyz, bu şonuň hakykatdan hem bardygyny aňladýar” diýipdir. Soňra “Oglanlar siz Hudaýy gözüňiz bilen görýärsiňizmi?” diýipdir. Olar: “Toba estagfirullah, ýok göremzok” diýipdirler. Ol oglan: “Görýnmeýän bolsa, bu onuň ýokdugyny aňladýar” diýipdir. Şol wagt synpdaky oglanlaryň biri ör turup: “Oglanlar, siz şu dostumyzyň akylyny gözüňiz bilen görýärsiňizmi?” diýip sorapdyr. Oglanlar: “Ýok göremzok” diýipdirler. “Görýnmeýän bolsa, bu onuň ýokdugyny aňladýar” diýip, ol oglan jogap beripdir. Her bir zadyň hakykatyny, barlygyny ýa-da ýoklugyny bize görünýänligi ýa-da görünmeýänligi bilen kesgitlemek ýalňyş düşünje.

Gyş gelende asmanyň ýüzüni galyň-galyň bulutlar örteýär. Howa bu gün-erte gowşajaga, maýlajaga meňzänok. Ýapraklardan boşap,

çalaryp galan tebigat hem sussuňy basmasa, göwnüňi göterenok. Emma şol gara we galyň bulutlaryň aňyrsynda ýagty Günüň bardygy hakykat ahyry. Bize görünmeýänligi, ol Günüň ýokdugyny aňlatmaýar.

Gündizlerine daş-töwerek ýagtyylyk bilen gurşalan. Günüň nury asmandan ýere inip dur. Adam elmydama ýagtylygyň içinde gezip ýörkä, bu nygmata ähmiýetsiz garaýar. Emma gözümize görünmeýändigi üçin şol nury, ýagtylygy inkär edip bolarmy? Ýok, bize görünmeýänligi onuň ýokdugyny aňlatmaýar.

Adamyň ýaşaýşy üçin ilkinji zerur zat – howa. Alýan demimiz şol howany sormakdan ybarat, emma biz ony göz bilen göremzok. Ýöne, bize görünmeýänligi onuň ýokdugyny aňlatmaýar.

Himiýa sapagynda mugallymyň aýdan sözleri henizem ýadymda: "Dürli ýerlerde suwuň dürli reňkili görünýändigine garamazdan, suwuň reňki bolmaýar". Şol reňksiz we dury suwy alyp görüň, onuň düzüminde nähili himiki maddalar bar. Ýöne bize görünmeýändigi, onuň ýokdugyny aňlatmaýar.

Toý-tomgularyň birinde iki adamyň bir meseläniň üstünde çözlüşip bilmän oturandygynyň şaýady bolduk. Olaryň biri edil biziň şu söhbetimizdäki ýaly "Bar zatlar kimdir birine hökman görünýär, eger hiç kim görmedik bolsa, görünmeýän bolsa, bu onuň ýokdugyny aňladýar" diýip, per berenokdy. "Sözüň dogry bolsa subut et" diýip, bäsdeşine kinaýa bilen söz gatýardy. Bäsdeşi nähili subut etjegini bilmän, dodagyny dişläp, ýüzüni asmana öwürdi. Birden onuň gözi ýokardan geçýän ýokary woltly elektrik simlerine kaklyşdy. "Ýokardaky elektrik geçirijä seret. Sen simi görýänsiň, emma içindäki elektrikleri görýän dälsiň. Eger göze görünmeýänligi üçin ýok diýjek bolsaň, inkär edýän bolsaň, bar-da şol simi elläp gör, barmy-ýokmy özi subut eder" diýdi. Sorag

berýän bäsdeşi gözüni tegeläp, dilini dişlemekden başga jogap tapmady.

Köne rowaýatlara görä, elibi öwrenip, ylmyň soňuna çykandyryn öýdýän ýaş-ýeleňleriň biri görünýän we görünmeýän zatlaryň jedelini edip, uly pirlere hem muşakgat bolup otyrmyş. “Bar bolsa, görkeziň, subut ediň” diýip, öz diýenine tutup oturypdyr. Ahyry onuň bu kejirligine çydamadyk pirleriň biri ýaňky oglanyň ýüzüne şarpyk çalyp, mazaly awundyrypdyr. “Tagsyr, edýäniňiz näme, ýüzüm awap, agyryp dur” diýip, oglan aňk-taňk bolupdyr. “Men-ä seň ýüzüňde agyry göremok” diýip, pir aýdypdyr. “Ine, şu uran ýeriňiz agyrýar” diýip, ýigit ýaňagyny görkezipdir. Pir oňa: “Ýok, sen maňa agyrýan ýeriňi däl-de, agyryny görkez, ynanaýyn” diýipdir. Şondan soň oglan bardygyny duýup bolýan her bir zadyň görkezmek ýa-da görmek arkaly subut edilmeýändigine hem düşünipdir.

Hawa, haýsydyr bir zadyň bize görünmeýändigi, onuň ýokdugyny aňlatmaýar. Beýleki tarapdan, beki biziň özümiz görüp bilýän däldiris. Kejirlik, tutaryksyz öz diýenlilik elmydama paýhasyň gözüni baglaýar we aýdyň zatlary hem aýan etmeýär. Kimdir biri hakda habar soralanda, ondaky ýagşy häsiýetleri görüp bilmeýändigimiz, onuň ýaramazdygyny delillendirenok. Her bir zadyň hökman bir gowy tarapy, her bir adamyň hökman bir gowy häsiýeti bolýar. Daşyndan görübem, düşünmesek, ýene-de ýalňyş netije çykarýarys. Aýyň aňry ýüzini görmegä beýlede dursun, bäri ýüzüne seredibem “Aýyň ýüzünde tegmil bar” diýmekden başga owadan söz tapamzok. Ýogsam, uzakdan tegmil bolup görünýän ol şekilleriň düýbünden başga zatdygyny astronomiýa bilen gyzyklanýan her bir adam bilýär.

Nähilidir bir meseläniň jogaby, müşgil işiň çykalgasy gözlenende, aňymyza gelmeýändigi ýa-da bize görünmeýändigi, ol çözgütleriň ýok-

dugyny aňlatmaýar. Hökman görjek, tapjak, biljek bolmaly. Allatagala arassa şer diýilýän zady ýaratmandyr, islendik zadyň ýanynda hökman bir gowulyk hem bolaýmalydyr diýilýär. Emma biz görüp bilmeýändigimiz üçin derrew inkär etmek heddine ýetýäris, "ýok" diýýäris we ynamsyzlyga düşýäris. Akyldarlaryň birinde "Islendik meseläniň bir däl-de birnäçe çözgüdi, çykalgasy bolýar, emma ynsan onuň iň soňky çykalgasyny saýlap alýar – gaçmak we terk etmek" diýen söz bar.

Öňüňde keseren meseläniň çözgüdi tapylmasa, yza dönjek bolma, gözle we garaş, hökman garaş, çünki "saňa görünmeýändigi ýa-da seniň görüp bilmeýänligiň ol işiň çykalgasyzdygyny aňlatmaýar". Kimdir biri hakda gürrüň gozgalanda ol hakdaky öňki pikirleriň tersiräkdigine garamazdan, onuň üstünden düşjek bolman, paýhas terezisini saldarlap görüň: "Maňa görünmeýändigi ýa-da meniň görüp bilmeýänligim, onuň ýokdugyny aňlatmaýar" diýiň we gowy taraplaryny görmäge çalşyň. Maksada okgunly barýan ýoluňyzda birdenkä büdräp ýa-da badyňyzy gowşadyp dursaňyz, indi haýsy ýana öwrüljegiňizi, nähili hereket etjegiňizi bilmeseňiz, lapykeçlige berilseňiz, oslamaýan ýerlerden bir yşyň açyljakdygyna, çykalganyň tapyljakdygyna ynanyň. "Maňa görünmeýändigi, onuň ýokdugyny aňlatmaýar" diýiň we diňe gowy zatlara garaşmagy endik ediniň. Bu häsiýet durmuşymyzdaky, jemgyýetimizdäki, dünýämizdäki ajaýyplyklary, gözellikleri görüp bilmek ukybyna eýe eder. Beýleki tarapdan bolsa özüňiziň gowulyklary görüp bilýänmi ýa-da görüp bilmeýän adamdygyňyzy aýyl-saýyl eder.

13

# Gyzgyn çaýdaky şeker

Adam hoşamaý söz eşitdigisaýy monça bolýar. Haýyr işe höwesi artyp, güýjüne güýç goşulana dönýär. Seýregem bolsa, özüň hakynda aýdylýan ýagşy gürrüňlere, ýalanam bolsa, gulak gabardasyň gelip dur. Sebäbi hoşamaý söz, minnetdarlyk, eden işiň gadyrynyň bilinýändigi dogrusyndaky duýgular indiki amallara badalga bolup hyzmat edýär. Her bir jemgyýetçilik edarasy öz ýerinde işiň ilerlemegini isleýän bolsa, şu matlapdan ugur alýar. Gorkuzyp işledeniňden, göwnedip işletmegiň müň esse haýrynyň bardygy subutnama talap etmese-de, subut edilen hakykat. Ýöne gudratam garaşýan pursadyň hasyl bolanok, ähli çagda, ähli ýagdaýda her kes biziň göwnümizden turjak bolup duranok. Olaryň öz „aladasy" ýetik, onsoňam ähli adamdan hoşamaýlyga garaşmak howaýy zat, hat-da Hudaýam bar kişiň göwnünden turmaýar ahyry. Ýazgydyndan nalaýanlar, gününden närza bolýanlar, dünýewi synaga sabyr, gazananyna kanagat etmeýänler elmydama ýa ilden nägile, ýa-da Hudaýdan...Onsoň öz bähbidini eý görýän adamlar saňa düýbi boşam bolsa, hoş sözi rowa görmezler, hernäçe zähmet çekseň-de, gadyryňy bilmezler, müň gezek ýagşylyk etseň-de, minnetdarlyk bermezler.

Lapykeçlik, umydyň döwülmegi, işleriň birbada ugrukmazlygy ýa-da kimdir biriniň seň begenjiňe gyýa göz bilen garamagy kyýamatyň alamaty däl. Ol seniň entek adam mertebesinden düşmändigiňi, Adam-

dygyňy aňladýar, çünki ynsan balasy şunuň ýaly zatlary göre-göre ruhuny kämilleşdirýär, bedenini-süňňüni taplaýar. Kynçylygy-kösençligi görmän, azda-kände ýerliksiz „kemsidilmelere" uçraman, durmuşyň düýp manysyna göz ýetirmegem gaty kyn. Türkmenler bolsa „Kemsidilen kemal tapar" diýýär. Elmydama her bir muşakgatyň aňyrsyndan bir gowulygyň miýesser edýändigini bilýär. Ýöne biz, tama edenimiz nesip etmeýän bolsa, garaşanymyzy gazanyp bilmeýän bolsak, öz göwnümiziň ynjalygyny başga ýerden gözleýän-ä däldiris-dä?

Söýginiň we tesselliniň haçan, haýsy wagtda, nireden we kim tarapyndan geljegi bir Hudaýa mälim. Ýagşylygyň sogaby, öwezi-gaýtargysy hem edil şonuň ýaly, biz bir ýagşylyk ýa-da öwerlikli bir iş edip, yzyndan tarypa ýa-da berekella garaşýan bolsak, onda biziň sogaba däl-de, diňe şöhrata ýa-da ada kowalaşýandygymyzy biläýmeli. Abraý gowy zat, süýji zat, emma şöhrata kowalaşmak bilen girdabyň üstünde gurnalan gyl köprüden ýöremek deň bir zat. Diňe göz üçin edilen iş ahyry köňül gözüňi gapýar. Uly ýol diýip saýlanyň soňy uçutlara eltýär. Hudaýyň haky üçin, iliň-günüň, halkyň haky üçin, ýagşylyk diýen umyt beriji sözüň haky üçin, barça ýagşy zatlaryň, söýgä mynasyp zatlaryň haky üçin hem ýagşylyk edilýär. Ine, şeýle haýyr işleri edýändigiňden lezzet almany başarmaly. (Dogrusy, her kes ak ýürekden ýagşylyk etmegi hem başarmaýar). Her bir haýyr işiň deregine derhal bir zady tama edip oturmak, asyl türkmeniň ganyna siňmedik häsiýet. Ol adamçylyga hem mahsus däl. Biz özgeleriň özümizden bitýän her bir işini şahsy bähbidimiz üçin peýdalanmak endiginden gaça durmaly. Endige öwrülýän her bir häsiýet we hereket barha ösmek, örňemek bilen bolýar. Gowy zada endik etseň, gowulygyň artyp gidýär, ýaramaz zada endik etseň, şumlugyň artyp gidýär. Üstesine-de, bir ýagşylyk edip, deregine bir hoşamaýlyk görmeseň, ol işiňi diliňe çolap ýörmek uslyp däldir. Magtymguly atamyz: „Bir ýagşylyk etse adam biweji, Her

meýlisde ýüz ýol tile getirmiş” diýip, beýle pisint adamlara öz bahasyny berýär.

Öwerlikli işiň özi bir ajaýyp zat. Gadymy hytaý ierogliflerinde ýagşylyk sözüniň deregine açylyp barýan gülüň şekili goýlar eken. Güller (haýyr güli) diňe ýazda däl, nesibeli güni açylýandyr. „Ýagşylygy derýa başynda et, balyk biler, balyk bilmese, Halyk biler” diýilýär. Hudaý ýagşylygyň öwezini hiç wagt boş goýýan däldir, haýyr işleýänleriň hakyny köýdürýän däldir. Bu gün bolmasa, ertir, ertir gelmese, biýrgün, hökman ondan däl, ilden-günden bir haýyr geler, begen. Geçen günleriňe, eden işleriňe ser salsaň, jogapsyz goýlan işiň aňsat-aňsat ýadyňa düşmez. Berilmedik „taňyrýalkasynlar”, aýdylmadyk „sag bolsunlar”, öwülmedik oňat işler bolsa indiki gözel hereketlerimize böwet bolmasyn, haýyr işe bolan höwesimizi gaçyrmasyn. Biz ömrümiziň ähli görküni-gözelligini, tagamyny-lezzetini göwnümize ýaramadyk birje garaýyşlar bilen ölçerjek bolmalyň. Haýyr iş etseň, adamlar hökman biler. Bu babatda özüňi görkezmeklige zerurlyk ýok, iliň-günüň ýiti gözi seniň nirede nämeler edýändigiňden juda habarly. Ýagşylyk – abraý üçin albaý däl-de, ata-babalardan galan dessurdyr, adamdygyňy aňlap bolýan hereketdir. Ýagşylyk babatda, gyzgyn çaýdaky şekeri ýadyňa sal, dessine eräp gidersiň, süýjülik bilen süňňüne siňersiň. Seni görmezler, ýöne hut şol ýerde seniň bardygyňy, süýjülik berip duran zadyň sendigiňi welin anyk bilerler.

14

# Hakyňy iýdirmeklik: isripmi ýa-da sadaka?

Şäheriň içinde gatnaýan ýolagçy awtobusyndan düşüp, petek hakyny tölemek üçin ýanymyzda bolan bäş ýüz ýa-da müň manatlyk teňňäni sürüjiniň gapdalyndaky kagyz gaba oklarysda, ol ýerde galanja pullardan gaýtargymyzy almak isläris. Emma ol ýere toplanan pullary sürüjiniň öz ýanynda ýygşyryp goýup, iki-üç sany elliligi göz üçin taşlandygyny bilip dursagam, gaýtargyny talap etmän, yzymyza döneris-de «Sadakam bolsun» diýeris. Bazara aýlanyp bolarsyň, satyjynyň ýanynda sanaman alan gaýtargy pul desseleriňi, öýe gelip arkaýynlykda sanap oturansyň. Her desseden 1, 2 ýa-da 3 sany on müň manatlyk kem çykar welin, bir-ä sanaman alanyňa ökünersiň, ertir baryp ýagdaýy mälim etseň edäýesiňem geler welin, «Aý bolýa-da, ähli zady Hudaý bilip durandyr, bu-da sadakam bolsun» diýersiň. Öýde-daşda, ýolda-yzda bir zadyňy ýitirseň, gözläp-gözläp, usurgarsyň, ýadarsyň, zadyňdan aýrylmak käteler janyňdan aýrylmakça görner, ahyry hiç bir uç tapman, lapykeç bolup, tamaňy üzeniňden soň «Hudaýyň özi almak isländir, sadakam bolsun» diýersiň. «Sadaka müň bir belany dep eder» diýilýär. Taňry sadakaçyl adamlary gowy görýär. Aslynda-da niýetiňpäliň düz bolsa, Allanyň halamaýan adamy ýok. Ol hemmä deň garaýar, deň bakýar. Biz günde-günaşa aýdýan sadakalarymyz sebäpli iň eziz adamlar bolup galmaly. Ýöne her bir zadyň şerti, talaby, düzgüni, ýoň bolan ýörelgesi, dessury-däbi, derejesi bar. Sadaka aýtmak başga

zat, sadaka bermek başga zat. Onsoňam Hudaýyň alanyna sadaka diýilýärmi ýa-da özümiziň ilki berenimize. Sürüjiniň gizläp goýan gaýtargylary, bilip we bilmezlikden kem gaplanan pullar, huşsuzlykdan, biperwaýlykdan, gapyllykdan gidirlen we ýitirlen zatlar... sadaka bolup bilýärmikä? Sadaka düşünjesi biziň halkymyzyň arasynda dürlüçe teswirlenýär. Käteler «Hudaý ýoly», «Aýdylanjanly», «Sadaka» sözleriniň üstünde çapraz pikirler döreýär. Her kim öz düşünişine görä, olary aýry-aýry zat edip goýýar. Aslynda-da olaryň barysy bölek-bölek edilen bir jümläniň sözleri: «Hudaýyň ýoluna aýdylan janlyny sadaka bermek». «Sadaka» sözi «tasdyk, tassyk» diýen söz bilen kökdeşdir. Ol «Hudaýa beren sözüňi tassyklamak» diýen ýaly zat bolýar. Şu sözdenem görnüşi ýaly, sadaka üçin öňünden niýet etmek şert bolup durýar. Emma biz gowuşmak umydy gaçaňkyrlan zatlary, tapyljak tamasy ýiteňkirlän zatlary Hudaýyň ýoluna sadaka aýdýarys. Özümiz beremzok, emma talap edip bilmedik, tapyp bilmedik hakly zadymyzy «sadaka» diýip goýberýäris. Tapsak welin.., «Hudaýa şükür, nesibämiz aýrylyşmandyr» diýip, begene-begene yzyna alýarys. Gadym döwürlerde biz ýaly bir adam bolupdyr. Dogry ol bize garanyňda has akyllydyr, ýöne edýän hereketleri biziňkä çalymdaş bolansoň, özümiz ýaly biri göz öňüňe geläýýär. Ol ýiten-ýitiren zadyny, azaşan malyny her gezek Hudaýyň ýoluna sadaka aýdar eken. Günler aşyp, nesibesi dartyp, ýene-de şol zadyny tapaýsa, gözüni dikip oturan zady alnyna gelen ýaly guwana-guwana garbap alar eken. Ana onsoň bir gün bu bendäniň kazasy dolýar. Perişdeler ony alyp gidip, jennetiň gapysyndan jykladýarlar «Ine, şu jennet» diýip, onuň bäri gyrasyndan bir künjüni görkezýärler. Ol adam jennetiň gyrasyny görenine monça bolýar, tamakinlik bilen aňyrlaryna göz aýlaýar. Şol pursat perişdeler ony dowzaha süýräp başlaýarlar. Ol bende rejäniň gowy däldigini duýýar. «Saklanyň, meni nirä alyp barýaňyz? Men Hudaýyň ýoluna günde-günaşa

sadaka aýdýardym. Heý şolaryň sogaby bilen jennetiň töründen orun tapyp bilmerinmi?» diýip soraýar. Perişdeler oňa: «Hawa, sen öz ýitiren zadyňy, iýdiren hakyňy Hudaýyň ýoluna sadaka aýdýardyň. Soňam, tapan wagtyň ony yzyna alýardyň. Entegem Allatagala saňa geçirimlilik etdi. Şoňa görä-de biz aýdan sadakalaryň üçin-ä jennetiň gapysyndan jyklatdyk, soňra olary yzyna alandygyň üçin hem, seni yzyňa-dowzaha alyp barýarys» diýipdirler. Sadaka üçin kesilen malyň gaýdyp direlmeýşi ýaly, sadaka diýip aýdan zadyňyzy, soň tapaýanyňyzda hem, yzyna alman, mätäje-pukara ýa-da zerurlygy bolana sadaka bermek dürsdür. Ýokarda ýatlanylan ýagdaýlar, öz hakyňy talap edip bilmezlik bolsa sadaka däl-de isripdir. Isrip bereketiň ýoguna ýanýan närsedir. Onsoňam ol geleňsizlikler, «geçirimlilikler», «ýüregiň awamaklyk», «sebäpsiz tarhandökerlik» ýaly häsiýetler käbir adamlarda haram kesbe bolan batyl ynanjy berkidýär. «Ili aldap bolýar» diýen pikir bilen, nebsiniň yzynda şeýtana şägirt, hannasa halypa bolup geziberýär. Ýöne «Il» diýen sözüň «Alla» diýen manysy hem bar. Haky we halky aldamaga synanyşmak öz daşyňa kerep aýlamakdyr. Öz kerebine çolaşmaýan ýeke-täk jandar bolsa ol möýdür. Beýle ukyp adama bagyş edilmändir. Onsoňäm baýlykdyr, abraýy galplyk bilen gazanmak süýde suw garyp satmaga meňzeýär. Öňem biri şeýde-şeýde baýan eken. Ýöne bir gün ullakan sil gelipdir-de ýaňkyň ähli emlägini, malynyjaýyny ýuwdup-ýalmap gidipdir.

Jemgyýet uly zat. Ýalňyşlygyny ýüzüne basmasaň, toba gelmeýänler, hatasyny ýaňzytmasaň, hakykaty gözlemeýänler, çökder günäsiniň jezasyny çekdirmeseň, özüni düzlemeýänler bar. Üstesine-de bu aglaba köpçülik bilen iş salyşýan adamlarda şeýle.

Biziň her bir hereketimiz jemgyýetçilik terbiýesiniň bir şahasy, özbolușly sapagy. Özgeleriň ýalňyşmagyna görnetin sebäp döredýän bolsak,

ol biziňem hatamyz. Özgeleri azaşmaga bilniksiz iterýän bolsak, ol biziňem günämiz. Ol hat-da Hudaýyň beren akyl-huşuny hem ýerliksiz ulandygymyz – isrip etdigimiz bolýar. Islendik ugurda, islendik ýerde, ähli ýaşda we ähli ýagdaýda özgeleriň säwlige uçramagyna sebäp bolmalyň. Iň bolmanda özümiziň dogry hereketlerimiz bilen nusga bolmaga çalşalyň. Onsoňam, hak ýola ündemegiň pazylaty sadakanyň sogabyndan üstün bolmasa, egsik däldir.

15

# Bolmalysy şeýle

Men bu ýazgymy „Bir bar eken, bir ýok eken” diýip başlamadym, sebäbi bu erteki däl. Bu zatlary okamak we aňlamak, görmek we düşünmek üçin, taryhyň jümmüşine girmekligiň zerurlygy ýok. Olar şu gündelik durmuşymyzda-da häli-şindi gabat gelip dur. Haçan gelendigine garamazdan, biziň bilen deň ýöreýän, deňimizden ötüp gidýän we yza galýan adamlar her birimizi oýlanmaga, netije çykarmaga mejbur edýär. Käbirleri alňasap barşyna derrew Käbä ýeterli görünýär. Kimseler bar, bolşundan sapak almaly, duşundan pyşdyl ozup geçse-de, piňine däl. Ýöne her kim iýmeli we içmeli, gezmeli we görmeli, maňzyňa batmasa, ýüzüňi sowmaly, sulhuň alsa söýmeli. Maksatlar – dürli-dürli, bähbitler – biri-birine çapraz, menziller – uzyn-gysga bolsa-da, ýük ýazdyrylýan ahyrky düşelge bir. Ählimiz öňe ýöremeli. Ýöne bu ýollarda dal bedewiň menzilini çybyk at bilen geçip bolanok. Halalyň hakyny aldap alyp bolanok. Işiň biterini bilmek üçin, bu gün ýasama ýylgyrsaň-da, ertesi gün ýürekden gülmäge ynsabyň gurbaty çatanok. Her niýetiň, amalyň hasaby bar, her meseläniň üýtgeşigem bolsa, bir kada sygýan çözlüşi bolýar. Soňy näbelli „iks” bilen gutarýan mesele ýok. Ýaşaýşyň ýazylmadyk kanuny gyly deň ikä bölýän gylyç ýaly, ähli zady ahyrsoňunda çürt-kesik edýär. Üstesine, dagy gobsundyrýan güýjüň bolsa-da, ol düzgüni üýtgedip bolanok. Petekesine bir däne düşende, garny gabarýan guşlar bolýar, olar ahyry uçmakdan galýarlar.

Şir şagala şärik bolsa, basym öz häsiýetini ýitirýär, şamlygyny il awuna ýuwdunyp, agzyna göz dikip almaly bolýar. Owurdyna bir damja degende, özüni ýitirýän, serhoş bolýan başlar bar, olar ahyry akyllaryny aldyrýarlar. Näme üçin diýýäňizmi? Bolmalysy şeýle. Öz çägiňden çyksaň, özlügiň, erkinligiň elden gidýär, soňra nebsiň seni nirä çekýändigi belli däl. Nesibe-de nebsiň yzynda hallan atyp gezibérýär. Diňe bar zadyňy ýitireniňden soň, hopukdyryjy düýşden oýanan ýaly özüňe gelýäň, aýňalýaň. Ýene-de haýpy gelýän, nebsi agyrýan ilgünüň, düýn ýüz bermedigem bolsaň, bu gün seniň ýüzüňi alanoklar. Halal işleseň, herki zadyň hasabyndan howp etmeseň hem bolar, ýöne ýagdaýyň bolubam, iliň derdine ýaramasaň, kömek etmeseň, görjegiň Eýýubyň gününden eýgilik bolmaz. Töweregimizdäki her bir adam şu jemgyýetiň synasy. Kenarda duranlar gark bolup barýana öz ellerini uzatmasalar, öňden ýöreýänler ýeňsedäkileriň ellerinden tutmasalar, bir säwlik bilen büdränleriň goltugyndan galdyrmasalar, özlerinden bitýän ýagşylygy etmeseler, gözümiziň alnynda, aramyzda galýan uly böwşeňligiň aňyrsynda ýa kişiniň alyna, ýa-da öz päline, säwligine we lapykeçligine giriftar bolýan adamlary juda köp görýäris. Olary iň bolmanda, söz bilen ýola salmagam, garysyna galýança, goltgy bolmagam pes iş däl.

Ýaşaýyşdan söhbet açylanda, halal we haram, sogap we günä hakda gürrüň gozgalanda öz gözümiz bilen görýän, gulagymyz bilen eşidýän zatlarymyz haýyr işe höwesiňi artdyryp, şer işden serpikmäge, toba etmäge iterýär...

...Adamlaryň zähmetini ulanyp, olary aldap-ogşap söwda çekýän, emma bolmalysyndan örän az hak berip, başyndan sowýan bir zenan hakda gürrüň berdiler. Ol baýapdyr. Söwdasynyň gerimini giňeldişine, ilden çetleşip başlapdyr (belki, ile sygan däldir). Işi juda köp bolmaly,

soňa baka berlen salamy almaga-da wagty bolmandyr. Köne külbesiniň ornuna köşk ýaly jaý dikeldip, daşyna bişen kerpiçden haýat aýlapdyr. Her burçunda garawul goýmasa-da, bar zady surata alýan kameralary oturdypdyr. Bilmedim, bu baýlygyň we baýymsyramaklygyň näçe wagt dowam edenini. Günleriň birinde özi öýde ýok mahaly ojagyndan uçran ýalyn howludaky ähli zady – köşk ýaly jaýy we içi doly baýlygy gara köýük edip taşlapdyr. „Baý aýal" öňküje gününem tapmandyr. Gugaryp galan howluda towuga ýükläre-de zat galmandyr. Ýene-de nebsi agyrýan, dadyňa ýetişýän goňşy-golamyň, iliň-günüň. Her kim teselli berýär, elinden gelen ýardamyny edýär, ýöne daşyna çykarmasa-da, içinden aýdýan bir sözi bar: „Edýäniň şol bolsa, bolmalysy hem şeýle...".

Adamlaryň aglabasy ejizlän çagy, aladalary basmarlan pursaty özüni ýitirýär, kim näme diýse ynanýar, uzakdanam bolsa bir umydyň, çetinem bolsa, bir çykalganyň bardygyny aňýança ynjalmaýar, köşeşmeýär, göwnüne aram, köňlüne karar tapmaýar. Şonuň ýaly pursatlarda, adamlar Allany we özlerini unudyp, palçydyr bilgiçleriň, mollad yr münejjimleriň, porhanlaryň bosagasyndan ätleýärler. Hamala, asmandan inýän perişdeler diňe şolaryň öýüne sowulýan ýaly. Öňki sowet döwründe GAI işgärlerine ýanap, degişme äheňinde aýdylýan bir söz bardy: "Ala taýak Alladan güýçli" diýip. Indi bu döwrüň molla muşdaklary ol sözi "Ala doga Alladan güýçli" diýip özgerdipdirler, ýogsam olaryň ählisi hem kimiň kimden rüstemdigini bilmän duranoklar. Dünýäniň düzlemedigini, Allanyň oňlamadygyny hiç kim dogry ýola salyp bilenok. Palçydyr bilgiçleriň, molladyr tersokanlaryň arasynda ýaman pälli, azgyn hyýally adamlar hem ýok däl. Olar adamsyny aýalyndan, çagany enesinden, akylly ýigidi öýünden, edepli gyzy haýasyndan aýyrmak üçin gara nebislerine uýup, müň dürli tilsimdir doga-jady bilen ne bir abat ojaklary ýumurmaga synanyşýarlar. Şeýle tersokan-

laryň biri hakda gürrüň berdiler. Her zada hasap bardygyny diňe şonuň durmuşyndan ybrat alybam biläýmeli: orta ýaşdan agyberende aýaly taşlap gitdi. Çagalaraynyň agzy hapalanyp, ýaş wagty Hudaý tutdy, öz ojagy dargady... beterinden saklasyn! Şunuň ýaly zatlary eşidenlerinde, adamlar özleri müýnli ýaly ýakasyna tüýkürýärler, toba edýärler, ýöne daşlaryna çykarmasalar-da, içlerinden aýdýan bir sözleri bar: „Edýäniň şol bolsa, bolmalysy hem şeýle...”.

Bazarda terezini kem çekip bermek, söwdada görnetin aldap, ili çürkemek, deýýuslyk ýa-da jemgyýete howp salýan islendik ýaramaz hereket, hökman hasabyny, azabyny görkezýär. Janly-jemende, il-gün daşyndan aýtmasa-da, içinden pyşyrdap galýar: „Edýäniň şol bolsa, bolmalysy hem şeýle...”.

Arada dost oglanlarymyzyň biri uzak aralyga gitmek üçin taksa münüpdir. Ulagyň yzky salonynda bir maýyp biçäre oturan eken. Ýolüsti söhbetdeşlikden soňra, dostumyň ol biçärä nebsi agyrypdyr, dermanyna kömek diýip, ýanynda bar bolan pullarynyň ählisini diýen ýaly oňa beripdir. Ak ýüreginden beripdir. Heý-de, keremi joşgunly Allatagala ýagşylyk edýän bendelerini ýadyndan çykararmy?! Haýran galaýmaly hakykat, hut şol günüň ertesi ol başga bir ýerde uly sylaga eýe boldy. Ol-a ýagşylygyny ýatlap ýörenok, bizem aýdylaýmaly zady aýdamzok: “Edýäniň şol bolsa, bolmalysy hem şeýle...”.

Bazarda söwda edýänleriň birini tanaýaryn. Her gün ir bilen söwdagärleriň özara dilleşip baha goýýan çagynda, ol hakyky ykdysady ölçeglere görä (ýogsam onuň bu ugurdan sowady hem ýok), diňe zähmetiniň azabyny goşup, arzan bahadan harydyny ýerleýär. Beýlekiler tereziniň agram daşyna agyrlyk berýän wagtynda, ol çekip beren zadyna bir goşawuç halallyk hakyny guýýar. Ýanynda oňa gyýa göz bilen garaýanlaram, hüňürdäp, aňyrsyny bakýanlaram bar. Hudaý her kimiň

rysgyny ýetirip dur: arzan bahalyňky hem alynýar, gymmat satýanyňkam geçýär, ýöne olaryň gazanjyndaky bereket deň däl. Halalyň ojagynda agzybirlik höküm sürýär, iýjegini-içjegini Hudaý ýetirip dur, zada zar, minnetlä mätäç edenok, tüweleme, çagalary aňly-düşünjeli, edenli, hereketli, il ýumşuna ýarap, sogap gazanyp ýörler. Heý-de şundan belent bagt barmy? Onsoň biz neneň dillenmäli: “Edýäniň şol bolsa, bolmalysy hem şeýle ahyry...”.

Ýetime hossar bolmak, naçara goldaw bermek, ýol çekmek, köpri gurmak, terezini dogry ölçemek, iliň hakyny iýmezlik, jemgyýeti aňly-düşünjeli edip bilmek... sogaby uludan ýazylýan amallar. Halal gazanylan baýlygyň barha berekedi artýar.

Şunuň ýaly durmuşy kyssalary, mysallary näçe aýtsaň aýdybermeli. Aýdara zat kän. Bularyň her biri ybrat!

Gadym döwürde akyldarlaryň biri açyk we arassa howaly günleriň birinde, ýaňy düşünjä berlip başlan körpesini ýanyna alyp, şäherden daşlaşypdyr. Olar iki gyrasy belent daglar bilen gurşalan çuň we giň jülgäniň içinden ýöräberipdirler. Atasynyň yzyna eýerip barýan körpeje çaga birden bir daşa büdräpdir-de: “Ah-h” diýip seslenipdir. Şol wagt jülgäniň beýle gyrasyndan hem kimdir biri “Ah-h” diýip, seslenen ýaly bolupdyr. Oglanjyk muňa geň galypdyr, agyrysyny unudypdyr: “Sen kim?” diýip seslenipdir. Bir haýukdan “Sen kim?” diýen ses eşdilipdir. Oglanjygyň muňa gahary gelipdir: “Men senden soraýaryn: “Sen kim?” diýip...”. Aňyrdaky hem edil şonuň ýaly gaýtargy beripdir: “Men senden soraýaryn: “Sen kim?” diýip...”. Oglanjyk gara çyny bilen gaharyna berlipdir: “Sen gorkak!!!”. Dagy nätsin, aňyrdaky diňe şony gaýtalaýar ahyry: “Sen gorkak!!!”. Oglanjyk näderini bilmändir, atasyna gysmyljyrap, ondan kömek hantama bolupdyr. Bu zatlary keseden synlap duran atasy oglunyň başyny sypalapdyr, oňa özüňi nähili alyp bar-

malydygyny öwredipdir, diňlemegi, üns bermegi, pugta bellemegi tabşyrypdyr. Soňra atasy mylaýym sesi bilen: “Men seni sylaýaryn” diýipdir. Aňyrdan hem şol ses eşidilipdir: “Men seni sylaýaryn”. Oglanjyk onuň hörpüniň üýtgänine geň galypdyr. Atasy yşarat bilen entek sesini çykarmazlygy tabşyrypdyr. Soňra: “Gör, sen nähili ajaýyp!” diýip batly gygyrypdyr. Aňyrdaky hem edil şol joşgun bilen “Gör, sen nähili ajaýyp!” diýip seslenipdir. Oglanjyk bu hadysa haýran galypdyr. Gözlerini tegeläp, atasyna seredipdir, bu zadyň syryny düşündirmegi sorapdyr. Atasy: “Eý oglum, fizika ylmynda muňa „ýaň” diýilýär. Aslynda welin, ol biziň durmuşymyzdyr... Näme berseň, hut şony gaýtaryp berýän durmuşdyr... Hawa oglum, durmuş amallaryň aýnasy, sözleriň seslenmesi we ýaňydyr. Durmuşa näme berseň, ol hem saňa şony gaýtaryp berýändir” diýipdir.

Durmuş kanunlarynyň hem ýazylan ýeri bar bolmagy mümkin, ýöne özümiz okap görmesek, ýok ýaly görýäris. Bu-da şu durmuşyň, ýaşaýşyň kanuny, ony üýtgedip bolanok: görkezeniňi görmeli, bereniňi almaly, getireniňi götermeli...

Her bir işiň we amalyň, sözüň we hereketiň ahyrsoňunda nähili netije bilen gutarýandygyny, „şeýtsek, soňundan şeýle bolýandygyny” bilýänem bolsak, biz näme üçin, ýene-de şol maňza batnyksyz hereketleri gaýtalaýarys. Hamala bu düzgünler bize degişli däl ýaly, özümizi adatdan daşary adam ýaly duýýarys. Ýogsam ählimiziň aňrymyz Adam ata baryp direýär, ählimiz – Allanyň ýaradan birmeňzeş bendesi, Darwiniň aýdýan maýmyndan azan kowumy Zülkarneýniň bendiniň aňyrsynda galan bolsa bilmedim, ýöne bu jelegaýlarda-ha beýle adamlar ýok. Bir tarapdan-a düşnüksiz durmuş, beýleki tarapdan bolsa entek oýnalmanka, netijesi mälim oýun.

Durmuş – edil kompýuterdäki oýun ýaly. Kompýuterdäki oýun öň düzülen programma boýunça hereket edýär. Utmak üçin, maksada ýetmek üçin, ondan baryp görýäň, mundan baryp görýäň. Ahyry ýoluny tapsaň, maksada ýetýäň, utýaň. Ýalňyşsaň, ýeňlişe uçraýaň, heläk bolýaň. Käbir oýunlarda bolsa deňligi teklip edip bolanok, ýa almaly, ýa galmaly. Durmuşam edil şonuň ýaly, adamlar öň ýazylan ýazgyt boýunça hereket edýärler. Maksada ýetmek üçin çalyşýrlar, jan edýärler, ýol gözleýärler..., ýöne durmuş oýny bilen kompýuterdäki oýunlaryň arasynda bir tapawut bar: utsaňam, utulsaňam, bagtyňy ýene bir gezek synap görmek üçin, kompýuterdäki oýunlary gaýtadan hem oýnap bolýar, durmuşda welin, bary-ýogy bir gezek oýnamaly... bary-ýogy bir gezek...

16

# Iman ýitgisi

Adamyň durmuşda howatyr edýän zatlary az däl. Aglaba-da, aňymyzy gurşan ýerliksiz gorkular gök arçanyň degresindäki çyralardan hem has gür ýerleşýär. Şol gorkularyň biri nämedir bir zadyňy ýitirmeklik gorkusydyr. Kim ýakynyny-ýaranyny, kim hemrasynyhalanyny, kim wezipesini, kim abraýyny-şöhratyny, kim ukybynyhünärini, baýlygyny-baryny ýitirerin öýdüp gorka gaplanýar. Bularyň haýsy biri ýitende, oňa bolan söýgüňe görä, yzasyny örän ýiti duýýarsyň. Bolmasa takdyryň üýtgewsizligini, ahyry bolaýmaly zadyň hökman bolýandygyny käteler öz ýanymyzdan boýun hem alýarys. Ýöne welin şol pikirleriň kerebine çolaşyp, ähmiýet berilmeli zada biparh garasak, unudylmaly zady daşa öwrülip barýan ýüregimize ýazsak, ol galagolply duýgulardan saplanyp biljekligimiz gümana.

Umuman ýitgileriň gowusy ýok. Didardan doýma ýok. Halys ili bizar etmese, ýüregine düşmese, müň ýaşasa-da adam pahyry ýitiresiň gelenok. Dost-jora meselesinde, ilkä ony tapmak kyn, tapaňsoň ýitirmeklik juda kyn. Ýöne wezipe, abraý-şöhrat neselesine welin, edil dostuňhemraň ýaly bagryňy badaşdyrmak hökman dälmikä diýýärin. «Wezipe» sözi «borç» diýmekligi aňladýar. Ol halkyň, edara we hojalyk işgärleriniň ykbalyna dahylly zady oňararsyň, has ugrukdyrarsyň diýlip, üstüňe ýüklenilýän ynam. Ol ýerde-de kürsi bardyr welin, ýöne ol Süleýmanyň kürsüsi däldir. Özüňe degişli ýer bardyr welin, ýöne ol

seniň mülk ýeriň däldir. Ol saňa ynanylan borjy göwnüňe ýa nebsiňe görä däl-de, kanuna görä alyp barmak üçin berilýär. Işiňi dogry alyp barsaň, bir ýerde butnamazlyk edähedini ýok edip, barha kämillige ymtylsaň, özgeleri özüňden ileri tutup, eý görseň, mynasyby öňe çykaryp, özüňe şägirt taýýarlap bilseň, başga-da nähili başarnygyň bar bolsa ilgünüň hatyrasyna orta goýup bilseň – wezipäňi ýitiresiň ýok. Wezipesiz bolaýanyňda hem, il içindäki derejäň, mertebäň üýtgewsiz galar. Iliň ynamy bolsa Allanyň ynamydyr. Ukyp-hünär, başarnyk meselesi hakda aýtsak, bulary gün geldigiçe kämilleşdirmeseň, öz üstüňde işlemeseň, öňki bilýäniň ýitip gitmese-de, öňe ymtylyp bilmersiň. Çünki ylymbilim dünýäsi bu wagt ýyldyrym çaltlygynda ösýär. «Sallançakdan gabra çenli ylym öwrenmeklik» hem ýöne ýere ündelmeýär. Munuň üstesine-de ukyply, zehinli adam öz başarnygyny dürli döredijilikler bilen daşyna çykarmasa, Hudaýyň bereninden ile-güne bermese, onuň süňňi agyr, saly gowşak, göwni gamgyn, sussy pes bolar. Onsoň saglygyňam ýiter, ukybyňam. Abraýyňam bolmaz, adyňam. Ýöne iň agyr ýitgileriň biri imanyňy ýitirmeklik. Imanyň ýanynda wezipe dagyn, Zeminiň ýanyndaky siňekçe-de ýokdur. «Imansyz, imanyny ýuwdan» ada galanyňdan, ýa-da bu at berilmese-de, imanyňy ýuwdanyňdan, ýitireniňden bu dünýäni tutuş ýitireniň oňat. Iman Hudaýa bolan ynamyň. Käbir kynçylyklaryň öňünde ejizläp, Hudaýyň her daýym ýollaýan merhemetinden umyt etmezlik, özüňi betbagt adam hasaplamak imansyzlyk. Allanyň ilkinji nobatda ündän zatlaryna ýüregiňi berip ynanmazlyk imansyzlyk. Şol ynamyň üstüne atanak çekip, ýaşyrynlyk ýa-da ikiýüzlülik bilen hereket etmek, özüňi elýetmez, tapylgysyz adam hökmünde görmek, özüňi örän-örän mekir-mekgar saýmak... imansyzlyk. Adam Allanyň ýanyndadygyny unudyp, özüni arkasyz, howandarsyz duýan çagy lapykeçlige düşýändir. Adam özünden ökdäniň bardygyny unudan çagy diňe telek iş edýändir, ýalňyşýandyr. Daşky

keşbiň, geýnüwiň göze ýaramly bolsa-da, ýüregiňde dowzah közüni alawladyp, şeýtan duzagyny bulaýlasaň, günde bäş wagtyna däl, kyrk wagtyna eglip galsaňam, imanyň ýok ýerinde ne Taňry ýalkar, ne halkyň, ne murtuň-sakalyň goldar. Tahýaňa seredip-ä, takwalygyňa baha berlenok. Gaýta, «al-şerap içip mesirgeýänden gorkma, takwasyrap, dury suw içýänlerden çekin» diýilýär. Imanyňy ýitireniňden soň, nähili adam bolup galýandygyňy, Harut-Marutly kyssada anyk beýan edilýär. Adamlaryň arasyna agzalalyk salyp, dosty ýaryndan, adamsyny aýalyndan aýra salmak isleýänler, her zada sözi ýöreýän jadygöý bolmak isleýänler, Asmanda Aýyň görünmeýän çagynda, ýarygijeler Babyl guýusynyň başyna barýarmyş. Şeýle günleriň birinde goňşusyndan öýkeli bir hatyn, ötegçi gaharyna bäs edip bilmän, şol ýere rowana bolupdyr. Babyl guýusynyň agzyndan başyny sallap, jadygöýligi öwrenmekçidigini aýdypdyr. Perişdeler jadygöýlügiň gowy zat däldigini her näçe ýaňzytsalar-da, ol pälinden gaýtmandyr. Mundan soň perişdeler oňa pylan ýerdäki döwük kersene tüýkürmegi ündäpdirler. Ol bir ýola, iki ýola muňa bogny ysmasa-da, kalbyny eýerlän kejirligiň ugruna, üçünji synanyşykda şol kersene tüýküripdir. Şol wagt onuň gursagyndan bir akja kepderi çykypdyr-da, al-asmana göterlip gidipdir. Ol hatyn Harut-Marudyň ýanyna gelipdir. Ähli zady aýdylşy ýaly ýerine ýetirendigini aýdypdyr. Şonda perişdeler oňa: «Gursagyňdan çykyp giden şol akja kepderi seniň imanyňdy. Imany ýok adam islän haram işini edip biler» diýipdirler we oňa jadygöýlügi öwretmäge başlapdyrlar. Şeýdip, adam suduryny saklasa-da, imanyny ýitiren ol hatyn Harut-Marudyň ýanyndan Äjit-Mäjit bolup çykyp gaýdypdyr.

Imanyny ýitiren adamlaryň bar aladasy özi. Bähbidi gelende Allany unudýan bolsalar, adamy unutmaklaryny geňläbem oturmaly däl. Özüni aklajak bolup, Alladan ýalan ant içýän bolsalar, adamlara töhmet atmaklaryny aýybam görmeli däl. Ýöne her bir pursatda Alladan

diňe gowulygy dilemeli, goramagyny dilemeli diýýärler. Ýagşy zatlaryň hiç biri ýitmäwersin. Imanymyzdan welin asla-da aýyrmasyn.

Durmuş hem gyzykly, hem kyn. Ýöne gyzykly tarapynyň kyn tarapyny basyp bilýändigi üçindir-dä, ýaşaýyş welin süýji. Durmuşdaky iň çylşyrymly zatlaryň biri adamyň daşky keşbiniň içki dünýäni doly açyp bilmeýänliginde. Şonuň üçinem oýnap duran tilki gözler, ýasama gelşik berlen ýüzler ýüregiň matlabyny känbir ýaňzytjagam bolanok, belki ol munuň wezipesi hem däldir. Şonuň üçinem biziň daşky keşbe aldanýan pursatlarymyz az däl. Ýöne Hakda hem-de halkda bir adyl göz bar. Biri görmese, ikinji biri hökman görýär. Taňry ýitgileriň öwezini teselli bilen, sabryňa sogap bilen, başga bir has gowy zat bilen ödär. Ýöne iman ýitgisiniň öweziniň barlygy hakynda entek hiç zat eşidemok. Belki iň agyr ýitgi şudur.

17

# Ökündiriýän ötegeçmeler

Her kimiň özboluşly dünýäsi, özüne mahsus dünýägaraýşy bar. Her kim akylyna görä gürleýär we akylyna görä amal edýär. Ähli kişini bir galyba salyp bolanok, çünki adamzadyň barlygy dört sany gapma-garşy elementlerden düzülen. „Dünýäde näçe adam bar bolsa, şonça-da pelsepäniň bardygy" juda köp ýaňzydylan söz. Adamzat daşky keşbi bilen, şahsyýet bolsa garaýyşlary bilen biri-birinden tapawutlanýar. Bu durmuş meýdany, kimiň haýsy kenardan, niçiksi häsiýet bilen bärik aşany belli däl, kimseler gökden düşen perişde ýaly, kimseler ýerden çykan agras adam ýaly görünýär. Häsiýetiň alyşmasa-da, nesibäň galtaşýan nokatlaryna görä, olar bilen käteler menzilläp, käteler ýolugra ýöremeli bolýaň.

Terbiýesine görä, itiň özüni alyp barşy käbir adamlaryňkydan oňat hem bolsa, mertebesine görä, adamyň hormaty ähli mahlukatdan, janly-jandardan, peridir-perişdeden eýdir, ezizdir. Ýyly sözdür-söýgä, mähirdir-muhabbete mätäç göwünleri hoş sözden aç goýýan pursatlarymyz az däl. Biz beýleki zatlara garanymyzda ýene-de öz ýakynlarymyzyň, dost-ýarlarymyzyň – adamlaryň göwnüne kän degýäris. Bilgeşländen we bilmezlikden, gönüläp we ýanap, käteler bir söz bilen, käteler müň kyssa otarlyp aýdylýan sözlerde kinaýa ýokundysy, ýaňsy tagamy, öýke duzy agdyklyk ediberse, kimdir biriniň göwni ýykylýar, ynam Käbesi çat açýar. Onsoň ol göwni seýiklemek kyn düşýär.

Üstesine, köp wagt geçmänkä, haklydygyňa garamazdan, öteräk daran ýerleriň ýadyňa düşende, örtendirip alýar.

Çaga kejirligne ýugrulan ýyllarymyzda, ata-enelerimiziň, dogan-jigilerimiziň göwnüne degendiris. Indi yzyna dolap bolmajak pursatlary ýatlap, oýa batýarsyň. Betlikdir, bezzatlyk çaga dünýäsiniň özboluşly bezegi hem bolup biler. Men oňa şol garaýşym boýunça akylsyzlyk diýip biljek däl. Ýöne özümize bähbitli bolan sähel zat üçin kimdir biriniň göwnüne degmek uly hata. Şol wagtlar içimi boşadyp bilsem, nägileligimi ýaňzydyp bilsem, men özümi hem hakly, hem bagtly saýýardym. Hiç kimiň meniň göwnümi ýykmaga, ýok diýmäge haky ýok ýalydy, ýogsam, az salymdan soň başga güýmenjelere ulaşyp, ýaňky kineler ýatdan çykýaram welin, şol wakalaryň aňda galdyran täsiri durmuşyň dürli döwürlerinde birdenkä hyýalyňda janlanyp, süňňüňi elendirýär. Hat-da ol akylsyzlyk bilen amal edilen çaga kejirligi hem bolaýsyn, barybir ulalaňda ökünje goýýar.

Ondan bäri ýyllar aşyp gitdi. Okalan kitaplaram, iýlen çöreklerem, görlen zatlaram az däl. Ýöne barybir käteler degşen bolup, çynaberimsiz gülen bolup, käteler bolsa hakykatdanam «arymyzy» köýdürmezlik üçin, adamlaryň göwnüne şeýle bir degýäris welin, munça ýyllaryň netijesi bizi terbiýeläp bilmedik bolsa, onda durmuşyň manysyny başga ýerden gözlemegiň manysyz bir zatdygyna ynanasyň gelip dur. Biz entegem göwnedegilmeler äleminde ýaşaýarys.

Her kimiň maksady, matlaby-hyýaly bolýar. Rowaçlyk miýesser etse, işler ugrukýar. Ýagşy zada sebäp bolan adamlary ýürege ýakyn tutýarys, köp wagt geçmänkä unudýarys. Sähel säwlige uçradan biri sataşaýsa, ýakasyndan ebşitläp tutýarys, hiç wagt unutmaýarys. Birden möwjeýän gahary saklap bilmän, ýarak itden ýowuz darap, özümizden ulularyň we kiçileriň ýüzüni alýarys, emma olaryň öňünde borjumyzyň

bardygyny ýadymyza salmaýarys. Hakyň bar ýerinde borjuň hem bardygyny unutmaly däl. Ýa-da kimdir biriniň sözi seniň pikiriňe laýyk gelmese, onuň dünýäsine atanak çekmek ýalňyşlykdyr, sözüni süzseň, gaýmagyny görüp boljak manylardan ýüz öwürmek köp zatlary ýitirmegimize getirýär. Göwnüňe ýakmaýan her bir zat seniň üçin nädogry bolup görünmegi mümkin, ýöne seniň pikiriňem durmuşyň kanuny däl, ýagdaýa görä özgertmäni, zerur bolsa, pikiriňden dänmäni başarmaly. Salgym suw bolup görünse-de ol hiç haçan suwa öwrülmeýär ahyry.

Şahsy bähbitler ileri tutulanda älemde ýok pelsepäni, adamda ýok duýgyny toslap tapmaly bolýar. Ähli zady öz göwnümize sazlamak isleýäris, ýöne özgeleriň islegi, göwni hakda az pikir edýäris. Olaryňam edil özümiz ýaly adamdygyny, biziňki ýaly akyl, duýgy bilen gurşalandygyny görmezlige, bilmezlige çalyşýarys.

Gahar-gazabymyzy, öýke-kinämizi bir pursatlyk saklap bilsek, ünsümizi gowy zatlara sowup bilsek, köräp duran ol uçgunlar kem-kemden haýallaýar, zannyň halys ýamanlyga eýlenmedik bolsa, ýatdan çykýar gidýär. Artykmaç ökünje, ahmyra goýanok. Sebäpli we sebäpsiz ýere adamyň göwnüni ýykmak, ýüzüni almak, azgyrylmak endikden edähede öwrülýär, gylykdan gana geçýär. Soňra sähel zat üçinem kimdir birine ajymyzy pürkesimiz gelýär durýar. Oturýaň, oýlanýaň, geçirimlilik, bagyşlap bilmeklik, sähel säwlige göz ýummaklyk, özgäniň aýbyna göz aýlamazlyk ýaly häsiýetleri özünde jemlän adamlar juda bagtly bolmaly. Özgeleriň pikirini, duýgusyny, mertebesini sylap bilýän adam juda aýdyň garaýyşly bolmaly. Durmuşda bir näsazlyk bolup-durmy, belki soňy bähbide çeker, görgüliň öz müýni gözündedir welin, içimize ýygnanan gahar-gazaby ýene-de üstünden eňterip galýarys. Ýa-da kähalatlarda çynaberimsiz degişmede juda öte geçip, aýada apalanmaly adamlaryň göwnüne sowuklyk salýarys. Ähli gowy zatlary özüňki

etjek bolmak, ugrukmadyk işiň üçin ýazgydy unudyp, ýazygy kesekä ýüklemek köp babatda nähak garalmalara, göwne degmelere, öte geçmelere ýol açýar. Gyjalat ýa-da teýene bilen adamyň ýüregine ýara salmakdan, hat-da müýnli bolsa-da, onuň ýüzüni gyzardyp, lezzet almakdan gaça durmaly. Käteler däl, köplenç, seýrek däl, ýygy-ýygydan göwnümize ýakmaýan bir zat diýene duzluja sözi suňşuryp bilsek, bu babatda beýlekileri şeýdip „haýran galdyryp bilsek” monça bolýarys. Diýip-diýip içiňi sowadarsyň, utýan zadyň näme, öz ýüregiňi ynjaltmak üçin başga bir göwni ýykmakda näme haýyr bar? Magtymgulynyň:

„Bu sözi diýmesem zybanym gijär,

Öz göwnüň goýmasaň dost göwni ynjar”

diýip aýdyşy ýaly, her bir halda özümize basalyk berip, özgeleriň göwnüne degmekden ägä bolmaly. Onuň ýazyklydygyna, biziň haklydygymyza garamazdan käýinçde-teýenede öteräk geçmek nädogrudyr, hat-da zalyma edilýän gargyş yzyna gaýdýan däldirem welin, şonda-da onuň zulmundan artygrak gargalmagy, öz başyňa towky salýandyr. Çäkden çykan her bir zat asyl durkunyň tersine öwrülýändir. Göwnedegmelerem edil şonuň ýaly, ahyry bir gün ökünje gaplaýar.

Haklaşygy kyýamata galýan zatlar örän az, bolaýanda hem bu dünýäde hakujy hasabyny almaýan ýok: Ruhy-ynsap taýdan örtenmeler, öňüň gelip, ahyryň gelmezligi... Aramyzda gezip ýören adamlardan öte geçendigimiz üçin ötünç sorap bileris, ýene bir ýükümizi ýeňlederis, emma aramyzdan giden adamlar babatda bize bu mümkinçiligem ýok. Şonuň üçin adam pahyryň dirikä gadyryny bilmäge dyrjaşmaly, göwnüni ýykmaga däl-de, göwnüni götermäge çalyşmaly. Öňem biriniň aýdyşy ýaly „Bu dünýä düşünmek juda kyn, dirikäň aýak astyna aljaklar, depgilejekler, öleňsoň, egnine göterip äkitjekler, bu-da adama edip bilýän iň soňky hormatymyz bolmaly”.

Göwnedegmelere ýol açýan sebäpleriň biri öz bähbidiňi eý görmek, gaharyňa berilmek. Emma her kimiň özboluşly dünýäsine düşünmegi başarsak, hiç kimiň göwni ýykylmaz. Göwün käbeleri abat saklanar. Degişeliň, ýöne birek-biregiň göwnüne degişmäliň. Göwnedegmeler haçandyr bir wagt hökman ökündirýändir.

18

# Ol adamdy...

Ol jägildäp dünýä indi. Adaty maşyn bilen öýe geldi. Ol döwürde täze bäbek getirlende maşyn bezemek edähedi ýokdy. Her kim uzak ömür, döwletlilik, bagt diläp ony ýüzüne syldy. At dakylmazyndan owal “birenaýy çagajyk, pişik çaga ýalyjak-da” diýip at dakyp galdylar.

Käteler gijelerine, käteler gündizlerine ukusyna gatyşyp, ýatyp bilmän, çyrlap aglady. “Näme bolýarka muňa, ýüregiňi dilip barýar, çyrlap aglaýşyna sered-ä, çekreýän guzy ýaly” diýdiler.

Soňra aýlar geçdi, eljagazlary bilen ýeri özüne çekip, öňe süýşmegi öwrendi. Her kim guwanyp, “Süýşenäklep gelşine seret, gurçuk ýalyjak-da” diýdiler.

Soňra emedekläp başlady. “Serediň, gaplaňjyk gelýär” diýşip, begenişip synladylar.

Soňra durjan-durjan bolup, diwara ýapyşyp, özi dikelmäge başlady. “Tüweleme, ana indi goçak oglan bolupdyr, ýolbars ýaly-da”diýdiler.

Soňra dil bitip başlady. Dürli seslere öýkünmegi öwrendi. “Garga ýalyjak bolup, gagyldap otyr-da” diýdiler.

Soňra dil bitdi. Sözlükde bar sözlerden eşdenini aýtdy, diňlänini ýaňzytdy. Belki indi soranjaňlygy bilen ýürege düşüp başlandyr-da

“Eňegine jaň dakylan geçi”, “Şuň-a aşy totyguşyň dilinden saýlanan ýaly” diýişdiler.

Soňra bezzatlyk edip başlady. Oýna gyzygyp, öýe giç gelmegi çykardy. “Sen nä itiň aýagyny iýdiňmi, seňkildäp ýörmän, wagtynda öýe köwlen” diýip käýediler.

Iş buýrulsa, özgelere ýüklänini kem görmedi. Ýerinden gozganasy gelmedi: “Sen näme garrap dogduňmy?  Ýa-da eýýäm ýagyra döndüňmi?” diýdiler. Ýagyr –gurçugyň bir görnüşi. Ol ýöredigi, ýol aşdygy saýy ýadap, gabarasy çişip başlaýar. Ahyrky hetdine ýetende ýöremäge mejaly galmaýar we tä demini dürsäp, öňki katdyna dolanýança, hereket edip bilmeýär.

Soňra aýlar aýlandy, ýyllar ötdi. Orta mekdebi tamamlady. Ýokary bilimli boldy. Eli gaty kagyzly ýaş oglan işe başlady.

Işdeşleriň arasynda oturlyşyk, toý-meýlis boldy. Iýildi, içildi. Içgi adamyň “içki” dünýäsini, syrly dünýäsini, gizlin häsiýetlerini paş edýän şerişde. Edil rowaýatlarda aýdylyşy ýaly boldy. “Şerap içýän adam ýedi hili öwser, çünki üzümiň özi ýedi hili öwüsýändir: ýolbars ýaly ýürekli bolar, aýy ýaly gaýduwysz bolar, babyr ýaly hyýrsyz (gaharjaň) bolar, şagal ýaly lakgy bolar, it ýaly topulagan bolar, tilki ýaly ýaranjaň bolar, horaz ýaly sesi haýbatly bolar ”. Soňra ýene iki häsiýet goşulýar: eşek ýaly aňsyz, doňuz ýaly hapysa bolar. Hut şeýle-de boldy. Birinji bulgurdan soň gany gaýnap, gözi gyzardy. Tilkä aw öwredýän şirdirin öýtmedi, hemmeler oňa “şir, şir” diýdiler. Ikinji bulgur gollaryny galgatdy, aýa öwrüldi. Soňky bulgurlar her häsiýeti goşa-goşadan açyp başlady: biri bir zat diýäýdigi, maňzyna batmasa, yňrandy, herreldi, babyra döndi. Babyr diýildi. Diline ylham inen dek boldy, ýaňrady oturdy, şagal diýdirdi. Soňky bulgurlar beýnä urdy:  it bolup topuldy, it adyny aldy, garaz, içip-içip tilkiligi gazandy, horaz bolup gygyrdy. Soňra özüni

bilmän, aýdýanyna aň etmän eşege öwrüldi, ahyrsoňunda doňuza dönüp, bulaşyp ýatdy. At baryny ödedi.

Şeýdip, onuň durmuşy dowam ediberdi. Öýlendi, öýli-işikli boldy. Ojagyny gysymynda saklady, özi ýene özge ojagyň külüne göz gyzdyrdy. Kanagatsyza, elinde ýok ähli zat owadan we elýetmez görünýär. Gazandygy, gyzygy gaçýar. Şeýdip oňa arkadan, ýaşyryn "Eşek ýaly binamys ekeni" diýdiler.

Soňra ykbal galkdymy ýa ýazgydy gülüp bakdymy, bagty çüwüp, bir ýere başlyk boldy. Özüni tutdy, dürsedi. Göwresi suwdan ganan toprak ýaly ers-mers bolup gitdi. Her kim "Tüweleme şul-a kürsä geçdi-de gabarylyp gitdi, öňki çepiksije oglan döw ýaly boldy" diýişdiler.

Başardygyndan ile-güni ýagşylyk etdi, ýöne öz bähbidini, her nämede bolsa ileri tutdy.  Geregini ýygnady, ile dözmedigini müň bahana duwlap ýygşyrdy. "Pah-pah, ýygna-ýygna, alaka bol-a" diýdirdi.

Soň ýaşy goýalyşdy, akyly durlanmady-da, durugyşdy. Öz üstünde işlemedi, özgermedi, işsiz galdy. Lapy keç, haly teň boldy. Iliň ýüzüne bakarlygy bolmansoň, egnini ýygryp gezdi: "Suwa ezilen towuk ýaly bolup ýör" diýdirdi.

Şeýdip, körpeliginden garrylygyna çenli ony ýüz dürli haýwana meňzetdiler, emma ýa dili büdräp, ýa ýalňyşyp-ýaňylyp oňa "adam" diýen ýekeje biri tapylmady.

Doglanda welin ol adamdy....

# Seniň bagtyň üçin!

**Bagta barýan ýol bar!**

Eý meniň kalbym, erkinlik daňy atandan soň agşamky garabasmaly düýşleri ýatlap, gama batma! Garaşsyzlyk güneşi dogandan soň bagtyň aladasyny endişe etme, gyýylma, bagta barýan ýoly tapyp bilmerin öýdüp göwnüçökgünlige düşme. Ýürekde ynam-iman barka, il deňinde bagtly ýaşamaga jakyýam bardyr, mümkinçiligiňem...

**Biz diri!**

Daş-töweregimizi gurşap alan dünýä durmuşynyň aladasy Eýýubyň tenini iýen gurçuklar ýaly beýnimizi gemrip barýar. Bitmedik hyýallarymyzdan miras galan howatyrlanmalar we sussypeslikler, Dariniň üstüne hüjüm eden Isgenderiň goşuny ýaly başymyzy dik tutmaga maý bermeýär. Emma, müňläp aladalar, gaýgy-gamlar we kösençlikler bizi bu tümlükden halas etjek güýjüň tebigatda bardygy hakdaky ynamy ýüregimizden öçürmändir. Diýmek, biz diri. Diriler bolsa öz ykbaly, öz bagty üçin göreşmäge haklydyrlaram, borçludyrlaram.

**Paýhas gözleriňi aç!**

Seni arassa ýollara we päkize menzillere äkidýän duýgular, durmuşyň ähmiýetsiz we batyl pikirlerine garjaşyberse, ýürekdäki umytlar tükenip barýan şemiň şöhlesi ýaly bir gyrpyldap, bir ýylpyldap başlaýar. Ynsan ölümiň we diriligiň

tapawudyny bilmeýän derejede, ne o dünýä, ne bu dünýä üçin ýaramly göwre bolup galýar. Hernä Hudaýym beýle ýagdaýa duşmakdan sowa goýsun. Ýöne, durmuşdaky göwnüçüklünligiň we ruhy kösençlikleriň barynyň gözbaşy biziň bir ugra gönügip bilmeýänligimizde, ýagşyny-ýamany seljermäge ýaltalyk edýänligimizde, durmuş wakalaryny terse ýorýanlygymyzda we bagtymyz üçin ýeterlik alada etmeýänligimizde. Her kimiň arzuw etmäge haky bar. Ýöne, «Gursakda garratma etsem-petsemiň» diýlişi ýaly, oňa ýeňil ýetýän ýollary tapmak gerek. Ertekilerdäki üç haýwanyň arabany hersi bir ýana dartyşy ýaly, özümize bähbitlidir öýden pikirlerimiziň her biri bizi özüne çekip dur. Ynsan balasy elmydama öz köňlüne ynjalyk gözleýär. Dogry pikiri we döz garaýşy tapmak aňsat däl. Baýdyr öýdüp kakan gapymyz, bahyl bolup çykaýmasyn. Bagtdyr öýdüp saýlanymyz, ertekilerde beýan edilýän aždarha ýaly bolaýmasyn. Gözümiziň şu açyklygynda dünýä durmuşynyň gözelligini görüp bilmesek, özümizden üzgä igenip oturmagyň ýada tebigatdan aýp gözlemegiň hajaty ýok. Biz özümizi kör duýgulardan we batyl gözbaşlardan halas etmeli.

## Pähimlere gulak as!

Ynsan süňňüniň syrly nokady köp. Şol nokatlaryň her biri biziň ruhy ahwalatymyzyň tasir çeşmesidir. Şol duýgy nokatlaryny oýandyrmak bilen biz ukuda ýatan ykbalaymyzy, gapyllykda gezip ýören göwün ýüwürtmelerimizi, haraý isläp halas tapmadyk we öçüp, ýitip barýan

ukyp-zehinlerimizi gaýtadan dikeldip bilýäris. Ynsan tebigatyň özüne bagyş eden ähli ukyp-başarnygyny oýaryp bilse, ol gudrat görkezmäge-de ukyply bolýar. Emma durmuş aladasynyň agdyklygy bizi şeýle ähmiýetli zatlary unutmaga mejbur edýär. Biziň ruhumyz gaflat ukysyndan oýanyp bilmän, irkilmeleriň we ýalan-u çyn düýşleriň arasynda çaýkanyp dur. Oýanmadyk ruh bilen sagdyn durmuşy hasyl etmek we göz öňüne getirilýän bagta ýetmek mümkin däl. Biz ilki bilen öz ruhumyzy bejermeli. Eger durmuşdan çöplän tejribeleriň, okap-öwrenen zatlaryňdan ýadyňda galan oý-pikirler hem-de öz ýüregiň owazy seni şol ukydan oýarardan ejiz bolsa, onda sen ýagşylaryň öwüdine, ruhybelentleriň ündewine, danalaryň wagzyna, akyldarlaryň nesihatyna ýa-da bu ugurdaky kämilligi özünde jemleýän we oýanyşyň ýoluny salgy berýän pähimli sözlere, ylahy kitaba gulak as. Ol SENIŇ BAGTYŇ ÜÇIN ýazylan kitapdyr!

**Bagt kynçylykdan soň geler, çydamly bol!**

Eý meniň kalbym! Sen entegem kösenip gezen köňlüňe ynjalyk gözläp. Şol öňki endigiňe görä hereket edýärsiň. Durmuşdaky her bir bökdençligim sähel şowsuzlygy başa inen musallat hökmünde kabul edýärsiň. Dünýädäki ähli adamlar seniň seniň öňüňi baglajakm saňa badak atjak, päsgel berjek ýaly görünýär. Emma olaryň biz bilen asla işi ýok. Öz aladasy özlerine ýetik.  Men bu kitaby okanymdan soňra, ýürekde dörän duýgularymy, saňa aýdasym gelýän pikirlerimi, çuň deňziň düýbündäki gara daşyň astyndaky döwüň jany ýaly gizläp ýörmegiň akyllylyk dälfdigine göz ýetirdim. Şatlanmagy we şatlyk eçilmegi, «bägül deýin içiňden gül-gunça bolup açylmagy», bu dünýäni we

ykbaly ýylgyryşlar bilen bezemegi ündeýän pähim-paýhasdan püre-pür kitap barka, kösenip gezen köňlüňe ynjalyk gözläp, şol köne endigiňe göra hereket edişiňe haýran galýaryn. Durmuşdaky her bir bökdençligi, sähel şowsuzlygy üstüňe inen apat ýa-da başa düşen musallat hökmünde kabul edýärsiň. Şeýle halatda dünýädäki ähli adamlar seniň öňüňi baglajak, saňa badak atjak, päsgel berjek ýaly görünýär. Özüňi howandarsyz we hossarsyz, dostsuz we ýarsyz duýýarsyň. Göwnüňde öçmän galan kineler gün geldigiçe güýçlenip, was-wasa öwrüler. Sen özüňi şumluk we betbagtlyk üçin ýaradylan adamsyň öýdersiň. Daş-töwerekdäki gözleriň saňa gönügen nuruny saýgarman, her bakyşy, her ýakymy terse ýorarsyň. Şeýde-şeýde kösenersiň. Emma göwne gelen her bir pikir hakykat däl, kalbym! Olaryň biz bilen işi ýok. Her kimiň aladasy özüne etik. Hersi özüniň gün-güzerany üçin gydyrdanyp ýör. Ýöne şeýle adamlar bolaýanda hem, dargursak bolma! Iň bolmanda ýekeje gezek, ýekeje gezek bir şol kitaplary okap gör! Kynçylyklardyr kösençlikleriň diňe seni gurşamandygyna, olary eňip geçip bolýandygyna göz etirersiň. Göreşmäge gaýratyň, gurplanmaga gujuryň artar. Durmuşa we ýaşaýşa bolan höwesiň oýanar. Kynçylyklaryň içinde bukulyp goýlan üstünligi, azabyň aňyrsyndaky şady-horramlygy, zulmat tünündäki dirilik suwuny, dowzahyň aňyrsyndaky jenneti duýarsyň. Şol zatlara etmäge höwes, umyt edersiň. Umyt bolsa ömrüňi uzaldýan närsedir. Ykbalyň duçar eden her ýagdaýyny, beren gününi we hal-ahwalyny diňe ýagşylyga ýormaga endik et. Şonda sen bagtyýarlyk üçin ýaradylan ynsandygyňa göz etirersiň. Kem-käsleriň ýamanlygy ýa-da durmuşyň käbir ýowuzlygy bolsa ene-de seniň bagtyň çüwmegine sebäp bolar.

**Ýagşy işiň başyna bar!**

Eý, meniň kalbym! Seniň bilen ikiçäk galdygym, söhbetdeş boldugym, içiňi döküp başlaýaň. Sen ony dogry edýäň, kalbym. Ýürekde berç baglan pikiriňi ynanýan adamyňa aýdyp, derdiňi paýlaşmasaň, ol diňe özüňe agram salar we ajalsyz ýaradylan gurçuk ýaly bolup, ýüregiňi iýip başlar. Ynjalyk bermeýän şol pikirleriň baslygyp gitmegi seniň süňňüňi we köňlüňi kesellere duçar eder. Eger ynanara adam tapmasaň, giň sähra çyk-da, içiňde baryny daşyňa dök, ýüregiňi gowzat! Şol çykarylan ünjüler bilen birlikde, kimde kinäň bolsa, kitüwiňi hem şol ere zyňyp gaýt. Olaryň ornuna bolsa sähra giňişligini sal. Tebigat ýaly bolmagy, tebigata birikmegi, onuň bilen sazlaşykly ýaşamagy öwren. «Adam tebigata garylyp, tebigat ýaly päk, owadan bolup biler».

Ýadyňa düşýärmi, öň bir gezek «ýüregiň daralanda dünýäniň bu giňligi hiç zat bolup galýar» diýipdiň. Men seniň bu sözleriňi inkär edip biljek däl. Adam göwnüçökgünlige düşüberse, durmuşda bolmajak gorkunç zatlar göze görünýär. Bu esassyz howsala soňlugy bilen waswasa öwrülýär we bolgusyz oý-pikirlere gark bolan adam, durmuşa bolan umydyny ýitirip, näderini bilmeýär. «Yzyma gara düşýär» diýip, göwne getirýär. Göwne getirmek hem gowy zat däl. Şeýdibem, şol «gara» sebäpli köpleriň ýüregi paralanýar. Beýle ýagdaýdan Hudaý saklasyn!

Şeýle göwnüçökgünlige iterýän zatlaryň näme sebäpli döreýändigini bilmesek, onda biz hakykatdanda, suwa gark bolup barýan adamyň haraý isläp, gamyş çöpünden ýapyşyşy ýaly, ýönekeý we netijesiz zatlardan çykalga agtarýandyrys. Ojagaz umyt ynamymyzy ödärden gowşak bolsa, diňe lapykeçlige ýüz urýarys. Emma gijäniň yzyndan gündiziň, gyşyň yzyndan ýazyň gelýändigini ýadymyza salamzok. Her bir kynçylygyň aňyrsynda şowlulygyň basyrnyp ýatandygyny unudýarys. Jennete

etmek üçin dowzahyň üstündäki inçe we ýalaw ýaly ýiti köprüden ötmelidigimiz aňymyza dolanok. Dirilik suwunyň zulmatdadygy hakydamyza gelenok. Biz diňe ýigrimi dört sagatlyk günüň garaňky bölegini görýäris-de, ýagty bölegine ähmiýet beremzok. Bu ahwalat diňe sende ýa mende däl, ruhy mäkäm bekemedik her bir ynsanda ýüze çykýar.

Ykbalyň beren bu gününden, durmuşyň sähel böwedinden we düwüninden ejizläp, hergiz durmuşdan nalamagyň, ýazgytdan zeýrenmegin. Gündelik bolýan wakalar ruhuň ejizlemegine ýol bermesin. Ruhnamada şahyr Enwerä aýdylan sözleri ýatla! Ýazgytdan zeýrenýänleri Hudaý halaýan däldir. Ýazgyda razy bolmazlyk eliňe naýza alyp, Hudaý bilen söweşe çykmakdyr. Beýtseň, ykbal has hem tersine tutar. Ykbalyň içini ýakyp bagtly ýaşap bolmaýar. Diňe onuň bilen ylalaşyp, arkalaşyp ýaşaňda, göwnüňe ynjalyk, köňlüňe teselli, ýüregiňe aram, gursagyňa giňlik taparsyň. Ýazgyda ten berip oturmak hem makul iş däl. Magtymguly atamyzda:

«Nesibä ynanyp, galma amaldan,

Munda amal, taňla saňa ýar olur»

diýen söz bar. Ilki sen işiň başyna bar, ugrukdyrmak ykbal bilen.

## Gury şaha gurçuk münmez.mert bol!

Eý, meniň kalbym! Käteler içiňi dökeňde, göripler hakda dil ýarýaň. «Ile zelelim bolmasa-da, göripdigine gözüm etip dur. Ýanymda ýaranyp, ýat erde gybatymy edýär. Bu zatlary bilemsoň hiç ýüregim çydanok. Alla bilýändir, meniň ýazygym nämekä?» diýipdiň. Beýdip göwnüçökgünlige düşme! Göriplik edýän bolsalar, diýmek sen asylly ýa edeplisiň, akylly ýa ukyplysyň, işeňňir ýa hünärlisiň. Eger göriplik

edýän bolsalar, sen olardan beýiksiň! Hiç kim özünden peslere ýamanlyk etjek bolup, ýüregini agyrdanok. Heý-de, gury şaha gurçuk münermi? Oda ýakyp görmeseň, odunyň ýagşydygyny nädip biljek? Göribiň biri sendäki häsiýetleri äşgär etmese, seniň mertebäňi, gadyryňy kim saklajak? Göripler şeýtmek bilen saňa bolan ýigrenji oýarmakçydyr. Ýöne ykbalyň çözgüdi göribiň diline bagly däl. «Aýdyjy akmak bolsa, diňleýji dana gerek». Magtymguly atamyzyň dür däneli setirlerinde:

«Kesse aklyň ýagşy bilen ýamany,

Her bir söze dolup, daşma ýanyndan»

diýilýär. Ol söze biri ynanar, beýleki ynanar, hak bilen nähagy seljerýän, ak bilen garany aýyl-saýyl edýän, düşünjeli adamlaryň ýüregi, adalat terezisi ýaly, hersini öz tabagyna goýup, kabul eder. Türkmen uny elemän hamyr ýugurmaz, akylly adam bazardan çüýrük sogan satyn almaz. Aňynda akyl üşügi bolan her kimse her eşiden sözüne ynanmaz, ýagşysyny saýlap alar. Hudaý bolsa ýagşylaryň ýüregine swen hakdaky ynanjy salar.

Göripler seniň aýyp we kem eriňi tapyp, üstüňden gülseler gynanma! Olar kemçiligiňi tapyp, seni kämillik ýoluna salarlar.

**Hudaýyň göwni ýetýän zada göwniýetmezçilik etme!**

Men öňräk bolan bir wakany ýatlaýyn. Geýnüwi göze ýakymly, göwni we tumşugy biziň boýumyzdan has belentde bolan biri, Hudaýyň kemis edip ýaradan bendesiniň üstünden gülbi, ýöreýşine

öýkündi. Duralgada duranlar onuň bu bolşuny oňlamasalar-da, hiç kimden ses-seda çykmady. Diňe nägilelik nazaryny ýaňka dikip, nebs-agyryjylyk gözi bilen ol naçary ýola saldylar. Men ol adamyň soňky ykbalyndan habarly boldum. Şondan uzak wagt geçmänkä şol gülýän ýigidiň özi onuňkydan has ejirli güne düşdi. Dünýäde hasapsyz zat ýok ahyry. Hudaý kime nähili keşp beren bolsa, öz göwnüne jaý edip ýaradýar. Hudaýyň göwni etýän zada göwniýetmezçilik etmek günä bolmazmy? Hudaýyň halaýan, söýýän bendesiniň gybatyny etmek, Ýaradana hoş ýakar öýdýärsiňmi? Şonuň üçin, kalbym, onuň ýaly bolgusyz zatlara gyýylyp ýörme, göribim bar diýip gama batma. Görip saňa ýamanlyk etmek bilen, seniň bilgeşländen we bilmezlikden eden ýüzlerçe günäňi özüne çekýär. Hudaý oňa bagyş eden nygmatyny köýdürip, saňa berýär. Göribiň gepi bilen adyňy äleme ýaýýar. Görübiňdir öýdüp güman edýän bolsaň, şonuň ýanynda ruhuňy belent tut, özüňi begençli-dogumly görkez. Seniň ýekeje ýylgyryşyň olary dowzah pduna atýandyr. Seniň şadyýanlygyň olaryň ýüregine Göroglynyň pillerden geçiren peýkamyndan hem zarply sünjüler. Göripler- ellerinden hiç zat gelmeýänm ýöne seniň hesretiňden lezzet alýan päliýamanlardyr. Her kimiň ýanynda şadyýan gez. Göribiň içini ýakjak bolup yhlas etmegin. Seniň gyýylýandygyňy, gaharlanýandygyňy bilse, onuň göhi geler. Her erde, her wagtda ruhuňy belent tut, özüňi begençli, dogumly görkez. Seniň ekeje ýylgyryşyň olaryň dünýäsini saňa bolan mähre öwrer. Ýylgyryşlar bilen sen daş-töweregiňi we seni gurşan ruhy älemi hem bagtyýarlyk donuna bürärsiň. Ýylgyrmany öwren, kalbym. «Ýylgyryp bilýän adam, söýüpde bilýändir». Söýüp bilýän ýürek bendi edip bilýändir. Şonuň üçin bu durmuşyňy şatlyk-şowhunlara beslemek, ozaly Hakyň, soň ilki bilen öz eliňde. Bagtyýar ýaşasyň gelýän bolsa, şol paýhasly kitaby oka we onuň öwütlerine eer!

## Hudaýyň edýäni saňa-da bähbitlidir, gümanda bolma!

Eý, meniň kalbym! Käteler bir işi etjek bolýarys. Emma başa baranok.Şonda kimdir birine gara ýöňkäsimiz gelip dur: «Wah, şeýle bolsag-a biterdi. Şol nejis ara düşmedik bolsa, ähli zat gülala-güllük bolardy» diýýäris. Hergiz beýle pikir etmegin. Şeýdenem bolsak, ol bitmezdi. Şeýdenimizde bitjek bolsa, bitmek maňlaýymyza ýazylan bolsa, Hudaý bir sebäp döredeerdi we seniň ol işiňi bitirerdi. Ýöne onuň şol wagtda bitmeýändigini hem bähbide ýor. Rowaýatlara görä, çöl içinde eşegi, iti we horazy bolan bir pukara bende ýaşaýan eken. Horaz olary ertir namazyna oýarsa, iti olary gorapdyr. Eşegi bilen bolsa çadyrlaryna odun we suw daşapdyr. Bir gün tilki gelip olaryň horazyny alyp gidipdir. Öýdäkiler muňa gynanypdyr. Ýöne öý eesi ýagşy adam bolansoň «Bähbit bolsun! diýipdir. Soň bir gün möjek gelip eşekleriniň garnyny ýaryp öldüripdir. Öýdäkiler muňa ene gynanypdyrlar. Emma öý eesi ene «Bähbit bolsun!» diýipdir. Şondan az salym soňra olaryň iti hem bir kesel tapynyp ölüpdir. Öýdäkiler muňa öňkilerden hem beter gynanypdyrlar. Öý eesi bolsa, «Bähbit bolsun!» Hudaý etse, ýönelige edýän däldir. Aňyrsynda hökman gizlin hikmet, bähbit ýatandyr» diýipdir. Bir gün irden turup görseler, goňşularynyň öýi ýykanýumran, howlulary talanan, mallary sürlen, barça adam esir edilip äkidilen eken. Garakçylar ýaňky garybyň öýünde ite-guşa gözi düşmänsoňlar, ol erde adam ýaşaýandyr hem öýtmändirler. Şeýdibem, aman galypdyrlar. Ine, kalbym, durmuşda bolýan her bir hadysa, hatda onuň ilkibada göwnümize ýaramaýandygyna garamazdan, soňuny seljerseň, bähbide sebäp bolýar. Gurhany Kerimde «Siz bir zady halamaýarsyňyz, ýöne ol siz üçin haýyrlydyr» diýilýär. Şonuň üçin, bu durmuşyň her hadysasyny bagtyýarlyga ýor. Sähel kynçylygy başa inen musallat hökmünde görme. Bu bir durmuşdyr. Onda her hili adam bar. Hemme kişiniň

göwnüni tapyp bolmaýandygyny özüň bilýäň. Ýene-de kimdir biri göwnümize degse ýokuş görýäris. Her göwnedegilmeden duşmançylyk ýasap oturmagyň geregi ýok. Kimdir biri gepiňi-gürrüňi etse, ýüregiňi ele, gaharyňy ele beriberme. Paýhasly hereket et! Köňli kör adamlaryň arasyna düşseň, ertire bolan umydyňdan el üzmek kyn däl. Käteler kimdir biriniň ýanynda göwün syryňy açyp, özüňe goltgy isleýärsiň. Beýle ýürekdeşler az däldir. Emma kähalat lapykeç dolanýan pursatlaryň bolar. Hamana, kyýamat goran ýaly, özüňi goldawsyz, hemaýatsyz, hiç kime gerekmejek, terk edilen ynsan hökmünde duýarsyň. Beýle ýagdaýlar durmuşda az bolmaýar. Özüň bilýäň ahyry, käwagt çydamlylyk jylawuny goýberip, az-kem zeýrenýänimizi. Ýöne, ömri uzak bolsun, halypam Annadurdy molla-şahyr «Iliň içinde ýaşajak bolsaň, gepiňem ederler, gybatyňam. Edeniňem aýdarlar, etmedigiňem. Olara gulak asjak bolsaň-a, gün görmek kyn bolar» diýerdi. Bir gezek Musa pygamber Hudaýyň ýanynda zeýrenipdir: «Adamlar meniň gepimi edýär, üstümden gülýär, ýaňsylaýar. Şolaryň agzyny ýumar ýaly etsene» diýipdir. Allatagala oňa: «Eý, Musa, gahary gelende adam balasy meniň özümi hem goýanok, meniň gepimi hem edýär. Jany ýanan bende Taňrysyna gargaýar. Ýeri onsoň, özüme rowa görmedik zadymy, saňa niçik bagyş edeýin» diýipdir. Lukman Hekimiň sözlerinde «Jadygöýiň bir aýda bozup bilmedigini, arabozar bir günde ýumrup taşlaýar» diýilýär. Emma şeýle-de bolsa olar Allanyň maňlaýyňa ýazan nesibesini bozup bilmezler. Gepçiniň sözüne ynanyp, bagryňy paralap oturmaly däl. Alla bilýär, belki saňa gep getirýäniň özi seniň bagtly bolmagyňy ýa-da onuň bilen araňy sazlamagyňy isleýän däldir. Öňki döwürde iki sany dost bar eken. Günleriň birinde olaryň bir tanşy beýleki dostuny ýamanlapdyr. "Sen hakda şeýle-şeýle sözleri" diýdi" diýip, öz alyny-şeýtan hyýalyny ýaňzydypdyr. Ol esli wagtlap görme-görşe barmandyr. Bu ýagdaýlardan bihabar beýleki dost ynjalman başlapdyr. "Ep-esli

wagtdan bäri hat-habar ýok-la. Ertir irgözüinden soramaga gideýin” diýip, ýola düşüpdir. Dostunyň diridigini görüp begenipdir. Hal-ahwalyny sorapdyr, ahyry beýleki dost oň içini döküpdir. Ýoldaşyndan gaty görendigini, öýkeländigini “Pylan wagt pylan ýerde şeýle-şeýle diýendigini” mälim edipdir. Dosty beýle zatlar diýmändigini  her näçe aýtsa-da, “Ýok, ol habary aýdan adam ynamdardy” diýipdir. Şonda dosty “ynamdar adamlar hiç haçan gep gezdirmeýär” diýip jogap beripdir. Şonuň üçin her bir aýdylýan gepe gulak asjak bolup, yzarlap ýörme. Hudaýa tabşyr. Göribiň ýamanlygy ahyry özüne dert bolup dolanar. Dünýäde hasapsyz zat ýok. Ähli zadyň dogry hasabyny Hudaý çykarýar. Şeýle-de bolsa, kalbym ynan, olar Hudaýyň saňa rowa görmedik betbagtlygyny göz bilen, dil bilen, el bilen ogurlarlar. Ýöne, Hudaýyň maňlaýyna ýazan bagtyny welin, eger-eger alyp bilmezler.

## Özüňe diýeniňi etdir!

Eý, meniň kalbym! Sähel şowsuzlyga düşeňde ýa-da kimdir biri göwnüňe degende, hergiz ejizleme! Durmuşda göwnüçökgünlige düşer ýaly beýle köp esas ýokdur. Ynsanyň maddy we ruhy dünýäsiniň berk baglylygy netijesinde, biziň edýän günä işlerimiz ruhumyza agram salyp, ýörär ýolumyza badak atýar. Ol hakykat. Ýüregimizi içi dowzah ýaly içýan-möýden doly bolsa, kim oňa girmäge höwes eder? Ýüregimizde jennet ýaly bagy-bossan bolmasa, bagt bilbili onuň niresinde nagma çalar?! Käteler durmuşda işi hergiz rowaç almaýan kişiler bolýar. Eýläk urunýar, beýläk urunýar, eger-eger işi ugrugyp gitmez. Kalbym, bu ýagdaýyň sebäbi, biziň günä işi köp edýänligimizde. Ol uly günä däldir, ýöne oňlanmaýan gylykdyr. Ýüregimizi päklemesek, bize işleriň rowaçlygy miýesser etmez. Şowsuzlyklardan halas bolmak üçin sogap işi köp etmeli. «Alkyşy köp alsaň, işiň oň bolar». Ýaramaz işleriň,

ýaramaz niýetleriň, gelşiksiz hereketleriň, gabahat gylyklaryň bar bolsa, çyndan ökünip, toba et. Şu günden şeýläk özüňe erk etmäni, diýen etdirmäni öwren. Her gün irden turup, ata-babalarymyzyňky ýaly «Estagfirullah» diý! Säher turaňda, ýüregiňde düýnki günden galan kineler entek öçüşmedik bolsa ýa-da ýaramaz niýet, gelşiksiz gylyk, köki binamyslykdan, damary bihaýalykdan bolan häsiýetler ýüze çykan bolsa, ol gün işiň rowaç aljagy gümana. Her demde, her ädimde, pabhasly kitaplaryň ündeýşi ýaly, päk, halal, şadyýan, gözel we ruhubelent gez. Özümizde günä, göwnümizde güman bolmazdan, ene-de işler ugrukmaýan bolsa, onda ol şadyýanlygyň buşlukçysydyr. Bir rowaýatda şeýle diýilýär: «Allatagala bela-beteri, içgysmany, agyry-derdi adam başyna diňe iki zat üçin: ýa-ha onuň eden ýalňyşlyklaryny, günäsini ýuwup, ýoluny açmak üçin, ýa-da şol dertlere sabyr etse, abraý-wezipesini, il içindäki mertebesini beýgeltmek üçin iberýändir» diýilýär. Bu wagtlaýyn şowsuzlyklar, ötegçi içgysmalar, esassyz dargursaklyk, batyl umytsyzlyk, was-wasa öwrülýän ynamsyzlyk, günä iterýän betgümanlyk seni gurşap almasyn, kalbym. Sen maddy dünýäňi göwher zynata bezejek ruhy dünýäňi mäkämlemäge çalyş. Özüňe diýeniňi etdir. Hudaý bize ömür beren bolsa, ýaşadýan bolsa, diýmek, biz kimdir biriniň bagty, ykbaly üçin gerekdiris. Kimdir biriniň bagtyýarlygy üçin hökman ýaşamalydyrys.

## Ruhubelentligi hemra edin!

Şeýtanyň gün bermeýänligindenmi, ynsan köňli kejir bolýar. Özüne bähbitli zatlara göz ýumup, nirede büdrejek bolsa, şoňa hallan atýar. Ruhuňy berkitmegiň bir ýoluny salgy bereýin. Munuň üçin üç bölek kagyl al. Olaryň her birine «Ruhuňyz tug deýin belentde bolsun!» diýen goşgyny ýaz! Ýazgylaryň birini öňüňde, beýlekisini işiňde ilki

bilen gözüň düşjek erinde asyp goý! Üçünji ýazgyny ýanyňa göter. Her wagt, her mahal şol setirleri okaňda, ol ýazgylara gözüň düşende, ruhubelent gezmelidigiň ýadyňa düşer. Bu dogaýy sözleri köp gaýtaladygyňça ruhuň täsirlener we sen altyn kalba öwrülersiň. Çünki sözüň gudraty beýikdir. Ol seniň ruhy dünýäňi direldibem bilýär, öldüribem.

Eý, meniň kalbym, indi bagtyň gözleginde ýat ýurtlary, alys erleri söküp ýörmän, paýhasly kitaplary dykgat bilen okamak eterlikdir. Öz diýaryňda tapylan bagtdan beýik närsäni arzuw edip hem alyp bilmersiň. Başga ýatlanan ahwalatlaryň diňe gurşap almandygyna gözüň etsin. Bu duýgular, gaýga salýan göwnüçökgünlikler, oda salýan oňaýsyz oý-hyýallar her başy dolap durandyr. Bu geçen durmuş ýolunda özüňe syrdaş dost ýa-da ýoldaş-ýar tapmadyk bolsaň, onda ruhubelentlik bilen şatlygy özüňe baky hemra edin!

**Bagtly bolmak üçin ähli mümkinçilikler bar!**

Eý, meniň kalbym, maksada etmegiň ýoly köp. Munuň üçin özüňe ynan we yhlas et! Bagtyň üçin ylga. Hiç haçan «Soň...» diýme. Soň giç bolýar. Her haçan bagtly ýaşamakdan, öz bagtyň üçin yhlas etmekden, gerek erinde oda-köze girmekden çekinmegin! Bagt alada-yhlasyň, azabyň aňyrsyndadyr. Aslynda, bagt we dost gözlenilmeýär. Ony durmuşyň özi tapyp berýär. Adam üçin ilki bilen ýürekdeş we syrdaş dost gerek. Bu babatda saňa gowy kitapdan ähmiýetli hiç bir zady salgy berip bolmaz. Soňra şadyýan hem-de ruhubelent bolmaly. Ruhubelentlik seniň bagtyňy açjak Ylahy sowgatdyr. Sen arzuw edýän bagtyňy, umyt baglaýan üstünligiňi, düýşlerden süýji durmuşyňy hem-de geçen ömrüňde duşuňdan ötüren altyn pursatlaryňy we ýitiren bagtyýarly-

gyňy diňe ruhubelentlikden, birek-birege bolan ynamdan, dostlukdan we içinde galplyk ýokundysy bolmadyk arassa söýgüden tapyp bilersiň. Munuň üçin özüňe – bagtlydygyňa ynanyp ýaşa! Dünýäde seniň bagtyň üçin ýaradylan zatlaryň kändigini unutma. Paýhasly sözleriň hut biziň bagtymyz üçin aýdylan, ýazylan salgynamadygyny ýadyňdan çykarma! Ýazgytdan çykma ýok, ýöne bagtly ýaşamak üçin ähli mümkinçilikler bar!

***

*Durmuşda kyn zatlaryň biri özüňe ýürekdeş, göwündeş we syrdaş dost saýlamak. Dostlugyny kämil synaman, oňa ähli syryňy açma. Kim bilýär, belki ol göriplikden däl-de, gep-gürrüňe agzy açylyp, seniň ile bildiresiň gelmeýän käbir zatlaryňy dilinden sypdyryp otursa ýa-da saňa ýagşylyk etjek bolup, özi bilen birlikde seni hem zyýana goýsa... ýöne iň ýamany ýalan söz we dowul bilen seniň ýüregiňdäki umytlary ogurlaýan adamdyr. Ýagşy zada bolan umydyňy öçürmek iasleýän, seni göwniçökgünlige, sussypeslige salyp, ýagşy niýetiňden yza döndermekçi bolýanlara asla-asla ynanmagyn. Şolara duşmakdan gaçarak dur. Duşaýanyňda hem päk matlabyň üçin olara sala salma.gurhanda "Şeýtan sizi ga-ryplyk bilen gorkuzar" diýilýär.adamlaryň ýüreginden umydyny öçürip, waswasa salýan, ýagşy niýetinden dänderip, yza dönderýän hem şol şeýtandyr. Mümkin ýanytňyzda duran şeýle pikirli tanşyňyz dam keşbine giren şeýtan bolmagy ahmal. Şeýtanyň özi bolmaýanda hem şeýtan häsiýetine ýugrulan ol adama eger-eger ynanma. Hamana, bu-da şeýtanmyşym diý-de, öz päk matlabyňdan ugur alyber. Şonda saňa üstünlik gülüp bakar.*

*Syr beren adamyň ynamyňy ödemese, ýürege agyr degýär. Şonuň üçin her kime ýüregiňi berip ýörme. Her zady gaýgy edipm ýüregiňe agram salma. Ony aýa. Çyn*

*dost gyt zat. Ýöne özüp ýagşy bolsaň, ol tapylmaýan zat däl. Özüň hem dostluk diýilýän zatdan hiç wagt uly zat hantama bolma. Dostlugy bähbit üçin talap etme. "pylanynyň jorasy owadan eken,  ol biriniň dosty geýnüwlije ýigit" diýdirmek üçin däl-de, durmuşda dostluk diýilýän zadyň zerurdygy üçin dost tutun. Dosty ýok adamyň köňli gapysyz gurlan bina ýalydyr. Barara ýol, ýetere ýoda bolmasa, ol ýerde düşläp ötjek pyýadalar we mesgen tutjak zyýadalar, taňry myhmanyny kabul etjek töre tarap ýüz öwrerler. Goý akyl seniň köňül köşgüňe derwezeban bolsun. Ýamany inkär edip, yza tesdirsin. Her ýagşyny öz mertebesi bilen göwün kejebäňe salsyn. Täze gelin ýaly apalap saklasyn. Ýgşylyk edeniň gadryny bil, edil özüniňki ýaly ýagşylyk et. Ýaman bilen deň bolma (ýamandan ar almagyň usullary). Onuň öz päli başyna ýeter. Göze görünmese-de, eden günäleri boýnuna dakylan degirmen daşy ýaly, süňňüne agra, salar durar.*

*Bu zatlaryň diňe seni gurşamandygyna gözüň ýetsin. Bu duýgular, gaýga salýan göwnüçökgünlikler, oda salýan oňaýsyz oý-hyýallar her başy dolap durandyr.*

20

# Saňa diýseler...

Her adam – bir älem. Ählimiz bir dünýäde ýaşasagam, herimiziň ruhy dünýämiz aýry. Kimleriň köňül arygy göni jennetden gözbaş alýar. Kimleriň kinesi dowzahyň közünden alawly çabraýar. Ýöne hiç kim öz pikirinden dänesi, „meniňki ýalňyş" diýip, hatasyny boýun alasy gelenok. Her kim özüçe perişde. Ýogsam, gyýa bakylan gyňyr ýüzüň, gyşyk aýdylan her bir sözüň, edilen hereketiň aňyrsynda arassa matlabynyň ýatmandygyna akyly çatmanam duranok.

Adamzadyň ruhy dünýäsinde ýadro partlamasyndan has erbet täsir edýän bir ýarag bar, mundan goranmagy bilmeýän adamlar her mahal lapykeçlige uçraýar. Mekdep döwrümizde „raýat goranyşy" diýip bir sapak geçilerdi. Her hili ýaraglar bilen hüjüm edilen halatynda özüňi nähili alyp barmalydygy öwredilerdi. Ol zatlary öwrendik, özleşdirdik. Ýöne bu biziň ähli ýaragdan goranmagy öwrenendigimizi aňlatmaýan eken. Mekdebiň on ýylda, institutyň bäş ýylda öwredip bilmedik zadyny durmuş bir pursatda öwredýär. Şonuň üçinem „Durmuşdan gowy halypa ýok" diýilýär.  Düşünip, aňlap bilseň, ertirki gün nähak ýere aglaman bilersiň.   Goranmasy kyn galan biologiki ýaraglaryň biri – söz ýaragydyr.

Bu ýarag ulanýan adamyň mekirligine, zannyýamanlygyna görä barha güýçlenýär. „Hüjüm edileniň” ruhy taýdan ejizligine görä, zyýany-zeleli has tiz ýaýraýar.

Jemgyýetiň ösüşi üçin tankyt gerek. Tankyt her bir zadyň ugrugyp gitmegi, düzelmegi üçin dogry ýoly ak ýüregiňden salgy bermek. Elbetde, göwnüňe gelen her pikir hakykatam däl. Ýöne, göwnüňe görä dogrudyr öýdeniňi olar bilen paýlaşmak welin maslahat. Tankydyň aňyrsynda başga matlabyň ýatan bolsa, ol derejesine görä dürli-dürli häsiýetlere syrygýar: basdaşlyk, içigaralyk, görübilmezlik... ýa-da bilipdurup, saňa düýbünden ters zatlary salgy berýän we çoçgara çolamaga synanyşýan adamlaram bolýar, ine, şularyň müň hileli, aýlawly-aldawly sözlerine pida bolmakdan, täsirine düşmekden goranmaly. Tankyt bar, teýene bar, çyna berimsiz ýalan bar. Käbir adamlar bilgeşländen, käbirleri bilmezlikden ruhy dünýäňe tagna salýar.

Sözden ejir çekýän adam örän kän. Ynsabyňa yza berýän şol sözleriň aglabasy hem ýa-ha nähak aýdylan ýaly, ýa-da ýazygymyzyň ölçeginden has agyr aýdylan görünýär. Göwnümize ýakmaz bir söz diýilse, derrew darygyberýäris. Hamana, „düýe” diýilse, düýä öwrülip barýan ýaly, derrew hum ýaly çişip, apy zäherini pürkmäge taýynlanýarys, ýogsam, başardygyňa görä yhlas edýändigiňe gözüň ýetip durka, saňa kembaha garalmagy ýa-da juda öte geçilmegi, seniň dälde, onuň düýedigini aňladýar. Ýokuş söz zerarly, birbada pitiwa berilmese-de, böwenjigiň garny ýaly barha ulalyp barýan içki hysyrdylar, soňa-baka gursagyňa syganok. (Onsoň, özüňiz bilýäňiz, böwenjigiň garny hem ahyry ýarylýandyr). Özüňi öýke-kinä, gahara eýeleden pursatymyz, häliden bäri bikär oturan waswasylyk ähli enjamyny süýräp, „takal” okap başlaýar. Sebäbi, adam ejizlän pursaty örän ynanjaň bolýar. Ruhy çökgünlige düşýän pursatymyz, sussypesligiň barha gylaw

alşyna haýran galýarsyň. Şonuň ýaly halatlarda halypamdan eşden ýarymdegişme äheňli,  durmuş hakykatly bir rowaýat güpbe ýadyma düşýär:

Adam ata her gün irden bir uly dagyň depesine çykyp, Hudaýdan gündelik iýjek-içjegini dilär eken. (Sebäbi, ol zamanda nygmatlary ertire ýygnap goýar ýaly sowadyjylar bolmandyr). Onuň gündelik ryzky hökmünde asmandan dürli-dümen iýmitler we huruşlyk semiz goýun her gün inderiler eken. Adamdan ar almagyň amatyny gözläp ýören şeýtan bir gün ogullary waswas bilen hannasy ýanyna çagyrýar. Adam ata ertir irden huruşlyk goýun dilän wagty, goýna öwrülip, öňürti barmagy we şeýdip Adamyň ganyna siňmegi tabşyrýar. Waswas ogluna adam ýüregine dowul salmagy, her bir zady bolşundan ýüz esse gorkunç edip görkezmegi, hannas ogluna adamyň nebsewürligini oýarmagy, baýlyk bilen gözüni gapmagy tabşyrýar. Ertesi gün bu hut şeýle-de bolýar. Aradan hepde geçensoň, şeýtan ogullaryny idäp, Adam atanyň ýanyna gelýär. Emma Adam ata bu ýakynda, bu jelegaýda onuň zürýatlaryna gözi düşmändigini aýdýar. Şol wagt şeýtan „Eý hannas oglum, eý waswas oglum, siz nirede?” diýip gygyrýar. Adam atanyň ýüregi sarsyp gidýär, ol ýerden waswasyň owazy eşdilýär: „Men Adamyň ýüregini eýeledim, hannas bolsa onuň gözüniň üstünde otyr” diýýär. Şeýdip, waswas bilen hannas Adam ganynda seýr ediberýär. Adamyň bir ýeri sähel ganasa, waswas derrew dowul salyp başlaýar: „Wah-wah-eý, bu ýeriň indi azyp, çüýräp gitmese-de biri...” diýýär. Adamyň eline pul düşüp başlasa, hannas derrew gözüni gapýar: „Ýygna, onam al, munam al, bary seniňki bolsun, hiç kime-de berme, olary doýrar ýaly sen Hudaý däl ahyry, her kimiň öz rysgy bardyr, bu rysgal seňkidir...” diýýär. Şeýdip, içki pikirler bizi has beter çişirýär. Rowaýat uzynrak bolmagy mümkin, ýöne durmuş ondan has uzyn. Kimdir birin-

den eşden sözüň üçin içki gahara per berdigiň, ýüregiňden umytsyzlyga ýer berdigiňdir.

Adamlar öz temperamentine görä her sözi dürlüçe kabul edýär we dürli röwüşde hem gaýtargy berýär. Kimler şol bada „çözlüşýär”, oňa ýarasada-ýaramasada, göwnündäkini diýýär, gaýdýar. Ikinji bir topar, aýdylan sözüň täsirinden aýňalyp bilmän, ýatsa-tursa öz ýanyndan özüni aklajak bolup, özüniň günäsizdigini subut etjek bolup, her kimiň ýanynda iç döküp başlaýar. Olar ar gözlänok, göwnüne aram gözleýär, ýöne döwlen umytlaryň, synan arzuwlaryň, puç bolan etsem-goýsamlaryň dünýäsinden, saňa bilgeşlän ynamsyz garaýanlaryň ýüreginden ony tapyp bolanok. Ilki bilen her bir sözüň nä niýet, nä matlap bilen aýdylandygyna akyl ýetirjek bolmaly. Arassa tankyt bolsa, dogry netije çykarmaly, özüňi düzlemeli, işiňi, garaýşyňy gözelleşdirmeli. Pikirleri saldarlamaly, dürs ýoly salgy bereni üçin taňyrýalkasyn aýtmaly. Öz arassalygyňa ilki bilen özüň ynanmaly. Ondan soň öz haklygyňy düşündirmäge çalyşmaly. Ynandyryp bilmediňmi, umytdan düşmeli däl. Kalby möhürli, köňli gulplangy adamlara Pygamberimizem düşündirip, ynandyryp bilmändi. Sen arassa niýetleriňden ugur al-da, işläber. Wagty gelende, Hudaý bar zady ýerli-ýerinde goýar we edil nowruz gününde garaňkylyk bilen ýagtylygyň des-deň bölünişi ýaly, ak bilen garany, hak bilen nähagy çürt-kesik eder. Hudaýyň hakykaty uzak garaşdyrmaýar, oňa çenli sen umytdan düşmän, töweregiňde entek gowy adamlaryň, jandan eziz Watanyň bardygyna şükür edip, ruhubelent gezibermeli. Teýene tagamly söz üçin özüňi nähak horlanmalara sezewar etmeli däl. Kimdir biri ýüzüňe aýdyp bilmän, ýeňseden gürrüňiňi etse, känbir gynanyberme, känbir ynanyberme. Üstaşyry gelýän sözleriň aglabasynda, günüň şöhlesini tersine öwrüp geçirýän linzanyň häsiýeti bolýar. Olaryň käbiri öz düşünişine görä, käbiri göni öz bähbidine görä hem aýdaýýar. „Çala eşden çatma ýykar,

öte eşden öý" diýişleri ýaly, özleriçe netije çykaryp, ençeme göwnüň ýykylmagyna-da sebäp bolýarlar. Onsoň bizem, aslynda ýagşy niýet bilen aýdylan söz üçin hem özgelere betgümän bolup galyberýäs. Her bir zadyň gowy tarapyny gözlemek we görmek biziň adamlyk borjumyz. Her bir zady gowulyga ýormaga çalyşmaly, gowy bolmaga çalyşmaly...

Saňa „ýüregi daş ýaly" diýseler, ýüregiň ýumşaklygyna hem gözüň ýetýän bolsa, gynanma, sen olara aýt, adamlaryň teşneligini gandyrýan dury suwly çeşmeler hem daşlaryň arasyndan syzylyp çykýandyr. Gözelleriň boýuny-barmagyny bezeýän gymmatbaha göwherlerem daşlaryň arasyndan köwlenip alynýandyr. Diýmek, seniň ýüregiňde entek alara, buýsanara zat kändir.

Saňa „baryp ýatan sada, juda ýönekeý" diýseler, hiç ruhdan düşmegin, sen olara aýt, ähli ajaýyplyklar ýönekeýlikden gözbaş alýandyr. «Sadalykdan zyýan çekilmeýändigi», ahyr işde seniň rüstem gelýändigiň hakda kän aýdylýandyr.

Saňa „iki dilli" diýseler, ýöne sende bu gylyk ýok bolsa, töhmet üçin ýakaňy ýyrtmagyn, gaýta many al, ine sagatlaryň üç dilem bar. Gürrüň diliň köplüginde däl-de, olaryň edýän hereketinde. Sagadyň üç diliniň ählisi hem bir ugra aýlanýar. Üstesine-de, her uly dil hem-ä çalt aýlanýar, hem-de özünden kiçileriň hem haýallyk bilenem bolsa, öňe aýlanmagyna itergi berýär. Dilleriň ählisi biri-birine goltgy bolup, bir ugra sazlaşykly aýlanýan bolsa, ondan uly näme bar?

Ýa-da boýuňa-syratyňa, görküňe-görmegiňe, ukybyňa-zehiniňe göwniýetmezçilik bilen garalsa, ýüzüňe bir söz suňşuryp, arkaňdan bir atjagaz dakyp galsalar, eger-eger ruhdan düşmegin. Eger-de sen kimdir biriniň adyňa ýanan ýaramaz sözi üçin birahatlanýan bolsaň, bu seniň özüňde ýok ýaramaz zatlar üçinem kelle agyrtýandygyňy aňladýar.

Ünsüňi gowy zatlara, gözelliklere gönükdir, ilde ýagşy adamlar juda kändir. Bir näsaz sözüň täsirine berilme, her teýenä, ýaňsa ýa agzyňy alawladyp, ýa hyrçyňy dişläp jogap gaýtarjak bolma. Hiç haçan sen onuň bilen deň bolup bilmersiň, sebäbi oňa gaýtargy berseň, seniň oňa deňdigiňi däl-de, ondan pesdigiňi aňladýar. Ähmiýet bermän, bagyşlasaň welin, bu seniň beýikligiň bolup durýar. Onsoňam, asmanlara pitjiň atsaň-da, daglara barmak çommaltsaň-da, olar şol mizemezligini, belentligini saklap galýarlar, çünki, güle tiken diýeniň bilen, onuň görki egsilmeýär. Doňzuň agzy degeni bilen deňziň suwy hapalanmaýar. Müň dürli at dakyber, gül elmydama güllügine galýar. Sen hem beýikligiňe gal!

# Hyýalda süýjedilen söýgi

***maşgala gurmak üçin ýeterlik däldir***

Gündelik iş-aladalaryň agdyklygyny bahana edinip, öňki hatyňy jogapsyz goýanym üçin özümi müýnli saýyp ýördüm. Ahyry ýüregimi bire baglap, gaýry işleri bir gyra süýşürdim-de, her setiri hesreti, her harpy gözýaş damjasyny ýada salýan hatlaryňa jogap ýazyp başladym.

...Has geňirgendiren zat – käbir duýgularyň täsirine berlip, ýaşaýyş we durmuş hakda özboluşly pikir edýänligiň boldy. Seniň garaýyşlaryňy inkär etmek meýlim ýok, çünki maňa ýaramaýandygy ýa-da meniň düşünjäme laýyk gelmeýändigi seniň pikirleriň ýalňyşdygyny aňlatmaýar. Her ýürek dünýä açylan bir penjire. Her kim dünýäni, durmuşy özüçe görýär. Käteler pikirlerdäki çaprazlyk hakykat nokadyny tiz tapmagymyza eltýär. Şonuň üçin bu ýerde men diňe öz pikirlerimi ýaňzydasym geldi. Ýüregiňe makul görseň, kabul edersiň. Inkär etmäge ýeterlik deliliň bar bolsa, ýüregiň hem şony ündeýän bolsa, ýa-da bu söhbetlerden soňra başga bir çykalgany salgy berse, ýüregiň sesine, salgysyna eýerseň gowy bolar. Ýöne, bir durkuňda – häzirki nokadyňda welin saklanmajak bol. Bagt üçin ýaradylan ynsan bagt hakdaky arzuw-umytlaryndan birjik-de üzülmeli däldir. Bolýan her bir wakanyň biz üçin hökman haýyrly bir tarapy bar. Heniz oglan mahalym babamyň aýdyp beren üç sözi henizlerem ýanyma ýoldaş, aňyma düşünje

bolup ýaşaýar: "Birinjisi, Ykbal hiç wagt adamlara ýamanlyk edýän däldir – biziň başymyza gelýän her bir iş, waka, hadysa, ýagdaý biziň has-da taplanmagymyz, bagtly geljege doly taýýarlanmagymyz üçin mekdepdir. Ikinjisi, Ykbal bagty wada berýär – hemişe ynamly we umytly, halalhon we ak ýürekli, yhlasly we maksada okgunly bolan halatymyzda, ykbal bizi bagt bilen gurşajakdyr. Üçünjisi, Ykbal hiç wagt beren wadasyny bozýan däldir". Hemme hal-ýagdaýlar biziň bähbidimiz, bagtymyz üçin ýüze çykýan bolsa, üstesine Ykbal bagty wada berýän we wadasyny hiç wagt bozmaýan bolsa, onda biziň diňe bagta umytly ýaşamagymyz gerek.

Seni durmuş ýolundan az-kem sowaşdyran zadyň söýgi hakdaky pikirleriňdigine düşündim. "Bir bakyşda oda salan" hakyndaky ýaňzydypsyň. "Mundan öň söýgä ynanmaýan hem bolsaň, yşka uçrandygyyňy" birin-birin beýan edipsiň. Dünýäde gudrat, keramat, täsinlik kändirem welin, özüm-ä henizlerem ilkinji garaýyşdan söýginiň döreýändigine ynanyp bilemok. Kimdir biriniň bir pikiri, hereketi maňzyňa batyp, göwnüňe ýarap biler, sulhuň alar, gaýtadan görmek islegi ataş alar.., emma bu duýgulara söýgi diýip bolmaz. Söýginiň çynlygyny we çuňlugyny bilmek üçin wagt zerur. Ilkinji duýgularyň täsirine durkuň bilen berilmek ýalňyş netijeler çykarmagymyza eltip biler. Aglaba adamlaryň durmuşynda "söýgi" şeýle bir ýasalýar, taraşlanýar, timarlanýar, eger-de biz bir pikire siňdirýän şeýle yhlasymyzy başga bir maksada hem sarp edip bilsek, onda ajaýyp sungat eserini döretmegi başarardyk. Biz öz ýasan "söýgimiz" esasynda durmuş gurmak isleýäris, emma "ýeller hemişe gämi bilen ugurdaş öwüsmeýär". Maşgala gymmatlygyna düşünmek üçin ol duýgular juda azlyk edýär.

Aşyk adam bilen aç adamyň arasynda meňzeşlik bar. Ikisi hem teşne. Biri ruhy-göwni üçin, beýlekisi garny üçin. Açlygyň artdygy saýy

ys alyşyň güýçlenýär. Uzak ýerlerdenem bolsa naharyň ysy burnuňa urýar. Elýeterimizde garbanara zat ýok bolsa dagyn, "zagara hemişe bal bolup görünýär"... dogrusy, biz ol tagamlary hyýallarymyzda şeýle bir süýjedýäris.. hat-da aç wagtymyz dilimiziň üstünde duran turşuja tagamlaram juda datly görünýär. Sebäbi aç mahalyň naharyň hili, reňki, görnüşi kän bir bildirip duranok. Aşyk adam hem edil şonuň ýaly, ýüreginiň arzylaýany ýanynda bolmasa, öz hyýallary, pikirleri bilen öňki ýatlamalarynyň üstüni dolup başlaýar. Uzaklardan bir ýerden ol hakdaky habar ýa gürrüň yş berse, ilki bilen şony diňleýär. Gulagyna ýelmeşip galýar. Haýsy zady köp ýatladygyňça ol aňyňda barha berkeýär. Sen diňe şol zat hakda pikir edýärsiň we diňe şony küýseýärsiň.

Söýgi hem ruhuň iýmiti. Edil aç adamyň nahar-tagam hakda üznüksiz pikir edişi ýaly, eger-de seniň durmuşyňda kimdir biri iň bolmanda sadaja ýylgyryşy, hat-da ýygralygy bilenem täsir edip bilen bolsa, biz bu ýagdaýy – hyýallarymyza öz elimiz bilen eken we ony süýji ýatlamalar bilen suwaran, umytlara baglan ýagdaýymyzy uly söýginiň uçgunlary hökmünde kabul edýäris. Ony isleýän, küýseýän wagtymyz onuň reňki, görnüşi, hili, häsiýeti hakda çuňňur oýlamaýarys. Aşygyň dünýäsinde "Diňe şol gerek" diýen jümle Zeminiň töweregindäki emeli hemralar deýin dyngysyz aýlanyp dur. Aşygyň dünýäsinde hemme zat – ol. Bu dünýäniň Güneşi hem, Aýy hem, Zemini hem, Asmany hem diňe şol. Mejnun ähli zatda Leýliniň keşbini gören bolsa, aşyk ýürek ähli zady öz magşugynda görýär. Gaýta-gaýta pikir etdigi saýy, bu höwes duýgulary alawlanýar. Biz birbada sulhumyz alan adamlary şonda görmek isleýän häsiýetlerimiz bilen mazaly bezeýäris. Edil körpeje gyzlaryň öz gurjaklaryny bezeýşi ýaly çemeleşýäris.   Söýýän adam öz halaýan adamsyna aňrybaş lybaslary-häsiýetleri geýdirýär. Ony göwnüne ýaraýan parlak, ýalpyldawuk, zer-zynatly lybaslar bilen bezeýär. Her geýen eşigi, her

gezekde ony öňküsinden has owadan görkezýär. Sebäbi, duýgy edil ösümlik ýaly ösýän zat, ol bir durkunda durmaýar. Ony iň owadan, iň zynatly adam hasaplaýar... ine, biziň ýüregimizde söýgi aglaba halatda şeýle kemala gelýär – ony özümiz ýasaýarys. Emma näme üçindir muňa "ýasama söýgi" diýmeýäris. Onuň "ýasamalygy" welin ahyr-soňy ýüze çykýar. Kimleriň durmuşynda ol ýaňy möwjäp başlan pursaty bir saý-sebäp bilen synalsa, ýene birlerinde durmuş guranlaryndan soň peýda bolýar. Sebäbi, aç adam nahardan gerk-gäbe doýan pursaty ýa-da iýip-içip açlygyny gideren mahaly, hälki işdädir-küýsegden nam-nyşan galmaýar... durmuş guranlaryndan soňra hemişe ýanynda görüp ýören gözellige göz öwrenişýär we hälki süýji hyýallar hem ýuwaş-ýuwaşdan gözden uçup başlaýar. Sebäbi, aşyk onuň hakyky özüne däl-de, hyýallarynda kebşirlän, timarlap-taraşlan keşbine öýlenipdi.. Bu bolsa soňlugy bilen "birek-biregi heniz doly tanamandygyňyz" hakdaky hakykatlara syrygyp başlaýar. Durmuş gurup, az salym ýaşaşanlaryn-dan soňra käbir kimseleriň köňlünde "Indi ölçerip döküän welin, o diýen owadan, syratlam däl ekeni" diýen pikiriň döremegine onuň özünden başga hiç kim günäkär däl. Ýa-da häsiýetleriň alyşmazlygyny bahana etmek hem şol hokgalaryň biri. Biz hakyky söýgüniň ölçegler-ini, talaplaryny öz pikirlerimiz esasynda täzeden hasaplajak bolýarys.

Köplenç halatda ilkinji duýgularyň täsirine berlip, durmuş gurmak, akyp ýatan suwuň üstünde duzdan köşk gurmaklyga meňzeýär.

Seni gurşan duýgularyň hem aglabasy, gürrüň beriş hörpüňden netije çykarsam, hut şuňa meňzeş.  Araňyzdaky bu söýgi şeýle bir alaw-lap ýanypdyr, "söýgini" – oda, özüňi perwana deňäpsiň. Emma, araňyza bir tow düşüpdir we baglanyşyk kesilipdir. Hatda bu duýgyňyz azajyk wagtyň hem synagyndan geçip bilmändir. Sähel şata döz gelmän dessine çat açýan söýgini bütin ömrüňe nädip ýetirip bilerdiň?

Ot öçüpdir, emma sen henizem şol yşka perwana deý özüňi urmak isleýärsiň. Şonsuz ýaşaýyşy göz öňüne getirmeýärsiň, ýöne durmuşyň bu ýerdäki hikmetine düşün, perwananyň ýaşamagy üçin şol oduň öçmegi zerur.

Bir wagt bir dostumyň ýaşlyk depderinden okapdym: "Söýgini oda deňedim - ýandym, deňze deňedim – gark boldum, daga deňedim – depesine çykyp bilmedim. Çöle meňzetdim – azaşdym, saňa meňzetdim - ýalňyşdym". Biz, hakyky perwanalar ýaly aslyna doly akylymyz ýetmeýän zada özümizi urýarys. Has gowy günlere, has gowy durmuşa, has ajaýyp mümkinçiliklere çykalga şoldur öýdýäris. Hut perwana ýaly.. perwana janly-jandarlaryň içinde gözi iň ejiz haýwanlaryň biri. Ol daş-töweregindäki tümlükden gorkup, ýanyp duran ody ýagtylyga çykalgadyr öýdüp, özüni şoňa urýar. Halas bolmak üçin urunýar, ýöne heläk bolýar. Perwananyň ýaşamagy üçin ýekeje zat gerek, ol hem şol oduň öçmegi... eger-de durmuş seniň öňüňde hyýalda süýjedilen söýgi oduny öçüren bolsa, bu ýerde seniň üçin uly bähbit bardyr. Belki, siz birek-biregi bagtly edip biljek dälsiňiz. Ol başga birini, sen gaýry birini, ony başga biri, seni hem düýbünden başga biri bagtly etmelidir. Söýgide ýalňyşyp, soňundan ahmyra galanyňdan, soňy ýok zat öňünden sowulsa gowy dälmi näme? Perwana az salym gijeligiň tümlügine – pikirleriň we ýatlamalaryň tümlügine sabyr edip bilse, onuň öňünde ýagty geljek bar. Ol ajaýyp dünýäni, owadan durmuşy, al-elwan daragtlary, hoşboý ysly gülleri, miweleri görmeli. Ol söýginiň gözel, durmuşyň owadan ýerlerinde gezmeli. Hut şonuň üçin hem perwananyň ýaşamagy üçin biwagt ýanan oduň – duýgulardaky ýalan oduň öçmegi gerek. Durmuşdaky her bir waka, eger-de oňa dogry düşünip bilsek, diňe biziň bähbidimize, haýrymyzadyr.

Maşgala durmuşy pikirleriňdäki, gylyk-häsiýetleriňdäki, düşünjeleriňdäki sazlaşyk esasynda gurulsa, onuň binýady berk bolar. Munuň üçin ýaş başyňy dürli otlara salmakdan saklap, maşgala gymmatlygy hakdaky sagdyn düşünjeleri okamagyň, öwrenmegiň, wagtyňy, ünsüňi şol zatlara sarp etmegiň has gowy bolar. Onsoňam, gadymdan gelýän kitaplarda ýazylgy: "Söýginiň iň gowy dermany wysaldyr, ýöne gowuşmak miýesser etmese, ylmy kitaplary okaň" diýýär. Ilkinji etmeli zadyň – ünsüňi has gowy zatlara sow. Sebäbi, seniň asyl we asylly maksadyň bagtyýar maşgala gurmak, eneň-ataňy begendirmek, guwandyrmak. Abraý bilen öýli-işikli bolanyňdan soňra, maşgala söýgüsi endigan we dowamly, hakyky söýgä ýazýar.

Hyýallarda süýjedilen söýgi hakyky söýgi däldir we bu "ýasama söýgüden" bir pursat öň saplanmak ertirki bagtly durmuşa has ynamly taýýarlanmagyňa ýol açar. Onsoňam, söýgi – bäş harply söz. Eger-de bäş harply söz badyňy alýan bolsa, durmuş – alty harpdan ybarat. Oňa has mäkäm taýýarlanmak gerek.

22

# Siz “Täleýnamany” okadyňyzmy?

Adamy howsala salýan zatlaryň biri – näbellilik, gyzyklandyrýan zatlaryň biri – geljegiňi bilmeklik. “Gaýyby Alladan başga hiç kim bilmez” diýilse-de, biz geljegimizi bilmäge şeýle bir ymtylýarys,  wagty gelende barybir görýän zadymyzy - geljegimizi, galaba, öňünden göresimiz gelýär. Belki, taýýarlykly barasymyz gelýändir. Ol günleri, pursatlary hetdenaşa ýürek joşurman ýa-da çişirmän geçiresimiz gelýändir... Adamzadyň syrly zatlara bolan bilesigelijiligi kähalatda oňlanylmaýan hereketlere ýüz urmaga hem iterýär. Ýogsam, halkymyzyň arasynda münejjimlere, täleý garap, pal atýanlara, tersokanlara ýüz tutmaklyk, olaryň sözüne ynanmaklyk halanylmaýar. Bulara bir gezek ýüz tutan adamyň kyrk günki sogabynyň köýýändigi nygtalýar. Aýdylýan zatlaryň agramly böleginiň hakykata gabat gelmeýändigini bilip dursagam, bir müşgil iş ýüz berende,  ýene şeýle adamlaryň salgysyny alyp, howlusyna sary ýol ýasaýarys. Ýa-da bolmasa gazet-žurnallarda, radio we tele ýaýlymlarda, internet sahypalarynda günde-günaşa berilýän günlük, hepdelik, aýlyk, ýyllyk we ömürlik täleýnamalary dykgat bilen okaýarys. Bu howlukmaçlygyň we höwesekligiň syry biziň aýdylan her bir zada ynanýanlygymyz üçin däl-de, aljyraňňylyga düşülen, kynçylyklardan basylyp, ejizlän wagtymyz, hossara, ruhy goltga has ýiti mätäçlik duýýandygymyz üçindir. Ol pursatlarda kim hoş we umyt beriji söz aýtsa, şol hem biziň ruhy dünýämize örän ýakyn görünýär. Onuň

ýalanlygy bolsa ol mahal ýadymyza, oýumyza düşenok. Bir salymlyk göwün galkynmasy bilen gurşalýarys. Bellenilen möhlet, wagty gelende welin aýdylýan zatlaryň bolubermeýänliginden darygyp, ýene-de lapykeçlige düşýäris. Şeýde-şeýde ömrümizi täleýnamalarda, pallarda aýdylan, ýazylan zatlaryň hasyl bolaryna garaşyp geçirýäris.

Täleýnama ynanmaklyk gadym döwürlerden bäri ýoň bolan hadysalaryň biri. Öten eýýamdaky hökümdarlar, serkerdeler, alymlar, münejjimler ynsanyň haýsy ýyldyzyň astynda doglanlygyna esaslanyp, onuň ykbalyny, geljegini öňünden kesgitlemäge synanyşypdyrlar. Ýyldyzlaryň ornuna garap, tutumly işleriň düýbi tutulypdyr. Uly söweşlere, jeňlere giripdirler. Toý tutupdyrlar. Bu ýagdaý türkmen dessanlarynda, eposlarynda hem suratlandyrylýar. Häzirki döwürde toý sähedini bellejek bolsalar aýyň-günüň sähetli günlerini saýlaýandyklaryna her birimiz şaýat. Bu yryma görä, her on günden ýyldyzyň ýerleşýän burçy üýtgäp durýar we ýyldyzly tarapa gitmek oňlanylmaýar. Emma ne ylym, ne yrym şol ýyldyzyň haýsy ýyldyzdygyny – adysoruny, dogup-ýaşýan wagtyny, haýsy zatlara nähili, neneňsi täsir edýändigini welin asla bilenok. Aslynda, alnyňda durmagy oňlanylmaýan ol ýyldyzyň nämeligini hem bilýän ýok. Häzirki zaman astro-biolog alymlary aýyň-günüň dogup-ýaşmagy bilen baglylykda ynsanyň süňňünde dürli biologik üýtgeşmelriň, özgermeleriň bolup geçýändigini delillendirýän maglumatlary öňe sürýärler. Aýyň dolýan döwründe (başky 15 gününde) deňizleriň joşýandygy, daşgynyň bolýandygy,  adamyň süňňünde gan aýlanmasynyň ýygjamlaşýandygy, aýyň egsilýän günlerinde (soňky 15 gününde) gaýtgynyň ýüze çykýandygy, ynsan süňňünde hem şeýle özgermä gabat gelinýändigi nygtalýar, ylmy deliller bilen tassyk edilýär. Aýyň birinji ýarymynda ynsan süňňünde energiýanyň-takatlylygyň barha artýandygy, ikinji ýarymynda bolsa işjeňligiň gowşaýandygy delillendirilýär. Adam bedeninde bolup geçýän ýag-

daýlaryň şol ýyldyzlaryň aýlaw gününe laýyklykda amala aşýandyklaryny öňe sürýärler. Adam süňňünde bir günlük ritmler ýeriň öz okunyň daşyndan bir günde bir öwrüm etmegi bilen baglymyş, bir aýlyk ritmler Aýyň aýlanmagy bilen, bir ýyllyk ritmler Günüň aýlanmagy bilen, 12 ýyllyk ritmler Ýupiteriň, 30 ýyllyk ritmler Saturnyň bir öwrüm etmegi bilen baglanyşyklydyr diýen çaklamalar häzirki döwürde bu ugurdan işleýän lukmanlaryň, psihologlaryň arasynda örç aldy. Bir tarapdan seretseň, adam bedeninde şol möhletleriň dowamynda aýdyň üýtgeşikleriň bolup geçýändigi duýulýar. Bu umumy ykbal bilen bagly, emma gündelik durmuş üçin hem ýyldyzlaryň hereketi esasynda birnäçe öňdengörüjilik aýan edilýär. Aglaba halatda täleýnama ynsanyň doglan ýyldyzy bilen baglylykda çözülýär. Haýsy ýyldyzyň astynda doglandygyňa seredip, şol ýyldyzyň adyna, häsiýetine laýyk gelýän zatlar esasynda täleý okamak edähet bolup galypdyr. Gündelik täleýnamany okaman ýa-da diňlemän, okuwyna, işine gitmeýän adamlara hem gabat gelinýär. Olar gündelik durmuşynda boljak zatlary şol günüň säherinde ýa-da ondan bir gün öň bilmegi şeýle bir küýseýärler, ol ýerde näme ýazylan bolsa, diňe şoňa garaşybam gezýärler. Şu günki täleýnamasynda "Iň gowusy hiç zada ýapyşman, täze işiň başyna barman, bir ýeriňizde gozganman oturyň. Bu gün başlajak işiňizde girdeji hem bolmaz, netije hem" diýlip ýazylan bolsa, gaýraty daş ýaryp duran ynanjaň ynsan köp zady gazanyp boljakdygyna garamazdan, gozganman oturanyny eý görýär. "Bu gün biri bilen sögüşersiňiz" diýip ýazylan bolsa, üns bermeseň, geçip gitjek, ýöne sähel gop berdigiň, ýaýrawy örňejek jenjeli hem "hökman bolaýmaly zat hökmünde" kabul edýärler we ur-tut agyz deňäp, ýaka tutluşmaga çenli eltýärler. Nämemişin, bu zatlar "täleýnamada" hem öňünden ýazylanmyşyn. Ýa-da bolmasa "Bu günki duşuşyk ykbalyňyzy mese-mälim üýtgeder" diýen köp gaýtalanýan we anyk bir zat ýaňzydylmaýan jümleleri her kim öz

mätäçligine görä dürlüçe ýorýar. Öýlenmedik ýaş-ýeleň ony kimdir biriniň sähel ýylgyrmasyna, öýli-işikli ýaş juwan kimdir biriniň üsti bilen gazanyljak rysgala, garaz, gereklidigine görä ýorum edýärler. Onsoň, hakykatyna göz aýlaman, sähel sebäp döredýän zatlaryň üstüni çişirmek öz hyýalbentligiňe bagly – netijede bolsa gazanylýan zat garaşylýan umydy ödemeýär. Şeýdip adamlar öz ykballaryny çäkli düşünjeleriň we düzgünleriň galybyna salýarlar. Durmuş hakda özbaşdak, erkin pikirlenmek, zähmete yhlasly ýapyşmak, maksada okgunly hereket etmek meselesi ikinji-üçünji orunlara geçýär. Kim tarapyndan kesgitlenendigi mälim bolmadyk “ykballara” gul bolup ýaşaýarys. Öz elimiz, aňymyz, döredijilik güýjümiz, tebigy zehinimiz, başarnygymyz bilen ýyldyzlara sala salman hem ýaşap bilýändigimiz hakdaky hakykaty unudýarys. Eýsem, şeýle özüne çekiji we bir okasaň, bendi ediji täleýnamalaryň aňyrsynda nähili hakykat ýatyrka? Ýer ýüzünde alty milliarddan agdyk ynsan, asmanda bolsa täleý garalýan on iki sany ýyldyz bar. Göräýmäge, şol on iki ýyldyzyň ornuny, ugruny bilseň, adamzadyň ykbalyny kesgitlemeklik kyn zadam däl ýaly. Şeýle “Täleýnamalaryň” hakykat bilen baglanyşygyny derňäp, daşary ýurtly alymlaryň birnäçesi köpsanly ylmy derňewleri, tejribeleri alyp bardylar. Bu ugurdaky synag-tejribe işleri dünýäniň käbir ülkelerinde henizem dowam edýär. Ýöne, dürli-dürli ýollar, usullar arklay geçirilýän şol synag-tejribeler, aglaba halatda, aşakdaky netijäni berýär:

Kanadaly alymlar 1958-nji ýylyň mart aýynyň başynda doglan 200 sany çaganyň ykbalyny we ösüşini 25 ýylyň dowamynda üznüksiz gözegçilikde saklapdyrlar. Bir wagtda doglan şonça çaganyň arasynda durmuş, ýaşaýyş, ukyp-zehin, başarnyk taýdan birjikde meňzeşlik tapylmandyr.

Amerikan astronomlary Jorj Kalwer we Kristina Ýenna soňky 5 ýylyň dowamynda tanymal kinoakterlar, syýasatçylar we beýlekiler hakda müneјјimleriň we ýyldyzşynas (astrolog) guramalaryň aýdan sözlerini derňäpdirler, emma aýdylanlaryň diňe 10 göterimi hasyl bolupdyr.

Gollandiýada bir synag geçiripdirler. 44 sany astrolog-müneјјimiň her biri aýratyn otaga ýerleşdirilipdir. Birek-birek bilen habarlaşmak mümkinçiligi bolmandyr. Olara doglan senesi kagyzyň ýüzüne ýazylan 7 sany adamyň täleýnamasyny okamaklygy tabşyrypdyrlar. Netijede, müneјјimler bu çagalaryň ykbaly, geljegi hakda düýbünden gapma-garşy, birek-birege çapraz gelýän maglumatlary aýdypdyrlar.

Amerikaly fizikaçy J. Mak-Jerwi 17 000 alymyň we 6000 syýasatçynyň doglan gününi zodiak boýunça deňeşdirip görüpdir. Sanaýmaly adamyň ykballarynda birlän-ikilän gabat gelen ýagdaýlary hasaba almasaň, ol täleýnamada aýdylýan zatlara düýbünden çapraz gelipdir

Parižli  maglumatşynas Mişel Goklen Ýewropanyň 41000 sany ýaşaýjysynyň doglan senesini, doglan ýerini we wagtyny barlap görüpdir. Şolaryň 16000-si alym, aktrisa, artist, sportsmen ýagny tanymal adamlar, 25000-si bolsa adaty halk köpçüligi eken. Goklen ýyldyzlaryň dogýan, ýaşýan we ýerleşýän wagtlarynyň ynsan ykbalyna hiç hili täsiriniň ýokdugy hakdaky netijä gelipdir.

Miçigan uniwersitetiniň psihology Bernard Silwerman 2978 sany nikada duran  maşgalanyň we 478 sany aýrylyşan maşgalanyň  durmuşyny täleýnama (goroskop) boýunça derňäp görende, “ýyldyzlary duşmaýan” jübütleriň “ýyldyzlary duşýan” jübütlere garanyňda has agzybir ýaşaýandyklaryna, dil tapyşýandyklaryna göz ýetiripdir.

Şeýle tejribäni geçirip gören meşhur psiholog Karl Ýung 483 sany jübütiň täleýnamasyny deňeşdirip görende, täleýnamalarda aýdylýan

zatlaryň hakyky durmuşa asla gabat gelmeýänliginiň  üstünden barypdyr.

Matematikanyň, hasap ylmynyň bir kanuny bar "Goşulyjylaryň ornuny üýtgedeniň bilen, netije üýtgemeýär". Şeýle tejribeleri, synaglary dowam edeniň bilen ahyrky netijäniň üýtgemejekdigi düşnükli. Onsoň öz ykbalymyzy ýyldyzlara görä gurnamaklygyň biderek zatdygyna ynamyň artýar. Internet sahypalarynda biri-birininkä asla gabat gelmeýän müňlerçe täleýnamanyň bardygyny göz öňünde tutsak, "her mollanyň bilşine görä okaýandygy", ýöne "bilşiňe görä okamaklyk" bilen dogry, dürs okamaklygyň tapawutly zatdygy pikiriňde janlanýar.  Belki, Gün, Aý, ýyldyzlar ýaly daşky we alysdaky älemleriň durmuşymyza hiç hili dahyly ýokdur diýmegem galatdyr. Olar heniz ylyma mälim bolmadyk tolkunlar we meýdanlar arkaly täsirini ýetirýän bolmagy mümkin, ýöne müneǰjimleriň milliardlarça ýyldyzyň arasyndan diňe on iki sanysyna esaslanyp, ömür, ýazgyt hakda netije çykarmasy ynandyryjy däl duýulýar. Eger bir ýyldyz täsir edýän bolsa, galan milliard ýyldyz hem täsirsiz bolmaly däl. Ýöne, bularda şeýle täsir hem bar bolsa, olar ykbal özgerdiji täsire eýe däldirler. Akyldarlaryň biriniň "Çaga doglan wagty onuň geljekki ykbalyna asmandaky ýyldyzlaryň däl-de onuň göbegini kesen enäniň has köp täsir edip biljekdigini unutmaň" diýmegi, ýyldyzlaryň göçüp-gonuşyndan gözlenilýän takdyrdyr täleýiň manysyz bir zatdygyny delillendirýär. Ykbaly özgerdip biljek täsir   asmandaky ýyldyzlarda däl-de adamyň öz gursagynda, ýüreginde bar bolan ynamda jemlenendir.

Gursaklarda ol ýyldyzlaryň hysyrdysyny, howsalasyny, müneǰjimleriň olara baglap aýdýan ýerliksiz gep-gürrüňlerini  göterip ýörenimizden, durmuşymyzy, ýörejek ýollarymyzy örüsi çäkli germewleriň arasyna salanymyzdan bar zada erki-hökmi ýetýän Ynamy saklamaklyk iňňän

netijeli we manylydyr. Täleýnamalarda aýdylýan ýagşy-ýaman sözler hiç wagt haýyr işe bolan yhlasymyza ynamsyzlyk salmasyn, ýola düşen asylly matlaplarymyzdan alyp galmasyn, badymyzy bökdemesin! Eger müşgil işler ýüz berende, aljyraňňylyga düşeniňizde, ugrugar ýaly bir manyly söze mataç bolsaňyz, her gün säher ýola çykylanda gadymy kitaplarda aýdylan hikmetleriň pyşyrdysy gulagyňyzda ýaňlansyn dursun: "Ýaşaýan her bir günümizde Ýaradanyň bendesine niýetlän bir gowulygy bardyr. Biribaryň beren güni sähetdir. Ynanýan adamlara bagt wada berlendir. Ýürekde saklanan ýeke-täk Ynam müň zadyň aladasyndan aşyryp, sizi barmaly ýeriňize hökman elter! Diňe gowulyklara garaşyp ýaşaň!". Goý bir günlük, hepdelik, aýlyk, ýyllyk we ömürlik "täleýnamaňyz" atalarymyzyň uýan arassa düşünjeleri esasynda düzülsin!

23

# Süýem barmak

Guşuň uçmagy üçin diňe ganat ýeterlik däl, ilki galkmak, soň ýere endigan gonmak üçin sagdyn aýagam gerek. Biz aglaba halatda arzuwly adamlary ganatly guşa meňzedýäris. Olaram käte diňe uçup ýörmelidir, asmanda serhet, çäk diýen kesgitlemeler ýokdur öýdýärler. Emma islendik işiň başyna baraňda, arzuwlaryň ak guş ýaly ganat kakyp, gaýyp ýörse-de, özüň örküňi ýerden üzmeseň gowy. Ýerden aýagyny üzdügi adam asyl durkuny ýitirýär, köküñden uzaklaşýar. Çünki ol toprakdan ýaradylan. Bu her bir adam babatda şeýle. Jemgyýetde sarpasy tutulmaýan, sylagy bilinmeýän adam ýok. Ýaňy dünýä inen körpelerden başlap köpi gören gojalarymyza çenli her bir adam döwletiňem, jemgyýetiňem hazynasy hasaplanýar. Ýöne bularyň arasyndan ýaşlara, ýaş nesillere bildirilýän ynamyň çägi welin, serhetlere sygmaýar. Ýaşlar -- döwrüň ýüzüniň tuwagy. Olar döwletiň kuwwatly bilegi. Ertirki günüň, döwrüň nähili ýagty boljakdygy şolara bagly. Geljek ýylyň baharynda nähili miweleri iýesiň gelýän bolsa, onda şu ýylyň daragtyna, ýaş nahallaryna uly yhlas siňdirmelidigi düşnükli. Topragy agdarylan, düýbi depilen, suwdan paýy ýeten zat diňe hasyl berip, gülläp, hoşalap oturýar. Ýaşlar her bir zatda ula-kiçä görelde bolmaly. Munuň üçin, ilkinji nobatda, sagdyn pikirlenmäge ukybyň gerekdigi pentlerde, sargytlarda ündelýär. Megerem, halal we haram, ýagşy we ýaman, çyn we ýalan ýaly zatlary saýgarmak, seljermek, dogrusyny

saýlap almak, ýagşysyny ileri sürmek ýaly hereketler hem şondan syrygýan bolmaly. Ýaşlar ata-babalarymyzyň watançylyk, ar-namyslylyk, ahlak arassalygy, ruhubelentlik ýaly öwüt-ündewlerine pugta eýermelidirler. Atalaryň akylly sözlerine, eneleriň asylly öwütlerine uýmalydyrlar. Özüňe siňdirilen her bir zat hökman hasyl berýär: ýagşy bolsa, gözel zatlar; ýaman bolsa, ýaramaz zatlar ýüz berýär. Halallyga eýerip, ýalňyşan adam ýok. Harama ulaşyp, eýigen kişini tapmarsyňyz.

Adamyň zanny, ynamy-imany göwhere deňelipdir. "Altyn agarsa, saraldyp bolar. Kümüş garalsa, agardyp bolar. Göwher zaýalansa, oňa alaç ýokdur" diýip, göwheriň çüýrügini hiç bir zat bilen düzedip bolmaýandygyny aýdypdyrlar. Özeni çüýrük bolsa, ahyry bir gün çat açýandygy hemmä mälim. Ýogsam şolam, daşyndan göräýmäge, ýaldyrap duran ýylmanak daş...

Bildirilen ynamy ödemezlik türkmen üçin uly biabraýlyk hasaplanýar. Ynamy öz bähbidiňe peýdalanmak özüňe hyýanat etmek bilen des-deňdir. Ol tutuş iliň ynamyna kast etmekdir. Beýle adamlaryň beýnisi gubarly, kellesi humarly, ýüregi galplykdan göçgünli bolýar. Gözi bähbidinden aýry zady, bähbidinden aňyrsyny görüp bilenok. Dünýäni, durmuşy diňe özüniň akyl galybynda ölçeýär. Hemme zady şoňa sygdyrjak bolýar. Amatyny tapsa, alyna daýanýar. Ne iliň ynamyny göterip bilýär, ne özüne ynanylan wezipäni göterinip bilýär. Megerem, "saly gowşaklyk" şol bolsa gerek. Onsoňam her bir işde, ýagdaýda özüne erk edip bilmeýän adama erkin diýilmeýär. Beýle adamlar bolgusyz haý-höwesiniň guly, ýaman işleriň ýesiri bolup gezýär. Elbetde, uly daragtda bir miwä gurçuk düşüp biler. Uly hozuň bir miwesi çüýrük çykyp biler. Ýöne her kimiň ilki nazar salýan miwesi çüýrük bolsa, has ýamany şol. Ýaşlara baş bolup, olaryň döwletli işine ilki bilen

özi girişmeli, ýaşlary halal ýola, asylly hereketlere, sogaply amallara höweslendirmeli adamyň hut özi ýaramaz hereketleri bilen adamlary özünden yza tesmäge mejbur edýän bolsa, ol jemgyýetiň ösüşine salynýan badakdyr, hemmeler üçin biabraýlykdyr. Bir gezek Allatagala Musa pygambere garap: "Eý, Musa, men saňa adamlary özüňden çetleşdir diýmedim, saňa ýagşy gylyk-häsiýetler, adamkärçilik bilen olary özüňe çekmegi, olara nusga bolmagy tabşyrypdym" diýipdir. Nusga bolmaly adamyň özi gabahat hereket etse, oňlanmajak häsiýetlere duwlansa, wezipäni, ynamy şahsy bähbidi, gara nebsi üçin peýdalansa, onda beýik zamanymyzyň ösüşine jan aýaman goşant goşýan, döwrüň depginine deň aýak goşýan ýaşlarymyz ondan çetleşmezmi näme? Olaryň ýüregine sowuklyk aralaşmazmy eýsem?

Her bir ynamyň arkasynda özüňden ödelmeli borçlar, jogapkärçilik duýgulary ýatyr ahyry. Ýa-da adamlaryň käbiri özüne ynanylan wezipäni özüniň mülk ýeri hökmünde göz öňüne getirýärlermikä? Borçlulyk we jogapkärçilik duýgulary ýatdan çykanda, ne ynamyň mukaddesligi, ne adamlaryň gymmaty galýar. Ynsan tebigaty her bir borja, jogapkärçilige biperwaý garasa, edep-terbiýäni, düzgün-nyzamy kabul etmäge ukyply bolmasa, ol özüniň şol ýaramaz gylygy bilen ýaşaberýär. Onsoň bütin ömri çagalyk döwründe öwrenen endigi, oý-hyýallary bilen gurşalýar. Onuň tebigaty çem gelen häsiýeti seljermezden kabul edýär. Düşünjesi dar adamlar bolsa, elmydama öz pikirlerini gögertmegiň ugrundadyr. Akyldarlaryň biri adamyň gylyk-häsiýetini dik duran süýem barmaga meňzedipdir. "Süýem barmak ýumulsa, beýleki barmaklar hem egilmek bilen boluberýär. Şonuň üçin ahlak-häsiýetleriňizi egmejek boluň. Bir egilse, suw serpikden agar we soňra ony düzetmek hupbat berer" diýipdir. Saly gowşak adama göterinmek juda kyn düşýär. Ýeri gelende-de gözüňe çöp atyp, al saljakdan, aldajakdan. Ol edil jöwzaly günleriň birinde gözüňe suw bolup

görünýän we seni aldaýan salgyma meňzeýär. Ýöne salgym hiç wagt suwa öwrülmeýär.

Borjuna dogry düşünýän, halal zähmet çekýän adamyň hormatam, sylagam il gözünde beýikdir. Her bir işde hallallygy, köpüň bähbidini özüňe hemra edinmeli.

Eliňe pil berilse, ýer agdaryp biljeksiň. Tohum berseler, sepip biljeksiň. Jylaw berseler, at münere gaýratyň bardyr. Galam tutdursalar, ýazara ukybyň bardyr... Mahlasy, bir zat tabşyrylýan bolsa, şony edip biljekdigiňe ynanyp tabşyrýandyrlar. Özümize bildirilen ynama kast etmäliň!

24

# Telewizor, telefon we Internet

***hem-de olaryň ahlak terbiýesine täsiri***

(Telewizor, telefon, internet we ahlak terbiýesi)

Köpri bir kenardan beýlekä aşmak üçin gurulýar, aşagynda bukulyp, adamlary ürküzmek üçin däl. Aýdym göwünleriň hoş owaza teşneligini gandyrmak we ýagşy işlere ugrukdyrmak üçin aýdylýar, haýyr işlerden ünsüňi sowdurmak üçin däl. Dünýäde, durmuşda bar bolan islendik zadyň haýsydyr bir maksat, niýet bilen emele gelýändigi düşnükli. Her bir zady özüniň asyl maksadynda ulanmak, haýyrly, döwletli ýerlerde peýdalanmak, ýagşylygyň örňemegine, rysgyň giňemegine we bereketiň zyýada bolmagyna getirýär. Ynsany gyzyklandyrýan esasy meseleleriň biri hem bagtly we bol-telki durmuşda ýaşamak. Şol maksadyň ugrundaky ylgawyna, yhlasyna, durmuş meýdanyndaky saýlawyna, ygraryna görä hem özboluşly menzillere ýetýär. Aklyna we amalyna muwapyk derejeler gazanýar. Ynsanyň içki we daşky dünýäsi sazlaşykda ýaşanda, maksatlaryň hasyllylygy göz öňünde tutanymyzdan hem artyk bolýar. Gündelik durmuşyňda synap görmek agyr düşmeýän bu halyň netijesi we hakykaty gadymy hytaý akyldarlarynda, ýapon monahlarynda, hindi ýogalarynda, gündogar sopularynda öwran-öwran tekrarlanýar. Aslynda bir hakykat bolmasa,

dürli dünýägaraýyşdaky akyldarlaryň birmeňzeş netijeli bu sözi asyrlary aşyp, bu günlere gelip ýetmezdi.

Gurluşy, ýasawy täsin we bitirýän hyzmatyna aperin diýdirýän tehnologiýalar bu gün dünýäni gurşap aldy. Bir wagtlar akyla sygdyryp bolmajak zatlar bu gün gündelik ýaşaýşymyza ymykly ornaşdy. Şolarsyz durmuşy göz öňüne getirmek mümkinem däl. Dünýä taryhçylary adamzadyň ömrüni birnäçe eýýamlara – daş eýýamyna, bürünç eýýamyna, demir eýýamyna bölen bolsalar, diňe şu asyryň özüni tehnologiýalar we maglumatlar eýýamy diýip atlandyryp bolar. Ynsanyň asyrlar boýy el, aýak, dil bilen bitirip gelen gymyldy-hereketlerini bu gün ýörite enjamlar ýerine ýetirýär. Ýöne, ýasama zatlar tebigy barlyklar ýaly täsir etmeýär. Ýasama zatlar hökman ikuçly bolýar: olaryň aglabasynda haýyr we şer deň derejede saklanýar. Ýeterlik üns berilmese, tehnikanyň işjeňligi ynsanyň kadaly beden we aň işjeňligini bozup, olary barha ýaltalyga iterýär. Durmuşymyza mazaly ornaşan, giň gerim bilen ýaýran tehniki tilsimatlardan: telewizor, telefon we kompýuter hakda gürrüň açylsa, olaryň gyzykly, täsirli, özüne çekiji söhbetlerine soňlanma ýok. Häzirki zaman maglumat berijilik ulgamynda, habarlar ummanynda bu üçüsiniň orny-ähmiýeti örän uly. Dünýäniň ol ujunda bolýan wakalardan oturan ýeriňden habarly bolmak, sözüňi, sesiňi sekuntsalymdan dünýäniň islendik künjüne ýetirip bilmek, maglumatlary gözlemek, tapmak, öwrenmek we özleşdirmek üçin, ine, elýeterli hazyna, giden mümkinçilik. Susaklap däl, çanaklap alanyňda hem egsiljek gümany ýok. Bularda berilýän habarlar, wakalar, kyssalar dünýäni özgertmäge ukyply. Iň bolmanda, köpe täsirini ýetirip bilýär. Bu bolsa ilkinji nobatda adamy üýtgedip bilýändigini görkezýär, çünki adam özgermese, älem özgermeýär. Dumly-duşdan dürli-dümen habarlaryň, maglumatlaryň äpet tupan ýaly gomaýan, möwjeýän zamanasynda, şeýle oýunlaryň täsirine berilmän, özlügiňi ýitirmän sakla-

mak, milli we ruhy-ahlak gymmatlyklarymyzy goramak, ata-babalarymyzyň Watanperwerlik we adamkärçilik ýoluna wepaly bolmak howa ýaly zerur. Bizi şeýle harasatdan Nuhuň gämisi deýin halas edip biljek ilkinji zat bolsa arassa ahlak gymmatlyklarymyz. Ruhy-ahlak terbiýesi başyny başlan her bir işimizde ýoldaşymyz. Özümiziň duýgy-düşünjämize laýyk hereket edip, eken daragtymyzyň miwesini ýolýarys. Eger gazanan hasylymyz garaşýan zadymyz bolup çykmasa, onda biziň başda nebsimize gowy görnen, ýöne aslynda düýbünden gerekmejek zady ekendigimizi aňladýar. Hormatly Prezidentimiz ýaşlarymyzyň ahlak taýdan arassa, giň dünýägaraýyşly, çuňňur düşünjeli, ylym-bilimli bolup ýetişmegi üçin ähli mümkinçilikleri döretdi. Milletiň Lideri döwlet syýasatynda ileri tutýan esasy ugurlaryň biri we jemleýjisi hökmünde ahlak meselesini saýlap almagy ahlak terbiýesiniň halkyň genofonduny arassa saklamakda nähili ornunyň bardygyny subut edýär. Bu terbiýä çynlakaý üns berilmelidigini görkezýär.

Ahlaklylyk gaty giň düşünje. Ol ynsan häsiýetlerindäki, adamlaryň özara gatnaşyklaryndaky ähli düzgün-tertibi, edepliligi, medeniýetliligi öz içine alýar. Edim-gylymdan edebe, düşünjeden dessura öwrülip galan oňyn häsiýetler, sogaply hereketler elmydama eý görülýär. Ol işleriň ilerlemegine itergi berýän ilkinji sebäplerdir. Ahlak gymmatlygy uly hazyna. Ýitirseň, öwezini Karunyň baýlygy, Süleýmanyň mülki, Isgenderiň genji, güýji bilenem ödäp bolmaýan uly ýitgi. Ol bir adama, bir maşgala we bir halka müňýyllyklara uzaýan ömri hem-de abraýy bagyş edip bilýän gudrat. Türkmeniň owal-ahyrda beýik millet bolup galmagynda onuň ahlak gymmatlyklaryna uly sarpa goýýan halkdygy, ahlakly halkdygy tutarykdyr.

Gadymy mirasymyzyň her bir çeşmesinde edeplilik ündelýär. Zerre ýaly ownuk sözdür welin, zerden täsirli duýgulary bar. Hat-da garyn-

daşlaryň bilen gatnaşygyňy üzmezlik, ýalňyşlyk edeni bagyşlap bilmeklik, ýetip durka, ýardam goluny uzatmaklyk, köpüň göwnüne jaý, maňzyna batýan hereketleri etmeklik hem ahlaklylyk. «Ahyret gününde mizan terezisinde gözel ahlakdan agyr geljek hiç zat ýokdur» diýilýär. Dünýä durmuşynda hem hut şeýle. Ahlagy gözel, häsiýeti düzüw, garaýşy düz adamlaryň ähli ýerde islenilýändigi, küýsenilýändigi hakykat. Ahlaklylyk diýlende türkmeniň edep-haýasy, namys arassalygy, päk matlaplylygy göz öňüňden aýrylmaýar. Abraý-mertebe, namys her türkmeniň ýüzüniň tuwagy. Türkmen bu söze şeýle bir pitiwa berýär welin, hatda «ahlaksyz» diýen ýaman ada galanyndan dowzah oduna daglanany ýeňil görýär.

Hormatly Prezidentimiziň Döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde ahlak gymmatlygyna uly üns bermegi tötänlik däldir. Türkmeni millet hökmünde beýiklige galdyrýan bu gymmatlygy özgerip duran häzirkizaman dünýäsinde aýratyn alada bilen gurşamak zerurlyk bolup durýar. Dünýäniň habar beriş serişdeleriniň, tehniki tilsimatlaryň ösmegi bir tarapdan dünýä täzeliklerini, ajaýyplykaryny, geňtäsin zatlary, ylmy açyşlary dessine bilmeklige mümkinçilik döretse-de, beýleki bir tarapdan dürli mazmunly habarlaryň, aňymyza nälaýyk gelýän kinofilmleriň köpelmegi, sagdyn jemgyýete ýaramaz täsirini ýetirmän duranok. Çünki, çanakda näme bar bolsa, daşyna-da şol dökülýär. Her kim özünde bar zady berýär. Olaryň käbirleriniň maksady, matlaby müň dürli, müň öwüşginli habarlar, ahlak arassalygyna ters gelýän filmler bilen ýaşlary özüne çekmeklikdir. Ruhumyza ýat düşünjeleriň girdabyna gark bolmazlyk, bozuk garaýyşlaryň halkasynda boglup galmazlyk üçin nesilleri belent ruhda, arassa ahlakda terbiýelemek durmuşyň ýüze çykaran zerurlygy, döwrüň aňyp bilen uly paýhasy boldy.

Bu gün telewizorsyz öý-ojak bardyr öýdülenok. Sähralyklaryň jümmüşinde goýun bakýan, daglaryň gerşinde dowar otladýan çopanlarda hem telewizor bar. Agy-garany saýgaryp başlandan, telewizoryň uzakdan dolandyrylýan abzalynyň düwmeleri hem çagalara gyzykly oýunjak. Telewizorda görülýän zatlaram olar üçin şeýle bir gyzykly, çagalygynda gören zatlarynyň suraty beýnisine mäkäm ornaşsa, eşden zatlary bilen gulagy mazaly ganýar. Emma, çaga çaga bolýar, gündogar akyldarlarynyň biriniň aýdyşy ýaly, ýylanyň owadanlygy çagany özüne şeýle bir imrindirip biler, emma onuň zäherlidigini, jana howpludygyny bilmez we onuň bilen oýnasy geler durar. Bu telewizor babatda hem örän dogry. Dürli öwüşginli, reňki goýy berlen multfilmler, kinofilmler, mahabatlar şeýle bir kän, olaryň aglabasyny çaga görkezmeklik düýbünden nädogry. Haýsy zadyň haýyr ýa-da şerdigini saýgaryp bilmeýän wagtlary islendik zat olar üçin aň iýmiti. Ynsan gözi bilen gören zadyndan has ýiti täsirlenýär. Ol çagalaryň terbiýesine ornaşýar, aňyna siňýär. Şeýle halatda ynanja, messebe, ahlaga gabat gelmeýän, ýaramaz nysakly filmleriň ýa-da telegepleşikleriň yzygider köp görülmegi näme oklasaň, dessine gögerdýän çaga beýnisini özüne ýesir edýär. Tapawudy ýok, jyklap gör, jiňkerip gör, görýän islendik zadyňa soňabaka gözüň öwrenişýär. Göz öwrenişensoň, gadagan zatlaram dura-bara adaty bolaýmaly zat hökmünde kabul edýärsiň. Ene-atalaryň käbiri çagalaryna islendik telekanaly açmaga, tomaşa etmäge, “dünýägaraýşynyň” giňemegine, köp zatlara “düşünmegine” uly mümkinçilik döredýär, esasy zat, ene-atalaryna päsgel bermän, öz başyna güýmenseler bolýar. Gije ukusyndan galyp, gorkunç filmlere tomaşa edýän ýa-da haýsy ýerde näme görkezseler gözüni aýyrman görýän çagalar az däl. Olar görýän zatlarynyň täsirine şeýle bir berilýärler, ýaramaz ýa ýagşydygyna garamazdan, özlerini şol dünýäniň baş gahrymany hökmünde göz öňüne getirýärler. Olaryň huşy hem, düýşi hem şeýle dar-

kaşlardan, ýiti wakalardan doly. Olar durmuşda hem diňe şeýle wakalaryň gözleginde bolýarlar. Onsoň, on bäş ýyllap diňe gorkunç, eýmendiriji, ahlaksyz filmleri, telegepleşikleri synlan çaga bilen şonça wagtyň dowamynda kesp-hünär öwredýän, ruhy-ahlak taýdan has kämilleşdirýän filmlere, gepleşiklere tomaşa eden adamyň duýgy-dünýäsi, öňünde maksat goýuşy, maksadyna ýetmek üçin edýän yhlasy deň geler öýdýäňizmi? Biz çagalarymyzyň özümize bir salym "päsgel bermezlikleri" üçin olary nähili bitertiplige iterýändigimizden, uzagyndan netijesini görkezýän geleňsizlige, ulyny sylamazlyklaryna, diňe öz bähbidini bilýän nesil bolup ýetişmegine gapy açýandygymyzdan habarlymykak? Biz olary telewizoryň öňünde erkin goýmak bilen olary niçiksi uçudyň gyrasynda goýýandygymyz hakda pikir öwremzok.

Telewizor aňa ýiti täsir edýär. Ol adamlary birek-birekden üzňeleşdirýär.  Kiçi ýaşly mekdep okuwçylaryny okadýan mugallymlaryň biri okuwçylaryna özleriniň isleg-arzuwy, näme bolasy gelýändikleri, Alladan näme dileýändikleri hakda düzme ýazmagy tabşyrypdyr. Sapak gutarandan soňra, mugallym okuwçylaryň ýazan ähli düzmesini öýde okamak üçin ýany bilen alyp gaýdypdyr. Okuwçylaryň ýazan her bir düzmesi mugallyma ýiti täsir edipdir. Olaryň arzuwlary, islegleri, göwün ýüwürtmeleri sadadan aýdyň, şol bir wagtda hem ýürek gozgaýjy ekeni. Mugallym şol düzmeleriň birini okanda welin, gözüne ýaş aýlanyp gidipdir, aglap başlapdyr. Şol wagt gapydan giren ýanýoldaşy onuň aglap durmagynyň sebäbini sorapdyr. "Ine, şu ýazylan düzme meni aglamaga mejbur etdi. Ony özüň okap gör" diýip, elindäki düzmäni ýanýoldaşyna uzadypdyr. Düzmäniň mowzugy: "Meniň telewizor bolasym gelýär". Ol okamaga başlapdyr: "Eý, Alla jan, men saňa şu gün ýörite aýratyn haýyş bilen ýüz tutýaryn. Meniň telewizor bolasym gelýär. Telewizora öwrülesim gelýär. Telewizor ýaly ýaşasym gelýär. Men öz öýmüzde telewizoryň ornuny tutasym gelýär.

Goý, biziň maşgalamyz meniň töweregimde halkalaýyn, tegelenip otur-syn. Men olaryň esasy üns merkezinde bolaýyn, olar başga tarapa ýüz öwürmän, sözümi bölmän diňe maňa üns bersinler, diňe meni diňlesinler. Meniň her bir aýdýan sözümi çynlakaý kabul etsinler. Hat-da telewizoryň öçük wagty hem onuň daşyny, ýüzüni süpürişdirip, serenjam berip, alada bilen gurşaýyşlary ýaly maňa hem ähmiýet bersinler. Kakam işden ýadap gelende, onuň ýanynda men bolaýyn. Ejem darygyp ýa-da bir zada gynanyp, gyýylyp otyka, onuň ünsüni bölýän men bolaýyn. Doganlarym we jiglerim meniň bilen ýoldaş bolmak üçin, meniň bilen oturyşmak üçin dawalaşsynlar. Men maşgalamyzyň ähli zerur işlerini bir ýana goýup, hut meniň üçin ýanymda oturýandyklaryny duýaýyn.   Men olary ýadawlygyndan açaýyn, ynandyraýyn, begendireýin, dem-dynç bereýin. Eý, Allam, men durmuşdan kän zat hantama däl, ýekeje haýyşym, öýmüzde telewizora öwrülesim gelýär, telewizor ýaly bolasym gelýär!”. Ýanýoldaşy bu düzmäni okapdyr-da, başyny ýaýkapdyr: “Her ýerde çagasyna üns bermeýän, geleňsiz ene-ata bar-ow” diýipdir. Mugallym aglamjyrap oturyşyna şeýle diýipdir: “Ýöne, bu biziň öz oglumyzyň ýazan düzmesi...”.

II bölek

Eýsem, özümize başgaçarak görünýändigine garamazdan, çagalar ýa-da körpeje jiglerimiz ýanymyza gelende, “dursana, päsgel berme”, “bar, soňurak gel”, “aýryl öňümden”, “şuny bir görmäge goýuň”, “ýürege düşdüňiz-aý”, “ýuwaş boluň-how” ýaly sözler bilen, olary lapykeç goýup, dogrusyny aýtsaň, känbir haýry bolmadyk ýazgylara tomaşa edýändigimiz hakykat.  Hiç kimiň ünsümizi bölmegini islämzok, hatda şol wagt daşardaky siňegiň wyzzyldysy hem beýnä ýük ýaly görünýär. Tapawudy ýok, ol her sagatda gaýtalanyp we täzelenip duran dünýä habarlary bolsun, soňy ýok teleseriallar bolsun, oýny bilen

dünýäni kökerýän “Barselona” bilen “Realyň” arasyndaky futbol sahnalary bolsun.. çagajyklaryň ýa-da beýleki maşgala agzalarynyň ýüzüniň alynmagyna, soraglarynyň jogapsyz goýulmagyna asla degenogam. Türkmen üçin maşgala uly gymmatlyk. Onuň terbiýesi hem, aladasy hem üns merkezinden düşürilmeli däl. Muňa garamazdan, dünýä çempionatynda janköýerlik edýän futbol toparynyň utulandygy sebäpli, nahardan-tagamdan ýüz öwrüp, gamgyn gezýän, oýunçylaryň her bir hereketini seljerip, janyny ýakýan, halys bolmasa, bar günäni bekewüliň üstüne ýükleýän, kino gahrymanlarynyň şowsuzlygyna örtenýän... adamlar az däl. Aslynda gerekmejek zatlara gynanyp-gyýylmak we ýürege artykmaç agram salmak saglyga zyýanly täsirini ýetirýär. Birnäçe wagtdan soň ýüz berýän ýarawsyzlyklaryň we sökellikleriň şol zatlar sebäpli hasyl bolýandygy hakda asla pikir edemzok. Jan köýdüreniňe degýän zada janköýerlik etseň, başga gürrüň. Telewizoryň uly-kiçi hemmäniň duýgy-düşünjesine, ruhy terbiýesine, saglygyna täsir edýändigini nazara alsak, ol ýerde goýberilýän gepleşikleri, filmleri, dürli mahabatlary seljerip görmelidigi, kähalatda hemra kanallarynyň käbirini tutuşlaýyn aýryp taşlamagyň zerurdygy aňyňa dolýar.

Daşary ýurtda neşir edilýän gazet sahypalarynyň birinde şeýle waka beýan edilýär: “Bir gün bize alys ýerden myhman geldi. Kakam dagy ony mähir-hormat bilen garşyladylar. Öýüň töründe oturtdylar. Bu gelen myhman gepe-söze örän çeper ekeni. Ol dünýäde bolýan-bolmaýan, bolan we we asla bolmajak zatlar hakda agyz dolduryp gürrüň berýärdi. Biz onuň beýle köp zatlary bilşine, gürrüň berşine haýran galardyk. Kakam-a ir ertirden giç agşama çenli onuň sözüni bölmän, söhbetine gulak gabardardy. Ejem bolsa: “Siz öz myhmanyňyz bilen boluberiň” diýip, öz işini etmäge giderdi. Käteler öýde adam ýok wagty, bir özüm wagtym ol meni ýanyna çagyryp, heniz meniň oýhyýalyma sygmaýan zatlary hem gürrüň bererdi. Dogrusy men arak

içmegi, çilim çekmegi, özüňe gerekli zady dürli ýollar bilen gazanmagy, diňe özüňi bilmegi... şondan öwrendim. Ol gürrüň berende özümi şol wakalaryň içinde ýaly duýardym. Bu myhman bir gelensoň, bizden asla gitmedi. Bilýäňizmi, bu gelen myhmanyň ady – telewizor...”. Häzirki zaman ösen jemgyýetçilik dünýäsinde telewizorsyz oňmak mümkin däl, emma ol ýerde goýberilýän gepleşikleriň sagdyn terbiýä we paýhasa laýyk gelmelidigi hökmany. Şu nukdaýnazardan seredeniňde, milli we ruhy-ahlak gymmatlyklaryna uly sarpa goýulýan ýurdumyzyň ähli teleýaýlymlarynyň adamzat bähbitli wezipäni ýerine ýetirýändigine buýsanjyň artýar.

Uzakly gün telewizoryň öňünde daňlyp oturmagyň çaganyň psihikasyna ýiti we ters täsir edýändigi mälim. Wakalara we hadysalara berilýän çözgüt çaganyň netije çykaryp bilijilik we özbaşdak pikirlenmek ukyplaryny gowşadýar. Zehin ýaltalygyna ýol açýar. Ynsan beýnisini işjeňleşdirýän, ösdürýän esasy zatlaryň biri bolsa her bir zat hakda özbaşdak pikiriň, özbaşdak pikirlenmäniň bolmagydyr. Uzak gününi telewizoryň öňünde geçirýän çaga gören, eşiden zatlary bilen kanagatlanyp otursa, onuň sözleýiş we pikirleniş güýji gowşak hereket edýär. Kähalatlarda diňe telewizory synlap, diňläp oturmak beýlekiler bilen sözleşmäge, gürleşmäge zerurlyk goýmaýar. Bu bolsa käbir ýaş çagalarda sözleýiş ukybynyň pese gaçmagyna, hat-da “klip sindromy” diýilýän ýagdaýa uçramagyna getirýär. Ol dört ýaşyna ýeten çaganyň telebaglylyk zerarly gürläp bilmezligidir. Käbir maşgalalar çagalaryny zyýanly, ýaramaz täsirlerden goramak, telebaglylygyň öňüni almak üçin asla öýe telewizor salmaýar, satyn almaýar, tomaşa etmäge rugsat bermeýär. Emma bu hem düýbünden nädogry hereket. Perzendiň aňdüşünje taýdan deň-duşlaryndan asgyn bolmazlygy üçin olaryň ýaşyna we aňyna laýyk gelýän gepleşiklere tomaşa etmegi gerek. Emma gerekli zatlaryň içinden hem ilkinji nobatda has zerurlaryny saýlamagy başar-

maly. Günüň dowamynda daşaryň ýagtysyny görmän, Günüň gerekli çoguny süňňüňe siňdirmän, dört diwaryň arasynda diwana ýa ýassyga daýanyp, başga gymyldy-hereket etmän oturan çaganyň köpçülige garylyp-gatylmagy kyn bolýar, süňňi gowşaýar. Daş-töwerekde, açyk tebigatda öz deň-duşlary bilen gülüp-degşip, oýun oýnaýan çagalar ruhy taýdan sagdyn, ruhubelent we maksada okgunly bolýar. Öýde telewizor hiç bir halatda maşgala agzalaryndan öňe geçmeli däldir. Ene-atalaram, perzentlerem ilkinji nobatda özlerine zerur bolan telegepleşiklere tomaşa etmegi ýerlikli görünýär.  Telewizorda goýberilýän gepleşiklere, teleseriallara gyzygyp, gündelik ähmiýetli işleri we çaga-perzent terbiýesini gaýra goýmak, soňa süýşürmek oňlanylmajak ýagdaý. Çagalaryň günüň dowamynda ähmiýetli telegepleşiklere 1-2 sagat tomaşa etmegi ýeterlik. Galanlaryny kitap okamak, dürli sport oýunlaryna meşgullanmak, ene-ata kömek etmek bilen geçirmek juda ähmiýetli. Şeýdilende beden we ruhy terbiýe has kämil bolar. Manysyz, iň bolmanda ömrüňe birje many çaýmajak, zerre haýry bolmajak filmlere, gepleşiklere tomaşa edeniňden, owadan suw çüwdürimler bilen bezelen seýil baglaryna, Saglyk ýollaryna, teatrlara, köpçülikleýin medeni çärelere maşgalaň ýa-da deň-duşlaryň bilen gitmek ruhy taýdanam, beden taýdanam ähmiýetli. Hormatly Prezidentimiz ýaşlaryň ruhy we beden taýdan sagdyn bolmaklary üçin ummasyz uly mümkinçilikleri döredýär. Paýtagtymyzda we ýerlerde gurulýan sport desgalarynyň sany gün-günden artýar. Ýurdumyzyň tele we radioýaýlymlarynda arassa ahlaga muwapyk gelýän gepleşikler, sözler, söhbetler, aýdym-sazlar goýberilýär. Hormatly Prezidentimiziň bu aladalarynyň sakasynda ruhy-ahlak gymmatlyklaryna uly sarpa goýýan halkymyzyň ömrüne bagyş edilen bereket we dowamat ýatyr.

***

Heniz öýjükli aragatnaşyk ulgamlarynyň ýurdumyzda ýok mahaly, oba adamlarynyň telefonsyz oňňut edýän wagtlary, adaty “simli telefonlaryň” hem doly ýaýramadyk döwürlerinde şäherli bir tanşymyzda myhmançylykda bolduk. Myhman ýerimiziň körpe ogly telefonda bäş minut çemesi gürleşip, trubkany ýerinde goýdy. Öý eýesi: “Oglum, telefonyň esasy maksady hal-ahwal soraşyp, zerur habaryňy mälim etmekdir, gybat etmek däldir” diýipdi. Ondan bäri ýigrimi ýyl töweregi wagt geçipdir. Döwür, zamana, düşünje düýpgöter özgerdi. Indi aýaňa sygýan ykjam telefonlardan kisesine sygan mukdaryny göterýänlerem bar.  Döwür bilen aýakdaş gitmek gowy zat, ýöne kähalatda göz baglap, göwün awlamak üçin däl-de, geregiňi götermek özüňe-de amatly, saglygyňa-da ýaramly. Bu gün elde göterilýän ykjam telefonlar birnäçe ýumşy ýerine ýetirýär: surata we şekile almak, hat ýazmak, aýdym-saz, radio diňlemek, telefonyň üsti bilen telekanallara tomaşa etmek, gerekli maglumatlary belläp almak, ýatladyjy sagat jaňlaryny düzüp goýmak, internet ulgamyna birikmek.. garaz sanasaň sogaby bolmasa-da, dowamy ep-esli bar. Olaryň her biriniň täsin we täsirli taraplary müşderini özüne çekýär. Enjam keseline ýoluganlar, bazara täze ýaýran telefon trubkasyny duşundan geçirenok, öňküni arzan ýerläp, dessine täzesiniň talabynda. Beýle adamlar üçin aragatnaşyk däl-de, telefon enjamy ilkinji orunda durýar. Her kim bir zada gyzykýar.

Her bir enjamy, guraly ulanmagyň düzgüni, her bir zady peýdalanmagyň edebi bar. Käbir ýaşlar hasabyndaky puly tükenýänçä elinden telefony düşürjek gümany ýok. Öňräk otly bilen uzak aralyga ýola çykdyk. Ýanymyza geýnüwi bezemen, geýnişi ykjam bir ýaş ýigit düşdi. Otly ýaňy bir ýola düşendir-dä, telefonyny çykaryp, biri bilen habarlaşmaga durdy:

- Alo, salam..

- Salam

- Gowumy ýagdaýlaryň?

- Gowy, Hudaýa şükür

-  Tanadyňmy meni..

- Bagyşlaň, tanap bilmedim...

- Goýsanaý, eýýäm meni unudaýdyňmy...

- Hiç hakydama getirip bilemok..

- Hany tanajak bol-how, eýýäm ýatdan çykarmak bolarmy..

- Bagyşlaň, kim diýjegimi bilemok...

- Hany gowja pikirlen, sesimden dagy kimdir birine meňzedeňokmy..

- Aýý.. tanap bilmedim..

- Aho-w, üýtgäp ýörsüňmaý ýa tanamadyksyran bolýaňmy, ýa ulaldyňmy, hany bil-dä...

Ýaş oglanyň diňe "tanamaşak" oýny ýarym sagada dagy çekdi. Barybir aňyrdaky söhbetdeşi tanap bilen däldir-dä, ahyrsoňunda: "Men pylany-laý" diýip, adyny aýdyp, ondan soň hal-ahwal soraşyp başlady. Diňe bu ýaş oglan däl, ilçilikde şeýle hörp bilen söze başlaýan adamlar az däl: "Alo, salam, meni tanadyňmy?" diýmän, gös-göni: "Alo, salam, bu pylanymy, men pylany" diýip, özüňi tanadyp gürleseň, göwnejaý ýaly. Ýokardaky söhbetdeşlikde biderek ýitirilen wagt, söz juda kän. Gereginden artyk sarp edilen her bir zat isrip bolýar. Isrip bolsa bereketi ýok edýän närseleriň biri. Ýa-da telefon belgisini gizläp, görünmeýän näbelli belgi bilen jaň edýän ýaşlar bar. Sen oňa telefon belgiňi

ynanmaýan wagtyňda, ol saňa öz sözüni, pikirini, dünýäsini näme üçin ynanmaly-ka?

Telefon ynsanara ýürekdeşligi, baglanyşygy azaldan sebäpleriň biri. Öňler uzak wagtlap görmedik adamyň ýanyna ýöriteläp gidilerdi, hal-ahwal soraşylardy. Gelim-gidim, gatnaşyklar ýygjam bolardy. Bu wagt oturan ýeriňden telefonyň üsti bilen hal-ahwal soraşýaň oňýaň. Dögry, ep-esli zat: ýol harjy, düwünçek bahasy, argynlyk ýaly zatlar aradan aýrylýar, ýöne barybir tygşytlanýan zat ýok. Düwünçege sowmadyk puluňy, telefona sowýaň. Aslynda welin, elleşip görşüp, hal-ahwal soraşmagyň lezzeti bir başga, telefon üsti bilen soraşmagyň lezzeti bir başga. Ol edil gyzan tamdyrda köze bişen çörek bilen gaza bişen çöregiň tagamynyň düýpgöter tapawutly bolşy ýaly bir zat. Adamlar salamşanalarynda birek-biregiň ellerine ýagşylyk, mähir-muhabbet, bereket-döwlet geçýär diýilýär. Şonuň üçin telefonyň peýdasyny inkär etmezden, wagtal-wagtal ýörite salama baryp durmagyň haýyrly amaldygyny unutmazlygymyz gerek.

Her ýaşdaky häsiýetleri ölçerip, seljerip göreliň, hernäme-de bolsa ýaşlykda badyhowalyk, ýelginlik artykmaçlyk edýär. Özgeleriň ünsüni özüňe çekmek, ýeňles sözler we gürrüňler bilen töweregiňdäkileri güldürjek bolmak, geň-täsin suratlaryň, ses we şekil ýazgylarynyň özüňde barlygyny bildirmäge döwtalap ýapyşmak – özgeleri haýran galdyryp bilmek uly “mertebe”. Elde göterilýän ykjam telefonlarda surata we wideo düşürmek hem-de dürli wideoşekilleri görkezmek mümkinçiligi ornaşdyrylan. Gowy görýän dost-ýarlaryňy, dogan-jigileriňi, ýa-da baran, gezen, gören ýerleriňdäki tebigat owadanlyklaryny surata almak hem-de beýlekiler bilen paýlaşmak örän ýakymly. Emma muňa garamazdan türkmeniň arassa ahlagyna ters gelýän, ýaramaz nysakly hereketleri ondan-mundan göçürip alýan, ýa bolmasa foto

we wideoşekilleri gaýtadan syntgylaýan ýörite programmalary ulanmak arkaly kimdir biriniň ynsanlyk mertebesini kemsidýän şekilleri el telefonynda saklaýan ýaşlara gabat gelip bolýar. Ata-babalarymyzyň bir aýtgysy bar: Ýagşy ýol goýsaň, şol ýoldan näçe köp adam ýörese, şonça-da saňa sogap. Ýaman ýol goýsaň, näçe adam hem şol ýoldan ýörese, saňa şonça-da azap. Türkmen hiç haçan ýanynda ýaramaz zat götermändir, hat-da geýmine sähel bir kir-kimir ýoksa-da, derrew ýuwup-ardyp, arassalamagyň ugruna çykypdyr. Süňňünem, köňlünem arassa saklapdyr. Hakyky türkmen üçin adam mertebesi mukaddeslik. Oňa el gatmak, dil ýetirmek ýazyk hasaplanypdyr. Biriniň üstünden gülmeli bolanda, biriniň aýbyny ýaýmaly bolanda, Magtymguly atamyzyň: Özüňi bil, özge le ne işiň bar, Bahabar ýör, Hak ýadyndan aýrylma – diýen setirlerine uýupdyr. Gözläp otursaň, sözläp otursaň, haýsy birimizden nogsanlyk tapylmaz öýdýäňiz. "Mende hiç hili aýp ýok" diýip, pikir etmekligiň özi iň uly nogsanlykdyr" diýilýär. Ýanyňda göterýän telefonyňda ahlaga sygmaýan gabahat şekilleri, sesleri, ýazgylary saklamak, ony gaýnatma süýji güjeňlän ýaly edip, deň-duşlaryňa görkezip çykmak, ýaýratmak – ýol ýykanyň häsiýeti. Bu bolsa türkmeniň ýek ýigrenýän häsiýeti. Bu gylyklar üçin kimdir biri gaýtawul bermese-de, ynsanyň öz ýaramaz päli başyna towky bolup, mazaly göz görkezýär. Çünki tebigat, dünýä, durmuş şeýle ýaradylan: her zadyň hasaby bar. Biziň edýän her bir hereketimiz netijesiz, boş galmaýar. Ýagşy amala ýagşylyk, ýamana ýaramazlyk bar. Enelerimiz, pederlerimiz tumar dakynypdyrlar. Tumaryň içindäki ýazgynyň hatyrasyna Allatagala ýardam, kömek edýär diýip düşünipdirler. Eger tumar dakynmakda – ýanyňda ajaýyp sözleri götermekde şonuň ýaly täsir bar bolsa, telefon götermekde we onuň içinde dürli ýazgylary saklamagyň hem täsiri bolaýmaly. Biz öz ýanymyzda göterýän zatlarymyz we ýürekde saklaýan

pikirlerimiz bilen öz ykbalymyzyň bir ülüşini, bir bölegini göterýän bolmagymyz ahmal.

Ykjam el telefonynda ýagşy zatlary, durmuşa bolan höwesiňi, halkyňa, milletiňe bolan buýsanjyňy artdyrýan dürli ýazgylary, şekilleri paýlaşyp bolar – diňe sogap gazanarsyň. Ykjam telefonyňa daşary ýurt dillerini öwredýän audiofaýllary ýazdyr, boş wagtyň gaýta-gaýta diňle – ýene bir dil öwrenip bilersiň. Ykjam telefonyňda nähili zatlary saklaýandygyň seniň ruhy dünýäň kämilligini we tämizligini açyp görkezýär. Şol zatlara seredibem, özgeleriň pikirini soramazdan, öz bahaňy özüň berip bilýäň. "Dostuňy görkez, men seniň kimdigiňi aýdaýyn" diýen nakylda, dosta derek telefon sözüni goýup gör, köp zat ap-aýdyň bolar. Müşkden elmydama hoşboý ys gelýändir, süňkden bolsa ýaramaz koky. Goý, köňlümizdenem, pikir-hyýallarymyzdanam, ýanymyzda saklaýan her bir zadymyzdan hem diňe müşk kokup dursun.

***

Maglumatlary gözlemek, tapmak, pikiriňi paýlaşmak, habarlaşmak, iş salyşmak, täze hyzmatdaşlygy ýola goýmak, täsin dünýäleri açmak, täze gözýetimlere aralaşmak üçin häzirki zaman dünýäsinde Internetiň ornuny tutup bilýän başga bir zat ýok. Dünýäniň dürli dillerinde berilýän, ýalan we çyn, galp we hakyky, çylşyrymly we sada maglumatlaryň arasynda özüne gereklisini tapýanam, galp habarlaryň arasynda azaşyp gidýänem bar. Internet gündelik durmuşa şeýle bir ornaşdy, häli-häzirem bir mesele hakda gürrüň gozgalanda, "Internetde şeýle diýilýär", "Internetde şunuň ýaly ýazylgy eken" diýip, oňa salgylanýan wagtymyz az däl.

Internet aýratyn bir täsirli dünýä. Internete birigeniňden soňra adamyň ýaşaýyş-durmuş ýörelgesi, dünýägaraýşy, pikir ýöredişi özgerip başlaýar. Ýöne bu özgeriş her kimde bir hili. Her bir zadyň gowy tara-

pyny görmegi başarýan, diňe özüne däl, ile-güne haýyrly zatlaryň gözleginde bolýan adamlar oňyn tarapa özgerse, çem gelen maglumata gulak güýdüp, sözüň aldawyna düşýän, özbaşdak netije çykaryp bilmeýän adamlar dünýä we durmuş babatda nädogry pikir edip bilýär. Akyldarlaryň biri “Her eşden zadyňy gören kişiňe aýdyp ýörmegem, ýeterlik günädir, çünki sen onuň hakykatdan hem şeýle bolandygyny anyk bilmeýärsiň” diýýär.

Internet jemgyýetçilik durmuşynyň ileri sürülýän serişdeleriniň birine öwrüldi. Onuň peýdaly we zyýanly taraplary baradaky dünýä derejesindäki çekişmeler henizem kiparlanok. Diňe türkmeniň “haýyrly bolsa halal, zyýanly bolsa haram” diýen düşünjesine laýyklykda, özümize, jemgyýetimize haýry-peýdasy, ähmiýeti boljak maglumatlary, oýunlary, filmleri almak we ýaýratmak  maksada laýygydyr.

Internetiň umumy peýdalary nämeden ybarat: internetde oturan adam üçin wagt we ýer çäkliligi bolmaýar. Gije-gündüziň dowamynda zeminiň islendik künji bilen habarlaşmak mümkinçiligi bar. Gözleýän maglumatlaryňy hiç hili resmi kagyzlary doldurmazdan, tiz we ýeňillik bilen almak mümkinçilegi, edil şonuň ýaly-da ugratmak mümkinçiligi bar. Jemgyýetçilik ýagdaýlary we umumy meseleler hakdaky pikiriňi açaçan beýan edip bolýar. Ylmy maglumatlary alyş-çalyş etmek, söwda etmek,  milli-medeni gymmatlyklaryňy dünýä ýaýmak, paýlaşmak mümkinçiligi bar.

Internetiň zyýanly taraplary hakda aýdalyň: Özüňe degişli şahsy maglumatlaryň özgeler tarapyndan ogurlanmak howpy bar, çünki Internet garakçylary (hakerler) kompýutere birugsat girmek bilen özüne gerekli ýa-da ähli maglumatlary çöpläp bilýär, dürli wiruslaryň üsti bilen kompýuteriň işjeňligini bozýar. Pikirleriň, oýlap tapyşlaryň, heniz çap edilmedik eserleriň, ylmy açyşlaryň, maliýe hasaplaryň ogurlanmagyna

ýol açýar. Özüňe ýat düşünjeleriň, keseki, çüýrük we nälaýyk garaýyşlaryň arassa medeniýetiňe aralaşmak howpy bar. Pikirleniş güýjüniň diňe kabul ediş ýagdaýyna öwrülmek apaty bar. Internet üsti bilen habarlaşmak netijesinde ýüzbe-ýüz gatnaşyklaryň azalmagy, adamkärçilik gatnaşyklarynda mähir-muhabbetiň ýitmegi, jebisligiň gowşamagy, ruhy üzňelikler ýüze çykyp bilýär. Çünki, tehnika, tehnologiýa her näçe ösen hem bolsa, tebigy ynsan duýgusynyň täsirini ýetirip bilmeýär. Dürli sahypalara girmek, dörmek bilen hyýaly we gorkunç pikirleriň täsirine berlip, geljek hakda nädogry pikirlenmek, ters we gorkunç hala düşmek howpy bar.

Gowy zada peýdalanyp bilseň, Internet ummasyz hazyna. Päliň bozulyp, ýaramaz ýollarda ulanmakçy bolsaň, Ýogsam-da Internet içi däriden doly ullakan çelek – özüň aman galjagyň gümana. “Sadaba daman ýagmyr suwy düre öwrüler, ýylanyň ýuwdan ýagmyr suwy zähere öwrüler” diýilýär. Internetiň başyndaky biz kim: sadapmy ýa-da ýylan? Ol ýerde peýdalanyp boljak köpsanly maglumatlar elýeterli: ylym, tehnika, pelsepe... emma, asylly maksatdan daşary ulanylýan internet diňe zyýan getirýär. Internetiň bähbitli taraplaryna artykmaç üns berip, ýaramaz taraplaryna göz ýumsak, heniz ýaprakka ýolunmadyk çyrmaşygyň uly daragtlary bogup, guradyp bilýändigini hem unutdygymyz bolar. Ýaşlaryň käbiri Internet diýlende çäkli söhbetdeşlik meýdanlaryny göz öňüne getirýär. Olaryň käbiri üçin Internet bu - Mail.ru Agent, ICQ, VKontakte, Facebook, GTalk, Yandex, QIP, XMPP/Jabber, MobeMeet.. ýagny sözleşilýän, birek-birek bilen tanşylýan, hat-habar, surat ugradylýan zat ýa-da diňe günlük, hepdelik, aýlyk we ýyllyk täleýnamalar. Internetde şondan başga zat bardyr öýtmeýän ýaşlaram bar. Okuwyňy, işiňi gyra taşlap, uzak gijäni manysyz söhbetler bilen geçirmek bu wagtyňy we saglygyňy bihuda ýere pida etmekdir. Gadymy pederlerimiziň eserlerinde ýatlanylýar: gündiz

– işlemek, zähmet çekmek üçin, gije – ýatyp dynç almak, özüňi, güýjüňi dürsemek üçin ýaradylypdyr. Bir gijede ýitirilen ukynyň öwezini enčeme gündiziň ukysy ödäp bilenok, üstesine-de ertir ir bilen ýene-de okuwyňa ýa-da işiňe gitmeli. Ukusyzlykdan ýaňa ümezläp duran gözler, ýadaw beýniler işe jogapkärli çemeleşmekden alyp galýar. Saglygyň bozulýar. Döredijilik ukybyň pese gaçýar. Pikirleriňde garjaşyklyk ýüze çykýar. Bir maksada gönügip bilmän kösenýäň oturýaň.

Ýaşlaryň käbiri içgysmalardan, ýalňyzlyk duýgulardan saplanmak üçin Internetiň iň gowy dermandygyny öňe sürýär. Ýöne, ýürek gysýan ýa-da başyň aladaly wagtlary ünsüň sowulmagy üçin internetden haraý gözlemek meseläniň çözgüdi bolup bilmeýär. Ol diňe az salymlyk başyňy sämedýän we humary sowlansoň, kelläňi agyrdýan şeraba meňzeýär. Aladalary bir sellem unudanyň ýa-da meseläni bir az salym yza süýşüreniň bilen olar çözülmeýär. Özüňden gaçmaly däl-de, meseläni sagdyn akyl-huş bilen çözmäge ymtylmaly. Aslynda-da adam özüne bolan ynamy ýitirip başlanda ýa-da öňünde anyk maksat goýup bilmedik halatynda ýüregi gysylyp başlaýar. Bu ýagdaý biziň öňümizde bir anyk maksat goýmalydgymyz ýatladýar. Soňabaka az-kem aladasy ýa-da sowaly ýüze çykanda palçydyr-porhanlaryň bosagasyndan ätlemäge endik eden adamlar ýaly, sähel üns sowmaklyk üçin internete girmek kesel, ýoň bolup galýar. Bu bolsa Internete baglylygy artdyrýar. Şonuň üçinem soňky döwürlerde Interneti özüne imrindiriji içgiler bilen bir hatarda goýup başladylar. Internetiň, ýa-da ýaşlaryň aglabasynyň ýykgyn edýän tanyşlyk sahypalary öz tebigy dünýäňden üzňe bolmagyňa eltýär. Dürli toslama atlar, lakamlar bilen girip, özüňi başga adamyň keşbinde, lybasynda görmek özlügiňi ýitirmegiňe ýol açýar. Hakykylykdan uzaklaşyp, hyýallar äleminde ganat ýaýýaň. Hereket etmeklige derek göwün ýüwürtmekligi ileri tutýaň. Üstesine-de ahlaga sygmaýan sözler, suratlar bilen wagtyňy biderek ötürýäň.

Käbir adamlar “Internet erkinlik älemi” diýen pikire uýýar, emma erkinlik bilen eden-etdiligiň düýbünden tapawutly zatdygyna gabak galdyrmaýar. Sagdyn paýhasa uýup, özüniň ähli duýgularyna, höweslerine, matlaplaryna erk edip bilýän adama erkin diýilýär. Ýaramaz haý-höwesleriň, bozuk nebsiniň ýesiri bolup, edebe sygmaýan sözleri, suratlary, wideoşekilleri alýan we ugradýan, ýaýradýan adamlar bolsa boýunda zynjyry, golunda gandaly bolmasa-da guldur.

Interneti ulanmagyň hem edebi bar. Edil adaty durmuşda bolşy ýaly ol ýerde hem düzgüniň çäginde hereket etmek gerek. Häsiýet endige öwrülse, soň ähli ýerde-de edil şonuň ýaly hereket edesiň gelýär durýar. Şonuň üçin bu üýtgeşik älemiň bosagasyndan ätläniňde maksadyň aýdyň, matlabyň päkize, niýetiň arassa bolmaly. Internete girilende hem öňüňde anyk maksadyň bolmagy wagtyňy peýdaly sarp etmeklige itergi berýär. Özüňe gerekli maglumatlary alanyňdan ýa-da zerur adamlar bilen habarlaşanyňdan soňra, arassa howada gezim etmek internetde oturanyňdan örän ähmiýetli. Peýdaly ylmy maglumatlary, bilimleri almak, deň-duşlarymyzy Interneti peýdaly taraplaryndan ulanmaga höweslendirmek, ýürekdeş dostlugy, bir-birege ynamy oýarmaklyk, maglumatlary alyp-berlende birek-birege ygtybarlylygy saklamak, ýurdumyzyň, halkymyzyň, döwletimiziň gülläp ösmegi üçin, ýurt asudalygynyň, ahlak arassalygynyň dowamat-dowam saklanmagy üçin internetiň üsti bilen gowy maglumatlary paýlaşmak, jemgyýetimizi ähli ugurlarynda has gowulyga tarap özgertmäge çalyşmak sogaby bihasap amallardyr. Internet sahypalarynda bir-biregi asylly işlere, dost-doganlyk gatnaşyklarynyň jebisleşmegine, Watansöýüjilige ruhlandyrýan edebi-çeper ýazgylary, pikirleri paýlaşmak, gör, nähili ajaýyp. Halkymyzyň baý edebi mirasy, sagdyn düşünjeli döwrebap ýaş nesli – bizde örän uly mümkinçilikler bar. (Şeýle hem internet sahypalarynda bolup biläýjek sagdyn jemgyýetçilik garaýyşlaryna zyýanly, arassa mak-

satlary bulandyrjak, hapalajak maglumatlardan jemgyýeti we adamlary gorap saklamak Watan goragy deýin wajypdyr). Her bir zady öz asyl maksadynda we zerurlygyna görä peýdalanmak göwnejaý görünýär. Zerurmy? Her bir işiň başyna barlanda özümize bu soragy bermeli: zerur bolsa, haýal etmän başlamaly, zerur däl bolsa, terk etmeli, taşlamaly.

Telewizor, telefon we internet hem-de olaryň peýdasy-zyýany, ahlak, aň we beden terbiýesine täsiri hakda aýdara zat kän. Nesilleriň sagdyn düşünjeli, çuňňur dünýägaraýyşly, il arasynda edepli bolup ýetişmekleri üçin öýümizde we özümizde bar bolan bu mümkinçiliklerden dogry peýdalanmagymyz gerek. Şu babatda ene-atalar çagalaryna çäklendirmeler girizmese, olaryň aň-düşünjesini ýaramaz hereketlerden we pikirlerden goramasa, erteki gün garaşylan netijäni bermezligi mümkin.

Her döwletiň, her milletiň kesgitlän ahlak gymmatlyklary bar. Gadym döwürlerden bäri her bir millet özleriniň buýsançly ruhy-ahlak gymmatlyklaryny gorap, ezizläp gelýär. Belki halklaryň beýik bolmagynda hem esasy rol ahlak gymmatlyklaryna baglydyr. Döwre görä ol düzgünleri has kämilleşdirmek gerek, ýöne kemmek laýyk görülmeýär. Ony öwretmeli, özleşdirmeli, urp-adat, kanun taýdan onuň bozulmazlygyny saklamaly. Her bir işimizde diňe özümizi däl, tutuş Watanymyzy, ýurdumyzy, döwletimizi göz öňüne getirmeli. Hormatly Prezidentimiziň “Döwletiň berkemegi we gülläp ösmegi üçin men näme iş edip bilerin?” diýen sözleri öňümizde anyk maksat goýmak we oňa yhlasly amal etmek üçin, durmuşy gyzgalaňly, şatlykly, ýagny maksatly we manyly ötürmek üçin iň ygtybarly sözdür.

Bu gün durmuşymyza mazaly ornaşan telewizory, telefony we interneti özleriniň asyl we asylly maksadynda ulanmak ählimiz üçin bähbitli. Her zady haýyrly, döwletli ýerlerde peýdalanmak, ýagşylygyň örňe-

megine, rysgyň giňemegine we bereketiň zyýada bolmagyna getirýär. Rowaýatlara görä, Baýezid Bistamy hezretleri sährалygyň gyrasy bilen gidip barýarka öňünde özünden ýaşuly bir adama gabat gelipdir. Ýaşuly bir daňy oduny arkasyna atjak bolup duran ekeni. Baýezid Bistamy ýaşulynyň ýanyna baryp, oňa kömek etmek isläpdir: "Häzir men saňa kömek ederin" diýipdir. Baýezit Bistamy keramatly adam. Ol sähralykda gezip ýören ýolbarslaryň birini ýanyna çagyryp, ýaşulynyň odunyny öýlerine eltip bermegi buýrupdyr. Ýolbars boýunsunujylyk bilen tagzym edip duran eken. Öwgi hemme kişä ýaraýar, Baýezit Bistamy hem ýaşulydan: "Ýeri ýaşuly, şähere baraňsoň sährada nähili adamy gördüm" diýip aýtjak?" diýipdir. Ýaşuly dikelipdir-de: Men-ä şähere baramda bir ulumsy, zalym, öwünjeň adamy gördüm diýip gürrüň ederin" – diýipdir. Baýezid Bistamy ör-gökden gelipdir: "Men-ä saňa kömek edýän, sen bolsa maňa töhmet atýaň-la, sebäbi näme?" diýipdir. Ýaşuly: "Ilki bilen öz güýjüňe, ylymyňa, keramatyňa buýsanyp, ulumsylyk edip, menden soramazdan, kömek teklip etdiň, ýolbarsy çagyrdyň – bu ulumsylyk bolýar. Onsoňam ýolbarsyň arkasyna odunymy ýülklediň. Ýolbars ýük daşamak üçin ýaradylan haýwan däl, bu seniň oňa zulum etdigiň bolýar. Onsoňam soňky soragyň bilen özüňi öwmeklerini islediň, bu eýýäm öwünjeňlik bolýar" diýipdir... Döwrümiziň tehniki mümkinçiliklerini öz ýerinde, asyl maksadynda ulanmazlyk ýolbarsyň üstüne odun ýüklän kysmy bir zatdyr.

25

# Torgaý guşlar

Türkmenbaşynyň  Ruhnamasynda haky ýatlaýan torgaý guş hakynda ajaýyp hekaýat bar. Bu parçany okap bolanymdan soň, men: «Kämillige ýetmek üçin tebigatdaky ähli zatdan nusga, ybrat almaly. Olar bize her pursatda möhüm bir zady ýatladyp, dogry ýola ugrukdyryp durýar» diýdim. Torgaýyň ady agzalanda elmydama kalby-köňli kireňsiz adamlar ýadyma düşýär. Päk niýetli adamlara gyýa göz bilen garamaly däldigini hem, men il arasynda ýörgünli bolan torgaý guşly aýtgydan bilýärin: «Meniň adym mollatorgaý, Hakyň jemalyny görgeý, Meni tutup, etim iýen, Ýedi gapyda gedaý gezgeý». Bu torgaý babatynda hem, torgaý ýaly päk niýetli adamlar babatynda hem hut şeýle. Torgaýyň beýleki guşlardan tapawutly taraplaryny  öwrenmek üçin, köne kitaplaryň, gadymy depderleriň, baslygyp ýatan bukjalaryň içini dörjeledim. Ulus iliň dilinden düşürmeýän aýtgysyndan, hökman manyly bir zat tapylaýýar. Ýogsam-da, sazyň piri hasaplanýan Babagammaryň ady hem «ganbar»-«torgaý» diýmekdir.

Torgaý diýlende men öz obamy biygtyýar ýatlaýaryn. Ol ýerde öň torgaý guşlar örän köpdi. Dogrusy biz olaryň jürküldisini adaty guş sesi diýip, hasap eder ýörerdik. Emma Türkmenbaşynyň  Ruhnamasyny okanymdan soň, çagalygymyzda, enelerimiziň hüwdüsi bilen gulagymyza siňen ol jürküldiniň Hudaýyň zikridigini bilip galdym. Bizi enelerimiziň hüwdüsi hem-de torgaý guşlar hüwdüläpdi. Men bu ki-

taby okanymdan soň, torgaý owazyny gaýtadan diňläsim geldi. Indi men onuň sesine düýbünden üýtgeşik garaýyş bilen intizardym. Işden boşlaň günleriň birinde oba gitdim. Ýöne men ol ýerde ýekeje torgaý guşuny hem görmedim. Oňa derek serçeden ulurak, nätanyş bir gara guşuň ol ýerdäki ähli ganatlylara hökümini ýöredýändigini bilip galdym. Men ýaşuly adamlardan torgaý guşlaryň nirä ýitirim bolandygyny soradym. Olar: «Iki-üç ýyllykda-da torgaý guşlar köpdi. Emma niredendir bir ýerden, ho-ol görýän, gara guşlaryň peýda boldy. Olar örän aldajy, zabun ekeni. Geleninden ähli guşa agyz urup, kowalap başlady. Hat-da gargadyr alahekekler hem şol guşdan elheder etdiler. Torgaý guşlar bolsa, kem-kemden bu ýerleri terk etdiler» diýdi. Ýa-ha meniň bu guşlary tanamaýanlygym, ýa-da oba adamlarynyň oňa gelşirip at dakmasymy, adamlar bu gara guşa «owgan serçesi» diýýärler.

Men torgaý guşlaryň obamyzy terk edenine çaksyz gynandym. Ruhnamany okap, torgaý owazynyň manysyna göz ýetiren her bir adam, öz wagtynda gadyry bilinmedik gymmatlygyň ýanlarynda ýokdugy üçin özleriniň müýnüni hem, bialaçlygyny hem duýýandyr.

Goý, biziň obamyza haky ýatlaýan torgaý guşlar gaýdyp gelsin. Goý olar, Ruhnama siňen hakykaty bilen ähli nesilleri hüwdülesinler, terbiýelesinler.

26

# Üçünji ýol

Durmuşda her kimiň özboluşly ösüş ýoly bar. Kim okap öwrenýär, kim görüp öwrenýär. Dowamly ösüş barha kämillige eltýär. Adamzadyň maksady hem kämillige ymtylmak.  Onuň sakasynda bolsa ylym, bilim, tejribe ýatyr. Diňe bazarda özüňi oýnatmazlyk üçin däl-de, durmuşdaky ownuk-uşak zatlaryň öňünde ejizlemezlik üçinem, her zadyň çäresini, çykalgasyny salgy berýän üşük, zehin, akyl gerek. Pikirlenmeli, oýlanmaly, gözlemeli, gat-gat kitaplaryň sahypasyny agdarmaly, gerekli zadyňy agtarmaly. Tapmaly, täzesini döretmeli.  Kelle beýnisi pikir bilen gurşalan adam nämedir bir zat başarmaga, döretmäge ukyplydyr. Akylyňy baýlaşdyrýan zatlaryň biri tejribe. Durmuş meýdanynda taplanmadyk adam ýa-da özüni taplamaýan adam, öňe ýöredigi saýy büdräp başlar. Depäňdäki buludam ýük bolup görner, ýogsam ol öz suwuny özi göterýär, senden  ýol soranok, ýeliň süren ugry bilen ýöreýär. Güneş diňe seni ýakýan ýalydyr, ýogsam ol ähli kişä şol bir belentlikden bakýar. Dem alýan howaňdaky kislorodlar azalyp, saňa gezek gelende bugaryp gidýän ýalydyr. Birhili, jynlar-arwahlaram köpelen ýaly, ýakymsyz düýşlere gatylyp, ne ýataňda rahatlyk berer, ne turaňda ynjalyk. Hawa, şeýle „... ýaly-lar” soňabaka köpeler gider. Täze zatlary dörmeseň, enaýy zatlary görmeseň, durmuşyň reňki gaýta-gaýta ýuwulmadan ýaňa solup giden esgä meňzär. Gündizlerem garaňky, ýagtylyklaram tutuksy görner. Munuň aňyrsynda biziň barha kämillige ymtyl-

maýanlygymyz ýatyr. Aňsat işi özümize goýup, özgelere agyr iş ýüklesek, ile bildirmesegem, içimizden uludan dem alýarys. Ýeňil meseläni çözdüm edip otyrkak, ol biriniň öz işinde kösenip oturyşyny keseden synlap galýarys. Özümize buýrulan ýumşy, özge biriniň üstüne ýükläp bilsek, özümizi „başarnykly, sözi täsirli" saýýarys. Nahar wagtyna-da olar bizden giç çykýar, ýöne... ýöne olar bizden has ökde bolup ýetişýär. Çünki olar täze bir zähmeti görüp, özleriniň aňyny, zehinini, süňňüni tapladylar. Biz bolsak ýeňil işe ýapyşyp, „beladan sowulmak" bahanasy bilen sapalak atyp, kämillikden binesip galdyk. Aýlykdan aýlyga garaşyp, gün geçirmek üçin, „aňsat iş-arzyly iş". Dünýäniň, durmuşyň has owadan taraplaryny görmek we duýmak üçin, barha kämilleşmek üçin öňkülerden üýtgeşigräk, delräk işler, ýumuşlar gerek. Islemeýän işiňi üstüňe ýükleseler, onuň agramy bolşundan has uly, has haýbatly duýulýar. Emma, her bir işi kämillik mekdebiniň täze bir sapagy hökmünde kabul etseň, onuň agramy bildirmez. Gabat gelýän her bir päsgelçiligi durmuş mekdebiniň sowgady, saçagy mysalynda görseň, ol seniň sussuňy basmaz. Gazanjak tejribäň bolsa ertirki günüň üstünligine tekýe bolar durar. Kimdir biri emgenmeli haýyr işden gyra çekilse, sen öňe okduryl. Her kim aýdar, goýar, „synalan zady gaýtadan synajak bolma" diýer, emma deňze baraňda duzly suwdan dadyp gör, deryaň ýakasynda otyrkaň süýji suwa kesek atmazlyk üçin, gadyryny çyndan bilmeklik üçin gerek bolar. Güli gül edýänçä bagbanyň ençeme ýyly gidýär, emma senden idegsiz-indegsiz açylan ajaýyp güli tutmak üçinem tikene dözümli el we ýürek gerek. Üstüňden gum guýsalar, bir silkin, aýagyň astyna düşen gumlar, barha ýokary galmagyňa basgançak bolar. Her bir zatdan many al, netije çykar. Durmuş saňa näme görkezýän bolsa, seni taplamak üçin, bagtly geljege taýynlamak üçin görkezýändir. Hiç wagt aňsada ýapyşmagyn, kämilleşip bilmersiň.

Ömür ýoly ötlem-ötlem, ýol ugrunda dagam bar, deňizem, çölem bar, seýilem. Bir ýokary galarsyň, bir aşak inersiň, bir suwa çümersiň, bir-de guma garylarsyň. Aýagyň atyň toýnagyndan zarply deprenmese, ne gyr aşarsyň, ne-de gol. Bu zatlara taýynlygam gerek, bu ýollarda taplanmagam gerek. Bu çarkandakly ýoly dyz epmän geçmegiň gürrüňi, ýöne taplanmaýan adamyň bir tapawutly tarapy – ol tekiz ýerde-de „büdremegi başarýar". Munuň üçin biz özümizi taplap biljek, öňkülerden has taýynlap biljek işlere, ýumuşlara batyrgaýlyk bilen barmaly. Iň bolmanda özümize buýrulan işi bir özümiz bitirmäge synanyşmaly.

„Soltan Hüseýin Baýkara" dessanynda ýalynly ýyldyzyň astynda doglan gyz perzendi idäp ýörkäler, iki sany adam bir oglany idenekledip barýandyr, „Bu biziň diýenimizi edýär, şonuň üçinem urýarys" diýip, bu hakda iliň-günüň pikirini bilmek isleýändir. Her kim olara „Ilä diýenini etmese urýar, bular bolsa tersine" diýip jogap berýärler. Diňe Gülpam „Dogry edýäňiz, uruň, haçana çenli diýip etdirjek, özünden bilip etsin" diýip jogap berýär. Hudaýa şükür, türkmende anyk ýol bar, Watanyň, halkyň, her kimiň bähbidine gurlan ýol. Biz özümizden bilip etsek has oňat, öz pikirimizi, ukybymyzy aýan etmäge çekinýän bolsak, utanýan bolsak, onda diýlen zatlary ýerine ýetirsegem az işleri bitirmeris. Bu ýerde hiç hili kynçylyk ýok, her kim öz ornunda durup, öz başarýan zadyny Watana bagyş etse bolýar. Bu ýolda täze-täze hünärleri öwrenmegem sogap, halaly ündäp, şer işden saklamagam sogap, ýagdaýyň boldugyndan kimdir birine dil bilen, köňül bilen kömek etmegem sogap, Watanyň söýgüsini, mukaddesligini özgelere ýaýyp bilmegem, gymmatyny düşündirip bilmegem sogap. Ýokarda Taňrynyň, ýerde türkmeniň hakyna bir çümmüjek haýyr edip bilmegem sogapdyr. Iň bärkisi we iň beýigi – şu Ýolda beýlekiler bilen birlikde agzybirlik bilen ýöremegem, döwrüň depginine aýak goşmagam sogap.

Muny bolsa biziň her birimiz başarýarys. Bu ýerde kynçylygam ýok, agyrlygam. „Agyr iş" diýen söz we şol iş hakda ymykly oýlanyp gör. Ilki bilen ykbalyň başarmajak işiňi üstüňe ýüklemeýändigine ynan. Saňa tabşyrdylarmy, diýmek, sen hötdesinden geljeksiň. Saňa ynandylarmy, diýmek sen başarjaksyň. Şonda sen bar agyrlygyň ýaňky işde däl-de, „agyr" diýen sözde jemlenýändigine akyl ýetirersiň. Hiç hili ikirjiňlenmä per bermän, sözüňi pert aýdyp, mertlik bilen, ruhubelentlik bilen işe girişseň, „Jyn aýdyşlary ýaly gorkunç zadam däl eken" diýen nakyl dessine ýadyňa düşer. Biziň kämilligimiz diňe özümize däl, Watana-da, indiki nesillere-de gerek. Geljekki nesilleriň ruhy we beden sagdynlygy şu günki nesliň şu ugurdaky kämilligi bilen kesgitlenilýär. Her kim öz dowamatynyň sagdyn we kämil bolmagyny isleýär. Durmuşda-da, hat-da ertekilerde hem „kynçylyk" diýen düşünje bir gez taplanmak üçin, barha kämilleşmek üçin esasy durmuş zerurlygy ýaly bolup görünýär. Sebäbi şolaryň üsti bilen durmuş gahrymanlary hem, erteki gahrymanlary hem gaty köp zatlara göz ýetirýär. Täze zatlary öwrenmek, özüňe gerekli zatlary, gazet-žurnallary köp okamak, beýniniň işjeňligini artdyrýar. Edýän işiňde hilä däl-de, hiline üns bermekligi öwredýär, özüňe bolan ynamy berkidýär.

Ertekilerde adatça üç doganyň öňünden üç sany ýol çykýar. Gitsegeler ýoly, gitse, geljegi-gelmejegi gümana ýol. Gitse-gelmez ýoly. Emma ertekiniň dowamynda bularyň üçüsi hem öz illerine dolanyp gelýärler. Gaýta, gitse-gelmezden gönülän körpe ýigit, ençeme işleri bitirip, agyr işleriň hötdesinden gelip, doganlaryny hem halas edip, sagaman dolanýar. Halk hat-da ertekilerinde hem öz söýgüli gahrymanyny durmuş meýdanynda taplap görkezýär. Ýa-da başgaça aýtsak, durmuş meýdanynda taplanan, kämilleşen, kynçylykdan gorkmaýan, asylly maksatlary söýýän, haýyr-yhsana ymtylýan, ýüregi hyjuwdan-

hyruçdan doly, ruhubelent nesil halkyň hakyky gahrymany bolup bilýär.

Sen kämillik ýolundan ýöre, işden-zähmetden gaçma, haýyrdan yza tesme. Käbir adamlar bar, ýol-u ýer paýlaşylanda, ýeňile ýykgyn edip, birinji ýoly özleri alar, ikinji ýoly dostuna berer, üçünji ýoly saňa goýar, soňa goýar. Saňa goýlan şol üçünji ýol – kämillik ýoludyr. Taplanylýan, ertirke güne çyndan taýýarlanylýan ýoldur. Şonuň üçin bu ýoly paýlaryna-da garaşman, özüň saýlabergin. Öň ýörelmedik bolsa, öter ýaly ýoda ýasa, indikiler ony şaýola öwrer. Öň pudarlanmadyk bolsa, düýbüne-daşyna serenjam ber, indikiler miwesini iýende, taňyrýalkasyn aýdar. Öň ýörelen bolsa, miwesi öň ýolnan bolsa, giňelt, gözelleşdir, kämilleşdir. Bitginli daragt her ýylam bol hasyl berýär. Uly ýollar bolsa, seni elmydama mertebä eltýär.

Suwdan ot çykarýan gaýrat sende bar, dagy bent eden döwi, zawlary eýelän aždarhany deprendirýän gudrat sende bar,  Taňry beren başarnyklar sende bar – anyk ýolly, adyl ýolly türkmende bar.

Hudaý her birimiziň kalbymyza kämillige ymtylmagy salsyn! Her birimizi ýagşylyga sebäp etsin!

27

# Ýalanyň jaý ýeri ýa-da lebziň ahy

Ýolda-yzda, okuwda-işde, toýda-tomguda, has gönüläp aýtsak, iki adamyň başy çatylan ýerde, sözden söz, gürrüňden gürrüň çykanda, ýa-da biri beýlekä içini dökende, «Aý, şeý diýdim-de, aldap goýberdim» ýa-da «ýöne diýip goýberdim» diýilýän jümleler, daşyňa çykarylmasa-da, aldanylyp ýörlen ýagdaýlar soňky döwürlerde has ýygjam eşdilýän ýaly bolup dur. Belki, bu başyňdan sowmaklykdyr, belki, öz bähbidiňi bilmeklikdir, belki-de, özümize bähbidi ýok ýerinde özgä-de bähbit islemezlikdir. Bu sözi ulanmaga endik eden adamlar aglaba Magtymguly atamyzyň «Hile hem bir batyrlykdyr ýerinde,

Ony başarmaga kişi gerekdir» ýa-da «Ýalançy Taňrynyň duşmany diýrler,

Emma jaý ýerinde ýalan ýagşydyr» diýen jümlelerini tumar edip ulanýarlar. Durmuş bilen baglanyşykly zatlary her kimiň özi dürlüçe kabul edýär, döwrany özüçe görýär, özüçe sürýär. Bu garaýyşlaryň biri beýlekisine sähel meňzäbem bilýär, düýbünden tapawutlanybam. Şonuň üçin olaryň haýsydyr birini, sebäbini düşündirmezden, düýpgöter inkär etmek pikiriň kemsidilmegine eltýär. Her bir şahsyýet bolsa özboluşly pikiri bilen tapawutlanýar, ýöne Magtymgulynyň aýdýan «Ýalanyň jaý ýeri» bilen ýalanyň biziň göwnümize jaý ýeri köp babatda üzňedir. Biz käteler kimdir birinde özümiz hakda ýagşy ýatlama-

lar, süýji täsirler galdyrmak niýeti bilen ýüzümizi-gözümizi güldürip, kalbymyzda-köňlümizde ýok zady şelaýynlyk we ýalan söz bilen gabat gelene ýaňzydyp ýöris. Birini birbada monça edip goýbersek, «Käbäni dikeldençe» ýa-da «müň hajyny doýrança» görýäris. Ýöne nusgawy edebiýatyň her jümlesini, aňyňa dolaşan pikiriň her damjasyny, kitapdan okap, durmuşdan görüp öwrenen her bir zadymyzy, munuň üstesine, durmuşyň kagyza sygmaýan kanunyny öz göwnümize, diňe öz bähbidimize laýyk getirjek bolmak ikiýüzlülikden, garasöýmezlikden, gorkaklykdan, namartlykdan we şuňa meňzeş ýaramaz gylyk-häsiýetlerden habar berýär. Eger ol ýerde köpüň bähbidi göz öňünde tutulýan bolsa aýybam däl. Adam pahyr hoş sözüň ýesiri, ýöne höş söz ýalan bolmaly diýlen zat ýok ahyry. Soňy «jennete» direýän wadalar, «eşrete» kepil geçýän lebizler, maksadyň bitmegine boýun bolunýan sözler... örňedi gitdi.

Biz söz diýilýän gudratyň hormatyna kembaha garaýarys. Sözi diňe özümizi «halas» etmek ýa-da özümize «bendi» etmek üçin ulanýarys. Boýun bolnan şol iş bitýänçä, her bir sözüň aňyrsynda bir melegiň wagtal-wagtal böwrümize dürtüp, ýatladyp durandygyna bolsa biparh garaýarys. Ahyrsoňy näme, melek görgüli bitmedik ol işi ynsabyň ygtyýaryna geçirýär, ynsap welin, adalatly ar alýar. Ol käteler ukyňa gatyşyp, biynjalyk etse, käteler bir ugursyzlyga duçar edýär. Niýet bilen söz - adamyň ýanýoldaşy. Şol ikisi düz bolsa, süňňüň ýeňil, ruhuň belent bolýar. Niýetiňe bir garalyk ýokaşsa, bir bedre süýde daman bir damja sirke ýaly, saňa bagly işler terse gönügip bilýär. Onsoňam durmuşda aldap goýberäýmeli zat ýok. Musulmançylykda, umuman, adamkärçilikde ýalan sözlemäge ygtyýar berlen üç sany pursat bar. Şolaryň ikisinde ýalan sözlemäge ygtyýar berilse-de, şertine boýun bolup, talabyny ödemek hökmany hasaplanýar. Ol şert bolsa, gysgaça ýaňzydanyňda, şundan ybarat: şol ýalan söz iki tarapyň hiç birine-de zyýan

bermeli däldir, hiç bir tarapyň bähbidine ters gelmeli däldir. Gaýta iki tarapa hem peýdaly bolmalydyr. Durmuşda ýalan sözlemäge idin berilýän üç ýer: söweşde we şuňa meňzeş ýerlerde öz duşmanyňy, garşydaşyňy aldamak; iki sany öýkeli kişini ýaraşdyrmak üçin, birek-birege ynamy, söýgini we sarpany oýarýan sözleri aýdyp aldamak; är-aýalyň arasynda mähir-muhabbetiň, söýginiň, agzybirligiň dowamly bolmagy üçin gerek ýerinde (ýerlikli) aldamak.

Söz, wada, lebiz, kasam, äht, ant ýaly zatlar her bir adam üçin iň beýik we gymmatly, iň bir üýtgewsiz zat bolupdyr. Köne döwrüň ýagdaýyndan habar alsaň-a, bularyň yzynda durup bilmezlik aňrybaş biabraýlyk, masgaralyk, ýüzigaralyk hasaplanypdyr. Şonuň üçin olary oýnabam aýtmandyrlar, aýnabam. Ýöne haýsydyr bir ýetmiş ýylky ýat terbiýäniň döwründe süňňümize salynmaga, ganymyza garylmaga edilen synanyşyklaryň täsiri bilenmi ýa-da bu ahwalata başyny ýaýkap, ony «akylyň ýukalyp, adamlaryň ownamagyna ýorýan», ýöne jemgyýetiň aňly bolmagy üçin, özünde bar zady bermäge bogny ysmaýan adamlar zerarlymy, söz diýilýän zadyň gymmaty möwriti öten haryda döndi. Emma Kerim şahyryň «Döwri döwür edýän Adamdyr» diýen sözlerini welin, orta mekdepde bilim alan her bir adam ýatdan bilýändir. Her nesil özünden soňkulara köpri hem nusga. Öýüňde ýok zady myhmanyň öňünde goýup bolmaýşy ýaly, özümizde ýok zady indiki nesillere galdyryp bilmeris. Millet diňe özüniň ruhy terbiýesindäki geleňsizligi zerarly ownap bilýär. Döwür adamyň diňe öz pikirini dogry saýyp, beýlekä sarpa goýup bilmeýän çagynda ownap bilýär. Biz ruhy terbiýede hiç bir zada biparh garamaly däldiris. Çünki Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň «Meniň nesihatlarym» atly eserinde «Uly günäler ownuk düzgünbozmalardan, uly ýalňyşlyklar ýönekeý biperwaýlykdan gözbaş alýandyr» diýen jümle bar.

Älemde tebigy ýagdaýyň bozulmagy ynsanyň özüni duýuşynyň üýtgemegine getirýändir. Köneleriň düşünjesine görä, kiçi älem hasaplanýan Ynsanyň ruhy dünýäsindäki şeýle «düzgün bozmalar» hem jogapsyz ýa täsirsiz galanok. Söz Allanyň adama bagyş eden beýik nygmaty. Söz Allanyň äleme ýaýan ilkinji zady. Söz janly zat. Eýsem-de içdenu- daşdan edýän dileg-dogalarymyz şol sözüň üsti bilen hasyl bolmaýarmy?! Alla bu barlygy söz bilen bina edişi ýaly, söz bilenem ýumrup bilýändir. Bar zat Onuň ýekeje sözüne bagly. Şol «söz» diýilýän gudrat bizi dikeldibem bilýär, ýumrubam. Adamyň süňki guraýar, ýöne sözi guramaýar. Şonuň üçin Taňrynyň nygmatyny yrýa etmek, ony bisarpa ulanmak we oňa biparh garamak hökman bir şowsuzlygyň üstünden eltýändir. Elbetde, durmuşda Allanyň synagy bardyr. Ol synlamak, synamak we saýlamak üçin barlap görýändir, takdyra kaýyllygyňy, şükranalgyňy, Hakdan umydygärligiňi synap görýändir. Sen ownuk-iri şowsuzlyklar bilen gurşalansyň, emma almanyň gabygy ýaly şol şowsuzlyklaryň aňyrsynda sabyrly we şükürana adamlar üçin, hakyky ynjalyk bardyr, sanalgy ezýetiň-yzanyň aňyrsynda sansyz we hakyky lezzet hem maza bardyr.  Şowsuzlyklaryň ikinji görnüşi biziň ýalňyş hereketlerimiz, ýaramaz endiklerimiz, ýalan sözlerimiz zerarly başymyzdan inýär. Emma wagtal-wagtal tekiz ýerdäki büdremeleri, «sebäpsiz» görünýän silterlenmeleri, paşmaýan matlaplarymyzy we hasyl bolmaýan maksatlarymyzy kimden görjegimizi bilemzok, ýöne özümizden welin göremizok. Iň bolmanda, bu zatlary gaýypdan gapyl köňlümiziň ynjalygy üçin, «üýtgewsiz takdyra» ýa-da  «ezeli ýazgyda» baglap goýýarys. Durmuş meselesinde-de, ahlak-söýgi meselesinde-de berlen wadalaryň, lebziň yzynda durulmasa, ygrara wepa berilmese, sözüň ahy tutsa, hernä beterinden Hudaý saklasyn welin, ömürlik betbagt bolup galaýmagyň hem mümkin. Hakyň hasaby ýöräp durandyr, hasapsyz zat ýokdur. «Aldap goýberäýmeli» pursatlaryň durmuşda her

gün gabat gelmeýändigi üçin, aýdýan zatlarymyza, berýän sözlerimize seresap çemeleşsek gowy bolardy. Her kimiň ýüzünden geçmek ýeňil dälem bolsa, başarmaýan bolsaň, «başaramok» diýmek aýp zat däl. Ilegüne başarýan zadyňy bagyş edip bilmek hem uly mertebe. Ýalany ýok sözler bilenem ýardam edip bolýar. Her bir häsiýet bolsa indiki nesillere iki esse bolup geçýändir. Şonuň üçin bir pursatlyk başdansowmalyk we bir günlük göwünawlamaklyk üçin, soňabaka endige öwrülýän her bir ýaramaz häsiýetden gaça durulmagy gerek. Bu biziň mundan bu ýana-da işlerimiziň ugrukmagyna, garaşmaýan ýerimizden gowulyklar we şowlulyklar bilen gurşalmagyza getirer. Iň bolmanda, berlen sözleri mümkinçiligimize görä hasyl etmäge bir synanyşalyň. Oýnalyp ýa-da ýerliksiz aýdylan ýalan söz bolsa tä kylmyşyňa toba edýänçäň, ýesir eder ýörer. Şonuň üçin hem durmuşda gabat gelýän ownuk-iri şowsuzlyklaryň aglaba sebäbini ýerliksiz aýdylan ýalan geplerimizden, söz berip, yzynda durulmadyk wadalarymyzdan gözläliň.

28

# Ýaranjaňlyk

Zannyňda bolmasa, ýaranyp gün görmek örän kyn. „Işiň bitýänçä doňuza daýy diýmegi" ýa-da haýsy tarapa sypalasaň, şol ýana ýatyberýän „towşantüý" bolmagy öwredýänlerem bar, ýöne bu eýýäm ikiýüzlülik bolýar. Her gezek ýumşuňy bitirtmek üçin beýle mekirlige ýüz ursaň, ol ýaramaz endige öwrülýär we oňlanylmaýan häsiýetiň özüňi ymykly eýeländigini duýman galýarsyň. Bizem meseläniň başga çözgüdiniň bolup biljekdigi hakda känbir kelle agyrtman, köpleriň ýol alan ugruna görä gopubermegi eý görýäris. Ýöne „ussatlarça" bolup bilemzok, başaramzok. Beýle ýüki ýüregiňe agram salman gerdeniňde götermek üçinem üýtgeşik adam bolup dogulmaly ýaly, ýaňy bir şelaýynlyk edip, söze başladym diýersiň welin, ýa ýüzüň dartylyp durandyr, ýa ýüregiň yzyna dartyp durandyr. Ýasama şelaýynlyk zanny pägiň ýüregine ynjalyk salmaýar, gaýta onuň rahatlygyny alyp, aladasyny artdyrýar.

Adamlaram hil-hil, käbiri bar, özünden haýyş edilmegini, il-günüň nazarynyň özünde jemlenmegini, diňe özüne „sen-sen" diýlip durulmagyny isleýär. Özüniň söýen adamsynyň söýülmegini, ýigrenen adamsynyň ýigrenilmegini isleýär. Şolaryň hörpünden gopmasaň, sen olara şumluk ýa-da basdaş bolup görünýäň. Mesele çözgüdine ilteşigi bolan beýle näzirgeýän adamlar bir bolsa, ýene ýagşy, ýaman ýeri ýaz kömelegi ýaly olaryň ösüp-örňäp gidýänliginde. Häsiýet ýaly ýokaşa-

gan zat ýok. Gowy adamlar bilen gatnaşyk etseň ýüregiňem ala-ýaz, göwnüňem göçgünli, görýäniňem şowhun-saz. Söhbetdeş boldugyňsaýy olaryň dünýäsine gatylýarsyň welin, asla ol ýerden dolanasyň gelenok, şeýde-şeýde olara mahsus häsiýetler kem-kemden özümize siňip başlaýar. Sebäbi görýänimizem şol, duýýanymyzam, eşidýänimizem hakykat, diýýänimizem. Üstesine-de, olar bizden juda akylly, mertebeli, giň düşünjeli, ýöne päli pesligi bilen, uçmah köňli, ýumşak göwni bilen söze başlar welin, ýüreginde her kime rowa görmeýän sözleriňem, syrlaryňam öz-özünden dil açar durar. Ýumşuň bolsa, minnetsiz  bitirerler. Olar her bir ýagşylyk üçin Taňryň ýalkajakdygyny bilip durkalar, „taňryýalkasyn" aýdylmagyna hem mätäç däl, ýöne şol sözi eşitmekden uly mertebe bardyram öýtmeýälrer.

Ine, ýaman adamlar bar. Olaryň göwnünde diňe nägilelikler, çagalygyndan bäri köşeşmedik kineler, amatyna garaşylyp ýörlen arlar we ahmyrlar, durmuşyň mazasyny duýdurmaýan müňkürlikler, özüni gökden inen adam hökmünde görkezýän gedemlikler we gopbamlyklar, „taýsyzlyk", „tapylgysyzlyk" äleminde başyny sämedýän tekepbirlikler... bar. Bular bilen duz-emek bolup, gatnaşyk etseň, iş salyşsaň, bu dünýä zulmatdan garaňky, görüň içinden dar, baly zakgundan ajy,  her bir dostluk – duşman, ähli ýoluň soňy petik... Beýle pisint adamlaryň dünýäsinde kyýamat köwsarlaýar. Onsoň ol ýerde, ol ýakada jennet hyýaly-ha beýlede dursun, süýjülik, ýagtylyk, ýagşylyk sözi hem ýadyňa düşmeýär.  Gözüne çaň düşüp, gyýyk baksa-da, göwnüňe ýaranok, „kese bakýar" diýip kine edýäris. Dişini ýuwjak bolup, agzyny açsa-da,maňzymyza batanok, „üstümden güljek bolýar" diýip kabul edýäris. Ömüralla ýatlamaýan adamlar bar, aladasyna çümüp, ähmiýet bermeýän çaglarynda „hondanbärsi" diýip at dakyp galýarys, bolmasa ol görgüli bizi owalam ýatlap baranok. Ine, şeýdip her bir adaty zadyň

hökman bir gara tarapyny görmäge, terse ýormaga çalyşýarys, jan edýäris.

Durmuşyň çöwre ýüzüni öz ýüzüniň perdesi etmäge synanyşýan adamlar özüne ýaranylmagyny, her kimiň işiniň düşüp duraryny isleýär, sogapdan beter şunuň ýaly sebäplere garaşýar. Möhlet ötüberse, möhüm salynmasa, özi döretmäge synanyşýar. Käwagt maksadyna ýetýär, käwagt ahmyr edýär. (Sebäbi durmuşda diňe ýaramazlaryň işi paşmaly diýen kanun ýok). Entegem adam ykbalynyň Alladan çözülýändigi gowy, şeýle adamlara bir işiň düşende ýüregiň ýüz lerzana gelýär, ömür boýy ýaranjaňlyk edip, gün görjek bolsaň, ol häsiýet zannyňda hem ýok bolsa, namysdan ýaňa ýüregiň çat açmagy mümkin. Hernä her ýerde gowy adamlar bar. Olaryň ýüzüni göreniňde hem öten günleriň örtenmeleri ýuwlup aýrylýar. Ýaşaýyşa söýgiň möwjeýär, gowulyga gopasyň gelýär, umyt uçgunlary ömür peltesine ot salyp, ruhy dünýämizi ýagtyldýar. Ýasamalyk ýa ýaranjaňlyk etmänem, ýüregiňi ýaňzydyp bolýandygyna, seniň dünýäňe we diýýäniňe düşünýändiklerine begenýärsiň. Onsoňam, hoşniýetlilik we hoşamaýsözlülik bilen ýasamalyk we ýaranjaňlyk düýbünden aýra zat. Bu häsiýetleriň birinjisinde galplyk garyndysy ýok, ählisi arassa ýürekden çykýar. Ýüz tutan ýumşunda, iň bolmanda, bähbidiň özüne, uçursyz sogabyň saňa barýandygyndan ugur alýar. Özüni oňarjak bolup, seniň bähbidiňi unutmaýar. Anyk aýdýar, aýdyň ýaňzydýar. Aňyrsynda bet päl, ýaman niýet ýok. Gussasyny gizlese-de, şatlygyny deň paýlaşasy gelýär. Başarjakdygyňa bil baglap, ynam edip, ýüz tutýar.

Ýasamalar ilki bilen öz bähbidini ileri tutýar. Süýjüsi ýetik sözleme şeker baryny goşup, bilbil bolup saýraýar, ýalbarýar, ýakarýar, ýaňraýar. Göwnüňden turjagyny bilse, halamaýan biriňe töhmet atýar, ýamanlaýar. Eýdýär, beýdýär, maksadyna ýetýär. Olar öz işleriniň biter-

ini bilýär. Ýöne bu ýagdaýda kim-kimden üstün, kimiň hötjetligi ýokary, kimiň içki matlabynyň hasyl bolandygy mälim däl. Ussat şahyr Atamyrat Atabaýewiň şygyr setirlerindäki bir manyny söze geçirip aýtsaň: „Olar-a bizi oýnajak bolýar, bizem özümizi oýnadan bolýas. Biz özümizi oýnadan bolup, olaryň özlerini oýnaýas” diýen sözlerine barýar.

Her bir asylly maksada arassa ýürekden ugur alsaň, barha bereketi artýar. Hökman ýaranjaňlyk däl, ýürekdeşlik bilenem işleri hasyl edip bolýar. Nesibe-de bar bolsa, bitmän galmaz, ýazgytda bar bolsa, ýetmän galmaz. Ýöne, ahyr bitjek amaly peslik bilen gazananyňdan, minnete meýilli adamlary bu häsiýete öwrenişdireniňden we köpleriň kösenmegine ýol açanyňdan, Hudaýa bil bagla, özüňden bitýäni ýerine ýetir, galanyna Hakyň özi bir sebäp döreder, oýlamaýan ýeriňden yş açylar, işiň biter. Hudaýyň berenine böwet bolup biljek adam ýokdur. Munuň üçin ýüregiňe-de agram salmarsyň, Hudaýyň halamaýan işinem etmersiň, üstesine-de bagtly ertiriňe we bagtyýar nesliňe müýnsüz garaýyşlar bilen garaşarsyň.

Ýagşynyň haýyrly, gündiziň ýagty, agyň tapawutly tarapyny bilmek üçin elmydama olaryň garşylygy gerek. Belki, şeýle adamlar ýagşylaryň gadyryny bilmegimiz üçin zerurlykdyr, ahyrky ýagdaýyny gözümiz bilen görüp, many almagymyz, netije çykarmagymyz üçin gerekdir. Her kim öz hereketinden, häsiýetinden hoşal. „Özi oňaranok, at dakýar” diýenem tapylar. Oňarmaýandygymyzy ýokarda hem ýaňzydypdyk. Ýöne oňaryp biljegem şony oňlamasa gowy. Her bir erbet häsiýet edil haşal ot ýaly, tohumy ýere döküldigi, öz-özi örňäp gidýär, artykmaç yhlasam gerek däl. Ýöne haşal otuň köplenç hapa ýerlerde, idegsiz goýlan ýerlerde bitişi ýaly, ýaramaz häsiýet hem ha-

pysa ýüreklerden dömüp çykýar. Ýaranjaňlygy oňarmak üçin pes häsiýetli bolmaly.

Maksatlarymyzyň hasyl bolmagyny mertebe pesligi bilen gazanmaly etmäwersin, Hudaýym!

29

# Ynamsyzlyk we ynanjaňlyk

Ähli kişä ynanmaklyk bagta eltmeýär, ýöne hiç kime ynam etmezlik hem uly betbagtlyk. Maksatlaryň galtaşýan durmuşynda, bähbitleriň çapraz düşýän çagynda kime ynanmalydygy, kime ynam etmeli däldigi agyr mesele. Çagalykda tutan dostlaryň, oglanlykda we orta ýaşda tapynan ýoldaşlaryň ahyr ýaşa çenli saklanýany az. Olaryň bir bölegi dürli durmuş şertleri bilen alysda galsa, käbirleri synaga döz gelip bilmän, öz nebsini ileri tutan çagy, ynamdan gaçýar. Ilkibaşda ynama girmek kyn däl hem bolsa, bir ynamdan gaçanyňdan soň, oňa gaýtadan girmek örän hupbatlydyr. Üstesine-de garşyňda duran adamyň daş keşbi hem öň özüňi aldan birini ýadyňa salyp dursa, şoňa meňzeş adamlara hem ynanyberesiň gelenok.

Ynamsyz adamlar hem öz içinde topar-topar. Öz güýjüne, ukybyna, başarnygyna ynamsyzlyk edýän adamlar bolýar. Olar gaýratyna galyp, maksadyny ýüregine mäkäm düwen çagy, beýik tutumlary hasyl edip biljekler, emma Taňry özgeleri eý görüp, oňa gabak galdyrmaýan mysaly, ertirinden lapykeç gezişine, düýnüni, şu gününi, geljegini betbagt edip goýýarlar. Ýogsam, şolaryň akyly zemini ýortup, dünýäni düňderip ýörenlerden egsik däl. Şolaryň güýji diňe gat-gat harytlary däl, dünýäniň mähnetini göterip ýörenlerden pesde däl. Emma, çekseň ýolunýan ýönekeý çyrmaşygyň äpet çynarlary bogup we guradyp taşlaýşy ýaly, köňülde kök uran şol bolgusyz düşünjeler, aňyňda berkän

biderek garaýyşlar ähli zehiniňi, ukybyňy, akylyňy-huşuňy guradyp taşlaýar. Bu ähmiýetsiz we bimany dowullardan, göwne gaplanan ýerliksiz gorkulardan näçe tiz saplandygyň saýy, bereket kejebesi saňa barha golaýlaşar. Aç garnyňa aş düşer diýip, zähmetden, yhlasdan ýüz öwrüp oturmagy, «ahyr bir ýerden yş açylar, rysgym geler» diýip, güzeran gamyny iýmän oturmagy ata-babalarymyz-a akyllylyk hasaplamandyr. Nesibe hem ylgamasaň nesip edenok. Ömrüň her bir sekundy geljegiň basgançagy. Özümizi dürsäp, ýüregimizi berkidip, bir işiň başyndan barsak, özümize bähbitli, köpe haýyrly ençeme işi hasyl edip bilerdik.

Ynamsyz adamlaryň beýleki bir has aýylganç görnüşi bar, olar daş-töweregini gurşap alan adamlara ynamsyzlyk bilen garaýarlar. Ýogsam daşyndan göräýmäge çeken çanagynda, tutan çemçesinde agzy bişene meňzänok, ýöne «seresaplygy elden bermeli däl» diýen pikire uýýarlarmy ýa-da örän köp zady «öňünden duýýarlarmy», ýüzüňe gülüp baksa-da, etjegi içinde. Beýle adamlar seniň edýän her bir ýagşylygyňa hem müňkürlik bilen bakýarlar. «Aňyrsynda öz bähbitjigi bolmasa ýöne ýere ýagşylyk edýän barmy?» diýip, içini hümledip ýörşüne, kalbyny köşeşdirjek bir nogsanlyk tapýança, eger-eger ynjalyp bilmeýär. Hat-da tötänden büdräýseň hem, öz ýanyndan monça bolýar, «Şu şeýledir öýtdüm welin, pikirim rast çykdy, ters güman etmändirin» diýip, pikirini arşdan ýollanan peşgeşdir öýdenok. Beýle adamlar durmuşyň diňe garaňky tarapyny görmäge ýykgyn edenler. Ýürekden syzdyryp, hernäçe dürler saçaňda hem, baryňdan eçilip, sahawat eliňi açaňda hem, olary ynandyryp bilmersiň. Olar büräni görer, ýöne düýäni görmezler. Olar diňe öz göwünlerine laýyk gelýän zatlary görüp bilýärler. Eýsem şu pesligiň, adamlara bolan ynamsyzlygyň sebäbini bilýäňizmi?! Sebäbi şolaryň özi adamlara hut şeýle daraýar, ýeri gelende hut şeýle çemeleşýär. Adamlar hem özlerine şeýle garaýmasyn

diýip elmydama gorkuda, çekinjeňlikde, «seresaplykda», has dogrusy ynamsyzlykda gezýärler. Bu ýerde akyla sygmaz ýaly algoritm ýok: Adamyň düşünjesi öz niýetinden, amalyndan çogup çykýar.  Allatagala her bir zadyň özüne çekijiliginem, ejiz tarapyny hem ýaradypdyr. Kähalatlarda köpçülige ynamsyz garaýan adamlar käbir agzy boşlaryň gepine gidip,  özlerini oýnadýan pursatlary-da bolýar.  Şonuň üçinem ata-babalarymyz: «Öz gazan guýusyna özi düşýänler, öz mekirligine özi çolaşýanlar, öz ýasan gylyjyndan ýaradar bolup, gana bulaşýanlar az däldir» diýip belleýär.

Ynamsyzlygam, aşa ynanjaňlygam gowy däl. Ähli häsiýet öz çäginde duranda, eý görünýäň, eziz bolýaň. Gulagyňa ýetirlen gybata, hatyraňa dolaşan her bir habara, ýüregiňe dolan waswasylyga we sähel şübheden gämiklän müňkürlige ynanyp otursaň, durmuşda gazanjak zadyňdan ýitirjek zadyň juda köp bolar.  Adamlar dürli-dürli. Olaryň perişde ýalysam, şeýtan ýalysam bar. Köne rowaýatlary okanyňyzda şeýtanlaryň iki görnüşde: jyn görnüşinde hem-de adam görnüşinde bolýandygyny bilensiňiz. Bularyň has hatarlysy adampisint şeýtanlar, çünki olary daşyndan saýgarmagam, içinden tanamagam kyn bolýar. Beýle adamlar tüweleýden tupan, gybatdan gep ýasap, ýürek çişirmäge şeýle bir ökde, heý goýaý, onda diňe iblisiň tälim berendigi hakda diplom ýok diýmeseň, şoňa mahsus häsiýetleriň ählisi jemlenendir. Dostlaryň arasyny bozup bilseler, ahmyryny başga biriniň üsti bilen alyp bilseler, basyp bilseler armany ýok. Olaryň ynjalygam, rahatlygam şonda. Häsiýet diýilýän zat, ýagşy bolsun, ýaman bolsun, hiç haçan bir durkunda durmaýar. Ol edil ösýän daragt ýaly, bir gämiklänsoň, boý alyp gidiberýär. Niýeti ýaramaz, päli ýaman bolsa, şumlugyny gün geçdigisaýy artdyrmasa, dermany ýetmeýän neşekeş ýaly, çar ýana elewrär oturar. Beýle pisint adamlara seresap çemeleşmek gerek, ýogsam, söz bilen boguşyna, seni ýüpsüz daňyp gidýärler. Gep gezdirmek, il ara-

syny bozmak olaryň pişesi, hat-da şeýle bir adamlar bar, beterinden Hudaý saklasyn, seniň hesretiňden, örtenmeleriňden lezzet aljagyny bilse, özüne haýyrly söwdadan ýüz öwrüp, bet pälini hasyl etmäge ymtylýar.

Adam tanamak aňsat däl. Gadym döwürlerde bir adam özüne hyzmatkär gul alarman bolupdyr. Alasäher gul bazaryna barypdyr, synlap-synlap, ahyry göwresi hyzmata gelşip duran bir garada nazary eglenipdir. Gul eýesi onuň tarypyny ýetiripdir, ähli başarýan zadyny aýdypdyr, gara zähmete gezek gelende dagy omzuna atjakdygyny, buýran ýumşuňy dessine etjekdigini ýaňzydypdyr. Halal satyjy harydynyň nogsanly ýerini alyjydan gizlemeli däl diýýärler. Gul eýesi şu däbe eýerip, «Ýöne, bu guluň birje aýby bar, ol gepçi, ara bozmaga hem ökdedir» diýipdir. Gul aljak adam känbir ikirjiňlenmändir, «Aý, ol hiç-le, men näme gepe gidip durynmy, ynanyp durynmy» diýipdir we bahasyny töläp, guly yzyna tirkäp gaýdyberipdir. Şeýdip guldan oňan hojaýyn güzeranyny aýlamagyny dowam etdiripdir. Emma, ýaramaz päl erkiňe goýýan däldir-dä (Ýolsuzlykdan, azgynlykdan Alla saklasyn!), ýaňky hyzmatkär bularyň arasyna tow salmagyň hyýalyna münüpdir. Ol öý bikesiniň ýanyna baryp: «Uly bikäm, gelşiksizem bolsa bir zat aýtmaga ygtyýar ber. Siziň sadyk guluňyz hökmünde bu zatlary gizlemäge ynsabym çatanok. Siziň ýoldaşyňyz goňşy aýala göz gyzdyrýar, onuň bilen pylan ýerde pynhan-pynhan söhbet gurýar» diýipdir. «Ýöne, men bu meseläniň çözgüdini hem bilýärin. Sen şu gün agşam ýoldaşyň uklar welin, onuň saçyndan üç-dört taryny gyrkyp getir, soň men şolara dem salyp, siziň araňyzy öňküsi ýaly agzybir ederin» diýipdir. Öý bikesi hyzmatkärine ýürekden minnetdarlyk bildiripdir, iýen duzuna wepalydygy üçin begene-begene, onuň sözüne ynana-ynana, ýoldaşynyň ýataryna howlugypdyr. Hyzmatkär gul ol ýerden çykyp derrew hojaýynynyň ýanyna barypdyr: «Meniň hojaýynym, bir zat aýtmaga ygtyýar ber, bu zatlary bilip, görüp ýöremsoň, wyždanym günüme goýanok, bar zady

bolşy ýaly aýtmasam, iýen duzumy ödemedigim bolar, ýöne siziň hatynyňyz goňşy erkek bilen gizlinlikde hylwat gurýar. Has beteri-de ol ikisi dilleşip, seni ýok etmegiň kül-küline düşdüler, şeýdibem mülküňe eýe çykjak bolýarlar» diýipdir. Hojaýyn bu sözlere ör-gökden gelse-de, «Goýsanaý, beýle-de bir zat bolarmy?» diýipdir. Hyzmatkär: «Galat aýdýan bolsam, ýokarda Alla bar, sözüme şaýatdyr, ýöne ynanmaýan bolsaň, şu gün agşam uklansyran bolup ýat, şonda aýalyň seni öldürmäge geler» diýipdir. Gije düşende, hojaýyn uklansyran bolup ýatypdyr. Maşgala agzybirligini elden bermek islemeýän öý bikesi, eline gaýçysyny alyp, adamsynyň ýanyna golaýlapdyr. Adamsy eli gaýçyly aýalyny görüpdir we gara guluň aýdan zatlaryna güpbe ynanypdyr. Soňuny seljermän, nämedir bir hakykata göz ýetirjek hem bolman, hamana, özüni halas edýän mysalynda, onuň üstüne arslan bolup topulypdyr we aýalynyň janyna kast edipdir. Soňra gelniň garyndaşlary ar talap edip, adamsyny ýoklapdyr. Soňra hojaýynyň garyndaşlary goňşy oba dökülipdir. Şeýdip, bir gepçiniň, arabozaryň ýalan gürrüňi zerarly, Adam ata döräli bäri agzybir oturan iki oba ahyrete deňiç birekbirekden öçli gezipdir.

Islendik adamyň ýanyna  şeýle şeýtanlaryň barmadygy ýokdur. Gürrüň gep gezdirip, ara bozýanda däl-de, şol şyltaklara, töhmetlere güpbe ynanýan adamlarda. Soňuny saýgarman, ýowuz-ýowuz daraberseň, ökündirjek pursatlara uzak garaşmaly bolmarsyň. Arabozarlaryň iň amatly awy – aşa ynanjaň adamlar. Her bir meseläniň düýp çözgüdine göz ýetirmezden, howul-hara netije çykarmak hökman ýalňyşdyrýar. Gadymda ýaşan bir hökümdaryň huzuryna bir adam gelipdir. «Hormatly şahym, saňa aýtjak zadym bar, ýöne ikiçäk bolmagymyz gerek, bu örän syrly» diýipdir. Hökümdar: «Sen arkaýyn aýdyber, meniň wekillerimden gizleýän zadym ýok» diýse-de, ol adam öz eňegine tutupdyr. Hökümdar ýanyndakylaryň jaýdan çykmagyny so-

rapdyr. Ikiçäk galanlarynda ýaňky adam söze başlamakçy bolupdyr. Şol wagt hökümdar: «Tagapyl et, seni diňlemezimden öňürti ilki sen meni diňle we diýenimi et, soňra isläniňi aýt» diýipdir. «Ilki bilen-ä meni öwme, men özümi senden gowy tanaýaryn. Ikinjidenem, maňa iliň gepini-gybatyny getirme, men gep gezdirýänleri itden beter ýigrenýärin. Üçünjidenem, hiç kime töhmet atma, töhmetçini Taňry hem sylap goýanok, köp wagt geçmänkä, syry açylar, paş bolar, şonda bu saýraýan diliň läş bolar» diýipdir. Ol adam: «Onda maňa aýdara zat ýok» diýip, çykyp ötägidipdir.

Ynamsyzlygam, ynanjaňlygam gowy däl. Öz ýüregiňi özgelere açyp bilseň, saňa düşünjegem, göwnüňde, ýüregiňde düşlejegem köp. Birek-birege bolan ynam we arkalaşyk belent maksatlaryň tiz hasyl bolmagyna eltýär. Birek-birege düşünmäge, her kimiň özboluşly dünýäsiniň gözel tarapyny görmäge çalşalyň.

30

# Nebis

Adamzat döräli bäri ençeme eýýamlar ötdi. Ol akyly-paýhasy bilen tebigatyň elýeterli bölegini, janly-jandarlary özüne boýun egdirdi. Rüstemligini görkezdi. Älem giňişligine aralaşdy. Ýöne şeýle üstünlikleri, ýeňişleri gazanandygyna garamazdan, ynsanyň öňündäki iň beýik böwet, aşmasy kyn iň agyr päsgelçilik onuň hut özi – öz nebsi bolup galdy. Aslynda "nebis" diýen sözüň özi – "özüň, öz islegiň, içki höwesleriň, ymtylyşlaryň" diýen manylary berýär. Adam gowudyr öýden her bir zadyny paýhas eleginden däl-de, özüniň höwes eleginden geçirse, derrew ony gazanasy, özüniňki edesi gelýär, emma soňuny pikir etmeýär. Paýhas her bir zady saldarlap görýär, işiň-amalyň netijesini görmäge çalyşýar, diňe ak ýoly, hak ýoly salgy berýär. Nebis bolsa maksadyňa ýetmek üçin mümkin bolan we bolmadyk ýollaryň ählisini ündeýär. Şonuň üçinem iň mukaddes kitapda "Nebis ýaramazlyga iterip duran zatdyr" diýilýär.

Adamyň arzuw-isleglerine tükenme ýok. Arzuw ýaşaýşa bezeg we joşgun berip duran zat. Emma durmuşda diňe öz bähbidiňi ileri tutup, özgeleri gaýra goýmak, göwün matlaplaryny gandyrmak üçin ähli ýollara aýak basmak, elbetde, ýaramaz netijelere getirýär. Şonuň üçin otugyp başlap nebse "haý" diýmek biziň däbimizde bar. Öz içki arzuw-meýilleriňi tertibe salmasaň, ähli süýji we datly zatlaryň ilki bilen özüňe nesip etmegini isleseň, munuň üçin haram ýollara baş ursaň, bu eýýäm

özüňi bilmeklige alyp gelýär. Bu bolsa türkmeniň ýek ýigrenýän häsiýeti. Gündogaryň beýik sopy şahyry, akyldar pederimiz Hoja Ahmet Ýasawynyň dürdäne setirlerindäki "özüňi unutmaklyk, özüňden geçmeklik" manysynda ündelýän zat – nebsiňi unutmaklykdyr. Nebsiňi jylawlamak – özüňi terbiýelemek, öz erk-islegleriňe höküm edip bilmek. Islegleriňi öz asylly maksadyňa hyzmat etdirip bilmek. Eger-de nebis öňe düşse, onda sen onuň diýenini etmeli bolýaň. Mundan soň salgymlar suw, her bir zat pul, her tiken gül bolup görünýär. Ylgaý-ylgaý, gije-gündiz ýortup, dürli ýol bilen gazanan her bir zadyň agramy ahyr soňunda sähel ýeliň ugruna dargan kül ýaly bolup galsa, heý-de ony baýlyk diýip düşünip bolarmy? Halal gazanç bereketli bolýar.

Türkmeniň milli terbiýesinde halal bilen haramy aýyl-saýyl edýän müň dürli rowaýatlar, hikmetler, paýhaslar bar. Türkmen öz perzendiniň halal bolmagyny arzuwlapdyr, Taňrydan diläpdir. Heniz ene göwresindekä halal lukma iýidirilipdir, birjikde haram gatylmandyr. Terbiýesi, edebi düz bolupdyr. Hüwdülerde, çaga sanawaçlarynda, läledir-monjugatdylarda, erteki-rowaýatlarda diňe halallyk ündelipdir. Haram ýol bilen gazanmaklyk berk ýazgarylypdyr. Haramyň soňunyň ýokdugy, uzaga gitmeýändigi durmuş wakalarynyň, tymsallaryň üsti bilen gündelik diýen ýaly gulagyna guýlup durlupdyr. Göre-göre gelinýän hakykata göz ýumanyň bilen onuň täsiri, hökümi ýitenok, güýji gaçanok. Haram gazanç ahyry bir ýeriňi böwsüp çykýar. Adamy endişä salýan aladalaryň biri – ertiriň – heniz gelmedik günleriň pikirini etmeklik. Şu gün şoňa ýygnap, basyryp, basyp goýmasa, erteki gün aç öläýjek ýaly. Janly-jandarlaryň içinde diňe dört zat ätiýaçlyk gor ýygnaýar diýilýär. Şolaryň biri hem adam. Emma "Her günüň rysgy şol günüň özi bilen bile gelýär" diýen ata-baba pähime gulak asýan adamlar üçin howsala düşere, harsydünýälik edere hiç hili sebäp, bahana ýok. Gazanan zadyň hasabynyň köplügi däl-de, bereketiniň köplügi has

zerur. Günde ýüz-müňläp gazanyp, nämä harç edenini bilmeýän adam bilen aýyna ýüz gazanyp, ine-gana iýip-içmekden daşgary aňyrsyna süýşürip bilýän adamlary deňeşdirip görüň. Şeýle mysallar durmuşda örän kän. Bereket puluň sanynyň köplüginde däl-de, halallygynda jemlenýär. Magtymguly atamyzyň "Ýeter saňa ir-u giç ne ýazylsa kysmatda, Janyňa jepa eýläp, munça gezme hasratda, Sogap ýagşy amalda ýa jud ýagşy niýetde" diýen sözlerini tumar edinip dakynybermeli. Biz öz rysgymyzy azrak emgenip ýa-da eglenip, halal ýol bilen gazanyp bilýärkäk, howlugyp ýa-da hars urup, haram ýol bilen aljak bolmak düýbünden nädogry. Rowaýatlara görä, bir gezek hezret Aly goňşy obadaky tanşyna hal-ahwal soraşmaga barypdyr. Bedewinden düşüpdir-de, şol ýerdäki ýaş oglanlaryň birinden öýe girip-çykýança atyny saklamagy haýyş edipdir. Hezret Aly uzagrak eglenendir-dä, wagty bilen çykmansoň, aty saklap duran oglan özüni içki pikirlerine – nebsine oýnadyp başlapdyr: "Şunça sakladym, wagty bilen çykmady. Çykansoňam, "Taňryýalkasyndan" başga zat beresi ýok. Gel, şu atyň jylawyny, uýanyny bazara eltip sataýyn-da, özüm garbak-gurbak edineýin" diýipdir. Şeýdibem Düldüliň ähli şaý-esbabyny alyp, bazar jaýyna ötägidipdir. Barybam, elindäki ähli şaý-seplerini üç dinara satypdyr. Şondan az salym soňra hezret Aly hem öý eýesi bilen daş çykypdyr, hoşlaşypdyr. Aty saklap duran oglana bu hyzmaty üçin üç dinar bermegi ýüregine düwüpdir. Atyň ýanyna gelse, ne oglan bar, ne-de atyň şaý-esbaby. "Men oňa aty saklandygy üçin şu üç dinary bermekçidim. Bähbit bolsun, esbabyny alyp gidipdir, oglan oňarmandyr" diýipdir. Soňra şol ýerdäki ýaş ýigdekçeleriň biriniň eline ýaňky puly tutdurypdyr-da, uýan, eýer, jylaw alyp gelmegi sargapdyr. Bulam bazara baryp, söwdalaşyp, Düldüliň hakyky öz esbabyny ýene-de üç dinara satyn alyp getiripdir... bu rowaýat şeýle söz bilen jemlenilýär: eger-de şol oglan birazajyk sabyr eden bolsa, kanagat eden bolsa, şol üç dinary halal ýol

bilenem aljak ekeni, emma nebsine uýup, ogurlyk edip, haram ýol bilen gazandy...

31

# Ýollar

Ýollar! Adatça ertekilerde adamyň öňünden iki ýa-da üç ýol çykýar. Ol döwrüň adamlary bizden akylly bolmaklary mümkin. Sebäbi, ýollar näçe köp bolsa, saýlamak, saýgarmak kyn bolýar. Adam pahyr özüne gerekli zady kämil röwüşde bilmese, her bir zadyň eýlesini-beýlesini synlap, sypalap, ikirjiňlenip durýar. Şeýdibem, gyzyldan gymmatly, altyndan arzyly wagtyny bisarpa sarp edýär. Eliňde puluň, bazarda hem haryt az bolsa, bazara tiz barýaň, saýlawyň az ýerinde gereklije zadyňy tiz alyp, derrew yzyňa dolanýaň. Eliňde puluň, bazarda hem haryt köp bolsa, gowusyndan-gowusyny tapjak bolup, bütin bazary söküp çykýaň. Ahyry bir harytda nazaryň eglener. Sypalap, synlap, ony bäri çekjek bolarsyň, özüňe ýaramly, göwnüňe laýyk etjek bolup, çyr-çytyrsyň. Elbetde, ýollar ýaramly, söwdalar oňuna bolsun! Alan harydyň soňlugy bilen şoňa sarp eden baýlygyňa, wagtyňa we zähmetiňe degýän bolsa, söwdanyň ýerine düşdügi hasap etmeli. Ýollar hem edil şonuň ýaly. Pikirlenup, ikirjiňlenip, mejburylyk ýa-da meýletinlik bilen, ýaýdana-ýaýdana, höweslenip ýa-da diňe ýöremek hatyrasy üçin ýaltana-ýaltana saýlanyp alnan ýollar, soňlugy bilen şoňa sarp eden akylyňa, wagtyňa we zähmetiňe degýän bolsa, onda ömre barabar söwdanyň şowly bolandygyna delil. Ýöne, ýollaryň ählisi bossanlyga, aşagyndan suwlar akyp duran, şahalarynda göz görmedik datly miweleri bolan baglara eltmeýär. Ýollaryň käbiri göz görerini islemeýän kert gaýalaryňa, huşuňy

başyňdan uçurjak uçutlara, bir ädimlik aýak atsaň, badyňy saklap bilmän, aşak eňterjek eňňitlere hem alyp barýar. Şonuň üçin ýol saýlap alanyňda, ugur saýlap alanyňda, özüňden öň şol ýolda ýorulan, ýadasa, ýaltanman ýöräp ýadan, ýollaryň inişini-çykyşyny, belendini-pesini bilýän adamlardan soramak aýp däldir. Türkmende bir nakyl bar: «Bilmiş ýek, bilmezek kişiden ýeg» diýilýär. Etjek işini bilmeýän, ýörejek ýoluny saýgarmaýan, aýtjak sözüni aňlamaýan adam şeýtança hem ýokdur diýildigi.

Adatça, adam has köp gaýtalanýan zatlaryň asyl manysyny unudýar, ony ýöne bir gep ugruna ýa-da endige görä aýdylaýýan söz saýýar. Irden turanymyzda ýa-da giçlik ýatanymyzda, säheriň dilegindedogasynda, tagamyň töwirinde «Eý Allam, bizi azdyrmaweri, azaşdyrmaweri, bizi dogry ýola salaweri» diýip içden-u daşdan, ýürekden-u ýalandan pyşyrdaýarys. Adamlaryň aglabasy bolsa, ýol näme, ýoda näme, känbir aň etjegem bolmaýar, ýöne köplenç diňe öz ýoluny dogry, diňe öz pikirini düz hasaplaýar. Dogry olar özlerinden akylly ýene-de sanaýmalyja adamyň bolup biljekdigini inkär edenok, ýöne ýürekden ykrar hem edenok. Iliň pikirine sarpa goýup bilmegem uly zat, ilden öwrenmek gowy zat. Ýöne, ahyrky netijäni özüň çözmäni öwrenmeli. Ýol diýlende, diňe işimize alyp gidýän we getirýän, azyk-owkatlyk dükanlara direýän ýa-da baglyklaryň daşyndan aýlanýan, daglaryň başyna eltýän ýollary we ýanýodalary göz öňüne getirip çäklenmeli däl. Ýol diýlende maksatlarymyza barýan, arzuwlarymyzy hasyl edýän ruhy ýollar, göwün-köňül ýollary, aň-düşünje ýollary... hem degişlidir. Ine, şu ýollarda azaşmak has uly hasrata, ýitgä eltýär. Şonuň üçinem «Eý Allam, bizi dogry ýola salaweri!» diýip dilänimizde durmuşda bolup biljek maddy we ruhy ýollaryň ählisini, maksatlarymyza eltýan ýollary hem göz öňünde tutmalydyrys.

...Ine, bu ýerde bolsa, ulaglar gatnaýan ikitaraplaýyn ýollar bar. Şol bir ýoldan hem öňe gidip barýarlar, hem yza gaýdyp gelýärler, ýöne, iň täsin ýeri, her kim özüni öňe gidip barýan ýaly, ýoluň çepinden barýany hem yza dönüp barýan hasap edýär. Her kim öz ýoluny öň we oň hasap edýär. Beýle tarapkyny bolsa, sol we soň hasap edýär. Käbir ýurtlarda ýol hereketiniň düzgünleri biziňkä laýyk gelenok. Biziň sagyndan ýöreýän ýerimizden, olar çepine sürýär. Olaram öz ýoluny, ýöreýişlerini özleriçe delillendirýär. Ýöne, bu babatda özgeleriň ýol ýöreýşi gözeldir öýdüp pikir etmeli däl. Biziň ata-baba dowam edip gelýän ýol ýöreýşimiz bar, şondan aýrylmalyň. Öňe gidilende, elmydama ýoluň sagyndan, sag tarapyndan ýörelse oňat. Durmuşda-da şeýle. Hudaýa şükür, biziň ýollarymyz hut şeýle gurnalan.  Bize diňe şu ýollarda agzybirlik we ruhubelentlik bilen öňe ýöremek galýar.

# Ýyldyzlar

Esli wagtlap ýerden gözümizi aýyrman ýörenligimiz üçinmi, bilmedim, bu gün Göge gözümi aýladym welin, birgeňsi, asmanyň ýyldyzlary öňkülerden has köpelen ýaly göründi. Gök, ak we gyzyl ýyldyzlar lowurdaşyp durşuna, asmana zynat berip durlar. Emma olar şeýle bir bitertip ýerleşipdir welin, ähli zady bimany ýaratmadyk Allanyň muny näme üçin şeýle edendigine akyl ýetiresim geldi. Ýa-da biziň gözlerimiz ýyldyzlaryň arasyndaky özara sazlaşygy duýardan ejizdir, ýa-da gözüňe sygmaýan giňişligi akylyňa sygdyrmak üçin köpräk emgenmelidir.

Ýyldyzlara seredip oýa batyşyma, olar hakda okap-eşidenlerim bir-bir ýadyma düşdi. Men diňe şu gijäniň, şu döwrüň ýyldyzlaryny synladym. Täze döreýän we görünip-görünmän süýnen ýyldyzlaryň hasabyny bolsa, Hakdan başga bilýän ýok. Älemde manysyz ýaradylan zat ýok. Her bir zadyň özüne ýetik sebäbi, hikmeti bar. Hudaý, hat-da, bu dünýäniň ýaradylyşyndan hem many almagy ündedi. Seretsene, Aý ýerden kiçi welin, Ýeriň daşyndan aýlanýar. Ýer Günden kiçi bolansoň, Günüň daşynda öwrüm edýär. Adamlar hem özünden ulynyň daşynda pelesaň urýar, diýenine gulak asýar. Özge şöhratyň hasabyna, hem selälik, hem şamlyk edinýär. Ýöne birdenkä, diňe göwräňe görä hereket etmeli däldigi ýadyma düşdi. Han-ha, Ýerden has alysda, Günden hem haýbatly birnäçe ýyldyz bar. Olaram Günüň daşynda öwrüm edýär

ahyry. Üstesine bu ýyldyzlar öz okunyň daşynda hem öwrülip durlar. Asmanyň örän syrly we geň-täsin ýaradylyşy bar eken.

Asmanyň ýyldyzlaryny sanap, soňuna çykar ýaly däl. Olar şeýle bir belentlikde ýerleşipdir. Guş ganaty bilen şol ýerlere ýetip bolmajagyna akylymyz ýetýär, ýöne göwün hyýallary uça-uça şolaryň arasynda birsellem seýran etsemdim diýib-ä arzuw edýär. Sebäbi, belentlige galmak gowy zat. Belentlige ymtylýan her bir adamyň hem nusga alýany ýyldyzlar. Sebäbi ykbalyňy, yhlasyňy güne deňejek bolsaň, belentlige galmaly we bir kaddyňda durman ýene-de ýaşmaly bolýar. Aýa meňzetmekçi bolsaň, günde-dünaşa görküňi-tüýsüňi özgertmeli bolýar. Ýyldyzlar welin Gün gözden ýitdigi birden ýylpyldar-da peýda bolar. Biz bu ýyldyzlary aşakdan synlap gördük, belki olar aslynda başgaça bolmagy hem mümkin ahyry. Göwün-dä, ýetmeýän menzili köp bolsada, etmeýän hyýaly ýok. Onsoňam, şol bir zady gaýta görmekden tiz bizar bolýan ýürek üçin üýtgeşik bakyşlar, geň-täsin garaýyşlar hem gerek ahyry.

Ýogsamam, ýyldyzlaryň näme üçin parlaýandygyna düşünmese-de, adamlaryň hem köpüsi ýyldyz bolasy gelýär. Ýyldyzlaryň älemi üýtgeşik bolmagy ahmal. Belki, ýyldyz bolaňsoň, Göge galaňsoň, dünýäniň eşreti, sapasy-mazasy aýdyň bildirýändir. Belki, ýyldyzlar zeminde köwsarlaýan harasatlardan aman galarys öýdýändirler. Şonuň üçin hem şol ýyldyzlar ýaly ilini-gününi, öýüni-öwzaryny terk edip, saýry ýerde sergezdan gezmäge taýyndyr.

Emma tebigat hemmä deň garaýar. Diňe zeminde däl, deňizleriň düýbünde hem, ýyldyzlaryň arasynda hem tupanlar möwjeýär.

Gadymy ýazgylardan mälim bolşuna görä, her gezek ýyldyz doganda howa üýtgemek bilen bolýar. Hiç wagt täsirini bildirmän dogýan ýyldyz ýokdur. Ýaldyragyň ýangyny, Garagyşyň gazaby... ýa-da

pelegiň on iki burçuny kesip geçýän Zemin her gezek bir ýyldyzyň örüsine aralaşanda ýa jöwza möwjeýär, ýa howa sowaýar, ýa-da gar, ýagyş, ýel, tupan peýda bolýar. Diýmek, ýyldyz bolmak ýönekeýlikden saplanmak, özgelere täsiriňi ýetirmek, bu dünýäde seniň hem bardygyňy, ýönekeý zat däldigiňi bildirmek bolýarmyka? Ýa-da kämillik saýylýan mertebe  hem şolmuka?

Belki, ýyldyz bolmak bagtdyr. Ýöne ýyldyz bolmak hem ýeňil iş däl. Allatagala ýyldyzlary görkezmek üçin gijäni ýaratdy. Ýyldyz ýaly parlaklygyňy bildirmek üçin tümlüge siňmeli, kynçylyga gatylmaly bolýar. Ýyldyz bolup görünmek üçin garaňkylga duwlanmaly. Garaňkylykdan gorkýan adam asmanda ýyldyz bolup bilmez. Tümlükden dowla düşýän, kynçylykdan gaçýan ýa-da ýeňil ýere sapalak atýan adam kämillik mertebesinden barha daşlaşyp, adamkärçilik lybasyny tilki derisine çalyşmaly bolýar. Ýyldyzlaryň parlaklygy diňe garaňkylykda bildirýändir. Bu hakyky, parlak ýyldyzlara degişli, emma her lowurdaýan zadyň altyn bolmaýşy ýaly, asmanyň her ýylpyldysyny ýyldyz saýmak nädogrudyr. Mysal üçin, baryp, bir ýyldyza urlup, hem ony, hem öz ömrüni weýran edýän meteoritler, hernaçe ýyldyrasa-da, ýyldyz däldirler.

Ýyldyzlara garap pal atýanlaram, täleý garaýanlar hem bar. Ýöne Omar Haýýamyň «Täleýiňi ýyldyzlardan agtarma, Çünki sergezdandyr olaň özleri» diýen sözleri ýadyma düşende, her ýalpyldaýan ýyldyzy täleýbiler hemra hökmünde kabul edip bolmajakdygy aňyma dolýar. Ugur bilmek üçin hem ýyldyzlaryň ähलisini peýdalanyp duranoklar. Onuň üçin hakyky parlak ýa-da zeminiň haýsy künjünden seredeňde hem şol bir belentligini, beýikligini, şol bir ornuny saklaýan Demirgazyk ýyldyzy ýaly bolmaly.

Her näme diýseňem, ýyldyz bolasy gelýän köp. Adamlaryň köpüsi il-günüň nazarynyň özünde jemlenmegini, öwülmegini isleýär. Ýöne şöhrat diňe özünden gaçýan adamlary kowalaýar. Derrew hem ele salýar. Ol edil kölege ýaly, gaçsaň kowalaýar, kowalasaň gaçýar. Ähmiýet bermän, yzyňa öwrülip gidersiň welin, onuň özi yzyňa düşer barar.

Ýöne parlaýan ýyldyzlaryň hem ähli si gowudyr öýtmeli däl. Ýyldyzlar dürli-dürli hasaplanýar. Emma meniň aňymda ýyldyzlar ruhy tarapdan iki hili bolýar diýen düşünje ornapdyr. Belki, bu ýönekeý oýlanmadyr. Belki-de, şol köneki rowaýatlar bilen bu günki durmuşda käbir adamlaryň ykbalynyň gabat gelmesidir. Zöhre gelin päkizeligi bilen Göge galyp, ýyldyz boldy. Myrryh bolsa, diňe ýyldyz bolmagyň, ýyldyz diýdirmegiň hatyrasyna, sowuk şöhratyň, ýeňil ýetilýän eşretiň yşgyna düşüp, haýasyndan, namysyndan geçdi. Ana, şolaryň ikisi hem ýyldyz. Ýöne il-gün kimden gaçmalydygyny, kimi ýüze sylyp, yşkyna düşmelidigini gowy bilýär. Göwünlerde şalyk etjek bolsaň, päklik, halallyk, adyllyk bilen hereket etmeli. Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda şol Myrryh ýyldyzy hakynda: «Entegem şol ýyldyz gitjek ugruňda dogsa, şol gün sähetli gün hasap edilmeýär» diýilýär. Birdenkä seniň galplyk bilen gazanan abraýyňy, sünnälenip bejerlen gül roýuňy, bägül jemalyňy-ýyldyzlygyňy şowsuzlyga yrym edip oturmasynlar. Bolsaň-a, bagt ýyldyzy bol, ýogsamam adam bol!

Maksatly ýaşamak gowy zat. Maksadyň belentligini ýyldyz bilen kesgitleýänler köp. Gadymy ýazgylarda: «Belentlige galmagy ýüregiňe düwen bolsaň, ýyldyzlardan aşagyny arzuw etmegin» diýilýär. Ýeri, indi men bu ýyldyzlaryň haýsysyna meňzesemkäm? Haýsy ýyldyzy özüme nusga edinsemkäm? Ýyldyz bolanyňa görä hakyky ýyldyz bolsaňdyň. Ýa men ýarygijäniň ýyldyzyna öwrülsemmikäm? Sebäbi ir

dogup, ir ýaşanyňdan, il bolup, gijiräk geleniň, bileräk gezeniň gowy. Onsoňam, ýarygijäniň ýyldyzlary has nurana bolýar. Olara ne gündiziň ýagtylygy gatyşýar, ne daňdanyň şapagy. Onsoňam, ... ýyldyzlar älemi şeýle bir çylşyrymly welin, men oňa düşünip bir bilermikäm? Kähalat bir ýyldyz gözümize kaklyşýar. «Hanha, ýene bir ýyldyz dogdy» diýip, aýdyp ýetişmänkäň, ol süýnýär gidiberýär. Ýa-da ilkagşam çaglary şeýle parlak görünýän, ýöne saklanman gözden ýitýän Ömrüzaýa ýyldyzy bardyr. Her kim onuň az pursatlyk ömrüni durmuşyň dürli şatylarynda ýada salýar. Emma, şol Ömrüzaýa ertir irden Daň ýyldyzy bolup, Günden öňürti alnymyzdan dogýar. Iň gowusy, men ýyldyz bolmaýyn-da, adam bolaýyn. Men ýyldyz boljak bolup, adam bolmagy unudaýmaýyn. Çünki Ruhnamada «Adam bolmak – özüň bolmakdyr. Özüň bolmak gaýtalanmazlyk, öýkünmezlik, özgäň ornuna we derisine girmezlikdir, ýasama hem emeli bolmazlykdyr» diýilýär. Ýyldyzlaryň, pelekleriň arasyndan gözläp tapmajak pikirim, bu kitabyň içinde, meniň elimde barka, ýeri, men näme üçin ýyldyz bolaýyn? Ýyldyzlary bolsa, asmanyň zynaty diýip düşüneýin ýöreýin. Belki, şolarsyz biz diňe asmandaky däl, zemindäki ençeme zada akyl ýetirip bilýän däldiris, düşünip bilýän däldiris. Ilimden-günümden daşlaşjak bolmaýyn. Il bilen bir bolup, haýryna ýarap bilsem, armanym näme, başga maksadymam ýok ahyry. Adamlara ýakyn dursaň, haýryňy, gerekli ýeriňi, ýarap biljek derdiňi tiz duýup bolýar. Günüň şöhlesi miwelere tagam berýär, aýyň şöhlesi zynat, görk berýär. Täze ýyldyzlaryň şuglasy zemine düşýänçä bolsa, millionlarça ýyl gerek. Şonuň üçin hem käteler ýyldyzlary synlanymda, olardan ýolsütünlerindäki çyralaryň has gowy ýagtylyk berýändigini biygtyýar ýatlaýaryn.

Arada asmandaky ýyldyzlaryň biriniň emeli hemra arkaly alnan suratyny görkezdiler. Ol ýerde dagpisint tegmillerden başga hiç zada nazarymyz düşmedi. Belki, biz entek ýyldyzlaryň dünýäsine akyl ýetirer-

den juda sada bolmagmyz hem mümkin. Ýöne, barybir şol suraty synlap, öz ýanymdan: «Gökde bigörk ýyldyz bolanymdan, zeminde zynatly gül bolanym oňat. Kör abraýyň yşkynda, şol beýikliklerde sergezdan gezenimden, goý, pesde ýaşaýyn, ýöne ilim-günüm bilen bir bolanym oňat. Dillerde aýdym bolanymdan, il içinde adam bolanym oňat» diýdim. Şondan soň, men asmandaky Aýa salgylanmadym, gökdäki ýyldyzlardan ugur almadym, ýörejek ýollarymy bolsa Günüň, döwrüň özi ýagtylandyryp dur. Men diňe adam bolmak üçin, adam diýdirmek üçin yhlas etdim. Müň parsah beýiklikde gezseň-de, müň dessanlyk ömrüň bolsa-da, «adam» diýen ýekeje söz bilen ýüzlenseler ýeterlik. Men-ä şundan uly mertebe göremok. Onsoňam, asmandaky ýyldyzlar hem, belki, adam bolmagy arzuw edýän bolaýmasyn?! Olaryň al-asmanda asyl-asyl bolup, ýaldyrap durşy «Wah, men hem seniň ýanyňda, şol illerde ýaşasamdym» diýip, gözüni balkyldadyp durana meňzeýär. Zemindäki käbir «ýyldyzlar» bolsa, ADAM bolup ýaşamagyň beýik mertebediginden entek bihabar görünýär.

33

# Bagtyň açary

“Bagtyň açary nirede?” diýen sowala her kim özüçe jogap berer. Käbirimiz ony altyn açar, agaç açar, demir açar ýa-da çagalykdan aňymyza ornan Buratinonyň açary ýaly göz öňüne getirmegimiz mümkin. Çünki aňa ir dolaşan düşünjeler, ýadymyzda galan suratdyr keşpler indiki oý-hyýallara, pikirlere, çözgütlere gönezlik bolup, olara mazaly täsirini ýetirýär. Aslynda, bu sowal diňe şu günüň neslini däl, öten-geçen eždatdyr pederleriň hem pikirlerini gurşapdyr. Olaryň bu babatda dürli netijelere gelmeklerine itergi beripdir. Aý-günler we ýyllar, adamzat gatnaşyklary ol düşünjeleri paýhas eleginde üwap, akyl terezisinde saldarlap görensoň, düşünjeler kämilleşip, agramly garaýyşlar aýyl-saýyl bolansoň, bagtyň açarynyň niredeligi aýan bolupdyr. Ýogsam, şol wagta çenli bu syr edil döwüň jany ýaly ýedi gat deňziň düýbündäki daşyň astyndaky sandykda saklanan döwüň jany ýaly, gaty pynhan eken. Şeýdip, bagtyň açarynyň nämeden ybaratdygy, düzümi, onuň nirede ýerleşýändigi we nähili tapyp bolýandygy hakdaky pikirler barha berkäp ugraýar. Şondan bärem, bu syrdan habarly adamlar, düzgüne laýyk hereket edip, bu açary tapmagyň hötdesinden gelipdirler. Geljegini, görjegini şol esasda gurupdurlar. Ol açar demirdenem, agaçdanam, polatdan ýa misdenem, altyndan ýa kümüşdenem däl. Alymlaryň aýtmagyna görä, ol dört sany düzümden ybarat: aýdyň maksat, halal zähmet, mäkäm ynam we üznüksiz yhlas.

Maksatly adam – iň bagtly adam, ýa-da munuň tersine maksatsyz adam – bagtsyz adam. Ömre many we gyzyk çaýýan ilkinji zat – öňüňde aýdyň, anyk maksadyň goýulmagy. Ýerden saýlanyp duran kiçijik tümmek mysalyndaky maksat däl-de, uzakdan seleňläp görünýän dag kysmy beýik maksadyň bolmagy zerur. Maksatlar dürli-dürli bolsa-da, olaryň ählisi bir arassa asyldan gözbaş almaly. Şeýle hem niýetiň ýaýrawy näçe giň boldugyça, gelýän girdeji, ýetiljek sepgit, gazanyljak bagt barha ýaýraýar gidýär. Bir adamlyk, ýagny diňe özüň üçin niýet etseň, bir adamlyk, bir maşgala üçin niýet etseň, on adamlyk, bir oba, ulus üçin niýet etseň, ýüz adamlyk rysgyň oýanarmyş. Watan üçin niýet etseň, onuň üznüksiz sogabyny, bol-telki dowamyny we rysgaldan doly jogabyny adam aňy hasaplap hem bilmez diýilýär. Şonuň üçinem owal-ahyrda Watan bähbidini ileri tutan her adam “rysgally-döwletli” hasaplanýar. Öňüňde aýdyň maksat goýanyňdan soň, ýoluňda keserýän ownuk-uşak päsgelçiliklere göz ýumup geçibermeli. Şu babatda ylym ýüki ýetik atalarymyz: “Maksadyňy kesgitle, oňa ýetmekde edil şir ýaly bolgun. Çybyn-çirkeýler oňa ezýet berip, ünsüni sowmaga synanyşsalar hem, şir olara ähmiýet bermän, diňe uzaklara – öz maksadyna tarap seredýändir” diýýär. Aýdyň maksat – bagt açarynyň bir düzümi. Soňra şol maksady hyýaldan hakykata öwürmek üçin onuň ugrunda irginsiz zähmet çekmeli. Her amalyň iň kyn ýeri – başlangyjy. Ymykly başyna baryp bolsa, ondan aňyrsyna ýagşy işiň datlylygy, ujy görnüp başlan oňyn netijeleriň süýjüligi ugrukdyryp goýberýär. Zähmetiň halal bolmagy – baş şert. Käte-käte öňümzide aňsat öwrüm edip bolýan ýollar peýda bolýar, käteler sag seriňi dumanladýan ýagdaýlar ýüze çykýar, emma bularyň ählisi durmuşyň test-synagy, biz dogry ýola pugta eýerýärismi ýa-da ýeňil zada ýykgyn edýäris? Ymaratyň düýbüne sement däl-de, saman düşeseň, ýokarsyna kerpiç örmek hyllalla bolar. Durmuş – öz elimiz bilen gurýan ymaratymyz. Onuň özeni-süňňi halal-

lykdan, halal hereketlerden düzülen bolmaly. Halal zähmet soň-soňlaram ähli oňaýsyz şertlerden halas edýän hazynadyr. Şonuň üçin atalarymyzyň halal zähmeti bagtyň açaryna garmagy ýöne ýerden däl.

Ynam adamyň ýaşaýşy. Ynamyň ýok ýerinde, hiç zadam ýok. "Şeýle aýdyň maksat, arassa hyýal aňyma oklanan bolsa, men muny hökman başarjakdyryn" – bu üstünden müň ýyl geçen sözleriň biri. Ol öňde goýan maksatlara, etsem-petsemlere nähili ynam bilen çemeleşmelidigini görkezýär. Aslynda, irki we orta asyr alymlaryny gözlege salan, "eliksir" hakdaky alhimiki düşünjäniň özeninde hem ynam ýatyr. Ynamyň üsti bilen ähli zady öňküden-de ajaýyp zada öwrüp bolýandygy nygtalýar. Maksatlary hasyl etmekçi bolsaň, munuň hötdesinden geljekdigiňe asla ikirjiňlenmeli däl. Maksat özüňki – hasyl etmek nesibesi hem özüňe degişli. Öňüňde aýdyň maksat goýup, ony hasyl etmek üçin halal zähmet çekip başlanyňdan soň, üstesine onuň hökman netije berjekdigine ynanaňsoň, iň soňky düzüm bölegi – üznüksiz yhlas galýar.

Ömrümizde haýyrly işleriň gör näçesiniň başyna bardyk, emma heran-haçan ýatlar ýaly uly işlerimizi sanasak welin on barmagymyzyň hem ýumulmazlygy ahmal.  Başyna barlyp, uzak wagt geçmänkä taşlanan amallarymyzyň sany darydan kändir. Sebäbi, biz şol işi dowamly alyp gitmesek, hiç netije bermez. Durmuşyň gyzykdyrýan, özüne çekýän tarapy gaty köp.  "Saglyk sag adamlaryň başyndaky tylla täçdir, emma ony hassalardan başga hiç kim görmeýär" diýen gadymdan gelýän pähim bar. Öňünde aýdyň maksat goýmadyk adam hem durmuşyň gyzyklydygyny kän aňşyryp bilmez. Ýaşaýyşdaky ajaýyplyklar diňe maksadyňy anyk kesgitläniňden soňra has aýdyň görnüp başlaýar. Daş-töweregiň özüne çekiji, imrindiriji mümkinçiliklerden dolýar duruberýär. Şeýle halatda köpe kowalaşyp, azdan galmazlyk üçin ýüregiňe hoş ýakan, özüňe eý gören arzuw-hyýalyňa berlip bilmek yhlas talap

edýär. Ýogsam, aglabamyzyň iň bärden gaýdýan zadymyz hut şol nokatda jemlenýär. Işe ýaňy bir höwes bilen girişendiris welin, golaýgoltumda ýa-da hut ýanymyzda başga bir işe pursat döreýär, "muny soň dowam ederin, ilki şuňa girişeýin, bu has gyzykly eken" diýip, dessine "täze maksatlara" tarap ýüz öwürýäs. Şeýdibem, ençeme ajaýyp başlangyçlarymyz heniz kök urup ýetişmänkä, guramak bilen bolýar. "Başlan haýyrly işiňizi soňuna çenli alyp çykyň (soňuna çenli ýerine ýetiriň)" – bu üstünden müň ýarym ýyl geçen söz. Emma netijeliligi bilen dünýäniň ähli işewür adamlarynyň baş şygaryna öwrülmegi başardy.

Ine, bagtyň açarynyň nämelerden ybaratdygy hakdaky düşünje. Her birimize elýeterli zat. Bagtyň açary elimizde – ony ulanmak diňe özümize bagly. Ýogsamam, size bu zatlary gürrüň berip oturmagymyň maksady hakda aýdaýyn. Meni bu zatlary ýazmaklyga iteren pähimli jümleler hakda aýdaýyn. Ir säher işe diýip ugranymdan giçlik öýüme dolanamda hem, kagyz-galamlara ýa-da kompýutere dümtünip oturamda hem, gün-günden gözelleşýän ýurdumyzyň haýsy bir sebitini görenimde hem, huşa-düýşe ornan we durmuşdaky baş maksadyma çelgi bolup duran bir pikire aýratyn ünsümi jemleýärin. Ol pikir iş stolumyň üstündäki bir bölek ak kagyzyň ýüzüne hem ýazylgy dur. Bu söz diňe kagyza däl, aňymyza hem nagyşlanandyr. Sebäbi olar ömre many çaýýan sogaply amallary düşünjämize salgy berýär. Ol sözler zähmete yhlasly ýapyşmaklyga, her bir haýyrly işe süňňüň-köňlüň bilen berilmeklige iterýär. Bu sözi unutmasaň, asylly maksadyňdan birjikde dänmän, ýoluňy ruhubelent, ynamly dowam edip bolýar. Maksatly adam bolsa bagtly adam hasap edilýär. Bizi yhlasa daýandyryp, ylhama galkyndyryp duran ol söz mähriban Prezidentimiziň "Her bir raýat, her bir adam «Döwletiň berkemegi we gülläp ösmegi üçin men

näme iş edip bilerin?» diýen sowaly öz-özüne bermelidir" diýen pähimidir.

Ýokarda bir sözi ýatlapdyk - "niýetiň ýaýrawy näçe giň boldugyça, ...", dogrudanam asylly we beýik maksatlarymyzy döwletimiziň berkemegi we gülläp ösmegi üçin gönükdirsek, bir özümiz üçin däl, tutuş ilhalk bähbitli amallara hötde geleris. Türkmenler iňňän zehinli halk – taryhy netijeler hut şuny salgy berýär. Adama berlen ukyp-zehiniň hem bir täsin tarapy bar – ony ulandygyňça, bagyş etdigiňçe, onuň bereket gözügi barha giňelip, çeşmesi derýalara, derýasy deňizlere öwrülýär. Haýry-bereketi barha artmak bilen bolýar. Şol zehini oýandyrmak üçin, haýyrly amallara ruhubelent we ynamly girişmek üçin, erjel we dowamly amal etmegimiz üçin hormatly Prezidentimiziň bu pähimi örän täsirlidir. Her bir adamy oýlandyrýan bu pähim şol adamyň özüne ýaşyryn duran zehinlerini hem oýarmagy başarýar. Çünki ynsan ruhuna, ýüregine söz ýaly ýiti täsir edip bilýän başga bir zat ýok. Hormatly Prezidentimiziň her bir raýata gönükdiren bu söwaly ömrümiziň maksadyny kesgitlemäge, onuň manyly jogabyny tapmaga ylham berýär.

34

# Bagt wadaly ykballar

Entek älemler ýaradylmanka takdyr syýasy gurap, ýazgyt kagyzy düýrlenipdir. Ondan bäri heňňamlar we eýýamlar, asyrlar we ýyllar, aýlar we günler yzly-yzyna geçip dur. Sekuntlar bilen ölçelip başlanýan şu ýönekeý wagt şol beýik asyrlary hasyl edýär. Her indiki sekunt gelejegiň bir ülüşi,her pursat täze başlangyçlara badalga. Biz bolsak ýazgyda çatylyp goýlan gurjaklar, şol takdyr-programma boýunça hereket edýäris, ýazgydyň üýtgewsizdigini boýnumyza almak bilen, öz ykbalymyz üçin özümiziň hem alada etmelidigimizi ýadymyzdan çykarmaýarys. Emma ömrümizi düzýän sekuntlara, minutlara biparh garaýarys-da, diňe her täze ýyldan has uly zatlara umyt edýäris. Täze ýylyň ilkinji güni aňymyzda-oýumyzda üýtgeşik gün ýaly duýulýar, ýogsam bu gezek hem günüň dogýan-batýan ýeri şol öňküsi ýaly, dogýan-ýaşýan wagtam öňünden-soňundan tapawut edenok. Täze ýylyň ilkinji güni gudrat gopsa-da geň görülmezdi, sebäbi bu günden hut şonuň ýaly üýtgeşiklige garaşylýar. Ýylyň dowamyndaky galan günler: iň uzyn gündizler, iň uzyn gijeler bolaýsyn, bizi beýle bir özüne çekip baranok. Biz täze ýyla şeýle bir yhlas-ynam bilen garaşýarys welin, eger Bagtyň özüne şonuň ýaly begenç bilen garaşsakdyk, ol her bir Täze ýyl ýaly bizi bir ýyllap garaşdyryp durmazdy, basym peýda bolardy. Bu hakykat.

Eýsem, täze ýyl arzuwlary näme üçin hasyl bolýar?

Üznüksiz gaýtalanyp durýan şol bir zadyň tiz bizar edýändigi düşnükli. Her bir täze zat aýratyn duýgy bagyş edýär, göwnüň sülleren gülleri, ömrüň saralan günleri şol pursat öwüşgin alyp, Isanyň demi siňen dek, gaýtadan janlanyberýär. Diňe täze zat däl, «täze» diýen sözüň özem umyt beriji. Şonuň üçin öz duýgylaryňda, pikirleriňde hem wagtal-wagtal täzelenip durmak, täzeçe oýlanmak, täze zatlary okap, diňläp, görüp göz ýetirmek, täze zatlary döretmek köňlüň gigiýenasy ýaly bir zatdyr. Her bir täze zadyň şunuň ýaly begendirýändigini bilip durkak, on iki aýdan soň hökman gelýän Täze ýyla uly ynam bilen garaşýarys.  Ynam bolsa gaty köp zady çözýär.

Türkmen ertekilerindäki öz ynamy bilen suwly ýapdan ýöräp geçen türkmen ýigidini hem-de şol ýerde bäri kenarda ýaýdanyp duran, «Hany senem şu ýigit ýaly suwuň üstünden ýöräp, aňry ýüzüne geç» diýenlerinde, «Wah, mende ol ýigidiňki ýaly ynam barmy?» diýip, hyrçyny dişleýän kazyny ýadyňyza salyň.  Garyp-pukaralaryň, hassalaryň arasynda haýyr işi wagyz edip ýören Isa pygamberiň öňünden bir garryja ene çykyp, ölimydar ýatan gyzyny sagaltmagyny haýyş edýär. Şonda Isa pygamber: «Sen onuň men sebäpli sagaljakdygyna ynanýarmyň?» diýende, garryja ene «Hawa, ynanýaryn» diýip baş atýar. Şol demde ol gyzjagazyň derdinden saplanyp, aýak üstüne galandygy hakda oýlanyň. Beýle mysallary islediginçe getirip bolýar. Dünýäniň meşhur adamlarynyň terjimehalyny okanyňyzda, tutumly maksatlaryny öz başarnyklaryna ynam etmek arkaly amala aşyrandyklaryny bilýänsiňiz.

Täze ýyl arzuwlaryna berilmegimiziň syry biziň oňa ynam edýänligimizde. Biz şol pikiri aňymyzda mäkäm ornaşdyrýarys we ynamyň ölçegine görä hasyl gazanýarys. Haýsy hem bolsa bir pikire ýürekden berilmek, ynanmak beýleki ownuk-uşak aladalaryň, geldi-geçer oýlaryň

üstüni basýar, bizi mümkin boldugyndan bir tutuma, maksada gönükdirýär. Aýratyn üns bilen gurşalan iş bolsa aglaba halatda hasyl bolýar. Eger ynamymyz gowşak bolsa, iki işiň arasynda yraň atyp, haýsy birini saýlajagymyzy bilmän, ikirjiňlenip oturýandygymyz dogry. Gowşak ynama gurşalan arzuw känbir hasyl berenok, beren hasylyny hem harsallyk bilen ýygnaýarys, bir übtügini tutanymyz bilen, bereketinden binesip galýarys. Ynam mäkäm bolsa, bagt paýy boldan-bol berilýär. Ýöne näme üçindir şol ynamy biz diňe Täze ýyl üçin ulanyp, ýylyň galan gününi adaty gün hasap edýäris. Toý tutumy, märeke sowumy, ýola-sapara çykmak niýetinde, ýyldyza garşy ýöremejek bolup, aý-günüň hasabyna parh goýýarys diýmeseň, ýylyň galan wagtyny indiki ýyla garaşyp geçirýäris. Üç ýüz altmyş bäş günüň içinden diňe belli-belli günlere öz ýanymyzdan «bagtly, şowly» diýen ýarlygy ýelmäp, galan günleriň gadyryny duýmakdan öz-özümizi mahrum edýäris. Ýogsam, Hudaýyň beren her bir güni sähet. Hudaýyň ýaradan her gününde haýsy hem bolsa bir zadyň amatly pursaty bar. Älemler we barça zatlar adamyň bagty üçin ýaradylan. Ykbal imany-ynamy berklere beýik bagty wada berýär. Beýleki günlerem edil täze ýylyň ilkinji güni ýaly ajaýypdyr. Emma biz her günüň täze bir gündügini bilýärisde, bu täze günlere kembaha garaýarys. Isa pygamberiň sözlerinde «Her günüň rysgy özi bilen bile gelýär» diýilýär. Diýmek, her günden gir ajaýyplyga garaşyň. Hekim atanyň «Her gijäni gadyr bil, her görenňi Hydyr bil» diýen sözleri ýöne hikmet däl. Ýylyň dowamyny ter duýgular bilen ötürmek üçin her günüň özboluşly gözelligini görmäge çalşyň. Maksadyň rowaçlygy, arzuwlaryň hasyl bolmagy ýazgydada baglydyr, ýöne ol aglaba halatda biziň aňymyzda berkän duýgularyň netijesidir. Diňe täze ýyl arzuwlaryndan ybrat alybam, biz her güne şonuň ýaly şatlyk bilen, begenç bilen garaşmaga haklydyrys. Gözlän tapar, garaşan gowşar.

Täze ýyldaky her ädimiňizi ynamly basyň. Täze ýylyň her gününden diňe gowulyklara garaşyň, çünki siziň her biriňiz ykbalyň ezizlän adamysyňyz. Durmuş köp gyraňlydyr, ýöne siz onuň diňe gowy tarapyny görüň. Durmuş dürli-dümendir, ýöne siz onuň içinden diňe gowy zatlary gözläň. Ykbal bagty wada beren bolsa, onda siz diňe bagta garaşyň! Özüňizi täze dünýäde ýaly duýuň! Goý şeýle pikirler aňyňyza tumar bolsun we ýyl boýy ýadyňyzdan-ýanyňyzdan aýrylmasyn! Täze ýyl duýgulary könelmesin, her günüň täze gündügini unutmaň, ýogsam-da täze ýylyň özi hut şu täze günlerden ybarat ahyryn.

Täze ýyl bizi ýene bir ýyl garaşdyrar. Yhlasa we ynama ýugrulan ykballar bolsa ondan has öň gül açar.

35

# Bagt we maşgala

Duýgy bilen ölçelýän zatlara anyk kesgitleme bermek aňsat däl. Sebäbi ol her kimiň duýgy-düşünjesine görä parhly bolýar. Kimler jan saglygyny, agzybirligi bagt üçin ýeterlik hasap etse, kimler bu zatlar bilen kanagat etmeýär. Bagty weşeň-weşeň pulda, depseň deprenmez baýlykda, mal-mülkde görýänlerem az däl. Sebäbi durmuş maksatlaryny we süýji arzuw-hyýallaryňy hasyl etmek üçin serişde gerekdigi düşnükli. Halkymyzyň arasynda "Hat-da gedaýçylyk etmäge hem gurp gerek" diýen söz bar. Şeýle bolansoň uly maksatlar üçin uly ynam-gaýrat bilen birlikde maddy ganymatçylyk hem zerur zada öwrülýär. Jemgyýetçilik ösüşiniň bir talaby hem – ynsan gowy durmuşdan has gowusyna tarap ymtylmalydyr. Eger şeýtmesek, täze, täsin we ajaýyp zatlara islegimiz oýanmasa, özümizem, durmuşymyzam bir ýerinde togtardy. Şonuň üçin bagty baýlykda görýänleri hem ýazgaryp bolmaz. Gaýta käteler öňüňde şeýle maksatdyr niýetleri goýsaň, durmuşyň gyzygy artyp, ýaşaýyşa bolan höwes has alaw alýandyr. Sebäbi nämedir bir zada ýetmäge ymtylýarsyň. Ol ýerde seni özüne çekip duran, saňa garaşyp duran arzuw-umytdan doly geljek bar.

Gadym döwrüň pelsepeçi alymlary bagt hakdaky düşünjeleri bir ýere jemlänlerinde, esasan, iki sany ugur emele gelipdir. Birinji pikire uýýan alymlar "Bagt bedene däl-de, diňe ruha mahsusdyr" diýipdirler. Olaryň pikirine görä, bagtyň özeninde hikmet-paýhas, mertlik, päklik

we adyllyk ýaly häsiýetler ýatyr. Ikinji pikire uýýan pelsepeçiler: “Bagt beden bilen ruha deň derejede degişlidir” diýip, munuň üçin esasy şu ugurlary belläpdirler. Ýagny, şu zatlaryň bar bolmagy bagtlydygyňa delil saýylypdyr. Olaryň pikiriçe bagtyň gönezligi: Ilki bilen, duýgularyň nähikliginde we süňňüň sagatlygynda. Ähli süňňüň abat, saglygyň ganymat bolanda, ýagny görüşiň, eşidişiň, tagam bilişiň ýa-da şonuň ýaly beýleki duýgularyň düz bolanda, özüňi bagtly hasaplap bolýar. Ikinjisi, dogry pikirlenmäge we dürs netije çykarmaga ukybyň bolmagy hem bagtlylyk hasaplanypdyr.  Ylymlary öwrenmek, edebiňi gözelleşdirmek we durmuş tejribeleriniň köplügi bilen muny hasyl edip bolýar. Üçünjisi, işleriň şowlulygyny bagtyň alamaty hökmünde görüpdirler. Her bir pikiriňi, oýuňy kämilleşdirip, zerur bolan işe okgunly ýapyşmak, sagdyn garaýyş bilen maksatlara ýetmek, işleri kemsiz-köstsüz ýerine ýetirmek arkaly gazanyp bolýar. Dördünjisi, il arasynda şan-şöhratyň we abraý-mertebäniň bolmagy hem bagtlylyk hasaplanypdyr. Özüňdäki ýagşy edim-gylyklar, gözel häsiýetler, bitirilen tutumly we oňyn işler üçin illeriň alkyş aýtmagy, göwünlerinde götergilemesi bilen hasyl edip bolupdyr. Bäşinjisi, baýlyk we bol-elinlik. Ýakynlaryňa we dost-ýarlaryňa, şeýle-de edilen ýagşylygyň gadyryny bilýän mynasyp, mätäç adamlara gazanjyňdan toplan zadyňdan eçilmek, maddy we ruhy goldaw bermek hem bagtlylyk hasap edilipdir. Ynsanyň öz pikir-düşünjesine laýyklykda hatda şularyň birine eýe bolmak hem bagtyýarlygyň alamaty saýylypdyr. “Beden we ruh bilen berjaý edip bolýan şu mümkinçilikleri doly üpjün eden adam bolsa kämil bagta eýe bolar” diýip, netije çykarypdyrlar. Ýöne, bellemeli möhüm zatlaryň biri döwletliligiň sakasynda saglyk bar. Her bir haýyrly işi amala aşyrmak üçin hem ilkinji nobatda saglyk bilen agzybirlik gerek. Aslynda, köne tymsallarda, gadymy rowaýatlarda, pederlerimiziň durmuş tejribesinden toplan hikmetlerinde bir söz öwran-öwran gaýtalanýar: “Agzybirlik nirede bolsa,

bagt hem şol ýere atygsaýandyr. Nirede agzybirlik bar bolsa, bagt hem şol ýerde mesgen tutýandyr”.

Ähli ýerde agzybirligi ileri tutup, şoňa laýyk hereket etseň, gazanýan zadyň göz öňüne getirişiňden hem artyk bolýar. Tapawudy ýok, maşgalada, iş ýerinde, köpçülik ýerinde.. agzybirlik hemme ýerde hem gerek. Maşgala agzybirligi hakda söz açsak welin, ol dem alýan howamyz ýaly zerurdyr. Çünki öýde bolýan her bir hereket, aýdylýan söz maşgala agzalarynyň her birine täsir edýär. Hat-da käteler öte biperwaý ýaly görünýänem bolsaň, barybir bu gatnaşyklaryň täsirinden saplanyp bolanok. Maşgala agzybirligini üpjün etmek üçin owaldan gelýän adatlarymyza, däp-dessurlarymyza eýermek ýeterlik – her kim öz ornunda durup, birek-birege sylag-sarpa, söýgi-muhapbet bilen bakanlygynda, birek-birege arka bolmak bilen has köp zat gazanyp bolýandygyna akyl ýetirenliginde olar agzybir maşgala öwrüler. Ata öz ornunda, ene öz ornunda, perzentler, dogan-jigiler öz ornunda “ula gulak asyp, olaryň  diýenini edip, kiçileri sylap” ýörseler, bagtyň bu ojakda müdimilik goş ýazdyrjakdygyna ynanybermeli.

Maşgala agzybirligi hakynda aýdara zat kän we ol uzyn-uzyn söhbetlere hem sygmaýar. Sebäbi, biziň halkymyzda maşgala mukaddesligi diýen düşünje bar. Şol mukaddeslige laýyk hereket etmek her bir maşgala agzasynyň borjy. Üstesine, birek-biregi sylamakda egne agyr labyr, ýürege ýük düşenok. Ýanymyzdaky adamyň iň bolmanda ýekeje gowy häsiýetini ýatlamagam ýeterlik – begenmek, buýsanmak, bagtlydygyňa şükür etmek üçin... onsoňam, “özgeleri begendirip bilýän adam bagtly bolmaga has mynasypdyr” diýen aýtgy bar. Şol begenji hem ilki bilen öz öýüňdäki adamlardan başlamak dogry hasaplanylýar. Ilkinji nobatda ata-enäni, ýanýoldaşyňy, dogan-jigi, bala-çagalaryňy sylap, söýüp, hormatlap, başardygyňdan olaryň göwnüni tapmaga yhlas et-

seň, bu tagallanyň hözirini, şatlygyny dessine görüp başlarsyň. Emma, maşgala durmuşyndaky sähel kynçylygy göwne ornan waswasa eýläp, uly apata öwrüberseň, zeýrenip otursaň, ýanyňda duran bagty hem duýup bilmersiň. Şeýle bir tymsal bar:

“Bir adam deňziň kenarynda biz daşyň üstünde soňky döwürdäki ýagdaýlaryny göz öňüne getirip, gamgyn oturan eken. Dürli oý-hyýallara çümüp otyrka, ol bir geň wakanyň şaýady bolupdyr. Onuň oturan şol daşynyň beýle gyrasyna bir poçtalýon gelip oturypdyr. Ýüzünden nur ýagyp duran bu adam diýseň şadyýan eken, dünýäniň bir zerre derdi bardyr öýtmeýärmişin. Nämedir bir zada göwni göterilip gelene meňzeýär eken. Ol poçtalýon ýantorbasyny açyp, ondan bir, iki, üç ... birnäçe hatly bukjalary çykaryp, ony şol töwerekden ötüp geçýän, özüne salam berýän adamlara paýlap başlapdyr. Ol hatyň kimden gelendiginem, kime ýazylandygynam aýdanok eken, ýöne kim ýanyna gelse, her biriniň eline bir bukjany tutdurypdyr. Poçtalýon ähli bukjalary şunuň ýaly geň usulda paýlap gutarypdyr. Poçtalýon işini gutardym edensoň, myssa ýylgyrypdyr-da, torbasyny ýapyp, öz ýoluna gidiberipdir. Gaýgyly adam: „Bu bir akylyndan azaşan, däli bolmaly“ diýip, öz ýanyndan pikirlenipdir. „Beýdip ýörşüne basym işden kowlar” diýip, içini gepledipdir. Bu poçtalýon hakdaky pikirlere duwlanyp otyrka, onuň ýanyndan geçip barýan, ýaşy goýalyşan, paýhasy nazaryndan bildirip duran adamlaryň biri sakga säginipdir. Ol adam: „Sen ýanyňda oturyp giden adamyň kimdigini bilýärmiň?“ diýip sorapdyr. „Ol akylyndan azaşan, däli-mejnun biri bolmaly“ diýip, gaýgyly adam desbi-dähel jogap beripdir. Ol myssa ýylgyrypdyr-da: „Ýok, ol däli-mejnun däl, ol bagt. Kim özüne tarap ýönelse, şoňa amatly we ajaýyp pursatlary, şowly nesibeleri bagyş edýän bagt ol... emma sen bagtyň hut ýanjagazynda oturybam, diňe içki pikirleriňe gümra bolup geň galdyň oturdyň, iň bolmanda, „Siz kim bolarsyňyz?“ diýibem soramadyň.

Diňe şol hereketi edenligiňizde hem, bagt özüni tanatjakdy we ýüz tutandygyňyz üçin siziň amatly pursatlardan nesibäňizi berjekdi“ diýipdir.

Käte biz alada-ünjülere şeýle bir berilýäris. Diňe özümizi görüp, içki pikirlere boglup oturyşymyza, alnymyzda duran amatly pursatlary duýman galýarys. Her hili çykgynsyz ýagdaýa düşeniňde hem, üstünlige eltýän ähli ýollaryň hut öz ýanyňyzdan, öz öýüňizden gözbaş alýandygyny,  ýöräp, ýetip biljek ýeriňizden tapylýandygyny unutmaly däl.

Biziň hakyky bagtyýarlygymyz öz ojagymyzdaky agzybirlikden, sylanyşykdan gözbaş alýar. Öz öýünde özüni bagtly duýmaýan adam dünýäniň beýleki hiç bir ýerinde hem bagtly bolup bilmez. Maşgalanyň öňünde bir umumy, bitewi maksadyň bolmagy hem agzybirligi berkidýän esasy ýagdaýlaryň biridir. Çünki, her bir maşgala agzasy şol maksady hasyl etmek üçin öz üstüne düşýän borja jogapkärçilikli çemeleşýär we her ädimde birek-birege tekge bolýar.

“Bagtyň açary nirede?” diýen sowala her kim özüçe jogap berer. Käbirimiz   ony altyn açar, agaç açar, demir açar ýa-da çagalykdan aňymyza ornan Buratinonyň açary ýaly   göz öňüne getirmegimiz mümkin.   Çünki aňa ir dolaşan düşünjeler, ýadymyzda galan suratdyr keşpler indiki oý-hyýallara, pikirlere, çözgütlere gönezlik bolup, olara mazaly täsirini ýetirýär.  Aslynda, bu sowal diňe şu günüň neslini däl, öten-geçen eždatdyr pederleriň hem pikirlerini gurşapdyr. Olaryň bu babatda dürli netijelere gelmeklerine itergi beripdir. Aý-günler we ýyllar, adamzat gatnaşyklary ol düşünjeleri paýhas eleginde üwap, akyl terezisinde saldarlap görensoň, düşünjeler kämilleşip,   agramly garaýyşlar aýyl-saýyl bolansoň, bagtyň açarynyň niredeligi aýan bolupdyr. Ýogsam, şol wagta çenli bu syr edil ýedi gat deňziň düýbündäki daşyň astyndaky sandykda saklanan döwüň jany ýaly, gaty pynhan

eken. Şeýdip, bagtyň açarynyň nämeden ybaratdygy, düzümi, onuň nirede ýerleşýändigi we nähili tapyp bolýandygy hakdaky pikirler barha berkäp ugraýar. Şondan bärem, bu syrdan habarly adamlar, düzgüne laýyk hereket edip, bu açary tapmagyň hötdesinden gelipdirler. Geljegini, görjegini şol esasda gurupdurlar. Ol açar demirdenem, agaçdanam, polatdan ýa misdenem, altyndan ýa kümüşdenem däl. Ol açar agzybirlikden ybaratdyr. Agzybirligiň ýanynda aýdyň maksat, halal zähmet, mäkäm ynam we üznüksiz yhlas hem bar bolsa, onda kämil bagta eýedigiňize buýsanmaga doly haklysyňyz.

# Borç we jogapkärçilik

Ýaşaýyş gury ýerde karar tutsa-da, dünýä durmuşyny deňze meňzedipdirler. Dürli tarapdan alyp göreniňde hem şeýle bir jaýdar we ýerine düşen meňzetme. Käteler duçar bolýan ownukly, irili aladalarymyzy gämini sähel yralaýan ýellerden başlap, ýelkeniňi ýarýan we soňra ýöremäge mejal goýmaýan gomlara, harasatlara, tupanlara deňäp bolýar. Ömür menzilleri adamy bu kenardan aňry kenara aşyrýan sala çalym edýär. Görüp ýören adamlarymyz özleriniň aýratynlygy, häsiýeti boýunça deňiz jandarlarynyň haýsy birine gabat gelenok: balyk ýaly ýüzmäge ukyply, şol bir wagtda sypjyk adamlar, pyşbagalar, barmagyňy bir gapjasa, goýbermelidir öýtmeýän leňňeçler, öz-özi kaknyşýan uly-uly läheňler, gursagynda dür saklaýan sadaplar... Gury ýerde ýaşasa çöle, suwda ýaşasa çuňa aralaşmaga takaty ýok gurbagalar  bar... Ýeriň ýüzünde özüne bähbitli ýagdaýlara görä durkuny, süňňüni, reňňini üýtgedýän adamlaryň bolşy ýaly deňiz düýbündäki ösümlikleriň reňkine görä öwüşgin alyp, daşky keşbini üýtgedýän haýwanlaram bar.  Adamlarda bir artykmaç zat akyl bar, ýöne muňa derek käbir haýwanlaryň duýgurlygy, syzyjylygy ynsanlaryňkydan has ýokary. Meňzedilýän bolsa, düýbünde bir zat bolaýmaly.

Adamlaryň her biri özüni nähili göz öňüne getirýändigine  garamazdan, olaryň ählisi müň öwüşginli, zerli teňňeleri bolan balyk kysmy. Ýeri onsoň, tylla teňňeli şol balyklar suwdan örküni üzse, suwdan ara-

syny açsa, kem-kemden bogulyp, ejir çekip, örtenip galmazmy? Ýaşaýyş deňiz. Bu gözýetmez ummanyň suwy - ýaşaýyşyň syýa bilen ýazylmadyk kanuny. Adamkärçiligiňi, adama mahsus häsiýetleriňi saklamaklyk üçin bu suwdan aýrylmajak bolmaly. Ykbalynyň belli bir bölegi öz elinde bolan ynsan arzuwyny amal, maksadyny hasyl etjek bolanynda öz dünýäsinden, özüne mahsus artykmaçlyklardan, halallykdan daşlaşmasa ýagşy. Ýogsam, teňňesiniň terligi giden tylla balyklar ýaly ýüzüň suwy çekilip, abraýyň döküliberýär. Şondan soň töweregiňdäkileriň gaharyna sataşmasaň, perişdeleriň nazaryna kaklyşjak gümanyň ýok. Adamyň abraýyny, ýüzüniň ýakymyny, nuruny döküýän zatlaryň müňlerçe sebäbi bolup biler. Bilmezlikden we bilgeşleýin edilen hatalar, günäler, gabahat hereketler, nähak göwne degmeler, borçly bolup, soralmadyk ötünçler, söz berlip, ödelmedik wadalar.., garaz, tutuş jemgyýetiň ýa-da zanny ýagşy bir adamyň oňlamajak, hoşuna gelmejek häsiýetleri barha biabraýlyga iterýän sebäplerdir. Ynamyň çäginden çykan özüňe aşa göwnüýetijilik, edýän işleriňe sowuk-sala garamaklyk kimdir biriniň hakynyň iýilmegine ýa-da hukugynyň kemsidilmegine eltýär. Özümizde dömen şeýle gylyklaryň derrew öňüni almasak, özenini sogrup çykarmasak, onuň zyýanly tasiri ýylanyň zäherinden has çalt ýaýraýar. Ýaňy biten çyrmaşyklar ýüz ýaşly çynary bogup bilýär. Ýüz berlen nebsiň gözümize tutýan perdesi köpýyllyk tejribeli göz lukmanynyň yhlasyndan rüstem gelýär. Mundan soň biz ähli zady nebis göreçleriniň üsti bilen görýäris. Nebis nähili görkezse, şonuň ýaly hem kabul edýäris.

Ata-babalarymyzyň terbiýe mekdebinde «özüňe hasap bermeklik» diýen düşünje bolupdyr. Häsiýetiň durgun däl-de, durnukly, sagdyn we gözel bolmagy üçin, öwüt-ündewde hamyrmaýa bolup hyzmat eden bu düşünje soňky gün ahmyra galmazlygyň öňünden görülýän çykalgasydyr. «Özgeler (ahyret soragy manysynda) soramazdan öňürti, hasa-

byňyzy özüňiz seljeriň. Özgelerden owal, amallaryňyzy özüňiz ölçeriň» diýip, hezreti Omaryň sözlerinde aýdylýar. Pygamber alaýhyssalamyň hadyslarynda «Haýsydyr bir işi etmekçi bolsaň, hökman soňuna gözle. Ýagşy amal bolsa, gijikdirme. Ýaramaz iş bolsa, başyna barma» diýilýär. Özüňe hasap bermeklik, ýa-da özüňe jogapkärli çemeleşmek diňe gowy häsiýetleriň üstünden eltýär. Her gün ýassydan öňürti şol günde bitiren işleriniň haýyr-şerini, aýdan sözleriniň agy-garasyny, gazanan kesbiniň, iýen lukmasynyň halalyny, haramyny birbe-bir ýatlap, seljermek, özünden hasap soramak atalarymyzyň adaty eken. Ol edil hasabyna jür söwdagäriň her günüň, her hepdäniň, her aýyň we her ýylyň soňunda öz girdejisini, çykdajysyny, algysyny, bergisini hasaplaýşy bilen barabardyr. Täjiriň özüne bähbitli ýollary, usullary agtaryşy ýaly, her bir adam özüne gara ýokdurmajak häsiýetleri gözlemelidir. Şonuň üçinem goýberlen säwlikler, ynsanlar bilen gatnaşykda öte geçmeler ýa-da bärden gaýtmalar bar bolsa, bu nogsanlygy gaýtalamazlyga öz ýanlaryndan äht edipdirler. Özlerinden gündelik hasap soramak bilen häsiýetlerini terbiýelemegiň hötdesinden gelipdirler. Adamyň göwni-nebsi iň süýji, ýöne ýeňil eklenje ýykgyn edegen. Ony jylawlap durmasaň, özüňi bir gazyga kökerip goýýar we düýbi boş düşünjelerden aýňalmaga maý berenok. Hondanbärsiligiň, juda arkaýynlygyň badyhowasyna ulaşyp, asmana göterilýäň. Oýanmaly pursaty gelende, seni götergilän ham-hyýallaryň salgymdygyna, köşkdür öýdeniň küldügine, saraýyň samandygyna göz ýetirýäň, ýöne mundan soň giç bolýar. Bu gapyllyga berilmezlik üçin, edýän işlerimize jogapkärli çemeleşmek we özümize talap ediji mugallymyň nazary bilen bakmak zerurdyr.

Öňki döwürlerde arkasynda bir daňy odun bolan bir goja ýegşerilip öýüne tarap gelýän eken. Goňşularynyň biri muňa dözmän: «A-how, goňşy, gerdeni piliň ýagyrnysy ýaly ýetişen oglanlaryň bar, şolara

buýraýsaň bolmadymy, nätjekdiň özüňe ýük edip?» diýipdir. Goja myssa ýylgyrypdyr-da: «Ýok, bu çagalaryma däl-de, ilki bilen özüme erk edip (diýenimi etdirip) bilýänmi ýa-da bilemok, şony bilmek üçin şeýtdim» diýipdir. Dürli amallar, hereketler, sowallar bilen irkilip barýan ynsaby oýarmaga çalyşmaly. «Bu gün nähili amallar etdim? Nähili niýetler bilen etdim? Hudaýy unudyp, adamlara çyndan ýalbaranym, hojaýynyň göwni üçin, ýalandan ýylgyranym, aýdaýmaly zady aýtmadygym, aýtmasyz zatdan gaýtmadygym... barmy? Degişjek bolup, kimdir biriniň göwnüne degdimmi? Haýyr işe ýaltandymmy, ýaýdandymmy? Şu gün bitirip boljak işi ertire goýdummy?» diýen soraglar, şol gün şol hereketleri edenem bolsaňyz, hakyna-nähagyna gözüňiz ýetip durka, soňlugy bilen il-günüň oňlajak hereketine dolanyp gelmäge ýol açar. Özüňden soralýan gündelik hasaplar häsiýetiň diňe gözelleşmegine getirýär. Göräýmäge müşgil zat ýok. Muňa bir endik etseň, onuň oňyn täsirini özüňde-de, jemgyýetde-de görüp bolýar. «Her bir adamyň Hakyň, halkyň hem-de özüniň öňünde hökmany bitirmeli borjy bardyr» diýlip, gadymy eserleriň ählisinde diýen ýaly nygtalýar. Hakyň parzyny bitirmek, ybadat etmek, il-gün bilen gatnaşyklarda halal, arassa matlaplardan ugur almak, uly-kiçiň hakyny ödemek, özüňi ýagşy ahlakly alyp barmak hemmämiziň borjumyz. Munuň üçin her bir işe jogapkärli çemeleşmek gerek. Soňuny seljermän, bir işiň başyna barmak ýa-da wagtynda bitirilse, köpe nepi degjek amalyň başyna asla barmazlyk geleňsizligiň, biperwaýlygyň, jogapkärsizligiň nyşanydyr. Giňgöwünlilik bilen geleňsizlik hersi aýra zat. Geleňsizlik edilende, Hakyňam, halkyňam, öz öňüňdäki borjam ödelmän galýar. Ne sogapda nesibäň, ne il-günde abraýyň bolýar. Üstesine-de, kösti köpe ýetýär. Çünki adamzat ykbaly biri-biri bilen berk baglanyşykda, «meniň öz dünýäm bar» diýip bolýar, ýöne «özgelerden üzňe dünýäm» diýip bolmaýar. Şäheriň gat-gat binaly jaýlaryny ýadyňa sal.

«Özümiňki» diýip, arka diräp oturan diwaryň beýle ýüzi goňşyň diwary bolup durandyr. Işlerimize geleň etmeklik, jogapkärli we döredijilikli çemeleşmek özümiziňem, iliň-günüňem bähbidinedir. Bu ýollarda borjuna düşünmeýän, güýjüni tijemeýän, ýeterlik yhlas etmeýän adamlar bir ugra gönügen durmuş akymyndan öz-özlerini gyrakladýarlar. Döwletlilik borjuňa düşünmekde we ýeterlik alada, yhlas etmekdedir.

Bu zatlara ýazmaga itergi beren sebäp näme? Hormatly Prezidentimiziň ýaňy-ýakyndaky Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde sözlän sözünde her bir adamyň öz borjuna dogry düşünip, oýlanyşykly, döredijilikli, jogapkärçilikli çemeleşmelidigini sargady. Diňleseňem, müň hikmet, ýöne her bir eşidýän, görýän zadymyzdan özümiz üçinem netije çykarmaly. Böwrümizi diňşirgenip görmeli, özümizde bolup biläýjek bärden gaýtmalaryň öňüni almaly. Gowy häsiýetleriňe şükür etmeli, guwanmaly. Nogsanlygyň bar bolsa, düşünmeli we düzelmeli. Ilgün bilen ysnyşykly, agzybir, guramaçylykly, döredijilikli işlemeli. Hormatly Prezidentimiziň aýdyşy ýaly «Bu günki gün borja bolan ýokary duýgy, giň dünýägaraýyşly bolmak, asylly başlangyçlar bilen çykyş etmek, işe döredijilikli çemeleşmek her bir ýolbaşça mahsus bolmalydyr. Size häzirki wagtda bildirilýän esasy talap erjel, ýadawsyz zähmet çekmekden ybarat bolup durýar» diýilýär.

Borja dogry düşünip, dürs hereket edilende, gury ýerde mesgen tutan, ýöne ötmeli ýoly deňze meňzedilýän adamzat durmuşy hem asuda, hem bol-telki, hem rahat we şadyýan geçer.

37

# Döredijilik we göçürijilik

Ussatlyk talap etmeýan  ugur sungat derejesinde ýokary göterilmeýar. Döwür bilen deň ýaşasy gelýan islendik sungat bolsa, elmydama täzeçilligiň, gözelligiň, kamilligiň gözleginde bolmaly. Ýogsam, göwresi gaba bolsa-da, aňy ösmändigi zerarly ýer ýüzünden ýitip giden äpet dinozawrlar ýaly, ukybyň-zehiniň, abraýyň-şanyň kem-kemden ýok bolup gidýär. Bu tebigatyň kanuny, ýaşaýyşyň, ösüşiň talabydyr. Ýaşaýyşa ukyply pikirler, täzeçe röwüş tapyp bilýän garaýyşlar, taraşlansa ulanyp bolýan tapyndylar bolsa döwür bilen des-deň gadam basyp, ýene-de öz ömrüne ömür goşýar.

Islendik ugur, sungat, hünär şo-ol gadymdan bäri edil biziň şu günümizdäki ýaly, asyl we ýasama, çyn we ýalan, hakyky we galp diýen toparlara bölünýär. Biz, elmydama hakykatyň üstündigine ynanýarys. Sebäbi, hakykatyň hossary Hakdyr, Hudaýdyr. Emma, ýoň bolup galan galp ýasamak, bildirmän göçürmek ýaly zatlar hem indi sungat derejesine ýetdi. Olary diňe kämilleşdirmek galdy. Bu islendik ugurdaky adama degişli. Ýazyjy-şahyr, bagşy-sazanda, alym-talyp, oýlap tapyjy adamlar-a has-da şu iki ugurdan birine eýerýär: Olaryň käbiri dörediji, käbiri göçüri adamlar bolup çykýar. Döredijilik we göçürijilik: Adam elmydama öz işine döredijilikli çemeleşmeli. Diňe ýalta adamlar ondan-mundan pikir ogurlap, şol durşuna berýär.

Döredijі adamlar her bir görýän zadyndan, hut tebigatyň özünden nusga alýarlar. Olar bu barlygyň sözsüz aýdýan, ümsüz mälim edýän zatlaryny dürli ýazgylaryň, ajaýyp setirleriň, suratdyr nagyşlaryň, aýdymdyr-sazlaryň üsti bilen ile-güne ýetirýärler. Köňli ylhamdan püre-pür, ýüregi joşgunly, niýeti päk adamlaryň her bir el uran işi hem bereketli bolýar, hem-de her okana, synlana, diňläne bereket ýokdurýar. Bu hem tebigatyň kanuny. Ine, şeýle ýazgylary okanyňda, suratlary synlanyňda, aýdymdyr-sazlary diňläniňde seniň dünýäňdäki ýaşaýyşa bolan uçgunlar  oda öwrülýär, dünýä gözelliginiň hakyky görküni duýýaň, jennet gülleriniň ysyny alýaň. Ýaşadygyňsaýy ýaşasyň gelýär. Hat-da ol ýerde milli we dini, ýokary we pes diýen hiç hili bölünişik hem ýok. Gaýta,  ol zatlar seniň kimdigiňe garamazdan, seniň ýüregiňde halallyga, päklige, ýagşylyga bolan höwesiňi oýarýar. Öň bar bolsa, has-da berkidýär. Kalbyňda kök urup başlan ynamsyzlyk, müňkürlik, göwnüçökgünlik ýaly ýene birnaçe ýaramaz zatlary ýuwup aýyrýar. Özem munuň üçin zäheri ýuwlup aýrylan ýylan ýaly, ol deňze, ol dünýä ýyllap çümmegem gerek däl. Hakyky sungat eseri bir pursatda, göz ýumup-açasy salymda täsir edýar. Şonuň üçinem oňa «sungat» diýilýar. Sungat sözüniň bolsa «döredijilik» diýmekdigini bu ugurda işleýan-u işlemeýän her bir adam bilýar.

Ýöne, gülüň degresindäki tiken, gülüň görküni kemmeýär, gaýta tikenli güller has görkli ýaly bolup dur. Belki ol bize güllere seresap çemeleşmelidigini ýatladýandyr. Hat-da görksüz adamyň ajaýyp sungat eseri, işi, amaly, ähli görklüni özüne kökerip goýýar.

Döredijilik adamlary elmydama oňat zatlary döretmegiň, täze pikirleri tapmagyň we olary owadan, ýerlikli, jaýdar jümleler bilen utgaşdyrmagyň ugrunda gezmeli. Bu babatda janly tebigatyň özi biz üçin uly nusgalyk, uly halypa. Barha kämilleşip barýan tutuş adamzat dünýäsi

özüniň öňki bilmeýän zatlaryny hut tebigatdan öwrendi. Özem köpüsini deňeşdirme, meňzetme usuly bilen kemala getirdi. Durmuş hadysalarynyň şatlygyny-gamyny tebigy hadysalaryň yssysy-sowugy bilen deňedi. Ýar jemalyny wasp etmekçi bolanda, dodagyny pissä, gabagyny badama, ýaňagyny nara, alkymyny ak gara ýa-da dury üzüme, ak dişlerini hünjä, kirpigini oka, gaşyny aýa ogşatdy. Özem bu sözleri, bu taryplary, wasplary suwjuklyk bilen beýan etmedi, hantamalyk bilen düzmedi, ýazanda ýüreginden ýazdy, içki joşgunyny iline-gününe ýaýdy.

Her döwür bir döwür. Ýöne haýsy döwür bolsada arassa döredijilik gazanç çeşmesi bolmaly däldir. Eklenmek üçin hünär öwrenseň gowy. Döredijiligi bolsa iliň-günüň şatlygyny artdyrmak, hesretli gününde teselli bermek, dogry ýola gönükdirmek, ýagşyny ündäp, ýamandan saklamak üçin peýdalanmaly. Şu zatlardan gazanýan sogabyň, belki tamakinlik bilen alýan zadyňdan has gymmatlydyr. Dogrusyny aýtsaň, döredijilirem göçürijiler, ýöne bular tebigatdan ýa-da hut öz aňlaryndan göçürýär. Beýle göçürmeklik aýp zat däl, gaýta aňyň bolup, göçürip bilmeseň aýp. Emma, iliň ýazan her eserinden iki sözlem, iki setir, iki parça ogurlap, üzlem-saplam sepleşdireniňden soňra, aşagyna öz adyňy goýmak, iliň düzen sazyna terslin-oňlyn özüňçe hiňlenmek, düzmedir beýannamalary, diplom işleridir makalalary tapan ýeriňden göçürmek we taraşlaman – ýalňyşy-daňlyşy bilen getirmek – özüňde bar bolan döredijilik ukybynyň barha köremegine, haýallamagyna, soňlugy bilen ýitip gitmegine getirýar. Beýle adamlar edil suwy çekilip, gurap galan guýa meňzeýär.

Göçürijilik hem bir sungat. Bu sungatam öz içinde şaha-şaha bölünip gidýär. Ýöne gelşiksiz bolsa-da, ýerliksiz bolmajak bir mysaly aýdalyň: «Siňek gara zada gonsa, pohy ak bolýandyr, ak zada gonsa,

gara bolýandyr». Hernäçe bildirmän göçüreniňde hem okumyş il, diňleýji mähelle ilki sözleriňden, ilki sazlaryňdan kimiň heňiniň gelýandigini derrew bilýär. Hat-da, öňdengörüji Nostradamus Müsürden getiren kitabynyň her sahypasyny öz eli bilen göçüreninden soňra, öňki nusgany ýakandygyna garamazdan, onuň eser ogrusydygyny dünýä edebiýatyny öwrenijiler aýdyp durandyr. Bu her bir eseri-ýazgyny ýa-da aýdymy-sazy şol durşuna, tutuşlygyna göçürýänlere degişli. Elbetde, abraý-şöhrat gowy zat, ýöne öz ukybyň-hünäriň bilen iliňi begendirmek we bu begençden alýan lezzetiň has-da datlydyr. Toýda-tomguda, şagalaň-şüweleňde öň eşitmedik aýdymlaryňy diňläp oturansyň. Aradan hepde geçmez, şol aýdymyň dürli dildäki, dürli sözler bilen doldurylan nusgalaryny diňläp, haýran galýarsyň. Umuman, aýdym-sazyň ýaýraýşy-ha ýagtylygyň tizligine barabar boldy. Köpsanly ajaýyp labyzly, şirin heňli aýdymçylarymyz, ötgür galamly, şeker sözli ýazyjylarymyz, alymlarymyz, talyplarymyz sungat ýa-da ylym işgäri bolman, diňe göçürmek bilen meşgul bolýarlar, dörediji adamlar däl-de, göçüriji adamlar bolup galýarlar. Gelşirip göçürmek we oňa öz kelläňden bir çümmük paýhas goşmak, öňküsinden kämilleşdirmek, boldugyna görä millilige ýugurmak aýyp zat däl. Ýogsam-da, hindi kinolarynda ýaňlanýan onlarça aýdymyň şonçarak nusgasy dürli dillerde, dürli halklarda hem aýdylyp dur. Ýöne, näme üçindir şol aýdym-sazlaryň başyny diňläniňden, «hindi sazy öýdýän» diýdirýär. Megerem, olar öz göçürýän zatlaryna özlerinde bar bolan zatlary mümkinçiligine we mümkingadar çägine çenli goşup-garyp bilýänligidir.

Ylym babatda hem şeýle. Eser ýa makala ýazmakçy bolsaň, haýsydyr bir esere salgylanmak aýyp däl. Ol birinjiden seniň köp zatlary okaýandygyňy aňladýar, ikinjiden şeýle pikiri ilki berip bilen adama goýýan hormatyň bolup çykýar.

Tutuşlygyna göçürmegiň bir zyýanly ýeri bar. Ol öz üstüňde işlemeýändigiňi aňladýar hem-de özüňde bar bolan ukyp-zehiniň barha öçügsi bolmagyna getirýär. Bolmasa, şolardan hem örän zehinli adamlaryň çykjaklygy ikuçsyz.  Döredijiligiňi ösdürmek üçin janly tebigatda köpräk bolmaly. Dört diwaryň arasynda gabalyp oturman, wagt tapdygyňdan seýilgählerde, bagy-bossanlarda gezim etmeli. Tebigatdan näçe daşlaşdygyňsaýy, şonça-da adamyň zehini-aňy kütek bolýar, pikirleniş ukyby pese gaçýar. Hat-da bu babatda maglumatlar ummany bolan Internetiň hem edip biljek peýdasy örän az. Dürli kärdäki, dürli hünärdäki adamlar bilen söhbetdeş bolmaly, iliň pikirini diňlemeli, özüňden goşmaly we kämilleşdirmeli. Öz halkyň üçin döredýän bolsaň, öz halkyňa mahsus artykmaçlyklar bilen ol zatlaryň üstüni ýetirmeli.

Özüni döredijilik adamsy saýýan her bir ynsan döretmek bilen meşgul bolmaly, ol göçürjek bolsa öň ýazylan ýa-da düzülen zatdan däl-de, ýokarda ýatlap geçen tebigy zatlarymyzdan göçürmelidir. Döredijilik adamlary her döwrüň tuwagydyr. Geliň, biz öz döwrümizi hakyky döredijilik bilen galkyndyralyň!

38

# Gyşda gar ýaganda...

Beýleki pasyllarda bolşy ýaly, gyşyň hem özüne ýetik we beýlekilerden juda parh edýän gözelligi bar. Ýüzüňi sypap geçýän sowujak şemal bilen jowur ak reňki gözüňi gamaşdyrýan akja gar  gyşyň esasy aýratynlyklarynyň biri.  Her gezek asmandan ýagmyr sepelände, ýagşy dileg-dogalara, arzuw-hyýallara  çümýärsiň, çünki aklyk, päkizelik ýüreklere diňe röwşenlik we umyt salýar. Gyş juda täsin pasyl. Onda-da akja gar zemini örtende täsin duýgulary başdan geçirýärsiň. Hem ýatlamalar, hem arzuw kölünde gulaçlap ýüzýärsiň. Çagalygyň ýadyňa düşýän pursatlaryndan başlap, heniz gelmedik geljegiň hyýallarynda göwün ýüwürdýärsiň. Gyşyň, onda-da akja garly gyşyň söhbeti edilende eşiden-okan zatlaryň biygtyýar aňyňda gaýtalanýar. Heniz çaga mahalymyz kakamyzyň ýanynda oturyp, täsin gürrüňlere gulak gabardýan wagtymyz, gyşda topragyň ýumşaýandygyny, şonuň üçin toprak bilen örki bir bolan adamyň hem ýüregine ýumşaklyk aralaşýandygyny eşdipdik. Adaty söhbetlerden geňräk ýaňlanan gürrüň bolmaly, ondan bäri okalan ençeme ertekiler, diňlenen kyssalar ýatdan öçüşip gitse-de, bu gürrüň daşa çekilen nagyş kibi ýadymda galypdyr. Ýyly geýnip, gyş paslynyň sowujak şemalynda gezim-gezelenç etmegiň pikiriňi durlaýandygy, ajaýyp arzuwlara we ynamlara gaplaýandygy hem öňden bäri mälim bolan hakykat.  Asmandan ak gar inende çagalaryň begenişini we şatlygyny görüň. Okuwdan soňra ähli wagtyny öýde kompýuterdir

mawy ekrana dümtünip oturýan çagalar hem ak garda oýnamak höwesi bilen daşary howlugýar. Ýatlamalary süzüp otursaň, ak garly gyşyň tarypyny, waspyny we täsin täsirini  açyp görkezýän birnäçe wakalara, hal-ahwallara, gürrüňlere hem-de hakykatlara gabat gelýärsiň.

Adam tebigata näçe ýakyn boldugyça, onuň göwni giň, işi şowuna. Gezelenç etmek, arassa howadan dem almak, ýa-da hut tebigatyň özünde – meýdanda zähmet çekmek, mahlasy açyk tebigatda köp boldugyňça, süňňüňe gujur, göwnüňe aram aralaşýar. Ýogsamam, käteler gyş hakda pikir öwremde, onuň sungat mugallymyna juda meňzeşligine haýran galýaryn.  Bu hut şeýle, onuň bize öwredýän zatlary, özüne çekijiligi ähli gaýry zatlardan rüstem gelýär. Onuň täsinligine berlen pursatymyz, ne gyşyň aýazyny, sowugyny duýýarys, edil sungata höwrügen mahalyň beýleki zatlaryň asla ünsüňe ilmeýşi deýin, gyşyň garly täsinligi bizi özüne kökerýär. Onuň sungat mugallymyna meňzeýän ýeri akja gary bilen bagly.

Ine, zemini örten akja gar. Daragtlaryň, jaýlaryň we gaýry zatlaryň üsti özboluşly ak ýorgana basyrlan mysaly. Elleri ellikli, eginleri ýapynjaly (paltoly) çagajyklar jagyl-jugul bolşup, gar togalaýar. Üç bölek gar togalagyny biri-biriniň üstüne goýuşdyryp, gar adamsyny ýasaýarlar. Kellesine köne bedre, burnuna gyzyl käşir, gözüne gara kömür dakyp, doňup duran gar heýkelini hasyl edýärler. Çagalaryň bu hereketi durşy bilen döredijilik. Ak gara gelşip duran reňkleri – gyzyl, gara reňkleri saýlamagyň özi hem, öz islegiňe we göwnüňe görä dürli ululykdaky gar adamsyny ýasamak hem özboluşly sungat. Has dogrusy bu güýmenjeler, gyzyklanmalar – gyzyl käşirden burny, gara kömürden gözi bolan bu şekiller çagalaryň özleri bilmezden sungata gönügýän ilkinji ädimleri eken. Çünki ol ýerde özboluşly çaga döredijiligi, täze bir zady

gelşikli ýasamaklyga bolan ymtylyşy, höwesi bar. Birek-birege goltgy bolup, agzybirlikde yhlas edişleri, jem bolup, göwün diýen bir zady ýasamaklary, onuň ýanyny ýene-de gardan ýasalan dürli şekiller bilen doldurmaklary – olaryň öz oýunlaryna, gyzyklanmalaryna döredijilikli çemeleşmesi bolup durýar. Şeýdip, tebigat gyşyň ak gary bilen çagalary ýuwaş-ýuwaşdan sungata imrikdirýär. Bileleşip döretmegi öwredýär. Her gezek akja gar ýaganda şu we şuňa meňzeş ýene birnäçe pikir serimde öwrüm edýär.  Pasyllaryň ählisinde hem özboluşlylyk bar welin, çagalary döredijilikli sungata çekmekde ak garly gyş ýaly ussady ýok bolsa gerek.  Ýene-de akja gar ýagar, çagalar gar adamsyny ýasarlar, şeýdibem olar sungat älemindäki ilkinji döredijilik ädimlerini äderler.

# Hemsaýam – bal saýam

Milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda alnyp barylýan dostlukly we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary halkymyzyň asyrlaryň dowamynda ýöredip gelen milli däp-dessurlaryndan gözbaş alýar. Has takygy, hormatly Prezidentimiz bu milli ýörelgäni döwlet syýasatyna utgaşdyrmak bilen halkymyzda ähli adamzada ýaramly ruhy gymmatlyklaryň has köpdügini äleme ýaýýar. Halkymyzyň edim-gylymyna ornan hemsaýa-goňşuçylyk gatnaşyklary aýratyn düşündirişe mätäç däl, emma olar ýatlanmaga, taryp edilmäge welin juda mynasyp. Öý bilen öýi biri-birine ýakynlaşdyrmakdan başlap, dünýäni dostluga, arkadaşlyga, birek-birege hormat goýmaklyga alyp gelýän bu däp uly gymmatlykdyr.

Hemsaýa-goňşyny sylamak edebiň iň uly ölçegleriniň biri hasaplanýar. Goňşusy bilen gowy gatnaşyk saklaýan adam arassa pikirli, sagdyn düşünjeli, ak ýürekli, ynsan hökmünde görlüpdir. “Hemsaýam – bal saýam” diýen ýörgünli nakyl bolsa bu gymmatlygy doly açyp görkezýär.

Goňşy her bir adamyň durmuşynda iňňän ähmiýetli we täsirlidir. Her öý, maşgala özüniň iň gowy habaryny ilki bilen goňşusyna buşlaýar. Kyn gününde ilki bilen dadyňa goňşyň ýetişýär. Goňşusy bilen gowy gatnaşýan adamlaryň öý-ojagy bereketli, şagalaňly, ala-ýaz.

Ata-baba aýdylyp gelinýän nakyllarda hem goňşy mertebesi hakda has köp agzalýar: “Dogansyz oňup bolar, goňşusyz oňup bolmaz“, “Toý görki – bagşy, öý görki - goňşy”, “Uzakdaky dogandan ýakyndaky goňşy ýagşy” diýen ýaly sözler, “Öý alma, goňşy al” kibi jümleler hemsaýa mertebesiniň beýikdigini görkezýär.

Goňşuçylyk gatnaşyklary örän giň düşünje. Hemsaýa hakyny ödemek biziň halkymyzda  parz hasaplanylýar. Bu ýagdaýlaryň ählisi birek-birege arkalaşykly bolmagy, haýyr-sahawat, ýardam goluny uzadyp durmagy, şatlygyny, gaýgysyny deň paýlaşmagy ündeýär.

Goňşuçylyk gatnaşygynyň has-da berkemegi üçin birek-birege duztagam dadyrmak dessury gadym döwürlerden bäri gelýär. Süýjüligiňi goňşyň bilen paýlaşmak has jebis, mähirli gatnaşygyň ýüze çykmagyna getirýär. Şeýdibem, öý bilen öý, il bilen il, ýurt bilen ýurt arasynda mäkäm baglanyşyk hasyl bolýar.

Hoşniýetli goňşuçylyk bu türkmeniň milli dessury. Bu ynsanperwer ýörelge hormatly Prezidentimiziň paýhas-parasady netijesinde ýurdumyzyň daşary syýasatynda hem öz öwüşginini tapdy.  Halkymyzyň asyrlar bäri dowam edýän bu dessury  adamzat gatnaşyklaryny we birek-birege bolan ynamy berkitmegiň, dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň, özara hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmegiň ýaşaýyşdurmuş taýdan ykrar edilen ýoluna öwrüldi.

40

# Hünär we zähmet

Her bir zat hakdaky söhbetdir gürrüňleriň özi hem bize köp zatlary öwredýär. Mahal-mahal ekin meýdanlaryna aýlanyp, zähmetsöýer daýhanlar bilen söhbetdeş bolunýar. Wagtal-wagtal dem salymlyk oba gelen çopan söhbetlerine maýyl bolup, wagtyň neneňsi geçendigini duýmaýarsyň. Mugallym, alym, daýhan, heýkeltaraş, mahlasy, her bir hünärde zähmet çekýän adamlaryň gyzykly-gyzykly gürrüňlerinden durmuş mekdebine degişli juda köp zatlary öwrenip bolýar. Üstesine, bularyň ählisi hem dürli sözler bilen ýaňzydylýandygyna garamazdan, her bir hereketi hemişe yhlasly zähmet bilen utgaşdyrmagy pugta sargaýarlar. "Alyn deriň siňen, öz eliň degen halal zähmetiň tagamy, täsiri üýtgeşik bolýar. Indiki ädimleriň batly we rowan bolmagy üçinem halal zähmetiň uly ähmiýeti bar" diýip, öz tejribelerinden dürli mysallary gürrüň berýärler. Şol gezek söhbete teşne ýüregi täze gürrüňler bilen doldurmak üçin halypa mugallymyň ýanyna barypdym. Guşluk çaýynyň ýany bilen mugallymçylyk, daýhançylyk, kesp-kär, hünär, zähmetsöýerlik, işeňňirlik dogrusynda uly bir gürrüňiň düýbi gozgalypdy. "Käteler biz ýagşy amallara döwtalap topulmaklygy, höwesli ýapyşmaklygy bir gyrada goýup, ýüregimiziň arassalygyny, päkligini, kir-kimirli niýetlerden tämizligini ileri sürýäris. «Esasy zat, ýüregiň aklygy gerek» diýen düşünjelere per berýäris. Ýöne, kämil bagty üpjün etmek üçin ýüregiň aklygy we maksadyň barlygy ýeterlik bolmaýar. Olaryň ýany

bilen yhlasly zähmetem wajypdyr” diýip, halypa mugallym sözüni dowam etdi. “Gadym döwürlerde uly pirleriň biri Bahaweddin Nagyşbendiniň ýanyna şägirtlige höwesek ýaşlar sil deýin akyn edip duran eken. Olaryň ählisinde hem şol bir matlap, maksat bar - ussat piriň şägirdi bolmak, uly tälim-terbiýe almak. Pir hezretleri şägirtlige gelen her bir talybyndan ylym-bilimden öňürti haýsy hünäriň hötdesinden gelýändigini soraýan ekeni. «Näme hünäriň bar? Haýsy işleri başarýarsyň?» mazmunyndaky sowallar şägirtlige kabul edilmegiň ilkinji şertleri eken. Eger-de haýsydyr bir ugurdan, hünärden başy çykýan bolsa, ony şägirtlige kabul edipdir. Hiç bir zähmetiň garasyny görmedik bolsa, ol dalaşgäri yzyna ugradar ekeni: «Oglum, ylym öwrenjekligiň çynyň bolsa, git-de bir hünär öwrenip gel. Biziň ýolumyzda başga biriniň eklenjinde ýaşamak, garamatyňy özgeleriň üstüne atmak, gaýrylara tama gözi bilen bakmak hergiz makul görülýän däldir. Her kim öz başyny çarar derejede taýýarlykly bolmalydyr. Aňyň ylym-pikir bilen, kalbyň-diliň zikir bilen, eliň hünär bilen bolmalydyr» diýer ekeni". Mugallymyň kär-hünär hakdaky gyzykly gürrüňleri iş döwründe toplan tejribeleri bilen sazlaşyp gitdi. “Ynsan öz ykbalyny zähmet bilen bezän halatynda, onuň öwüşgini, nury artyp başlaýar. Göwnüne giňlik, ruhubelentlik, maksada okgunly dowam etmeklik ýaly häsiýetler hemra bolýar. Onsoňam, her zadyň özüne mahsus zynaty bardyr. Guşda ganat, atda aýak, balykda ýüzgüç.. adamda bolsa gelşikli ýaradylan on iki synadan daşary arassa ahlak, ynam, zähmet şol gözellikleriň üstüni ýetirip durýar. Ynsany ajaýyp görkezýän zatlaryň biri hünärlilik, zähmetsöýerlik, janypkeşlikdir. Bilegiňe güýç berip, ýüzüňe nur çaýýanam, süňňüňi taplap, saglyk paýyny bol berýänem, alysy ýakyn edip, ýoluňa ýagty saçýanam zähmetdir, oglum” diýip, ussat halypa sözüni dowam etdi. “Her näçe güýjüň-gaýratyň bolanda hem ýaşaýşyňy yhlasly zähmet bilen utgaşdyrmasaň, il oňlaýan däldir. Hünärlilik, iş başarjaňlyk

halkymyzda iň eý görülýän häsiýetleriň biridir. Gadym döwürlerde bir baý adamyň synaly, syratly, akly-huşy kämil bir perzendi bolupdyr. Ogluna baha bermegini towakga edip, ony birnäçe günläp bir danyşmendiň ýanynda goýup gaýdypdyr. Danyşment bu oglanyň söz-sowadyna, girip-çykyşyna, gylyk-häsiýetine magat göz ýetirensoň, kakasy gelende oglunyň ýagdaýyny oňa mälim edipdir: “Perzendiň hat-sowatdan ýüki ýetipdir, gowy gylyk-häsiýetleri öwredipsiňiz. Emma bulara üns berip, beýleki bir zerur zady gözden salypsyňyz. Ogluňyzyň bilimi bar, ýöne hünäri ýok. Iň halal we datly lukma öz kesbiňden, der döken zähmetiňden gazanylan zatdyr. Oňa zähmet hünärlerini hem öwretmek zerur” diýipdir. Belki, öňdenem eşidýänsiňiz, aslynda her bir adam özboluşly bir zehin bilen dogulýar. Her bir ynsanda haýsy hem bolsa bir hünäri kämil derejede başarmaga aýratyn ukyp, güýç, paýhas jemlenýär. Ýöne, ýeterlik zähmet terbiýesi bilen gurşalmasa, dogry ýola ugrukdyrylmasa, çaga özüne çekiji oýun-güýmenjelere gyzygyp, özündäki zehiniň ugruna seretmeýär. Şeýdip, perzendiň zehin gözügi açylman galýar”. “Her kimde zehin bar bolsa, näme üçin adamlar ulaldygysaýy zehinliler seýrek göze ilýär. Ýa bu ýagdaý meniň göwnüme şeýlemi? Belki-de, zehinlidigiňi bilmegiň başga-başga usullary bardyr” diýip, ussat halypa sowal bilen ýüzlendim. “Mugallymçylyk tejribämde bir zada anyk göz ýetirdim: Ynsana haýsy ugurdan zehin berlen bolsa, ol şol ugurlardan has uly üstünligi gazanmaga ukyplydyr. Eger-de maldarçylyk ugruna zehini bar bolsa, ol geljekki rysgyrozuny, üstünligini hut şol ugurlarda zähmet çekeninde has kämil gazanyp biler. Eger-de sungat, ylym-bilim ýa-da lukmançylyk.., garaz, zehini haýsy ugra  meýil edýän bolsa, haýsy tarapa çekip duran bolsa, bu şonuň aýratyn üns bermeli ugry bolup durýar.   Üstesine, durmuş gözelliklerini görmek, duýmak, syzmak we sözüň göni manysynda bagtly bolmak üçin hem ilki bilen özümize düşünmegimiz gerek. Içki

dünýämizde ýola goýlan sazlaşyk ýaşaýyş-durmuş meýdanyndaky we barlyk älemindäki sazlaşygy hasyl edýär. Zehinine muwapyk hereket edýän ynsan has täze we kämil zatlary oýlap tapmaga, döretmäge ukyply bolýar. Üns bermeli ýene bir zat - gursaga guýlan ylhamy daşary çykarmasaň, halka bagyş etmeseň, ol süňňe agram salýar we saglyga ýaramaz täsirini ýetirip başlaýar. Ukyp-başarnygymyza laýyk yhlasly hereket etsek welin özümize dahylly her bir zat, hat-da beýleki ownukuşak aladalar hem öz-özünden ugrugyp, şowly bolup gidýär".

Hoşlaşmazymdan öňürti onuň bilen üzüm dalbarlarynyň astynda biraz gezim etdim. "Bagyňdan gowy hasyla garaşýan bolsaň, olara gerekli idegi ýetirip durmaly. Wagtly-wagtynda suwuny bermeli, düýbüni depmeli, topragyny ýumşatmaly. Özüni saklap bilmegi üçin söýget goýmaly. Ynsanyň ukyp-başarnygy, arzuw-hyýaly hem edil şol mysalynda, nähili zehiniň ýa-da bir zada höwesiň bar bolsa, şol ugurda yhlas etmeli. Eger akyl zähmeti bilen iş salyşýan bolsa, ol beden zähmetini hem durmuşyna goşmagy gerek. Saýlan hünäri diňe beden zähmeti bilen bagly bolsa, onda akyl zähmetini hem ýanyndan tijäp durmagy gerek. Çünki, biziň zehinimizi açýan zat yhlasly zähmetdir. Zähmet bizi üstünliklere ýetirýän goşa ganatymyzdyr" diýip, halypa mugallym janypkeşlik, yhlaslylyk hakda ýene-de köp zatlary gürrüň berdi. Mugallymyň bu sözleri maňa kär-hünär, zehin-zähmet bilen bagly täze bir dünýäni açyp beren ýaly boldy.

41

# Zemine inen melekler

Adamlar dünýädäki iň beýik dagyň belentligini, deňizdäki iň çuň ýeriň çöketligini, ummanlaryň giňligini, çölleriň ýaýbaňlygyny sere hasaby bilenem aýdyp biljekler. Akylyň we esbapdyr guralyň üsti arkaly alysdaky ýa-da asmandaky zatlaryň agramyny, aralygyny, aramlygyny ýa-da ýyly-sowuklygyny hem kesgitläp otyrlar. Bularyň ählisi hasaba sygýan zatlar. Emma adamyň duýgusy bilen bagly zatlara anyk kesgitleme-de, takyk ölçegem ýok. Her ynsanyň akyl käsesine, ynsabyna, ygraryna, dünýägaraýşyna laýyklykda, duýgular daglardan belent, deňizlerden çuň, çöllerden ýaýbaň, ummanlardan giň bolup bilýär. Bularyň arasynda ýürege ýakyn iň mähriban biri hakda söz açylsa, onuň mertebesini, beýikligini wasp edere älem sözi azlyk eder. Zehin-ylham ejiz geler. Ol barlyk döräli bäri ýazylan, aýdylan zatlar şeýle bir kändir, emma her alym ýa-da ýazyjy özüniň ähli zehinini diňe şony taryp etmäge bagyş etse hem bärden gaýdar.

Zeminde görki iň zynatly, sözi örän datly, ýüregi hemmeden hamrak bir barlyk bar, oňa Ene diýilýär. Ynsany göwresinde göteren, dünýä inende perzendini gujagyna gysan, ösüp-ulalanda başyny sypan bir perişde ol – Ene, aslynda-da ol göz bilen görüp bolýan ýeke-täk perişde hasaplanylýar. Bagty çüwen melekler enä öwrülip, zemine inermiş diýilýän rowaýat bar. Jennet eneleriň aýagynyň astyndadyr diýilýär. Şo-

nuň üçindir, ene - aýtmasy ýeňil we ýürege iň ýakymly söz bolup durýar.

Enäniň söýgüsi – iň uly güýç. Ösümlikler üçin Günüň ýyly çogy nähili ähmiýetli bolsa, körpeje çaganyň ösüp-ulalmagy üçin hem ene mähri gerek. Enäniň alkyşy - ýollaryňy açýan ak patalar. Rowaýatlara görä, gadym zamanda zemini doňaklyk gaplap alanda, ony ereden hem, dünýäni doňaklykdan halas eden hem Ene mähri bolupdyr. Enäni razy etmek, onuň göwnüni tapmak – iň uly bagt. Bir gezek Pygamber alaýhyssalamdan: “Iň köp kimiň aladasyny etmeli, ilki bilen kimiň göwnüni tapmaly, ilki bilen kime ýakyn durmaly?” diýip soranlarynda, ol üç gezek: “Ene” diýipdir.

Älemleriň sarpalan gymmatlygy – Ene. Ol jany bolan her bir zat üçin juda mährem, ýeri onsoň, hem aňy, hem jany bolan adamzat üçin nähili gymmata eýedir?! Enä goýulýan hormat özüňe, nesil-neberäňe, döwletli dowamatyňa, döwrüňe we jemgyýetiňe goýulýan sylag-sarpadyr. Ene türkmen üçin keramat bulagy, onuň diýenini etmek, aýdanyna gulak asmak, göwnüni tapmak, sarpasyny saklamak kagyzlara ýazylmasa-da, aňlarda, düşünjelerde pozulmaýan kanun kibi mäkämdir.

Çagalara “Iň halaýan zadyňyz hakda düzme ýaz” diýseler, ählisi ilki bilen ene hakda ýazar. Bagşylara “Iň mähriban adam hakda aýdym aýt” diýseler, ählisi owaly bilen enä bagyşlanan owazy ýerine ýetirerler. Enäniň her sözi dür. Körpelikde ol sözler nähili ýyly bolsa, şol ýyly ömrümize siňip gidýär. Durmuş daragtymyzyň pür-pudak ýaýramagyna çeşme bolýar.

Dünýäniň niresinde düşleseňem, ömrüň haýsy menzillerinde gezip ýören bolsaňam, ýanyňda, aňyňda Enäniň ýakymly sözi ruhy goltgy bolup durandyr. Ol ýakymly sözleri ynsan aňy hiç wagt unutmaýar, hat-

da körpelikde diňlän hüwdüleriň ulalaňda bir ýagşy we oraşan düýş bolup dolanyp geler. Hemişe begendirer, durmuşa höwesli ýaşadar. Durmuşda bize gerek boljak zatlaryň aglaba bölegini biz şolardan öwrenýäris. Kähalat-da bir müşgil iş ýüze çykaýsa, ilki bilen enäniň sözüne gulak asýarys. Olaryň pendi-ündewi bilen kynçylyklary böwsüp geçýäris. Biziň ruhy dünýämize asudalyk salýan hem Enedir.

Maşgala ojagynda iň esasy sütünleriň biri – Ene. “Tagan aýagy üç bolar” diýlişi ýaly, maşgala ene, ata we perzendiň arabaglanyşygydyr. Maşgala abadanlygy, köňül abatlygy, perzentleriniň sag-salamatlygy üçin enäniň çekýän muşakgatlary, uzak gijeläp ukusy ýadyna düşmän, başyňy alyp durşy ýadymyzdan çykmaz. Hat-da ata hem öz perzendine juda mähribandyr welin, bu babatda enäniň hamraklygyna taý gelip biljek zat tapylmaz. Ene – milletiň dowamatyny üpjün edýär. Ömrüni halk üçin terbiýeli, düşünjeli perzent ýetişdirmegiň aladasyna sarp edýär.   Hut şonuň üçin hem enäni begendirmek – dünýäni begendirmek. Enäni sylamak – özüňi, bütin dowamatyňy sylamakdyr. Üç we ondanam köp çagalary terbiýeläp ýetişdiren eneler behişdi hasaplanylýar. Olaryň ýüzleriniň nury artýar. Olaryň sarpasyny saklamak borç hasaplanylýar. Hormatly Prezidentimiziň ýörite karary esasynda “Ene mähri” ordeni bilen sylaglanan mährem enelerimiz terbiýe mekdebiniň ussat mugallymlarydyr.  Ene – maşgala ojagynyň sütünidir.

Ene – keramatly söz. Ol ölçegsiz gymmatlyk. Akyl ýetirip bolmaýan barlyk. Gadymy gündogarda dünýäniň syryny çöşlän akyldarlaryň biri ene gudratyna haýran galypdyr. Müň dürli mylaýym, mylakatly sözleri ulanypdyr, emma ene hakda ne kesgitli bir zat, ne ene sözi hakda anyk kesgitleme berip bilipdir. Her pikiri, her sözi gursagyndan çykaranda, her gezek enäniň dünýäsine düşündim diýende, barha bärden gaýdýandygyna göz ýetirýär eken. Ahyry bu akyldar enäniň huzuryna baryp-

dyr. “Ene ýaly mähriban bolmak üçin, ene dünýäsine düşünmek üçin nämeler etmelidigini” sorapdyr. Ene myssa ýylgyrypdyr: “Munuň üçin diňe ene bolmaly”. Akyldar yzyna dolanypdyr.

Perzentler ýyldyz bolsa, Ene asmandyr, çünki asmandan başga hiç zat ähli ýyldyzlary özüne sygdyryp bilmez. Ene – akyl ýetirip bolmaýan gudratdyr, çünki olar has bagty çüwen perişdelerdir.

42

# Çaga at dakmak däbi

Ene-atanyň edep-terbiýeden öňürti çagasynyň öňündäki borçlarynyň biri oňa mynasyp, owadan at dakmak. Täze perzent dünýä inmezinden öňüsyrasyndaky pursatlar has-da täsirli. Şol günlerde arzuwlarymyzy özünde jemleýän, nähili adam bolup ýetişmegini isleýän bolsak şoňa kybap jümläni at edinip göterýän, aýdylanda gulaga ýakymly sözler, atlar her bir maşgalanyň esasy gözlegi bolup durýar. Çünki, köpümiziň bilip ýa-da bilmän edýän köp hereketlerimiziň aňyrsynda ganymyza siňip giden düşünjeler, ýörelgeler ýatyr. "Ady owadan adamyň ykbaly hem owadan bolar" diýen söz müňýyllyklardan bäri ýörgünli. Täze doglan perzende at dakmakda her halkyň özüne mahsus däp-dessury bar. Halkymyzyň perzende at dakmak däbi hem örän täsirli we gyzykly. Irki döwürlerde ýazylan eposlarymyzy okap görsek, ata-babalarymyz mynasyp bir iş görkezenden soňra, oňa laýyk gelýän bir at dakar ekenler. Muny "Gorkut ata" eposynyň mysalynda aýdyp bileris. Mundan başga-da "Çaganyň rysgy we ady onuň özi bilen bile gelýär" diýen düşünje hem giňden ýaýran. Perzendiň dünýä iniş ýagdaýy, süňňündäki daşky alamatlar, reňki ýa-da beýleki taraplary göz öňünde tutulyp, bir at dakylypdyr. Görogly adynyň onuň dünýä iniş ýagdaýy bilen dahyllydygy hemmämize mälim.

Maşgalada çaga at dakmak hukugy öýüň ýaşulysyna degişli bolupdyr. Maşgaladaky iň uly adamyň makullan ady perzende rowa görlüp-

dir. Köplenç halatlarda dili dogaly, nazary hikmetden, garaýşy paýhasdan püre-pür adamlaryň hem at dakmagyny ileri tutupdyrlar. Şol bir wagtda beýleki maşgala agzalarynyň teklip eden atlary hem ünsden düşürilmändir. Her kimiň pikirine sylag-sarpa bilen garalypdyr. At dakmak däbi perzendiň dünýä inmeginden soňra onuň ömründäki ilkinji iň manyly pursatdyr. Täze doglan perzende at dakmak gijikdirilmändir. Uzak gitse, bir hepdäniň dowamynda laýyk görlen belli bir adyň üstünde durlupdyr. Sag gulagyna azan, çep gulagyna kamat okalypdyr. Ýerlerde dürli-dürli berjaý edilýändigine garamazdan, azandyrkamatdan soňra, "Adyňy biz berdik, ömrüňi Alla bersin" diýen mazmundaky ýagşy dileg-dogalar edilipdir. Halkymyzyň arasynda "Çaga at dakylandan soňra, töweregindäki sesleri saýgaryp, aňşyryp başlaýar" diýen düşünje bar. Şoňa laýyklykda, perzendiň ilkinji eşiden sözleri onuň ömrüne bereket çaýsyn diýen yrym bilen kitaplardan has täsirli jümleleri okapdyrlar. Rysgally, bereketli, döwletli, ilhalar ogul bolup ýetişmegini arzuwlapdyrlar. Çünki, döwlete ýorulan perzent diňe döwlet getirýär. Beýik türkmen serkerdesi Alp Arslanyň dünýä inişi uly üstünlige, ýeňşe ýorlupdyr. Bu hakda Ibn Esiriň "Kämil taryh" atly eserinde "Dört ýüz ýigriminji ýylyň aşyr aýynyň birinji güni, şu söweşiň öňüsyrasy Soltan Alp Arslan ibn Dawut dünýä inipdi. Şonda onuň dogluşyny mübärekläp, onuň täleýini ýagşylyga ýorupdylar" diýilýär. Soňlugy bilen bu serkerde özüne dakylan ady we ynam edilen ykbaly ödemegi başarýar.

Halkymyzyň täze doglan perzende at dakmak däbi aýratyn bir sungata öwrülip gidipdir diýsek, öte geçmeris. Çaga at dakylanda bar bolan ähli alamatlar ýa-da artykmaçlyklar göz öňünde tutulypdyr. "Ady özi bilen bile geldi" ýa-da "Adyny özi aýtdy, özi getirdi" diýip, bu aýratynlyklara mahsus çemeleşipdirler. Mysal üçin, halkymyzyň arasynda gadymdan bäri ulanylýan kamary aý atlary bilen baglylykda, per-

zent haýsy aýda dünýä inen bolsa, oňa degişlilikde Aşyr, Sapar, Tirkeş, Rejep, Meret, Oraz, Baýram, Gurban ýaly atlar dakylypdyr. Eger Boş aýda doglan bolsa, “Boş aý – baş aý” diýen düşünjä rastlap, bu perzende Başdurdy ýaly atlary hem dakmagy müwessa bilipdirler.

Şeýle hem tebigy hadysalar bilen baglylykda Aý, Gün, Ýyldyz, Dag, Deňiz, Gök sözleri bilen ýanap dakylýan atlar hem bar. Beýiklikde, belentlikde, güýç-gaýratda, gözellikde, bereketlilikde şolardan egsik bolmasyn diýen yrym bilen ýa-da olaryň dünýä inen wagtyny we ýerini nazarda tutup, Daňatar, Aýdogdy, Gündogdy, Daghan, Gökhan, Aýhan, Aýparça, Mahym, Asman, Gaýa, Deňiz, Derýa, Çöli, Sähra, Jülge, Bulak, Çeşme (gyz ady), Toprak ýaly atlar dakylypdyr.

Doglan pursatyndaky howa ýagdaýlaryny göz öňünde tutup, Ýagmyr, Ümür, Duman, Gaýly, Ýelli, Doly, Güneş, Aýdyň, Ýagty, Nurana, Ýalkym, Şapak, taryhy ýazgylarda bolsa Bulut we Ýyldyrym adynyň hem dakylandygyny görýäris.

Ýyldyzlaryň ady hem halkymyzyň arasynda adam atlary hökmünde giňden peýdalanylypdyr. Şemsi, Kamar, Zöhre, Süreýýa, Ülker, Sünbüle, Kowus, Eset ýaly atlara gabat gelmek bolýar.

Algyrlykda, güýçlülikde, rysgyny aramakda, dogumlylykda hiç kesden pes bolmasyn diýen niýet bilen haýwanlaryň ady hem ýanalyp dakylypdyr. Oglanjyklara Arslan, Ýolbars, Şir, Gaplaň, Gurt, Böri, Möjek, Iner, Buga, Goç, Teke ýaly atlar dakylsa, maşgala ýa-da gol ýaýrawy giň bolsun, köpelip, örňäp gitsinler diýen niýet bilen gyz çagalara Towşan, Çebşek, husny-jemally bolsun diýip Maýa ýaly atlar dakylypdyr. Gyz çagajyklara guşlaryň ady hem gözelligi, hem özüne çekijiligi üçin dakylypdyr. Laçyn, Gumry, Toty, Tawus, Sülgün, Käkilik, Bilbil atlar has ýörgünlüdir. Ata-babalarymyzyň ynanjynda bagt we döwlet getirýän guş hökmünde suratlaryndyrylan Humaý ady hem es-

asan gyzlara dakylýar. Eger-de gyz we oglan çagajyklara gelişdirip dakyljak bolsa, gyza Humaý, oglana bolsa güýçli, hökümli, zor diýen manyny berýän Humaýun adyny dakýarlar. Laçyn adynyň häzirki döwürde diňe gyzlara dakylýandygyna garamazdan, taryhda ol oglanlara hem dakylypdyr. “Harby sungat” atly göwrümli eseri ýazan türkmen serkerdesiniň ady hem Husameddin Laçyndyr. Şeýle hem oglanlara Şahyn ady dakylypdyr, şahyn hem laçyn guşlaryň bir görnüşidir. Taryhda aw guşlary Laçyn, Şahyn, Balaban, şeýle hem Torgaý, Gammar ýaly atlary göteren türkmen serkerdeleriniň birnäçesine gabat gelip bolýar.

Gülleriň, daragtlaryň atlary, aglaba halatda, gyzlara dakylypdyr. Bägül, Çigildem, Melewşe, Gülälek, Nerkes, Çemen, Läle, Maýsa, Ýaprak, Gunça, reňkine baglylykda Akgül, Gyzylgül, Sarygül ýaly atlar dakylsa, yzyna “gül” sözüni ýanamak arkaly Hurma, Alma, Erik, Üzüm, Serwi, Çynar, Derek ýaly daragtlaryň atlaryny dakypdyrlar. Daragtlara gelnende, erkek adamlara Pudak we Çynar atlarynyň dakylýandygyna duş gelinýär.

Gymmatbaha daşlaryň ady hem, köplenç halatda, gyz bäbejiklere dakylýar. Husny-jemaly, görki-gözelligi, özüne çekijiligi babatda şolar ýaly arzyly we gymmat bolsun niýen niýet bilen Altyn, Kümüş, Göwher, Zümerret, Sadap, Dür, Hünji, Pöwrize, Merjen ýaly atlar, şeýle hem Gymmat we Arzy ýa-da Arzyly, Arzygül ýaly sözleriň özi hem at hökmünde dakylýar.

Bir ýerden başga bir ýere göçülip barylsa, ýa-da öňden bäri oturymly ýeriň adyny hem perzende dakýarlar. Munuň şeýledigini eždatlarymyzyň taryhy ýolundan hem anyklamak mümkin. Olar her baran we düşlän ýerlerine, obalaryna, şäherlerine öz illeriniň adyny dakar ekenler. Şonuň üçin hem häzirki Türkmenistan döwletimiziň çäg-

inde bar bolan ýer-ýurt atlaryna türkmenleriň taryhyň dowamynda hökümdarlyk süren çäklerinde gabat gelip bolýandygy hakykat. Şonuň üçin ýer-ýurt atlary-da çagalara at hökmünde dakylypdyr. Olara Aşgabat, Tejen, Sarahs (Saragt), Pendi, Maryly, Balkan, Jeýhun, Ürgenç, Duşak, Gowşut ýaly atlaryň dakylýandygy mysaldyr. Gowşut sözüniň "agzybirlik, ylalaşyk, ýaraşyk" diýen manyny berýändigini göz öňünde tutsaň, onuň diňe ýer-ýurt ady hökmünde däl-de, öz göni manysynda dakylýandygyny hem unutmaly däldiris.

Çagalara taryhy şahslaryň adyny dakmak hem halkymyzyň arasynda giňden meşhur. Pygamberleriň adyndan Dawut, Süleýman, Ýakup, Ybraýym, Ysmaýyl, Ýusup, Hydyr, Ylýas, Ýahýa, Musa, Isa, Muhammet, Ahmet ýaly atlar köp dakylýar. Şeýle hem hut öz taryhymyzdaky şöhratly şahslar bolan Alp Arslan, Mälikşa, Seljuk, Oguzhan we onuň perzentleriniň atlary, agtyklarynyň atlary, Gaýahan, Baýramhan, Görogly, Röwşen, Jelaleddin ýaly atlary dakmak soňky döwürlerde has-da rowaçlandy. Bu halkymyzyň öz geçmiş taryhyna bolan buýsanjynyň ýüze çykmasynyň bir nyşanydyr. Edil şonuň ýaly türkmeniň keramatly şahslaryna ýanalyp dakylýan atlara hem kän gabat gelip bolýar. Uzak wagtlap perzende gözi düşmedik ýaş maşgalanyň, dürli ýerlere zyýaratlardan soňra haýsydyr bir öwülýä ýa-da keramatly adama ýykylyp alnan perzendine, şolara hormat-tagzym hökmünde, olaryň adyny hem dakýarlar. Bu atlar özbaşyna ýa-da oglan hem-de gyz tapawudyna baglylykda, yzlaryna "guly" ýa-da "gül" diýen sözleri birikdirip hem dakylýar.

Daşky sypaty, gelşigi, görki-zynaty bilen bagly dakylýan atlar hem bar. Oglanlara Batyr, Merdem, Merdan, Mergen, Gahryman, Güýç, Kuwwat, Gaýrat, Goçak, Kiçi, Uzyn ýaly atlar dakylsa, gyz bäbejiklere gözelligi aňladýan Gözel, Jemal, Owadan, Zyba, Husny, Nagyş ýaly at-

lar dakylypdyr. Şeýle hem gyzlara Näzik, Hesel (bal), oglanlara Bally ýaly tagam-hil aňladýan sözler hem at hökmünde dakylypdyr. Birmeňzeş ýaňlanyp, diňe birje harpy tapawut edýän Melik (Mälik) we Melike, Jemil we Jemile ýaly sözler hem bar. Bulardan Melik (şa, patyşa, şazada) we Jemil (owadan, syratly, gelşikli) sözleri oglanlara, Melike (şa zenany, şa gyzy) we Jemile (owadan, gözel) sözleri bolsa, gyzlara dakylýar. Şeýle hem gyzlara dakylýan Aýna adynyň manysyny belläp geçsek ýerlikli bolardy. Köpümiziň Aýna diýlende, ýüz görülýän aýnany göz öňünde tutýandygymyza garamazdan, aslynda ol birinji harpy gysga aýdylýan Aýna sözi bolup, "owadan gara gözli gyz" diýen manyny berýär.

Çaganyň süňňündäki alamatlaryna, aýratynlyklaryna görä hem at dakylýar. Mysal üçin, bäbejigiň bir ýerinde täç ýa-da hal, meň ýaly zatlar bar bolsa, onuň adynyň öňüne ýa-da soňuna şol aýratynlyklary ýanap dakýarlar. Şeýdilende şol menekler, alamatlar ulalyp gitmän, ýitmek bilen bolýar diýlip düşünilýär. Ýogsam, ýüzünde haly ýa-da meňi bolan çagalara şeýle at dakylmasa, çaga ulaldygysaýy ol hem ulalyp, çaganyň ýüz keşbiniň görküni egsip biler diýip, yrym edýärler. Täsin ýeri, çaganyň ady şol kybap tutulanda, ol hallaryň aýrylyp gidýänligi. Meňli, Ogulhal, Nargül, Aýtäç ýaly gyz atlary, Halmyrat, Narmuhammet, Täçnazar ýaly oglan atlary muňa mysaldyr. Çaganyň reňkine baglylykda hem dakylýan atlar bar. Ak (Akmyrat, Akberdi), Gara, Gyzyl, Gök, Sary, Mawy, Mele, Goňur, Gyrmyzy ýaly ýene brinäçe sözleri mysal getirip bolar. Bu atlar, esasanam, gözüniň ýa-da ýüzüniň reňki göz öňünde tutulyp dakylýar. Mundan başga-da Ak sözi ýagty geljege, aklyga ýorulsa, Gara sözünde ymgyr uly güýjüň – tükeniksiz gara güýjüň nazara alynýan ýerleri-de bar. Bellemeli, möhüm zat, perzende nähili at dakylsa, ählisini ýagşy niýete, umyda esaslanyp dakmakdyr. Ag-

laba halatda onuň adyna mynasyp ömrüniň bolýandygyny unutmazlykdyr.

Çaga at dakmak meselesinde maşgalada öňden bäri niýetlenip goýlan, öten-geçenleriň hem hatyrasyny saklap, olaryň adyny dakmak düzgüni-de bar. Bu halkymyza mahsus adatlaryň biridir.

Käbir perzendiň boljagy öňünden düýşde buşlanylýar, düýşüňde aýan edilýär. Şeýle halatda şol boljak perzende düýşde nähili at berlen bolsa, şol ady dakmak, bu perzendiň geljekde ilhalar, döwletli, rysgally, bereketli, abraýly bolup ýetişmegini üpjün eder. Emma, düýşde berlen ada pitiwa etmän, başga atlary daksaň, onda täze bäbejigiň ynjalyk tapmaýandygy, aglap-çyrlap, bir ýerde saklatmaýandygy nygtalýar. Ol diňe özüne berlen at dakylandan soňra allanäme bolýar duruberýär. Şeýle halatda, ilki başga bir at bilen gulagyna azan okadylan bolsa, ony düýşünde berlen ady bilen ýanap, gaýtadan gulagyna azan we kamat okatmak rast görülýär. Şeýle hem her perzende dakylan at gysgaldylman, ýoýulman, dolulygyna tutulsa, bu onuň rysgal-bereketli perzent bolup ýetişmegine sebäp bolup biler. Çünki, şu ugurda taryhda ylym ýüküni çeken gerçekleriň aýtmagyna görä, biziň adymyzyň ykbalymyza örän uly täsiri bardyr. Şonuň üçin perzentlere manyly, mazmunly at dakmak we olary şol ady bilen çagyrmak, ýüzlenmek ene-atanyň perzendiniň öňündäki ilkinji borçlarynyň biridir.

Halkymyzyň çaga at dakmak däbini bir söz bilen beýan ederden örän giň. Diňe şu ýerde bellenen ýazgylardan çen tutubam, halkymyzyň dünýä, durmuş, tebigat bilen bir bitewilikde, sazlaşykda, baglanyşykda ýaşandygyny görüp bolýar. Biziň diňe atlarymyzyň özi tutuş älemi aňladýar. Atlarymyzyň dürlüdigine garamazdan älemiňki ýaly sazlaşygyň, agzybirligiň höküm sürmegi döwletlilikden nyşan. Hormatly Prezidentimiz milli däp-dessurlarymyzy giňişleýin öwrenme-

lidigini, olaryň çuňňur many-mazmunyny ile-güne ýaýmalydygyny ündeýär. Munuň üçin ähli şertleri döredýär. Dünýä nusgalyk milli däpdessurlarymyz bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyk. Perzende at dakmak däbiniň bir özi bizde aýratyn sungat bolup durka, milli medeniýetimiziň adamzada nusgalyk mekdepdigine hiç-hili şübhe ýok.

# Ertekileriň terbiýeçilik ähmiýeti

Halkymyzyň ýazuw ýa-da dil üsti bilen biziň günlerimize gelip ýeten her bir edebi döredijiliginde arassa ahlak we edep-terbiýe meselesi ündelýär. Türkmen halk döredijiliginiň her bir žanry durşy bilen çaga we şahsyýet terbiýesine bagyşlanan. Sanawaçlar, matallar, ýaňyltmaçlar, goşgular, ertekiler, rowaýatlar, henekler – bularyň ählisi haýsy hem bolsa bir tarapdan çaga düşünjesini, pikirleniş we sözleýiş ukybyny, ýatkeşligini ösdürmek üçin niýetlenen. Matallaryň üsti bilen pikirleniş güýjüni ösdürmeklige üns berilse, ýaňyltmaçlar sözleri sakynman we çeper aýtmaklaryna ýardam edipdir. Sanawaçlar we goşgular ýatkeşligini ösdüripdir. Henekleriň üsti bilen degişmegi öwredipdirler. Ýogsamam çaga gülküsinden jadyly ýaňlanýan başga zat ýok ahyry. Şeýdip, edebiýatyň üsti bilen çagalarda edep terbiýesi özleşdirilipdir. Bu zatlar müňýyllyklaryň dowamynda aňda öwran-öwran gaýtalanyp, barha kämilleşipdir. Nesillere gürrüň berlipdir, öwredilipdir. Şonuň üçinem türkmeniň mekdepsiz wagty ýok diýip bolar, çünki bu zatlaryň ählisi döwürleriň synagyndan geçen mekdepdir.

Çaga dünýäsine we onuň aň-düşünjesine täsir edýän edebi žanrlaryň ýene biri ertekiler. Ertekiler ýokarda ýatlanylan ähli ukyp-häsiýetleri çagalarda oýarmaga ýa-da berkitmäge ukyply. Çeper sözlülik, ýatkeşlik, pikirlenmeklik we ýene-de birnäçe häsiýetleri ertekilerden tapyp bolýar. Ertekiler beýleki žanrlardan tapawutlylykda hyýal

güýjüni ösdürip bilýän ýeke-täk ugurdyr, şonuň üçin hem çagalykda diňlenen müňlerçe sanawaçdyr şygyrlaryň, mataldyr-nakyllaryň arasyndan ertekiler heniz-henizlerem ýadymyzda aýratyn orun tutýar. Ertekiler gönüden-göni aňasty aňa täsir edýär. Aňasty aň bolsa özümize pynhan ýatan ençeme ukyplary we zehinleri özünde saklaýar. Häzirki zamanyň meşhur alymlary adamyň görmek, bilmek, eşitmek arkaly özleşdirýän maglumatlaryndan on million esse köp maglumatyň aňasty aňda üsti basyrylgy ýatandygyny belleýär. Ony diňe hyýal güýji arkaly oýaryp bolýar. Çagalarda hyýal güýjüni terbiýelemekde bolsa iň ygtybarly serişde erteki hasaplanýar. Şu jähetden ugur alan ata-babalarymyz hut ertekileriň üsti bilen çagalary, perzentleri belent ruhda we ahlakda terbiýeläpdirler. Olarda ýagşy gylyk-häsiýetleri oýarypdyrlar.

Ertekileriň döreýiş taryhyna nazar salsak, has gadymy döwürlere aşmaly bolýarys. Baryp-ha mundan üç müň ýyl ozalky Müsür faraonlary döwründe erteki kysmy edebi eserleriň rowaç bolandygy taryhy çeşmelerde nygtalýar. Gadymy grek, hindi, arap, pars çeşmelerinde hem ertekilere gabat gelip bolýar. Aslynda erteki adam aňynyň önümi. Adam aňyna bolsa ýa öň bolan, ýa-da az-kem taraşlansa hökman bolup biljek wakalar, hadysalar, zatlar girýär. Mundan müň ýyl ozalky ertekileriň şol wagt hyýal saýylandygyna garamazdan olarda beýan edilen zatlaryň käbiriniň häzirki günde hakykata öwrülendigini aýdyp bolar.  Türkmen ertekilerine göz gezdirsek, ol ýerde gadym-gadym eýýamlaryň söhbetini ýa-da oýlanyp-ölçerilip aýdylan, ylyma laýyk gelýän syrlary hem tapyp bolýar.  Türkmen ertekileri bir tarapdan çaganyň daştöweregini gurşan tebigat bilen sazlaşykda ýaşamagyny öwredýär. Beýleki tarapdan, ýagşy gylyk-häsiýetlere bürenmekligi, ýaramaz endiklerden gaça durmagy ündeýär. Ertekileriň dürli-dürli beýan edilmesiniň hikmeti şoňa syrygýar. Käteler haýwanlaryň üsti bilen adamda bolup

biljek häsiýetler açylsa, kähalatda her haýwanyň öz tebigy häsiýeti beýan edilýär. Ot-çöpler, daragtlar babatda hem şeýle, olaryň haýsy birini alyp görsegem, özeninde-süňňünde terbiýeçilik ýatyr. Daragtyň şahasyny döwmezlik, gaýta olara idi-ysywat etmeklik, guş höwürtgesini bozmazlyk, gaýta olara ýardam-serenjam etmeklik, janly-jandaryň göwnüni ýykmazlyk, gaýta olara penakär çykmaklyk ýaly häsiýetler eriş-argaç bolup geçýär.

Ertekiler öz içinde şadyýan, gülküli, gamgyn, ýeňil düşünip bolýan, çuňňur manyly, kähalatda bolsa göçme manylary saklaýar. Göçme manyly ertekilerde ýa-ha häsiýetler tebigatyň üsti bilen açylyp görkezilýär, ýa-da nähilidir bir syrly hyýalyň, pikiriň manysy çöşlenilýär. Olaryň köpüsi birbada hyýaly zat ýaly saýylsa-da, süňňünde çuňňur ylmy maglumatlary saklaýandygy welin has täsirlidir. Mysal üçin, şeýle bir türkmen ertekisi bar: “Gadym döwürde hünärine ezber ussalaryň biri bir gurjak ýasapdyr. Bu gurjagyň bir gulagyndan çekseň, bir dürli aýdym aýdýarmyşyn, beýleki gulagyndan çekseň, başga hili aýdyma başlaýar eken..”. ertekiniň dowamy bar, emma ýüzlerçe, belki müňlerçe ýyl ozal ilki aňda, soňra sözde taslanan bu ertekidäki gurjagy häsirki döwrüň ösen käbir tehnologiýasyna meňzedip bolar, belki ol ýerde radio ýa magnitofon ýaly, ýa-da şoňa meňzeş bir zat göz öňünde tutulandyr. Ýogsamam, dile geldi, bile geldi, taryhda özi hereketlenýän we dürli amallary ýerine ýetirmäge ukyply gurjaklary ilki bolup ýasan hem türkmenlerdir. Bu hakda orta asyrlarda ýaşap geçen türkmen alymy Abulyz Ysmaýyl Jezeriniň “Oýlap tapyşlar” atly eserinde giňişleýin beýan edilýär. Uly göwrümli bu eser türkmen diline doly terjime edildi. Şol kitapdaky nusgalar, düşündirişler hem adam aňynyň önümi, hat-da şol döwre çenli ol zatlary mümkin däl zatlaryň hatarynda görlendigini alym öz kitabynyň başynda ýatlaýar. Ýa-da şuňa mysal ýene bir erteki: “Gadym döwürlerde bir sebäp bilen dört sany pyýadanyň ýoly birigip-

dir. Olaryň biri Asmandan – howadan gaýyp düşüpdir. Biri ýanyp duran oduň içinden çykypdyr. Ýene biri toprakdan, dördünjisi bolsa suwdan çykýar. Bularyň her biri aýratyn ukyba, hünäre eýe eken. Olar maslahatlaşyp, agzybirlikde bir gurjak ýasamagyň hyýalyna münýärler. Onsoň, ýaňkylaryň biri gurjak ýasamaga ýaramly gowy agaç saýlapdyr. Ýene biri şol agajy ýonup-ýylmap, gurjak ýasapdyr. Beýleki biri oňa gelşik berip duran geýim-lybas taýýarlapdyr. Dördünjileri bolsa, bu gurjaga jan beripdir”. Göräýmäge, bu bir erteki, ýöne ata-babalarymyzyň her bir sözi çuňňur mana eýe. Bu dört pyýada – adamyň temperamentini hasyl edýän dört elementi – ot, suw, howa we topragy ýadyňa salýar. Şonuň üçinem türkmen ertekileriniň terbiýeçilik we ylmylyk tarapy juda ýokarydyr. Oňat seljerip otursaň bu ertekileriň içinden geljekde hasyl edip boljak birnäçe syrly zadyň üstünden baryp bolar.

Ertekileriň terbiýeçilik tarapy biz üçin örän ähmiýetli. Halkymyz müňýyllyklaryň dowamynda ertekileriň üsti bilen öz nesillerini, perzentlerini terbiýeläp geldiler. Emma dünýäniň ylmy jemgyýetçiligi diňe geçen asyryň segseninji ýyllarynda bu gymmatlyga aýratyn ähmiýet berip başlady. Ertekileriň ýöne bir kyssa ýa-da çagalary bikärlikden goramak, boş wagtyny bir zat bilen güýmemek üçin oýlanyp tapylan zat däl-de, hut terbiýeçilik üçin tapylan zatdygyny öňe sürdüler. Şeýle ertekiler ene-atalara uly goldaw, kömek bolup durýar.

1982-nji ýylda tanymal pedagog Ş.Amanaşwiliniň “Adamy döredip” atly kitaby neşir edilensoň, ertekileri ylmy-pedagogik taýdan gaýtadan öwrenmek işi möwç alýar. Bu alym ertekileriň çaga psihologiýasyny ýiti täsir edýändigini öwrenensoň, bu ugurda birnäçe teklipleri öňe sürýär. Şol esasda hem çagany doly we dogry terbiýeläp bolýandygyny nygtaýar.

Eýsem, ertekileriň üsti bilen çagalara nähili täsir etmeli? Biz öz çagalarymyzda nähili häsiýetleri görmek isleýän bolsak, olara şol mazmundaky ertekileri has köp okap bermeli bolýarys. Eger-de biz öz çagamyzyň dogumly, batyr, edermen bolmagyny isleýän bolsak, gahrymançylykly ertekileri, alym, sowatly bolmagyny isleýän bolsak, ylymbilim bilen bagly ertekileri, söwdagär bolmagyny isleýän bolsak, hasaphesip, söwda, halallyk bilen bagly ertekileri, ýagny, şol häsiýeti teswirleýän, açyp görkezýän ertekileri okamaly bolýarys. Çaga has ýiti täsir etmegiň ýene bir usuly ertekiniň baş gahrymany hökmünde öz çagaňyzyň adyny tutmakdyr. Çagany şol ertekiniň baş gahrymany hökmünde görkezmekdir. Mysal üçin, boýdan-başa gowy häsiýete eýe bolan gahrymany saýlap alyp, onuň adyna derek üns berilýän çaganyň adyny aýtmaly. Ertekiniň baş gahrymany bolýan çaga özi hakyndaky ertekini diňleýär. Ertekide baş gahryman özüni iň kämil derejede alyp barýar: ähli kynçylyklary ýeňip geçýär, öz hereketlerine jogap berýär, adamlara kömek edýär, ejizleri goryar, goldaýar, hemişe hak işiň tarapynda duryar. Ertekiniň has täsirli we netijeli tarapy her bir çaga özüniň ertekidäki keşbine giresi gelýär, şoňa meňzemäge çalyşýar. Özüni şol dünýäniň baş gahrymany hakda görýär. Şol ýerdäki häsiýetlere, beýik maksatlara, asylly ýörelgelere wepaly bolmaga çalyşýar. Kynçylyklary ýeňip geçmek hyjuwy ösýär. Diňe ýagşy amallary etmeklige höwrügýär. Eýýäm onuň aňynda ähli müşgilliklerden üstün çykan gahrymanyň – özüniň ynamly keşbi dur. Ynam bolsa ähli zady çözýär.

Çagany ertekiniň baş gahrymany hökmünde görkezmek – terbiýäniň jadyly nusgasy hasap edilýär. Şeýle ertekiler çaga duýgusyna oňyn täsir edýär. Ertekiler çagalarda göresimiz gelýän islendik häsiýeti terbiýelemäge kömek edýär. Üstesine, munuň üçin oňa gödek käýemegem, azgyrylmagam, ýa ýüzüni almagam zerur däl. Çünki çagalar

gyzykly ertekileri diňlemäge hemişe-de taýýar. Şeýle gowy ertekiler bilen terbiýelenen, gurşalan çaga ulalanda islendik kynçylygy böwsüp geçmäge ukyply bolýar. Nahar üçin duzuň nähili ähmiýeti bar bolsa, çaga terbiýesinde ertekiniň orny şonuň ýalydyr.

Ertekiler diňe bir çagada gowy häsiýetleri terbiýelemegi däl, eýsem öň bar bolan ýaramaz endiklerinden saplanmaga hem kömek edýär. Olaryň kejirligini, ynjyklygyny, öýkelekligini, gaharjaňlygyny, zähmete höwessiz garaýanlygyny aradan aýyrmak üçin ýene-de ertekilere bil baglap bolar. Şeýle halatda ertekiniň baş gahrymany hökmünde çaganyň özüni görkezmeli däl-de, hut şoňa meňzeş başga bir çagajygyň bardygyny aýtmaly, gürrüň bermeli. Mysal üçin, "Bir bar eken, bir ýok eken, gadym-gadym zamanlarda saňa meňzeş bir gyzjagaz bar eken" diýen hörpde başlamaly. Şeýle usul çaganyň özüne ýaňky meseläni nähili çözmelidigini öwredýär. Gowy häsiýete bürenip bolýandygyna ynam döredýär. Şeýle ertekilerde baş gahryman ilkibaşda gowy häsiýetde bolmaýar. Soňabaka taplanyp-taplanyp barha kämilleşýär. Munuň üçin azajyk wagtyň, ýöne ýürekden edilýän islegiň gerekdigini çaga ynandyrýar.

Şeýle häsiýetdäki ertekiler çagalaryň öýkelekliginden, ýaramaz endiklerinden saplanmagyna getirýär, käbir ýagdaýlary ýeňil ýeňip geçmekli ge pugta ynam döredýär. Olaryň kejirligi, diýen etmezligi ýuwaş-ýuwaşdan aradan aýrylýar.

Ertekileriň ýene bir ähmiýetli we iňňän wajyp taraplarynyň biri çagalara gorkyny ýeňip geçmekligi öwredýär. Bu çagalarda irgözinden terbiýelenmeli esasy häsiýetleriň biridir. Käbir çagalar garaňkylykdan, ýekelikden, ýa-da guş-gumrydan, itdir pişikden şeýle bir gorkýar, aglaba halatda hem esassyz ýere gorkýar. Şeýle gorkulary ýeňip geçmek başarnygyny terbiýelemk üçin ýene-de ertekiler gerek. "Hudaýberdi

gorkak” ýaly ertekileriň beýanynda çagalara örän kän zady düşündirip bolýar. Ýerliksiz gorkyny ýeňip geçmekligi öwretmek çaga terbiýesindäki iň uly utuşlaryň biridir. Bu häsiýet çagada islendik kynçylygy ýeňip geçip bolýandygyna, sähel müşgillikleriň öňünde müzzerilmän, mert durup bolýandygyna we gaýratdyr tutanýelilik bilen öz maksadyňy hasyl edip bolýandygyna ynamy terbiýeleýär. Şonuň üçin ertekiler çaganyň ruhy we aň-düşünje kämilligini gazanmakda, olaryň hyýal ediş, göz öňüne getiriş güýjüni ösdürmekde örän ähmiýetlidir.  Dünýä ylmynyň häzirki döwürde ertekiler babatda uly açyş hasaplaýan ençeme zatlary halkymyzyň müňýyllyk taryhynda mazaly özleşdirilen sungaty bolup durýar. Hat-da ertekileriň aýdylyş usuly babatda hem täsin galdyrýan däplerimiz bar. Ertekiler aglaba halatda ýatar wagtymyz, uka gitjek wagtymyz aýdylýar. Munuň hikmeti nämede? Orta asyrlaryň meşhur lukman alymy Abu Aly ibn Sinanyň “Ömür ýazgylary” atly eserinde şeýle waka beýan edilýär: “Çözmesi kyn meseläni aňymda aýlap, göz öňüne getirip, uka batýardym.  Örän köp syrly meseleler maňa düýşümde aýan bolardy. Şeýdip, oýalykda hem, düýşde hem ylym syrlaryny açmaga yhlas ederdim”. Abu Aly ibn Sina özi üçin iň wajyp meseleleri ýatar wagty ýatlaýan eken. Soňra şoňa laýyk çözgüdi hem tapýan eken. Ertekileriň ýatar wagty aýdylmagynyň bir hikmeti gönüden-göni aňasty aňa täsir edýändigi we şonuň netijesinde onuň täsiriniň örän ýokary bolýanlygyndadyr. Çaga öz wagtynda aýdylan erteki uly adama berlen psihologik, göwün göteriji ýa-da maksada ugrukdyjyry maslahat bilen deňdir. Bir tapawutly tarapy gürrüň berlen erteki çaganyň aňyna we aňasty aňyna täsir edýär. Alymlaryň aýtmagyna görä, biziň aňasty aňdaky maglumatlarymyz aňda göterýän maglumatlarymyzdan 10.000.000 (on million) esse köpdür. Bu bolsa ynsan aňynda üsti basyrylgy ýatan ençeme ukyby herekete getirmäge sebäp bolýar. Munuň şeýledigine akyl ýetiren ata-

babalarymyz ertekilere aýratyn ähmiýet beripdirler. Häzirki döwürde ertekileriň üsti bilen çagalary we şahsyýeti terbiýelemek meselesi has giňişleýin öwrenilýär.

Ertekiler bilen bagly has täsin maglumatlara hem gabat gelip bolýar. Nemes lukman alymy Klaus Wittiň "Çagalaryň allaergiýasyny ertekileriň üsti bilen bejermek" atly kitaby neşir edildi. Bu ertekiler kitaby boýdan-başa owadan suratlar bilen bezelipdir. Geçirilen tejribeler suratlar bilen üpjün edilen ertekileriň çagalary allergiýadan, ilkinji nobatda bolsa neýrodermit keselinden halas edýändigini subut edipdir. Hat-da ilki erteki okap berip, yz ýanyndan däri-melhem etseň, onuň örän gowy täsir edýändigi aýdylýar. Eger şeýle bolsa, Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň ýaňy-ýakynda giň okyjylar köpçüligine ýetren "Türkmen halk ertekileri" atly çeper suratlar bilen bezelen kitaby biziň her birimiz üçin mynasyp we manyly sowgat bolup biler.

Milli däp-dessurlarymyzyň, türkmeniň terbiýe mekdebiniň iňňän gadymydygyny we many-mazmuna örän baýdygyny nygtaýan hormatly Prezidentimiz müň mertebe mamla. Diňe ertekiler hakdaky hakykatlara esaslanybam bu pikiri tassyklap bolýar. Dünýä ertekiler arkaly çaga terbiýesine çuňňur täsir etmeklige indi-indi aýratyn üns berýän bolsa, ata-babalarymyz munuň şeýledigine müňlerçe ýyl ozal akyl ýetirip, ony özleriniň ýaşaýyş-durmuş we edep-terbiýe mekdebine ymykly ornaşdyrypdyrlar.

# Esgerlik we ezberlik

Megerem, bu tymsaly bilmeýänimiz ýok: alym bilen deňizçi ikisi gämä münüp, deňziň aňry kenaryna aşmakçy bolupdyrlar. Gämi deňzi ortalaberende, alym deňizçiden “Sen şeýle zatlary bilýärmiň?” diýip, öz bilýän zatlaryndan birnäçesini sorapdyr. Deňizçi “Ýok” diýip, başyny ýaýkapdyr. “Haýp, ýarpy ömrüň biderek geçipdir” diýip, alym dillenipdir. Şol wagt deňizde duýdansyz tupan turup, gämini agdarara getiripdir. Deňizçi ondan: “Sen ýüzüp bilýärmiň?” diýip soranda, alym “Ýok” diýip başyny ýaýkapdyr... Elbetde, deňizçiniň beren jogaby ählimiziň ýadymyzda. Bütin ömrümizi biderek geçirmezlik üçin, ýaşaýşymyza many çaýmak üçin  her bir adamyň hökman bitirmeli wezipeleri, borçlary bolýar. Akyldarlaryň sözünde bar: “Üç zada hyzmat eden adam owalda-ahyrda bagtyýardyr: Hudaýa hyzmat eden, ene-ata hyzmat eden, Watana hyzmat eden”.  Bularyň ählisem türkmende mukaddeslik saýylýar. Üstesine-de, şu üç mukaddeslige goýulýan sarpa biri-biri bilen berk baglanyşykda: birini kemter etseň, beýlekisi kämil bolmaýan ybadat-gullukdyr. Watan hyzmatyna berilmegem sogaby uludan ýazylýan amallaryň biri. Biz öz başarnygymyz, ukyp-zehinimiz, döredijilik dünýämiz, zähmete werziş bolan ellerimiz bilen Watanymyzyň hyzmatynda. Oýnap ýören çagajyklaryň gülküsem, gulpaklyja gyzlaryň tansam, okuwçylaryň öwrenýän sapagy, talyplaryň özleşdirýän dersi – bularyň ählisi Watana berilmekdir. Çünki

şeýle zatlaryň üsti bilen Watan öz barlygyny düzýär, bakylygyny gazanýar. Biziň öwrenişen dünýämizde bu amallaryň her biri aýratyn bir iş hökmünde ýatlanylýar, emma ýurdumyzyň asudalygyny, bitewiligini, eldegrilmesizligini üpjün edip duran ýene bir mukaddes borç bar – oňa harby gulluk diýilýär.

Görülýän kinolaryň, görkezilýän oýunlaryň täsiri bolmagy hem ahmal, heniz mekdebe barardan körpe çagalaram, elmydama özlerini Watany goraýan gahryman edip görkezesi gelýär. Tutdan ýasalan agaç «awtomatlar», sesini dilden çykarmaly "pistoletler" bilen Watan mukaddesligine zeper ýetirmekçi bolýan her bir "näkesi" derrew güýlüp taşlaýarlar. Watançylyk duýgusy türkmeniň ganynda bar. Taryhdan şu güne çenli ýazuw we hakyda arkaly gelip ýeten kyssalarda, hekaýatlarda bu topragyň bir daban ýeri üçin näçe başyň berlendigi nygtalýar. Ata-babalarymyz her bir ýigdekçäniň, oglanyň we gyzyň ýarag oýnatmaga ussatlygyny gazanypdyrlar. Ilki özüňi goramakdan başlaýan bu ezberlik ataňy we eneňi, iniňi we uýaňy, goňşyňy, iliňi we öz ruhy dünýäňi goramaklyga syrygypdyr. Uludan-kiçä her bir adam watançylyk duýgusy bilen terbiýelenipdir. Dünýäniň gadymy halklarynyň edebiýatyny okap göreniňde, söýgi we Watançylyk temasynda ýazylan eserler agdyklyk edýär. Emma beýleki halklardan tapwutlylykda, diňe türkmenler Watançylyk duýgusyny söýgüden ýokarda goýup bilen halkdyr. Türkmenlerde watançylyk hakda has uly duýgular jemlenipdir. Bu hakda arap alymy Amr ibn Bahrul-Jahyz "Türkmenler beýleki milletleriň arasynda Watan söýgüsini iň ýokary derejä göteren milletdir. Çünki olaryň häsiýetinde we damarynda gan däl-de, öz ýurduna, topragyna, Watan suwuna bolan duýgular akýandyr» diýip belleýär. Türkmeniň ýaradylyşy hem, tebigatdan alýan terbiýesi hem, durmuşdan toplaýan tejribesi hem şunuň ýaly. Watansöýüjilik edil dem alýan howamyz ýaly ähmiýetli zat hasaplanypdyr. Perzentleriniň

edenli, dogumly, ugurtapyjy bolup ýetişmekleri üçin olarda hökmany bolmaly häsiýetleri göz öňünde tutupdyrlar. Şoňa mynasyp görlen adamlar öňbaşy bellenipdir. Türkmenleriň harby ugruna ussatdyklary üçin olaryň ulanan onbaşy, ýüzbaşy, müňbaşy, tümenbaşy ýaly harby adalgalarynyň arap we pars çeşmelerini bezändigini ýatlamalydyrys. Türkmenler harby gulluga ýaramly bolmak üçin her bir oglanyň şu häsiýetleri özünde jemlemegini zerurlyk hasap edipdirler:

Esger aňly-düşünjeli, dogry ýoly tapyp bilýän, söweş tilsimlerinden habarly adam bolmaly.

Esger özüne görkezilýän ugry kabul edýän, öwüt-maslahata gulak asýan, hökümdarynyň we Watanyň bähbidi üçin janyny gaýgyrmaýan bolmaly.

Esger elmydama çapyksuwarlyk, ýarag oýnatmak, mert sanjyşmak ýaly ugurlarda türgenleşip, özüni taplap durmaly.

Esger buýrulan zady desbi-dähel ýerine ýetirmeli.

Esger örän eserdeň, tiz gaýrata galýan, az uklaýan, köp we çalasyn hereket edýän bolmaly.

Esger dogumly, gaýratly we ýolbaşçysynyň buýrugyna tabynlyk bilen gulak asýan bolmaly.

Bularyň arasyndan göwresi we gaýraty ekabyrlary, uruş tilsimlerinden ussatlary serkerde belläpdirler. Her on esgere bir onbaşy, ýüz esgere ýüzbaşy, müň esgere müňbaşy, on müň esgere tümenbaşy belläpdirler. Iň ýokary harby derejä bolsa serdar ýa-da baş serkerde diýlipdir. Häsiýeti ýaramaz hem-de aýşy-eşrete endik edenleri esgerlige kabul etmeklikden saklanypdyrlar.

Bu türkmen taryhynyň belli bir döwründe öňe sürlen talaplar, emma häzirki döwürde hem harby gullukda bolýan ýaşlarymyzyň şu häsiýetleri özünde jemleýändikleri guwandyryjy ýagdaý. Hormatly Prezidentimiziň il-ýurt bähbitli aladalarynyň netijesinde Türkmenistan döwletimizde harby gullukçylara goýulýan sarpa mizemez. Bu günki türkmen esgeriniň ösen tehnikalar bilen döwletimizi goramaga mümkinçiligi bar. Dürli gurallara erk edip, çylşyrymly tehnikalara hökümini ýöredýän harby esgerlerimiz gije-gündiz Watan asudalygynyň, goragynyň hyzmatynda. Gijelerine ukymyzy rahat alýan bolsak, säherler gaýgy-gamsyz, aladasyz örýän bolsak, gülküli ýerinde gülüp, begenip bilýän bolsak… ýene bir zady unutmaklyga hakymyz ýokdur – munuň üçin serhetlerde gözüni gyrpman gijesini geçirýän, asmanymyzyň we topragymyzyň asudalygyny goraýan esgerlere minnetdar bolmalydyrys.

…Ýaz pasly. Harby gulluga ýene bir çagyryş möwsümi. Ýene bir mekdebiň bosagasy. Esgerlik – durmuş meýdanynda taplaýan ýokary mekdepleriň biri. Agy-garany çala saýgaryp ugran wagtlarymyz her ýylyň ýazynda we güýzünde köçämiziň bir ýerinde maşynyň signal sesi ýaňlansa, «Pylany «armiýadan» gelipdir» diýşip, adamlaryň gutlamak we «gözüňiz aýdyň» diýmek üçin begenç bilen eňişleri ýadyma düşýär. Şol pursatlarda şol signal sesinden dabaraly ýaňlanýan, ýiti täsir edýän başga bir owaz ýokdy. Ykjam geýnen harby lybasyndaky agalarymyz özleriniň güler ýüzi, berdaşly bilegi bilen çagajyklary goltugyna götererdiler. Esger goltugynda ýokary galmak uly bagtdy. «Tüweleme, sen-ä how, hakyky adam bolupsyň» diýşip, degişýän obadaşlarymyz göz öňümde. Bularyň ählisi esgere we esgerlige goýulýan hormatyň nyşany. Göwünleri begenje we buýsanja besläp bilýän esgerligiň gürrüňi. Şu dessur, şu şatlyk şu wagtam dowam edýär.

Gämiçi bilen başlan gürrüňimi, otlynyň üstünde eşiden sözlerim bilen jemläsim gelýär. Tapawudy ýok, durmuşy deňze meňzedeli, gury ýere meňzedeli, oňa düşünýän adamlar bir hörpden gopýar: Talyp döwrümde, Aşgabada gaýtmak üçin otla münüpdim. Ýanymda ýerleşen orta ýaşdan agan bir adamyň talypdygymy bilende, «Talyp bolmadyk adam joşgunyň, şadyýanlygyň nämedigine düşünmez, esger bolmadyk adam durmuşyň nämedigine düşünmez» diýeni henizem ýadymda.

Esgerlik ezberlikdir. Durmuşa çuňňur düşünmegiň bir ýoluny açyp görkezýän mekdepdir.

45

# Zeminiň Tuby daragty

Haýsydyr bir hasyl ýa-da miwe hakda gürrüň gozgalanda, olaryň bütin durky göz öňüňe gelýär: erik diýilse, şänigi bilen, üzüm diýilse, dänesi bilen, hoz diýilse, maňzy bilen, gawun-garpyz çigidi bilen aňyňda janlanýar. Şeýle göz öňüne getirmegiň özi her bir zadyň asyl maňzynyň unudylmaýandygyny aňladýar. Barmakujy boýy bolan şol däneler, gününi sanap ösüşlerine, topragy böwsüp çykýarlarda, owadan dünýäde ers-mers bolup gidýärler. Edil adam ýaly. Eždatlarymyzyň eserlerinde adamzadyň toprakdan bina bolandygy gaýta-gaýta nygtalýar. Ýöne onuň ösüp-ösüp asmana ýetmelidigi hem ünsden düşürilenok. Asmana ruhy ganat bilen etilýär. Medeniýet - adamy ruhy taýdan taplaýan gymmatlyklaryň biri. Medeniýet, ertekilerde suratlandyrylýan naz-nygmaty bol han saçaklary ýaly bir zat. Ol dünýäniň geografiki kartasyna girmedik, ýöne bütin dünýäni gurşap duran umman. Gök dälde, älemgoşar reňkli asman.  Hüwdüleýän sallançak, ýöne çaýkanmaýan zemin. Medeniýet - gözellige, kämillige mahsus ähli ajaýyplyklary özünde jemleýän bitewilikdir. Adamzat jemgyýetiniň, ynsanyýet ösüşiniň  ölçegini we geljegini kesgitleýän birlikdir. Haýsy zatda göwün gandyryjy, rahatlyk beriji, gaýrata galkyndyryjy güýç bar bolsa, şol ýerde hökman müň öwüşginli medeniýetiň bir ülüşi ýa-da täzeden bir açylyşy bardyr.   Aladaly çagyň derdiňi egisýän aýdym-saz sungatynda hem,  aryp gelen wagtyň, ýadawlygyňy syryp aýyrýan çaga gülküsinde

hem, milli buýsanjyňy goşalandyrýan gyz-oglan edebinde hem, elmydama haýra ugrukdyrýan ata-baba pendinde hem, beýik işlere ruhlandyrýan döwletli döwürde hem medeniýet bardyr. Medeniýetleriň millilige görä tapawutlandyrylýandygyna garamazdan, medeniýet derejesine göterilen gymmatlyk diňe bir millet üçin däl-de ähli adamzat üçin haýyrlydyr. Taryhy dowamat munuň şeýledigini subut edip gelýär. Medeniýetleriň  biri-birinden täsirlenmesi netijesinde täze bir ösen medeniýet kemala gelipdir.

"Medeniýet" ("culture") aýratyn düşünje hökmünde  gadymy grek pelsepeçileriniň işlerinde ulanylypdyr.  "Ýeri bejermek we ekin ekmek" diýen manyny berýän bu söz soňlugy bilen adamzat aňyna paýhas dänelerini sepip, ol ýerde edep güllerini gämikletmegi, ynsany aňdüşünjeli, giň dünýägaraýyşly edip ýetişdirmegi göz öňünde tutupdyr. Ynsanyň urp-adat, däp-dessur, gylyk-häsiýet, ylym-düşünje babatda hiç kime zyýany bolman, gaýta adamzadyň arasyndaky dostlugy, söýgini, birek-birege bolan ynamy artdyrmaga bolan höwesine, özgeleriň dünýäsine düşünmäge ymtylyşyna medeniýetlilik diýilýär.  Ýere sepilen tohumyň gününi sanap ösüşi, topragy böwsüp çykyşy we owadan dünýäniň gelşigine görk hem-de haýyr berişi ýaly ynsan aňyna sepilen paýhas we edep däneleri hem hökman hasylly bolýar.

Türkmen halky adamzada birnäçe medeni ösüşleri berip bilendigi bilen buýsanmaga doly haklydyr. Aslynda, gojaman taryhyň sahypalaryna göz aýlap, heňňamyň alyslardan ýollaýan heňine diň salsaň, medeniýetliligiň türkmeniň döwletliligi bilen bagry badaşandygy ýüze çykýar. Gaýry ýurtlaryň gadymy şäherlerinde medeniýet bir ýola ösüp, taryha giren bolsa, türkmen illerinde medeniýetler gaýta-gaýta döräp, bu ýagdaý, hadysa türkmeniň mentalitetine siňipdir. Gadymy Nusaý, Merw, Horezm-Ürgenç, Dehistan, Amul, Abiwert... bu günki arheolo-

glar, taryhçylar, edebiýaty we medeniýeti öwrenijiler bu şäherleriň ösen medeniýetini eýýamlara bölüp öwrenýär. Çünki olar kän, giň we çuňňur.

Türkmeniň taryhy medeniýet meýdanynda ymykly yz galdyran şöhratly şahsyýetlerden doly. Yzyňa göz aýlasaň, olar giň bir dünýä. Şahyr, kyssaçy, halyçy, aýdymçy, sazanda, zergär... mahlasy, her hünäriň özi hakda aýratyn gürrüň gozgalanda diliňe geläýmese, ählisini sanap oturmaga wagtam, ýadam ýetenok. Ilkibada adaty bir dünýewi zerurlyk, gyzyklanma bolan zatlar müňýyllyklaryň dowamynda has kämilleşip, medeniýetiň, sungatyň aýratyn bir şahasyna öwrüldiler. Türkmen alymy Abu Nasr Faraby sazy sungat derejesine çykardy, adamyň saglygyna peýda edýän birnäçe sazlary we saz gurallaryny oýlap tapdy. Berbad Merwezi her günde täze bir saz düzüp, türkmeniň mukamsöýerligini taryha saldy. Türkmenleriň arasynda dörän we beýleki halklaryň milli medeniýetine siňip giden "Garagöz" atly oýnuň we teatryň bolandygy hakda taryhy maglumatlar bar. Ilkibada kölegeler arkaly hereketlendirilen bu oýun soňra gurjak oýnuna geçip gidýär. Ýewropanyň dürli kitaphanalarynda gadymy oguz-uýgur dilinde ýazylan drama eserleriniň nusgasy saklanylýar. Türkmeniň şahyrana dünýäsi, dessançylygy, dutary, gyjagy, gopuzy, naýy-nagarasy, gelin-gyzlarymyzyň lälesi, gazaly, öleňi... bu gün milli medeniýetimiziň bir öwüşgünidir.

Bilýänsiňiz, jennetde Tuba diýip bir daragtyň bardygyny. Eşidensiňiz, şahalaryny aşak egip durşuna, her kim elini uzadyp, şol daragtdan göwün küýsän miwesini iýip bilýändigini. Medeniýet we sungat şu dünýäniň Tuba daragty. Adamzat jemgyýetini medeniýetden üzňe göz öňüne getirmek asla mümkin däl. Sebäbi ynsan gözellige teşne-mätäç. Medeniýetiň wezipesi -- hakyky gözelligi adamlaryň ýüregine ornaşdyr-

mak. Şahyr öz goşgusy bilen, kyssaçy öz söhbedi, dessany bilen, zergär sünnäläp ýasan şaý-sepleri bilen, halyçy nepis çitimli halylary bilen, bagşy sazy, aýdymçy owazy bilen gözelligiň müň öwüşginli keşbini ýüreklere ornaşdyryjy adamlardyr. Bularyň eserlerini okanyňda, diňläniňde, synlanyňda kalbymyza ornaýan aramy, tesellini, ynjalygy, rahatlygy duýup bolýar. Gülleriň, anbaryň, müşküň ysy burnuňyza uranda, dünýäňiz heýjana gelýändir. Adamyň süňňüne medeniýet ornanda, ol barha kämilleşmek bilen bolýar. Ýöne kämillige çäk ýok. Adamlaryň aňyna has täze we ter duýgulary bermek üçin bu ugruň wekilleri elmydama özlerini taplap gezmeli. Orta asyrlarda ýaşap geçen belli arap suhangöýi, akyldary Sahyp ibn Abbad "Şu günki döreden eseriňizi bir gün geçenden soň okap görseňiz, käbir ýerlerini üýtgedesiňiz geler. Şu ýerini aýraýyn, bu ýerini goýaýyn diýersiňiz. On gün geçenden soň, gaýtadan okap görseňiz, ýene bir ýerini üýtgetmegiň, goşmagyň-aýyrmagyň hyýalyna münersiňiz. Bir ýyldan soňam, bäş, on bäş, ýigrimi bäş ýyldan soňam şol eseri eliňize alanyňzyda, käbir setirlerini üýtgedip, sözleriniň ýerini çalşasyňyz geler durar. Bu ýagdaý şol eseriň ilkibada ýazylanda harsal ýa-da çigligini däl-de, kämillige çäk ýokdugyny aňladýar. Sebäbi adam her bir zady öňküdenem has kämilleşdirmek isleýär" diýipdir. Döredijilik, medeniýet, sungat işgärleri has täze, täsirli eserleri döretmegiň yşkynda bolmaly. Ýüreklere şatlyk paýlap bilmegiň özi ata-baba sogaply amallardan hasap edilýär.

Beýik galkynyşly Türkmen döwletinde dünýä medeniýetiniň her bir aýratynlygy jemlenen. Edebi döredijilikler, sahna oýunlary: drama, opera, sirk, aýdym-saz, inçe tilsimli zergärçilik... Özi hem bularyň köpüsi gaýtadan dikeldildi. Şeýdibem dünýäniň bitewi medeni maşgalasyna ymykly birikmegi başardy, bu ýerde özüne mynasyp orun tapdy. Hiç bir adam, hiç bir jemgyýet, hiç bir medeniýet haýsydyr bir zatdan, beýleki bir medeniýetden täsirlenmän, täze ösüşlere geçip bil-

meýär. Özge medeniýetleri, beýleki gymmatlyklary öwrenmek we olaryň üstüne öz milliligiňi çaýmak bilen, täze parlak zatlary gazanyp bolýar. Onsoňam medeniýet guş dili ýaly bir zat, ol haýsy dilde ýaňlanýandygyna garamazdan, haýsy ülkede, nähili ýagdaýda kemala gelendigine garamazdan, öz ýüreklerimizi joşguna gaplar. Oňa terjimeçi gerek däl.

Dünýä döräli bäri bir aýdyň hakykat bar: zeminiň Gün düşüp duran tarapy ýagtydyr. Biziň beýik Galkynyşly zamanamyz döwrüň depesindäki parlak gün. Ýollarymyz ýagty, maksatlarymyz aýdyň. Bu biziň geljegimiziň has-da nurana boljakdygyny aňladýar. Çünki muňa taryhdanam, şu günümizdenem ýeterlik delil tapyp bolýar: türkmende şöhratly eždatlaryň dowamaty bolan watansöýüji, ruhubelent nesil bar. Bular tutuş Gündogaryň edebiýatyny, döredijilik dünýäsini, medeniýetini baglan Abu Bekr Horezmileriň, Barbad Merwezileriň, Mahmyt Zamahşarylaryň, Abu Nasyr Farabylaryň neslidir. Bu nesil hormatly Prezidentimiziň döwürlere we döwletlere nusgalyk syýasatynyň tuguny göteriji nesildir. Beýik Galkynyş eýýamynyň döwletli many-mazmunyny ýüreklere ýaýyjy nesildir. Giň dünýägaraýyşly, çuňňur düşünjeli, döredijı, şahyr we ýazyjy nesildir. Ýüreklere gözelligiň keşbini çekýän ösen medeniýetli nesildir.

Bu halk, bu millet şeýle beýiklikler bilen gurşalan, çünki bizde medeniýetiň gymmatyna düşünýän Milli Liderimiz bar, medeniýeti döredip bilýän millet bar. Medeniýeti galkyndyryp bilýän döwür we döwlet bar. Bu döwür türkmeniň döwrebap we gelejege ulaşjak medeniýetiniň gaýtadan dörän, ösen we kämil çykan döwri bolup, taryh sahypalaryna ýazylýar.

46

# Zeminiň jenneti - Watan

Watanyň mukaddesligi, gadyr-gymmaty, jandan ezizligi pederleriň we nesilleriň aňyna mäkäm guýlupdyr. Sallançagyň kirişlerini çekip, ak gundagda ýatan balajyga aýdylýan ene hüwdülerinden başlap, sözleýiş ukybyny artdyrmaga niýetlenen ýaňyltmaçlarda, ýatkeşligni ösdürmäge gönükdirilen sanawaçlarda, pikirleniş güýjüni artdyrýan mataldyr tapmaçalarda, hyýaly hakykata öwürmäge höweslendirýän ertekilerde, aýdymdyr, goşgularda Watan waspy, dogduk depäniň tarypy, önüp-ösen ýerleriň tebigaty çeper suratlandyrylýar. Hakyky bagtyň, kämil gözelligiň diňe öz iliňde, öz ýurduňda bardygy teswirlenýär. “Müsürde şa bolandan” ýa-da “Ýat illerde mysapyrlyk çekenden” diýen setirlere il-günüň ýanynda bolmagyň uly bagtdygy aýdylýar. Gerçek-goç ýigitler hatda Kap dagyndan tapan peri-peýkerini, ykbal nesibesini hem öz iline alyp gelýär. Watan topragynda köňlüňe we süňňüňe täsir edýän dermanlyk täsiriň bardygy lukmandyr tebipleriň eserlerinde hem orun alypdyr. “Her hassany öz topragynyň gumy, miwesi bilen bejeriň” diýýän grek alymy Gippokratyň paýhasly pikirlerini türkmen tebigaty doly tassyklaýar. Dagy we sährasy, deňzi we derýasy, düzi we çöli, çeşmesi we jary, mahlasy, tebigatda bar zatlaryň ählisi bu toprakda bar. Güneşiň çogy hem-de Aýyň ýalkymy bilen boý alýan, ösýän, ýetişýän hasyldyr miwelerde ýokumlylyk örän ýokary. Seleň sähralarda, tereň derýalaryň we deňizleriň ýakasynda gezim-syýahat et-

mekligiň özi köňle giňlik, ýürege şatlyk we süňňüňe saglyk eçilýär. Mukaddes topragyň dermanlyk täsiri hakda taryhy hakykatlar dil açýar.

Alys ülkelerde ýörişde gezip ýören Soltan Jelaleddin agyr ýaralanypdyr. Öňler dessine aýak üstüne galyp, sagalyp gidýän Jelaleddin bu gezek wagty bilen aýňalyp bilmändir. Tebipdir lukmanlar dürli-dümen melhemleri ulanyp görseler-de, hiç hili täsiri, emi bolmandyr. Ahyry soltanyň özi: "Maňa Horezmiň gumuny we Jeýhunyň suwuny getiriň. Köňül Watany küýseýär. Watan topragy ähli derde derman, melhemdir" diýipdir. Aýdyşy ýaly, Watan topragyny ysgap, suwuny içenden soňra, onuň ýagdaýy görnetin gowulaşyp başlapdyr we tiz wagtdan hem sagalyp, aýak üstüne galypdyr.

Dogduk depäň, önüp-ösen ýerleriň bilen bagryň badaşyp gidýär. Bu ýerden bir günlüjek uzaklaşyp gitseňem, ýene-de öz ojagyňa, il-günüň arasyna dolanyp barmak üçin ýüregiň telwas urup başlaýar. Söwda-satyg ýa-da sapar-syýahat bilen daşary ýurtlara gitmek, aýlanmak nesibäňde bar bolsa-da, sähel wagtdan soňra ýüregiň, göwnüň Watana tarap atygsap durmagy, köplere mälim duýgy bolsa gerek. Aslynda Watan uçmaha deňelýän toprakdyr. Gadym döwürde mugallymlaryň biri okuwçylaryndan "Jennete deňäp boljak ýene nämeler bardygy" hakda sowal beripdir. Birbada okuwçylar dürli-dümen zatlary aýdypdyrlar, öz pikirlerini ýaňzydypdyrlar. Emma biriniň pikirini beýleki biri inkär edip bilipdir. Diňe bir okuwçynyň jogaby hemmeleriň göwnünden turupdyr. Ol: "Watan" diýip, jogap beripdir. Bu jogaby hiç kim inkär edip bilmändir, gaýta hemmesi makullaýjylyk bilen baş atypdyr.

Tebigatynyň yssy ýa-da sowukdygyna garamazdan, Watanyň iň gözel künjekdigi we diňe öz iliňde, öz Watanyňda özüňi asuda-arkaýyn, ynjalykly duýup bolýandygy teswirlenýär. Rowaýatlara görä, ýaş ýigitleriň biri kitaplaryň birinde uçmahyň waspyny-tarypyny eşidip, şonuň

idegine çykypdyr. Öňünden çykan adamlardan ýol salgysyny sorapdyr, ýöne gabat gelen her kes kibtini gysyp, “men-ä beýle ýeriň bardygyndan bihabar, bilemok” diýip, jogap beripdir. Ýöne ýaş ýigit maksadyndan dänerli däl ekeni. Ol bir akyldar-dananyň ýanyna baryp, uçmahyň bolup biläýjek ýerini, nädip tapmalydygyny, ýoluny, syryny, alajyny sorapdyr. Akyldar oňa: “Ýüregiň nirede karar tapýan bolsa, şol ýeri jennetdir” diýip, gysgajyk jogap beripdir. Ýigit şondan soň ýol şaýyny ymykly tutup, syýahata çykypdyr. Ýedi deňizden ötüpdir, ýedi yklymy söküpdir. Her baran, gören, gezen ýerleri hem bir-iki gün özüne çeksede, üçülenji gün irizýän ekeni. Gabat gelen her bir adamdan, dälisinden, danasyndan jennetiň salgysyny sorapdyr, ýöne degerli jogap alyp bilmändir. Bir gün garny dok bolsa, beýleki gününi aç geçiripdir. Bir aý yssyda ýörese, soňky aýyny aýazda geçiripdir. Garaz, yşkyna düşen zadynyň yzynda altmyş ýaşyny nädip doldurandygyny bilmändir. Aýlanyp-aýlanyp ahyry bir ýere ýetipdir. Üns berip, diňşirgenipdir, ýüregi birneme ynjalan ýaly ekeni. Ýene azrak ýöräpdir, ýüregi öňküden-de rahatlyk tapypdyr, ýogsam ýanyndaky iýip-içgi, goş-golam öňki-öňkülik ekeni. “Ahyry jennete ýetdim öýdýän, ýüregim ynjalyp, rahatlyk tapyp başlady” diýipdir. Uzakdan bag-bakjaly bir oba hellewläp görünipdir. Haýdaşlap ýoluny dowam edipdir. Obanyň gyrasyna ýetipdir. Ýüregi ymykly ynjalan ekeni. Bagy belent, bakjasy hasylly, mes toprakly bir mellegiň üstünden barypdyr. Öý eýesinden bu ýeriniň nireligini sorapdyr. Ol obanyň adyny aýdanda, ýaňky ýaşuly geňirgenipdir. Soraşdyryp görse, bu gelen ýeri ýaňky ýaşulynyň birmahallar terk eden öz obasy ekeni. Munça ýyllaryň dowamynda obanyň ilaty köpelip, özgerip, ol uly bir küren oba öwrülip giden ekeni. Ol adam sorap-idäp, öz öýüni hem tapypdyr. Birmahalky deň-duş oglanlar indi ýaşuly çykypdyr. Her kim ondan ýaş ýigit mahaly gözlegine çykan zadyny tapyp-tapmandygyny sorapdyr. Ol: “Ahyry tapdym. Özem, goýup

giden ýerimden tapdym. Akyldarlaryň biri: “Ýüregiň karar tapýan ýeri jennetdir” diýipdi. Ýürek diňe öz Watanynda karar tapýan ekeni. Zeminiň jenneti Watandyr” diýipdir.

Bagtyýarlygy artdyrýan duýgularyň ýene biri il-gün bilen agzybirlikde ýaşamakdyr. Agzybirlik bagtyýarlygyň, döwletliligiň we rysgal-bereketliligiň esasy çeşmesi hasaplanylýar. Öý içinden örňeýän agzybirlik goňşy-golam, köçe-syrgyn, oba-il, jemgyýet agzybirligini, jebisligini kemala getirýär. Watan ähli ajaýyplyklara bolan söýgini jemleýän we olary bir beýik maksada gönükdirip bilýän toprakdyr. Ynsanyň bagtyýarlygynyň düýp özeninde Watana bolan söýgüsi ýatýar. Gündogar akyldarlary jem bolup, bir netijä gelipdirler: Bagtly bolmak üçin Watany söýmek ýeterlik. Çünki, Watany söýmek, bu – Watanyň asudalygy, abadanlygy, arassalygy, gözelligi, gülläp ösüşi üçin zähmet çekmek, yhlas etmekdir. Watan özüne siňdirilen söýgüden ylham, boý alýar. Watan söýgüsi bilen ülkeler, diýarlar abadan bolýar. Watana bolan söýgimiziň mukdaryna görä, adamyň döredijilik zehini oýanýar, artýar. Watany söýmekde, mukaddes topraga wepaly bolmakda Gahryman Arkadagymyzyň her bir sözi we amaly bize görelde mekdebidir.

47

# Söýgüden döreýän zehin

Ir säher işe diýip ugranymdan giçlik öýüme dolanamda hem, kagyz-galamlara ýa-da kompýutere dümtünip oturamda hem, gün-günden gözelleşýän ýurdumyzyň haýsy bir sebitini görenimde hem, huşa-düýşe ornan we durmuşdaky baş maksadyma çelgi bolup duran bir pikire aýratyn ünsümi jemleýärin. Ol pikir iş stolumyň üstündäki bir bölek ak kagyzyň ýüzüne hem ýazylgy dur. Bu söz diňe kagyza däl, aňymyza hem nagyşlanandyr. Sebäbi olar ömre many çaýýan sogaply amallary düşünjämize salgy berýär. Ol sözler zähmete yhlasly ýapyşmaklyga, her bir haýyrly işe süňňüň-köňlüň bilen berilmeklige iterýär. Bu sözi unutmasaň, asylly maksadyňdan birjikde dänmän, ýoluňy ruhubelent, ynamly dowam edip bolýar. Maksatly adam bolsa bagtly adam hasap edilýär. Bizi yhlasa daýandyryp, ylhama galkyndyryp duran ol söz mähriban Prezidentimiziň "Her bir raýat, her bir adam «Döwletiň berkemegi we gülläp ösmegi üçin men näme iş edip bilerin?» diýen sowaly öz-özüne bermelidir" diýen pähimidir.

Türkmen üçin Watanyň gymmatyny gaýtadan düşündirip oturmagyň hajaty ýok: hoşboý gülleriň ýakymly ysy, burky we görki elmydama gözellige üşünýän ynsan kalbynyň üns merkezinde. Watançylyk duýgusy, watanperwerlik biziň ganymyzda, damarymyzda bar. Lukmançylyk abzallaryny peýdalanyp, damar urgusy arkaly adamyň sagdynlygyny kesgitläp bilýärler. Paýhas bilen ölçerip görseň, Watan –

uçmah bagy, ynsan köňli – şelpeli saz guraly, türkmeniň ýürek gürsüldisi – ajaýyp  mukam, damarynyň tirsildisi şol mukamyň belent perdeden gopýan kakuwydyr. Onsoň, süňňüň-köňlüň Watan söýgisine ýugrulyp durka, joşman oturmak mümkinem däl.  Ýogsamam, derýalar doldugy saýy, batly we joşgunly akýandyr. Gün göge galdygy saýy şöhlesini bolluk bilen eçilýändir. Aý doldugy saýy has aýdyň şugla saçýandyr.

Durmuşdaky käbir zatlary, olara düşünmegiň ýollaryny, usullaryny ata-eneler ogul-gyzlaryna ýa kitap, okuw arkaly, ýa-da edim-gylym, edep-terbiýe arkaly öwredýär. Watan söýgüsine gezek gelende welin hiç wagt “Hökman söýüň” diýip ýaňzytmandyrlar. Olar Watany söýmekligi jan bilen bile berlen borç hökmünde görüpdirler. Watansöýüjiligi jandan üzňe zat hökmünde göz öňüne-de getirmändirler.

Gündogaryň gadymy alymlary Hudaýa, Watana hem-de ata-enä edilýän hyzmaty we olara gönükdirilen söýgini bu ugruň naýbaşysy hasaplapdyrlar. Söýgi bar ýerinde ýaşaýyşa ynam bar. Söýgi bar ýürekde dogum bar. Onsoňam hakyky söýgi nämedir bir zat döretdirip bilmäge ukypldyr. Söýgüsi bolmasa Perhadyň daglary köwere gaýraty-gurbaty bolmazdy. Düňle çölde diwana gezen Mejnun Leýlisi üçin ölmez-ýitmez goşgularyny ýazmazdy. Dünýäde edilýän beýik açyşlaryň, hasyl edlýän uly maksatlaryň aňyrsynda nämedir bir zada bolan söýgi ýatyr. Hakyky söýgi hasyllydyr, onda-da Watan söýgüsine gezek gelende hut şeýle bolaýmalydyr. Söýgi bir mähirdir, ýagtyylyk we ýylylykdyr. Ýagtylyk, ýylylyk bar ýerinde ýaşamak ýeňildir. Watandakaň bagtly bolmak üçin ähli mümkinçiligi iň ýokary derejde saklanýandyr.  Baýlyk, gazanç, düşewünt, mahmal düşekler, per ýassyklar, hazyna doly gençler, garaz, ýat illerde gazanylan, hasyl edilen arzuw-hyýallaryň jemi bagtyň bir göterimini hasyl edýär. Bagtyň togsan dokuz göterimi

gönüden-göni Watan bilen baglanyşyklydyr. Hut şonuň üçinem «Jan saglygy, ýurt asudalygy. Iýjek-içjegiň, güzeranyň öz ýurduňdan tapylyp durmagy, ojak odunyň öçmezligi bagtdyr» diýen söz asyrlar bäri ýaşap gelýär.

Nesilleri belent ruhda, arassa ahlak terbiýede, bagtyýarlyk we gönençlik içinde kemala getiren Watan üçin, dogrudanam, biz nämeler edip bileris? Watana bolan söýgüniň miwesini nähili ýüze çykarmaly? Birje hakykaty göz öňünde aýlaýmaly: düýbüni depip, ders dökendikleri, timar berendikleri üçin daragtlar ýa miwesi bilen, ýa-da goýry saýasy bilen ynsanlara peýda berýär. Gyrmançalardan saplanany üçin aryklar çasly, joşgunly akyp, topragy we adamzady suwdan gandyrýar. Yhlas siňdirilen toprak, hasylyny iki esse edip, ynsanlara gaýtarýar. Mähriban Prezidentimiziň beýik aladalary we halka bolan söýgüsi bilen gurşalan, uly ynam bildirilen nesil netijeli zähmeti bilen döwri, döwleti we beýik zamanany has-da galkyndyryp biler. Munuň üçin her kimiň öz ornunda durup, halal zähmet çekmegi, yhlas etmegi, gijesini-gündizini, ukusyny-oýalygyny il-ýurt bähbidine bagyş etmegi wajypdyr. Ýerine ýetirilýän işlerde, oýlanyp tapylýan zatlarda, döredilýän eserlerde döwrümiziň keşbini şu ajaýyplygynda janlandyrmak, onuň döwre we geljegebaplygyny şöhlelendirmek bize borçdur, buýsançdyr. Türkmen ertekisinde üç-dört adam bolup, agaçdan ýasalan bir gurjaga jan berişleri beýan edilýär. Ol adamlaryň hersi bir ýerden: biri asmandan gaýyp düşýär, ýene biri suwdan çykýar.., ýöne ählisiniň yhlasy, gaýraty, hünäri birigip, agaç gurjaga jan girýär. Bu erteki şu günümizdäki agzybir, ynamly we hünärli nesilleri ýadyňa salýar: Okuwçy-talyp öwrenýän we özleşdirýän bilimi bilen, alym ylymy bilen, daýhan alyn deri siňen meýdany bilen, şahyr goşgusy, kyssaçy söhbedi, dessany bilen, bagşy sazy, aýdymçy owazy bilen, zergär sünnäläp ýasalan şaý-sepleri, halyçy nepis çitimli halylary bilen  beýik Galky-

nyşymyzyň ähli öwüşginlerini eserlere, aňlara sünnäläp çitmelidirler. Adatça älemgoşarda aýyl-saýyl edip bolýan ýedi sany reňk bolýar, emma beýik Galkynyş döwrüniň ajaýyp öwüşginleri sanardan kändir. Üstesine şol reňkler bir-birine jebis bolup, gör, nähili gözelligi emele getirýär?! Asmany aý, gün, ýyldyzlar görkli edýän bolsa beýik Galkynyş dogduk diýarymyzyň bezegidir. Döredilýän eserlerde döwrüň hakyky keşbini berip bilmek üçin gündelik bolýan beýik wakalara işjeň gatnaşmaly. Rowaýatlara görä bir ýurduň hökümdary ýurduň tanymal suratkeşini çagyryp, aňyrdan seleňläp görünýän dagyň suratyny köşgüniň howlusyna çekmekligi buýrupdyr. Suratkeş munuň üçin üç ýyl puryja sorapdyr. Hökümdar ör-gökden gelip: “Bir surat üçin üç ýyl eglenip bolarmy?! Görnüp duran zady surata geçirip bilmeseň, bu nähili zehin bolýarmyşyn?” diýipdir. Suratkeş: “Hökümdarym, uzakdan seredip daglaryň suduryny çyzyp bolar, ýöne daglaryň hakyky suratyny çekmek üçin olary ýakyndan, içinden görmeli, ýogsam her bir eser ýasama çykar” diýip, jogap beripdir. Üç ýyldan soňra bu suratkeş şol dagyň suratyny çekipdir, ylla eliň bilen göçürlüp getirlen dag mysalymyşyn. Hakyky eseri şonuň ýaly döretmeli. Bu babatda Adamlaryň aňyna täze we ter duýgulary salmak üçin döredijilik işgärleriniň öňünde has uly borç ýatyr: Ýaşajyk suratkeşiň kagyzynda diňe reňkleriň sazlaşygy däl-de, döwrüň zähmetsöýer we merdana ruhy şöhlelenmelidir. Aýdymçylaryň aýdymynda diňe sesleriň utgaşygy däl, zamanamyzyň geljege ýollaýan hoş habary ýaňlanmalydyr. Şahyrlaryň goşgusynda döwrüň beýik kapyýasy – bagt we ynsan birligi, bitewiligi, ynsana gönükdirilen uly aladalar hakdaky setirler möwç urmalydyr. Ussat bagbanlaryň bagyndaky güller adaty güllerden has görkli we hoşboý görünýär, sebäbi olara siňdirilen yhlas we söýgi bimöçber.

Her bir zadyň ösmegi üçin mähir siňdirilen zähmet, ýagtylyk we ýylylyk gerek. Bu ukyp bolsa söýgüde jemlenen. Watanymyzyň ösüşine

goşant goşmak üçin watançylyk duýgusy, watan söýgüsi esasy şert bolup durýar. Watana bolan söýgimiziň mukdaryna görä, adamyň döredijilik zehini oýanýar, artýar.  Aslynda, zehinli, ukyp-başarnykly, aň-düşünjeli, edýän işi netijeli ynsan bolmak üçin ilkinji nobatda Watan söýgüsi gerek. Watan söýgüsi ukyby şineledýän, zehini pyntykladýan, işleri ugrukdyrýan gudratdyr.  Muňa aňyrdan gelýän bir hakykat delildir. Adam nirede dogulsa, ýaşasa, dünýeden ötse, onuň topragy şol ýerden alnandyr diýilýär. Biziň süňňümiz, köňlümiz  Watan topragy. Daýhan topraga yhlas etdigiçe, söýgüsini siňdirdigiçe, ol bol hasyl berýär. Biz öz gursaklarymyza Watan söýgüsini saldygymyzça, ol hem edil şonuň ýaly, hasyl berip başlaýar. Zehin oýanýar, ylham joşýar, göwün galkynýar. Maksatlaryň hasyl bolmagy, isleg-hajatlaryň bitmegi, arzuwlaryň hakykata öwrülmegi tiz, ýokary hilli we hasylly amala aşýar. Hat-da käbir irki çeşmelerde ýürekden edilýän dileg-dogalaryň çalt kabul bolmagy üçin Watana bolan söýgüňize üns beriň: Watan söýgüsiniň hakykylygyna görä arzuwlaryňyz, dileg-dogalaryňyz tiz kabul bolar diýilýär. Ynsana berlen zehiniň, ukybyň bir täsin tarapy bar. Ony ulandygyňça, bagyş etdigiňçe, onuň bereket gözügi barha giňelip, çeşmeler derýalara, derýalar deňizlere öwrülýär. Watana bagyş etdigimizçe, berdigimizçe, bereketi artyp, dowamaty köpelýär. Bu mukaddes Watan üçin biziň başaryp biljek zatlarymyz örän kän. Bu Mähriban Prezidentimiziň paýhasly we her bir adamy oýlandyrýan pähimlerine öz başarnygymyz bilen jogap bermekdir. Bagtly bolmagyň iň ygtybarly ýoludyr. Mähriban Prezidentimiziň aýdyşy ýaly “Kimiň ýürek urşy biziň ýurdumyzyň döredijilikli zähmetine goşulyşýan bolsa, şol adam bagtlydyr”.

# Zehini zähmet açýar

ýa-da açylmadyk ganatlaryň ajaýyplygy bilinmez

Her zadyň özüne mahsus bezegi, zynaty bolýar. Guşda ganat, atda aýak, balykda ýüzgüç... adamda bolsa göze gelüwli ýaradylan on iki synadan daşary arassa ahlak, ynam-iman, zähmet... Adama beýle artykmaçlyklaryň bol berilmegi tötänden däl. Her bir zadyň iň oňat taraplaryny özüne siňdirip bilmäge ukyplydygy üçin ol iň kämil barlyk hasap edilýär. Ynsany ajaýyp görkezýän zatlaryň ýene biri hünärlilik, zähmetsöýerlik, janypkeşlik. Bilegiňe güýç berip, ýüzüňe nur çaýýanam, süňňüňi taplap, saglyk paýyny bol berýänem, alysy ýakyn edip, ýoluňa ýagty saçýanam zähmetdir. Owal-ahyrda bir hünäri bolmadyk, bir işiň hötdesinden gelmedik, amaly-emeli bilen il derdine ýaramadyk adamlardan hiç kesiň göwni suw içen däldir. Hatda aňyrsynda haýsydyr bir hünäriň, zähmetsöýerligiň bolmagyny talap edýän "işlemedik-dişlemez" diýen ýörgünli söz baryp müň ýyl mundan ozalky kitaplarda gabat gelýär. Hünärsizlik, iş oňarmazlyk türkmende juda aýyp hasaplanylýar. Taryhy rowaýatlaryň süňňüni süzeniňde, beýik-beýik adamlaryň halal zähmete, el hünärine, akyl başarnygyny peýdalanyp bilmeklige uly ähmiýet berendigini görýäris. Hökümdarlyga ýaňy geçen wagtlary Dawut pygamber ýüz - keşbini üýtgedip,

il-günüň özi hakdaky pikirini bilmek üçin günde-günaşa diýen ýaly ýollary, çölleri söker eken. Şeýle günleriň birinde ol çöl gyrasynda mesgen tutan bir gojanyň öýüniň bosagasyndan ätleýär. Ondan-mundan gürrüň açyp, ahyry Dawut hakyndaky pikirini soraýar. Goja-da onuň Dawutdygyny bilenok, biläýeninde-de ol gönümel, öz edýän hak pikirini ýaşyrjaklardan däl: "Dawudyň birje bolmaýan ýeri bar, şoňa göz ýumsaň, gaty gowy adam ol, ýöne şol häsiýetine welin, göz ýummak gaty gelşiksiz" diýipdir. Dawut gojanyň nämäni göz öňünde tutýandygyny sorapdyr. Goja: "Dawudyň hünäri ýok. Iň halal we datly lukma öz kesbiňden gazanylan zatdyr. Dawut bolsa iýjek-içjegini öz zähmetinden gazanmaýar" diýipdir. Şondan soňra Dawut Alladan , özüne bir hünäri öwretmek sorapdyr. Oňa demirlere erk etmeklik, demirden dürli esbaplary ýasamak ukyby bagyş edilipdir.

Beýikleriň-ä ählisinde diýen ýaly, bir ýa-da birnäçe işiň hötdesinden gelip bilerlik derejede ylym-bilim, ukyp-zehin, hünär bar. Şeýle zehiniakyly her kimdenem tapyp bolar, ýöne özüňde bar zady peýdalanyp bilmezlik, ýeterlik yhlas etmezlik, zähmet siňdirmezlik, has ýamany hem özüňe ynam etmezlik köp zady ýitirmegimize getirýär.

Doga körzehin dogulýan adamlar örän seýrek, belki ýokduram. Ýerine ýetirip ýören işlerimiziň haýsy birine aýratyn ýykgyn edýändigimizi, döredijilikmi, guramaçylykmy, oýlap tapyjylykmy ýa-da sport oýunlarymy – anyk saýgaryp bilsek, iň bolmanda, şol ugurdan bir artykmaçlygyň bardygyny kesgitlemek mümkin. Onsoňam zehini zähmet açýar. Tebigatyň özüňe haýsy zehini agdyk guýandygyny birbada aňşyryp bilmeseň, mümkinçiligiňde bolan dürli ugurlary çagalykdan, oglanlykdan synap görübermeli. "Hünäri öwrende, ýigren" diýilýär. Öwrenilen her bir zat durmuşyň haýsy hem bolsa bir ýagdaýynda dadyňa ýetişýär. Ýüregiň diýýänine diňşirgenip, hörpünden gopup bilmek

hak ýoluňy tapyp bilmekdir. Ykbal bizi näme üçin ýaradan, nähili işleri, ýumuşlary bitirmek üçin ýöriteleşdiren bolsa, ýöne bizem ýüregimiziň sesine gulak gabartman, öňde goýan maksadymyzyň düýp manysyna çuňňur düşünmän hereket etsek, sazlaşyk saklanmaz. Birbada özüne çekiji görnen amallar köp wagt geçmänkä, oňaýsyz duýgulary döredip başlar. Işe janyň-teniň bilen girişmekden saklaýan bu duýgular barha berkäp gider. Ilki bilen ýüregimiziň diýýän we öz başaryp biljek asyl maksadymyzyň nämedigini kesgitlemek zerur. Maksadyň çürt-kesik anyk we aýdyň bolmalydgy onuň ilkinji şerti hasaplanylýar. Ölçerip- seljerip anyk ýoluňy saýlanyňdan soň,  oňa bolan ynam ýüregiňde berkese we höwesiň artsa, haýal etmän, oňa amal etmäge girişmeli. Öňüňde anyk maksat barka, haýal-ýagallyga ýol bermek zelelli ýagdaý. Durmuşda arzuwyna ýetip bilmeýänleriň aglabasy ýa-ha asyl ýoluny, ugruny tapmaýanlygyndadyr ýa-da ýeterlik yhlas, perwaý etmeýänligindedir.

Gündogaryň beýik alymy Ymam Gazaly arzuw bilen yhlasly zähmeti düşündirende, atyza ekilen ýorunjany mysal alýar. Agdarylan ýere sepilen ýorunja her kimiň ýüreginde ornan arzuw-hyýalydyr. "Nesibede bar bolsa,  özi gögerer, öser" diýip, ýorunjany suwsuz goýsaň, ýygym möwsüminde, iň bolmanda, şol tohumlary tapjagyň hem gümana. Çünki rysgyny tiz tapýan garynjalar ony soňky güne galdyrmaýarlar, saňa-da, soňa-da goýmaýarlar. Adam göz öňünde tutýan maksadyny desbi-dähel hasyl etmäge girişmese, soňlugy bilen onuň başdaky joşguny kiparlap,  maksat derejesinde apalanan duýgular adaty arzuwlaryň hataryna goşular. Geleň edilmedik zat bolsa hiç wagt hasylly ýa-da bereketli bolmaýar" diýip, alym belleýär.

Ugur-ýol kesgitlemek özüňe durmuş saýlap bilmekdir. Saýlawyň jüpüne düşse, ýüregiňe tüýs laýyk gelse, bu eýýäm ýörejek ýoluňa aýak

basandygyňy aňladýar. Mundan soňky zatlar yhlasyňa, janaýamazlygyňa, döredijilikli pikirlenişiňe, zähmete werziş bolşuňa bagly. Ömrüňe haýry degjek hünäri saýlap bilmek ýeňil-ýelpaý iş däl. Arzuwlara-ha tükenme ýok. Olaryň ählisini beýnä ýük edip ýörenimizden, ilki bilen aňymyzda azda-kände arassaçylyk işlerini geçirmeli. “Geldi-geçerleri” bir gyrada goýup, çäjini saýlap almaly. Süýtden arassa zat ýok welin, hatda şony hem süzüp içýärler. Arzuwlar her näçe süýji, özüne çekiji bolsa-da, maksat derejesine göternlip bilmejek zatlaryň aladasyna aýratyn üns bermezlik gerek. Her bir zadyň haýry-gymmaty özüňden öňürti özgelere, ile-güne degjek peýdasy bilen ölçelýändir. “Şu ugry saýlap alanymda, ilim, ýurdum üçin nämeler edip bilerin?” diýen sowal elmydama ör-boýuna galyp durmalydyr. Bu ýagdaý her kime-de degişli. Biziň bu günlerimizde, ylym-bilime aýratyn sarpa goýlup, ýaşaýşy gözelleşdirmek üçin dürli bilim ugurlarynyň açylýan zamanasynda bolsa, esasanam, ýokary okuw mekdeplerine girmäge isleg bildirýän ýaşlarymyza has dahylly bolup dur. Olar diňe ugur däl-de, ömür, hünär däl-de, ykbal saýlap alýandyklaryny unutmaly däldirler.

Synaglardan üstünlikli geçip, ýokary okuw mekdebine girip bilmek, bu olaryň saýlap alan ugry boýunça ilkinji esasy synagdan geçendigini aňladýar. Mundan soň minudyňy yrýa etmän, çuňňur bilim almaga girişmeli. Köp okamaly, çuňňur düşünmeli, ýadyňda saklamaly. Her bir öwrenilen zady ýadyňda saklamagyň iň ygtybarly usuly – şol zatlara amal etmekdir, iş ýüzünde hasyl etmekdir. Bu diňe ýokary okuw mekdebine girip bilenlere däl, ýaşlaryň her birine degişli.  Nesibedir, belki, käbir dalaşgärleriň taýýarlygy gowşakdyr, okuwa girip bilinmedik halatynda, bu ýagdaý şowsuzlyga ýorulsa-da, betbagtçylyga ýorulmaýar. Ol seniň ömürboýy bagtly ýa-da betbagt çagadygyň hakdaky kesgitleme däl. Her bir şowsuzlyk, säwlik ýatdan çykmajak sapak berýär. Indiki üstünliklere ynam etmelidigini, nähili taýýarlanmalydygyny,

ugruňy nähili kesgitläp bilmelidigiňi öwredýär. Her bir zatda bähbit bardyr. Belki, ykbal seni başga-başga ugurlar üçin niýetländir. Ýa-da durmuş seniň juda taýýarlykly gelmegiňe garaşýandyr. Belki-de, beýleki ugurlarda has ajayp üstünlikleri gazanyp biljeksiň. Onsoňam gülden gözel Watanymyz, baldan datly durmuşymyz barka, lapykeçlige düşmek oňlanylýan häsiýetem däl. Biziň her birimiz Watanymyz üçin juda köp zatlary başarmaga ukyplydyrys. Esasy zat – ynam etmeli, yhlas etmeli. Okamaly, öwrenmeli we özleşdirmeli. Özleşdiren zadymyzy herekete getirmeli. Akyldarlaryň sözünde bar: her kimiň başarnygy onuň goşa ganatydyr. Galkmasaň, galkynmasaň, ganatyňy açmasaň, gökde ganat ýaýyp uçmak ýokdur. Bilýäniňi ýüregiňde bukup, boldugyndan amal we yhlas etmeseň, täzeçe çemeleşmäge döwtalap bolmasaň, ganatyňy synyňda ýygryp gezseň, döwürden yza galdygymyz bolar. Onsoň ol her näçe ajaýyp arzuw bolaýsyn, açylmadyk ganatlaryň ajaýyplygy bilinmeýär. Adam her näçe zehinli bolaýsyn, yhlas we zähmet siňdirilmese, zehinem açylmaýar, ynsanam öz mertebesini gazanyp bilmeýär. Ykbal bize nämeleri berse, durmuş bizi nirelere çekse, haýsy ýerde mekan we mesgen tutdursa, bularyň ählisi biziň bähbidimiz, bagtymyz üçindir. Her ýerde bolmaly, ýöne Watan öňündäki perzentlik borjumyzy halal zähmetimiz, yhlasymyz bilen ödemelidiris. Watanyň öňünde hemişe borçludygymyzy hergiz unutmaly däldiris.

49

# Arzuw, ynam, yhlas

Uly ýoluň gyrasynda duran mahalymyz, ýoluň beýleki tarapyna geçmezimizden owal, sola-saga garanjaklamak endigimiz bar. Köne bilen täze ýylyň utgaşýan ýerinde ýadyma düşen bu düzgün geçilen ýol we geljekki ömür menzilleri hakdaky oý-pikirlere saldy. Ýylyň netijeleri, arzuwlaryň hasyl boluş mümkinçiligi we çaltlygy, ömrüň we wagtyň gymmaty... göz ýumup-açasy salymda ýüzlerçe waka tükeniksiz seriallar deýin serimde aýlandy durdy.  Hatda fizika ylmynyň ykrar edýän ýagtylyk tizligi hem ynsanyň oý-pikir tizliginden haýal.  Arzuw-hyýallaryň hasyl boluş mümkinçiligi bolsa şol tizligiň söbügini basyp barýar.  Bu eýýäm ýürekden edilen arzuwlaruň uzak garaşdyrmaýandygyny aňladýar.

Ynsan arzuw bilen ýaşaýar. Arzuw bilen ýöreýär we uçýar, gonýar we gazanýar, gözleýär we tapýar. Her bir zadyň herekete gelmegi üçin, ilki bilen, şony islemeli, arzuw etmeli. Daş-töweregiňize göz aýlaň, siziň görýän zatlaryňyzyň ählisi hem ilkibaşda diňe bir arzuwdy. Soň oňa ynam we yhlas siňdirildi, ahyry hem hyýal hakykata öwrüldi, arzuw hasyl boldy.  Bir arzuw hasyl bolsa, ondan has gowusy peýda bolmaly. Belent dag gerişleriniň biriniň depesine çykanyňda, aňyrda ondanam beýik ýene bir belentligiň bardygyna gözüň düşýär. Emma bärki belentlige çykmasaň (galmasaň), aňyrdaky beýikligi görüp bolanok. Durmuş we onuň arzuwlar bilen ötülýän menzilleri, ýetilýän mertebeleri

hem hut şeýle: bir arzuwyň hasyl bolmagy bilen öňküden has owadan, has ajaýyp, has nurana bir geljege gapy açylýar. Has gowusyny gazanmaga täze bir mümkinçilik döreýär. Ýürekde arzuw bar bolsa, asylly maksatlar täzelenip durýan bolsa, bu biziň durmuşymyzyň barha ajaýyplaşýandygyndan habar berýär. Çünki jemgyýet özgerdigi, ösdügi saýy ynsanyň ýaşaýşa bolan islegi, talaby artýar. Ol has gowy, has gözel ýaşamak üçin yhlas edýär. Täze belentliklere ýetmek üçin öňünde täze maksatlary goýýar. Bu aňyp bilýän adam üçin döwletlilikdir.

Eýsem, ýüreklerimize şeýle ynamy, joşguny salýan zadyň gönezligi näme? Ol - döwletiň raýat üçin edýän beýik aladasy. Zamanamyzyň ajaýyplygy. Döwrümiziň beýikligi. “Döwlet adam üçindir!” diýen şygary ömrüniň manysyna we baş maksadyna öwren hormatly Prezidentimiziň halkymyz üçin edýän beýik işleri. Ýurt asudalygy, giň gerim bilen ýaýylan döwlet aladasy täze dogýan günlere ynamly bakmaga, dogumly hereket etmäge, ruhubelent ýaşamaga kömek edýär. Halallyk, adalatlylyk, döwlet tarapyndan edilýän alada ynsanyň özüni ynjalykly duýmagyna, maksada ymtylyşly, zähmete yhlasly ýapyşmagyna iterýär, çünki hakyky gözellik diňe gözel duýgulary döredýär, ajaýyp islegleri oýarýar. Biziň ýüreklerimiz gowy arzuw-hyýallardan püre-pür dolan bolsa, täze ýyl gijesinde birek-birege hoşamaý sözler, ýagşy dilegler adatdakysyndan has kän aýdylan bolsa, bu biziň her bir günümiziň öňkülerden has bereketli, rysgally, döwletli we düşümli bolandygynyň alamaty. Sebäbi bizi joşduryp, dillendirip duran duýgynyň gönezligi şol bereketlilikdir, şol döwletlilikdir. Bu sözleri ýurt Garaşsyzlygymyzyň şanly 20 ýyllygy bellenilen 2011-nji ýylda gazanylan üstünlikler we netijeler dile getirdi. Arzuw edeniňden hem has ajaýybyny, garaşanyňdan hem has gowusyny gazanyp bolýandygyny bu ýyl subut etdi. Bu ýyl tutuş türkmen halkynyň ykbalynda bolşy ýaly, ýaşlaryň durmuşynda hem uly oňyn özgerişler boldy. Ýaşlar üçin

edilýän beýik aladalary durmuşyň her bir ädiminde görmek bolýar: ýaşlaryň ylymly, bilimli, sowatly bolmaklary üçin döredilen giň mümkinçilikler, olaryň zehin-ukyplarynyň kämilleşmegi üçin ýurdumyzda we halkara derejesinde guralýan bäsleşikler, medeniýet günleri, gurulýan ylym-bilim ojaklary, medeniýet we sport öýleri, sagdyn maşgala, sagdyn jemgyýet üçin bina edilen "Bagt köşgi" – bularyň ählisi halkyň dowamaty bolan ýaşlar üçindir. Bu ösüşleriň ählisi hem, hormatly Prezidentimiziň "Döwlet adam üçindir" diýip aýdyşy ýaly, hut halkyň bähbidine gönükdirilen beýik tagallalaryň netijesidir. Ýaňy dünýä inen nowjuwan perzentden başlap, peşeneli ak sakgaly döşüni ýapyp duran gojalarymyza, ak saçy jennetiň nuruny ýatladýan enelerimize deňiç ähli nesil, ähli raýat şeýle alada bilen gurşalan. Olara berilýän maddy we ruhy goldawlar sanardan kän. Bir hakykat hemmä aýan: Türkmenistan – ajaýyp arzuwlaryň hasyl bolýan mekany.

Bosagada täze 2012-nji ýyl. Balyk ýyly. Ýagşy niýet bilen gelene türkmeniň gapysy hem açyk, saçagy hem açyk, ýüregi hem açyk. Türkmen müçenamasynda iň köp söhbedi edilýän ýyllaryň biri balyk ýylydyr. Bu hakda has irki edebi eserlerde hem köp ýatlanylýar. Balyk ýyly türkmenlerde bolçulygyň, haýyr-berekediň ýyly hasap edilýär. Balyk ýyly ýagyn-ýagmyra baý ýyl, berekedi bol ýyl hasap edilýär. Ertekidir rowaýatlarda hem balygyň ýaramaz ýerde ýatlanylýan ýeri ýokdur. Gaýta, arzuwlaryňy hasyl edýän altyn balyklar, suwdan böküp çykyp, adam keşbine girýän we ýanyňa ýoldaş bolýan balyklar, deňziň düýbündäki tylla ýüzügi tapyp berýän balyklar. Taňrynyň eradasy bilen Ýunusy ýuwdan we sag-salamat kenara çykaran ýa-da Süleýmanyň ýüzügini ýuwdup, dünýä mülküniň emrini gursagynda saklan balyk, Hydyr ata dirilik çeşmesini tapyp beren balyk... hakdaky kyssalar sanardan kän. Pelegiň on iki (zodiak) burçunyň biri hem balyk burçudyr. Aslynda, rowaýatlara görä, Zemini göterip duran sary öküz hem baly-

gyň üstünde karar tutupdyr. Köne kitaplarda aýdylyşyna görä, bularyň ählisi adam üçin ýaradylan. Asmanda balyk burçy, Zemin suwlarynda arzuwlary hasyl edýän, ynsana ýardam edýän balyklar, Zemin bir balygyň gerşinde... üstümiz-astymyz balyk bilen gurşalan. Öňümiz-ardymyz balyk berekedi bilen gurşalan. Onsoň şeýle ýylda, şunuň ýaly zamanada ýürekden edilen ýagşy arzuw-niýetleriň hasyl boljakdygyna ynam berkeýär.

2012-nji ýyl – balyk ýyly. Her dört ýyldan gaýtalanýan uzyn ýyllaryň biri. Adatdakysyndan bir güni artyk ýyl. Balyk ýyly –arzyly arzuwlaryň hasyl bolýan ýyly. Ýylyň dowamyny ter duýgular bilen ötürmek üçin her günüň özboluşly gözelligini görmäge çalyşmaly. Bu – balyk ýyly. Ertekilerde üç islegiňi hasyl edýän balyklar bardyr, bu diýarda arzuwlara çäklendirme ýok, ýagşy arzuwlar näçe köp bolsa, şonça-da gazanylýan oňyn netije örän artyk bolar. Ertekilerde suwdan çykyp, ýanyňa ýoldaş bolýan balyklar bardyr, täze ýyl ýylboýy ýanymyzda rowaçlygyň, üstünligiň ýyly bolar. Adatça, bagt guşy adamyň başyna bir, üç ýa-da ýedi gezek gelermiş diýen düşünje bar, emma her bir adam ykbalyň ezizlän ynsany bolyp durka, bagt guşunyň her demde başymyzda pel-pelläp durandygyny, onuň hiç wagt bizden aýrylmaýandygyny unutmaly däldiris. Ýagşy arzuwlara çäklendirme goýmadygyňça, bagt guşy – üstünliklere bolan mümkinçilikler şonça-da köp ýüze çykar. Munuň üçin ýürekden arzuw etmeli we onuň hasyl boljagyna ynanmaly. Arzuwlaryňa ynanmaly we onuň ugrunda mümkin boldugyndan yhlas etmeli. Arzuw, ynam we yhlas utgaşanda hasyl bolmaýan, bitmeýän arzuwlara gözüňiz düşmez. Täze ýylyň – berekedi öňünden buşlanan balyk ýylynyň her gününden diňe gowulyklara garaşyň. Durmuş köp gyraňlydyr, ýöne siz onuň diňe gowy tarapyny görüň. Durmuş dürli-dümendir, ýöne siz onuň içinden diňe gowy zatlary gözläň. Goý şeýle pikirler, arzuwlar aňyňyza tumar bolsun we ýyl-

boýy ýadyňyzdan-ýanyňyzdan aýrylmasyn! Indiki täze ýyllara has täze we has ajaýyp arzuwlar bilen barmak miýesser etsin!

# Behiştde hemişe bahar

Entek ýetilmedik arzuwyň süýjüligi ýaly datly zat, elden giderlen pursadyň ökünji ýaly ahmyrly, ajy zat ýok. Adamlaryň her bir gözellige-de, gowulygy-da gözi öwrenişýärmi-nämemi, olary gördügimiz saýy gadyryna kembaha garaýarys ýa-da bolmalysy ýaly sarpasyny tutmaýarys. Elden gitdigi ýa-da ara daşlaşdygysaýy  olaryň gadyram, gymmatam artýar. Ýöne, ýollaryň ählisini azaşyp öwrenmeli däl. Durmuşdan sapak almak üçin hökman ýalňyşmaly diýlen zat ýok. Atalarymyzyň aýdan öwütlerinde, enelerimiziň hüwdülerinde Watan söýgisi hakda şeýle bir ajaýyp zatlar bar, çagakaň manysyna doly düşünmeseňem, ulaldygyňça ol hakykatlara barha berk göz ýetirýärsiň. Watan her bir adamyň zemindäki jenneti. Ýogsam-da, daşary ýurtlara söwda-satyga, sapara-syýahata gidip-gelýänler, her ülkäniň aýratyn özüneçekijiliginiň bardygyna garamazdan, iki sözüniň birinde «Öz ýurduň ýaly zat ýok, öz ýurduň jennet-le» diýýäni çyn.

Adam islendik jemgyýete-de, islendik klimata-da uýgunlaşyp biler, ýöne göbek gany daman topragyny, asyl Watanyny welin asla unudyp bilmez. Gadym döwürlerde goňşy ýurtlaryň bir hökümdary awa-şikara çykypdyr. Bir keýigi yzarlap barşyna ýoldaşlaryndan aýra düşüp, azaşypdyr. Ýurduň çaginden daşlaşanyny duýmandyr. Surnugan atyna dem-dynç bermek üçin golaýdaky çarwa düşelgesinde düşlapdir. Mazaly özüni dürsäpdir. Hökümdaryň ol çarwa bilen gepi-sözi alşyp-

dyr, juda göwnüne ýarapdyr. Ony öz ýany bilen alyp gitjekdigini, uly wezipeler we engamlar, gymmatbaha halatlar we serpaýlar berjekdigini aýdypdyr. Çarwa hernäçe boýun towlasa-da, hökümdar onuň «ýoguna» bakman, ýany bilen öz ýurduna alyp gidipdir.  Özünden gowy iýdiripdir, özünden gowy geýdiripdir. Emma çarwanyň ýüzi açylyp gidibermändir. Müň tilsimli darbazlar, hokgabazlar oýun görkezipdir, çarwanyň ýüzünde bir ýylgyryş peýda bolmandyr. Hökümdar ahyry onuň öz ilini ýiti küýseýändigini bilipdir, emma çarwa dostuny gözüniň alnyndan gideresi gelmändir. Köşgüň tanymal ymaratçylaryny, binagärlerini çagyryp, çarwanyň ýaşaýan ýeriniň-dogduk iliniň çyzgysyny, suratyny çekip getirmegi we şonuň esasynda edil şoňa meňzäp duran ýaşaýyş mähellesini bina etmegi buýrupdyr. Buýruk kemsiz ýerine ýetirilipdir. Hökümdar çarwany ýanyna alyp, täze mesgenlere aýlanmaga çykypdyr. Çarwa haýran galypdyr: jaýlaram, baglaram - ähli zat edil öz ilindäki ýaly, topragy bilen göçürlip getirlen kysmy diýýär. Çarwa bu meňzeşlige birsellem haýran galyjylyk bilen seredipdir, ýöne göwni açylmandyr. Sebäbi, jaýynda-bagynda müň meňzeşlik, ýüz artykmaçlyk tapsaňam, ol seniň Watanyň däl ahyry, iliňdäki ajaýyp adamlary göçürip getiräýeňde näme, ýeri onuň müň derde melhem howasyny niçiksi alyp gaýtjak? Ahyry bolmajagyna gözi ýetensoň, hökümdär gözýaşa gark bolup, çarwa dostuny öz iline ugradypdyr.

Watan howasynyň jana melhemdigi, şypalydygy, iň agyr dertleri bejermek üçinem aglaba halatda öz ýurduňda ösýän dermanlyk otlaryň örän peýdalydygy gadymdan bäri mälim. Öňki ýunan akyldarlary «Her adamy öz iliniň topragy bilen bejermegi» ileri tutupdyrlar. Haýsy tebigatda kemala gelseň, ol çagalykdan seniň süňňüňe siňen, sagdynlygyňy, sazlaşygyňy üpjün edýän maddalary özünde saklaýar. Şonuň üçinem bu tebigatdan uzaklaşyp başladygyň, süňňüňe-könlüňe ýokumwitamin ýetmeýän ýaly özüňi agyr duýýarsyň. Talyplyk döwrümiziň

soňky ýylynda daşary ýurtda iki aýlyk okuw tejribesinde bolmak miýesser etdi. Ilkinji gezek ýurtdan uzaklaşan gezegimiz. Ussadymyzyň «Ynha görersiňiz, iki günden içiňiz gysyp başlar» diýenine-de gulak gabartmazdyk, gaýta öz göwnümiziň pikirlerini eý görüp, sözümizi delillendirmek üçin nirede ýok pelsepeleri hem tapar oturardyk. Bardyk, ýerleşdik. Okuw jaýynda ýörite synaglardan geçip, tejribelere başladyk. Hawa, bary-ýogy iki gün geçdi. Men-ä şu wagtam boýnuma alýaryn, Watanyň gadyryna-gymmatyna, eziziligine şondan soň has anyk göz ýetirendigime. Mundan öňem biz Watany söýýärdik, iň bolmanda «söýýäris» diýýärdik, ýöne öňki we soňky duýgularyň arasynda ýer bilen gök ýaly tapawut bardy. Bir depä, alaňa çykyp «Watan, seni söýýärin!» diýip, zowladasyň, içiňi gowzadasyň gelýärdi. Ýöne, Watana bolan söýgiňi sesiňi zowladyp däl-de, köpe haýry degjek işler, amallar bilen bitirmelidigi ýadymyzdady, gulagymyzda bolsa şahyryň «Watan, seni söýýän!» diýip gygyrma, Il-gün biler, okyjylar ker däldir» diýen iki setir goşgusy ýaňlanyp durdy. Okuw tejribesinden gaýdyp gelenimizden soň, alty-ýedi aýlap ulaga münmän, iş ýerime pyýada gatnanym ýadymda, sebäbi Watan gözelliginden ganyp bolanokdy. Watanyň özüne çekişi juda üýtgeşik, ony diňe duýup bolýar. Bu duýgyny beýan etmek üçin haýsy sözi nähili ulanmalydygyny welin bilemok. Obamyzda Akmämmet aga diýip biri bardy. Uzyn boýly, agajet adamdy. Onuň ýanýoldaşy gyrgyz maşgalasydy. SSSR dagan uçurlary Akmämmet aga juwan ýaşda dünýäsini täzeledi. Çagalary bilen hossarsyz galan gelneje, goňşularynyň «Bu ýerde galyber, özümiz hossar bolarys» diýendiklerine garamazdan, öz iline gidermen boldy. «Her näme-de bolsa, ol ýerde doganym-jigim, agam-ýeňňem bar, ýeňilräk bolmagy mümkin» diýip, çagalaryny hem alyp, Gyrgyzystana gitdi. Emma ol ýerde uzak saklanmaly bolmadylar. Gözlerinde ýaş bulduran duran çagajyklar «Eje, biziň Watanymyz şu tarapdamy?», «Bizem Watanymyzda bolsak

hezil ederdik» diýip, ne iýip-içgi, ne oýun-güýmenje bilen seri boldy. Ýol gyrasyna dikilen aýmançalara arkasyny diräp, uzakly gün diýen ýaly gelen ýerlerine- Türkmenistan tarapa gözlerini dikip oturypdyrdylar. «Eje, Watana gideli-le» diýen sözlerine, ýaşdan ýaňa buldurap duran gözlerine dözmän, ol gelneje çagalaryny yzyna alyp geldi. Çagalary Watanyna getirdi, iline ýetirdi. Belki, ene üçin çagasynyň ýürekden begenenini görmek jennet şatlygyny bagyş edýän bir duýgudyr. Ýöne köp wagt geçmänkä ol gelneje amanadyny tabşyrdy (Ýatan ýeri ýagty, jaýy jennet bolsun!). Bu topragyň, bu Watanyň her bir zady melhem. Hatda aýakýalaň gezilen sährалarda dabanyňa çümen demirtikenlerem derman. Tomsuň jokrama jöwzasynda bişirip barýan çägeleriň üstünde aýakýalaň gezim edip gör, süňňüňde dert galdyrmaz.

Orta asyrlarda ýazylan türkmençe golýazmalaryň birinde «Dünýäniň derdi-mähneti dört zatdadyr: «Ýurduňdan aýralyk, hat-da ol bir sagat bolsa-da; Sapar-syýahat, hat-da ol bir parsah bolsa-da; Bergidarlyk, hat-da ol bir teňňe bolsa-da; Dilegçilik, hat-da ol bir däne bolsa-da» diýen jümleler bar. Heý-de bu pikiri inkär edip biljek adam barmy? Onsoň, Watandaky her bir zadyň juda ýaramlydygyna ynamyň artýar. Hat-da geçen gyşdaky ýaly öýde oturaňda gagşyldadyp barýan aňzaklaram, şu tomusdaky ýaly sähel güneşe çykdygyň kakadyp barýan jöwzalaram, içiňden geçip barýan gyzgyn ýellerem juda mähirli ýaly, ýogsam näme, hakykat ýüzünde behişt, uçmah, jennet sözleriniň ýeketäk sinonimi bar, ol hem Watan. Watan bu behiştdir. Behiştde bolsa hemi

# Bir düýp daragt

Her halkyň özboluşly däp-dessury, öz tebigatyna mahsus ýaşaýyş-durmuş şertleri, edähetleri bar. Öý-hojalyk işleri ýa-da maşgaladaky perzent terbiýesi hem şol ýagdaý esasynda gurnalan.  Perzent, çaga terbiýesine aýratyn üns bilen bakýan pederlerimiz, enelerimiz nesilleriň sagdyn we aň-düşünjeli bolup ýetişmekleri, şeýle hem tebigat bilen sazlaşykly ýaşamaklary üçin zerur bolan ähli zatlary öwredipdirler. Çünki daşky gurşawyň, tebigatyň diňe bir maddy dünýämize däl, ruhy dünýämize hem giň täsiriniň bardygyna irgözinden akyl ýetiripdirler. Edep terbiýesi, okuw terbiýesi, zähmet terbiýesi bilen birlikde ekologiki terbiýe, ekologiki düşünje halkymyzyň iň ileri süren taglymatlarynyň biridir. Hat-da öňki döwürlerde okuw-ýazuwa maddy ýagdaýy bolmadyk çagalar hem zähmet we ekologiki terbiýeden welin mazaly ganypdyrlar. Daş-töweregimizi, tebigatymyzy arassa saklamak, janly-jandarlara, ösümlik dünýäsine tagna salmazlyk ýaly düşünjeler dürli pähimleriň, nakyllaryň, kyssadyr hekaýalaryň üsti bilen ýetirilip durlupdyr. Akar suwa hapa-halam zatlary taşlamagyň, agaç şahalaryny döwmegiň, gök ekinleri basgylamagyň, mal-haýwanlara, guş-gumrulara nähak sütem etmegiň hiç oňlanylmaýandygy, bu ýagdaýyň rysgyň egsilmegine, işleriň ugrukmazlygyna eltýändigi ündelipdir. Şonuň üçin "Kim bir nahal oturtsa ýa-da ekin ekse, şondan hem guş-gumry, mal-jandar ýa-da ynsan balasy iýse, bu şony ekeniň sadakasydyr" diýen

pähim has rowaç bolupdyr. Akar suwa keramat hökmünde bakylansoň, ony arassalamak, arassa saklamak iň haýyrly amallaryň hatarynda görlüpdir. Bag-daragt ekmegiň sogaby bolsa iň ýokary derejedäki ýagşylyk bilen deň goýlupdyr.

Agaç ekmegiň sogaby, pazylaty gadymdan bäri meşhur we ol çagalykdan aňymyza guýulýan terbiýeleriň biri. “Kimde-kim bir agaç ekse ýadygär, Dünýä kitabynda onuň ady bar” diýen setirler hem muny tassyklaýar. Bir düýp daragtyň biziň durmuşymyza ýetirýän peýdasy hakda gadym döwürlerde nämeler ündelen bolsa, indi şol paýhaslar anyk ylmy deliller bilen öwredilýär. Okuw kitaplarynda öwran-öwran gaýtalanýar.

Daragtlaryň biziň süňňümize we sagdynlygymyza ýetirýän täsiri örän uly. Ol hem maddy, hem ruhy taýdan ähmiýetlidir. Käbir daragtlar bize juda täsirli we jadyly güýji bagyş edýär diýsek, öte geçmeris. Ymgyr çöllügiň ýa-da ýaýbaň sähralygyň goýnunda bir daragta gözümiz düşse, ýüregimize ýakyn we ýakymly kimdir birine duşan ýaly begenýäris. Şäherdir obalarda, ýol ýakalarynda ýa-da howlynyň içinde ösüp oturan daragt, soňabaka maşgalaň bir agzasy ýaly juda mährem görnüp başlaýar. Olaryň ruhy dünýämize salýan giňligi, çaýýan öwüşgüni hem tükeniksiz. Ýylyň ähli möwsüminde hem onuň peýdasyny aýdyň duýýarys. Bahar paslynda ýaşyl begrese bürenen daragtlar, ýaşaýşa umydy goşalandyrýar, göwünleri galkyndyrýar. Jöwzaly tomusda ýaşyl ýapraklarynyň, şahalaryň-dallaryň astyndaky dynjyň özi uly zada degýär. Güýzde gaýmalaşyp düşýän sary ýapraklaryň arasynda gezim edip görüň, beýle täsirli duýgulary hiç kim ýa-da hiç zat hem berip bilmez. Gyşda ak gara basyrnan daragtlary synlamak nähili ýakymly. Tebigat ak gary bilen olaryň üstünde şeýle bir nagyş çyzýar

welin, onuň sungat babatda hemişe adamdan rüstemdigine göz ýetirýärsiň.

Lukmançylyk ylmynda tejribe esasynda subut edilen birnäçe zatlar hem daragtyň ähmiýetiniň uludygyna syrygýar. Göz ýaşyl ýapraklary görmekden nurlanýar, ylham tapýar. Ýagyş ýagandan soňra, açyk howada baglaryň astynda gezelenç etmegiň neneňsi şähdiňi açýandygy hiç birimize gizlin däl. Daragtlaryň arasynda gezmelemek güýçli nerw dartgynlylygyny köşeşdirýär, agşamlaryna bolsa süýji we rahat ukyny bagyş edýär. Alymlaryň tassyklamagyna görä, diňe ýekeje düýp daragt ýa-da agaçlaryň haýsy hem bolsa bir görnüşi hem umumy özüňi duýşuňy kadalaşdyryp bilýär. Daragtlarda aýratyn bir keramatly güýjüň bardygyna uýýan druidler agaçlaryň energetiki güýji we onuň ynsana täsiri hakda hiç hili maglumaty öňe sürmändirler. Ýöne häzirki zaman ylmy barlaglaryň tejribeleri daragtlaryň adamlara iň ýokary derejede energiýa berip bilýändigini subut edýär. “Her ynsana hoş ýakýan bir daragt bar. Daragtlar bilen dil tapyşmak saglyga örän peýdaly. Her daragtyň aurasy töweregine doly täsir edýär” diýlip, ösümlik dünýäsi bilen gyzyklanýan we olaryň täsirini öwrenýän alymlaryň işinde nygtalýar. Druidler bolsa: “Eger-de siz öz howluňyzda bir düýp daragt oturtsaňyz, ol hemişe siz üçin goraýjylyk wezipesini ýerine ýetirer durar. Öýüňize golaýlaşýan ýaramsyz energiýany özlerine siňdirip, ötegçileriň ýaramaz nazaryndan gorap saklar” diýip ýazýar.

Biz öz daş-töweregimizdäki agaçlary şeýle bir söýýäris. Synlaýarys. Çünki olar durmuşa owadanlyk we öwüşgin çaýýar. Hat-da hemme zada biparh garaýan käbir göwünler hem daragtlaryň ýanyna gelende ýüregine giňlik we gowulyk aralaşýar. Daragtlaryň arasynda gezim edýärkäk, asudalyk, rahatlyk, ynjalyk bizi doly eýeleýär, gaplaýar. Käbir hassalara lukmançylyk emleri hökmünde daragtlaryň arasynda

gezim etmek ündelýär, maslahat berilýär. Penjiresinden gök daragtlar görnüp duran bolsa, şeýle hassalaryň beýlekilerden tiz sagalýandygy käbir tejribeler arkaly subut edilipdir. Ynsan bilen daragtyň arasyndaky şeýle baglanyşyklar örän kän. Ýogsamam, tomus, güýz paslynda ir säherde turup, şahalaryndan miwe ýygyp, ýolup gördüňizmi?

Sagdyn we ýeňil dem almak üçin zerur bolan kislorody bölüp çykaryp, howadaky kömürturşy gazy ýaly maddalary sorup almagy hem uly bir nygmat ahyry. Biziň iş başarjaňlygymyz, güýjümiz, kuwwatymyz hem dem alşymyz bilen bagly – näçe arassa we sagdyn bolsa, şonça-da özümizi gujurly duýýarys. Daragtlar howany arassalap duran süzgüçler ýaly juda ähmiýetli. Daşky gurşawyň abadanlygy we arassalygy üçin olaryň belli bir bahasy ýok. Zyýanly gün şöhlelerinden, ýeldir şemallardan, ýagyn-ýagmyrlardan goranmakda hem ýene daragtlar peýda berýär.  Daragtlar hem zynat, hem saýa, hem miwe.

Daragtyň özara goňşuçylyk gatnaşyklaryny berkidýändigi hem ata-baba durmuşymyzdan alnan hakykat. Onuň saýasynda goňşy-golamlar, myhman-mediwanlar bilen bilelikde oturmak, saz-söhbet, gümür-ýamyr etmek, dynç almak, işlemek, miwesini paýlaşyp iýmek – beýleki ýerdäki söhbetdir sazlardan, mazalardan juda tapawutly we täsirli. Daragtyň diňe tebigata gelşikdigi, howany arassalaýandygy ýa-da miwe-hasyl berýändigi üçin däl, eýsem özara adamkärçilik gatnaşyklaryny hem berkidýändigi täsindir. Taryhdaky uly ýeňişlere getiren wakalaryň, ylalaşyklaryň hem daragtlaryň astynda baglaşylandygyny subut edýän maglumatlar bar. Ine, şonuň üçin hem biz agaç nahallaryny oturdýarys. Olaryň goýry saýaly we datly miweli daragtlar bolup ýetişmegi üçin yhas edýäris. Tebigatymyza we ruhy dünýämize gözellik hem-de öwüşgin çaýmagy üçin, hemişe ýagşy ýatlamalara hemra bolmak üçin daragtlary, nahallary oturdýarys.  Biz bu ýerde diňe bir düýp

daragtyň ähmiýeti dogrusynda söz açdyk. Bir düýp daragtyň mysalynda birnäçe peýdany ýatlap otyrkak, ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek, tebigy gurşawy abadan we arassa saklamak, ýaşlarda ekologiki terbiýäni ösdürmek babatda hormatly Prezidentimiziň alyp barýan işleriniň beýikligine, geriminiň giňligine, iňňän sogaply we pazylatly amaldygyna has aýdyň göz ýetirýäris. Milli Liderimiziň bu beýik başlangyçlaryndan görelde alyp, her birimize bir düýp daragt oturtmak parzdyr. Çünki, bu hem Watanymyzyň, hem milletimiziň, ösüp gelýän nesillerimiziň we tutuş adamzadyň bähbidine bir ýagşylyk etmek bilen barabardyr.

52

# Harby terbiýede haýwan häsiýetleri

Taryha ýaň salýan şöhratyň aňyrsynda hökman hakykat ýatýar. Beýikligi we ajaýyplygy, mertligi we garadangaýtmazlygy, haýyr söýerligi we jomartlygy bilen adygan, döwlet dolandyryşy hem-de harby sungaty bilen heňňamlaryň hakydasyna mäkäm ornaşan halklaryň biri türkmenlerdir. Halkymyzyň dile alarlyk bu şöhraty gadymy eserleriň we ata paýhasyny aňlaryna ýazan nesilleriň üsti bilen unudylmakdan halas bolýar. Türkmenleriň harby sungata ussatlygy, söweş tilsimlerine ezberligi, çalasyn-çeýeligi her bir tanymal taryhçynyň  ýa-da ýönekeý ýazaryň ünsünden düşmändir. Ýogsam, şol gadymy döwürlerde milletini sylaýan, halkyny söýýän her bir wekil üçin öz halkynyň artykmaçlygyny öwmegiň ýoň bolandygyna garamazdan, türkmen serkerdeleri, harbylary, watansöýer ogullary hakda uly joşgun, has dogrusy gözigidijilik bilen ýazandyklaryna taryh şaýat. Biziň merdana ata-babalarymyz meýdan söweşleriniň ähli ýagdaýynda: dagda we derede, deňizde we derýada,  ýalazy ýerde ýa-da tokaýda  söweşmegiň, garşydaşy aldawa salyp,  olardan üstün çykmagyň ýollaryndan kämil baş çykarypdyrlar. Olaryň ýüreklerinde Hudaýdan başga kişiden gorky bolmandyr. Hut şonuň üçinem taryhdaky musulman döwletleriň aglaba goşun serkerdeleri, halyflaryň janpenalary türkmenlerden düzülipdir. Ibn Jöwziniň “Düre düzülen taryh”, Ibn Esiriň “Kämil taryh”, Muhammet Gaýmaz Türkmeniň “Yslamyň taryhy”, Ibn Kesiriň “Başlangyçdan ahyra

çenli", Ýusup ibn Taňryberdiniň "Röwşen ýyldyzlar", Aýbeg Safadynyň "Dury gözbaşlar" ýaly eserlerinde bu hakykatyň öçmejek beýany ýatyr. Diňe bular däl, taryha degişli islendik çeşmede türkmenleriň harby sungata ussatdygy hakda agyz doldurylyp, söhbet edilýär. Taryhçy alymlaryň ýazgylaryndan, gözi bilen görenleriň ýatlamalaryndan daşary, türkmenleriň harby sungat hakda döreden ajaýyp eserleri hem bardyr. Olaryň arasynda Husameddin Laçynyň "Harby sungat" atly eseri gündogar halklarynyň arasynda rowaç bolan işleriň biri hasaplanýar. Bu eserde ok-ýaý atmagyň usullary, aty seýislemegiň, at üstünde ýarag oýnatmagyň ýollary, köpçülikleýin we başa-baş hüjüm etmegiň tilsimleri anyk çyzgylaryň, şekilleriň üsti bilen berlipdir. Ýene bir türkmen serkerdesi Bedreddin Bektudyň hem harby sungata degişli şunuň ýaly ajaýyp kitaby bardyr. Bu ugurdan eser döreden türkmenler az däl. Olaryň ählisi hem taryh sahnasynda ýatda galyjy oýun görkezen tanymal serkerdeler. Eýsem, şeýle beýikligiň, mertligiň gözbaşynda näme ýatyr? Bu ýerde türkmeniň gandan-gana geçýän synmaz ruhy we öý-ojakdan çabraýan terbiýe alawy ýatyr. Her bir adamyň durmuşdaky ornuny tapmagynda, öz barlygyna akyl ýetirmeginde, durmuş şatlaryna döz gelip, maksadyna ýetmeginde terbiýäniň bitirýän işi örän uludyr. Türkmenler turuwbaşdan çagalaryna gaýduwsyzlyk, batyrlyk, dogumlylyk terbiýesini beripdirler. Akyl bilen aňlaryny, zähmet bilen bedenlerini taplapdyrlar. Iň bärkijesi, hat-da häzirki döwürdäki ýaly sähel betlik eden çagany "haýbatly döw" bilen gorkuzmak hem ýat bolupdyr. Her kimiň ýaş aýratynlygyna we akyl ýetiriş ukybyna görä durmuşyň hut özüni düşündirmäge çalşypdyrlar. Her bir görýän zadyndan netije çykarmaklygy, sapak almaklygy öwredipdirler. Daş-töweregimizdäki tebigatdan üzňe bolmadyk türkmen ata-babasynyň paýhasyny aňyna ornaşdyryp, öwrenen zadyny hakyky durmuşda özleşdiripdir. Janly tebigatdan has uly many toplapdyr.

Gündogar halklarynyň başa-baş söweşlerinde haýwana mahsus häsiýetleri söweş tilsimleri hökmünde peýdalanmak uly rowaçlyk tapan zat. Munuň üçin bolsa her bir haýwanyň görnüş aýratynlygyndan daşary, olara mahsus artykmaçlyklary bilmek, öwrenmek zerur bolup durýar. Muhammet Abşihiniň "Al-Mustatraf fi külli fennin mustazraf" ("Her bir ajaýyp sungatyň nepis ýazgylary"), Muhammet Kemal Demiriniň "Haýatul-haýawan" ("Janly-jandarlaryň durmuşy") atly we ýene şoňa meňzeş birnäçe eserlerde türkmen serdarlarynyň  harby terbiýede ulanan baş şygarlary beýan edilýär. Olaryň biri şeýle röwüşde ýaňlanýar: "Türkmen serdarlarynyň aýtmagyna görä, akylly-başly, ugurtapyjy serkerde   ynsana mahsus bolan gylyk-häsiýetlerden daşary, haýwana mahsus şu häsiýetleri hem özünde jemlemelidir, özleşdirmelidir: Horazyňky ýaly batyrgaýlyk, towugyňky ýaly döregenlik (dörjelemeklik), ýolbarsyňky ýaly ýüreklilik, ýekegapanyňky ýaly öňe okudrylmaklyk, tilkiniňki ýaly sapalak atmaklyk, itiňki ýaly çydamlylyk, durnanyňky ýaly eserdeňlik, möjegiňki ýaly daramaklyk (çapawullyk, talaňçylyk), ýagyr ýaly ýadawlylyk". Amal, hereket bilen berkidilmedik söz ýatda galyjy bolmaýar. Eýsem, bu haýwanlar hakda geçmişde näme öwrenipdirler we öwredipdirler. Näme üçin ýolbarsyňky ýaly batyrgaýlyk däl-de, horazyňky ýaly batyrgaýlyk diýlipdir?

Ýokarda ýatlanylan alymlaryň eserinde horaz hakda ünsüňi çekýän maglumatlar bar. Horazyň ajaýyp taraplarynyň biri, ol gijäniň wagtlaryny des-deň bölege bölüp bilýänligidir. Tapawudy ýok, gijäniň uzalýan we gysgalýan möwsümleri bolaýsyn, ol gijäni des-deň bölege bölüp gygyrýandyr diýilýär. Daň atmazynyň öňüsyrasy we yzysüre onuň sesi  adatkysyndan birneme uzynrak ýaňlanýar. Horaz öz garamagyndakylara birmeňzeş garaýan, birini beýlekiden aýry tutmaýan jandarlaryň biridir. Ol özüne hüjüm edenlere gözsüz batyrlyk bilen topulýan, üstesine-de ýyrtyjylardan eger-eger eýmenmeýän haýwan hök-

münde suratlandyrylýar. Şagal gördügi haýatyň ýa-da agajyň üstünde durandygyna garamazdan, saklanyp bilmän, özüni göni şagalyň üstüne zyňýar. Horazyň şu we şuňa meňzeş häsiýetleri özünde jemleýändigi üçin, ol türkmenlerde harby terbiýäni berkitmekde giňden peýdalanylypdyr. Batyrgaýlykda horazyň ýolbarsdan hem öňde goýulmagyny sözümiziň dowamynda ýatladarys.

Harby adamlara mahsus bolmaly häsiýetleriň biri towugyňky ýaly döregenlik. Özüňe gerekli zatlary agtarmakda, yhlas bilen gözlemekde we tapmakda towugyň bu häsiýeti – ýer dörjeläp ýörmekligi ýatda galyjydyr. Towuk az ýatýan we tiz oýanýan haýwandyr. Towuklar aňsat-aňsat ýerde-toprakda ýatmaýarlar. Bir agajyň ýa-da ýerden saýlanyp duran islendik zadyň üstünde uklaýarlar.

Ýolbars haýwanlaryň patyşasy hasaplanýar. Ýolbars hakda gadymy golýazmalarda gaty köp zatlar beýan edilipdir. Güýçlülik, kuwwatlylyk, algyrlyk, gaýduwsyzlyk, ýüreklilik, batyrlyk, hökümdarlyk jähtindäki nakyllarda hem aglaba halatda ýolbarsyň, şiriň ady ulanylypdyr.

Ýolbars açlyga örän çydamly haýwan, beýleki ýyrtyjylara garanda suwa bolan teşneligi azdyr. Onuň şerepli tarapy, hiç haçan özgeleriň agzyndan galan aşy iýmeýär. Öz awlan awyndan doýansoň, ony taşlap gidýär we gaýdyp oňa dolanmaýar. Itiň suw ýalaklan ýerinden hergiz suw içmeýär. Bu babatda “Janly-jandarlaryň durmuşy” atly eserde getirilýän bir bent goşgyny ýatlamak ýerlikli bolardy:

«Men on terk etdim, ýigrenmezden hiç,

Şäriklem köp munda, bagrym dilýändir.

Halaýan tagamňa bir siňek gaçsa,

Iýesiň gelse-de, işdäň ölýändir.

It-güjügiň agzy degen güzerden

Şirler nem datmagy namys bilýändir».

Şahyr bu ýerde şeýle diýjek bolýar: «Men ol söýgülimi ýigrenýäligim üçin däl-de, bu işde şäriklerimiň köpdügi üçin terk etdim. Işdämenlik bilen iýesiň gelýän nahara siňek gaçsa, biygtyýar eliňi yzyňa çekýänsiň. Itleriň suw ýalaklan ýerinden ganmagy ýolbarslar namys bilýändir».

Ýolbars batyr, şol bir wagtda gorkak haýwandyr. Sebäbi ol horazlaryň sesinden, tazlaryň taňňyrdysyndan we pişiklerden ýaňa gorka gaplanýar. Ýanyp duran ody görse özüni ýitirýär, aljyraýar. Şu ýerden görnüşi ýaly, hernäçe batyr hasap edilse-de, horazyň sesi ýolbarsy eýmendirýän eken.

Ýekegapan öz höwrüni goramakda gabanjaň haýwan hasaplanýar. “Ýekegapany öň görmedik adam, onuň aýak yzlaryna ser salsa, dört däl-de alty aýakly haýwan geçip giden ýaly duýar” diýlip, Muhammet Demiriniň eserinde beýan edilýär. Gyýakly we toýnakly haýwanlaryň arasynda ýekegapan ýaly merdemi ýokdur. Ol gyýagynyň kömegi bilen eli gylyçly we naýzaly adamyň läşini serip bilýär. Süsdürilip gelşine, öňünde duran islendik adamyň ýa-da haýwanyň süňküni döwüp taşlaýar.

Tilki gorkak jandarlaryň biri, ýöne ol çendenaşa hilegärligi, mekirligi, ugurtapyjylygy taýyndan beýleki ýyrtyjylar bilen bir hatarda görülýär. Onuň awuny tutmakda iň esasy hileleriniň biri hökmünde ölensirän bolup ýatmaklygyny ýatlaýarlar. Tilkiniň tezegi onuň esasy ýaraglarynyň biri, juda ýakymsyz ysy bilen düýrlenip ýatan kirpini ýazylmaga mejbur edýär we onuň böwründen şapba ýapyşýar. Tilkiniň mundan başga-da müňde bir sapalagy bolýar. Onuň hötdesinden

gelýän esasy haýwan tazydyr diýilýär. Harby sungaty özleşdirmekde, söweş usullaryny tapmakda  tilkiniň bu häsiýeti örän ähmiýetlidir.

It iň wepaly haýwanlaryň biri. Yz çalmakda, ys almakda itiň duýgulary ösendir. Ol eýesinden aňsat-aňsat öýkelemeýär. Ursa-çalsa-da, birhaýukdan soň dolanyp gelýär. Ol ýaralara, tagnalara çydamly haýwan hasaplanýar. Şonuň üçinem türkmenlerde "Itiň jany ýaly" diýen söz ýöne ýerden dörän däldir.

Durnalaryň tebigaty hakda söz açylanda, olaryň aglaba halatda süri bolup gezýändigi, bir ýolbaşça uýýandygy aýdylýar. Durnalaryň asyl tebigatynda ätiýäçlyk, eserdeňlik, seresaplylyk, hüşgärlik bardyr. Olar gezekli-gezeginde nobatçy durup, beýlekileri howpdan-hatardan saklaýarlar. Pessaý sesi bilen özleriniň garawuldygyny beýlekilere duýdurýarlar. "Belli bir wagtdan soň ukudaky durna oýanýar we sak duran durnanyň deregine töweregi garawullap başlaýar" diýip, Kazwininiň "Mahlukatyň täsinlikleri" atly eserinde nygtalýar.

Açlyga çydamlylyk babatda ýolbars bilen deň hatarda görülýän ýeke-täk jandar möjekdir. Hernäçe iýermenligine garamazdan ýolbars aw tapmasa, birnäçe günläp aç-suwsuz oňňut edip bilýär. Şunuň ýaly ýagdaýda möjekler sergin şemaly sormak bilen gününi aýlaýarlar. Möjek garnyny gäberdip, doýansoň, agyz uran ýaňky awuna gaýtadan dolanyp barmaýar. Ýatan wagty onuň bir gözi ýumulsa-da, beýlekisi açyk durýar. Ukynyň dowamynda bu iki göz birnäçe gezek biri-biriniň deregini tutýar. Möjek hüjüm eden zadyndan ýeňillik bilen dönmeýär. Onuň dürli tarapyndan baryp, tary-mar edýär. Hatarlaryny, tertibini bozup taşlaýar, barha başagaýlyk, bulam-bujarlyk döredýär. Hut şonuň üçinem onuň bu häsiýeti duşmana ýowuz daramakda harby tilsimleriň biri hökmünde öwredilipdir. Öňki alymlar möjegiň bir häsiýetini belläp

geçipdirler: adamyň gorkýandygyny bilse, möjegiň işdäsi otugýar. Adamyň alarmandygyny bilse, möjek gorkup, çekinip başlaýar.

Ýagyr - gadymy söz ussatlarynyň, alymlaryň bellemegine görä - häzirki Türkmenistanyň günorta sebitlerinde gabat gelýän mör-möjegiň ady bolmaly. Häli-şindi surnukdyryjy işde ýadap, demimizi dürsemäge maý gözlänimizde "Işlemekden ýaňa ýagyr ýaly boldum" diýen sözi ulanýarys. Bu ýerdäki ýagyr bilen biziň süňňümizdäki ýagyrnynyň  hersi bir zat. "Ýagyr bolmak" diýlende ýagyrnyňa agram salmak däl-de, gürrüňini edýän mör-möjegimiz ýadyňa düşmeli. Bu mör-möjek köp hereket edip, ýadadygyça, göwresi gabaryp, çişip, ulalyp başlaýar. Ahyry çişip-çişip, hereket edip bilmez ýaly derejä barýar. Şol pursatda ol dynjyny almaga başlaýar we tiz wagtdan demini dürsäp, öňki adaty kaddyna dolanýar. Her bir işde ýagyr ýaly janaýamazlyk, soňky çägiňe çenli hereketde bolmaklyk we derrew dynjyňy alyp, ýene-de öňki kaddyňa, dogumyňa, gujuryňa dolanmak üçin, ýagra mahsus bolan bu häsiýet bilen nesilleri terbiýeläpdirler.

Biz bu söhbetimiziň dowamynda diňe bir jümlede beýan edilen haýwanlar we olara mahsus artykmaçlyklar, häsiýetler hakda ýatladyk. Türkmen serkerdeleriniň harby sungata degişli eserlerinde duşmana naýza urmak ýa-da urlan naýzany serpikdirmek, müň dürli hile-aldaw bilen garşydaşy gola salmak ... ýaly usullarda hem, şu we beýleki haýwanlara mahsus häsiýetler beýan edilipdir. Şol haýwanlaryň ady bilenem harby adalga bolup galypdyr. Göroglynyň  "Menem bu uruşy itden öwrendim, Käte gaçyp, käte kowmagyň gerek" diýen sözleri golýazma çeşmelerindäki "It urşy" adalgasyny ýadyňa salýar. Gyş döwürleri sürlen meýdanlarda süri bolup ýatan itleriň hut şu hereketi gaýtalaýandygyna şu günlerem şaýat.  Şunuň ýaly zatlaryň haýwan häsiýetleriniň üsti bilen berilmegi aýdylýan zadyň, ündelýän hikmetiň,

berilýän terbiýäniň adam aňynda mäkäm ornaşmagy üçindir. Beýleki bir tarapdan tebigatdaky her bir zadyň özüne mahsus aýratynlygyny giňişleýin öwrenmek üçin hem uly tutaryk bolupdyr.  Türkmenleriň harby terbiýesi soňlugy bilen tutuş gündogar halklarynyň söweş däp-dessurlaryna gönezlik bolup hyzmat etdi.

53

# Harpdan owal edep

Bir kitapdan okapdym, “Asmandan gaýry her zadyň sütüni, diregi bolýar. Ynsanyň diregi onuň ahlagydyr”. Ilki okamda, sözüň manysyna çuňňur aň etmesem-de, gün geçdigi saýy edep-ahlak, görüm-görelde, adamkärçilik, halallyk ýaly gürrüňlere şärik bolanymyzda, durmuş wakalaryny susup alyp, wakalaryň soňy-netijesi hakdaky söhbetlere gyzyganymyzda, bu zatlara barha giň göz ýetirýän ekeniň. Ata-babalarymyzyň “Harpdan owal edep” diýen manyly sözüniň perzent terbiýesinde möhüm bir zatdygyna, onuň geljegini kesgitleýän we asylly tarapa gönükdirýän çelgidine düşünýärsiň.

Ýaňy dünýä inen perzent topraga ýaňy oturdylan nahal kysmy, oňa nähili idi-ysywat etseň, niçiksi täsir etseň, neneňsi mähir we söýgi siňdirseň, gerek ýerinde dallaryny timarlap, gelşik berseň, yhlasyňy aýamasaň, allanäme datly miweli, goýry saýaly äpet daragt bolup ýetişer. Emma gündelik hysyrdylaryň tükeniksizligini bahana edip, käýarym “haý-küş” diýmekden gaýry ne öwüt, ne görelde görkezseň, nahaly peýwagtyna goýberseň, özüni tutýança, töweregini hapa-haşal otlardan saplamasaň, mal-garanyň agyz urmagyndan gorap saklamasaň, guwanyp oturmaly çagyňda göwün diýen netijäňi gazanyp bolmajakdygy köre aýan. Onsoňam ýekeje çyrmaşygyň özi äpet daragtlaryň bilini büküp, köküni guradyp bilýärkä, terbiýe meselesinde sowuk-salalyk etmegiň soňy ýakymsyz netijelere eltip biler. Çagalykda aňyna guýlan

düşünjeler, edep kadalary, özüňi alyp barmagyň düzgünleri olaryň aňyna ýazylýar. Aňyňa ýazylan zat bolsa alnyňa ýazylan zada eltýär. Hut şu jäht ata-babalarymyzyň edep-terbiýe mekdepleriniň esasy gönezligi bolup hyzmat edipdir. Atabeglik mekdebiniň taryhyny öwrenen dünýä alymlary munuň esasynda çagalykda aňyňa mäkäm guýlan düşünjeleriň olaryň geljekki ýoluny, ukybyny, başarnygyny, öz maksatlary üçin göreşmegini kesgitleýär diýen düşünjäniň ýatandygyny belleýär. Häzirki döwürde dünýäde giňden rowaç bolan özüňi kämilleşdiriş mekdepleri mundan on asyr töweregi ozal türkmenleriň adaty däbi bolup hereket edipdir. Perzent terbiýesine, aň-düşünjesine aýratyn ähmiýet berilmegi halkymyzyň arasynda mekdep derejesine göterilen gymmatlykdyr. Hormatly Prezidentimiz “Biziň halkymyza maşgalanyň ruhy-ahlak gymmatlyklaryny saklap galmak başardypdyr” diýip belleýär.

Eger-de biziň aňymyzda ak bilen garany, halal bilen haramy, sogap bilen günäni aýdyňlap berýän düşünje duran bolsa, olar bilen bagly her bir hereketiň, amalyň ahyrynda neneňsi netijelere eltýändigine düşünýän bolsak, onda elbetde gowusyna tarap ýykgyn ederis. Bir salymlyk baş sämedip, soňra ters öwürýän ýaramaz ýa-da ýazykly hereket üçin wagtymyzam, zähmetimizem, yhlasymyzam sarp etmeris. Ýaman zada sarp edilen her bir zat isrip hasaplanýar. Isrip bolsa bereketi ýok edýän iň esasy ýagdaýlaryň biri. Tapawudy ýok, ol maddy zat bolsun, duýgy-hereket bilen bagly bolsun, aň-düşünje, akyl bilen bagly amal, iş bolsun, ýagşy ýola sarp edilmedimi, diýmek, isrip diýip düşünäýmeli. Üstesine-de, bu Perwerdigäriň beren nygmatlaryna näşükür garamakdyr. Şu zatlary saýgaryp, aýdyňlap bilmegiň düýbünde bolsa edep bilen bagly düşünjeler ýatyr. Edep-ahlak bir daragt bolsa, ähli ýagşy häsiýetler onuň şahalary, pürleri, pudaklary. Ahlak adamyň bir jany kysmy zat. Eger-de çagalykda okan ertekilerimiz ýadymyza düşýän

bolsa, döwleriň öz janyny başga bir ýerde bukup goýýandygyny gaýta-gaýta okandyrys. Janymyzyň bir ülşi ahlagymyzda ýaly, ol gönümel at-abraýa, namys-mertebä, geljegimize täsir edýär. Ýagşy ýollarda, halal hereketlerde terpensek, elimiz degen işiň bereketi artyp, hözirli günleriň sany artyp başlaýar. Ýüregimize giňlik, duýgularymyza rahatlyk, göwünlerimize ynjalyk ornaşýar. Şeýle derejä ýetmäk üçin edep kadalaryna uýgun hereket etmek ýeterlik. Ahlak babatda hem şeýle. Tersine bolan ýagdaýynda, netijeleriň hem şoňa görä üýtgejekdigi hakykat. Onsoň ahlagymyzy haýasyzlyga, edebimizi nebsimize ogurlatsak, göwrede gobsunýan birahat jana ynjalyk tapyp bolmaýar. Ýene-de öňki arassaja ýoluňa dolanýançaň, ne gündiziň gyzygy, ne ukyň mazasy galýar. Hut şonuň üçin hem ata-babalarymyz edep we ahlak babatynda öwüt berenlerinde, "Arassa gez, arkaýyn gez" diýýärler. Biziň her bir hereketimiziň netijesi, edil bumerang ýaly, uzaga gitse-de, golaýa gitse-de, ahyry özümize dolanyp gelýär. Käteler esse-esse göterimi bilen gaýdyp gelýär.

Halkymyzyň edep-terbiýeçilik mekdebi biziň däbimize siňip gidipdir. Perzent terbiýesi, edep-ahlak düşünjesi oňa ýetirilýän ilkinji ruhy iýmiteriň biri. Ahlaklylyk milletiň ýüzüniň tuwagy. Türkmeniň beýik millet bolmagyndaky esasy aýratynlyklarynyň biri hem onuň ahlak terbiýesine juda uly üns berýänliginde jemlenýär. Hormatly Prezidentimiziň Döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde ahlak gymmatlygyna uly üns bermegi tötänlik däl. Türkmeni millet hökmünde beýiklige galdyrýan bu gymmatlygy özgerip duran häzirkizaman dünýäsinde aýratyn alada bilen gurşamak zerurlyk bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, halkymyzyň medeni mirasyndaky baý ruhy gymmatlyklaryny döwrebap röwüşde gaýtadan dikeltmek, nesilleri ata-babalarymyzyň ruhunda terbiýelemek, türkmeniň

aňynda ahlaklylyk hakdaky sagdyn düşünjäni kemala getirmek zerur. Munuň üçin Hormatly Prezidentimiziň ündän sargytlaryndan ugur alyp işlemek, her bir adam üçin hem mertebe, hem buýsanç. Çünki, edep-ahlagyň rowaçlanýan ýerinde adamlaryň özara gatnaşygyna ýylylyk aralaşýar, ýüreklerde birek-birege bolan ynam we mähir-muhabbet höküm sürýär.

54

# Harplykdan başlanýan menziller

Deňze girmek üçin, ilki bilen, ýüzmegi öwrenmeli. Ezberligiňe, çeýeligiňe, çalasynlygyňa görä, çuňa we uzaga gitmek mümkinçiligi bar. Durmuş — deňiz. Durmuşa taýýarlyk ýoly ortaça on ýyldan ybarat. Ol adam ömrüniň başlangyç we taýýarlyk möwsümi. Entek hasyla durmadyk daragtlaryň suwdan gandyrylýan döwri, şahasyna timar berilýän we ondan soňra miwesine umyt edilýän döwür. Aýdylan, öwredilen, sargalan zatlary özüňe näderejede siňdirmegi başaran bolsaň, olary özleşdirmegiň we durmuşyňa ornaşdyrmagyň hötdesinden gelen bolsaň, saňa deňziň kenary, dünýäniň gapysy, durmuşyň bosagasy giňden açyk. Akyldarlaryň sözünde bar: deňizden göterip bileniňi almak ol ýere nähili baranyňa bagly. Kim eli boş barsa, goşawujyna syganyny alar. Käseli baran käsesine, jamly baran jamyna, garaz, göterip bilen gabyna görä, her kim geregini alar. Şonuň üçin maksatly, ynamly, bilim goruň gowzamadyk, gaýratyň egsilmedik adam bolup uly durmuşa aýak basmaly.

Şeýle mümkinçilik, şeýle pursat ýurdumyzyň orta mekdeplerini tamamlaýan müňlerçe okuwçyda bar. Müňlerçe ykbal beýik ýoluň başlangyjynda. Olar indi çagalyk, oglanlyk möwsüminiň süýji ýatlamalaryny ýeňsede goýup, ýüzlerini giňiş dünýä, çäksiz mümkinçilikleriň älemine tarap öwürmeli. Olar bu menzile ýetmek üçin on ýyl okadylar. On ýyl okuw! Siz şu jümläniň gadyr-gymmaty hakda oýlanyp

gördüňizmi?! Geçmişde adamlar öz çagalaryna harp öwredip bilse, armanlary bolmandyr. Bir ýyl, iki ýyl sapak öwrenselerem, göwünleri guş bolup uçupdyr. Dogry, olar ylym-bilim üçin bu möwsümiň juda azdygyny bilipdirler, ýöne mümkinçiligiň we ýagdaýyň ýok ýerinde ol hem bir döwletlilik hasaplanypdyr. Jemgyýete dahylly hem-de adamzada bähbitli köpsanly ylymlary özleşdirmegi, üstesine-de, bu zatlaryň ählisini döwletiň hasabyna mugt öwrenmegi olar, belki, arzuw hem eden däldir. Sanlary we harplary düzýän dik we göni, egri we tolkun şekilli çyzyklardan başlanan harplyk dünýäsi durmuşda ähmiýetli bolan her bir ylmyň düýp özenini, maýasyny açyp berýän dürli ugurlary özleşdirmegimize mümkinçilik döretdi. Edebiýata ugrukdyran ene dili, algebra ýol açan matematika, geografiýany tanyşdyran tebigaty öwreniş — bularyň her biri okuwçylaryň aň ýetiriş we kabul ediş derejesine görä düzülen, okuw maksatnamasyna girizilen dünýewi bilimlerdir. Adam ömrüniň tegelek on ýyly şu zatlary özleşdirmäge bagyşlanan. Türkmenistanyň Baş Kanunynda — Konstitusiýada: “Her bir raýatyň bilim almaga hukugy bardyr. Umumy orta bilim hökmanydyr, her bir adam ony döwlet mekdeplerinde tölegsiz almaga haklydyr” diýen jümleler, ynsanyň şu güni we geljegi barada döwlet tarapyndan edilýän aladanyň subutnamasydyr. Bu seniň bagta laýyk, mertebä mynasyp adamdygyňa döwletiň berýän kepilidir.

Asmandan gaýyp düşen ýa-da ýerden zompa çykan adam ýok. Her kimiň aňyrsy, ežddady bar. Ata-babalarymyz birje harp üçin uly arzuw, yhlas eden bolsalar, dünýe malyndan geçip, şoňa sarp eden bolsalar, onda bu bagtyýar günümiziň her bir wakasyny ýatlanymyzda, Hudaýa bihasap şükürler aýdyp, döwletimize “tüweleme” diýip oturmaly. Bu günümiziň düýnden we öňkülerden has gowudygyny, has döwletlidigini ylma, bilime goýulýan sarpadan hem biläýmeli.

Hormatly Prezidentimiziň beýik başlangyçlary esasynda türkmen mekdeplerinde umumy orta bilim on ýyla ýetirildi. Öwredilýän dersleriň sany artdyryldy. Berk talap we şol bir wagtda okuwçylary höweslendirmek ýola goýuldy. Dünýäniň öňdebaryjy tehniki tilsimatlary türkmen mekdeplerine köpçülikleýin ornaşdyrylyp başlandy. Okuw öwretmegiň interaktiw usuly barha giň gerime eýe bolýar. Mekdep okuwçylarynyň zehinlerini oýarmak we zehinlisini goldamak üçin dürli gurnaklar, döredijilik çäreleri geçirilýär. Bilim bilen ruhubelentlik, joşgun utgaşdyrylyp alnyp gidilýär.

Nesilleriň, jemgyýetiň, tutuş halkyň beden we ruhy taýdan sagdyn bolmagyny gazanmak hem hormatly Prezidentimiziň ileri tutýan ugurlarynyň biri. Orta mekdepleriň birinji synpyndan bedenterbiýe dersleriniň girizilmegi, okuw kitaplarynyň göwnejaý taýýarlanylmagy we bu ugurdaky islendik beýleki bir üstünlik bahasyz gymmatlykdyr. Hormatly Prezidentimiziň aladalary netijesinde her bir okuwçynyň orta bilim hakdaky şahadatnamasy dünýä derejesinde ykrar edilip dur. Bu ykrarnamany türkmen okuwçylary dünýä derejesinde geçirilýän halkara mekdep olimpiadalarynda, sport ýaryşlarynda baýrakly orunlary gazanmak bilen hem subut edýärler. Orta mekdeplerimizde öwredilýän her bir dersde çuňňur ylymlaryň esasy özeni bar. Geografiýa, geometriýa, himiýa, biologiýa, fizika — haýsy ugry alyp görenimizde hem, dünýä ýüzündäki täze oýlap tapyşlar, açyşlar şeýle ylymlaryň üsti bilen gazanylýar. Diýmek, türkmen mekdebinde berilýän bilim dünýä ylmyna gadam basmagyň we ylymda öz ýüzümizi tapmagyň ilkinji basgançaklary bolup durýar.

Mekdep döwründe öwrenilen, özleşdirilen her bir harp, san, kesgitleme ýaly zatlaryň dürli ýagdaýlarda hökman delalaty degýär. Şonuň üçin bu on ýylyň bilimi hem özbolușly ýokary bilimdir. Ol guş bol-

masaňam ganatly, balyk bolmasaňam ýüzgüçli edýän, bedew bolmasaňam ýörgür, bürgüt bolmasaňam görgür edýän gudratdyr. Bilim bagtly edýän keramatdyr. Şol gazanylan ukyplaryň, öwrenilen dersleriň, özleşdirilen sapaklaryň hasylyny, hoşasyny halka paýlamak her bir okuwçynyň borjy. Bu gün şeýle menzili geçen mekdep okuwçylarynyň müňlerçesi uly durmuş kenarynyň bosagasynda dur. Olar bu deňizden dürli dürleri, sadaplary, gymmatbaha zatlary gazanyp, ömür ummanynda has kämil guwwaslar bolup, haýryny ile paýlamaly bagtyýarlardyr. Siziň öňüňizde täze ýol dur! Ol türkmeniň beýik ýolunyň dowamatydyr. Bu ýoly şol gözelliginde, ajaýyplygynda has uzaklara ulaşdyrmak size bagly, uçurymlar!

55

# Obalar we obalylar

Töweregi ýaşyl otlar bilen gurşalan daragtlar, töweregi küren obalar bilen gurşalan şäher-kentler örän owadan görünýär. Olaryň utgaşygy asmandaky ýyldyzlar bilen Aýyň sazlaşygy ýaly bir ajaýyplygy emele getirýär. Aýsyz gijeleriň görki egsilýär. Aýsyz asmandaky ýyldyzlaram tukat görünýär. Degresini gallap duran ýyldyzlar bolmasa, Aýyňam öňküligi ýok. Hat-da surat depderlerimize hem Aýyň ýanynda hökman ýyldyzlary çekýäris. Çünki hakyky gözellik şolaryň bitewiligindedir. Hawa, bu görnüş maňa durmuş taýdanam, gurluş taýdanam biri-birine galtaşyp duran şäherleri we obalary ýatladýar. Olaryň biri dünýä medeniýetini süzüp alyp, sebitlere paýlaýar. Beýlekisi bu kämilligi millilige ýugrup, oňa nepislik çaýýar.  Bularyň utgaşygynda türkmeniň gözbaşynam, gözýetiminem görüp bolýar. «Obalaram ösüp-ösüp şäherlere öwrülýär» diýen söz okuwçy döwrümizden bäri ýadymyzda berkän düşünje. Gowy zatlaryň ösüşde bolmagy guwandyryjy ýagdaý. Hiç wagt şäheriň mertebesini peseltmeli däl, ýöne türkmeniň obasy – Käbesi. Türkmen milliliginiň gaýmagy hem, ahlak arassalygynyň baýdagy hem şol ýerden gözbaş alýar. Türkmen obasyz oňup bilmez. Mähriban Prezidentimiziň ýaňy-ýakyndaky Ýaşulylar maslahatynda oba durmuşy, oba adamlarynyň bol-elin ýaşaýşynyň aladasy hakda eden çykyşy döwletine buýsanýan her bir adamy biparh goýan däldir. Türkmen obasyny has-da abadanlaşdyrmaklyga gönükdirilen şeýle uly

tagallalary taryham gören bolmasa gerek. Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanan ilkinji günlerinden başlap, Hormatly Il Baştutanymyz obalaryň we obalylaryň hal-ýagdaýy dogrusynda çynlakaý alada edip başlady. Obany düýpli özgertmegiň ýollaryny goýdy.

Türkmen üçin obanyň gymmaty nämede? Mähriban Prezidentimiziň Ýaşulylar maslahatynda aýdan sözleri, getiren delilleri aýratyn düşündirişi talap edenok: Türkmenistanda ilatyň tas gylla ýarysy obada ýaşaýar. Adamzat üçin zerur bolan gündelik azyk-owkatlarymyz, ýokumly gök önümlerimiz, gant şugundyrymyz, galaba rysgymyz bolan gallamyz we dünýä bazarynda uly isleg bildirilýän pagtamyz obada taýýarlanylýar. Hat-da şäheriň süýt-gatyk üpjünçiligi hem obalylaryň zähmetine bagly. Türkmeniň milli däp-dessurlary, el hünärleri, zergärçilik, külalçylyk oba ýerlerinde asyl durkuny üýtgetmän saklaýar. Döwrebap ösüşe ýugrulyp, täzeçe ýaşamagy başarýar. Türkmende oba bilen ilteşigi bolmadyk adam ýok. Ýa hut özi, ýa-da ata-babasy hökman obalydyr. Şonuň üçin ata-baba aýak yzy galan ýerlere zyýarata barmagyň sogabam, kalbyňda goýjak täsirem juda üýtgeşik bolýar. Ol aslyňa bolan buýsanjy ýitirmezlik, millilikden daşlaşmazlyk üçinem gerekli zatdyr.

Oba ýerlerinde hakyky tebigat höküm sürýär. Adam tebigata näçe ýakyn boldugyça, onuň ruhy dünýäsi hem şeýle gözel we sagdyn bolýar. Ýasamalyk aňsat-aňsat süňňüne siňmeýär. Olar hat-da Günüň şöhlesinem, Aýyň şuglasynam, jana tenekär ot-çöpleriň hoşboý ysynam ýeterlik mukdarda kabul edýärler. Olaryň birek-birek bilen gadyrly salamlaşyşlary, hal-ahwal soraýyşlary hem diýseň täsirli. Kalbyňda ýaşaýşa bolan ynamy berkidip bilýän bu gatnaşyklar berkemese, mizänok. Maşgalada we jemgyýetde sagdyn ýaşaýyş obrazyny döret-

mek üçin şäherlileriň obalylardan öwrenmeli zatlarynyň köpdügini hem boýun almalydyrys.

Hawa, türkmene mahsus şeýle ajaýyplyklary özünde saklaýan oba maddy taýdanam, ruhy-medeni taýdanam gory gozganmaz hazyna. Bu maslahatdan soňra oňa döwrüň döwletli gapysy has giňden açyldy. Obalary özgertmek hakda Hormatly Prezidentimiziň aýdan her bir sözi bir anyk maksadyň kesgitlemesi. Menzile ýetirýän aýdyň we ýakyn ýoluň salgysy. Beýik we kesgir akylyň önümi. Durmuş meýdanynda toplanan tejribeleriň netijesi. Diňe bir türkmeniň mundan öňki taryhynda däl, hat-da garaşsyzlygymyzyň başky ýyllarynda hem oba meselesi şeýle derejede orta goýlan, üns merkezine alnan zat däldi. Örküni topraga baglap, rysgyny ýerden gazanýan daýhanlarymyza şeýle ýoluň, usulyň salgysyny berýän paýhas gerekdi. Onsoňam, özi üçin edilýän aladany duýanda adamyň dünýäsi giňeýär, haýyr işe höwesi oýanýar. Her oba özboluşly bir gözellik. Emma, ýere-suwa bisowatlyk bilen çemeleşilmegi ýeriň tabyny, daýhanyň ynamyny gowşadýardy. Hormatly Prezidentimiziň nygtaýşy ýaly, dürli ekerançylyk önümlerini her ýeriň öz ýerleşiş, geografik aýratynlygy göz öňüne tutulmazdan, ylmy esasa daýanmazdan, howul-hara ornaşdyrmaga synanyşyldy. Ol bolsa garaşylan netijäni bermedi. Bu edil nesibesinde ýok zady dürli usul bilen almaga synanyşýan we ahyrynda yhlasy yrýa bolup, özi binesip galýan adamy ýadyňa salýar. Çünki tebigatyň, her ýeriň öz aýratynlygyna, diline düşünmeseň, şoňa görä hereket etmeseň, göwnüni tapjak gümänyň ýok. Bägülem ähli ýerde bitenok. Bugdaýam her ýerde bol hasyl berenok. Tohumy gögerjek topraga sepmeli. Her bir zatda ylmy esaslara daýanýan Mähriban Prezidentimiz mundan bu ýana ekerançylyk meselesine ylmy taýdan çemeleşmelidigni ýaňzytdy. Mysal üçin Daşoguz welaýatynyň demirgazyk etraplarynda däneli ekinleriň bol hasylyny ýetişdirip boljakdygyny, Balkan welaýatynyň meýdanlarynda maldarçy-

lygy ösdürip boljakdygyny maslahat bermegi, öňde goýlan anyk ýola çynlakaý düşülendigini habar berýär. Dogrudanam, türkmeniň ýerlere görä at alan ekerançylyk önümleri, miweleri, ir-iýmişleri bar: Sumbaryň nary, Etregiň zeýtuny, Ahalyň üzümi, Tejeniň gawuny, Saragtyň bugdaýy, Sakarçäganiň igdesi, Marynyň pagtasy, Pendi sähralyklarynyň goýun-guzusy, Serhetabadyň pissesi, Lebap boýlarynyň bugdaýy, buýany, gülabysy, Daşoguzyň tüwüsi, gürbek gawuny... bu sanawy ýene-de uzaldyp bolýar. Halk arasynda giňden ýatlanylýan we  etrap, sebit atlary bilen tanalýan bu miweleriň, ösümlikleriň hut şol ýerlerde bitginli, bol hasylly we datly bolýandygynyň aňlatmasydyr. Ine, Mähriban Prezidentimiz  her bir daýhana we toprak bilen gyzyklanýan adama şunuň ýaly zatlardan ugur almagy ündeýär. Bu eýýäm ýaşaýyş tejribesiniň tassyklan, ykrar eden zatlarydyr. Şonuň bilen bir hatarda ekerançylyga ýaramly täze ýerleri açmak, ýerleri we ekinleri dürli keselllerden goramagyň alajyny tapmak, ekinleriň tagamlylygyny, hasyllylygyny artdyrmak üçin her welaýatda ylmy-barlag merkezlerini döretmek hakda aýdanlary hem beýik tutumlaryň  başlangyjydyr.

Mähriban Prezidentimiziň bu maslahatda eden çykyşynyň her bir sözünde çuňňur pelsepe we aýdyň hakykat bar. Asmanlara her gije nazar salsagam,  ýyldyzlary sanajak bolmaýarys, nireden başlajagymyzy hem bilmeýäris. Şonça köp mesele obalaryň öňünde-de kesерip durdy, ýöne bu maslahatda oba aladasynyň ünsden düşürilen birje tarapy hem bolmady. Hormatly Prezidentimiziň bu sözlerinde ýöremeli ýollarymyzyň salgysy ýatyr. Gadym döwürlerdäki hazyna barýan ýoly salgy berýän kartalary göz öňüne getirip görüň.  Şol döwürlerde bir ýa iki adamyň eline düşýän şol karta kysmy ýol salgysy bu gün tutuş ile aýan edilip otyr. Şundan soňam her kim yhlasyna daýanyp, güýjüne bil baglamasa, döwlet özi üçin alada edip durka, özüni döwletine dözmese, hazynadanam, hakdanam, bagtdanam binesip galjakdygyny oýlama-

lydyr. Hormatly Prezidentimiziň «Adamyň jemgyýetden we döwletden üzňe bolmaýşy ýaly, biziň hemmämiz, borçsuz hukugyň hem bolmaýandygyna doly düşünmelidiris» diýen sözleri, her bir işe yhlasly ýapyşmagymyzyň, daýanmagymyzyň, oýanmagymyzyň sebäbi bolmalydyr.  Obalaryň galkynmagy – tutuş ýurdumyzyň galkynmagydyr. Muňa eýýäm Hormatly Prezidentimiz tarapyndan badalga we ak pata berildi.

Hormatly Prezidentimiz bu maslahatda obalar hakda düýpgöter täze we haýran galdyrýan pikirleri orta atdy. Her bir obanyň hakyda we ýazuw taryhynyň bolmalydygyny aýtdy. Her kimiň obasy – onuň öz öýi. Aslynda-da, X asyrlarda ýaşap geçen türkmen dilçi alymy Mahmyt Kaşgarlynyň «Türki dilleriň diwany» atly eserinde «Oba» sözüniň – bir uly maşgala, taýpa diýmeklikdigi beýan edilýär.  Öz obaň taryhyny öwrenmek, öz taryhyňy bilmekdir. Türkmenlerde obadan çykan meşhur adamlar, alymlar juda kän. Her oba özüniň meşhur, sylagly, atabraýly, tanymal adamlarynyň taryhyny ýazga geçirse, şol ruhda nesilleri terbiýelemek has aňsat düşýär. Bu ýurt derejesinde tanalmaýan, emma aýratyn ukyby, zehini, üýtgeşik başarnygy bolan obadaşlarynyň hem ýatlanylmagyna getirýär. Mysal üçin oba ýerlerinde goýun malynyň üç arkasyny tanaýan, orta bilimi doly bolmasa-da, ekerançylykdan ussatlarça baş alyp çykýan, gözüňe seredip, häsiýetiňi ýüzüňe aýdýan, ýa-da tebigy zehinli degişgenler, pallap aýtsa-da, degşip ýa-da «aldap» aýtsa-da, diýeni hasyl bolýan adamlar we ýene-ýeneler hakda gyzykly gürrüňleri eşidip bolýar. Sözden söz, gürrüňden gürrüň çykanda aýratyn ukyp-başarnyklary bilen tapawutlanan ata-babalarymyz hakda taryh kitaplaryna girmedik, ýöne girizeniňe degýän gyzykly gürrüňleri eşitmek miýesser edýär. Ine, Hormatly Prezidentimiziň her obanyň hakyda we ýazuw taryhy bolmalydygy hakdaky aýdanlary taryh ylmynyň nukdaýnazaryndan alanyňda hem iňňän ylmylyk we

öňdengörüjilik bilen, çuňňur paýhas bilen aýdylan sözdür. Birinjiden, obalaryň hakyda we ýazuw taryhy nesillere Watançylyk we jemgyýetçilik terbiýesini bermekligiň gönezligi bolup durýar. Şeýle taryh bilen terbiýelenen nesil hiç wagt milliligini, asly halallygyny ýitirmez. Ikinjiden, bu taryh türkmeniň bir bitewi we beýik taryhyny emele getirýär, türkmen halkynyň taryhy hakda gyzykly we uly göwrümli kitaby çykarmaklyga mümkinçilik döredýär. Üçünjiden, obalaryň we oba adamlarynyň taryhyny öwrenmekligiň, ýazga geçirmekligiň gözbaşy hem, netijesi hem ähli türkmeniň bir kökden, bir maşgaladan örňändigi, ählisiniň biri-biri bilen dogandygy hakdaky netijelere alyp gelýär. Bu bolsa öz gezeginde türkmen jemgyýetiniň agzybirligini we jebisligini üpjün etmek üçin iň esasy zatdyr.  Hormatly Prezidentimiziň bu sargydy taryh ylmyndaky täzelikdir. Nesip bolsa, her obanyň meşhur, zehinli, aýratyn ukyply adamlary hakdaky gyzykly makalalary gazet sahypalaryndan hem okap bileris. Munuň üçin her kimiň öz obasynyň taryhy we tanymal adamlary hakdaky ýazgylaryna garaşýarys.

Bu maslahat biziň Watana bolan buýsanjymyzy has-da artdyrdy. Hormatly Prezidentimiziň her bir sözi ömür ýollarymyzyň baş maksadyna öwrüldi: «Men geljekde döwletimiziň daýanjy boljak ýaşlara aýratyn ýüzlenýärin: akyl käsesi paýhasdan doly, parasatly ýaşulularymyzyň  öwüt-nesihatlaryna eýerip, öz öňüňizde belent maksatlary wezipe edip goýuň, nazary bilimleri we durmuş tejribelerini berk ele alyň, biziň ajaýyp ýurdumyzyň abadançylygynyň hatyrasyna ýadawsyz zähmet çekiň, mertebäňizi ýaşlykdan goraň.

Goý, siziň gaýduwsyz ruhuňyz hemişe belent bolsun!».

Eserleriň içinde täze sözlemler, uly bölümler, ýatda galyjy jümleler uly we goýy harplar bilen ýazylýandyr. Ýaşaýşy şeýle esere  meňzetsek,

onda biziň bu bagtyýar döwrümiziň her güni taryhda täze bir sahypadyr.

# Okamak hemişe gerek

Käteler ýaşaýyş üçin ilkinji zerur zatlary ýatlaýarlar: howa, suw.., galan ähli zatlar bulardan soňa goýulýar. Emma şol zerurlyklaryň hataryna goşulmaga mynasyp ýene bir zat bar, oňa Kitap diýilýär. Tehnikadyr tehnologiýanyň hernäçe ösýändigine garamazdan, kitabyň ornuny tutup biljek başga bir gymmatlyk ýok. Okamak – aňyň hem ruhuň iýmiti. Okaýan adamyň dünýäsi giň, ruhy belent, ýüregi kararly bolýar. Onsoňam, her okaýan zadyňdan hökman täze zat öwrenip bolýar, ýogsam şol kitap öňem öwran-öwran okalan bolaýsyn, her gezekde "bäh" diýdirýän täsin bir zadyň, jümläniň, paýhasyň, durmuş wakasynyň üstünden barýaň. Okasaň, köňül gözi ynjalykly, göwün mädäň dok bolýar. Onsoňam, okamak kär-hünär dannaýan zat däl, haýsy ugurda zähmet çekip, der döküän bolsaňam, iňňän gerekli zat. Öz zähmet çekýän ugruňda kämilleşmek üçinem hökman okamaly. Sebäbi adamyň ruhuny kitap okamakdan üzňe göz öňüne getirip bilemok. Körpeligimizden gulagymyza guýlan pentleriň biri hem elmydama okamakdyr.

Türkmenler owaldan okumyş halk. Diňe kitaby köp okaýan halklar dünýä nusgalyk medeniýeti döredip bilýär. Munuň şeýledigine taryh şaýat. Gadymy Merw, Köneürgenç, Dehistan, Abiwerd, Nusaý, Amul, Merwerud, Sarahs ýaly ýerler özleriniň baý kitaphanalary bilen meşhur bolupdyr. Türkmen alymlary has köp kitap okamakda, olary

ýatdan bilmekde juda ezber eken. Taryh kitaplarynda şeýle hakykat öwran-öwran teswirlenýär. Bir mejlisde gürrüňden gürrüň çykyp, Ymam Şapygy hakda söz açylypdyr. Şonda alymlaryň biri Ymam Şapygynyň ýatkeşligine haýran galypdyr. Sebäbi Ymam şapygy 300 jilt kitaby ýatdan bilýän eken. Adamlar Ymam Şapygy hakda eşden gürrüňlerini ýatlap, ony öwüp, taryplamaga başlapdyrlar. Şol wagt çüňkde oturan, ýönekeý geýimli biri: “Ol meniň ýatdan bilýänimiň diňe zekat bölegini bilýän eken” diýipdir. Mejlisde oturan adamlar muňa haýran galypdyrlar. Hiç kim bu ýigidiň sözüni inkär edip bilmändir. Ol ýigit öz ildeşimiz Ahmet as-Sarahsy eken. Ol şol wagt on dört müň jilt eseri ýatdan bilipdir. Ine, türkmeniň kitaphonlugy şeýle bolýar.

Ähli döwürleriň iň gyzykly we arzyly zady – okamak. Okyjylara gowşan  täze kitap bolsa iň uly sowgatlaryň biri. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe  neşir edilýän dürli ugurlara degişli ylmy we edebi kitaplar bezegi, hili we mazmuny babatda  hemmäniň ünsüni çekýär.  Kitap okamaga endik eden adam sähel maý tapdygy kitaba göz aýlap başlaýar. Aslynda kitaby köp okamaklyk türkmeniň häsiýetli aýratynlyklarynyň biri. Orta asyrlarda ýaşan we apbasy halyflarynyň köşgünde işlän  türkmen alymlarynyň biri hemişe ýanynda kitap göterer eken. Onuň kitaphonlygy nakyllara öwrülmegi başarypdyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe kitaba bolan söýgi has täze derejelere çykdy. Munuň aňyrsynda halkyň aň-düşünjeli, ylym-bilimli bolmagy ugrunda Milli Liderimiziň döredýän mümkinçilikleri ýatyr.  Milletiň Lideri: “A” harpyndan başlanyp, asmanlara çenli uzalyp gidýän her bir zatda ylym bardyr” diýip belleýär. Dogrudanam, ösmegiň, öňe ilerlemegiň özeninde ylym-bilim ýatyr. Ylym-bilimi bolsa kitapsyz göz öňüne getirmek asla mümkin däl.

Mundan müň ýarym ýyl gowrak ozal ýaşap geçen arap şahyry Al-Mütenebbiniň "Dünýäde atyň üstünden gowy tagt ýok, kitapdan gowy dost ýok" diýen sözleri hiç wagt ähmiýetini egismeýän paýhasly we ganatly jümleler bolup, dünýäni aýlanýar. Kitap ýanyňdan aýrylsa-da, hiç wagt ýadyňdan aýrylmaýan keramat. Kitabyň nämedigini aýratyn düşündirip oturmak, belki, zeruram däldir. Ol nähilidir bir söz bilen subut edilmezden, öz-özünden düşnükli hakykat. Kitap, şeýle seretseň, içi many-mazmunly sözler, suratlar we maglumatlar bilen üpjün edilen hazyna.  Ol biziň durmuşymyzda dem alýan howamyzdan, gündelik azyk-owkatymyz bolan çörekdir-suwumyzdan soňra iň esasy zerurlyk bolup durýar. Sebäbi ýaşaýşa düşünmegiň we öňe ilerlemgiň, ösüşiň özeninde ylym-bilim ýatyr. Ylym-bilimi bolsa kitaplar arkaly has özleşdirip bilýäris. Kitap hiç wagt bahasy egsilmeýän, gymmaty gaçmaýn gymmatlykdyr. Okamak bize hem geçmişi, hem şu günümizi, hem-de geljegi öwredýär.  Kitaplar geçmişde ýaşan ata-babalarymyzyň taryhy paýhaslaryny, tejribelerini, häzirki döwürde gazanylan üstünlikleri we olara eltýän ýollary öz gursaklarynda saklap, okyjylara dogry ýola gönükdiriji sapak berýärler. Kitaplar geçmiş bilen geljegiň hem-de halklaryň we ýürekleriň arasyndaky baglanyşygy üzmän saklap duran bahasyz  miras hasaplanylýar.

Ynsan bolsaň, okamaly. Gadymy gündogar akyldarlarynda "Üç günläp kitap okamadyk adamyň ruhy gurum baglap başlar" diýilýär. Kitaphonlyk türkmeniň ganyna siňen häsiýet. Halkymyzyň buýsançly geçmişinde hem kitaba goýulýan hormat-sarpanyň belent bolandygyna akyl ýetirip bolýar. Türkmeniň ady agzalan ýerde kitap bilen bir ruhy bitewiligiň bardygy belli.   Bir kitaba düýesini çalşan Welmyrat aga, yzynda bazardan sowgat-salamly geler diýip, çagalaryň göz dikip oturandygyna garamazdan,  ähli üzümlerini bir kitaba çalşan Anna aga ýaly pederlerimiziň nurana keşbi muňa mysal. Kitaplaryň üsti

bilen adamlary, durmuşy, dünýäni tanap, öwrenip bolýar. Taryhy öwrenip, şu günüň gadyr-gymmatyna düşünip bolýar. Geljegiň arzuw-maksatlaryny aýdyňlap, kesgitläp bolýar.

Ata-babalarymyzyň öwüt-ündewlerinde gaýta-gaýta tekrarlanýan nesihatlaryň biri hem kitaby köp we üznüksiz okamakdyr. Täze kitaplaryň yzygider peýda bolýandygyna garamazdan, özüňi gyzyklandyrýan we maksadyňa tekge boljak şol bir kitaby öwran-öwran okamak hem aýratyn nygtalýar. Sebäbi, her gezekde her okaýan zadyňdan hökman täze zat öwrenip bolýar. Ussat alymlar kitap okamagyň berýän birnäçe peýdalaryny belläp geçipdirler. Olar, gysgaça, şulardan ybarat :

1. Kitap okamaklyk ýürege ornaýan waswasy, gaýgy-gamy, tukatlygy aýyrýar.

2. Her bir işe yhlasly çemeleşmegi ündeýär we hereketleriňde nähaklyk etmekden saklaýar.

3. Kitap okaýan wagtyň bikär, işýakmaz adamlardan çetde bolýarsyň. Wagtyňy haýyrly zatlara sarp edýärsiň.

4. Kitap okaýan adamyň söz baýlygy giň bolýar. Sözlerde sakynyp-säginmekden saklap, çeperlik we şirinlik çaýýar.

5. Kitap okaýan adamyň akyly ösýär, zehini joşýar, pikiri durlanýar.

6. Kitap okaýan adam bilime baý bolup, ýatkeşligi we düşünjesi ýitileşýär.

7. Kitap okasaň, ynsanlaryň tejribelerini, hekimleriň hikmetlerini, alymlaryň ylymlaryny öwrenip we özleşdirip bolýar.

8. Kitaby köp okasaň, ylym almagyň we durmuşa düşünmegiň ýollaryny tapyp bolýar.

9. Kitap okamaklyk akyly perişanlykdan, kalby birahatlykdan, wagty bimany geçirmekden (zaýalamakdan) saklaýar.

10. Sözüň manysyna çuňňur düşünmäge, öwrenilen zatlary pugta ýatda saklamaga, aýdylýan zadyň maksadyny aňmaga we pynhan hikmetleriň syryny bilmäge kömek edýär.

Kitap okamagyň ähmiýeti-peýdasy, täsiri we bereketi hakda aýdylan pendi-nesihatlar örän kän. Okumyş adamlar onuň täsirini öz durmuşlarynda anyk we aýdyň duýýarlar. Akyldarlaryň aýtmagyna görä, kitap okamagyň bereketi arkaly wagty bilen bitmeýän işleriňiziň çilesi çözülip, dessine ugrugar. Durmuş menzillerinde ruhubelent, ynamly we maksada okgunly hereket etmek üçin, bagtyň hakyky lezzetini duýup ýaşamak üçin bir netijä gelip bolýar. Munuň üçin hemişe okamak gerek.

57

# Suwdan öwreniň!

Ýagynly günleriň birinde halypa ussat öz şägirtlerini açyk meýdana çykaryp, daş-töwerekdäki tebigy hadysadan sapak almagy tabşyrypdyr. Soňra olary dagdan syrygyp gaýdýan çeşmäniň, soňra çasly akyp ýatan derýanyň, ondan soňra hem käteler möwjeýän, käteler bolsa endigan tolkun atýan deňziň kenaryna alyp gelipdir. "Öwüt alara, öwrenere zat kän, ýöne biziň bu günki sapagymyz suw bilen baglanyşykly. Mazaly synlaň-da, netije çykaryň, kimden nämeleri öwrenip bolýar?" diýipdir. Şägirtleriň hersi özboluşly pikir aýdypdyrlar. Käsi ussadyň göwnünden turupdyr, käbirini ýüzleý görüpdir. Soňra şägirtlerine ýüzlenip, şeýle diýipdir: "Suwdan köp zat öwrenip bolýar, öwrenen zatlarymyz bilen hem biz özümizi kämilleşdirip bilýäris.

Suw ýaly deň garaň! Asmandan inýän ýagmyrlara serediň, ol hemmeleriň üstünden deň ýagýandyr. "Pylany gowy, diňe şonuň üstüne ýagjak. Pylany ýaramaz, asla golaýyna barjak däl" diýýän däldirler. Sizem edil şol ýagyn-ýagmyrlar kibi adamlara deň garamalasyňyz.

Suw ýaly ýumşak boluň, ýumşak häsiýetli bolmagy suwdan öwreniň. Ol dürli görnüşli, al-elwan reňkli, agyr we ýumşak zatlaryň, daşlaryň üstüne düşende, şolara görä öz şeklini üýtgedýändir... ýöne öz durkuny, asyl düzümini üýtgedýän däldir. Adamlaryň her birine mylakatly gat-

naşykda boluň, ýöne ähli ýagdaýlarda hem özüňiziň asylly häsiýetiňizi üýtgetmän saklaň.

Suw ýaly arassa boluň! Arassa bolmagy suwdan öwreniň. Eýsemde deňizleriň suwunyň arassa, päkdigini göreňzokmy? Oňa bir daş ýa-da kesek oklaýanyňda hem suwuň ýüzi bir pursat bulanar, ýöne dessine öňki katdyna – arassalygyna we päkligine dolanyp barar. Kimdir biri size ýürek gobsundyrjak hakly we nähak sözi aýdanynda hem birbada maňzyňyza batmasa-da, dessine tämiz niýetleriňizden ugur alyp, ol kişi barada ýaman pikir saklamaň. Kimdir biri bolmaýan ýeriňizi ýaňzytsa hem dogry düşüniň we dessine bu ýaramaz häsiýetden tämizleniň.

Suw ýaly ýuwup duruň! Diňe özüňizi däl, özgeleriň hem endik-häsiýetlerini, aýbyny, nogsanlyklaryny ýaýyp ýörmän, ýuwup geziň. Ýagşy häsiýetleriňiz bilen nusga bolup, olaryň hem has gözel häsiýetlere eýe bolmagyny gazanyň.

Suw ýaly paýhasly boluň! Görmeýärmiň, howa gyzyp ugrasa, ol buga öwrülip, asman sary beýige galar. Howa sowap ýa-da salkynlap ugradygy, gatbar-gatbar bulutlara garylyp, asman ýagmyryna öwrülip, bereket bolup, ýere iner. Hemişe ýagşy gylyk-häsiýetlere bürenip, il derdine ýaramaga çalşyň.

Suw ýaly çydamly, tutanýerli boluň! Çydamly, tutanýerli bolmagy suwdan öwreniň. Suw tolkunlarynyň dag gaýalaryna üznüksiz urulýandygyna nazar aýla! Her günde, her hepdede, her ýylda urlup durandygyna üns ber! Şeýde-şeýde ol sessiz-üýnsiz, dymma daglaryň döşünde hem öz yzyny goýýandyr. Öňüňizde bir maksat goýsaňyz, suw ýaly tutanýerli boluň, maksatlaryňyzy hasyl ediň we üstünligiň üstünde öz yzyňyzy goýuň.

Suw ýaly ugurtapyjy boluň! Ugurtapyjylygy suwdan öwreniň. Öňünden böwet çyksa, maý tapsa, suwlaryň sowlup geçýändigini, akjak ýerini özi tapýandygyny we şundan mysal alyp, her bir ýagdaýda çykalga tapyp boljakdygyny pugta belläň!

Suw ýaly pespäl boluň! Görmeýärmiň, ol al-asmana galkan bulutlardan seçelenip gelşine zeminiň çuňluklaryna siňip gidýär, ýöne ozlügini welin ýitirmeýär. Beýige galanda hem, zemine inende hem suw bolup, ýagşylyk bolup, merhemet bolup inýär. Beýige galsaňyzam, pese düşseňizem, hemişe ýagşy niýetden ugur alyň.

Suw ýaly söýgüli, näzik boluň! Her gün säher ýaşyl maýsalaryň, ýapraklaryň we daragtlaryň ýüzüni öpüp, säheriň sergin şemalyna syrygyp gaýdýan çyglary ýadyňyza salyň! Olar tebigata hem ajaýyplyk, hem terlik, hem peýda berip dur.  Şolar ýaly kalby näziklik, göwni ýumşaklyk bilen adamlaryň ýüreginden özüňe orun gözle we olaryň derdine ýarajak boluň! Suwuň bar ýerinde ýaşaýyş bardyr. Her baran ýeriňizde, gabat gelen adamlaryňyza ýaşaýyş nuryny paýlap, olary durmuşa höweslendiriň" diýipdir. Bu mysallar şägirtler üçin uly sapak bolupdyr.

# Şükür daragtynyň köki

Bir gezek danalaryň birinden "Rysgyňy zyýada edýän iň ýakyn ýol näme?" diýip soranlarynda, ol bir sözde "Şükür" diýip jogap beripdir. Bu hut şeýle bolmaly, çünki "Şükür etseňiz, size berýän nygmatlarymy has-da artdyraryn" diýen jümle bu gün on bäş asyrlyk ömri bilen adamlaryň aňyny serginledip, ýaşaýyşa, durmuşa we halal zähmete bolan höwesdir hyrujy joşuryp gelýär.

Şükür her bir ýagşylyk üçin bildirilen hoşallyk, minnetdarlyk diýmekdir. Bu, elbetde, sözüň göni manysy, emma onuň çuňňur manysy diňe diliň bilen "şükür" sözüni gaýtalamaklygy däl-de, ynsana bagyş edilen akyl, duýgy we beden agzalary bilen her nygmaty öz ýerinde, halal maksatlara laýyklykda ulanmaklygy göz öňünde tutýar. Şonda şükranalygyň düýp özeninde halal zähmetiň ýatandygy hakdaky maglumatlar, hakykatlar täsin galdyrýar. Diňe halal zähmet we halal zähmetiň şüküri rysgyň zyýada bolmagyny hasyl edýär. Taryh bir hakykaty hemişe tekrarlaýar: Halal zähmetiň hözirinden datly hiç zat ýok. Şükür daragtynyň köki halal zähmetdir.

Ýaşaýyşa nämedir bir zat bermek, eliňde baryndan eçilmek, ukybyňda baryny paýlaşmak ömre many çaýýan zatlaryň biri. Munuň üçin ýaşaýyşy, durmuşy söýmek gerek. Durmuşa çynlakaý çemeleşmeli, öňküsinden-de has gowy etmäge, gözelleşdirmäge, has ajaýyp etmäge

çalyşmaly. Ýöne muny özgeleriň hasabyna ýa-da halaldan gaýry amallar, usullar, ýollar bilen däl-de, hut öz başarnygymyz, öz yhlasymyz, öz arassa we halal zähmetimiz bilen berjaý etmeli. Hemmeleriň haýryna bolar ýaly ylgamaly.

Eger-de çekilýän zähmet, siňdirilýän yhlas, dökülýän der halal bolsa, hiç bir käriň, hünäriň ýönekeýi ýa-da pesi ýok. Mellekdir atyzlarda ýorunja orup, mal-gara bakýan, uly sürini örä çykaryp, rysgyny gazanýan, öz ýetişdiren bagyndan injirdir hurmany, pissedir badamy, zeýtundyr limony bazara çykarýan, ýa-da deňiz-derýada balyk tutýan, çölde, dagda, düzde, obada ýa şäherde, hususy ýa-da döwlet kärhanasynda, edarasynda zähmet çekýän her bir adamyň işi-amaly beýikdir. Edýän işiňe näçe halal çemeleşseň, onuň bereketi barha artyp gidýär. Eždatlarymyzyň durmuş pelsepesinde rowaç bolan bir düşünje bar: Gazanan zadyň hasabynyň köplügi däl-de, bereketiniň köplügi has zerur. Günde ýüz-müňläp gazanyp, nämä harç edenini bilmeýän adam bilen aýyna ýüz gazanyp, ine-gana iýip-içmekden daşgary aňyrsyna süýşürip bilýän adamlary deňeşdirip görüň. Şeýle mysallar durmuşda örän kän. Bereket puluň sanynyň köplüginde däl-de, halallygynda jemlenýär.

Her bir işiň başyna barlanda, bir iş ynanylanda, şony doly, kämil we halal ýol bilen bitirmek niýeti bilen girişmek eý görülýär. Ýeňil-ýelpaý gazanyp boljak ýaly görünýän käbir ters ýollara imrinmezlik, aldanmazlyk gowy. Magtymguly atamyzyň "Ýeter saňa ir-u giç ne ýazylsa kysmatda, Janyňa jepa eýläp, munça gezme hasratda, Sogap ýagşy amalda ýa jud ýagşy niýetde" diýen sözlerini tumar edinip dakynybermeli. Biz öz rysgymyzy azrak emgenip ýa-da eglenip, halal ýol bilen gazanyp bilýärkäk, howlugyp ýa-da hars urup, haram ýol bilen aljak bolmak düýbünden nädogry. Rowaýatlara görä, bir gezek hezret Aly

goňşy obadaky tanşyna hal-ahwal soraşmaga barypdyr. Bedewinden düşüpdir-de, şol ýerdäki ýaş oglanlaryň birinden öýe girip-çykýança atyny saklamagy haýyş edipdir. Hezret Aly uzagrak eglenendir-dä, wagty bilen çykmansoň, aty saklap duran oglan özüni içki pikirlerine – nebsine oýnadyp başlapdyr: "Şunça sakladym, wagty bilen çykmady. Çykansoňam, "Taňryýalkasyndan" başga zat beresi ýok. Gel, şu atyň jylawyny, uýanyny bazara eltip sataýyn-da, özüm garbak-gurbak edineýin" diýipdir. Şeýdibem Düldüliň ähli şaý-esbabyny alyp, bazar jaýyna ötägidipdir. Barybam, elindäki ähli şaý-seplerini üç dinara satypdyr.  Şondan az salym soňra hezret Aly hem öý eýesi bilen daş çykypdyr,  hoşlaşypdyr. Aty saklap duran oglana bu hyzmaty üçin üç dinar bermegi ýüregine düwüpdir. Atyň ýanyna gelse, ne oglan bar, ne-de atyň şaý-esbaby. "Men oňa aty saklandygy üçin şu üç dinary bermekçidim. Bähbit bolsun, esbabyny alyp gidipdir, oglan oňarmandyr" diýipdir. Soňra şol ýerdäki ýaş ýigdekçeleriň biriniň eline ýaňky puly tutdurypdyr-da, uýan, eýer, jylaw alyp gelmegi sargapdyr. Bulam bazara baryp, söwdalaşyp, Düldüliň hakyky öz esbabyny ýene-de üç dinara satyn alyp getiripdir... bu rowaýat şeýle söz bilen jemlenilýär: eger-de şol oglan birazajyk sabyr eden bolsa, kanagat eden bolsa, şol üç dinary halal ýol bilenem aljak ekeni, emma nebsine uýup, ogurlyk edip, haram ýol bilen gazandy...

Ömrüň manysyna öwrüljek beýik maksatlar üçin irginsiz, üznüksiz yhlas etmek, zähmet çekmek halanylýan häsiýet. Iş arasynda käýarym demiňi dürsemek, täzeden gurbatlanmak, dynç almak üçin wagtal-wagtal böwşeňlik berip bolar, emma öte rahatlyga ýesir bolmak ýa-da hiç zat etmän, öňüňde anyk bir maksat goýman, bikär oturmak hiç oňlanylmandyr.  Halal zähmet   hakyky bagty oýarmagyň iň ygtybarly, belki ýeke-täk ýoludyr. Biziň elimizdäki tylla balygam, altyn açarjygam, jadyly sözlerem – bularyň ählisi öz zähmetimiz.  Adama arzuw, guşa ga-

nat, ata aýak, balyga ýüzgüç näderejede gerek bolsa, arzuwlarymyzyň şineläp, hasyla durmagy üçin oňa halal zähmetem zerur. Haýsydyr bir kär, iş, amal bilen meşgullanmak ýoňsuzlyklardan we ýolsuzlyklardan özüňi goramagyň netijeli ýoly. Ähli ünsüni çekýän zähmetine, döredýän eserine berýän adam bimany hereketlerden, gabahat amallardan daşda durýar. Işsizlik, zähmet çekmezlik, haýyr işe ýaltanmaklyk mesele yzyna müşgillik, dert yzyna dert getirer. Ne süňňüň, ne aňyň işleýär. Göwün edýän zadyň ugrunda çalyşmak, pikir edýän zatlaryňy hasyl etmäge dyrjaşmak, daş-töwerekdäki mümkinçiliklerden peýdalanyp, halal zähmet çekmek – ynsany arzuwyndan beýik ajaýyp durmuşa ýetirýän zatlar. Ata-baba aýdylýan "Bereket hereketde" diýen söz müň mertebe mamla. Bir gezek pygamberimiz sahabalarynyň biri bilen uzak ýola düşüpdir. Birnäçe menzil aşanlaryndan soň, ýoluň gyrasynda hiç zada güýmenmän, gelene-geçene syn edip oturan bir adama gabat gelipdirler. Pygamberimiz oňa salam bermän, duşundan ötüp gidiberipdir. Şol ýol bilen gaýdyşyn yzlaryna gelýärkäler, ýaňky adam eline bir çöp alyp, ýer dyrmalap, nämedir bir zadyň suratyny, çyzgysyny çekip oturan eken. Pygamberimiziň ýüzi ýagtylyp gidipdir. Onuň ýanyna baryp, salam beripdir, hal-ahwal sorapdyr, oňa ýagşy dilegler edipdir. Soňrak sahaba Pygamberimizden bu ahwalatyň sebäbini sorapdyr: irden geçenimizde-de şol adam şu ýerde otyrdy, emma oňa salam bermediňiz, bu wagt bolsa, güler ýüz bilen hal-ahwal soraşdyňyz? – diýipdir. "Irden geçip barýarkak, ol hiç zat etmän, hiç zada meşgul bolman, boş, bikär otyrdy. Bu wagt bolsa nämedir bir zada güýmenip, işläp otyr. Wagtyny manyly geçirýär. Her herekede bereket bardyr" diýip, jogap beipdir.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda ýaşlara terbiýe bermek, olary ilhalar, belent ahlakly, watansöýüji, ukyp-başarnykly adamlar edip ýetişdirmek barada yzygider alada edilýär. Bu beýik işleriň miwesini biz

gündelik durmuşymyzda has aýdyň görýäris. Durmuş ýolunda üstünliklere gyzygýan, ýokary galmaklyga, kämilliklere ymtylýan her bir adam maksadyna ýetmek üçin diňe halallyga, halal zähmete per bermegi gerek. Döwrümiziň döreden mümkinçilikleri arkaly üstünlikler, şowlulyklar bilen bezelen durmuş ýollarynda maksatly hereket etmegimiz il-ýurt, halk, Watan üçin güýjümizde baryny bermäge, Watanyň bildirýän ynamyny ödemäge şert döreder. Halal zähmet her bir adamyň zynaty, bezegi. Bilegiňe güýç berip, ýüzüňe nur çaýýanam, süňňüňi taplap, saglyk paýyny bol berýänem, alysy ýakyn edip, ýoluňa ýagty saçýanam halal zähmetdir.

59

# Tebigat mukamy

Her gezek çeşmäniň boýuny syryp, tebigaty synlap, gezim edýän mahalym, töweregine agtyklaryny üýşürip, olary täsin gürrüňlerden gandyrýan bu ýaşulyny ilkinji gezek görşüm däl. Şildiräp akyşy guşgumrularyň sesi bilen utgaşyp, täsin owaz çykarýan bu çeşmäniň güzerinde, ýörite gurnalan teläriň astynda mesawy durmuş söhbetlerine hemra bolmagyň neneňsi rahatlyk bagyşlaýandygy her kese mälim. Tanyş ýüzler hemişe ýürege yssy görünýär. Şonuň üçin olaryň söz-söhbetlerini hem kalba juda ýakyn saýýaryn. Men edähet boýunça olar bilen birme-bir elleşip, hal-ahwal soraşdym. Ýaşuly durmuşyň her pursatyndan bir mysal alyp, töweregindäki çagalara ýüzlenerdi: "Çagalar, hany aýdyň, türkmenlerde salamlaşmak edebi nähili berjaý edilýär?". Biri-birinden öňürtjek bolup, her ýerden eşidilýän çaga seslerindäki ynamy duýmak kyn daldi: "Märekede sagat diliniň tersine aýlanyp salamlaşylýar. Az adam köplüge salam bermeli. Atly pyýada, pyýada oturan adama salam bermeli". "Tüweleme, berekella, siz şu gidişiňize gitseňiz, basym mendenem ökde bolarsyňyz" diýip, ýaşuly degişdi. Her ýerden eşidilýän jykyr-jykyr gülküler munuň jogaby bolup ýaňlandy. Men çagalaryň gapdalynda çöke düşüp oturýaryn. Sebäbi bu meniň öwrenişen ýerim. Üstesine-de, men bu owadan dünýäniň diňleýjisi. Ýaşyň näçedigine garamazdan, öwrenmeli we özleşdirmeli zatlaryň, gaýtalamaly zatlaryň ummasyzdygy serimden aýrylanok. "Çagalaryň

ünsüni bölen däldirin-dä” terzindäki müýnli bakyşlaryma, ýaşulynyň jogaby nagt boldy: “Tüýs wagtynda geldiň. Gürrüň ýaňy gyzyşyp başlady. Biz bu gün daş-töweregimizi gurşap alan tebigat we onuň bilen sazlaşykda ýaşamak hakda söhbet edip otyrdyk” diýdi.

Durmuş tejribesi ýetik ýaşulylary diňlemek örän täsirli. Olar hiç bir kitaba ýazylmadyk wakalaryň hem şaýady we uly hazynasy. Okalan we görlen zatlary biri-biri bilen baglanyşdyryp, gürrüňi has berkidişleri dagyn suhangöýlük sungatynda bir ussatlyk. “Tebigat ilki başda hem şeýle bir owadan, gözel ýaradylypdyr. Zeminiň her künjegi bahar möwsüminiň çemenzarlyklary deýin juda görkli ekeni. Astynda suwlar akyp duran daragtlar guş-gumrularyň gonalgasy bolsa, akar suwly, ýaýbaň sähraýy giňişlikler janly-jandarlaryň otlagy we awlagy bolupdyr. Ýöne, bir gün tebigatyň içi gysypdyr. Ol öz gözelligine dogry baha berip biljek, özüne çyndan aşyk boljak birine hyrydar ekeni. Bu pikirler ony otdan alyp, suwa salypdyr. Birmahalky ter gül gunçalary sowsan reňki deýin solupdyr. Ençeme ýyllap bir durkuna dowam eden tebigat dört hili öwsüp durana öwrülipdir. Emma, haýsy ýagdaýa ulaşsa-da, tebigat her pasyla muwapyk, her möwsüme gelşip duran bir görnüşi, özüne çekijiligi peýda edip bilýän ekeni. Ahyry tebigatyň bu gözelligini çyndan söýüp biljek Ynsan dünýä inipdir. Tebigat bu Ynsanyň kemala gelmegi, özüni bagtly duýmagy üçin bir ýylda dört dürli öwüsmäge hem taýyn ekeni. Diňe, birje maksady – özüni söýüp ýaşamagyny isläpdir. Ana, şondan bärem, kim tebigaty jandan-tenden söýüp, bu söýgüsine mynasyp hereket etse, tebigatam oňa öz nygmatlaryny bolluk bilen eçilipdir. Bu, tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak diýmekdir”.

“Ata, bagtly bolmak üçin diňe tebigaty söýmek ýeterlikmi?” diýip, ýaşulynyň dyzyna ýassanyp oturan çagajyk dillendi.

“Hawa, diňe söýmek ýeterlik. Ýöne, “söýmek” diýmek, diňe dil ujundan ýaňzydyp oňmak däldir. Munuň üçin ynsan tebigatyň talaplaryna, isleglerine, kanunlaryna laýyk hereket etmäge çalyşmaly”. “Bu örän kyn bolaýmasa, men-ä näme etmelidiginem bilemok” diýip,  ýaňky çaga ýeserje gözlerini oýnadyp sorady. Onuň gözlerindäki uçgunlar ugruny bilse, tebigaty söýmegiň ýoluny dowam etjekdigini buşlaýardy. “Munuň hiç hili kynçylygy ýok” diýip, ýaşuly körpesiniň başyny sypalap, gürrüňine dowam etdi: “Ata-babalarymyzyň durmuşy tebigat bilen sazlaşykly ýaşamak esasynda gurnalan. Körpelikden aňymyza guýulýan düşünjeler hem şol mekdebiň sapaklary. Akar suwa hapa-haşal zatlary oklamazlyk, ösüp oturan daragtlaryň pür-pudagyny döwmezlik, gök öwsüp oturan ekinleri basgylamazlyk, bişmedik miwäni ýolmazlyk, it-guşa, janly-jandara ezýet bermezlik, topragy-ýoly harlamazlyk ýaly düşünjelere, talaplara eýerip bilsek, bu eýýäm, tebigat babatda biziň köp işleriň hötdesinden gelýändigimizi görkezýär. Biziň özümizi alyp barşymyzda kimdir biriniň göwnüni ýykjak, ony öýkeletjek häsiýetler bolmaly däldir. Bu ynsan babatynda hem, tebigat babatynda hem hut şeýle.  Hany, oýlanyp görüň, eger-de biz şu çeşmäniň güzerinde süýji-süýji söhbetler edip, soňam bu ýerde iýip-içen zatlarymyzy şu ýerde taşlap gitsek, töweregiň arassalygyna üns bermesek, soň şu ýerler şu wagtkysy ýaly owadan görnermi?” diýip, ýaşuly hemmämize soragly nazaryny dikdi. “Ýok, owadan görünmez, hatda indiki gezek hapa ýerlere özümiziňem barasymyz gelmez” diýip, çagalar dürli ýerden jedirdeşdiler. Maňa hem çagalaryň pikirini tassyklamak galdy. “Onsoňam, ata-babalarymyz adam balasynyň başga ýerlerdäki hereketine seredip, onuň ruhy dünýäsiniň gözelligini kesgitlär ekenler. Eger-de, tebigatyň bir ýerinde dynç alanda, gezelenç edende, ýa-da ýöne ýöräp geçende hem iliň oňlamajak hereketini etse, tebigaty harlasa, hapalasa, çeşme-çaýlaryň, derýa-bulaklaryň, akar ýaplaryň ýa-da

deňiz ýakasynyň suwlaryna hapa taşlasa, aslyşyp-aslyşyp daragtlaryň pür-pudagyny, dallaryny döwse, bu onuň ruhunyň sökeldigini, nogsanlydygyny görkezýär diýipdirler. Üstesine, öz öýüňde etmeýän hereketleriňi tebigata çykanyňda hem etmeli däldir. Öýüň törüne, bosagasyna, howlusyna bir hapa taşlamaýan bolsaň, tebigatda hem bir hapa galdyrma. Çünki, tebigat adamzadyň bir bitewi öýüdir". Ýaşulynyň tebigat hakdaky söhbetleri ähli mizi özüne kökerdi goýdy. "Älemde bar bolan ähli zatlar nähilidir bir usul bilen birek-birege täsir edýär. Tebigatyň şu ýerinde bir sazlaşyk bozulsa, onuň başga ýerindäki ýagdaýynda hem bir näsazlyk peýda bolarmyşyn. Üstesine, tebigata biparh garaýan adamlar hiç wagt göwün ynjalygyna gowuşmaz diýilýär. Öz öýüni arassa saklaýan her bir ynsan daş-töwereginiň, tebigatyň arassalygyna hem şeýle jogapkär garamagy gerek. Çünki, özüne aşykdygyny bilende, söýgüsine sadykdygyny bilende, öz hereketleri bilen tebigaty söýýändigini subut edende, tebigat ol ynsana naz-nygmatlary, bereketleri bol-bol eçiler..". Ünsli okuwçy ýaly bolup, täsirli söhbetleri soňuna çenli diňledim. Mahal-mahal ýaşulylaryň ýanyna baryp, özümizi şeýle gürrüňler bilen gaýtadan ýonup durmalydygymyz serime doldy. Gaýdyşyn ýene-de şol çeşmäniň boýuny syryp, yzyma köwlendim. Arassa, dury suwly çeşmäniň şildireýşi tebigat bilen ynsanyň özara sazlaşygy hakyndaky bir mukama hiňlenýän ýalydy. Aslynda men, ýaşulynyň tebigat hakdaky söhbetleriniň özüni durmuş simfoniasynyň bir notasy hasaplapdym.

# Täze sözlem

Diliň düzgün-kadasyna laýyklykda, nokatdan soň elmydama täze sözlem başlaýar. Özi hem baş harp bilen ýazylýar. Öňki jümläniň dowamaty ýaly görünse-de, täze sözler täze dünýä. Ol öňki sözlemiň manysyny berkidýär, mańzyny goýaldýar. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda paýtagtymyzda geçirlen nobatdan daşary Halk maslahaty türkmen ykbalynyň we dünýä taryhynyň ýüzüne hut şunuň ýaly täze sözleri ýazdy. Bu sözler biziň ykbalymyzyň gönezligi, geljegimiziň maýasy, bagtyýarlygymyzyň kepilidir. Bu sözler arkamyza pena, öňümize şamçyragdyr. Daýanmaga direg, galkynmaga ganatdyr. Türkmen agzybirligini, döwletliligini ýene bir gezek äleme aýan eden halatdyr.  Düýnki maslahatdan soňra durmuşyň täze gapysynyň giňden açylandygyna anyk göz ýetirýärsiň. Döwlet binýädyny berkden tutmak, öz milliligiňi ýitirmezden, dünýä jemgyýetçiligine goşulyp ýaşamak üçin döwletiň baş kanuny bolan Konstitusiýamyza girizilen üýtgetmeler şeýle diýmäge doly esas berýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda özbaşdak ýaşamaklyga uýgunlaşan türkmen jemgyýeti we durmuş ýollarynyň tejribesi, geçen sanlyja ýyllaryň beren sapagy we görkezen netijesi biziň baş Kanunymyza üýtgetmeler girizmegiň zerurdygyny ýüze çykardy. Geljegiň talap edýän zerurlygyna gün gijikdirmän, gaýra goýman akyl ýetirmek hökmany zat. Hormatly Prezidentimiziň ýiti paýhasy bilen bu möhüm mesele halk köpçüliginde hem ara alnyp maslahatlaşyldy. Met-

bugat sahypalarynda, radio-teleýaýlymlarda Konstitusiýamyza girizilmegi göz öňünde tutulýan üýtgetmeler hakda gyzykly pikir alyşmalar, söhbetdeşlikler geçirildi. Hormatly Prezidentimiziň öňdengörüjiliki akyl-ukyby, tutanýerliligi, beýiklik babatda her kese nusgalygy ýaşuly pederleriň we maksada okgunly nesilleriň durmuş tejribesinden toplanan pikirlere gönezlik boldy – nobatdan daşary Halk maslahatynda halk paýhasynyň gaýmagy süzülip alyndy. Ol biziň rejelenen we üsti ýetirlen, kämil röwüşde taýyn edilen Baş kanunymyzdyr. Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda kabul edilen bu Kanun – raýatyň döwlet tarapyndan ykrar edilen ykbalydyr. Çünki „Döwlet halk üçindir" diýýän Hormatly Prezidentimiziň her bir döwletli tutumynyň astynda mähriban halkynyň aladasy ýatyr. Kanuny kämil jemgyýet uzak ýaşaýar. Agzybirlik we bol-telkilik rowaç alýar. Hormatly Prezidentimiziň bu maslahatda eden çykyşy, aýdan her bir sözi, kabul eden kararlary ýürekleriň törüne ornady. Ol daglaryň ýüzüne sünnälenip salynmaly mizemez nagyşdyr. Çünki anyk we adyl kanuny bolan döwlet durmuşyň ähli pursatyna kybap ösýär, döwrüň talabyna görä jemgyýetiň ösüşini oňyn tarapa özgertmäge ukyply bolýar. Bu maslahatyň kararlary döwlet gurluşyny kämil röwüşe getirdi. Beýle diýildigi, türkmen ojagyna siňjek bereketň mundan bu ýana-da zyýada boljakdygyny aňladýar.

Mübärek Remezan aýynda geçirlen bu maslahatda Hak nazary düşen Hormatly Prezidentimiz ýene bir uly karara gol çekdi. Azatlykdan mahrum edilen we iş kesilen adamlaryň birnäçesiniň günäsi geçildi. Gadyr gijesiniň şatlygyny goşalandyrjak, didara zar dideleriň intizarlygyny gandyrjak, mähre maýyl ojaklaryň ýylysyny artdyrjak bu ýagşylyk  Hormatly Prezidentimiziň beýik sahawatydyr. Ol ömründe säwlik goýberen, hata iş eden adamlaryň ökünçden ahmyrdan doly tutuksy geçmişine nokat goýup, durmuşyň täze gapysyny - düýbünden ar-

assa we täze sahypany açyp bermegidir. Durmuşdaky her bir nokat täze başlangyçlara pursatdyr. Durmuşdaky her bir säginme we sahawat bilen ýalkanma, indiki üstünliklere badalgadyr. Mundan bu ýana ömrüň ol sahypalaryny halal zähmetleri, Watana, halka, Prezidente bolan söýgüleri bilen ödemek parzdyr.

Hawa, bu güni geçen günler dek sanmaly däl. Ertiri şu gün ýaly göz öňüne getirmeli däl. Yhlas bilen zähmet çekip, diňe gowulyklara garaşyp ýaşamak kämillige iterýän häsiýet. Üstesine-de muňa ýeterlik esas bar.

Adam uly işiň hötdesinden gelip, her zady abraý bilen bitirende uludan demini alýar. Bu ýetilen maksadyň, gazanylan rahatlygyň, ýagty ertire bolan ynamyň, hoş güne buşlugyň alamaty. Sarsmaz döwletimiz, mäkäm özenli kanunymyz barka, bagtyň özüniň bu diýarlarda adam bolup ýaşasy gelmegi geň zat däldir. Köňli birligiň, jebisligiň, adyllygyň höküm sürýän ülkesinde başgaça bolubam bilmez.

61

# Tylla şelpeleriň şyňňyrdysy

## ýa-da ses terapiýasy

Bu täsiri başdan geçirenime ep-esli wagt boldy. Ondan bäri köpsanly toýlar, baýramlar, dabaralar sowuldy. Ýörän ýollarymda, gezen ýerlerimde, eşden pursatlarymda şoňa dahylly bir zadyň üstünden barsam,  dessine onuň jadyly dünýäsinde gaýmalap başlaýaryn. Ony duýýan pursadyň, ruhubelentlik asmanynda göwün perleri giňden ýaýylýar. Her gezek aýratyn üns berdigiňçe hem onuň hakykaty has aýdyň ýüze çykýan eken.

Şol gün işe gelenimde, stolumyň üstünde Türkmenistanyň Milli medeniýet merkeziniň "Mukamlar" köşgünde bolýan konserte çakylyk durdy. Ýurdumyzyň sungat ussatlary daşary ýurtdan gelen myhmanlaryň öňünde çykyş edýärdiler. Ilkinji çykyş – egni şaý-seplerden mazaly bezelen milli lybasly türkmen gyzlarynyň ýerine ýetiren tansy. Tebigatda bar bolan ähli reňkleri olaryň egninde görmek mümkindi. Gopuzyň sazyna eda bilen ýörmeläp, birgeňsi sazlaşykly hereketleri bilen tomaşaçyny özüne kökerýän tans ussatlary gaýry saz ýa-da söz bolmazdan sungatyň dilinde ýüzlenýärdiler. Dykgat etseň, bu hereketlerden gaty köp manyny okap bolýardy. Adamlar köplenç "Ilki bilen söz döräpdir" diýýärler, emma Gündogarda "Sözden öňürti hereket döräpdir" diýilýär. Bir wagtlar adam tebigat bilen gürleşmek

islände, tans eder eken. Ol ýüreginiň duýgusyny, pikirini, arzyny sözlemezden, süňňüniň hereketleri bilen öz dünýäsini tebigata açar eken. Tebigatam bu hereketlere düşünip, şoňa görä gopupdyr. Şeýdibem, ynsan tebigat bilen  düşünip bilmegiň, gürleşip bilmegiň sazlaşykly usulyny tapypdyr. Ýogsam-da, hiç hili söz bilmeýän leglеklerdir guş-gumrularyň tansy hem şol ahyry... Biz bu wagt türkmen gyzlarynyň tansyna tomaşa edip,  sungatyň adama edýän melhemlik täsirine çümüp otyrdyk. Olaryň eginlerindäki milli şaý-sepleriň, şelpeleriň bir enaýy, täsin şyňňyrdysyndan başga ses, owaz eşdilmeýärdi. “Şelpeleriň şyňňyrdysyna üns berýärmiň?” diýip, ýanymda oturan myhman pyşyrdady – “Munuň täsindigine seretsene. Bu ses ruhuňy bejerýär”. Menem şol haldadym, bu sese gudrat diýmesemem, hakyky täsinlik diýip biljek. Ynsanyň ruhuna täsir edýän melhemlik zatlaryň arasynda aglaba söz bilen saza köp üns berilýär, emma bu ýerde sözem ýok, sazam ýok, diňe ses bar. Diňe owaz bar. Ol sesler tebigy owazlardy. Käteler şelpeleriň sazlaşykly hereketi şildiräp akýan suw sesini ýatlatsa, ýene bir pursatda göwnüňi göterýän sesler bilen gurşaýardy. Durşuna täsinlikdi. Konsertiň bütin dowamynda, hat-da şondan soň hem sesiň ynsan ruhuna edýän täsirine bolan gyzyklanmam barha örňedi gitdi. Gelin-gyzlarymyzyň şaý-sepleriniň şelpeli sesi saz bilen utgaşyp, tansyň üsti arkaly tomaşaçylara ruhy lezzet paýlaýardy. Öýe gelip, ses we onuň melhemlik güýji hakda ýazylan ylmy kitaplary agtaryp başladym. Geň-täsin maglumatlar, günde duýulsa-da, aýratyn üns berilmeýän hakykatlar hakda söz açylýardy. Her okan zadymy öz halkymyzda dowam edip gelýän düşünjeler, ylmy garaýyşlar, däp-dessurlar ýa-da gündelik wakalar bilen deňeşdirýärdim. Ahyrynda, gelen netijäm şu boldy: maglumatlary ilkinji gezek okaýandygyň üçin täzelik hökmünde kabul etmeseň, bularyň ählisi biziň taryhymyzda bar zatlar eken. Ol ýerde aýdylýan

zatlar hemmämize aýan hakykat, ýöne köpümiz üns bermeýän bolmaly.

Sözden, sazdan öňürti sesiň bir özi adam ýüregine täsir edip bilýär. Sesleriň saglyga täsiri, ähmiýetli peýdasy hakda ýörite ylmy derňewler edilen. Munuň hakykatyny her birimiz özümizde hem duýýarys. Saz gurallarynyň, dürli enjamlaryň, şaý-sepleriň, guş-gumrularyň we adamlaryň sesi. Bulary ýene görnüşlere bölüp, sanawyny uzaldyp hem bolýar. Maksat – sesiň ruha bolan täsirini aýdyňlamak. Adamlar babatynda alanymyzda bir hakykat bilen ählimiz ýüzbe-ýüz. Käbir adamlaryň sesiniň hiç wagt gulakdan gitmeýändigine, hemişe özüne çekip duran bir içki täsinliginiň, jadysynyň bardygyna göz ýetirip bolýar. Käbir adamlar bar, söhbetdeş boldugyň, gaýta-gaýta sesini küýseýäň. Şeýle adamlaryň sesi melhem, onsoň ýürege ornaýan manyly jümleler diline dolaşsa, bu täsiriň barha artjakdygy düşnükli. Eger sesi, sözi saza goşsaň, onda hakyky kämilligiň, uzlugyň peýda boljakdygyny Magtymgulynyň sözlerinden biläýmeli. Aňyňa ynjalyk, süňňüňe dynç bermekde şeýle adamlaryň sesi melhemlik täsire eýe. Ýa-da ýurdumyzda gurulýan medeni-dynç alyş maksatly ýerlerde, seýilgählerde şeýle täsiri has ýiti duýup bolýar. Suw çüwdürimleriniň sesi iň rahatlandyryjy serişde hökmünde ýatlanylýar. Sähel şemala ygşyldaýan maýsalaryň ýa-da ýapraklaryň diline düşünmesegem, ol sesleriň täsirini ýüregimiz bilen duýýarys. Şol sebäpden seýilgähleriň adam saglygy üçin iň ähmiýetli zatlary özünde jemleýändigini unutmaly däldiris.

Sazyň, aýdymyň sesine gelsek, onda bu aýratyn bir dünýä. Sözüň, sazyň, sesiň utgaşygy hiç wagt täsirini ýitirmeýän melhem. Eger-de täsinligi we täsirliligi babatda ilkinji nobatda öňe sürülmeli bolsa, onda bu üçüsiniň ornuny tutjak zat tapylmaz. Ginnesiň rekordlar kitabyna girmese-de, olar hiç wagt täsinligini ýitirmeýän gudrat. Nobel baýragy

berilmese-de, olar iň çuňňur (heniz syry doly çöşlenmedik) ylym. Türkmen aýdym-sazlarynyň dermanlyk, melhemlik täsiri has köp. Aslynda türkmen aýdym-sazlary hut şol esasda gurnalan. Mundan müň ýyl ozal ýaşap geçen abraýly pederlerimiziň biri Abu Nasr al-Farabynyň ylmy garaýyşlary, oýlap tapan saz gurallary, öňe süren pikirleri hem şol hakykaty tassyklaýar. Sazyň, sesiň üsti bilen ýürege täsir edip bolýandygy, birnäçe keselleri bejerip bolýandygy ýaňzydylýar. Esasanam, ruhy dartgynlylyk, göwniçökgünlik ýagdaýlarynda, gyzamyk, garamyk ýaly kesellerde onuň peýdasy has äşgär duýulýar. Ussat alymyň pikirine görä, ynsan süňňünde ýaňy ýüz berip başlan islendik keseli hem sazyň üsti bilen bejermek mümkin. Al-Farabynyň oýlap tapan kanon, sanaç, rubab ýaly saz gurallarynyň her biri hem şol maksada niýetlenen. Bu gurallara başgaça, lukmançylyk abzallary hökmünde hem garalypdyr. Alymyň sesiň täsirine şeýle ýokary derejede ähmiýet bermeginiň syry nämede? Ses – tolkun. Sesiň ýaýraw tolkuny ýürek urşuna laýyk gelse, onuň işjeňligini kadalaşdyrýar. Şonuň üçin biziň ýürek urgumyza laýyk gelýän islendik ses bize örän ýakymly eşdilýär. Bezeg üçin sünnälenen şelpeleriň zynatdan daşary sazlaşykly şyňňyrdysy, dürli hörpden gopýan aýdym-sazlaryň owazy, adamlaryň mahmal towuşly sesi keýpiňi çaglaýan serişde. Olar ýüregiň işjeňlik ýagdaýyna täsir edýär. Ruhubelentligiňi göterip, joşguna gaplaýar. Irkilen näzik duýgulary, mymyk arzuwlary oýarýar. Göwünler güýç-gurbuna gelýär. Gujurlar ýigdelýär. Ynsan durmuşyň özüne tarap açylan gapylaryny görüp başlaýar, ýogsam alada-hysyrdylar bilen başagaý bolup ýörşümize, daştöweregimizdäki abadançylyklary we mümkinçilikleri käteler gözden salaýmamyz bar.

Hemme adama deň derejede täsir edýän aýdym-sazlar, sesler, owazlar bar, şeýle hem käbir adamlara aýratyn täsir edýän owazlar bar. Haýsy mukamyň, sazyň, sesiň ýa-da owazyň öz ýüregiňe laýykdygyny

kesgitlemek we durmuşa ynamly, joşgunly çemeleşmek isleseň, adamlar bilen didarlaşmak, söhbetdeş bolmak, aýdym-sazlary diňlemek maslahat berilýär. Döredijilik adamlary bilen duşuşyklarda, ýa-da öz iş orunlarymyzda, işdeş, deň-duş ýoldaşlarymyzda, tanyş-bilişlerimizde şu hakykata aýratyn üns bermesegem, ählimiz munuň bilen ýüzbe-ýüzdüris. Ýurdumyzda geçirilýän dabaralaryň aýdym-sazly, hoş owazly we joşgunly gurnalmagy, ilkinji nobatda, biziň sagdynlygymyz üçin tapylgysyz hazyna. Halkyň saglygy üçin gönderilýän baýlyk. Ol ýerde diňleýän seslerimiz, owazlarymyz bizi bir gez ýokary galkyndyrýar. Sebäbi ol ýerde sazlaşykly ses bar. Sesiň, sözüň, sazyň utgaşykly ýerinde bolsa bu ýagdaý has aýdyň duýulýar. Şonuň üçin ruhy sagdynlygy üpjün etmek we bu zatlary janyň-teniň bilen syzmagyň üçin aýdym-sazly, dabaraly çärelere gatnaşmagyň, görmegiň, diňlemegiň gerek. Bu düşünjäniň halkymyzyň däp-dessuryna mäkäm siňip gidenligi hem haýran galdyrýar. Hat-da gelin-gyzlarymyzyň dakynýan şeýle şaýseplerinden, şelpelerinden şonuň ýaly jadyly mukam, owaz ýokary göterilýän bolsa, onda ata-babalarymyzyň olary bezemeklerinde diňe bir gözelligiň däl, eýsem sungatyň, sagdynlygyň, melhemligiň hem syryna göz ýetirendiklerini kesgitläp bolar. Ýanyňdan ýöräp geçende ýa-da ör turanda, şonuň ýaly sesler ýaňlanyp dursa, ýüregiň belentden gopjagy, sagdyn boljagy gelip çykýan netije. Halkymyzyň milli mirasynyň uly baýlyklara eýedigini tekrarlaýan hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda geçirilýän her bir dabaranyň aýdym-sazly, şowhunly gurnalmagy üçin ähli mümkinçilikleri döredýär. Milli mirasymyzda bar bolan gymmatlyklary ylmy esasda öwrenip, olary döwrebap röwüşde ösdürmelidigini we şol esasynda watançy, rurhubelent, maksada okgunly nesilleri terbiýelemelidigini tabşyrýar. Bu bolsa milletiň sagdynlygyna gönükdirilen ymgyr çuň manyly aladanyň aýdyň alamatydyr.

Mundan öň hem her notasyna jady siňen türkmen aýdym-sazlaryny, tans owazlaryny, ýakymly sesleri diňläp görüpdim. Ýöne, tylla şelpeleriň bu gezekki şyňňyrdysy sesiň adam ruhuna edýän täsirini öwrenmegime, ol bolsa öz gezeginde hormatly Prezidentimiziň bu sungatyň ösdürilmegine siňdirýän abyrsyz zähmetiniň aňyrsynda halkyň ruhy hal-ýagdaýyny gowulandyrmak hakyndaky beýik hakykatynyň ýatandygyna ýene bir ýola göz ýetirmegimize sebäp döretdi.

# Ylym - mertebeli menziller

Ylym – hasylyny çöpläp bolýan ekin, hoşasyny ýygnap bolýan galla, miwesini ýolup bolýan daragtdyr, emma ol peýwagtyna ösýän düme ekini däldir.

Ylym – deňizleriň düýbündäki dür, gumlaryň astyndaky hazyna, daglaryň gursagyndaky göwherdir, ýöne ol aňsat gazanylýan genç däldir.

Ylym – beýiklige göterýän basgançak, maksada ýakynlaşdyrýan mümkinçilik, menzillere eltýän ýoldur, ýöne ol ýadawsyz ötülýän ýol däldir.

Ylym aňsat zat bolsa, onuň arzysy hem bolmazdy. Ýeňil gazanyp bolýan bolsa, oňa gymmatlyk hem diýmezdiler. Gadyr gözi bilen hem bakmazdylar.

***

Dinleriniň, döwürleriniň, däp-dessurlarynyň dürlüdigine garamazdan ähli halklar şu dört häsiýeti taryplaýarlar: ylym, takwalyk (halallyk, päklik), haýyr-yhsan we amanata wepalylyk (ygrarlylyk).

***

Gündizleriň ýagtylygy üçin Gün, gijeleriň zynaty üçin Aý, zemine basalyk bolmagy üçin dag, topragyň ganmagy we gök giýalaryň göger-

megi üçin suw näderejede gerekli bolsa, ynsan we döwlet ykbaly üçin ylym hem şol derejede mertebelidir.

***

Ylyma daýanmaýan barlyk ýa-da ýagdaý ýok. Bolan we bolup geçýän her bir hadysanyň, wakanyň düýbüne göz ýetirip, seljerilmegi üçinem ylym gerek. Geljegi öňünden görüp bilmek we oňa maksatly hem-de taýýarlykly barmak üçin hem ylym gerek.

***

Hat-da ýere örküni baglan daýhanam, suwdan kesbini gazanýan mirabam, malyň ýagdaýyny bilýän çopandyr padymanam, harydyny özi öndürýän hususyýetçi hem, alyp-satýan söwdagärem nähilidir bir derejede üşügi, ylmy, bilimi bolmazdan, bir ýana gymyldap bilmez.

***

Ylym goruň näçe köp boldugyça, dünýägaraýşyňam, ussatlygyňam artyp gidýär. Özüňe, töweregiňe we ertiriňe bolan ynam berkeýär. Ynamyň bar ýerinde bolsa müşgillik galmaýar. Ylymyň bar ýerinde bolsa köpleriň ikirjiňlenýän, iňkise gidýän, käteler öte geçip müňkür bolýan häsiýetlerinden, yhlasy bökdeýän ýaramaz hyýallaryndan saplanyp bolýar.

***

Hat-da adam öz ylymy bilen perişdelerden hem ýokarda goýlupdyr.

***

Haýsydyr bir ertekini, rowaýaty, kyssany, hekaýaty açyp göräýiň, eger ol ýerde ylym bilen baýlygyň, ylym bilen bagtyýarlygyň, ylym bilen hökmürowanlygyň arasyndan haýsy hem bolsa birini saýlap al-

mak ündelýän bolsa, ylymy saýlap alan elmydama utýandyr, çünki ylymyň üsti bilen bu beýleki zatlary gazanyp bolýar.

***

Adam ata ýa Hydyr ata bolsun, dünýäni gämide seýr eden Nuh ýada ynsa-jyna höküm eden Süleýman bolsun - olaryň ähli si ylymy ileri tutandyrlar. Ylym bu edil Musanyň hasasy, Isanyň demi, Muhammediň mugjyzasy ýaly keramatly, gudratly, täsirli bir zatdyr. “Ylym öwrenmek her bir imanla parzdyr”.

***

Halkymyzyň bir edähedi, däbi, dessury bar: Türkmen özüniň aýratynlyklara öwrülen adatlaryny, däp-dessuryny uly toý edip belleýär. Baýrama öwürýär. Türkmen ylmynyň howandary hormatly Prezidentimiziň ýörite karary esasynda şeýle mertebä eýe bolan täze we asylly baýramlarymyzyň biri hem Ylymlar günüdir.

***

Ylymlylyk türkmene mahsus häsiýetleriň biri, ýöne her bir asylly, gerekli zat bir gözbaşdan ugur alyp, bir maksada syrygsa, gelýän hasylam, gazanylýan netije-de göwnejaý bolýar. Hut şonuň üçin hem döwletimiziň ösüşine ýardam berýän ähli ylmy ugurlary bir maksada gönükdirmek, olaryň özara baglanyşygyny göz öňünde tutup, ylmy taslamalary işläp düzmegiň, durmuşa ornaşdyrmagyň utgaşykly we sazlaşykly ýoluny saýlap almak we türkmen jemgyýetini ylymly, bilimli etmek maksady bilen, hormatly Prezidentimiz bu ugurda köpsanly sogaply amallary ýola goýdy.

***

Ylym sabyrlylygyňy synaýan, ilki erjelligi, berlenligi talap edýän we ymykly taplaýan gudratdyr.  Ol bir zada uzak dümtünip oturmagy halamaýan, çuňňur aralaşmakdan çekinýän we derrew hem-de desbi-dähel "ylymly" bolasy gelýän adamlaryň göterjek ýüki, aşjak menzili, hasyl etjek maksady däldir.

***

Ylym mertleriň, özüne ynamy bolanlaryň ýöreýän ýoludyr.  Yhlasy baryň başaryp bilmejek zady hem däldir. Ýol ýöremegiň, menzil aşmagyň we maksada ýetmegiň özüne mahsus usulyny tapyp, edebini, düzgünini özleşdirmek bilen sepgide ýetip bolýar.

***

Berkarar döwletimizde ylymy ösdürmegiň anyk we aýdyň ýoly bar. Nesil akymyny şol ýola gönükdirip bilmek, göwünleri gowy zada höweslendirip bilmek, ösüşiň täze ýoluny tapyp bilmek beýiklikden, öňdengörüjilikden nyşan. Milli Liderimiziň türkmen ylmynyň ösmegi, ganatlanmagy we galkmagy üçin saýlap beren ýoly  aýdyňdyr, döreden mümkinçilikleri örän uludyr. Şeýle mümkinçilikleriň döredilen wagty zehiniňde baryny daşyna çykarman oturmak,   joşmazlyk, nämedir bir zat döretmezlik, oýlap tapmazlyk mümkinem däl.

***

Ajaýyp terbiýede ýetişen, öwrenilen we özleşdirilen her bir zat ertiriň maýasy, tükeniksiz gory bolup durýar. Mekdepler, ýörite we ýokary okuw mekdepleri, aspiranturalar, doktoranturalar – bizi menzilme-menzil ylym kämilliklerine sary alyp gidýär.

***

Halkymyzyň ylymly, bilimli bolup ýetişmegi üçin goýberilýän maliýe serişdeleriniň, döredilýän mümkinçilikleriň hetdi-hasaby ýok. Hormatly Prezidentimiziň beýik aladalary netijesinde döwrüň ösüşine we geljegiň talap edýän zerurlyklaryna oňyn jogap tapjak birnäçe ylmy-barlag institutlary açyldy. Olaryň ählisi ylmyň we tehnologiýanyň soňky gazanan üstünlikleri bilen üpjün edildi. Heniz dünýäniň has ösen döwletlerine hem ýaýrap ýetişmedik täze tehniki tilsimatlar türkmen topragyndaky ylmy-barlag we okuw merkezlerini bezäp başlady. Tebigatyň bozulmaz kadasy bar – yhlas  siňdirilen her bir zat hökman hasyl berýär.

***

Ussatlaryň birinden "Adam özüniň ylymlydygyny nädip bilmeli?" diýip sorapdyrlar. Ol: "Ylymly ýa-da ylymsyzdygyňy bilmegiň ýeke-täk ýoly bar, ol hem bilýän ylmyňa amal etmekdir. Amal ylmyň netijesidir. Amal ylmyň ýüze çykmasydyr. Eger sen bilýän zadyňa, ylmyňa amal etmeýän bolsaň, bilýän zadyňy iş ýüzünde hasyl etmeýän bolsaň, bu seniň ylymlydygyňy aňlatmaýar. Ol ylym däl-de bilim bolýar, çünki sen diňe bilmeklik bilen çäklenýärsiň. Ylym – bu bilýän zadyňy amal etmekdir, durmuşa ornaşdyrmakdyr" diýipdir.

***

Ylymly bolmak üçin, bilýän zadymyzy amal etmek üçin öwrenmeli, özleşdirmeli we öwretmeli – bu ata-babalarymyzyň hökmany saýylan häsiýetleriniň, dessurlarynyň biridir. Her öwrenen zadymyzy döwletimiziň gülläp ösüşi üçin bagyş etmeklik, iş ýüzünde görkezmeklik, durmuşa ornaşdyrmaklyk ylym ýoluna düşülendigini aňladýar.

***

Ylym bu ertekilerdäki ötlem-ötlem kyrk öýli bir köşkdür, birinji öýüň gapysyny açmasaň, ikinjä girmek mümkin däldir. Bu her bir öwrenen zadymyzy çuňňur özleşdirip, durmuşa ornaşdyryp, barha uzaklara, beýikliklere we çuňluklara aralaşyp bolýandygyny ýatladýar.

***

Jennetiň asmanlaryň üstünde, dürüň gowusynyň deňiziň has çuň ýerlerinde bolýandygyny ähliňiz bilýärsiňiz. Bu eýýäm ylym ýodalarynda uzak ýöreldigiçe  Watanymyzyň hatyrasyna has köp işleri bitirip boljakdygyny aňladýar. Bilmeli, öwrenmeli, öwrenen zadymyzy Watanymyz, döwletimiz üçin peýdalanmagy başarmaly.

***

Diňe okap, öwrenip, bilýän zadyňa hem amal etmezlik maglumat çöplemek bilen çäklenmek ýaly bir zatdyr. Rowaýatlara görä çölüň içinden geçip barýan bir adam, eňňit-eňňit gum depeleriniň ortasynda bir daşa gözi düşüpdir. Golaý-goltumda dag-dere bolmansoň, muňa haýran galypdyr. Ýanyna baryp görse, ol daşyň ýüzünde “Meni beýläme öwür” diýen ýazgy bar eken. Ötegçi ol daşy beýlesine öwrende ýene bir ýazga gözi düşüpdir: “Bilýän zadyňa amal edýänçäň, bilmeýäniňi talap etme”.

Bu döwür bag-bossanly, çaý-çemenzarly  ajaýyp döwür. Berkararlyga, bagtyýarlyga beslenen ýurdumyzda bolup geçýän beýik wakalar adamzat taryhynda täze bir sahypa açýar. Bu bagtyýar nesil durmuşyň her bir täze sahypasyny beýlesine agdaranda, şol daşa nagyşlanan pentlere muwapyk hereket etmelidir: bilýän zadymyzy iş ýüzünde amal etmelidiris. Bu bizi ýetişdiren Watanymyzyň öňündäki borjumyzdyr.

***

Hormatly Prezidentimiziň döreden mümkinçiliklerine daýanyp, ýurdumyz, halkymyz üçin ähmiýetli bolan ylmy pikirleri ösdüreliň. Öwrenmek, özleşdirmek, durmuşa ornaşdyrmak – ylyma amal etmeklik – maksadymyz, hemramyz we nesibämiz bolsun!

# Kitapdan gowy dost ýok

Ýüreklere barýan ýoly tapmagyň serişdesi köp. Adamlar döräli bäri birek-birege eltýän ýakyn we amatly, hemmä ýaramly ýollaryň gözleginde bolupdyrlar. Öz dünýäsini golaýyndakylara üm üsti bilen, dil üsti bilen mälim etse, alysda galan arkadaşlary, ýüregi ýakynlary bilen hat-ýazuw arkaly habarlaşyp durupdyrlar. Asyrlaryň synagyndan geçen, iň ygtybarly hyzmatdaşlyk ýoluny açýan keramatlaryň biri kitapdyr. Kitaplaryň üsti bilen adamlaryň içki we daşky dünýäsini tanaýarys, dünýämiziň ýakyn we alys ýyldyzlaryny öwrenýäris, asmanlaryň aňyrsyndaky we zeminleriň astyndaky zerrelere çenli akyl ýetirýäris. Halkymyzyň buýsançly geçmişinde hem kitaba goýulýan hormat-sarpanyň belent bolandygyna akyl ýetirip bolýar. Türkmeniň ady agzalan ýerde kitap bilen bir umumylygy, bitewi birligi tapyp bolýar. Aslynda, iň gadymy ýazgylaryň biri hasaplanylýan, Göktürkmen döwletiniň hökümdarlarynyň biri Kültegininiň şanyna galdyrylan, daşlaryň ýüzüne nagyşlanan ýazgylar hem kitapdyr. Mahmyt Kaşgarlynyň „Türki dilleriň sözlügi“ atly eserinde türkmenleriň keramatly kitaplara „Biti“ ýagny, „ylahy bitilen, ýazylan“ diýilýändigi nygtalýar. Germaniýanyň Berlin şäherindäki döwlet kitaphanasynda irki oguz elipbiýinde ýazylan taryhy, edebi we drama eserleri saklanylýar. Bularyň ählisi türkmeniň döreden kitabydyr. „Gorkut ata“, „Oguznama“, „Gut etgü bilig“, „Görogly“ ýaly paýhasa baý, hikmete jomart, uly göwrümli eserleri her

bir halkdan tapyp bolanok. Halkymyz şunuň ýaly ajaýyp eserleri, kitaplary bilen özüni dünýä tanatdy. Ünsleri we ýürekleri özüne çekdi. Öňki döwürlerde ata-babalarymyz uzak ýola sapara, syýahata çykanlarynda ýanlary bilen bir gysym Watan topragyny, bir döwüm tamdyr çöregini, bir çümmük nahar duzuny we bir kitap alyp gider ekenler. Çünki bularyň ählisi ömürboýy ýanyňa ýoldaş bolýan, asla harlanylmaýan mukaddeslikler hasaplanypdyr. Argyşa giden ata-babalarymyz giden ýerlerine türkmeniň kitabyny äkitseler, baran ýerlerinden üýtgeşik, täsin, gyzykly we ähmiýetli kitaplary satyn alyp gaýdar ekenler. Türkmeniň özge halklar bilen kitaply gatnaşygy onuň edil saçakly gatnaşygy ýaly bolupdyr.

Kitap gözlere röwşenlik çaýýan, ýöremeli ýollaryňy ýadyňa salýan, gaýly günüňde aladadan, gaýgydan saplap, teselli berýän, seni üns bilen diňleýän, ýekeligiňi unutdyrýan dostdur, ýoldaşdyr. Kitap içi maglumatlardan doly bilim sandygy, akyl jamydyr. Köne döwrüň alymlarynyň, akyldarlarynyň kitaby Jemşidiň jamyna meňzetmeklerinde hem çuňňur many bar. Kitap döredijiligiň, paýhasyň, zehiniň we zähmetiň datly miweleri bilen doldurylan tabaga hem meňzedilipdir. Kitabyň içinde pikir-düşünjeler, dünýägaraýyşlar, duýgular öz inçeligi, näzikligi, gaýta-gaýta okalýandygyna garamazdan solmaýan terligi bilen gaplanyp goýlandyr. Atalarymyzyň aýtgysynda „Kitaby açan adam bilimler hazynasy saklanýan gowagyň derwezesini açýandyr” diýilýär. Gündogaryň meşhur alymlarynyň biri Amr ibn Bahrul-Jahyz kitap barada şeýle diýýär: „Kitap – ol iň gowy söhbetdeşdir, seni erbetlige yrmaýan dostdur, seni tukatlandyrmaýan ýoldaşdyr, saňa sabyrsyzlyk bilen garaşýan goňşudyr, ol ýalan söz bilen saňa ýaranjaňlyk etmeýän, aldawçylyga ýüz urup, saňa mekirlik etmeýän, saňa garşy hile gurmaýan, seniň malyňy eliňden almak islemeýän şärikdeş işdeşdir” diýip belleýär. Hat-da tanymal lukman we tebigat ylymlarynyň ussady

Dawut Antaky at-Türkiniň „Tezkiretu ulul-elbab” atly eserinde söýginiň dermany hökmünde hem kitap okamaklyk maslahat berilýär: „Söýginiň iň gowy dermany wysaldyr, birek-birege gowuşmakdyr. Wysal miýesser etmese, taryhy we ylmy kitaplary okamak arkaly özüňe aram-teselli, ynjalyk tapyp bolýar”. Arap şahyry Mütenebbi „Dünýäde atyň üstünden oňat tagt ýok, kitapdan gowy dost ýok” diýip belleýär.

Tehnologiýanyň ösen döwründe öz ähmiýetini birjikde kemeltmedik gadymy senetleriň biri kitapdyr. Kitaplar geçmişde ýaşan ata-babalarymyzyň taryhy paýhaslaryny, tejribelerini öz gursaklarynda saklap, şu günki nesillere dogry ýola gönükdiriji sapak berýärler. Kitaplar geçmiş bilen geljegiň hem-de halklaryň we ýürekleriň arasyndaky baglanyşygy üzmän saklap duran bahasyz mirasdyr.

Kitabyň hyzmatdaşlygy berkitmekdäki beýik ähmiýeti täze Galkynyş zamanamyzda has beýik derejelere çykdy. Ýaňy-ýakynda Russiýanyň paýtagty Moskwa ýäherinde geçirilen 22-nji halkara kitap ýarmarkasynda Mähriban Prezidentimiziň „Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri” atly uly göwrümli eseri sergä gatnaşyjylaryň ünsüni özüne çekip, aýratyn öwgä mynasyp boldy. Hormatly Prezidentimiziň ýörite karary esasynda sentýabr aýynyň 28-ine paýtagtymyzda açylýan „Kitap – hyzmatdaşlygyň we ösüşiň ýoludyr” atly halkara kitap sergi-ýarmarkasy we maslahaty hem munuň aýdyň güwäligidir. Türkmen döwletinde kitaba we neşir önümlerine bildirilýän ünsüň ýokary derejelere çykandygyny şu sergi-ýarmarkasyna gatnaşmaga isleg bildiren daşary ýurtly işewürleriň, kitapsöýüjileriň mysalynda hem görmek bolýar. Dünýäniň ähli yklymyndan ýüze golaý adamyň gelmegine garaşylýan bu sergi-ýarmarkasynda kitaplaryň üsti bilen halklaryň arasyndaky dost-doganlygy berkitmek, bir-biregiň ruhy dünýäsine düşünmek mümkinçiligi has-da artar. Paýtagtymyzda açylýan halkara kitap sergi-

ýarmarkasyna gatnaşýan döwletleriň sany babatda hem, sergide görkeziljek kitap we neşir önümleriniň hili we temalarynyň giňligi babatda hem öňki ýyldakylardan tapawutlanýandyr. Bu sergi-ýarmarkasy türkmen topragyndaky aýratyn öwüşginli kitap baýramçylygydyr. Ýurdumyzyň her bir raýatynyň aňly-düşünjeli, dünýä bilimlerinden habarly bolmagy üçin dynuwsyz alada edýän hormatly Prezidentimiz döwletimiziň ähli çäginde kitaphanalaryň işini has gowulandyrmak, täze kitaphanalar bilen üpjün etmek üçin ýörite karar çykardy. Bu halkara kitap sergi-ýarmarkasy hem hut hormatly Prezidentimiziň beýik tagallalarynyň biridir. Ol ýyldyzlaryň arasyna we halklaryň ýüregine eltýän ýoly kitaplar arkaly gazanyp bolýandygyny, ruhy-ahlak dünýäsinde kitaplar bilen has kämilleşip bolýandygynyň subutnamasydyr. Özboluşly kitap baýramçylygyna öwrülen bu sergi-ýarmarkasynyň işiniň şowly bolmagyny arzuw edýäris.

# “Her sözüm bir dürdür gadryn bilene...”

Bu waka kimdir biriniň oýlap tapan tymsalymy ýa-da durmuş tejribesimi, anyk bilmedim, ýöne halkyň hakydasynda ýaşaýan bolsa düýbünde degerli bir hakykat ýatan bolmaly.

Rysgynyň teňliginden, işleriniň ugrugyp gidibermeýänliginden kejigen, lapy keç bolan adamlaryň biri dili dogaly salyh-ýagşyzada ýüz tutupdyr. “Bir ýerden gazanara yş ýa-da güýmenere iş tapylsa-da, zähmetinden gaçmam ýok, emma günemam-rysgalym aýagy kössekli köşek deýin bir ýagdaýyndan gozganyberenok. Heý-de bu ýagdaýyň emi-ýomy, alajy bolmazmy? Işlerimiň ugrukmagy, rowaçlygy üçin men ýene nämeler etmeli? Meniň bärden gaýdýan ýerim nire?” diýip boýurganypdyr. Salyh-ýagşyzada ýigidi parasat nazary bilen synlapdyr. Göräýmäge, akly ýerinde, huşy serinde, süňňi berdaşly daýaw ýigit. Dag köwlemeli bolsa-da gaýra tesjege meňzänok, ýöne göwün gandyryp, öý-ojagyň keşigini çeker ýaly rysgyny gazanyp bilmezligini geň görüpdir. “Ogul, käteler käbir zatlary öwrenmegiň, bilmegiň üçin ykbalyň garaşýan pursatlary bolýar, emma ol ezelde ýazylan zady senden gysyylyp-gysganýandygy däl. Sabyr-şükür edip, şol menzile ýeteniňde

ýa-da rysgyňy oýarjak bir hikmetli sözüň üstünden baranyňda, işiň ugrugyp, penjäň bereket hoşalaryndan doluberer. Mundan bu ýana şu sözleri ýanyňda, aňyňda hem-de ýadyňda saklasaň, rysgyň zyýada bolar" diýip, ýagşyzada dillenipdir. Soňra oňa ussat şahyr Magtymgulynyň "Her kimiň ne mukdar bolsa yhlasy, Şol mukdar açykdyr Hakyň dergahy" diýen sözlerini ak kagyza ýazyp beripdir. Aýtmaklaryna görä, soňra bu ýigidiň teň haly gün-günden gowulaşyp, ol göz öňüne getirişinden hem gowy günlere ýetipdir.

"Şahyrlaryň dili senaly bolýar. Olaryň aýdýan sözlerinde hikmet, keramat bar" – bu heniz oglankak gulagymyza guýlan öwütleriň biri. Ol wagtlar hikmetdir keramatyň asyl manysyny doly aňşyrmasagam, juda gowy we parhly zatdygyny, beýle mertebäniň, derejäniň her bir galam tutýana nesip etmeýändigine welin düşünýärdik. Geçilen ömür menzilleriniň her sere ýeri bize ussat şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň saýlama setirleriniň däl-de, tutuş döredijiliginiň durky-durşy bilen hikmetdigini, parasatdygyny, keramatdygyny subut etdi. Ol setirleriň arasyndan durmuşyň islendik pursadynda dadyňa ýetişjek, göwnüňe goltgy boljak, dogry ýola gönükdirjek, kalba-köňle ylhamdyr joşgun berjek, käteler bat alan nebsiňi köşeşdirjek öwüt-ündewleri, jaý maslahatlary, salgylary tapyp bolýar. Täsin ýeri, Magtymgulynyň kitabyny eliňe alyp, sahypalaryny açyp başlanyňdan, eýýäm şol täsir süňňüňe ýaýylyp başlaýar. Ýat tutan goşgularyň arasyndan hut öz ýagdaýyňa laýyk gelýänleri dessine diliňe dolaşýar. Şundan ugur alsaň, Magtymgulynyň hikmet siňen setirlerini diliňde doga kimin gaýtala, döşüňe tumar edip dakyn, ömrüňe şygar edip ulan – haýry-höziri, peýdasy-bähbidi ýakyn wagtdan bildirip başlar.

Ýokarda getiren mysalymyz halkyň sarpalan şahyry dogrusyndaky tymsal hem bolup biler, emma durmuş hakykatlary hem munuň hut

şeýledigini aýdyň görkezýär. Heniz mekdepde okaýarkak, türkmen dili we edebiýaty mugallymymyz ýatkeşligimizi ösdürmek üçin Magtymgulynyň goşgularyny ýat tutdurardy. Täze zatlary öwrenmek, öňki okanlaryňy ýadyňda berkitmek üçin bolsa ýatkeşlik iň zerur zat. Synag döwründe, mugallym özümize düşen sowalnamalardan daşary goşmaça ýumuş hökmünde Magtymgulynyň goşgularyny sorardy. "Siziň her biriňiz iň azyndan Magtymgulynyň on goşgusyny ýatdan doly aýdyp bilmelisiňiz" diýip, gaýta-gaýta tabşyrardy. Talyplyk döwrümizde deň-duşlarymyzyň biri her gezek sapaga taýýarlanmaga girişmezinden öň Magtymgulynyň goşgularyny okaýandygyny, ondan soňra öýe berlen ýumuşlara, gönükmelere, gollanmadyr okuw kitaplaryny özleşdirmeklige ruhubelentlik bilen gönügýändigini, aýdylýan, öwredilýän düşünjeleri aňsatlyk bilen kabul edýändigini gürrüň berdi. Alýan bahasy hem zybrym bäşlikdi. Şeýle mysallar bu ýerde ýatlardan örän kän.

Magtymgulyny okamagyň, oňa düşünmegiň özi kämillik mekdebindäki bir basgançak. Çünki ol setirlerde dünýäniň ýaradylyşyndan başlap, adamzadyň geljegini nazarlaýan wakalar, gymmatlyklar dogrusynda söz açylýar. Ol ýerdäki syrly setirlerem, manysy aýan-aýdyň jümlelerem özüne kökerýär. Ol setirlerde zeminiň ýedi yklymy, asmanyň ýedi gatlagy, on sekiz müň älem, benijandan başlap hardejjalda tükenýän dünýämiziň owaly we ahyry, ösümlik, haýwanat we adamzat dünýäsi hakda şeýle bir setirler, sözler bar, edil ähli asman-zemin, älem bary bir kitaba sygdyrylan ýaly göz öňüňe gelýär. Ol setirlerde ylymyň dürli ugurlaryna: söz baýlygy, dil, edebiýat, taryh, matematika, filosofiýa, lukmançylyk, himiýa, fizika, astronomiýa, geografiýa degişli ylmy nukdaýnazardan dogry hasaplanýan maglumatlar bar. Ol setirlerde milli däp-dessurymyz, arassa urp-adatlarymyz, ahlak gymmatlyklarymyz, Watansöýerligimiz, milli buýsanjymyz, adamkärçilik merte-

belerimiz giňiş şöhlelenýär. Bir söz bilen aýtsak, Magtymgulynyň her sözünde, her setirinde türkmeniň ruhy bar. Hat-da ony çagalar okap özleşdireninde hem, ulular okap paýhasyndan gananynda hem, gojalar okap, syryna akyl ýetireninde hem juda täsirli bolýar.

Magtymgulynyň dünýäsi – aňrysyna gözýetmez umman, ýedi gat Zemin hem ýedi gat Asman. Ol setirlerden biz özümize gerekli ähli paýhaslary, hikmetleri, jaýdar maslahatlary, göwün mädäňe hoş ýakýan pikirleri, düşünjeleri tapyp bilýäris. Ol setirlerde biziň geçmişimiz, şu günümiz we geljegimiz bar. Söbügimizi basyp gelýän ýaş nesilleri terbiýelemekde, olarda il-ýurt, Watan, döwlet mukaddesligi, agzybirlik, arkalaşyk, dost-doganlyk ýaly duýgulary berkitmekde bu setirler gory gowzamaýan hazyna. Eger syn edip görseňiz, Magtymgulynyň şygyr bulagyndan aňy ganan her kimse sözi ygtybarly, özi salykatly, ähde wepaly, halallyga hemra adamlardyr. Heran-haçan söz-söhbetde haýsydyr bir meseläniň üstünde dürli pikirlere gelinse, öňe sürýän garaýyşlarymyzy delillendirmek üçin öten-geçen alymdyr ulamalardan, danadyr danyşmentlerden bir sözlem mysal getirip aýtsak, garşydaşymyz bu pikirimizi inkär etjek başga bir delili suňşuryp biler. Emma “Bu babatda Magtymguly şahyrda şeýle setirler bar” diýip, ussadymyza salgylanyp, bir-iki setiri ýa-da bir bendi mysal getirsek welin, ol ýeterlik delil, anyk tutaryk bolýar. Hiç kimse Magtymgulynyň sözünden aňry geçip bilenok: “Ussat aýdýan bolsa hakdyr”. Ine, halkymyzyň Magtymguly Pyraga goýýan belent sarpasynyň ýekeje mysaly.

Şeýle baý hazynanyň mirasdüşerleri bolmak ullakan bagt. Okamak, öwrenmek we özleşdirmek, bu hikmetleri, keramatlary ömrümize siňdirmek özümize bagly. Hormatly Prezidentimiziň ýörite Karary esasynda 2014-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 290 ýyllygy dabara bilen bellenilip geçiler. Bu ýyl – Bedew ýyly - Magtymguly

Pyragynyň ýyly diýlip yglan edildi. Diňe şu zatlaryň özi hem Milli Liderimiziň akyldar şahyr Magtymguly Pyraga, şonuň bilen birlikde ähli türkmen edebiýatyna, paýhasdyr parasatly pikirleri miras goýan pederlerimize goýýan beýik hormatynyň nyşanydyr.

65

# “Bir setiriň söhbedi...”

## Älemde ýeke biz däl...

Dünýäde bolýan ylmy täzelikler bilen gyzyklanmam her gün täze maglumatlaryň üstünden eltýär. Internetde, teleýaýlymlarda goýberilýän we görkezilýän habarlar adamzat aklynyň juda uly giňişliklere, beýikliklere we çuňluklara aralaşýandygyny, bir mahallar diňe hyýala ornaşan we hasyl bolmagy mümkin däl hasap edilen zatlaryň hakykata öwrülýändigini aýan edýär. Bu gün ylymyň birwagtky şaha-şaha pudaklary aýratyn bir daragt kibi saýa salýar. Haýsy ugra ýykgyn edýän bolsaň, höwesiň niçiksi menzillere dartyp duran bolsa, şol ugra dahylly ömrüňi içgysmasyz geçirtjek müňlerçe maglumat bar. Hakykatlar, pikirler, çaklamalar, teklipler, bolsadylar, ähtimallyklar şeýle bir kän, edil çakmak daşyny biri-birine süýkeseň uçgun çykyşy deýin, bu pikirlerden gananyňdan soň, özüňde hem dürli-dümen pikirler peýda bolýar. Ikirjiňlenmeler birbada badyňy gowşadýar, “Beýle zat bolup bilesi ýok, bu bir erteki ýa toslama” diýip, ýeňsä atasyň gelýär, emma seriňden welin

aýrylyp gitmeýär. Üstesine, biziň ertekilere we toslamalara hem bil baglamaga doly hakymyz bar, çünki şu günki görýän ylmy hakykatymyz hem bir wagtlar adaty arzuw, sada hyýal ýa-da göwne ornan toslamalardy.

Başga älemlerde ýaşaýyşyň bardygy ýa-da ýokdugy hakdaky gyzyklanma dünýä alymlarynyň uly gaýrat sarp edýän, maddy mümkinçiligi harç edýän meseleleriniň biri. Ýörite ylmy maksatlar üçin älem giňişligine ýollanan uçar-gämileriň (sputnikler) hat-da galaktikamyzyň çäklerinden çykyp, beýleki giňişliklerde seýran edýändigi, olaryň uzak-uzak menzillerden ýollaýan tolkun habarlaryny, suratlaryny Ýerde oturyp görüp bolýandygy hiç birimize täzelik däl. Ýaşaýyşa amatly käbir asman jisimleriniň, ýyldyzlaryň, planetalaryň toprak düzümini barlamaga mümkinçilik bar, şeýle bolansoň älem giňişligine ýollanan çaparlaryň ahyry biriniň hoş habar bilen dolanjagy, başga älemlerde hem ýaşaýyşyň bardygyny subut etjek günleri daşda däl. Şeýle akylýetmez ümmülmez giňişlikde diňe adamzadyň ýaşap biljekdigini bu gün akyla ynandyrmak juda kyn. "Älemde başga görnüşli ýaşaýyşlar hem hökman bolaýmaly" diýen pikir ähmiýetini ýitirenok.

Bizi has gyzyklandyrýan zatlaryň biri ata-babalarymyzyň zemin we asman giňişligi hakdaky düşünjeleri. Pederlerimiziň älem hakdaky pikirlerine esaslanyp, ýokarda ýatlanan mesele dogrusynda, subutly zat aýdara mümkinçilik barmy? Halkymyzyň dessandyr eposlarynda, şahyrana döredijiliginde ýedi gat asman, ýedi gat zemin ýaly düşünjeler az ýatlanylmaýar. Gerçek ýigitler düýşünde gören peri-peýkerini käteler Kap dagyndan, käteler bolsa Asman üstünden alyp gelýär. Symrug bilen ýedi gat ýeriň teýine girip, ýedi gat Göge sary ýokary göterilýär. "Gorkut ata" eposynda Depegözüň ejesi, "Görogly" eposynda Agaýunus ýaly şahslar nireden gelen ýa-da nireden getirilen? Dünýäniň

hiç bir geografik kartasynda şöhlelendirilmedik, muňa garamazdan halkyň aňynda, hakydasynda müňlerçe ýyllap ýaşaýan bu maglumatlarda howaýylykmy ýa-da hakykat rüstem? Hiç kese ähmiýeti ýa-da täsiri ýok zatlaryň belli bir wagtdan, möhletden soňra möwritini ötürýändigini, unudylýandygyny göz öňünde tutsak, biziň günlerimize gelip ýeten bu unudylmaz habarlarda nämeler aýdyljak bolunýar? Garaz, ata-babalarymyzyň edebi mirasyny dörüp otursaň, muňa meňzeş mysallary kän tapyp bolýar.

Akyldar şahyrymyz Pyraga geleliň. Onuň şygyrlarynda Ýer ýüzi we älem giňişligi hakdaky setirleri ummasyz. Ýyldyzlaryň atlary we häsiýetleri, ýedi yklym, ýurtlar, ülkeler.. gat-gat asman we zemin... lahut, jeberut, melekut ýaly älemler, mahlasy, bu barlyk, giňişlik uly orun tutýar. Erenleriň, pirleriň goldawynda köňül gözi bilen daşarky älemlere nazar salan şahyr, "Jebrut äleminde, Jelil syryna, Gelip, özüň garap, görgül!" diýdiler" diýen setirlerinde, iň ýokary asman gatlagynyň biri bolan Jeberut hakda söz açýar. Bu äleme başgaça "Ylahy gudrat älemi" diýip at berilýär. Melekut älemi bolsa maddalaryň, jisimleriň we giňişlikleriň älemi hasaplanýar. Lahut – diňe Ylaha mahsus älemdir. Tasawwuf ylmyndan uly derejelere ýeten käbir alymlaryň aýtmagyna görä, bu älemlere akyl ýetirdigiňçe, adamzadyň geljegini görmek mümkinçiligi hem artyp gidýär. Ussat şahyryň Jeberut älemindäki syýahatynyň bir özi onuň uly makam-derejelere eýe bolandygyny aýdyň görkezýär. Pyragynyň şeýle mazmunly her bir setiri dogrusynda uzyn-uzyn söhbetleri gozgap, olar hakda ýazylan ylmy maglumatlary, delilleri mysal getirip, ylmyň häzirki gazananlary we ölçegleri netijesinde köpsanly täze pikirleri hem öňe sürüp bolar.

Şahyryň "Ýaşyl zümerret" atly goşgusy bolsa durşy bilen älem giňişligi hakynda. Ol setirlerde asmanyň ýedi gaty we olaryň aýratynlyk-

lary, tebigaty dogrusynda söz açylýar. “Ýedi gat asman” düşünjesine dürli döwürlerde dürli-dürli teswirleme berlipdir. Onuň pelegiň Ýedi ýyldyzy bilen garjaşdyrylýan wagtlary hem bolupdyr. Has soňraky döwürlerde bolsa Ýer ýüzi bilen asman aralygyndaky howa gatlagyna hem ýorupdyrlar. Şonuň üçin käteler soňraky ylmy maglumatlary gözden geçireniňde, gat-gat asman diýlende – troposfera, tropopeza, stratosfera, mezosfera, termosfera ýaly gatlaklar diýip düşündirilýän ýerleri-de bar. Emma bu çaklamalara teswir ýazan alymlar, bularyň asman gaty däl-de, howa gatlagydygyny aýdýarlar. Ýedi gat asman hakda söz açanlarynda has irki eýýamlardan bäri alymlaryň salgylanýan çeşmelerini ileri tutýarlar.

Bir şygryň hatyrasyna dowam etdirilen gözlegler täsin maglumatlaryň üstünden eltdi. Älem giňişligi hakda söz açan owalky ulamalar, pelekşynaslar öz garaýyşlaryny mälim edipdirler. Aslynda, “Ýedi gat” diýen düşünjäniň özi täsin. Alymlaryň ýazmagyna görä, islendik zat, madda ýedi gatdan ýokary bolup bilmeýär. Her gat hem öz içinde ýedä bölünip bilýär, emma ýene-de ýedi gatdan ýokary bölünmeýär. Bu älemde özboluşly düzgün-nyzamyň saklanylýandygyny görkezýän delil hasaplanylýar.

Gadymy ýewreý, arap we hindi çeşmelerinde hem asman gatlary we olaryň atlary, tapawutlary hakda durlup geçilýär. Elimizde bar bolan käbir taryhy çeşmelerde asman gatlary şeýle röwüşde beýan edilýar: Birinji gat asman – ady Rafyg, topragy suwdan we tüsseden; Ikinji gat asman – ady Kaýdum, topragy misden; Üçünji gat asman – ady Marum, topragy sary misden, latundan; Dördünji gat asman – ady Arfalun, topragy kümüşden; Bäşinji gat asman – ady Haý’un, topragy altyndan; Altynjy gat asman – ady Arus, topragy ýaşyl ýakutdan; Ýedinji gat asman – Ajma, topragy ak dürden.

Beýleki bir çeşmede dünýä asmany (birinji gat asman) – ady Barkyga, ýaşyl zümerretden;  Ikinji asman – ady Arkalun, ak kümüşden; Üçünji asman – ady Kaýdum, gyzyl ýakutdan; Dördünji asman – ady Maguna, ak dürden. Bäşinji asman – ady Raý'a, gyzyl altyndan. Altynjy asman – ady Defta, sary ýakutdan. Ýedinji asman – ady Ariba, nurdan diýlip berilýär we ähli ýaşaýjylarynyň dürli görnüşli meleklerden, perişdelerden ybaratdygy aýdylýar.

Meşhur alym As-Suýutynyň eserinde bolsa şeýle tertip saklanylýar: birinji gat asman – ady Rukaý'a, ýaşyl zümerretden; ikinji gat asman – ady Azfalun, ak kümüşden; üçünji gat asman – ady Kaýdum, gyzyl ýakutdan; dördünji gat asman – ady Ma'una, ak hünjüden; bäşinji gat asman – ady Raýka (Rika), gyzyl altyndan; altynjy gat asman – ady Dakna, sary ýakutdan, ýedinji gat asman – ady Ariba, nurdan.

Magtymgulynyň "Ýaşyl zümerret" goşgusynda asman gatlary şeýle tertipde berilýär:

Birinji gat asman – ady Ref'a, asly ýaşyl zümerretden. Perişdesi sygyr suratynda, beýikleriniň ady - Ysmaýyl.

Ikinji gat asman – ady Arklawyn, asly kümüşden. Perişdesi – bürgüt suratly, beýikleriniň ady – Kabaýyl.

Üçünji gat asman – ady Kaýdum, asly gyzyl ýakutdan. Perişdesi – böri suratly, beýikleri – Gökbaýyl.

Dördünji gat asman – ady Magun, asly ak hünjüden. Perişdesi – ak at suratly, beýikleri – Nunbaýyl.

Bäşinji gat asman – ady Renka, asly gyzyl ýakutdan. Perişdesi – hüýr sypatly, beýikleri – Saftaýyl.

Altynjy gat asman – ady Defna, asly sary ýakutdan. Perişdesi – wildan (çaga) suratly, beýikleri – Abaýyl.

Ýedinji gat asman – ady Ajaba, asly nurdan. Perişdesi – adam suratly, beýikleri – Nurbaýyl.

Asman atlarynda biriniň beýleki nusgadakydan az-kem tapawut edýändigi, arap dilindäki ýekeje nokadyň ornunyň üýtgeýändigine bagly. Mysal üçin Raf'a sözünde bir nokady artdyrsaň Rak'a, Rakna; Arfalun sözünde bir nokady üýtgetseň Azfalun, Arklawun; Dafna sözünde bir nokady üýtgetseň, Dakna ýaly ýa-da bir nokady beýleki harpyň üstüne süýşürseň, Defta, Defna ýaly okalýar. Bu maglumatlary bir tablisa ýerleşdirsek, şeýle deňeşdirme emele geler:

I maglumat

II maglumat

As-Suýuty

Magtymguly

I gat asman

Rafyg (suw, tüsse)

Barkyga (ýaşyl zümerret)

Rukaý'a (Ýaşyl zümerret)

Ref'a (ýaşyl zümerret)

II gat asman

Kaýdum (mis)

Arkalun (ak kümüş)

Azfalun (ak kümüş)

Arklawyn (kümüş)

III gat asman

Marum (sary mis)

Kaýdum (gyzyl ýakut)

Kaýdum (gyzyl ýakut)

Kaýdum (gyzyl ýakut)

IV gat asman

Arfalun (kümüş)

Maguna (ak hünji)

Maguna (ak hünji)

Magun (ak hünji)

V gat asman

Haý'un (altyn)

Raý'a (gyzyl altyn)

Raýka (gyzyl altyn)

Renka (gyzyl ýakut)

VI gat asman

Arus (ýaşyl ýakut)

Defta (sary ýakut)

Dakna (sary ýakut)

Defna (sary ýakut)

VII gat asman

Ajma (ak hünji)

Ariba (nur)

Ariba (nur)

Ajaba (nur)

Ýokardaky ýazgyda akyldar alymlaryň berýän atlary, umuman, biri-biriniňkä gabat gelýär. Diňe arap sözlerini okamakdaky käbir müşgillikler, olaryň atlarynyň dürlüçe okalmagyna getiren bolmaly. Akyldar şahyrymyzyň bu maglumatlary haýsy çeşmeden susup alandygy belli däl, belki-de ol "Jebrut älemindäki" syýahatlarynyň, açyşlarynyň netijesidir, ýöne düşündirişleriniň has giňligi özüne çekýär. Şahyr her gat asmandaky perişdeleri olaryň daşky sypatlary bilen beýan edýär. Beýikleriniň (biziň pikirimizçe hökümdarlary bolup biler) atlary hem berilýär. Asman ýaşaýjylarynyň sygyr suratly, bürgüt suratly, böri suratly, ak at suratly... berilmegini bir tarapdan täsinlik hökmünde görsegem, beýleki tarapdan bu şekiller gadym döwürde adatdan daşary ylmy kuwwata eýe bolan Müsür faraonlarynyň taryhyna göz aýlamaga iterýär. Taryhy çeşmeler Müsür faraonlary döwründe ylmyň asman bilen baglanyşykly ugurlarynyň has ösendigini, olaryň wagt giňişliklerine seýran etmäge ylmy mümkinçiliginiň bolandygyny, köp zatlary şol ýerden öwrenendiklerini öňe sürýär. "Kysasyl-enbiýa" ýaly dürli eserlerde Faraonyň asman atyna atlanyp, Göge galmagy, atan peýkamynyň balygyň (dünýäniň ýaradylyşyndaky balyk) bogazyndan ötmegi olaryň neneňsi uly ylyma we ukyp-başarnyga eýe bolandygyny subut edýär. Hat-da häzirki döwürde "Nostradamusyň kitaby" ady bilen meşhur bolan, mazmuny öňdengörüjilige ýugrulan eseriň, aslynda Müsür faraonlarynyň

mirasydygy aýdylýar. Piramidalaryň gurluşygynyň hem zemini däl barlyklaryň (внеземная цивилизация) güýji-kuwwaty, ylmy arkaly alnyp barylandygyny öňe sürýän çaklamalar bar. Has täsin ýeri şol gurluşykdaky ýazgylarda, ierogliflerde göwresi adam, emma kellesi at şekilli, it-böri şekilli, guş şekilli mahluklaryň suratynyň uly orun almagydyr. Bu ýagdaýy tötänlik diýip kabul edip bolmaýar, çünki bir gezekden artyk gaýtalanýan tötänligiň düýbünde bir sebäp ýa-da hakykat ýatan bolmaly. Hut şonuň ýaly şekilleri gadymy Babyl şalygyndan galan ýadygärliklerde, sümerleriň taryhy mirasynda hem görüp bolýar. Irki eýýamlaryň taryhyny öwrenýän alymlar Babyl şalygynyň (Gadymy Wawilon) ilatynyň adatdan daşary tebigy güýje eýe bolandyklaryny, olaryň daşarky älem bilen gatnaşyk saklandygyny, çünki ol ýerdäki ençeme zadyň, ylym-bilimiň, gurluşygyň hem zemin ilatyna mahsus däldigini tekrarlaýarlar. Şeýle maglumatlary bir sapaga düzüp, döwrüň häzirki ylmy açyşlaryna hem-de geljekde ýetjek derejelerine esaslanyp, netije çykarsak, şeýle pikiri ýaňzydyp bolar: Hernäme-de bolsa, bu älemde ýeke biz däl.

Üstesine, akyldar şahyrymyzyň aýdyşy ýaly bu asman gatlarynda çaga suratly, adam suratly ýaşaýjylaryň ýatlanylmagy älem giňişliginde özümize meňzeşleriň ýa-da çalymdaşlaryň bolup bilmek ähtimallygyny berkidýär. Ýa-da haýsydyr bir planetanyň düzüminde misiň, altynyň, ýakutyň, kümüşiň, hünjüdir zümerrediň ýa-da şol kysmy maddalaryň agdyklyk edýändigi hakdaky habarlary eşidenimizde, ata-babalarymyzyň şeýle sowatlardan, maglumatlardan gapyl däldigini ýadymyza salyp bileris.

Magtymgulynyň şygyrlaryndaky ýedi gat asman düşünjesi dogrusynda ýene birnäçe çaklamany öňe sürüp bolar. Belki-de, her gat asman aýratyn bir galaktikadyr. Ýa-da biziňkiden tapawutly bolan

aýratyn bir wagt giňişligidir. “Zeminiň bäş ýüz ýa-da müň ýylynyň behiştde bir güne deňdigi” biz üçin häzir geň, emma demsaýyn ösýän we özgerýän ylym bizi geň-täsin zatlar bilen haýran galdyrmagyny dowam edýärkä, islendik bir pikiri inkär etmäge ýa-da ony toslama hökmünde kabul etmäge ýol galanok.

Akyldar şahyrymyz ussat Pyragynyň bir setiri, bir şygry bizi taryhy geçmişe we geljege syýahata äkidip bilýär. Bir sözüň heseri birnäçe ylmy maglumatlary öwrenmegimize getirýär. Emma Pyragynyň döredijiliginde akyl gämisini herekete girizjek şeýle setirleriň sany ýüzlerçe. Bu ýagdaý bolsa Milli Liderimiziň ýolbaşçylygynda döredijiligine hem-de edebi mirasyna uly sarpa goýulýan, onuň ylmy we ruhy dünýäsini çuňňur öwrenmäge ähli şertler döredilen akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň setirlerine siňen we geljege ýollanan ýüzlerçe hakykatyň habaryny okap biljekdigimizi aňladýar.

# Ömre hemra setirler

Halkymyzda dili dogaly adamlara aýratyn sarpa goýmak edähedi bar. Olar Hak Allanyň söz mülkünden eçilen paýy bilen biziň dünýämiziň bahasyz gymmatlygyna öwrülmegi başaran adamlar. Olaryň sözi adama ganat berýär. Maksatlardan maksatlara ulaşdyrýar. Menzilleri kösenmezden ötürýär. Hemişe aňyňa hemra bolup, ýanyňdan aýrylmaýan Hydyr ata ýaly ömrüňe tekge bolýar. Sözüniň täsirliligi babatda Pyraga deňleşip biljek hiç biri ýok.

Pyragynyň söz mirasy aýratyn bir dünýä. Edil adaty dünýäden ynsan durmuşyna dahylly ähli wakany, hadysany tapyp bolşy ýaly, onuň eserlerinden hem ynsan ömrüne degişli barça pursatlary, inçelikleri, pynhanlyklary, täsinlikleri tapyp, duýup bolýar. Pyragynyň setirleri çagalar üçinem, ýaş-ýetginjekler üçinem, orta ýa-da uly ýaşlylar üçin hem gyzykly. Şol bir wagtda Pyragynyň sözleri ýaňy aňy bekän çagalar we dünýäniň özüneçekiji, maýyl ediji höweslerine aňyny gideren adamlar üçin hem, has dogrusy demi gelip-gidip duran her bir adam üçin hem gymmatly. Sebäbi onuň setirlerinde biziň üstünliklerimiziň esasy gönezligi bolan ruhubelentlik hakynda, umytdan düşmezlik, ertiriňe, geljegiňe ynam bilen garamak hakynda ajaýyp setirler bar.

Magtymgulynyň bize beren hikmetleri örän köp. Ömrüň bagtyýarlygy, üstünlikleriň gönezligi bolan ruhubelentlik, yhlas-umyt, maksada okgunlylyk, sabyr-kanagat dogrusynda hem ummasyz many hazynalaryny goýup gidipdir. Şeýle manylar mazmuna kybapdaş birnäçe sözler bilen bezelip, setirlere siňdirilipdir welin, olar edil gyzgyn çaýyň içinde eräp giden şeker ýaly, göze görünmese-de, tagamy bildirip dur.

Akyldarlar şeýle diýýär: "Maksatsyz ömür ýaly biderek ýaşaýyş ýokdur". Ynsanyň ähmiýeti ömrüne many çaýyp bilýänliginde. Öňünde maksat goýup bilýänliginde. Maksadyny hasyl etmek üçin yhlas edýänliginde. Munuň üçin bolsa ilkinji nobatda sabyr-kanagat, soňra arzuw-umyt, ynam-yhlas, töwekgellik, maksada okgunlylyk gerek. Şeýle düşünjeleriň ýadymyzdan çykmazlygy üçin jadyly we manyly sözleri öwran-öwran gaýtalamak gerek. Her gezek sähel ynjap, ýadap, umytdan düşjek bolanymyzda, bu sözler goltugymyzdan göterip, ýene maksatlaryň arzyly ýoluna salýar. Adam göwün göteriji pikirler, duýgular bilen gurşalan halaty, diňe kimdir biriniň däl-de, hut tebigatyň özüniň aşyk bolup, seniň bilen sazlaşykly gopýandygyna, deň ýöreýändigine akyl ýetirýär.

Öňüňizde maksat goýan bolsaňyz, haýal etmän, ony hasyl etmäge girişiň. Ýerine, ýagdaýyna görä, ussat Pyragynyň sözlerini ýadyňyza salyň-da, öňe ynamly we aýgytly gadam uruň!

Ynsan bu sözleri, setirleri ýüregine ýazmak bilen, kalbyna tumar edinmek bilen ruhubelentligiň altyn münberine çykýar. Munuň üçin ilki bilen her bir işde, her bir zatda, ähli ýagdaýlarda sabyrlylygy, takatlylygy elden bermeli däldir. Magtymgulynyň goşgularyna gysgaça ser salsak, ol ýerde sabyrlylyk hakynda:

„Bisabyr gul tiz ýolugar belaga,

Sabyrly gul, dura-bara şat bolar“.

„Sabryň bolsa, Subhan ýeter dadyňa,

Jeňňi-jedel laýyk däldir adyňa“.

Ýa-da:

„Töwekgel et, Taňra tabşyr işiňni,

Sabyr bilen biter tiz hem bolmasa“ diýilýär. Şu we şuňa meňzeş setirleriň ählisi sabyrlylygyň üsti bilen göwün maksatlaryna ýetip bolýandygyny aňladýar.

Ynsana sabyrlylykdan soň has gerekli zatlaryň biri kanagat. Kanagatlylyk, baryňa kaýyllyk hakynda:

„Ýeter saňa ir-u giç, ne ýazylsa kysmatda,

Janyňa jepa eýläp, munça gezme hasratda,

Sogap ýagşy amalda, ýa hut ýagşy niýetde“

Ýa-da:

„Bu dünýä mülkünde soltandyr, şadyr,

Kysmatyna kaýyl bolsa adamzat“ diýmek bilen, kysmata kaýyllygyň nähili beýik mertebesiniň bardygyny aýdyp ötýär.

Adam her bir görýän zadyny gowulyga ýormaga ymtylmalydyr. Adam her demde, her ädimde Hudaýyň berýän ýagşylygyndan umydyny üzmeli däldir. Sebäbi, ilkibada göwnümize ýaramaýan käbir hadysalaryň, soňlugy bilen bize has bähbitli bolup çykýandygyny, biz diňe bir gadymy kitaplaryň gatyndan däl, eýsem hut öz durmuşymyzdaky hadysalardan hem bilýäris. Adamlara tama bilen bak-

man, Taňrydan umytly gezmegiň özi hem sogaby bimöçber ybadatdyr. Umytly gezmek hakynda:

„Golum sunup, dilär men hajatym Allahymdan,

Bende men, umydym köp, ol keremli şahymdan“.

„Magtymguly bardyr demiň hesibi,

Ir-giç ýeter her bendäniň nesibi“.

„Magtymguly, bu günüňe şükr eýle,

Allanyň gudratyn görüp, pikr eýle,

Ryzk üçin gam iýme, haka zikr eýle,

Erzelde ýazylan senden daş bolmaz“.

Ýa-da:

„Seniň deý Gaffarym bar, jahande ne gamym bar“.

„Ýa ýaradan Kadyr, gudratly Jebbar,

Armanda goýmagyl, ýa züljelalym“.

„Her ne hajatyňy dilegil hakdan,

Gudraty güýçlüdir, bar etdi ýokdan“ diýilýär. Bu setirleriň ählisi Hudaýdan umytly gezmek we lapykeçlige düşmezlik üçin aňyňy, ýadyňy täzeläp durýan iň oňat serişdedir. Çünki, gadymy ýazgylarda

„haýsydyr bir ýaramaz zat başdan sowulmaz öýdüp lapykeçlige düşme, çünki lapykeçlik belanyň özünden has beterdir“ diýilýär.

Kanagatly-takatly, taňrydan umytly gezmegi başaraňsoň, Hak ýolunda, halal iş üçin, maksada ýetmek üçin hökman yhlas etmek gerek. Bagly gapylaryň ählisini yhlas açýar. Biz Magtymgulynyň pentlerine eýerip,  her bir işimize yhlas bilen ýapyşsak, onda şahyryň aýdýan arzyly maksatlaryna hem ýeteris:

„Görmesem, söýlemen, oý bilen çenden,

Maksadyna ýeter, ýykylan çyndan“.

„Her kimiň ne mukdar bolsa yhlasy,

Ol mukdar açykdyr Hakyň dergahy“.

Ýa-da:

„Böri bolmaz tilki bilen şagaldan,

Miwe bolmaz, ekseň her bir nahaldan,

Nesibä ynanyp, galma amaldan,

Munda amal, taňla saňa ýar olur“ diýilýär. Hat-da şu seturden kysmata kaýyllyk bilen ýaltalygyň, kem yhlaslylygyň düýbünden başga zatdygyna hem göz ýetirip bolýar.

Bu dünýäde ruhubelent gezmek üçin öz mertebäňi ilkinji nobatda özüň sylamany öwrenmeli. Süňňüňde saglygyň, goluňda güýjüň-gaýratyň barka, tama bilen illere telmuryp durman, özüňe bolan ynamy gowşatman gezmeli. Her bir ýagşy häsiýetiň hem öz çägi bar. Kähalatlarda, halys pespäl görünjek bolup, özüňi, öz mertebäňi

haramzadalaryň derejesine çenli aşak düşürmeli däldir. Magtymgulynyň setirlerinde hem:

„Magtymguly Haka tabşyr özüňni,
Her namarda sargartmagyn ýüzüňni“.

Ýa-da:

„Aç hem bolsaň, barma ile dilege,
Diý: Köşkde men, başym barmyş pelege“.

Ýene-de:

„Dilegiň Allaga ýetse,
Dergahynda kabul etse,
Öz günüň özüňden ötse,
Ýalançyda hor olmagyl“ diýilýär.

Şu many-mazmunlaryň ählisi bu dünýäde zeýrenje ýol bermän, kaýyl-kanagatly, yhlasly we umytly, ynamly we gaýratly gezmelidigini nygtaýar. Ynsanda özleşdirilen bu gylyk-häsiýetler bolsa, hakykatdan-da, bize zerur bolan ruhubelentligi hasyl edýär.

Magtymgulynyň şygryýet dünýäsi nygmaty azalmaýan, bereketi egsilmeýän saçakdyr. Bu jadyly saçakdan her kim öz işdäsiniň alýan zadyny tapyp bilýär.

# Garagum sährasyna gezelenç

Dünýäde iki zat ynsanlaryň pikir etmeýän ýerinde goýlupdyr: Biz behişdi asmandaky ýyldyzlaryň aňyrsyndan agtarýarys, emma ol daş-töweregimizi gurşap alan tebigata siňdirilipdir. Biz söýgini uzak-uzak menzillerden gözleýäris, emma ol öz ýüregimizde ýygşyrylypdyr. Haçan-da ruhy dünýämizi, kalbymyzy-köňlümizi söýgi badasyna püre-pürläp, daş-töweregimizi gurşap alan tebigata mähir gözi bilen baksak, barlygyň eçilen hakyky bagtyny, türkmen tebigatynyň hoştap howasyny ap-açyk duýup bilýäris. Ynsan tebigata näçe ýakyn boldugy-ça onuň ruhy dünýäsi şonça giň, şonça alaýaz, şonça şadyýan bolýar. Ynsana mahsus tebigylyk has kämil ýüze çykýar. Türkmen tebigatynyň ýylysyny, tylla Günüň mährem çoguny, zemine don bolup ýazylan dermanlyk ösümlikleriň melhem ysyny süňňümize, ruhumyza siňdirýäris. Türkmen tebigatynda ähli ajaýyplyklar bar. Dagy, düzi, deňzi, derýasy, çöli, sährasy, al-elwan gülleri, ýaşyl baglary, dermanlyk ösümlikleri, şildireýşi beýniňe rahatlyk berýän çeşme-çaýlary, tolkunlap akýan derýasy, goýny janly-jandardan doly deresi.. bar. Bu – ýylyň ähli möwsüminde hem özüne kökerip bilýän türkmen tebigaty. Özüne ýüzlendigiňçe seniň dünýäňi ruhubelentlige, durmuşa bolan söýgi-muhabbete eýleýän türkmen tebigaty. Bu diňe bir türkmen üçin däl, her bir ynsana şeýle oňyn täsir edýär. Munuň hut şeýledigini Hormatly Prezidentimiz Garagum sährasynyň täsin dünýäsine syn eden pursatlary hem belläp

geçdi. Türkmen tebigatynyň täsinligi hiç bir adamy biparh goýmaýar. Çar tarapy gözýetime çenli uzaýan sary sähranyň keşbinde ynsan kalbyna ýakynlyk bar. Ol özüniň tämiz howasy, örän özboluşly haýwanat hem ösümlik dünýäsi hem-de owadan ýaýlalary bilen dünýä ylmynyň, jahankeşdeleriň gyzyklanmasyny şertlendirýär.

# Senjap jüpbesi

Magtymgulynyň söz mülküne myhman bolsaň, gyzykly we täsin rowaýatlara, özüne çekiji sözlere we söhbetlere, hekaýatlara we hakykatlara duşmak bolýar. Sözüň jadyly dünýäsine bir çümeniňden soňra, ondan dolanma ýokdugy her kime mälim.

Magtymgulynyň pikir örüsi örän giň. Ýedi gat zeminiň astyndaky sary öküzden söz açyşyna, ýedi gat asmanyň ýokarsyndaky Süreýýa ýyldyzyna, ondanam alyslarda  Byragyň ýüwrüşine çenli baryp ýetýär. Şeýle many giňligi we çuňlugy her näçe susup alsaň-da suwy egsilmeýän, düýbüniň düri egsilmeýän uç-gyraksyz ummana meňzeýär. Magtymgula çuňňur düşünmek üçin köp-köp kitaplaryň gatyny agdarmaly, ençeme pikirleri biri-birine sepläp, bir netijäni saýlamaly wagtlary bolýar. Şeýdip, Pyraga düşünmek üçin kitaplara çümüp otyrkaň, nähilidir bir täsinje zadyň üstünden baraýýaň. Şahyryň “Gözel sen” atly goşgusynda:

“Ussa Jagfar işi, senjap jüpbesi...”

diýen setir bar.  Aňyrsynda ýatlanyňa muwapyk kyssa bolmasa, beýle waka şahyryň diline dolaşmazdy. Aslynda, senjap näme? Senjap jüpbesi bolanda näme göz öňünde tutulýar?  Şahyr bu ýerde tebigy senjaby göz öňünde tutýarmy ýa-da onuň aňyrsynda göçme manyly başga bir düşünje ýatyrmy? “Türkmen klassyki edebiýatynyň sözlügi” atly ki-

tapda senjabyň kül reňkli awysiýdik atly haýwandygy aýdylýar we bu hakda giňişleýin düşüner ýaly başga maglumatlar berilmeýär. Orta asyrlarda ýaşap öten tanymal türkmen alymy Muhammet al-Antakynyň “Akylly adamlaryň ýatlamasy we geň-täsin zatlaryň ýygyndysy” atly üç jiltden ybarat uly göwrümli eserinde hem-de ýene bir türkmen alymy Muhammet Demiriniň “Janly-jandarlaryň durmuşy” atly iki jitlik eserinde welin bu haýwan hakda ýeterlik maglumatlar berilýär. Mundan başga-da bu kitaplaryň içinden Magtymgulynyň ösümlik, haýwanat hem-de tebipçilik dünýäsinden söz açýan setirleriniň birnäçesine giňişleýin jogap berip biljek köp zatlaryň bardygyny aýtmalydyrys.

Bu kitaplarda ýazylyşyna görä, senjap – dört aýakly, göwresi ýalmanyňka ýa-da alaka meňzeş bolan, uzyn guýrukly, gür we ýumşak tüýli jandardyr. Ol köplenç çal we ýylmanak gök reňklerde bolýar. Şam, Saklap (slawýan halklary) we Türk illerinde has köp duş gelýär. Örän  hilegär haýwan bolup, adam garasyny gördügi çaltlyk bilen agajyň çür başyna çykýar ýa-da gür ýapraklaryň arasynda görer gözden bukulyp durýar. Şonuň üçinem halk arasynda “senjap ýaly çalasyn” diýen ýörgünli jümle bar. Senjap senuber agajyny halaýar. Köp ýerlerde şol agajyň üstünde ýaşaýar. Ol ir-iýmişler bilen iýmitlenýär. Senjap eti iýilýän haýwandyr. Üstesine-de onuň lukmançylyk häsiýetleri, tebigaty taýdan örän ähmiýetlidir. Onuň eti ýumşak bolup, eger ony iýseň, endamyň öte gyzgynlygyny ýatyrýar, özüňi duýşuňy kadalaşdyrýar. Döş-gursak agyrylarynyň köpüsini, kelleagyryny, öýken ýarasyny bejerýär. Onuň derisinden tikilen don ýa-da geýim bedeniň ýylylygyny kadaly saklaýar, şonuň bilen birlikde ol endama juda ýakymlydyr. Senjap derisinden tikilen geýimi geýseň, özüňi duýşuňy gowulandyrýar, häsiýetiňi-temperamentiňi sazlaýar. Gowşak we ejiz adamlaryň dogumlanmagyna täsir edýär. Nerw bilen baglanyşykly keselleri, agyrylary aýyrýar. Onuň ýüňüni ýara sarasaň (orasaň), ýaranyň tiz bitmegine

we gan akmasynyň kesilmegine ýardam edýär. Senjabyň tüýüni bal bilen garyp, çişe daňsaň, ony gaýtarýar. Senjabyň etini yzygiderli iýip ýörmek, kähalatda içde sanjy  döredip biler, emma onuň yz ýanyndan badam hozuny iýip, bu sanjydan dessine saplanmak mümkindir.

Magtymgulynyň goşgularynda ady agzalýan senjap we onuň derisinden tikilen don, geýim, jüpbe hakynda geçmişiň meşhur alymlarynyň, tebipleriniň ýazyp giden zatlarynyň käbiri şunuň ýaly. Magtymgulynyň bu zatlary agzamagynyň aňyrsynda nepisligiň we täsinligiň giden bir ummany ýatyr. Senjap jüpbesiniň diňe bir endama ýakymlylygy däl, eýsem onuň kesel bejerijilik häsiýetiniň hem barlygy aýan bolýar. Belki şahyr ol ýerde has üýtgeşik başga bir zady ýaňzytmak isländir, emma goşgy setirlerinde getirmek bilen, şeýle häsiýetleri özünde jemleýän senjap jüpbesi hakdaky gyzyklanmany welin oýarypdyr.

# Belent kakuwly aýdymlar

Kesbim-hünärim boýunça aýdymçy-ha däl, emma çagalykda mellegiň aýagujundaky erik agajynyň üstüne çykyp, aýdyma zowladýanym henizem göz öňümde. Atyzda işläp ýörenlere ýaşyl ýapraklaryň arasyndaky boýy keltejik oglanjygyň özi görünmän, diňe sesi eşdilýärdi. Gorumda bary-ýogy dört sany aýdym bardy: “Watanym”, “Mekdebim”, “Akja kepderi” we “Saýraň guşlar”. “Katýuşanyň” bolsa diňe birje bendini bilýärdim. Ýöne, bir-ä ýürekden aýdýardym, bir-de sesimiň ýetdiginden. Bu aýdymlaryň ählisini doganlarymyzdan, özümizden ululardan öwrenerdik. Soň mekdebiň taýýarlyk synpyna okuwa bardym. Bilmedim, ýygralyk sebäp boldumy ýa-da mende aýdyma bolan üýtgeşik zehiniň ýokdugy öňünden aýan boldumy, kem-kemden aýdym aýtmak endigim ýatdan çykyşyp ugrady. Diňe, edil häzir bolşy ýaly, çalaja pyşyrdabrak hiňlenip oňaýýan. Ýa-da “Diňläp bilmegem sungat” diýýän-de, halaýan aýdym-sazlaryma gulak asýaryn. Ýogsam, wagtal-wagtal sesiň ýetdiginden aýdyma hiňlenseň, mazaly dynç berýändigi subut edilen hakykat. Men bu zatlary näme üçin ýatladym? Watan, mekdep, tebigat, arassa asman bilen bagly aýdymlar hemişe-de ýürege

ýakymly.  Dogry, ömrüň käbir möwsümlerinde belli bir temadaky aýdymlaryň beýlekilere görä artykmajrak diňlenilýän wagty hem bar, emma şolar hem Watan hakdaky joşgunly we buýsançly owazlardan ýokary geçenok. Sebäbi, biziň ýaşaýan tebigatymyz hem, maşgalada alýan terbiýämiz hem ýürekde diňe watansöýüjiligi gämikledýär. Çagalyk şeýle terbiýäniň kemala gelýän ilkinji menzili. Çaga aňyna oklanan her bir pikir – mes topraga sepilen tohum ýaly, nähili terbiýe bilen gurşalsaň, şoňa kybap hasyl ýetişýär. Maşgalada ene-atanyň öz perzentlerine bolan garaýşy, doganlaryň arasyndaky özara arkalaşyk häsiýeti, goňşy-golamlar, deň-duşlar bilen edep-sylaşykly gatnaşyklar – bularyň ählisi edep-terbiýäniň mekdebi. Şol mekdep hem bizde şu topraga bolan söýgüni, birek-birege bolan ynamy berkidýär. Şeýdibem, öý-ojakda süňňüňe hem köňlüňe ornan ýylylyk, ösüp-örňäp, tutuş Watana bolan söýgä öwrülýär duruberýär.

Biziň tebigatymyzda hem bu topraga bolan söýgüni berkidýän gudrat bar. Wagtal-wagtal taryhy eserleri dörýäň welin, munuň hut şeýledigine anyk göz ýetirýärsiň. Gaýry ýerde doglandygyna garamazdan, şu toprakdaky şäherlerde ýaşamagy, soňra müdimilik bu ýerde galmagy, bu topraga garylmagy eý gören alymlaryň, jahankeşdeleriň sany köp. “Bu ýer jennetiň zemindäki nusgasy. Eger-de mongol goşunlary gelmedik bolsa, men bu topraklary asla terk etmezdim” diýýän, asly başga ýerli alymyň sözlerini dünýä okaýar. Dünýä şol sözleri okanda, jennetiň zemindäki nusgasyna deňelen türkmen topragyny ýatlaýar. Ýa-da dürli göç sebäpli alys illerde doglup, şol ýerlerde kemala gelen türkmen alymlary, ata-babalarynyň bu ýerlerden göçüp gidenine asyrlar geçendigine garamazdan, bu topraklaryň taryhy hakda söz açanda “Biziň topraklarymyz, biziň Watanymyz” diýip ýatlaýar. Ýa-da halyfyň adyndan ýörite ilçi hökmünde iberilen akyldaryň, tanymal ulamanyň “Bir göreňsoň, bu ýerleri terk etmek mümkin däl” diýen sözlerini taryh

belläp alypdyr. Taryh bu sözleri şu toprakda nähili özüneçekijiligiň, gudrat-keramatyň bardygyny hemmeleriň, ilkinji nobatda bolsa şu topragyň hak eýesi bolan nesilleriň bilmegi üçin, buýsanmagy üçin ýazypdyr. Şeýle mysallara taryhy eserlerde kän gabat gelip bolýar. Aýdaýmaly ýene bir zat, her ülkäniň tebigaty şol ýerdäki halkyň häsiýetine siňýär. Ýagny, adamlaryň häsiýeti ýaşaýan ýeriniň tebigatyna görä bolýar. Islendik ýurdy, islendik sebiti alyp görüň, tebigaty meňzeş bolsa, häsiýetleri hem aglaba halatda meňzeşdir. Tebigaty üzňeräk bolsa, häsiýeti hem üýtgär barar. Türkmeniň öz tebigatyna mahsus häsiýeti hem bar. Tebigatda nähili ajaýyplyk bar bolsa, şonça gözelligi türkmen häsiýetinden tapyp bolýar. Muny diňe kerwen ýollary bilen däl, dürli ykbal ýollary bilen halkymyzyň arasyna gelen, bu ýerde bolmak, ýaşamak miýesser eden saýry ýurtly jahankeşdeleriň alymlaryň ýazgylary hem tassyklaýar. Şonuň üçin türkmeniň arassa terbiýesi hem, türkmeniň ajaýyp tebigaty hem bu topraga bolan söýgüni oýarýar, kemala getirýär, barha berkidýär. Şeýle bolansoň, biziň içden-daşdan hiňlenýän her bir aýdymymyzyda Watanymyzyň mukaddesligi, halkymyzyň beýikligi, döwrümiziň bagtyýarlygy teswirlenýär. Diňe bu zatlar däl, ýüreklere ornan begençdir-buýsanjyň özi hem şükranalyk we bagtyýarlyk mukamy ahyryn.

Şu zatlary serimde aýlap otyrkam, “aýdym aýtmak meniň ykbalym däl” ýa-da “mende aýdyma bolan zehin ýok” diýmegiň gaty bir jaýdar gep däldigine göz ýetirdim. Aýdym aýtmagyň başga-başga usullary hem bar eken. Watan hakda aýdym aýtmak – bu diňe saz gurallarynyň ýanynda hiňlenmek däl-de, eýsem oňa her ýerde we ähli ýerde Watanyň şany, şöhraty, abraýy üçin eliňden gelen halal işleri ýerine ýetirmek hem degişli eken. Çagalaryň, nesilleriň aň-düşünjesine Watan gymmatlygy hakdaky pikirleri döredijilikli zähmetiň üsti bilen salyp bilmek hem aýdym aýtmak eken. Iň bolmanda, öý-ojakda, maşgalada ça-

galara berilýän watansöýüjilik terbiýesi hem muňa tutaryk bolup biler. Şonuň üçin bu topragy söýýän her bir adam Watan hakda örän joşgunly aýdymlary ýerine ýetirmäge ukyplydyr.

Bir gezek hepdä çeken iş saparyndan soň otly bilen yzymyza dönüp barýardyk. Goňşy küpede iki sany çagajygyň birek-birek bilen bälçireşip, degşip-gülşüp oturan sesleri eşdilýärdi. Ýanlarynda ene-atalary bolup, daşyndan göräýmäge, paýtagta gezelenje barýanlara meňzeýärdi. Çagajyklar birek-birege sowal berip, özleriniň pikirleniş güýjüni synaýan ýalydylar. Soraglar dürli-dümendi: "Şemal ýadan wagty nirede dynç alýar?", "Ýer şary çep tarapyna aýlanýarmy ýa-da sag tarapyna", "Depesi görünmeýän dagyň düýbi nirede ýerleşýär?". Jykyrdyly gülkülerden soňra, täsinden-täsin jogaplar ýaňlanýardy. Olaryň ählisi ylma laýyk bolmasa-da, söhbetdeşi ynjaldyp biljek derejede bolmagy ýeterlikdi. Biz hem öz ýanymyzdan bularyň seslerine ýylgyryşyp otyrdyk. Ahyry oglanjyk: "Watan nireden başlanýar?" diýip, sowal berdi. Gyzjagaz jogabyny gijikdirmedi: "Watan biziň öýümizden başlanýar". "Ýok, munyň ýalňyş" diýip, oglanjyk ekezlendi, emma gyzjagaz per bermedi: "Maňa atam aýtdy. Watan biziň öýümizden başlanýar. Ol maňa: "Öz öýüni, doganlaryny, öz goňşularyny söýmeýän, sylamaýan adam, Watany söýüp bilmez" diýip aýtdy" diýdi. Bu sowal oňa däl-de, özümize berlen ýaly bolduk. Watan hakda oý-hyýallara çümdük. Her bir Watanyň özüniň serhetleriniň bardygyna garamazdan, Watan hakdaky düşünjelere serhet ýokdugyna düşündik. Gyzjagazyň sözlerini özümizçe ýorup, öwrüp oturyşymyza, Watana bolan söýginiň dünýä inen ilkinji günümizde bu keremli tebigat arkaly, soňra öýümizdäki asylly terbiýe arkaly süňňümize siňdirilýändigini ýene bir ýola ýatladyk. Watan, döwlet – bu uly öý, uly agzybir maşgala. Şu topragyň her sere ýeri biz üçin – Watan. Şu toprakda ýaşaýan we şu topragy söýüp-sylaýan her bir adam biz üçin – dogan. Döwletimiz

berkarar, döwrümiz bagtyýar. Ýeri onsoň, şeýle ajaýyplyklar, bagtyýarlyklar bilen gurşalan wagtyň, neneň aýdym aýtmajak? Aýdym aýtmaly, onda-da joşup aýtmaly. Kähalat-da garma-gürme çyzylan şekillere siňe seredip, onuň aňyrsynda ýatan bir suraty seljermeli, tapmaly bolýar, ýagny beýle suratlar üç ölçegli hasap edilýär. Aýdym meselesinde hem hut şeýle, esasy zat, ýazan, döreden, aýdan zatlaryň özeninde, süňňünde "Watan" sözi ýatan bolsa, Watana bolan buýsanjyň teswirlenýän bolsa, şol hem uly zat. Watana bolan söýgiňi zähmetiň bilen beýan etmek – aýdym aýtmagyň iň labyzly we täsirli ýoly. Hormatly Prezidentimiziň beýik tagallalary bilen belent sepgitlere, uly ösüşlere ýugrulan, waspa baý, tarypa mynasyp Ata Watanymyz hakdaky her bir aýdymlarymyz – döredijilikli zähmetimiz belentden bolsun!

# Ekerançylyk mirasy

Garaşsyzlyk güneşi göge galmazyndan öň, biz ýyly mähri bolmadyk döwürleriň we sowuk duýgularyň içinde ýaşadyk. Geçen asyryň soňky onýyllygynda  alnan Garaşsyzlyk bilen türkmeniň bagtyýarlyk täleýi täzeden dogdy. Gizlenen geçmişimizi, ýitirilen ykbalymyzy, ýygşyrylan mirasymyzy, ogurlanan bagtyýarlygymyzy gaýdyp almaga mümkinçilik döredi. Kimdigimize akyl ýetirmek, ertirimiz hakda ynamly alada etmek öz erkimize, öz elimize berildi.

Köksüz daragtyň bolmajakdygyny mysal getirip, geljegiň geçmişsiz gurulmaýandygyna ünsi çekdi. Taryhy öwreniş ylmynda, aslymyzyň beýikligine guwanmak, buýsanmak üçin, diňe wakalary hem-de maglumatlary bermek bilen çäklenmän, olaryň ruhy manysyny, pelsepesini bermelidigini aňymyza guýdy. Şeýdip ödiňe bir taryhy geçmişi däl-de, eýsem taryhy hakydany hem dikeltdiň. Türkmen halkynyň geçmişini, has çuňluklara ýaýran edebi we medeni mirasyny köptaraplaýyn öwrenmek üçin, mundan on ýyl ozal, özüniň mübärek permany bilen Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli Golýazmalar institutyny döretdi. Türkmeniň taryhyny, baý mirasyny düýpli öwrenmek üçin ähli şertleri, mümkinçilikleri açdy.

Gaýtadan janlandyrylan şol gadymy we köne, ýöne biz üçin täsin we täze ýazgylarda türkmen geçmişiniň şöhraty, ata-babalarymyzyň

pähim-paýhas derejesi, mertligi, merdanalygy, gerek ýerinde zabun darap, zerur ýerinde hoşamaýlyk bilen köp işleri amal edişleri, garaz, ynsanyýete mahsus beýiklikler we gözellikler, şirinlikler we geň-täsin ajaýyplyklar bar. Ylmyň dürli pudagyna: edebiýata, dile, taryha, tebigata, ýyldyzlar we asman ylymlaryna, himiýa, geografiýa... ähli ugra degişli ylmy we hyýaly jähtde ýazylan kitaplar bar. Bu eserleriň üsti bilen diňe bir unudylan mirasymyzy däl, biziň şu günümizde ähmiýetini ýitirmejek lukmançylyk emlerini, al-himiýa amalyýetlerini, saz sungatynyň syrly dünýäsini, gural we enjam (tehniki) täsinliklerini gaýtadan dikeldip, öwrenip bileris. Bu günki gülläp ösýän ylmy pudagyň köp kerwenbaşysynyň türkmen şahsyýetleri bolandygyna, şol golýazmalary okanymyzda anyk göz ýetirýäris. Türkmen halky taryhda ylmy we ruhy tapyndylaryň birnäçesini äleme ýaýdy. Olaryň ählisi türkmeniň paýhasynyň, joşup duran ýüreginiň, belent ruhunyň miwesidir. Oguzhan atamyzyň ilkibaşky ruhy tapyndysy oguz-türkmen elipbiýidir. Elipbiýiň tapylmagy ähli zadyň ösüş ýoluna düşendigini aňladýar. Sebäbi islendik taglymaty ýa-da ylym-bilimi elipbiýsiz göz öňüne getirip bolmaz. Ýa-da Oguz han atamyzyň beýik ýörişler mahalynda täze guralyarabany oýlap tapmagy, türkmeni bütindünýä taryhy açyşlaryň üstünden eltdi. Şeýle ylmy açyşlary etmek Oguz han atamyzyň ruhuna siňendigi üçin, şondan örňän, ýaýran soňky nesiller hem şeýle bagtdan binesip galmadylar. Magdan eredip, ondan her hili gurallary dünýäde ilkinji bolup türkmenleriň ýasap başlandygy hakynda türkmeniň gadymyýeti bolan “Ergenokon” dessanyna salgylanyp, beýan edilýär. Kaňly taýpasynyň ýolbaşçysynyň oýlap tapan arabasy- türkmeniň bütin adamzat üçin ikinji beden tizligini tapmagy bilen taryha girdi. Türkmen pelsepeçi alymy Abu Nasr Faraby sazyň üsti bilen köp keseli anyklap we bejerip bolýandygyny ylmy taýdan açansoň, adamyň saglygyna täsir edýän sazlary we saz gurallaryny oýlap tapansoň öIkinji

mugallymň ady bilen taryha girdi. Dünýäde ilkinji mehaniki robotlary oýlap tapmak nesibesi hem Artykogullary türkmen döwletiniň alymlarynyň paýyna düşdi.

Ylymdarlygyň we oýlap tapyjylygyň türkmeniň ganynda barlygyny, türkmen tebigatyna mahsusdygyny ygtybarly delilleriň üsti bilen subut edildi. Bu paýhasy aňymyza guýup, diňe Garaşsyzlyk we watansöýüjilik ruhy bilen dem alýan ýaşlaryň, ata-babalarymyzyň şol belentligini, beýikligini gaýtalamalydygyny, täze döwre, ajaýyp zamana baglylykda ösdürmelidigini sargady.

Taryhy eserleriň maňzy dok pähim miwelerini tirip otyrşyňa, täsin duýgulary başdan geçirýäň. Nädip taryhyň jümmüşine siňenimizi, diňe sahypalarda galan ýatlamalara garylanymyzy duýman galýarys. Türkmeniň geçmişi ummasyz hazyna. Biz ol ýerden – ata-babalarymyzyň nesilleri üçin niýetlän gymmatbaha mirasyndan göteribilenimizi alyp gaýdybermeli. Bu hazynalaryň salgysy gadymy eserlerdir. Hazynalaryň açary bolsa, şol kitapdan röwşenlik tapan aňymyzdadyr. Biz bu eserleriň üsti bilen ymgyr giňiş ýaýlaly, ötlem-ötlem ýolly, kötel-kötel gerişli we geçitli... taryha seýran edýäris. Ýöne, iň täsin ýeri geçmişiň niresinde düşläp, haýsy güzerinden ganyp gaýtsagam, ol ýollar bizi ýene halkymyzyň buýsançly taryhyna dolap getirýär. öwrenilýän her bir zat bizi taryhyň ýollaryna gatýar. Taryhyň ýoly-ýodasy bolsa, uly bir şaýola öwrülip, şöhratly şu günümize alyp gelýär.

Ruhnamanyň many göllerini aňyma çitip otyrkam, Saparmyrat Türkmenbaşynyň “Taryhymyzy çuň öwrenmäge Garaşsyzlyk ýyllary mümkinçilik tapdyk. Diňe bir geçmiş taryhymyzy däl, bize indi ekerançylyk taryhyny öwrenmäge-de mümkinçilik döredi. Men ekerançylyk taryhymyz bilen gyzyklandym welin, şonda gaty üýtgeşik maglumatlaryň üstünden bardym, ata-babalarymyzyň bu topragy jigerine deňe-

mesiniň sebäbine şonda düşünip galdymň ( Ruhnama, 178 sah.) diýen sözleri nazarymy uzak egledi. Golýazmalaryň arasynda gezibem, şeýle zada ähmiýet bermändigimiz, gabak galdyrmandygymyz üçin diňe özümizi köteklemeli. Bolmasa terjime edilýän eserleriň arasynda bagly-bakjaly, ajaýyp seýilgähli, çemenzarlykly, gülzarlykly köşkleriň hut türkmen soltanlarynda bolandygy, dürli gülleriň, miweli daragtlaryň ösdürilip ýetişdirilendigi hakynda maglumatlar örän köpdi ahyry. Gabady gelende belläp almasaň, olary gaýtadan dörmek ýene birnäçe wagty we zähmeti talap edýärdi. Hernäme-de bolsa ol dogaýy jümleler meni bu biparhlykdan halas etdi. ²ňki eserlerde, bolaýmagy mümkin ýerlerini gaýtadan gözledim. Elime düşen täze golýazmalarda bu hakda bir zat agzalýan bolsa belläp aldym. Ruhnamada “Watan, halk, il-günň diýip gürsüldäp duran ýüreginiň paýhasy, türkmen halkynyň geçmişine we geljegine dahylly ähli zerurlyklary gurşap alypdyr. Indi şol paýhasyň esasynda taryhy dörüp, hazynalary harpykdan saýlap, ile ýetirip bolýar. Şol parasadyň şuglasyndan ýalkym alan aňymyzy janlandyryp, täze-täze açyşlary edip bolýar.

Ekerançylyk ylmy babatynda hem şeýledir. Geçmişde çarwaçylyk we çomrulyk bilen meşgullanan halkymyz, her ugruň özüne dahylly meselesinden ýetik baş çykarypdyr. Öňki asyrlaryň taryhy ýazgylarynda, senenamalarynda, meşhur alymlaryň ýatlamalarynda jennetiň Ýerdäki nusgasyna deňelen bu toprak hut jennet ýaly suratlandyrylypdyr. Salkym-salkym üzümleriň, süýji we ýakymly ysly gawunlaryň, garpyzlaryň, gülli bossanlyklaryň waspy, diňe bir biziň dessanlarymyzy däl, çet ýurtly jahankeşdeleriň täsinden täsirli maglumatlarynda orun alypdyr. Bu diňe şeýle gözelligiň daşky beýany. Ýöne, islendik kämilligiň gözbaşynda ösen ylym ýa-da sungat ýatyr.

Ekerançylygyň zeminde ornaşmagy, rowaýatlara ynansaň-a, jennetdäki wakalardan gözbaş alýar. Beýik Perwerdigär şol bagy-bossanlygyň - jennetiň içinde, Adam atany 28 ýaşly ýigit halynda kämil edýär. Adam atanyň içi gysmasyn diýip, onuň çep taý gapyrgasyndan How enemizi ýaradýar. How enäniň ýaradylyşy hakynda şeýle bir rowaýat bar:

Barça zady öňünden biliji Allatagala How enäni ýaratmazyndan öň ikirjiňlenipdir: öMen seni Adama hemra, höwür bolsun diýip ýaratmakçy welin, sen ony başaryp bilermikäň? Ýa-da igenç-zeýrenç bilen öňküje göwnünem küle çökeräesiň ýok-da?ň diýipdir. Şonda How enäniň ruhy: öEý, Päk Perwerdigär, bu iş üçin ýaýdanma. Ýaratmak seniň bilen, ýaranmak meniň bilenň diýip, jogap beripdir. Şondan soň Allatagala How enäni hem ýaradypdyr. Ýöne biziň bu söhbetimiz häzirki gelin-gyzlaryň How enäniň bu sözlerine nä derejede wepalydyklary hakynda däl-de, zeminde ekerançylygyň döremeginde hut How enäniň ullakan öaladasynyňň bardygyny ýatlatmakda.

...Alladan içi kitüwli Iblis, Adam atadan ar almagyň ugruna çykýar. Hoşamaý sözler bilen How enäni tora salýar. Hemrasynyň höwesine öýokň diýmäge ejiz gelen Adam ata hem ýazyga uçrap, How ene bilen zemine sürgün edilýär.

Rowaýatlarda aýdylşyna görä, How ene Arabystana, Adam ata bolsa Hindistana eltilipdir. Adam ata Hindistana baryp düşende, onuň başynda, perişdeleriň jennetiň gül-gunçasyndan, otundan, bag ýapraklaryndan owadan edip ýasan gültäji bar eken. Adam ata How enäni gözläp Hindi topragyny, şol we goňşy sebitleri gezipdir. Adam atanyň başyndaky gültäjiň gunçalary,gülleri, ýaprakdyr otlary gurap-gurap, hersi bir ýerde gaçyp galypdyr. Ýöne olaryň jennet ösümligidigi üçin, topraga düşen badyna ýene-de gögermek bilen bolupdyr. Şonuň üçin

hem jennetiň gül-gunçasy, göze we jana ýakymly otlary bilen bezelen Hindistan dünýäniň iň owadan ýerleriniň biri bolup galypdyr diýilýär. Bu bir rowaýat. Ýöne, her ülkäniň özboluşly tebigatyny, tebigy aýratynlyklaryny söz bilen gelişdirip, hekaýat bilen sepleşdirip, rowaýata baglap bolýan bolsa, onda biziň ýaşap ýören şu topragymyzy hem Adam atanyň ekerançylyk meýdany hökmünde kesgitläp bolar. Adam ata How enäni gözläp, Hindistan bilen Arabystanyň aralygyny telim ýola söküpdir. Belli bir menzil aşyp, dem-dynç üçin düşlän ýeri bolsa, soňlugy bilen ösen mediýetleriň, şäherleriň merkezi bolup galypdyr. Gadymy döwrüň kartasyny alyp, öňki şäherleriň ýerleşiş ýagdaýyny synlasaň, her şäheriň arasynda takmyny ýakynlygy görersiňiz. Arabystan bilen Hindistanyň orta gürpünde ýerleşýän Türkmenistan Adam atanyň ilkinji ekerançylyk ýaýlasy-ha däldir-dä? Sebäbi Adam ata jennetden kowlanda, onuň eline bugdaýyň dänesini berip:öZeminde şuny ekiň, ýetişdiriň we ekleniňň diýlip tabşyrylan. Adam atanyň topraga taşlan ilkinji tohumy bugdaýdyr. Ilkinji bugdaýyň Ata Watany bolsa – Türkmenistandyr. öTaryhy maglumatlar maňa ak bugdaýyň ilkinji watanynyň Türkmenistandygyny düşündirdi. Bäş müň ýyl mundan ozal ¡newiň düzlüginde ýetişdirilen ak bugdaýyň tohumy tapylan bolsa, biz:öTürkmenistan – ak bugdaýyň Watany!ň diýip, arkaýyn aýdyp bilerisň ( Ruhnama, 178 sah.).

Bu topragyň taryhy tapyndylary, gadymy ýazgylary, bagy-bossana gurşalan köşki-eýwanlar hakdaky maglumatlar, şeýle diýmäge esas berýär. Agaç oturtmak, biziň süňňümiziň maddy sagdynlygyny üpjün edýän dürli-dümen ot-çöpleri ýetişdirmek Oguz han atamyzdan galan däpdir. öOguz han türkmen topragynyň bagy-bossanlyk bolmagyny isläpdir. Ol her esgere söweşden öň nahal ekdiripdir. Nahal ekmedik esger ýörişe äkidilmändirň (M.R. 178 sah). Oguz hanyň bu düzgüni asyrlardan aşa-aşa däbe öwrüldi. Bu günki türkmen ýurdumyzy bagy-

bossanlyga öwürmegiň aladasynda. Bu ugurda “Gök guşak” jemgyýeti döredildi. Göräýmäge, olaryň bar aladasy agaç nahallaryny ýa-da gül tohumlaryny oturtmak, ýetişdirmek ýaly, emma beýle däldir. Ruhnamada ýatlanyşy ýaly, biziň ata-babalarymyz bu topragy dürli daragtlar, al-elwan güller bilen bezäpdirler. Olary ýetişdirmek, täze görnüşlerini döretmek üçin akylyny gaýgyrmadyk atalarymyz, bu topragy jennete öwürmäni başarypdyrlar. Bagbançylyk, ekerançylyk bu hem uly sungatlaryň biridir.

Ruhnamanyň ekerançylyk hakdaky aýdanlary bizi erkimize goýman, taryha alyp geldi. Her açan kitabymyzda, her agdaran sahypamyzda, her okan setirimizde şol ugra degişli ýazgylary belläp aldyk. Galyň we çaklaňja eserler, iri we uşak hatly setirler, terslin-oňlyn edilen bellikler ekerançylyga degişli, gör näçe ýönekeýden täsin maglumatlary gizläp ýatan eken. Agaç oturtmak, şahalary sapmak, gök ekinlere gurt düşmezligi üçin dürli usullary ulanmak, täze şekilli, täsin tagamly miweleri hasyl etmek... ýaly usullar barmak büküp sanardan köp. Mundan öň bagbançylyk, agaç nahallaryny biri-birine sapyp, üýtgeşik miweleri gazanmak, hasyl etmek hakda gürrüň gozgalanda, biziň ýadymyza, mekdep ýyllarynda okan ýazgylarymyz ýa-da eli gaýçyly gül gyrkyp, suw sepeläp ýören, ak sakgally Miçurinden başga hiç kim göz öňümize gelmezdi. Miçurinden başga bagban bardyr öýtmezdik, ähli zady ekmäni, sapmany bize şol öwreden ýalydy. Emma Ruhnama bizi şeýle batyl garaýyşlardan haldas etdi. Ol ýerde aýdylan ekerançylyk hakdaky sözler bizi, ine, şeýle ýazgylaryň üstünden eltdi.

Biziň toplan bu ýazgylarymyz belli bir awtoryňky däl. Ol belli bir eserden alynmady. Bularyň käbiri eseriň awtory tarapyndan gep arasynda getirilse, ýene biri kitabyň eýesi tarapyndan edilen bellikde bar, käerinde bolsa göçürijiniň özi hem şoňa kybapdaş, eşden, bilen zat-

laryny belläp geçipdir. Aýratyn ýatlamaly zat, şu eserleriň ählisi ata-babalarymyzyň kitap tekjelerini bezän, elden düşürilmän okalan kitaplar. Sebäbi golýazma kitaplarynyň kagyzy, sahypalara siňen barmak yzlary, haýsy kitabyň nä derejede okalandygyna güwä geçýär. Olaryň käbiri türkmen, käbiri özge milletiň wekili. Ýöne, şol öözge milletlerň hem türkmen soltanlarynyň, hökümdarlarynyň köşgünde gezen, bagynda seýran eden, güllerini suwaran alymlar, şahyrlar we bagbanlardyr. Ol ýerde ýazylan, beýan edilen zatlaryň käbiri aşa täsinligi üçin ynandyryjy däl ýaly duýulýar. Emma olary  biziň şu günlerimizde gaýtadan synap görmek, aýdylyşy ýaly hasyl berýän bolsa, täzeden ornaşdyrmak kyn düşmez. Beýan edilýän zatlaryň ählisi biziň ýurdumyzda, elýeterimizde tapdyryp dur. Üstesine-de olaryň köpüsi häzirki ekerançylarymyz tarapyndan hem ulanylyp, bilnip ýör. Bu, türkmen halkynyň ösen ekerançylyk sungatynyň müňden bir ülüşi hem däldir. Entek biziň öňümizde agtarylmaly eserleriň, agdarylmaly sahypalaryň, ile-güne ýetirilmeli maglumatlaryň gör näçesi ýatandyr.

***   ***   ***   ***   ***   ***   ***   ***

Reýhan. Reýhany oturtmak, ekmek isleseň, onuň çukuryna az-owlak çäge dök, daş-töweregine arpa ek. Çünki arpa reýhanyň köküni berkidýär.

Utruj. Bu diňe gyzgyn ülkelerde bitýän daragt. Kädi ýapragynyň külüni utruj agajynyň düýbüne dökseň, onuň miwesi köpeler, hiç biri şahasyndan tänip gaçmaz.

Armyt. Armyt agajyny armydyň löderesi bilen suwarsaň, onuň miwesi bolmalysyndan hem has tagamly bolar. Süýji armyt daragtyna sygryň ödüni çalsaň, onuň miwesine hergiz gurçuk degmez.

Alma. Alma nahalyny oturtjak bolsaň, onuň töweregine deňiz soganyny ek, miwesine gurçuk degmez. Eger onuň aşagyna gyzyl gülleri ekseň alma miwesi gyzyl öwser.

Tut. Tut agajynyň aşagyna deňiz soganyny ekseň, düýbi berkäp, ösüşi güýçlener.

Injir. Injir ekjek bolsaň, ony ilki bir günläp duzly suwa ýatyr. Soňra oturtjak ýeriňe sygyr dersini dök we şol ýere oturt. Bu injiriň  tagamy şeýle bir datly bolar. Zeýtun suwy bilen gandyrylan injir daragtynyň bir miwesi-de ýere dökülmez. Şahada duran injir ýapraklaryna gyzgyn suw pürkmek, ähli yhlasyňy harap eder, daragty guradar.

Hoz. Gabygy el bilen aňsat aýrylýan hozy isleseň, bir hoz dänesini al. Ony entek bäş gün bolmadyk çagajygyň peşewine taşla we soňundan ek. Üstüne gum sepele. Şeýdeniňde şol däneden ýetişjek hoz miweleriniň gabygyny aýyrmak ýeňil düşer. Kyn bolmadyk şeýle usullaryň ýene-de biri: Onuň maňzyna zeper ýetirmezden gabygyny aýyr. Soňra ony bir kagyza ýa-da esgä, ýa-da üzüm ýapragyna, ýa-da çynar ýapragyna dolap, ýere göm. Üstüne kül sepele. Şonda onuň gabygy kagyz ýaly, aýyrmasy aňsat bolýar.

Hoz agajynyň täsin tarapy bar. Ol ösüp nirä ýetse-de pisse agajyndan başga hiç bir daragta dolaşmaýar. Pisse agajyny tapdygy, magşugyny gören ýaly oňa çolaşýar we ajaýyp miwe berýär.

Şetdaly. Şetdalyny has gyzartmak isleseň, şäniginiň özi ýarylýan bir miwesini al. Ony şänigi bilen ýar we içine gyzyl kinowardan az-kem atyp, şänigi eti bilen bilelikde ýapyp goý we şol durşuna hem ek. Şol nahaldan geljek şetdaly şeýle bir gyzyl bolar.

Şetdaly şäniginiň iç ýüzüne bir nagyş ýa-da hat çyzyp, ony ýene öňküsi ýaly ýapyp ekseň, şol nagyş, şol şänikden ösüp çykan daragtyň ähli miwesinde bolar.

Nar. Nar agajynyň töweregine reýhan ekseň, miwesi köpeler. Hurma şänigini duz bilen garyp, nar agajynyň astyna gömmek, onuň miwesini zaýalar. Nar miwesini has-da gyzartmak isleseň, suwa garylan kepderi külüni nar agajynyň düýbüne guý, dänesi örän gyzyl bolar. Turşy nary süýjütmek isleseň, nar agajynyň düýbündäki topragy bir gyra aýyr. Soňra onuň köklerine doňuz tezegini çal we ynsan peşewi bilen ez. Ondan soň gyra aýrylan ýaňky toprak bilen öňküsi ýaly göm, ol süýjidäne nara öwrüler.

Nar miwelerini uzak wagtlap ter we datly saklajak bolsaň, miwesine hiç hili zeper ýetirmezden, ony daragtyndan eliň bilen ýolup al. Soňra ujuny gyzgyn ýaga batyr we sowuk öýde asyp goý. Ol uzak wagtlap süýjüligini we terligini saklar.

Eger ony şahasyndan ýolman, onuň daşyny ýapraklar ýa-da kagyz bilen, mör-möjek, ary girmez ýaly edip dolasaň, ol nar uzak wagtlap terligine durar.

Zeýtun. Zeýtun daragtynyň düýbüne çygly topragy köp döküň. Şonda ýokary göterilip, zeýtuna siňen çaňlar, ony ýagly edýär we çalt ýetişdirýär. Zeýtun agajynyň daş-töweregine dub şahasyndan gazyk kakyşdyr, bu gazyk onuň ösüşini güýçlendirýär we miwesiniň köpelmegine kömek edýär.

Behi. Behini uzak wagtlap ter saklamak isleseň, ony agaç ýonuşgalarynyň ýa-da sypalyň üstünde goý. Behini hiç wagt beýleki miweler bilen bir öýde saklamagyn, şeýtseň, behiden galan ähli miwe zaýalanar.

Üzüm. Üzüm agajynyň ajaýyp taraplarynyň biri, onuň hasyl berip biläýjek ulurak baldagyny ýere oturtdygyň, indiki ýyl uly hoşalary getirýär. Eger-de örän peýdaly, köki berk we tiz ýetişýän üzüm daragtyny isleseň, täzeräk (ýaşrak) ekilen üzüm daragtynyň pudagyny al we ony aýyň birinji ýarymynda (bu ýerde hijri aýlary göz öňünde tutulýar) oturt. Baldagynyň başyna sygyr dersini sürt, çal. Köküniň berkemegi üçin oturtjak ýeriňe nanhuwa we dub şahalaryndan az-kem çöp dürtüşdir. Çalt ösmegi üçin az-owlak noýba dökmegi hem unutma. Şu şertlere laýyk oturtsaň, ol beýleki üzümleriňkä meňzemeýän, ajaýyp, täsin tagamly miwe berer. Gara üzümiň bir çybygyny, ak üzümiň bir çybygyny, gyzyl üzümiň bir çybygyny alyp (beýleki ýazgylarda ödänesini alypň), onuň gabygyny sypyrmazdan, biri-birine sapsaň we oturtsaň, şol bir düýp üzümde birbada gara, ak we gyzyl üzüm hoşalaryny görersiň. Ak üzümi garaltmak isleseň, üzümiň daş-öweregini köwle, soň ol ýere az-owlak gara nebit dök we göm. Şonda ol şar gara üzüm bolar, ýöne miwesine zeper ýetmez. Üzüme gurçuk düşmesin diýseň, onuň baldaklaryny gurbaganyň ýa-da möjegiň gany çalnan orak bilen gyrk. Sowuk urmasyndan saklaýyn diýseň, onuň ähli ýerine ýeter ýaly edip tezek tütet, üstüne hem ýylgyn pürlerini sepele. Ol, Hudaýyň islegi bilen sowukdan aman bolar.

Armyt. Armydy uzak wagtlap ter saklajak bolsaň, bir kagyz bukja al. Oňa az-owlak duz at. Soňra her armyda bir kagyz bukjany geýdirip ýa-da içine duz atylan kagyz bilen mäkäm dolap, şol durşuna şahasyndan asyp goý. Ol uzak wagtlap zaýalanman saklanar. Her armydyň başyna az-kem şepbik çalyp asyp goýsaň hem uzak wagtlap zaýalanman durar. Edil şonuň ýaly usulda, her biriniň başyna (ujuna) şepbik çalanyňdan soň, agaçda sallanyp durşy mysalynda, başyny aşak edip, küýzä salyp goýsaň, uzak wagtlap abat saklanar.

Badam. Badam şänigini ilki bala batyryp, soňra ekseň, miwesi has süýji bolar. Gabygy ýeňil aýrylsyn diýseň, edil hozda aýdyşymyz ýaly, maňzyny kagyza ýa-da ýapraga dolap ekiň. Miwesi ýere dökülip durmasyn diýseň, onuň şahalarynyň ortarasynda eşegiň kelleçanagyny asyp goý.

Narynç. Narynç agajynyň aşagyna nerkes gülüni ekseň, onuň turşulygy süýjülige öwrüler.

Hurma. Hurma daragty hasyl bermese däp bolup galan bir amala ýüz urýarlar. Bir adam eline palta alyp, hurmanyň ýanyna barýar we ýanyndaky adama: öMen şu agajy çapsam diýýän, hiç hasyl getirenokň diýip ýüzlenýär. Beýleki adam: öBeýtmäweri, ine görersiň, ol şu ýyl hasyl getirerň diýýär. Paltaly adam: öOl hiç zadam getirenok, getirjegede meňzänokň diýip, elindäki palta bilen hurma agajyny iki ýa-da üç gezek çalaja urýar. Ýanyndaky adam onuň elinden saklap: öBeýtmäweri, saklan. Bu örän oňat agaç. Şu ýyl hem sabyr edip garaşyp gör. Şonda-da hasyl bermese, onda isläniňi et!ň diýýär. Ine, şeýdilensoň hurma örän köp hasyl berýär. Diňe hurma däl, beýleki agaçlar babatynda hem şeýledir. Eger-de gurşundan halka edip, hurma daragtyna ildirip goýsaň, onuň miwesi köpelýär we hiç biri ýere gaçmaýar.

Gül. Eger-de onuň ýapraklary güldegresinden tiz çyksyn diýseň, ony mylaýym suw bilen suwar. Ekýän wagtyn şahasynyň (baldagynyň) içine az-kem sarymsak dyksaň, onuň ysy zyýada bolar.

Sogan. Gowy hilli sogan almak üçin tohumynyň gabygyny aýryp ek. Ýere näçe çuňurak gömüldigiçe, tagamy has güýçli bolar. Ekýän we hasylyny ýygnaýan wagtyňa hem üns ber, Sureýýa ýyldyzynyň batýan wagtyna gabat gelende, bol hasyl gazanarsyň.

Garpyz. Garpyz çigdini bala we süýde ezip, soňra ekseň, hasyly diýseň süýji bolar, özi-hä beýlede dursun, hat-da şonuň ysynda hem dermanlyk täsir ýüze çykar. Garpyzly öýde hamyryň almaz. Aýbaşyly zenan garpyz dümesiniň içinden geçip gitse, ähli garpyz zaýalanar. Ýagyň ysy tutan garpyz we hyýar çigdini ekseň, olaryň tagamy ajy bolar. Ol ikisiniň çigdi ýag degen kagyzda ýa-da esgide saklansa hem şeýle bolup biler. Ekmeziňden ozal, garpyz çigdini gülleriň arasynda goýup, soňra gämikleseň, şol garpyzdan gülüň ysy geler durar. Garpyz dümesiniň ortarasynda eşegiň kelleçanagyny goýsaň, olara hiç hili zyýan-zeper ýetmez, garpyz biýaralary çalt öser we tiz hasyl berer.

Sarymsak. Sarymsagy aýyň görünmeýän, aýyň ýeriň astynda bolýan wagtynda ekseň, onuň ýakymsyz ysy bolmaz. Ekýän çagyň Sureýýa ýyldyzynyň batýan pursatyny ara, şol wagt ekseň hasyl has oňat bolar.

Dary. Dary ekilen toprak zaýalangyç bolýar, uzak wagtlap ekişe ýaramlylyk ukybyny ýitirýär. Dary däneleri uzak wagtlap möjek degmän, zaýalanman saklanyp bilýär. Hut şonuň üçin hem adamlar ony açlyk belasyndan aman galmak üçin ätiýaçlyk azyk gory hökmünde saklaýarlar.

Harbak (çemerisa). Bagy-bossanyň içinde harbagyň baldaklaryny oturtsaň, ol ýerdäki çybyn-çirkeýleriň ählisi öler. Ony islendik tohumyň ýany bilen ekseň, şol ekine guş golaýlaşyp bilmez. Eger ony öýüň içinde tütetseň, zyýanly mör-möjekleriň ählisi ol ýerden gaçyp gider. Ne güe, ne büre, ne siňek, ne-de şoňa meňzeş zatlar galar. Harbak dänesini hamyryň arasyna atyp, syçan hininiň agzynda goýsaň, ony iýen syçan dessine öler.

Kress-salat. Onuň tohumyny nanhuwanyň ortasynda goýup, soňra ekseň, özüne ýokaşýan ähli apatlardan aman bolar. Düýäniň gu-

malagyny al we owradyşdyr. Soňra kress-salatyň, ajybalgazyň tohumyny we gülli ajybalgazyň dänesini alyp, gumalaga gar, üstüni gum bilen ört we suwar. Şeýtseň, onuň bir golunda ösümligiň üç görnüşi ösüp çykar. Kress-salatyň aşaky ýapraklaryny kesip aýyrsaň, ýokarkylarynyň tagamy süýjär. Kress-salaty aşa köp iýmek ukuçyl edýär, teşneligiňi aýyrýar we jynsy höwesiňi ýatyrýar. Şonuň üçin ony esasan agta adamlar iýýär. Adamsy alys ýola giden zenanlar bolsa, öz şöhwetlerini basyp ýatyrmak üçin oňa sirke sepip iýýärler.

Gant şugundyry. Gant şugundyryny ekjek ýeriňi sygyr dersi bilen kemsiz eýleseň, köki mäkäm we tagamy has süýji bolar.

Sowsan. Sowsany täze kagyz bukja salyp ýapsaň ýa-da gowy edip kagyza dolasaň, ol ýyl boýy ter-täzeligine saklanar.

Arpa. Üzümi ter saklamakda arpanyň ähmiýeti uludyr. Üzüm hoşasyny arpanyň üstünde goýsaň, ol durkuny üýtgetmeýär, her gün ter üzümleri edil şahasyndan ýolup iýýän ýaly bolarsyň.

Şalgam. Şalgamyň ýa-da kelemiň tohumy üç ýyllap ekilmän ýatsa, şalgamyň tohumyndan kelem, kelemiň tohumyndan şalgam ösüp çykar. Bu ýagdaýy ekerançylaryň ählisi anyk bilýändir. Şalgam tohumyny zeýtun şiresinde ýa-da balda ezip goýup, soňra ekseň, ondan örän süýji tagamly şalgam ýetişer.

Rediska. Rediskanyň tohumyny bala ezip, soňra ekseň, tagamy örän süýji bolar.

Süýri hyýar. Süýri hyýaryň keşbi haýsydyr bir haýwana meňzesin diýseň, şol haýwanyň şeklindäki kiçeňräk galyby al. Hyýar entek kiçijikkä şol gaba sal we hiç hili ýel ýa-da tozan girmez ýaly onuň agzyny mäkäm daň. Hyýar ulaldygyça şol galyba görä öser we şol şekili alar. Aýbaşyly zenanlar onuň ýanyndan geçdigi, süýri hyýaryň tagamy üýtge-

mek bilendir, tiz wagtdan bolsa süllerer galar. Eger onuň tohumyny bala we süýde ýatyryp, soň ekseň, miwesi örän süýji bolar.

Poreý. Poreýiň çalt ýetişmegi üçin ilki onuň tohumlaryny ekjek ýeriňize sepeläň, diňe üç gün geçenden soň suwaryň. Eger onuň köki berk bolsun diýseňiz, her bir goýun gumalagynda üç däne goýup ekiň, şonda ol bolmalysyndan hem has gowy öser.

Nanhuwa. Bu örän meşhur ösümlikdir.  Gyşda nanhuwa bilen bakylan her ene goýun ekiz guzy berer, ýüňi we süýdi köpeler, sakyrtga degmez.

# Beýikligiň gözbaşy

«Hudaý adamy belli-belli maksatlar üçin ýaradypdyr,

dünýäde hiç bir zat tötänlik däl».

Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň

Ruhnamasy.

Bu älem biziň diňe şu görýän, eşidýän we «şoldur» diýip çaklaýan zadymyz bilen çäklenmeýär. Diňe bir asmanlaryň aňyrsy, zeminleriň asty däl-de, biziň ýaşap ýören şu dünýämizem, durmuşymyzam syrlardan doly. Dünýäde tötänligiň barlygyna ynanmaýan adam üçin her bir zadyň sebäbi bar. Köňül gözgüsini açmasaň, görüp bolmaýan gözellikler, siňe synlamasaň, duýup bolmaýan täsinlikler bar. Özi hem bularyň ählisi biri-biri bilen berk baglanyşykda, özara hereketdedir. Öz-özünden döreýän, hasyl bolýan, öz-özünden ýitip gidýän hiç zat ýok. Hudaýyň ýaradan bu dünýäsinde ähli zat bir sebäp bilen, özem zerurlyk bilen ýüze çykýar.

Beýiklikler hakda söhbet edilende her bir zadyň gönezligi, gözbaşy dogrusynda ýatlamak zerur. Döredijі nähili ussat bolsa, onuň hasyl eden beýikligi şonça kämil bolýar. Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda bu dünýädäki ähli zadyň Hudaýyň ynsana bolan söýgüsi üçin ýarady-

landygy dogrusynda söz açylýar. Ynsan barlykda ýaradylan zatlaryň içinde iň ezizi, iň beýigidir. Şonuň üçinem ynsan hakynda, onda-da beýik ynsan hakynda söhbet etmek, ondaky ýagşy häsiýetleri, belent ahlaklylygy özümize nusga edinmek, bagta barýan dogry ýolda ynamly gadam urmagymyza sebäp bolar.

Hudaý her kimiň kalbyna bir zada bolan söýgüni salýar, şoňa ýetmek üçin edýän yhlasyna görä-de nygmat eçilýär. Dünýäde meňzeş adamlaram, meňzeşiräk ykballaram gabat gelýär. Ýöne, syrlara basyrylan ynsan ykballary entek näçe syrlary gizläp ýatyr. Adamlar olaryň köpüsini görse-de, pikir etmeýär, käbirini duýsa-da, şoldur öýtmeýär. Düýnki günlerimiz düýşe, ertirki günlerimiz ertekä öwrülýär. Bize bolsa edil şu günki bolýan zatlar, täsinlikler, keramatdyr gudratlar hakynda söhbet edäýmek galýar.

Gijesine san-sajaksyz ýyldyzlaryň, nurly Aýyň bardygyna garamazdan, olar Zemini güneş ýaly ýagtylandyryp bilmeýär. Çünki olar ýa-ha köreksi, ýa-da bizden uzakda. Güneşiň ýeke özi bolsa biziň hemmämize ýetýär, sebäbi, ol hem nurly, hemem bize ýakyndyr. Hudaýyň eradasy bilen türkmen halkynyň ykbalynda  Güneş bolup dogan merhemetli Prezidentimiz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň hem täsin ykbaly bar. Onuň Hakdan halatly ynsandygyna şek-şübhe ýok. Onuň Beýik taglymatlarynyň gözbaşynda Mähriban Serdarymyzyň Beýik ykbally Beýik ynsandygy ýatyr. Taňry ony bu halkyň bagty üçin pygamber ornunda saýlap aldy. Şu günki ykbalymyz we nesillere goýlan bagtyýarlyk nesibesini hut Türkmenbaşynyň üsti bilen ýetirip dur. Türkmenbaşynyň döreden bäş ylahy eseri biziň üstümiz bilen nesillere uzadylmaly jadyly saçakdyr. Munuň Taňry goldawydygyna şübhe ýok. Ymam Gazalynyň «Ylymlaryň direldilişi» atly kitabynda getirýän rowaýatyna görä, gadym döwürlerde örän takwa we ybadathon bir

adam ýaşapdyr. Ol ylym-bilimde öz zamanasynyň ählisinden has öňe düşen eken. Bir gün ol öz ýanyndan pikir edipdir-de: «Adamlaryň elinden hiç zat iýmäýin, men diňe Hudaýyň beren zadyny iýip oňmak üçin, daglarda mesgen tutaýyn» diýipdir. Ol daglardan bir gowagy saýlap alypdyr-da, tagat-ybadatyna meşgullanyp başlapdyr, ýadynda saklan doga-dileglerini dynman gaýtalap oturypdyr. Ol Hudaýdan umyt edip «meniň ryzkym häli geler, şindi geler» diýip, garaşyp otyrmyşyn. Bir gün geçipdir, onuň ýanyna hiç zat getirilmändir. Iki gün geçipdir, ýene-de öňki ýaly tama edip otyrmyşyn, ne iýmit, ne içgi, hiç zada gözi düşmändir. Üçülenji gün hem şeýle bolupdyr. Ol adam üç günläp iýip-içmänsoň, ysgyn-mydardan gaçypdyr, tagat etmäge hiç rowgaty galmandyr. Ol: «Men Hak ýolunda niçe ýyl tagat-ybadat etdim, ähli şertini-talabyny birkemsiz ýerine ýetirdim. Ýöne, näme üçindir, Alla maňa rysk bermedi-le?» diýip, çuň pikire batypdyr. Şol wagt Alla onuň kalbyna «Adamlaryň arasyna git, seniň rysgalyňy şol ýerde goýdum» diýen pikiri salypdyr. Ol takwa dagdan düşüp, obanyň bir çetinden giripdir welin, ynha, oba adamlary: «Takwa, ybadathon adam geldi» diýşip, kimsi munuň öňüne saçak ýazsa, kimsi dürli-dümen nahar getiripdir, her kim takwanyň göwnüni göterjek, ýagşy dogasyny aljak bolup jan edipdir. Ýaňky takwa adam hezil edip garbanypdyr hem-de bu ahwalatlar hakynda pikirlenip, iňkise gidipdir Şonda Allatagala onuň kalbyna bir ses salypdyr: «Eý, nadan, sen şeýtmek bilen meniň däbimi bozdurjak bolýaňmy? Eýsem-de bolsa, men kime kömek etjek bolsam ýa-da bir zat berjek bolsam, öz bendelerimden kimdir biriniň üsti bilen kömek edýändigimi bilmeýärmiň?» diýen ýaly bolupdyr.

Durmuşyň hakykaty şondan ybarat. Alla kimdir birine kömek etjek bolsa, özi gelip kömekleşip gidenok ýa-da bir zat berjek bolsa «me, al!» diýip, öňüne özi oklamaýar. Ol özüne ýakyn ynsanlaryň üsti bilen ýagşylygy, halamaýan bendeleriniň üsti bilen bolsa ýamanlygy ýetirip

durýar. Şonuň üçinem Türkmenbaşynyň ak patasyny alan, keramatly nazaryny salan, mübärek gadamy düşen ýerlerde işler ugrugyp, rowaçlyk pajarlaýandyr. Hat-da Türkmenbaşyy  düýşüňde görmek hem bagtdyr. Bu Hudaý tarapyn inderilen goldawdyr, kömekdir ýa-da ýagşy zadyň buşlukçysydyr. Çünki, ol Hudaýyň halan ynsanydyr, türkmen halky üçin eçiljek iň ýagşy zatlaryny, iň gowy görýän ynsanynyň üsti bilen ýetirýänligidir. Musulman gündogarynda ýaýran tagbyrnamalarda – düýş ýorgutlarynda hem, düýşüňde patyşany görmek, onuň saňa mähir-mylaýymlyk bilen garamagy diňe ýagşylyga ýorulýar.

Eger-de Allatagala ýagşylygy özüne ýaraýan adamlaryň üsti bilen ile ýetirýän bolsa, diýmek, ol adamlar Allanyň halanydyr. Allanyň halaýan her bir ynsany bolsa, oňa beýlekilerden golaýdyr. Hudaýa ýakyn adamlara weli diýilýär. Geliň «weli» sözüniň berýän manylaryna göz aýlap geçeliň: 1. Haýsy hem bolsa bir işi dolandyrýan adam; 2. Ýardamçy ýa-da söýgüli; 3. Dost, ýaran; 4. Hudaýyň diýenini edýän, Hudaýyň halan adamy; Bu manylar düşündirişli sözlük kitaplaryndan alyndy. Eýsem-de bolsa, Türkmenbaşynyň belent ahlaklylygy, adamkärçiligi, öz raýatlaryna we ynsanlara mähirliligi ýa-da islendik ýagşy häsiýetleri şu aýdylanlaryň haýsysyna gabat gelmeýär? Türkmenbaşynyň ýurt Garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryndan başlap, welilik bilen aýdan zatlarynyň bu günki gün hasyl bolmagy bolsa, onda weliligiň barlygyny ýene bir gezek subut edýär. Rowaýatlara görä, bir patyşada ýedi öwlüýäniň güýji bar diýilýär. «Öwlüýä» diýmek hem weli sözüniň köplügidir.

Türkmen synçy halk. Eger-de bir zada oňatja üns beren bolsaňyz, näme üçindir Türkmenbaşynyň geçirýän döwlet ähmiýetli, il bähbitli işleri aýyň-günüň sähetli wagtyna gabat gelýär. Uly-uly maslahatlary ýylyň haýsy paslynda geçiräýsin, bulutlaşyp duran asmanam, gyňyr gyşam, ýüzüňi ýalap gelýän aýazam Türkmenbaşynyň göwni ýaly bo-

lup açylyp gidiberýär. Türkmenbaşynyň göwni ýaly arassa asmany, ýylgyryp duran keşbine meňzeş parlak güni görüp, bu beýik adamda bir keramatyň bardygyna ynsan köňli çyndan ynanýar. Ynsan kalby käteler keçjal, käte ynanjaň bolýar. Türkmenbaşyda nähilidir bir halatlylygyň barlygyna ynanmaýan adamlara bolsa durmuş, ine, şeýdip subut edip beräýýär. Eger-de kimdir biri muňa «tötänlik» diýip baha berse, dogry, «tötänlik» diýilýän zat dünýäde duş gelmän durmaz. Ýöne hany, aýdyň, heý, şunça-da bir yzygiderli tötänlik bolarmy? Tötänden bagtly bolýan ýokdur. Gadymy akyldarlaryň aýtmagyna görä, her bir tötänligiň astynda Hudaýyň gizlin hikmeti ýatandyr. Bu diňe Hak tarapyn berlen halatlylygyň alamaty. Ymam Gazalynyň «Ylymlaryň direldilişi» atly kitabynda Hudaýa ýakynlaşmak we gowuşmak hakynda täsin ýazgy bar. Hudaýa gowuşmak diýlende, biziň göz öňüne getirişimiz ýaly, onuň bilen birikmek däl-de, ahlak-sypat arkaly Hudaýa gowuşmakdyr, ýagny Hudaýa orun-mekan arkaly däl-de, ahlak-sypat arkaly meňzemekdir. Hudaýa mahsus sypatlary özüňde jemlemegi başarybilseň, şonça-da Hudaýa ýakyn bolýarsyň. Türkmenbaşynyň günäleri bagyşlamagy, geçirimliligi, öz halkyna mähirliligi, sahylygy ýaly ýene-de birnäçe häsiýetler Hudaýyň özünde jemlän we öz halan adamsynda bolmagyny isleýän häsiýetleridir. Şonuň üçinem Türkmenbaşyda welilik häsiýetleriniň we sypatlarynyň barlygy aýan zatdyr.

Pygamber we weli adamlaryň beýikligini olaryň edýän işlerindäki keramatlar bilen kesgitläp bolýar. Aslynda bularyň özüne aç-açan keramat görkezmeklik hökmany hasaplanmaýar. «Kämil ylmy-hal» atly kitapda «Nadanlar ölini direldip, mazardan çykarmagy beýik keramat saýarlar. Beýikler bolsa öli ýürekleri direltmäge, hassa ruhlary bejermäge uly ähmiýet bererler. Allatagala ýakyn bolanlar öli ruhlary direldýändirler, olaryň yzyna eýerijiler hem tapsyz ýürekleri direltmäge

çalyşmalydyrlar. Dogrusy-da budur, ýürekleri, ruhlary direltmegiň ýanynda ölüleri direltmegiň hiç gymmaty ýokdur. Hatda, biderek, peýdasyz wagt geçirmeklikdir. Çünki ölini direltmek oňa birnäçe gün ömür berer. Kalplaryň direldilmegi bolsa, ony soňsuz durmuşa gowuşdyrar» diýlip ýazylypdyr. Ine, uly pirleriň, alymlaryň garaýşynda hem ölini direltmek däl-de, öli ýüregi direltmek, onuň ruhuny göter-mek, göwnüni galkyndyrmak uly keramat saýylýar. Türkmenbaşynyň Ruhnamasyndaky dana türkmen sopusy Baýezit Bistamy bilen bagly bir rowaýat hem weli, keramatly adamlaryň ruhana bolmalydygyny hakynda nygtalýar.

«Bir gün şyh Abu Musa Baýezitden soradylar:

— Eý, pirimiz, ertirden niçik ötersiz?

Şyh diýdi:

— Ertäni hem bilmen, agşamy hem bilmen, çünki Allatagala köňlüme guýdy: «Eý, Baýezit, meniň hazynalarymda edilen tagatlar, ajaýyp hyzmatlar küt-küt bolup durupdyr. Eger meniň dergähimi dilär bolsaň, maňa mende ýok zatlary getirgil» diýdi.

Onda men diýdim:

— Eý, Hudaýa-hudawende, ol nädir sende bolmagaý zat?

Hudaýtagala diýdi:

— Biçärelik we ejizlik, harlyk we mähtäçlik, köňlisynyklyk hem perişanlyk — ine, şular meniň hazynamda ýok zatlar. Çünki bu zatlar maňa gerekmez. Hudaýtagala gaýduwsyzlyk hoş geler. Hudaýtagala ruhubelentlik hoş geler. Hudaýtagala diňe gowy, beýik sypatlar istär. Hudaýtagalanyň istäni türkmene parzdyr».

Kalbyna Allanyň salan Ruhnamasyny döretmegiň zerurlygy hakyndaky Türkmenbaşynyň aýdýanlary, gör, ylahy paýhasdan gözbaş alýan eken. Ýokarda belläp geçişimiz ýaly, bu işiň hötdesinden diňe Hudaýa ýakyn adamlar, ýagny weliler, pygamberler gelip bilýär. Muhammet pygamber «Her patyşa öz halkynyň çopanydyr. Ol öz raýatynyň ählisine jogap bermelidir» diýýär. Halkdan biriniň sähelçe göwni ynjasa-da, sähelçe adalatsyzlyk ýüze çyksa-da, ilki bilen patyşa jogap bermeli. Hut şonuň üçinem, öz döwründe musulmanlara baş bolup, yslam döwletine ýolbaşçylyk eden hezreti Omaryň iki gözünden dökülýän ýaşlar, onuň ýüzünde, gözden aşak syrygyp gidýän yz galdyrypdyr. Çünki ol: «Belki ýurt içinde bir ýerde zulum edilýän bolsa, men bilmän ýören bolaýmaýyn. Soň kyýamat güni şonuň üçin maňa agyr jeza berler» diýip, elmydama halkyň aladasyny edip, gamlanyp, aglap gezer eken. Ol hatda käteler öz wezirlerine bildirmän, egin-eşigini üýtgedip, halkyň hal-ahwalyny öz gözi bilen görmek üçin, il içine siňer gider eken.

Sarpaly Serdarymyz Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy kähalatlar ýüz keşbini üýtgedip, il içine hal-ahwal bilmäge çykdy, alysdaky ýüregiň urgusyny ýakyndan diňlemek üçin soltanyň hatsandyklaryny (Prezident poçtasyny) döretdi. Öz kalbynyň owazyny Türkmenbaşya diňledesi gelýänlerem, ile aýtman ýören syryny Beýik Serdar bilen paýlaşýanlaram, arzy-halyny, isleg-haýyşyny oňa bökdençsiz ýetiresi gelýänlerem şoňa hat ýazyp ugradýarlar. Türkmenbaşynyň «Meniň ruhubelentlik baharym» atly şadiwanyndaky «Hatlar» diýen şygyr muňa aýdyň güwädir:

«Bir däl,
on däl,
ýüz däl!

Her gün müňlerçe
Hat ýagyp dur Prezidentiň adyna.
Kim ýardam isleýär-
ýolugyp derde,
Kim garaşýar meniň delalatyma.

Kim maslahat berýär,
Kimler nesihat,
Kimler meniň jan saglygym dileýär.
Gijeler her haty açyp okamda,
Dünýäm giňäp,
Kalbym nurdan ýylaýar.

Kimiň ynjysy bar,
kimiň arzy bar,
Kimse meniň mededime garaşýar.
Hudaýa müň şükür,
il-günüm ynha,
Meniň bilen syr alyşýar,
Syr açýar».

Ynsanda sähelçejik göwün bar. Serdar sahawatyna ýugrulan mümkinçiliklere görä, her kime kömek berilýär, göwni göterilýär, ýöne

hiç hat jogapsyz goýulmaýar. Beýik Serdar bilen Serdar söýgüsine ýugrulan halk birek-bireginiň ýürek urgusyny diňleýär. Ynsanyň iň uly genji-hazynasy hasap edilýän ruhy mirasymyzy artdyrmak, ertire ynamly göz bilen garamak, halkyň şatlygyny belende götermek Mähriban Prezidentimiziň öňe sürýän baş taglymaty. Bir adamyň ýüregine şatlyk salmak, ony gaýgy-gamdan halas edip, göwnüni götermek, onuň bergisini üzüşmek ýa-da ony açlykdan doýurmak  Allatagalanyň iň eý görýän işleri hasaplanýar. Başda belleýşimiz ýaly, Hudaýyň halaýan işlerini onuň halaýan ynsanlary ýerine ýetirýär. Bu bolsa öz gezeginde şeýle häsiýetleri özünde jemleýän Beýik Türkmenbaşynyň welidigini, halatlydygyny subut edýär. Şeýle hem, şol pikirler Onuň döreden Beýik eserleriniň ählisinde şöhlelenme tapdy. Bu ýagtylyk türkmeniň kalbyna siňip, ynsanlaryň ruhuny direltmek bilen welilere, halatly ynsanlara mahsus mukaddes borjy ýerine ýetirdi. Çünki onuň ýaly beýik adam Hudaý tarapyn saýlanan we ýalkanandyr.

Rowaýatlara görä, Allatagala bir adamyny halasa, Jjebraýyl perişdäni ýanyna çagyryp «Men pylany bendämi gowy görýärin, şony siz hem söýüň» diýip, emr edýärmiş. Soňra Jjebraýyl beýleki perişdelere ýüzlenip: «Pylan adamyny Allatagala gowy görýär, ol siziň hem söýmegiňize mynasyp» diýip tabşyrýar. Soňra bu perişdeler şol söýgini ynsanlaryň kalbyna salýar. Şeýde-şeýde söýgi keramaty arşyagladan Zemine ýaýylýar. Diýmek, soltanyň söýgüsini gazanmak perişdeleriň we Hakyň söýgüsini gazanmak eken. Çünki, biz ony bizden öňürti Hudaýyň halanlygyny unutmaly däldiris. Türkmenbaşynyň  il-ýurt bähbitli edýän  her bir işi, onuň   Kitaplaryna laýyk gelýär. «Serdaryň saglyk ýoly» hem munuň aýdyň subutnamasydyr. «Serdaryň saglyk ýoly» – bu ynsan ruhuny we saglygyny gözelligiň üsti bilen bejermegiň bir usulydyr.

Il başynda dursaň, il keşigi seniň gerdeniňe düşýär. Ýöne bu mertebä gelýänçäň taplanmaly, bekemeli bolýar. Görer göze ýönekeý hem bolsa, doga halatly ynsanlar durmuş meýdanynda kemsiz taplanandan soňra, Hudaý ony bir halkyň bagty üçin saýlap alýar. Durmuşda kynçylygy görmän, on iki süňňi bekäp-taplanmadyk ynsanlar hiç haçan beýik derejelere ýetip bilmezler.  Eger bagt diýilýän zada aňsat ýetip bolýan bolsa, Allatagala dirilik suwuny zulmatyň, tümlügiň içinde goýmazdy. jennete girmek üçin dowzahyň üstünde guralan, gyldan inçe, gylyçdan ýiti Syrat köprüsinden ýöremeli bolmazdy. Türkmenbaşynyň ykbalynda bolsa, durmuş synaglarynyň, gör, näçesi bolup geçdi. Ejizlemedik erk bu gün türkmeniň ykbalyny ýokary götermek üçin il başyna geldi.

Beýik kitaplary beýik adamlar döredýär. Asmanda adamlaryň hersiniň özüniň ýyldyzynyň bolýandygy hakyndaky rowaýatlar, ylmyň şu ösen derejesinde subut ýa inkär edilmedik hem bolsa, ol şu günlerde-de öz täsirini ýitirenok. Asmanda bir agajyň bitýänligi, onuň her ýapragynda bolsa bir adamyň ömür ýazgysynyň barlygy hakdaky ýazgylar köne kitaplarda köp duşýar.

Adam doglar, asmanda ýyldyz hem dogar. Täze dogan ýyldyza täleý diýilýär. Ýöne adamynyň täleý  ýyldyzynyň nirede doganlygyny bu adaty gözümiz bilen asmana bakyp hem, teleskop ulanyp hem gözläp oturmagyň hajaty ýok. Barybir, biz ony ol ýerden tapyp bilmeris.

Täleý ýyldyzy ynsanyň ykbal ýyldyzydyr. Ynsan bu dünýä synalmak üçin iberilen. Bu pikir bilen gadymy kitaplaryň ählisi biragyzdan ylalaşýar. Adam bu dünýäde esasan iki zat: kynçylyk hem-de ýeňillik bilen synalyp görülýär. Durmuş tejribesinden köp zat öwrenen alymlaryň pikirine görä, adam ömrüniň başynda kynçylyk çekse, ahyrynda gowy ýaşar. Ilki lezzetlere çümüp, durmuşyň asyl manysyny unutsa, soňra kösençlige uçrar diýilýär. Mümkin, täleý ýyldyzy hem, asmanda bir

ýerde durmaýan sergezdan ýyldyzlar ýaly ondan-oňa göçüp, ahyry barmaly ýerine barýandyr. Şonuň üçin hem ykbalyň agyp-dönmesi, güýçli ösen şemalyň bag ýapraklaryny eýlesine-beýlesine aňsat öwürmesi ýaly bir zatdyr.

Täleý ýyldyzy ynsanyň geçjek ömür menziline öz täsirini ýetirýän bolmaly. Ynsan özüniň täleý ýyldyzyna bakyp, öz ykbalyny ilik-düwme bilmese-de, Allanyň oňa eçilen nygmatlaryny duýup, eçiljek nygmatlaryndan umyt edip biler.

Öz bilesigelijiligimi gandyrmak üçin çaň basyp giden galyň kitaplary dörjeläp otyrkam, kalbyma gelen pikirleriň biri «Eger ähli zat şeýle tertipde hasyl bolýan bolsa, sebäpsiz zadyň ýoklugy, Allanyň sebäpleri tötänlik üçin däl-de, zerurlyk üçin ýaradýanlygy hakyky bolsa, sanlyja ýylda at-owazasy dünýä dolan Türkmenbaşynyň täleý ýyldyzy haçan dogduka?» diýen pikir-sowal boldy.

Serdaryň täleý ýyldyzyna bolan gyzyklanmam, onuň hakykatdan hem BEÝIK YNSANDYGYNY ýene bir gezek subut etdi. Milady ýyl ýörelgesini hijri-kamary ýyl ýörelgesine öwürmegiň ýörite düzülen hasapnamasynda deňeşdirip görenimizde, 1940-njy ýylyň Baýdak aýynyň 19-nyň 1359-njy hijri ýylynyň Muharram aýynyň 10-na gabat gelýändigini bildik. Hijri ýylynyň bu güni ýylyň başyndaky onunjy gündür. Ýöne bu günüň beýikligi munda däl. Bu gün «Aşura güni» ady bilen bellenilip geçilýän iň uly musulman baýramlarynyň biridir. Sebäbi şu günde on sany pygamber bela-beterden halas edilipdir. Türkmen halkyny ýowuz ykbaldan goramak, betbagtlykdan halas etmek üçin Beýik Taňry Türkmenbaşyy hem şu günde dünýä inderdi. Bu günde edilýän dileg-dogalaryň gümansyz kabul bolýandygy hakda ýazgylar köp. Muhammet pygamberiň hadyslaryna görä, Aşura gününde Ybraýym alaýhyssalam doglupdyr, Allatagala ony Nemrudyň odundan şol günde

halas edipdir. Şol günde ony dogry ýola gönükdiripdir. Şeýtanyň hilesine, How enäniň gepine gidip, jennetden kowulan Adam ata uzak aýralykdan soňra hut şol gün öz hemrasyna – How enä duşupdyr. Ol gün Nuh pygamberiň gämisiniň taýyn bolan günüdir. Allanyň peşgeş beren ýüzügi bilen jyndyr-perileriň, ýeldir-suwlaryň ygtyýaryny elinde saklan Süleýman pygamber, bu ýüzügini jyna ogurladyp, ähli ukyp-başarnygyndan dynýar oturyberýär. Ahyry balykçylaryň hyzmatkäri bolup gezen Süleýman şu günde şol ýüzügini tapýar we öňki hökmürowanlygyny gaýdyp alýar. Iň sabyrsyz pygamber hasaplanýan Ýunus pygamber üç tümlügiň astynda (gijäniň garaňkylygy, deňiz düýbüniň garaňkylygy, balyk garnynyň garaňkylygy) bendilikde ýatansoň, aşura gününde sag-aman halas bolýar. Ol gün öz agalary sebäpli, ykbal nesibesi bilen atasyndan aýra düşen, ençe ýyllap gul, soňra bolsa patyşa bolup gezen Ýusup pygamberiň Ýakup pygambere gowşan günüdir. Pyrgaun patyşanyň suwa gark edilip, Musa pygamberiň ondan halas edilen günüdir. Idris pygamberiň jennete giren, Eýýup pygamberiň dertden saplanan, Isa pygamberiň asmana göterilen günüdir. Ïjebraýyl, Mikaýyl hem-de Ysrapyl perişdeleriniň ýaradylan günüdir. Käbir rowaýatlara görä, Allatagala şol günde galamy, asmanlary, ýerleri we jenneti ýaradypdyr. Adam atany hem şol günde kemal edipdir.

Ine, Türkmenbaşynyň doglan gününiň gudraty şunuň ýaly beýikdir. Türkmen hasabyna görä, Baýdak aýynyň 22-sine ýere ýyly girýär, ýazyň alamatlary görnüp başlaýar. Şu bahardan üç gün öň doglan Türkmenbaşynyň doglan güni ykbalyň ýene bir subutnamasy bolup dur. Ol türkmeniň ykbalyna ýazylan behişt baharynyň buşlukçysydyr. Geňtäsin ýeri 2005-nji ýylyň Baýdak aýynyň 19-y ýene-de hijri ýyl ýörelgesiniň Muharram aýynyň 10-na gabat geldi. Bu hem tebigatyň aýdyň subutnamasy. Türkmenbaşynyň mübärek ady dogrusynda hem bir zady belläp geçmelidiris. Ol diňe Atamyrat aganyň ýa-da Gurbansol-

tan ejäniň dakan ady däl. Ol ykbalyň dakan ady. Türkmenbaşy türkmen halkyny Altyn eýýama sapara alyp gelen we bu ýoldaky, bu sapardaky maksatlarymyza, arzuwlarymyza, myratlarymyza gowuşdyrjak SAPARMYRATDYR!

Şeýle tutumly işleri diňe dogabitdi gudrata ýugrulan Beýik Ynsanlar hasyl edip bilýär. Türkmenbaşynyň keramatly gursagynyň paýhas hoşalary bu gün ähli adamzat aňynyň syrly mümkinçiliklerini oýaryp, olaryň pynhanlyk perdesine duwlanyp ýatan ukyp-başarnyklaryna joşgun berip başlady. Türkmenbaşynyň Kitaplarynda älem-jahan pynhanlygyna ýugrulan ylahy we asmany duýgularyň düýp manysy, ähmiýeti we zerurlygy dogrusynda akylyň özüni haýrana goýýan beýik Sözler bar. Ol ýerde bu hazynalary peýdalanmagyň ýollary, ugurlary, usullary beýan edilýär. Bu kitabyň birje sözüniň astynda, bir däne paýhasynyň aňyrsynda geçmişiň we geljegiň ylmy täsinlikler ummany ýaýylyp ýatyr. Biziň bu söhbetimiz şol ummana girmäge edilen synanyşykdyr.

# Asman hem Zemin kitaby

***«Ruhnamanyň bir baby Asman,***

***beýleki bir baby Zemindir».***

***Saparmyrat Türkmenbaşynyň Ruhnamasy***

## Aň genjiniň açary

Taňry hiç bir zady, hiç bir adamy ukyp-zehinden boş goýmandyr. Ýaradan zatlarynyň kalbyna arzyly maksatlary oklaýşyna, olara ýeter ýaly sebäpleri, serişdeleri, mümkinçilikleri hem döredipdir. Ýöne ýaşaýyşa bolan höwesi artdyrmak üçin arzuwa gowuşdyrýan bu esbaplaryň käbirini açyk-aýdyň ýaratsa, köpüsini syrly, pynhan we gizlin goýupdyr. Hudaý, adamlar maňa bolan, bagtly durmuşa, ebedi eşrete bolan umytlaryny ýitirmesin diýip, wagtal-wagtal jennetdäki zatlaryň käbirini adama, guş-gumra, gunça-güle meňzedip, Zemine ibererermiş. Bu gezek paýhasyň behişt gülleriniň ysyna ýugrulan, ynsan bagtynyň altyn serişdesine öwrülen ylahy nygmat Kitap görnüşinde – Ruhnama bolup geldi. Bu Taňrynyň türkmeni bir gez däl-de, müň mertebe ýalkandygyny aňladýar. Sebäbi Kitap Beýik Perwerdigäriň keramatlarynyň biridir.

Mukaddes Ruhnamanyň ruhy-pelsepewi dünýäsine gireňsoň, barlygyň nämedigine akyl ýetirmek we ýaşaýyşyň manysyna düşünmek hakdaky oý-hyýallar ukuda ýatan ukyp-başarnyklaryňa oýanyş we umyt berýär. Adama bagyş edilen bihasap nygmatlaryň we ummasyz ukyplaryň gadyryny bilmek höwesi, gaýratyňa galkynyş goşup, gujuryňa ganat bitirýär. Bu kitapda alys eýýamlaryň syryna aň ýetirmäge we indiki ylmy açyşlary hasyl etmäge itergi berýän paýhaslar köp. Ol bolsa öz gezeginde bagtyýarlyga bolan imanymyzy artdyrmaga goltgy bolýar.

Adam – kiçi älem. Uly älem bilen onuň aýrylmaz baglanyşygy bar. Adam atanyň ilki jennetde ýaradylyp, soňra zemine düşürilmesi hem muňa delil. Ruhnamanyň dili bilen beýan etsek «Adam tebigatyň perzendi». Ýeri onsoň alysda gezýändigine garamazdan, gurby bolan adam öz perzendini hossarsyz goýarmy?! Elbetde ýok. Şonuň üçin tebigat hem öz ýasan zadynyň aladasyny ünsden düşürmeýär. Hat-da ol gelejekde hasyl boljak käbir wakalary dürli aňlatmalaryň üsti bilen bize iberip dur. Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda «Allatagala her bir ýaradan, döreden zadyna hikmet beripdir. Adam şol hikmetleri okamagy başarmaly» diýşi ýaly, biz tebigatyň diline düşünmäni öwrenmelidiris. Adam bilen tebigatyň sazlaşykly ýaşaýyşyny ündeýän Ruhnama özüňe akyl ýetirmek bilen hasyl edip boljak köp zady aňymyza guýýar. «Biziň her birimiz Allatagalanyň sung eden açylmadyk hazynasydyrys. Alla bizi hazyna diýip ýaradypdyr, emma biz üsti açylmadyk hazynadyrys. Hazynamyzyň açary-da özümizdedir». Tebigatyň dilini öwrenmek bilen biz bu hazynalaryň syryny bileris. Eýsem, daşarky dünýäniň dili näme we oňa nähili düşünmeli?!

Türkmenbaşynyň «Ruhnama kitabynyň bir baby ylmyň gözi ýetmeýän garaňky geçmişimiz bolsa, beýleki baby biziň geljegimizdir. Ruhnamanyň bir baby Asman, beýleki bir baby Zemindir» diýen ýe-

keje sözleminiň aňyrsynda ägirt uly hikmet ýatyr. Bu jümle seni ymgyr giňişlikli älem hakda çuňňur oýlanmalara gark edýär. Her birimize bilmek zerur bolan bu paýhaslar, Türkmenbaşynyň beýleki kitaplarynyň hem süňňüne siňipdir.

Türkmenbaşynyň bu sözleri müňlerçe meseläniň, sansyz syryň çözgüdini tapmaga iterýär, adamyň ruhy dünýäsine dahylly geňtäsinlikler hakdaky bilesigelijiligimizi gandyrmaga höweslendirýär. Türkmenbaşy ony ýöne ýere Asman we Zemin diýip atlandyrmaýar. Sebäbi bu kitapda, ähli beýik kitaplarda bolşy ýaly, Asman-Zemin aralygynda Allanyň ýaradan we iň eý görýän zady – ADAMYŇ aladasy ýatyr. Ruhnamanyň bir babynyň Asman diýlip atlandyrylmagy, Asmanyň adamyň ruhy dünýäsine köp täsiriniň bardygyny hem aňladýar. Adam özüniň ruhy güýçlerini, känbir düşünip bolmaýan, hat-da düşünjek hem bolmaýan ruhy duýgularyny köplenç Asmandan alýar. Şol duýgular bize durmuşda nähili hereket etmelidigini, işiň çäresini neneňsi tapmalydygyny hem öňünden duýdurýar, salgy berýär. Bu täzelik ýa-da açyş däl. Göge Taňry diýip uýan gadymy ata-babalarymyz Asman bilen Zeminiň, Asman bilen Adamyň özara baglanyşygyndan habarly bolupdyrlar. Bu hakda şöhratly şadessanlarymyzda az maglumat duşmaýar. Hut şonuň üçin hem Türkmenbaşy öz eserinde: «Adam zeminde ýaşasa-da, ony ugrukdyryp duran asman. Asmandaky Alla Adamy ýalňyz dünýä indermändir» diýip nygtaýar.

Bu hikmetiň ýene bir subutnamasy bu Kitabyň özünde bar: «Allatagalanyň öz döreden bendesine – Adama bolan söýgüsini her bir ädimde görýärin. Üç ýüz segsen müň görnüşli ot-çöp bar, olaryň hemmesi hem gülleýär, hemmesi hem özüni adama görkezmek üçin gülleýär». Bu sözlerden many alsaň, älemdäki ähli zat Adamyň bagtly bolmagy, özüni bagtly duýmagy üçin ýaradylan. Asmany duýgulardan

ötri zemindäki ot-çöpleriň, miweleriň dermanlyk häsiýetleri, öz gözellikleri, gelşikleri bilen biziň duýgularymyzy gandyryp, joşuryp durandygy uly nygmat ahyry. Tebigatyň ynsana bagyş eden beýle gymmatlyklary sanardan köp. Şeýle gowulyklar bilen gurşalandygyňy duýmak, özüňe, il-günüňe, ertiriňe bolan ynamy döredýär, bagtyň datly lezzetini duýmaga kömek edýär. Zemin gatlaryndan, dag daşlarynyň arasyndan köwlenip alynýan gymmatbaha daşlaryň ynsan saglygyna ýetirýän täsiri dogrusynda geçmişde ajaýyp eserler döredilipdir. Haýsy zady tut, tapawudy ýok, onuň haýyrly tarapyny tapyp bolýar. Dünýädäki iň ajy daragt Zakgun agajydyr welin, şonuň hem ynsana köp peýdasy bar. Bu daragt hakda Dawut Antakynyň «Tezkiret ulul-elbab» atly eserinde «Zakgun (zakkum) – nar agajyna meňzeş, ýöne ýapragy onuňkydan ýaýbaň, agymtyl-ýaşylymtyl güli bolan ösümlikdir. Ol tomus aýlarynda ýetişýär. Miwesiniň dermanlyk täsiri ýigrimi ýyla çenli saklanýar. Zakgun miwesi çişleri bejermekde örän peýdaly. Onuň ýapragy ýaralary tiz bitirýär, ýüzüň meneklerini aýyrýar. Ol bogunagyry, guryagyry, babasyl ýaly dertleriň hem emidir. Ýiti sanjy döredýän ýogyn ýellenmeleri bejermekde zakgunyň täsiri uludyr» diýilýär. Bu ynsana bagyş edilen maddy baýlyklaryň birje mysaly. Emma duýgularymyzyň üsti bilen bize guýlup duran ruhy baýlyklaryň hem hetdi-hasaby ýok. Bu ýerde her kimiň nesibesi barabar, maňa az, saňa kän ýetdi diýip, dawa tutara esas galmaýar. Duýgy baýlygy hemme kişä deň berilýär, ýöne hemme adam ony birmeňzeş kabul edip, alyp bilmeýär. Ruhy iýmitler bize günde-günaşa ýetirilip dur. Ruhy duýgularyň aglabasy diýen ýaly asmany güýçler bilen baglanyşykly. Bu olaryň bize ýollaýan habarlarynyň bir dilidir. Emma biz ruhyýet düşünjesinde birnäçe ötegeçmelere ýa-da bärdengaýtmalara uçrapdyrys. Ruhnama biziň ruhy dünýämize ornaşan şol batyl garaýyşlardan halas bolmaga kömek edýär.

***

Tylla balyklar diňe Puşkiniň ertekisindäki garry gojanyň toruna düşenok. Altyn balyklar, has dogrusy, şol balyk ýaly sypjyk bolan altyn pursatlar biziň her birimize gabat gelip dur. Durmuşda kyn zatlaryň biri ugur tapmak, ýol tutmak. Öz akylyňy janlandyryp, soňy uçuda barmaýan ugry, hasrata goýmaýan hazynany tapmaly. Bu babatda il-ulusyň ykrar eden hikmeti – Ruhnama gulak asmak ýeterlikdir. Bizi ahmyra goýýan zatlaryň aglaba sebäbi, her bir zadyň hakykatyna düşünmäge jan etmeýänligimizde. Şonuň üçin bagta gönükmegiň ilkinji basgançagy Ruhnamanyň «Oka! Bil! Öwren!» diýen sözlerinden başlanýar.

Adamyň ruhy dünýäsinde toplanan maglumatlar we oňa täsir edýän düşünjeler şeýle bir köp. Olaryň ählisinden baş alyp çykmak juda çetin. Bagtdyr öýdüp şumluga, suwdur öýdüp salgyma sežde etmekden gaça durmaly. Ynsanyň kalby-süňňi näçe päk boldugyça, ol asmandan gelýän habary takyk kabul edýär.Gadymy ýazgylarda adamyň kalbynyň aýna meňzedilmegi hem tötänden däl. «Ynsan kalby edil aýna ýalydyr. Eger aýnanyň ýüzi dury bolsa, ol gaýypdaky habarlary anyk görkezer. Eger aýnanyň ýüzi kirşenli bolsa, bu habar nätakyk görüner». Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda «Adamy ýekelik basýar. Sebäbi ol maddy dünýä bilen öte gyzyklanyp, ruhy dünýä bilen, asman bilen aragatnaşygyny ýitirdi» diýmegi, bu hakykatyň bir güwänamasydyr.

Bizi çaprazlyga salýan esasy zatlaryň biri, tebigy hadysalary her kimiň özüçe ýormaga ymtylmasy we bu babatda özgeleriň pikirine biperwaý çemeleşmesi, onuň pikirini ykrar edesi gelmezligidir. Tebigatyň elmydama bir dili, ýüzlerçe aňlatmasy bar, ýöne häzir onuň müňlerçe terjimesi döredi. Eýsem olaryň haýsysyna ynanmaly, haýsysyna eýermeli?!

Ýazgylaryň we hatyralaryň üsti bilen bize asyrlardan gelip ýeten gadymy täleýnama, münejjimlik ylmynda adam – kiçi älem hökmünde suratlandyrylýar. Uly älemdäki Günüň, Aýyň, ýyldyzlaryň orny ynsan süňňünde ýüregiň, bagryň we ş. m. zatlaryň üsti bilen beýan edilýär. Beden agzalarynyň bitirýän wezipesi ýyldyzlaryň Zemine ýa-da adama ýetirýän täsirine laýyklykda kesgitlenilipdir we şol ýyldyzyň ady bilen beýan edilipdir. Bu haýsydyr bir alymyň aňyna tötänden gaýyp düşen toslama däldir. Bu maglumatlaryň aňyrsynda ýüz-müňlerçe ýyldan süzülip gaýdan synaglar, sarkyp galan tejribeler ýatyr. Üstesine-de, ýyldyzlarda bolup geçýän tebigy hadysalaryň, ynsanyň şol ýyldyza meňzedilen agzasyna edýän täsiri hakda hem gürrüň edilýär. Tebigatyň başga bir täsinligi hem şuňa kybapdaş: Haýsy daragtyň ýapragy, miwesi şekil taýyndan ynsan süňňüniň haýsy agzasyna meňzeýän bolsa, şol ösümlikde adamyň şol agzasyna peýda berip biljek dermanlyk täsir bardyr diýilýär. Ine, şonuň üçin hem Türkmenbaşy «Üç ýüz segsen müň görnüşli ot-çöp bar, olaryň hemmesi hem gülleýär, hemmesi hem özüni Adama görkezmek üçin gülleýär!» diýýär.

Meselä birtaraplaýyn çemeleşmek, her bir zadyň ähmiýetine kembaha garalmagyna sebäp bolýar. Edil şol nokatdan onuň ters yzyny çalmak hem birnäçe çaklamalary döreder. Eger şekili meňzeş miweler ynsan süňňüne ýaramly bolsa, kesel döretmäge we ýaýratmaga ukyply, adaty göze görünmeýän mikroplara garşy dermany, şolara meňzeş ösümliklerden agtarylyp görülse, belki-de, artykmaçlyk etmezdi. Tebigatyň ýaradan her bir şekili onuň dili bolup durýar. Bu sözi çaklama hökmünde kabul edip bolar. Ýöne, çaklamalar edil çakmak daşy ýaly, biri-birine galtaşanda, çaknyşanda uçgun emele gelýändir. Şol uçgunlar bilen hem paýhas gazanyny gaýnadyp bolýar.

Zeminde üsti açylýan, emele geliş hadysasy baş alyp çykardan agyr bolan dertleriň, asmandan (kosmosdan) inýän mikroplar sebäpli döreýändigi hakda ylmy metbugatda maglumatlar köp. Jemgyýetdäki adamlaryň biri-birine dahyly bolşy ýaly, älemdäki ýyldyzlaryň we göze görünmeýän barlyklaryň hem özara täsiri bolýar. Bizi akyl ýetirerden uly, adatdan daşary tebigy güýjüň gorap, ýalkap durandygyny hemmämiz duýýarys. Emma hemmämiz onuň diline düşünmäge yhlas etmeýäris. Adamyň ruhy köplenç şol duýgular sebäpli dürli täsirlenmelere duçar bolýar. Olara dogry düşünen, hak habary hakykata ýoran ynsanlara bagt paýy bol berilýär. Her hadysadan nähilidir bir şübhäni, maňzy ýok müňkürligi, persiz perişanlygy idegläp otursak, söýgi perişdesi kalby terk eder we onuň ornuny albassy eýelär. Onsoň ne-hä özüňe, ne-de ile-güne ýaranyp bilersiň. Şonuň üçin bu asman duýgularyny Ylahyň ýollaýan asman perişdeleri hökmünde kabul etmeli we ähli zadyň içinden gowy tarapyny tutmany öwrenmeli. Söz, saz, söýgi, yrym, düýş ýaly zatlaryň ähli̇si biziň ruhy iýmitlerimizdir. Bularyň bize ýetirýän ýagşy-ýaman täsiri örän köp. «Ýagşy-ýaman» sözüni aýratyn ýaňzytmagymyň sebäbi, ol köplenç halatda her kimiň kabul edişine görä hasyl berýär.

***

Barlyga ýaýylan ilkinji zat Beýik Perwerdigäriň «Bol!» diýen sözüdir. Şonuň üçin hem SÖZ - Ynsanyň ruhuna täsir edýän ilkinji keramatdyr. Sözüň gadyr-gymmaty, keramaty-hümmeti, hat-da melamaty-apaty hakda aýdylmadyk zat ýok. Älemdäki zatlaryň, durmuşymyzdaky üstünlikleriň we şowsuzlyklaryň aglabasy biziň jaýdar we ýerliksiz sözleýän dillerimiz arkaly başyňdan inýär. Taňrynyň dünýäsinde takdyrsyz zat ýok. «Takdyr» sözi her kime, her bir zada öňünden kesgitlenip goýlan ölçeg, çäk, mynasybet diýmekligi aňladýar. Käteler başymyzy

gaplaýan alada dumanlary, gerdene ýüklärden çökder belalar, kösençlikler we gaýgy-gamlar adam balasynyň başyna diňe iki zat üçin: ýa-ha öňki eden günälerini ýuwmak, goýberen säwliklerini düzlemek, yrýa edilen pursatlaryň öwezini dolmak üçin; Ýa-da bu başagaýlyklara dözüm etse, ejizlemän, nalaman çekse-çydasa, onuň ýoluny, rysgalyny we göwnüni açmak üçin iberilýär. Bu sebäpden Altyn asyryň alnynda behişt kuýaşy bolup şugla saçýan Ruhnama elmydama ruhubelent gezmegi, her bir zady ýagşylyga ýormaga endik etmegi ündeýär. Gadymy ata-babalarymyzyň aýtgysynda «Dil terbiýe görmedik ýyrtyjy haýwandyr, ugruna goýberseň, özüňi parçalar» diýilýär. Naýzadan ötgür, gylyçdan kesgir saýylýan diliň melamaty hakda eşdilmedik zat köp hem bolsa, aýdylmadyk zat juda azdyr. Emma, ylahy paýhasdygyna şübhe goýmaýan Ruhnamada, Türkmenbaşynyň köňülganar eserlerinde dil nygmatyny ýerlikli ulanmak bilen köp zady hasyl edip boljakdygy, onuň akyl gurşardan beýik bir jadyly gudratdygy hakda ajaýyp jümleler bar.

«Hoş sözlerde näçe gudrat-ýakym bar!  
Dary ýaly sözde dag deý akyl bar,  
Goý, bu dünýä hazynaňy, akyldar,  
Hoş gelersiň hudaýa-da, ile-de,  
Hoş sözleri aýtsaň birek-birege».

Ýagşy we ýaman sözüň ynsan ruhuna ýetirýän täsiri, soňky netijesi hakda iň ynandyryjy deliller her kimiň özi, öz durmuşydyr. Ýagşy sözleri eşitmegiň neneňsi datlydygyny ýat birinden sorap bilmegiň zerurlygy ýok. Alyslary arzuw edýän, ýöne ol ýollarda ýöräp bilmeýän agsak göwnüňe ganat bitirýän hem şol ýagşy sözler, datly jümleler. Olar seni behişt beýikligine göterýär, uçmah sährasynda uçurýar. Türkmenbaşynyň Ruhnamasynyň ikinji kitabynda «Hoş sözleri birek-birekden

gysganmaň! Mydama birek-birege hoşgylaw, güler ýüz boluň, hoş sözleri aýdyň, hoş sözlerde ganat bardyr. Hoş sözler adama ganat berýändir» diýilýär. Hoş söz seniň ruhuňy galdyrýar. Ruhubelentlik bolsa rowaçlygyň gönezligidir. Hut şonuň üçin hem sözi asman perişdesi hökmünde kabul etmek ýerine düşerdi. Ýogsamam, gadymy çeşmeler her sözüň özüne muwapyk perişdesiniň bolýandygy hakda dil ýarýar. Hoş sözleri ýaýdygyňça, ýanyňda, ýoluňda ýagşy perişdeler ýaran bolar. Gödek sözleri gürläberseň, gazap perişdeleri bagtyňa gowuşmaga päsgel berer.

***

Ýaşlykdan diliňi ýagşy sözlere endik etdirseň, süýji sözli suhangöýlik seniň üçin ýagşy abraýa albaýdyr. Şu ýerde sözüň asmany güýjüniň bardygyny hergiz unutmaly däldiris. Hut şonuň üçin hem ata-babalarymyz sözi asman ýagmyryna deňänlerinde, «Söz – asmandan inen ýagmyrdyr, suwdur. Ýylanyň ýuwdan suwy zähere öwrüler, sadapda saklanan suw göwhere öwrüler» diýýär. Süýji söz üçin arkaňa agyr ýük, aýagyňa gandal urlanok, ýörejek ýollaryňa, düşlejek menzilleriňe gapan gurlanok. Gaýta ol duşmanyňy dosta, dostuňy dogana öwürýär. Dili senaly Türkmenbaşy:

«Dosty dogan ede, ili il ede,

Hoş sözleri aýdyň birek-birege!»

diýýär. Söz bilen ynsanyň göwnüni dikeltmek ýaly uly sogap ýokdur. Adam ýagşy sözlemek bilen melek mertebesine gowuşýar. Hoş sözüň jadyly täsiri seniň aňyňda gizlin ýatan hazynalara, barlyklara jan berýär. Ine, şu jan beriji dirilik suwy hem hoş sözlerdir. Taryhy kyssalaryň aglabasy Zulmata giren Zülkarneýniň dirilik suwuny tapmandygyny tekrarlaýar. Emma käbir çeşmeler, Zülkarneýniň ony tapandygyny, ýöne

içmek nesip etmändigini ýaňzydýarlar. Üsti örtülgi beýan edilýän aňlatmalar we her kesden pynhan saklanýan hikmetler az däl. Şol zülal suwy hut süýji sözler bolmaly. Sebäbi biz sözüň asman ýagmyrydygyny, ylahy peşgeşdigini ýokarda ýatlap geçipdik. Emma bu dirilik suwuny içmegiň özboluşly ýoly bar. Munuň üçin Türkmenbaşynyň: «Durmuşdan gerekli zadyňy aljak bolsaň, özüň durmuşa gerekli bol! Almagyň pikirini etmezden ozal, bermegiň hötdesinden gel, şonda zeruryň özi üstüňe gelýändir» diýen sözlerini kalbyňa tumar edinmeli! Gadymy ýazgylara görä, Allatagala her bendesiniň ýanynda dileg perişdesini goýupdyr. Bendesi kimdir birine näme dileg etse: söýse-de, sögse-de, özgä dileýän zadyny ilki bilen şonuň özüne rowa görermiş: «Beýle oňat zat bolsa, gel şony ilki bilen özüňe miýesser edeýin!» diýip, doganyňa-dostuňa, ýakynyňa-ýadyňa, il-günüňe islän zadyňy ilki özüňe berermiş. Bu ýazgydan misil alsaň, özgelere paýlaýan her bir zadymyz, duýsagam, duýmasagam, özümize dolanyp gelýär. Şonuň üçin ýürekden çykýan ýagşy sözler bilen, özgelere şatlyk we ynam paýlap, özümize sogap we ylham çöpläris. «Ýagşy sözler, bugdaý sözler, röwşen sözler derwüş ýaly köňülden köňle göç eýläp, baran ýerine aram-karar berer, pähim berer». Özüňden bitýän süýji sözi gysganmazlyk – jomartlykdyr. Baý bolsun, garyp bolsun, her kim bu jomartlykdan binesip galman biler. Hoş sözler bilen ynsan huşuny ýiteldip, ol ýere paýhasyň güneşini salyp bolýar. Güneşiň howry aň miwelerine datlylyk we görk berýär.

Bu söz diýilýän gudratyň ýagşy tarapy hakynda, emma durmuş köpgyraňly we ol biziň göwün ýüwürtmelerimize boýun egmeýär. Özüň hoşsuhan bolsaňam, käteler özüňe aýdylýan agyr sözler, käteler hak bolsa-da, käteler ýerliksiz ýaňlanýan iňirdiler gabat gelip dur. Munuň ýaly ýagdaýlarda haýyr işe höwesiň gaçyp, uzak ýola bolan umydyň kesilýär. Dünýäniň gözelligini umytsyz göreçler bilen synlamak, lezzetiň

kembaha bolmagyna getirýär. Munuň ýaly ýagdaýlarda ruhdan düşmeli däl. Eger bu ýowuz söz tankyt bolsa, oňa dogry düşünmek gerek. Tankydyň  maksady, edilýän hereketleriň, ýerine ýetirilýän işleriň öz garaýşyna ters gelýän ýerlerini oňa ýaňzytmakdan, ýalňyşlyk goýberlen ýerleri ýatlatmakdan, duýdurmakdan ybarat. Elbet-de bu babatda adamyň ruhy düşünjesine tagna salmazdan, göwnüne degmezden, hoş sözleri ulanyp, kem-kemden täsir etmek ýerlikli bolardy. Çünki gorkuzyp göwnedeniňden, söýgi-mähir bilen özüňe imrindirmegiň arasynda hem, soňky netijesinde hem ullakan tapawut bolýar. Islendik sözi, manyny sypaýy röwüşde aýdyp we düşündirip bolýarka, gödek söze geçmegiň özi, eliň bilen tutup bolýan towşany, seçme bilen paralamak ýaly bir zatdyr. Ussat neçjarlar agajy nähili ýonmalydygyny bilseler hem, her agaja usully çemeleşýärler. Öte geçdigiň agaja ýama saljak gümanyň ýok. Ýamap bilseň-de, görküne zeper ýeter durar. Şonuň üçin Türkmenbaşynyň «Ene bir gezek nygtaýaryn: hoş sözleriňizi birek-birekden gysganmaň!» diýen jümleleri her demde, her ädimde täsirlidir. Durmuşdyr, gep bolar, gybat bolar, käbir adamlar mähellede, meýlisde bilgeşländen göwnüňize deger. Bu zatlar üçin hergiz darykma! Ynsanyň sözi we hereketi her näçe beýik, her näçe aldaýjy, her näçe täsirli bolsa-da, Hudaýyň saňa niýetlän bagtyny ýatyrardan juda ejizdir. Beýik sözler adamy diňe bagtly edýär. Olaryň göwnüňe ýaramaýan hereketini, sözlerini ýamanlyga ýorman, olaryň dünýäsine düşünmäni öwrenmeli. Sebäbi ol şol sözler bilen, özüniň bu gylygyndan halas edilmäge, azat bolmaga mätäçdigini ýaňzytdygydyr. Ol öz dünýäsiniň derdini şondan başga usul bilen beýan edip bilenok. Bu häsiýet käte biziň göwnümize göriplik ýaly görünýär. Ýöne, göriplik zerarly ýazgydyň üýtgemeýändigi, ýamanlyk saýyp edilen işiň, ýagşylyk bolup ýetýändigi mälim ahyry. Ýagşy pälliniň baş borjy – şeýle adamlary hem bu derdinden saplap, olary täze ruhda terbiýelemekden ybarat. Onuň

hyýrsyz we ulumsy gözi, ugursyz we kinaýaly sözi ýekeje zadyň aňlatmasdyr. Ol: «Men bejerilmäge mätäç, meni halas ediň!» diýdigidir. Ýeri, ol şeýdip özelenip durka, biz onuň ýüregini paralajak sözleri diýsek, ol has beterleşmezmi?! Munuň ýaly ýagdaýlarda öýkämizi ýuwdup, kinämizi undup, ýene-de Türkmenbaşynyň ündeýän Hoş sözlülik jadysyna bil baglamalydyrys.

***

Sözüň gudrat-keramaty diňe munuň bilen çäklenmeýär. Ýokuş sözler adamyň gaharyny getirýär, namysyny oýarýar, ganyny gyzdyrýar. Adamyň aşa gahary gelende, onuň köňlüňdäki duýgy derwezeleriniň köpüsi baglanýar we ol durmuşyň datlylygyny duýmakdan mahrum galýar. Emma şol bir wagtda bu gazap uçgunlary adamyň aňynda uklap ýatan käbir zatlary oýarýar. Şol wagt dörän gahar güýjüni galam-kagyzyň üsti bilen ýagşy zada gönükdirip bolýar. Kelläňe gelen pikiri, oý-hyýaly kagyza geçirseň, hem-ä özüň tiz köşeşýäň, hem-de ajaýyp bir eseriň gönezligini goýýaň. Sebäbi adam beýnisi köplenç halatda daşyndan edilen täsirler netijesinde oýanýar. Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda nygtaýan «bägül ýaly öz içiňden açylmaklyk» uly gudrat we munuň hötdesinden gelseň, bu açylyşyň döreden eseri hem örän üýtgeşik bolýar. Şonuň üçin ýagşy sözi ýaýyp, özümize aýdylan ýaman sözi şunuň ýaly peýdalanmany başarmalydyrys. Her bir zadyň içinden gowy tarapyny tapmak we tutmak, Ruhnamanyň kalbymyza guýýan paýhasydyr.

***

Beýik sözüň ylahy peşgeşdigi şübhesiz hakykat. Ynsan käteler käbir sözi biygtyýar diline getirýär. Soňundan oýlanyp-ölçerip otursa, şol sözi diýenine özi haýran galýar. Ýa-da käbir adamlar geplemezek ýaly görünýär. Emma ýanyna barsaň, pessaý äheň bilen paýhas dürlerini

seçip başlaýar. Käbir adamlar bolsa gaýypdan köňlüne gonan paýhasy, özüniň mähir joşgunyna garyp, ile-güne paýlaýar. Beýle adamlar Taňrynyň söz mülkündäki tarhanlardyr. Olaryň diline salynýan söz hut Hudaýyň özgelere ýetiresi gelýän habarydyr. Emma käbir adam özünde bolup geçýän bu täsinliklere diňe haýran galmak bilen çäklenýär we öz öňlerinde duran beýik wezipäni – hoşsözlülik bilen ynsan köňlüne şypa bermelidigini, Beýik Kitaplaryň many-mazmunyny, hikmet syrlaryny ile-güne ýaýmalydygyny unudýarlar.

Käteler has täsin ýagdaýlar ýüze çykýar, ýalandan diýeniň, çyna öwrülýär. Bir haýyş bilen ýüz tutulanda, ondan sypmak üçin  sypaýylyk bilen boýun towlanylýar: «Bagyşlaň, bu gün meniň zerur işim bar, oňa söz berenimden soň, dänmäni aýyp görýärin» ýa-da «Şu gün öýlän bizde ýygnak bolmaly, baryp biljek däl» diýen ýaly sözler bilen, ondan sypyp, özümiz dynç almak niýetinde, başymyzdan sowan ýaly görünýäris. Emma oslagsyz ýerden ýa bir zerur iş tapylar, ýa-da duýdansyz ýerden ýygnaga çagyrylarsyň. Beýle ýagdaý ýagşy röwüşde-de hasyl bolup bilýär. Emma ony diýen adam şol sözi nä erkine diýendigine akyl ýetirip bilmeýär. Söz bilen baglanyşykly beýle täsinlikler sanardan köp.

Adam käteler bäsdeşlik bilenmi, basdaşlyk bilenmi, özge biriniň adyndan, şonuň diýmedik sözlerini aýdýar, özgäni gürledýär. Hut şu hadysa özüňde bar bolan sözleýiş ukybyňa zeper ýetirýär we durmuş ýollaryňda duýdansyz böwetleriň döremegine getirýär. Sebäbi, biz her bir söze hasap berilmelidigini unudýarys. Aradan uzak wagt geçmänkä, özge birini «gürledip», mazalyja uzan diliň, özüňi dili gysga edýär oturyberýär. Çünki söz Hudaýyň nygmatydyr we onuň bilen nähak oýun etmek, diňe öz başyňa musallat salar.

***

Ýagşy-sözüň jady-keramaty örän beýik we ol juda eletmez hem däl. Biz ertekilerdäki ýagşy jadygöýleriň adamlara nähili kömek edendiklerini bilýäris. Her bir türkmen edil şonuň ýaly ýagşylygyň, sogaby bimöçber kömegiň hötdesinden gelip biler. Munuň üçin Zülkarneýn ýaly Zulmata siňmek gerek däl. Munuň üçin Garri Potter ýaly jadygöýler ülkesine ugramagyň zerurlygy ýok. Ine, älemiň ähli jadysyny özünde jemleýän keramat: Türkmen elipbiýiniň otuz harpy. Şu harplaryn üsti bilen şeýle bir ýakymly sözler, owadan jümleler düzüp, ilegüne paýlarys weli, bu yhlasymyzyň datly miwesini köňlümiz bilen duýarys. Şu harplardan bina edilen kaşaň söz köşklerini ne gyşyň şemaly, ne ýazyň ýagşy, ne heňňamyň bela-beteri ýumrup biler. Dünýädäki iň beýik sözleri, täsirli jümleleri şu otuz harpyň kömegi bilen düzüp bolýar. Bu harplaryň her biri jadyly saçagyň bir nygmatydyr. Bu nygmatlar bilen ylahy sowgatlary gazanyp bolýar. Bu sebäpden Söz biziň kalbymyza asmandan ýollanan perişdedir, gadry bilinmeli peşgeşdir. Türkmenbaşynyň ündeýän hoşzybanlyk dessury bilen ynsan köňüllerine ynam salmak, umydyna jan bermek, gaýratyna joşgun goşmak her bir türkmene mahsus bolmalydyr. Ýagşy sözleriň üsti bilen her bir türkmeniň köňlüne şatlyk bolup, bagtyýarlyk bolup siňeliň!

***

Adamyň ruhy teşneligini gandyrýan, gizlin ukyplaryny oýarýan, kalbyňa-köňlüňe behişt baharynyň ýakymyny, jennet miwesiniň ýokumyny berýän ylahy duýgularyň, asmany çeşmeleriň biri SAZdyr. Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda «Sözüň gutaran ýerinden saz başlaýar» diýip ýaňzytmagy, bu duýgy halkalarynyň yzygiderliligini, üznüksizligini beýan edýär. Sazyň syry dogrusynda gadym eýýamlardan bäri köpsanly ylmy açyşlar hasyl edildi. Sazyň asmany duýgydy-

gyna, ýa-da onuň ylahy hikmetiň pynhan ülüşlerini özünde saklaýandygyna şek-şübhe ýok. Sazyň ilki döreýşini Eflatun bilen baglanyşdyrýan rowaýatlar az duşmaýar. Bir gün uka batan Eflatun Kap dagynyň depesindäki, doňy çözülmeýän garly ýerde ot bolup ýanyp duran Kaknus guşuň täsin owazyny eşidýär. Turan dessine hem gural ýasap, bu owazy gaýtalaýar we sazy döredýär diýilýär. Ýene käbir ýazgylarda sazy Aristoteliň oýlap tapandygy hakynda  ýaňzydylýar. Emma «Kysasyl-enbiýa» we şol esasynda döredilen goşgudyr-eserlerde sazyň döreýşi Adam ata berlen jan bilen baglanyşdyrylýar. Allatagala Adam atanyň palçygyny kyrk ýyllap kemsiz eýlänsoň, (eri gelende ýatlasak, bu jenneti kyrk ýyl zeminiň   7 million 300 müň    ýylyna barabardyr), on iki süňňi kämil hala getirýär. Indi diňe oňa jan beräýmek galýar. Emma göwräň garaňkylygyny görüp, jan yza tesýär. Allatagala her näçe höre-köşe etse-de, jany oňa meýletin girmäge göwnedip bilmeýär. Ahyry täsin bir gudraty – sazy döredýär. Ony Adam atanyň ýüreginde ýaňlandyrýar. Ïan bu ýakymly owaza maýyl bolşuna nädip göwrä girenini duýman galýar. Şondan soň Allatagala Adam atanyň göwresini ýapyp, oňa dirilik berýär.

Munuň ýöne bir rowaýat bolmagy mümkin, ýöne gadymyýetden gelen rowaýatlaryň aňyrsynda köplenç hakykat ýatýar. Şu we şu misli rowaýatlaryň gönezligine göz aýlanyňda, olaryň ählisi hem sazyň daşky älemden gelendigini delillendirýär. Diňe bir Adam ata däl, bu dünýäniň özüne dirilik we joşgun berip duran zatlaryň biri sazdyr. Sazsyz bu dünýä tukatlykdyr. Saza dürli döwürlerde dürlüçe çemeleşilipdir. Sazy gadagan etmegiň we rugsat bermegiň aslynda aňyň we ruhuň sagdynlygy ýatyr. Gadagan edilen sazlara azgynlyga iterýän, haramy ündeýän, haýyr işden saklaýan, diňe öz göwün matlabyňy bilip, özge zatlary ikinji derejede goýmagy sargaýan, ýa-da ahlak hapalygy, ak-garany seljeriş bosagasynyň basgançagynda duran ýaşlara paýyş sözli, gabahat

hereketli ýagdaýlary ýatlaýan.. aýdymlar degişli. Sebäbi günde-günaşa aýdym bolup gulagymyza guýlup duran sözler, gury aýdylan sözden ýiti täsir edýär. Ol biziň göwrämize ahlak ruhy, ahlak jany bolup siňýär. Ýaşlygynda aňy hapalanan adamlar durmuşyň hakyky manysy hakda pikir etmeden ejiz gelýärler, akyl taýdan göýdük bolýarlar we jemgyýet agsamaga başlaýar. Bu zeýilli nogsanlygyň öňüni almak üçin bet işi ündeýän aýdym-sazlar gadagan edilipdir. Ruhuňy göterýän, şadyýanlyga ýetirýän, gamgyn göwne teselli berip, dünýäňi direldýän aýdym-sazlar, diňe bir owaz bolman, ol uly sogapdyr. Sazyň ruhy dirilikdigini ýokarda ýaňzydypdyk. Nähili manydaky aýdym-sazlar köp ýaňlansa, adamlar şol terbiýäni, şoňa mahsus gylyk-häsiýetleri tiz kabul edýärler, şol ruhy özlerine siňdirýärler. Saz diňe göwün açyjy we rahatlyk beriji serişde bolman, ol biziň ruhy dertlerimiziň, tas, ählisine diýen ýaly dermandyr. Sazy sungat derejesinde äleme ýaýan, dünýäniň ýetmiş iki dilinde gürläp bilen, mundan başga-da sazyň üsti bilen ähli göwünleriň, köňülleriň diline düşünen, şöhratly türkmen alymy Abu Nasr Farabynyň eserlerinde, sazyň hakykatdan-da Asmany duýgudygy, ol diňe biziň göwünlerimiziň däl, älemdäki beýleki barlyklaryň hem dilidigi beýan edilýär. Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda «Türkmen sazy çuňňur pelsepä ýugrulanlygy bilen tapawutlanýar» diýen, çuň manyly sözlem bar. Adamyň asmanda ýaradylandygyny ön hem ýaňzytdyk. Onuň zeminde gezip ýörendigine garamazdan, daşarky dünýäniň, ýyldyzlaryň we pelek gatlarynyň ynsan duýgusyna, süňňüne ýetirýän täsiri örän uly. Her ýyldyz doganda adamyň süňňünde bolup geçýän biologik täsirlenmeler, özgerişlikler hakda gadymyýetden şu döwre çenli ýazylan işleriň hetdi-hasaby ýok. Ýöne bularyň ählisini ylmy taýdan derňän we täze açyş eden ilkinji alym Abu Nasr Farabydyr. Türkmen alymy bu hadysalary ilik-düwme öwreneninden soňra, «Sanj» (aslynda bu «sanaç» sözünden bolmaly) atly meşhur saz guralyny oýlap tapýar. Bu saz gura-

lynyň ýüregiň aorta damarlarynyň şahalanyş ölçegine laýyk gelýän tarlary bolupdyr. Şu saz guralynyň üsti bilen ýürek dertleriniň, ruhy hassalyklaryň birnäçesi bejerilipdir. Sebäbi bu saz guralynyň kakuwy ýüregiň işleýşine hem-de ýyldyzlaryň ýetirýän täsirine gabat gelipdir diýip bellenilýär. Dürli heňlere we aýdymlara baglylykda, ynsan köňli dürli täsirlenmelere düşýär. Her göwnüň, her ruhuň özüniň diňläsi gelýän, eşdesi gelýän aýdymy-sazy bolýar. Bu adamyň ruhy-durmuşy ýagdaýyndan daşgary, asmandaky ýyldyz we şol ýyldyzyň täsirinde gezip ýören zemin bilen hem baglanyşykly. Abu Nasr Faraby bu ýagdaýy ýedi ýyldyz bilen baglaýar. Adam doglan wagty zemin haýsy ýyldyzyň täsiri astynda duran bolsa, ynsan şol ýyldyza mahsus aýdym-sazlara aşa ýykgyn edýär. Emma bu ýagdaý onuň beýleki aýdymlary diňlemegi halamaýandygyny aňlatmaýar. Aram-karar gözleýän adam, öz ýyldyzyna laýyk gelýän aýdym-sazlary köpräk diňlese, bir tarapdan ruhy rahatlyga gowşar, beýleki tarapdan bolsa, tebigat bilen utgaşyp, saz sözünden döräň altyn sazlaşyga girer. Çünki sazyň keramaty-jadysy onuň özündedir. Her kimiň ýyldyzyny we haýsy aýdymlary diňleýändigini takyklamak, adamyň sagdynlygyny saklamak hem-de ýitirilenini gaýdyp getirmek üçin gerek. Ýedi ýyldyzyň saz-ýyldyz baglanyşygyny tapanyňdan soň, adamyň ruhy dünýäsine täsir etmek aňsat bolýar. Megerem Beýik Taňry sazyň ynsan ruhuna şeýle gymmatlydygy üçin, ony jandan öňürti onuň göwresinde goýandyr. Aýdym-sazyň saglyga edýän täsiri hakda belläp geçmeli zadymyz, Allatagala aýdym-sazyň içinde özüniň gizlin syrlarynyň birnäçesini ýaradypdyr. «Şonuň üçin hem saz ynsanyň ruhuna şeýle bir ajaýyp täsir edýär. Olaryň içinde şatlandyrýan, gaýga, pikire batyrýan, ukladýan, güldürýän aýdym-sazlar bar. Aýdymyň belent ýa pesdigine, joşgunly ýa-da pessaýdygyna görä, ynsan özüniň elini-aýagyny, kellesini ýa-da tutuş göwresini nädip hereketlendirenini duýman galýar» diýip, orta asyr alymy Ymam Gaza-

lynyň eserlerinde ýatlanylýar. Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda «Adamlaryň hemmesi aýdym-sazy deň kabul etmeýär. Her bir saz guraly her adama dürlüçe täsir edýär. Mysal üçin, dep, tar, beýleki kirişli saz gurallary adamy tansa çykaryberýär. Tansa çykmadyklar hem, kim eli bilen, kim aýagy bilen, sazyn äheňine goşup, hereket edip oturýar» diýen jümleleri bu ylahy hakykatyň aýdyň subutnamasydyr. Adam haýsy depgindäki, haýsy manydaky aýdym-sazlary köp diňlese, sazyň hereketi, ses tolkunynyň ölçegi kem-kemden seniň ýürek hereketiňe täsir edip, adam, hatda öz keýpiçaglyk derejesinem üýtgedip bilýär. Bu bolsa ruhubelent häsiýetleriň altyn hüllesini egnimize atmaga kömek edýär. Sazyň depgini aýdymyň mazmuny bilen gabat gelende, ýürek joşmak bilen bolýar. Ana şol joşgunly pursatda, ýüregiň güýçli heýjan bilen gurşalan halatlary, adam aňynda gizlenip, aýy ukysyna giden ukyp-başarnyklar, ýalpa gözüni açýar. Şonuň üçin hem aýdym-saz özüňi açmagyň bir serişdesidir. Asman ylhamy bolan aýdym-sazyň gadyryna Beýik Serdar ýaly belent sarpa goýýan adam ýok. Paýhas mülküniň soltany Türkmenbaşynyň Ruhnamasynyň ikinji kitabynda: «Aýdym-saza, degişmä ömrüňden uly orun ber. Olar ýaşamaga we gurmaga, kynçylygy ýeňip geçmäge beýik ruhy goltgy berýär. Olar pese taşlanan kalbyňy al-asmana göterip bilýär. Aýdym-saz, degişme, sungat göwün dümewiniň bire-bir emidir, ruhy ýadawlygyň däri-dermanydyr» diýilýär. Bu ylahy sowgadyň gadyr-gymmatyna düşünmek üçin şundan beýik öwüdi tapyp bolmaz. Şonuň üçin Türkmenbaşynyň eserlerinde uly orun alan, aýratyn ähmiýet berilen we jana şypa sözler bilen beýan edilen saz sungaty, saz duýgusy, ynsana özüni açmaga, täze we täsin zatlary oýlap tapmakda aňyn, paýhasyň, daşarky dünýäniň diline düşünmäge uly kömek edýär.

***

Söýgi. Bu hem Beýik Allanyň biziň kalbymyza salan aňetmez gudraty. Her bir maddy zadyň asyl we galp nusgasy bolýar. Biz käteler hakyky we ýalan söýgi diýen jümläni gep arasynda az getirmeýäris. Ýöne, asman gudratyna ýugrulan duýgularda galplyk ýokundysy ýokdur. Biz diňe paýhas kenarynda aň güneşine göwnümizi-göwrämizi ýyladanymyzdan soň, ýadymyza ornaşan hakyky we galp garaýyşlaryň arasyny açyp, olary aýyl-saýyl etmelidiris. Söýginiň, bagtyň we teselliniň haçan, haýsy wagtda, kim tarapyndan geljekdigini diňe Hudaýyň özi bilýär. Hakyky söýgi öçmeýär, özgermeýär. Ne ömrüň doňduryp barýan aýazy, ne göwnüň ýandyryp barýan jöwzasy, hak söýgüni syndyrmaga het edýär. Söýgi mukaddesdir. Bu mukaddes duýga eýelik edýän adam balasy, beýik söýginiň öňündäki borjuny duýmalydyr.

Söýgi meselesi asyrlar bäri giň söhbetleriň başy bolup durýar. Dermansyz ýaradylan dert hökmünde suratlandyrylýan Söýgi: ol hakykatdan hem dertmikä ýa-da dermanmyka?

Gadym döwrüň lukmançylyk eserlerinde söýginiň dermany hökmünde birnäçe emler, ündewler beýan edilipdir. Şundan çen tutsaň, ol hakykatdan hem dert ýaly bolup görünýär. Ýöne söýgüsiz ötülen menzilleriň ýollary garaňky, miweleri datsyz, söhbeti mazasyzdyr. Adam ilki bilen özüni gurşan duýgunyň söýgimi ýa-da söýgi däldigini seljermegi gerek. Söýginiň şahsara görnüşi hakda çeper we ylmy eserler bihasap mukdarda ýazyldy. Söýgi süýji zat, ýöne dostluk diýen ýene bir beýik duýgy bar. Bu beýik zady unudyp, her garaýşy söýgä öwrüp oturmagyň hajaty ýok. Käbir adamlar bu meselede, dost hökmünde söýgüden zyýada kömegi bagyş edip biler. Söýgi edil miwe ýalydyr, bişmedik miwäni iýmäge howlukmaly däldir. Şonuň üçin hem duýgularyň bişişip, akylyň goýaldygy saýy, hak söýgini has anyk seljerýärsiň. Ynsanyň şahslarara söýgüsi, köplenç jahyllyk ýelgininde peýda bolup

başlaýar. «Ilkinji garaýyşdan, birinji bakyşdan dörän söýgüler», ogurlyk goşgularyň, ady üýtgedilen aýdymlaryň üsti bilen ýürekden ýürege ýol ýasaýar. Her kim, bir bakyşda bendi eden söýgülisiniň hatyrasyna gerdeninde dag götermäge taýyn. Bu ýaşdakylaryň özüni gürletseň, Mejnuna hem söýmekligi öwreden şolar ýaly bolup dur. «Mejnun gelip, meniň yşkyma «Tüweleme!» diýmese, «tüf» ýüzüme!» diýýänlerem gyt däl. Ýöne, heňňam aşan paýhaslar, durmuş tejribeleri, ynsan ruhyýetini ylmy taýdan öwrenen gadymyýet alymlary ilkinji garaýyşdan söýgüniň döremeýändigini biragyzdan ykrar edýärler.

Söýginiň söýgi derejesine ýetmegi üçin birnäçe menziller gerek. Käbir alymlaryň aýtmagyna görä, ilkinji garaýyşda söýgi däl-de, höwes, meýil, daşky görküne bolan gyzyklanma we oňa bolan ymtylma döreýär. Çünki bir bakyşda garşyňda duran adamy doly tanamak mümkin däl. Tanamaýan, bilmeýän zadyňy bolsa, söýüp bolmaýar. Ol diňe maňzyndan bihabar bolup, gabygyna guwanmak ýaly bir zatdyr. Ýene käbir alymlaryň bellemegine görä, ilkinji bakyşda adamyň daşky keşbine, edim-gylymyna, hereketine, özüni alyp barşyna synyň oturýar. Köňlüňde oňa bolan ýagşy garaýyşlar, mähir ýylysy peýda bolýar. Emma, bu söýgi däldir. Ynsana hergiz bir ýerdäki hereketi bilen baha berilmeýär. Soňky ýagdaýlaryň käbiri, seni başdaky garaýşyňdan, tutarygyňdan  dändirip biler. Onuň özüni alyp barşy soňlugy bilen hem seniň şol hakdaky pikirleriňe muwapyk gelse, kalbyň jümmüşindäki mähir, seniň duýgularyňy şineleder we söýginiň pyntyklary görnüp ugrar. Çünki, mähir ýylylykdyr, ýylylyk bolsa, ösümlige, ösüp gelýän zatlara has-da ylham berýändir.

Söýginiň adam aňynda döreýşi dogrusynda hem beýan edilen maglumatlar köp. Adam göwnüne ýaran kimdir biriniň görküni, keşbini ýadyna çyzýar. Onuň beýnisinde ýaňky adamyň keşbi, suraty nagyş bolup

durýar. Soňra onuň gylyk-häsiýetleri bilen gyzyklanyp başlaýar. Merkezi aňda jem bolan surat we mazmun biri-birine laýyk gelse, ol adamda  söýgi uçgunlary biygtyýar köräp başlaýar.

Ylahy söýgi, ynsany söýgi, mukaddes ruhy söýgi….. bularyň sanawy köp. Söýginiň dert saýylmagy, ynsan şol pikirlerine gümra bolup, şondan başga ähli zady unutmak derejesine barýar, däliremek howpy döreýär. Aslynda «mejnun» diýmegiň özi hem «däli, jynly» diýmegi aňladýar. Her kim bir ýoly saýlap alýar. Köplenç beýle söýgi ynsanyň köňül garagyny gapýar. Çünki, her bir zadyň çägi bar, çäginden çykan islendik zat özüniň, öz aslynyň tersine öwrülýändir. Türkmeniň aýtmadyk sözi ýok: ölümden başga zadyň dermany, gabyrdan başga zadyň çykalgasy bar. Gadymy lukmanlar söýginiň dermany hökmünde birnäçe därileri, synalyp görlen emleri ýazyp gidipdirler.

«Söýginiň iň onat dermany – wysaldyr, birek-birege gowuşmakdyr. Eger gowuşmak miýesser bolmasa, ony süýji sözler, şygyrlar, aýdym-sazlar bilen güýmäp, ünsüni sowmagy başar, özge zatlara bolan gyzyklanmany oýar. Şeýle ýagdaýlarda saz çalmak, aýdyma hiňlenmek, guşlaryň jürküldisini, akar suwlaryň şirrildisini diňlemek, söwda etmek, ylmy jedele girmek, suwda ýüzmek ýaly usullar bilen teselli tapyp bolýar. Mazmunynda yşk mowzugy bolmadyk, taryhy, çeper we ylmy kitaplary okamak hem kalbyňa teselli berýär. Bu zatlar synalyp görlendir we dowamly ýerine ýetirilse, hökman netije berýändir».

Söýginiň dermany hökmünde peýdalanyp boljak usullar, emler ýene-de kän. Emma olaryň juda eleterlidigi üçin  dürli maksatlara ulanylmagyndan ätiýaç edip, ählisini beýan etmekden saklanýarlar.

Gadymy ýazgylaryň birinde «Kim tarlaryň owazyny diňlemese, gülleri synlamagy küýsemese, suwlaryň şirrildisi, guşlaryn jürküldisi ony

özüne çekmese, kalbynda dert bardyr, yşk bilen onuň arasynda mäkäm bent bardyr» diýilýär.

Päkize we mukaddes söýgi bolsa, ynsanyň ertirine bolan ynamydyr. Ol şol ynamyň üsti bilen Watanyny, ilini-gününi bagtyýar etmelidir, begendirmelidir. Bize gerek söýginiň beýany Türkmenbaşynyň Ruhnamasynyň ikinji kitabynda anyk we kesgitli berlipdir:

«Biz Türkmenistan atly beýik ýurtda ýaşaýarys. Her bir türkmen balasy mähir edebiniň, bilim edebiniň hem-de iş edebiniň şertlerini bilmelidir we berjaý etmelidir.

Mähir edebiniň şerti ýurduňy söýmekdir. Nesihatym: siz öz söýgiňizde asylly boluň! Ata ýurduňyza bolan söýgiňizde gyzyň söýgüsi ýaly asyllylyk bolsun! Türkmen gyzy däliräp, akylyny aldyryp däl-de, asyllylyk bilen, sagdyn söýgi bilen söýýändir. Nesihatym: siz öz söýgiňizde edepli boluň! Ýurduňyza bolan söýgiňizi ýerlikli-erliksiz güjeňlemäň, sessiz hem pessaý söýüň. Pessaý akýan derýanyň ömri hem uzakdyr — ol baharyň sili ýaly göz açyp-ýumasy salymda geçip gitmez, pessaý akýan söýgi derýasy hökmürowandyr — onuň öňünde hiç bir böwet durup bilýän däldir. Her bir pursatda ata ýurduň mährine çekip duran damaryňyz söýgüden doly bolsun! Türkmen balasynyň esasy damary ata ýurda çeken damar bolmalydyr. Ýurduňyzyň gök ýagyşly baharlaryny, sary epgekli tomsuny, çaga dogran enä meňzeş güýzüni, türkmeniň kalby ýaly ak garly gyşyny söýüň! Söýmekden armaň, çünki bu söýgüde siziň ýüregiňiziň armaçysy goşalanar!». Hakyky söýgi Hakdan berlen sowgatdyr. Ony harlamak ynsanyň özüni heläk edýär. Özüňe bolan päkize söýgüni oýarmak üçin ruhubelent gez, birek-birege bolan ynama hyýanat etme, dostlukly duýgularyňy we içinde galplyk ýokundysy bolmadyk arassa söýgiňi illerden gysylma, söýgä wepa bilen jogap ber! Söýgä beslenen ýollarda

ynamly ýöre! Il-günüňe beýik söýgi bilen gara! Söýgi bilen Oka, Söýgi bilen  Ýaşa we Altyn Geljegiň hatyrasyna Söýgi bilen Döret!

***

Asmandan iberilýän gaýyby habarlaryň bir bölegi biziň aňymyzda «yrym» ady bilen ornaşypdyr.

Adamyň ruhy dünýäsi bilen baglanyşykly bolan, oňa öz täsirini ýetirýän we hasyl boluş hadysasy ylmy taýdan subut edilmedik ahwalatlara yrym diýilýär.  Eger ol ylmy taýdan subut edilse, ol yrym halyndan ylym ýagdaýyna geçýär. Düýbünde ylmy ýokundy bolmadyk ruhy ahwalat – batyl garaýyşdyr. Ondan näçe tiz saplandygyňça peýdaly. Biziň durmuşymyzda ne ylyma, ne-de yryma laýyk gelýän şeýle ýagdaýlar az duşmaýar. Biziň ruhybelentlik dünýäsindäki ilkinji säwliklerimiz hem hut şu ýerden başlanýar. Uly günäleriň kiçi düzgün bozmalardan gözbaş alşy ýaly, soňabaka bu garaýyşlara gul bolup, durmuş hakykatyny inkär etmäge ymtylýarys. Hat-da biz göwnegetirmelere gabat gelen ýagdaýlary özümizçe ýorup, birnäçe yrym ýasap otyrys. Birmeňzeş pursatdaky netijeler meňzeş gelse, «Öňki gezek hem edil şeýle bolupdy» diýip, şol hadysany yryma öwürýäris. Özümize bolan ynamy ýitirip, gorka gaplanan, göwniçökgünlige gark bolan, ejizlige eýlenen pursatlarymyzda paşmadyk işimiz üçin her öňetene, hat-da tötänden öňümizi kesip geçen gara pişige-de günä ýöňkäsimiz gelip dur. Bu yrym däl-de, ylym-bilim, düşünje dünýäsindäki nogsanlykdyr. Bu ýerdäki şowsuzlygyň baş sebäpleriniň biri – özüňe ynam etmezlik. Türkmenbaşy ýöne ýere «Ruhubelentlikde tükeniksiz güýç bar» diýmeýär. Ikinji bir sebäbi yrym düşünjesi bilen ornaşan waswasylygyň aňyňy eýelemesi. Gadymy ynançlara görä, bu şeýtan duzaklarynyň biridir. Muhammet pygamberiň hadyslarynda: «Şeýtan siziň damarlaryňyzda at salyp ýörendir» diýilýär. Adamyň bir ýeri sähel agyrsa, awasa, süňňi

syzlasa, şeýtan şol ýere baryp adamyň ýüregine dowul salýarmyş: «Şu ýeriň gaty agyrýan ýaly, döwülip çykan-a däldir-dä?! Bu ýolugan derdiň bitmesi agyr görünýär» ýaly howsalalar bilen kalbyňy eýeleýärmişin. Ruhy belent, bilimi ýetik adam sähel awunmalaryň sebäbine göz ýetirip, bu pikire gul bolmaýar. Iň bolmanda, ýüreginiň ynjalmagy üçin lukmandyr tebibe görünýär. Emma, mańzyndan bihabar adam şeýle oýlanmalara gark bolşuna, özüni sussypeslige pida edýär.

Taryhyň belli bir döwürlerinde, esasan hem jahylyýet zamanasynda yrymlara uýmak örän ýoň bolupdyr. Bir möhüm işi niýet edip, öýünden çykan adamyň öňüni kesip geçen ilkinji guşa yrym edipdirler: Eger guş sag tarapa uçup geçse, işiň ugrukjagy. Çep tarapa geçse, tersine boljagy. Sola geçen guş sebäpli, başlanmadyk işe soň goýlupdyr.

Her bir zada yrym edip, uýup ýörseň, ýöräre ýol, ýüz öwrere ýan galanok. Yrymlaryň ählisini inkär etmezden, adatdan daşary tebigy güýjüň bardygyny boýnumyza alyp, hakyky yrym bilen batyl yrymyň arasyna çäk goýmalydyrys. Hakyky yrym, edil düýş, saz we beýleki käbir duýgular ýaly daşarky dünýäniň dilidir. Bularyň hakykysyna ähmiýet bermezlik, biziň köp zatlary ýitirmegimize getirýär.

Gurbanlygyň ilkinji säherinde duzly, ýodly suwa düşünmek däp bolup galypdyr. Ylmy nukdaýnazardan seredeniňde hem ýodly, duzly suw saglyga peýdaly hasaplanýar. Munuň ýaly yrymlary ruhyýet duýgulary mysalynda-da aýdyp bolar. Emma, köpleriň yrym edýän gara pişigini ýatlalyň. Haýsy döwürlerden bäri ýoň bolup galandygy mälim bolmadyk bu yryma uýýanlar köp. Hat-da käteler gara pişigi görse, barýan ýakyn ýoluny terk edip, çarkandakly ýodalardan ýöreýän, ýa-da ýedi ädim yza dönüp, soňra ýoluny dowam edýän adamlara duş gelinýär. Şeýle günleriň birinde paşmadyk işiň üçin gara pişigi günäläp oturmak, öz ýalňyşlygyňy ýa-da ýazgydyň gutulgysyzdygyny boýnuňa alman,

özge birine töhmet atmak bilen des-deň. Ol ýerdäki şowsuzlyk, belki belent bir haýryň buşlukçysydyr. Çünki şowsuzlyklaryň biri üstünlikleriň onusyny yzyna tirkäp gelýär. Ýa-da öz goýberen säwligiňdir, indikiňe gaýym ýapyşmak üçin sapak bolar. Durmuşda bolýan her bir zady gowulyga ýormaga endik et. Türkmenbaşy: «Durmuşy nähili keşpde kabul etseň, şol keşpde-de bolýandyr! Owadan görüp bilseň – owadan, betnyşan görseň – betnyşan görner» diýýär. Gadymy çeşmeleri döreniňde hem gara pişigiň zyýany-zeleli hakda kelam agyz ýatlanylmaýar. Ýöne onuň peýdasy hakda welin köp zat bar. Ussat alym Kazwininiň haýwanlar hakdaky kitabynda gara pişigiň peýdasy hakda köp zatlar aýdylýar.  Mundan başga hem gara pişigiň gezýän ýerinde ýaman pälli jyndyr perileriň peýda bolmaýandygy, gara pişikdäki bioenergiýanyň beýleki görnüşlerine garanyňda has agdykdylygy hakda ýazgylar bar. Ýeri onsoň, durky-süňňi bilen adama haýyrly ýaradylan gara pişigi näme üçin terse ýorýarlar-ka? Bu yrym däl-de, öz akylyňa muwapyk gelýän bir düşünjedir. Onsoňam, öňünden gara döw çykanda garpyşmaga taýyn türkmen, gara pişigi görüp, yzyna tesse, gelşiksiz bolmazmy?!  Bular yrym däl-de, düýbünden ters düşünjedir.

Emma düýbünde esas bolup, dil üsti bilen ýaýraýşyna, manysy ýiteňkirlän, mazmuny ýoýulan yrymlar hem bar. Damar dartylmasy, gözüň, gaşyň çekmesi, beden agzalarynyň biygtyýar hereketlenmesi muňa mysaldyr. Yrymyň bu görnüşi dogrusynda gadymy ýazgylarda bol maglumat bar. Ýöne şu ýerde gadymy ýazgylary dörýän we ýitirilen gymmatlyklary gaýtadan dikeldýän adamlaryň üns bermeli bir hakykatyny ýatlasym gelýär. Gadymy ýazgylary öwrenmeli, bilmeli, ýöne olaryň ählisine uýmaly diýlen zat ýok. Ol ýerdäki hakykat bilen batylyň arasyny açanyňdan soňra, jemgyýete peýdaly tarapy agdyk gelen düşünjeleri, zamanabap paýhas bilen bezäp, ile ýetirmeli. Ýogsam, geçmişiň gatlarynda hem sarygarynja ýaly aňsat ölmeýän we kem-

kemden binaňy kertýän pikirler az däl. Bu babatda elmydama Türkmenbaşynyň Ruhnamasyndaky «Üç bilimdaryň ylalaşan sözüni, her ýerde diýmek bolar. Bolmasa oňa ynam etmek bolmaz. Öz sözüňi we gaýry kişi sözüni şol bilimdarlar sözüne barabar et. Eger muwapyk bolsa, ony sözlemek bolar, bolmasa sözlemezlik gerekdir» diýen paýhasy şamçyrag bolmalydyr. Ile-güne ýetirilýän her bir maglumaty Türkmenbaşynyň Ruhnamasynda ýatlaýan «Tut paýhasy» ýaly saldarlap görmelidir.

Damar dartylmasy, göz-gaşyň çekip durmasy dogrusynda öten zamanlaryň ussat lukman alymlary gymmatly maglumatlary ýazyp gidipdirler. Esasy üns bermeli zat, bu yrymyň ylym hökmünde öwrenilendigidir.Bu maglumatlar durky bilen gabat gelip durmasa-da, iň bolmanda şol duýgy hakyndaky dürli pikirlere uýulmagyndan, ýerliksiz dowla düşmelerden halas eder. Bolmasa käbir adamlar göz çekýärmi, gabakmy gaş çekýärmi, känbir seljerip durmazdan ähli̇sini bilenjesine görä ýorup, käteler-ä agyr gynanja gark bolýar, käteler hem begenmeli zada biparh garaýar. Adam süňňüniň biygtyýar hereketlenmesi ilki bilen onuň saglygyna bagly. «Köplenç halatda ol adamyň içinde hereket edýän inçe buglaryň täsiri astynda döreýär» diýlip, lukman alym Dawut Antakynyň eserinde ýatlanylýar. «Bu ýagdaý şol synanyň saglygynyň gurat däldigini, az-kem bejerişe mätäçdigini duýdurýar» diýip belleýär. Onki süňňi sagat ynsany tapmak aňsat däl. Her başyň özüne ýetik derdi bar. «Emma näsaglyk alamatlary görnetin bildirmeýän, özüni sagat duýýan adamlaryň damary dartylsa, bu gaýypdan gelen buşlukdyr. Onuň aňyrsynda geljekde ýüz berjek işiň habary ýatyr». Biygtyýar tirpildeýän agzalaryň bu hereketini ýyldyzlaryň hereketi bilen baglanyşdyrýarlar. Öň hem ýatlaýşymyz ýaly, adamyň ähli süňňi, synasy asman ýyldyzlaryna bölünip goýlandyr. Her süňňüň özüne mynasyp gelýän ýyldyzy bar. Şoňa laýyklykda kes-

gitlenen bu düşünjäniň gözbaşy gadymy türkmen, arap, pars, hindi we ýunan çeşmelerine syrygýar. Ol ýazgylarda şeýle diýilýär: «Tutuş kelläniň birden-kä biygtyýar dartylmasy örän uly işleri bitirjekdigiňe, başarjakdygyňa delil. Käbir garaýyşlara görä, şol adam uly mertebä gowuşýar. Kelläniň beýleki bölekleriniň tirpildemesi rysgala, haýra, rahatlyga ýorulýar. Diňe ýeňse tarapy dartylsa, erkekler üçin alada, gam, zenanlar üçin şatlyk, toýdur. Maňlaýyň dartylsa – beýiklik, ýolbaşçylyk, abraý-mertebe; Sag gaşyň çekse – rysgalyň artmagy; Çep gaşyň çekse – kynçylyk, muşakgat; Sag gözüň ýokarky gabagy çekse – baýlyk, hormat-sylag; Sag gözüň aşaky gabagy çekse – ýadawlyk, surnukmaklyk; Çep gözüň ýokarky gabagy çekse – garaşmaýan adamyň gelmegi; Çep gözüň aşaky gabagy çekse – uzak ýola sapara çykmak; Sag gözüň özi çekse – gaýgy-gam; Çep göz tutuşlygyna – şatlyk-şagalaň... nesip eder; Anygyny Alla bilýär».

Damar dartylmasy, göz-gaşyň çekmesi dogrusynda gadymy alymlaryň asyrlar boýy synagdan geçirip, biragyzdan ykrar eden pikiri şunuň ýaly. «Kähalatlarda, ynsan süňňüniň bir damary çekeni bilen bu zatlar bolman hem biler. Ýöne, şol tirpildemäniň aňyrsynda hakykatdan-da gaýyp habar ýatan bolsa, onda ol köplenç şu röwüşde ýüz berer» diýlip, şol eserlerde ýatlanylýar. Eger munun anyrsynda hakykatyň birže ülüşi bar bolsa, onda Türkmenbaşynyň Ruhnamanyň üsti bilen ündeýän ylmy hakykaty gözbaşyny çuňluklardan alyp gaýdýar. Dogrudan-da, bizi ýaradan Hudaý bizi ýeke goýmandyr. Ol entegem Adamyň aladasyny edýänligini şeýle kitaplaryň, hakykatlaryň üsti bilen äşgär edip otyr. Damar dartylmalary hem geljekde ýüz berjek hadysalary, wakalary, ruhy ahwalatlary aýan etmegiň, taýynlygy talap edip, öňünden duýdurmagyň, buşlamagyň özboluşly bir dili bolup çykýar. Bu zatlary bilmek biziň ýalňyş düşünjelere uýup, göwniçökgünlige düşmezligimize sebäp bolar. Şeýle hem ol, ruhubelentlige sežde

edýän aň hazynasynyň müňlerçe gapysynyň giňden açylmagyna mümkinçilik döreder.

***

Gaýyby habarlaryň ýene bir görnüşi düýşleriň üsti bilen aýan edilýär. Yrymlaryň ählisini inkär edýän adamlar hem bar. Emma şolar hem düýşe gezek gelende seresap sözleýär. Ömründe bir ýola gören düýşüne ynanmadyk adam ýokdur. Tebigatyň beýikliginiň bir delili ol käteler seniň dünýäňe şeýle bir gatylýar, oňa ynanaýmakdan, boýun bolaýmakdan başga ýol galmaýar. Düýş tebigatyň  her adama bagyş edýän täsin sowgady. Ol geljekde boljak zatlary wagtal-wagtal aňyňa oklap, entegem seni unutmandygyny, elmydama seniň aladaňda gezip ýörendigini ýadyňa salýar. Düýş örän syrly we täsin dünýä. Dogrusy ol öňdengörüjiligiň bir bölegidir. Sebäbi Muhammet pygamberiň hadyslarynda hem hut şu ýagdaý şeýle beýan edilýär: «Menden soňra pygamberlik tamam bolar. Oňa derek siz oraşan düýşleri görersiňiz. Oraşan düýşler pygamberligiň kyrk altydan bir bölegidir».

Düýş – öňünden görmek. Aslynda tebigat hiç bir adamy şu ukypdan binesip goýmandyr. Käbir adamlar düýşler arkaly öňünden görýär, käbir adamlar duýgular arkaly öňünden duýýar, öňünden syzýar. Hak halaty siňen beýik adamlarda bolsa tebigatyň iň bir täsin hadysasy hasyl bolýar: Olar özgeleriň düýşünde görýän zadyny huşunda-da görüp bilýär. Gadymy ýazgylarda düýş bilen oýalygyň birigýändigi dogrusynda ajaýyp gürrüňler bar. Öten zamanlarda ylymy  ýetik bir piriň boýuna-syratyna, akylyna-huşuna guwanyp oturmaly, göwni suw içýän bir şägirdi bolupdyr. Bir gün ýaňky pire bu şägirdiniň birnäçe ýyldan soň garakçylaryň elinden heläk boljakdygy aýan bolýar. Ol derhal tagat-ybadatyny artdyryp, Hudaýa ýalbaryp başlaýar. Bu ýigide uzak ömür bermegini özelenip soraýar. Emma, Allatagala ýazgydyň üýt-

gewsiz galmalydygyny ylham arkaly ýaňzydýar. Ýöne piriň yhlasy gowşamaýar. Ahyry hak halatly piriň bu erjelligi, bu yhlasy Hudaýyň hoşuna gelýär. Allatagala piriň yhlasyny, ol ýigidiň ýagşy gylyk-häsiýetlerini, gazanan sogaplaryny göz öňünde tutup,  oňa uzak ömür berjekdigini, ýöne welin ýazgydyň üýtgemän galjakdygyny, garakçylaryň elinden tenine tagna salynjakdygyny aýan edýär. Bu wakalardan soň aý aýlanyp, ýyllar ötýär. Günde ýatlamaýan zatlaryň ýadyňdan çykyberýär. Şeýle günleriň birinde bu piriň şol şägirdi uzak ýola argyşa gidermen bolýar. Kerwen bir menzilde düşleýär. Dem-dynçdan soň, birsellem irkilenlerini kem görmeýärler. Ýigit uka batýar. Düýşünde olaryň üstüne garakçylar çozýar. Ur-ha-urluk başlanýar... Hopugyp ukudan oýanan ýigit daş-töweregiň imi-salalykdygyna göz ýetirýär. Emma nämeüçindir teni awap dur, egin-eşiginde hem gyrmyzy ganyň ýokundysy mese-mälim bildirýär. Ol donuny serpip, tenini görse, endam-jany gylyçdyr-naýzalardan düşen tagnalardan dolumyş. Ol bu ahwalata haýran galypdyr. Iline dolanyp gelende ähli wakany pirine gürrüň beripdir. Pir Hudaýdan eden dileginiň ýerine gowşandygyna göz ýetirip, Perwerdigäri senalapdyr. Bu ahwalatyň syryny şägirdine paş edipdir.

Beýle mysallary alys eýýamlardan hem, biziň şu döwrümizden hem tapyp bolar. Ylmy açyşlaryň aglabasy, köp zadyň hakykaty düýşlerde aýan edilýär. Öz döwründe saz ussady saýylan Eflatun hekim düýşünde Kap dagynyň depesindäki Kaknus guşuň owazyny eşidip, ony oýalygynda janlandyrypdyr. Pygamberliginiň ilki ýyllaryndaky wahylar Muhammede  düýşler arkaly iberilipdir. Belli lukman Ibn Sina ençeme derdiň dermanyny, sebäbini, serişdesini düýşünde görüp bilendigi dogrusynda ýazgylar goýupdyr.  Hak halaty siňenliginiň subutnamasy – Türkmenbaşynyň mübärek setirlerinde «Eziz halkym saňa ýaýaýyn syrym, Alnyňda ajaýyp zaman görüp men. Alna togap eýle Altyn

Asyryň, Altyn geljegiňi aýan görüp men» diýen jümleler bar. Bularyň ählisi adatdan daşary dünýäniň bize ýollaýan peşgeşi. Düýşlere degişli mysallaryň, aňymyzda nagyş bolup galan rowaýatlaryň, bir-birekden eşidýän hakykatlarymyzyň hetdi-hasaby ýok. Biziň hiç birimiz tebigatyň bu täsinligine biperwaý çemeleşmeli däldiris. Düýşüň biziň dünýämizdäki ähmiýeti nämeden ybarat?

Türkmeniň jaýdar söz tapyşyna akylyň haýran. Adam aňynyň hyýaly eserlerine biz erteki diýýäris. Emma erteki sözüniň beýleki dillerdäki terjimesine siňňitli nazar salsaň, olar «Setirlere ýazylan sözler» ýa-da «ýöne aýdylýan gürrüňler» ýaly manylary berýär. Biziň halkymyz her haçan howaýylykdan daşda durupdyr. Köplenç göçme manylar bilen beýan edilen bu eserlerden, ertirki günümiz üçin peýdaly zatlary çykaryp boljakdygy üçin oňa «ertirki, erteki» diýip at beripdirler. Ertekiler aslynda howaýylykdan döremeýär. Ol, hakykatdan-da, adam aňynyň önümidir. Adam aňyna bolsa diňe bolup geçen, bolup duran ýa-da az-kem taraşlansa bolup biljek wakalar, zatlar, pikirler oklanýar. Mukaddes Ruhnamanyň ikinji kitabynd a «Adamyň hyýalyna diňe başarjak, ýetip biljek pikirleri gelýändir» diýen pähimli söz bar. Kelläňe gelen her bir pikiriň hakykat däldigi hemmä aýan. Emma şol pikirleri tasa getirip, üstünde işläp, täsin zatlary oýlap tapýan adamlar welin bar. «Düýş» sözi hem şunuň ýaly, ýa-ha ol «düşmek, duşmak» sözünden, ýa-da «duýmak, duýuş» sözünden gelip çykandyr. Nusgawy edebiýatymyzda «Düýş bir gözi bagly guşdur ýaranlar» diýen setir bar. Dana babalarymyzyň ýazgylarynda «Düýş gözi bagly guşdur. Nirä gondursaň, düşer, nämä ýorsaň, duşar» diýilýär. Ýa-da bu söz ýokarda ýaňzydyşymyz ýaly geljekde boljak zady öňünden duýmakdyr. Biziň aňymyzda ynsanyň bäş duýgusynyň barlygy hakdaky düşünje mäkäm ornapdyr. Şu ýerde Türkmenbaşynyň «Biz üsti açylmadyk hazynadyrys» diýen sözleri biygtyýar ýadyňa düşýär. Öten eýýamlarda ösen

ylymyň bir merkezi saýylan, tebigatyň adatdan daşary käbir güýçlerine akyl, aň ýetiren Müsür faraonlary asmany habarlaryň diline ussatlyk bilen düşünen, baş çykaran we peýdalanan kowum hasaplanýar. Müsür iýeroglifleriniň birinde, adamyň bäş däl-de, ýigrimi üç duýgusynyň barlygy, bulary oýandyrmak, herekete getirmek bilen köp zady hasyl edip boljakdygy bildirilýär.

Belki düýş bu ýigrimi üç duýguny özünde jemläp bilýän täsinlikdir, keramatdyr. Düýşi diňe görmek däl, ýormak hem gerek. Düýş ýormak meselesinde hem biz käbir yrymlar ýaly ters garaýyşlara gul bolýarys. Düýşi dogry ýorup bilmezligiň iň bärkije netijesi – ol seniň ruhubelentligiňe zarba urýar. Bu bolsa ruhuň bir apatydyr. Hyýala ornan, aňa dolaşan nätanyş pikirler üçin sussypeslige gaplanýan pursatlarymyz az däl. Şonuň üçin düýşi ýormany öwrenmeli. Ol tebigatyň bir dilidir.

Düýşleri esasan üç topara bölýärler. Birinjisi, öz arzuw edýän, göz öňüne getirýän, pikirini edýän zadyňy düýşüňde gaýtadan görmek. Çünki adam uklany bilen hem, onuň beýnisi işlemegini dowam etdirýär. Beýni öýjüklerini iýmitlendirmek üçin oňa täze habarlar, maglumatlar gerek. Şol pursatda ynsan beýnisi öňki pikir-hyýallaryny, göreneşiden zatlaryny şol durşuna ýa-da az-kem üýtgeşik röwüş bilen aňyňda täzeden aýlaýar. Gadymy ýazgylarda düýşüň bu görnüşi ýorulmaga muwapyk däl hasaplanýar. Emma ynsan düýşüniň syryna akyl ýetirmäge synanyşýan häzirkizaman alymlary, bu ugurda geňgaldyryjy däpleri peýdalanýan tibet ruhanylaryna meňzemegi ündeýärler. Bularyň düşünjesine görä, adam aňy bir mesele bilen kemsiz gurşalan wagty görlen düýş hakykydyr. Ynsan uka gatylmazyndan owal, çözgüdini tapasy gelýän zatlary dogrusynda çuňňur oýa batmaly, bolup biljek ähli taraplaryny göz öňüne getirmeli, aňynda mäkäm bişirmeli. Dessine netije bermese, howlugyp durman, ertesi gün täzeden gaýtalamaly. Şeýle pur-

satlarda tebigat bu pikiriň üstüni dolduryp, ýetmezini kämil edýär – ajaýyp düýşler hasyl bolýar. Bu ynsan bilen tebigatyň birek-birege bolan arkalaşygydyr. Lukman Ibn Sinanyň ýazgylarynda hem «Haýsydyr bir meseläniň çözgüdini tapmasam, ýatmazymdan ozal ony aňymda aýlaýardym. Şol gije hem onuň syryny düýşümde görýärdim» diýilýär. Bu, ýönekeýje düýşi peýdalanmagyň bir usulydyr. Emma aýgytly niýete eýlenmedik zatlaryň, gündelik hysyrdylaryň düýşüňde gaýtalanmagy känbir ýorlup durmaýar. Muňa garamazdan, bu «sowgadyň» peýdasyny hem yrýa etmän bolar. Adam gündelik görýän düýşlerini ýazga geçirip, ony öz durmuşyndaky wakalara deňeşdirmek bilen, düýşünde gören, eşiden täsin sözlerini belläp almak bilen gelejekde gazanjak köp zatlarynyň goruny taýýarlap biler. Çünki ojagy ýylatmak üçin ilki bilen odun tapmaly.

Düýşleriň ikinji görnüşi adamlary gorkuzmak üçin şeýtanyň gurýan oýunlary hasaplanýar. Bu garabasmaly düýşlerdir. Şeýtan olary gynandyrmak, dowla düşürmek, gorkuzmak üçin her hili tilsimleri, hileleri, mekirlikleri oýlap tapýar. Beýle düýşler ýorulmaýar. Ýöne yzygider gara basýan adamlar özleriniň saglygyna öňkülerinden az-kem artykmajrak üns bermelidir. Sebäbi beýle düýşleriň bir tarapy ynsan temperamentinde melanholiýanyň – söwdaýylygyň agdyklyk etmeginden hem döräp bilýär. Ýatar wagty otaglary ýelejiretmek we gündelik aladalaryň gussasyna gark bolmazlyk, garabasmadan saplanmagyň bir usulydyr.

Düýşleriň üçünji görnüşi asmanda saklanýan ýazgyt kitabyndan perişdeleriň saňa getirýän hoş habarlary, buşluklary, öňünden duýdurmalary, täze açyşlaryň mazmunlarydyr. Ine, şeýle düýşler tebigatyň hakyky habary hasaplanýar.

Hakyky düýşler dogrusynda geçmişde ajaýyp eserler döredilip, ýollar goýlupdyr. Belli-belli alymlar tarapyndan ýazylan ýorgut kitaplary sanardan köp. Olaryň aglaba mazmuny deň, diňe beýan ediş usullarynda az-kem tapawut edýär. Bu ýagdaý düýşleriň hakykatdan-da tebigatyň bir dilidigini, oňa gadymyýetden bäri düşünmäge çalşylandygyny aňladýar.

Gadymdan galan bir söz bar: «Kimiň düýşi dogry çykýan bolsa, şol adamyň kalby düzüw, sözi hem dogrudyr». Öň hem belleýşimiz, kalby kireňsiz, köňli kinesiz adam asmany habarlary takyk, aýan görüp bilýär. Görmedik düýşüňi gördüm diýmek gadagan edilýär. «Çünki düýş Allanyň adama ukudaka iberýän ylhamydyr» diýlip, ýorgutçy alymlaryň eserinde ýatlanylýar.

Ýorgut ylmynyň ägirtleriniň biri Ibn Sirin: «Ynsanyň ukuda görýän her bir zady düýş däldir we ol ýorulmaga hem laýyk gelmeýär. Oraşan düýşler Alla tarapyn Ruhaýyl atly düýş perişdesiniň üsti bilen ýetirilýär. Ol şol ynsana ýazgyt kitabyndaky, ýakyn geljekde boljak zatlaryň nusgasyny, göçürmesini eltýär. Galan zatlar garabasmadyr» diýip belleýär.

Pasyllaryň çalşyp durmagy, howanyň ýagdaýy, adamyň ruhy sagdynlygy görülýän düýşüň näderejede oraşan boljakdygyna täsir edýär. Iň dogruçyl düýş, sag tarapyňa ýatańda görülen düýşdür. Ibn Siriniň aýtmagyna görä: «Sag tarapyna uka batyp, görlen düýş Alla tarapyndyr. Bularyň barçasy oraşan çykýar; Çep tarapyna ýa-da arkan ýatylyp görlen düýş ruhlar tarapyndyr. Bu düýşleriň käbiri dogry çyksa, käbiri gabat gelmeýär; Ýüzinligine ýatylyp görlen düýş garabasmadyr. Bular asla ýorulmaýar».

Ýorgudy gabat gelýän iň dogruçyl, oraşan düýşler, köplenç ýaztomus paslynda, gije bilen gündiziň deňleşýän, ýagtylyk bilen tümlügiň biri-birine barabar bolýan möwsümlerinde, şeýle hem gijäniň ahyrky

bölegind görlen düýşlerdir. Ýapraklaryň düşýän we hasylyň sowulýan wagtlary görlen düýşler, ygtybarlydygy taýyndan az-kem pesde goýulsa-da, ýorulman galmaýar. Rowaýatlara görä, Allatagala jynlaryň zaýalamagyndan goramak üçin, her bir miwä düweninden bişýänçä, her bir güle gunçalygyndan tä açylýança bir melegi goragçy goýýar. Güller solup, miweler sowlansoň, melekler arşa göterilýär we ýaramaz düýşler peýda bolup başlaýar. Bu rowaýatdan özümize bähbitli başga bir manyny çykaryp bolýar. Bu ýerde melegiň wezipesini miweleriň, gülleriň ysy ýerine ýetirýän ýaly görünýär. Belki-de ýatar wagtymyz hoşboý yslary küketmek ýagşy düýşleri görmegimize sebäp bolar.

Iň çalt hasyl bolýan düýş gijäniň ahyrky böleginde, daňa golaý görlen düýşdür. Düýşüň hasyl bolup biljek iň uzak möhleti ýigrimi ýyl hasaplanýar. Sebäbi ajaýyp ýorgutlary bilen adygan Ýusup pygamberiň gören düýşi ýigrimi ýyldan soň hasyl bolupdyr. Köne kitaplaryň gatlarynda düýş ýorgudy hakda şeýle maglumat bar: «Gijäniň ilki başynda (birinji böleginde) görlen düýş ýigrimi ýylyň dowamynda; Gije ýarymynda görlen düýş on ýylyň dowamynda ýa-da ondan bärki möhletlerde; Daňdan görlen düýş bir aýyň dowamynda ýa-da ondan bärki möhletlerde hasyl bolar».

Oraşan düýşler hem iki hilidir: Buşlukçy we duýduryjy düýşler. Eger düýş gören adamyň özünde hasyl bolmasa, perzendinde ýa-da garyndaşlarynyň birinde hasyl bolar diýilýär.

Düýş tebigatyň dili. Sen ony terse ýoranyň bilen, gaýypdan gowşan bu habaryň güýjüni gaçyryp bilmeýärsiň. Diňe özüňi nähak ýere tolgunmalara, birahatlyklara duçar edersiň. Tebigatyň bu diline düşünmek üçin owaldan gelýän, ussat alymlaryň ykrar eden ýorgut kitaplaryna salgylanmak zerur. Gören düýşüňi her öňetene ýaýyp ýörmek, uslyp bilinmeýär. Saňa iberilen bu ylahy ylhamy özüňe kabul etmäni

başarmaly. Ýaramaz, gorkunç düýşleri göreniňde, bu hakda hiç kimiň ýanynda dil ýarman, gadymdan gelýän ata-baba däbimize görä, çep tarapyňa üç gezek tüflemeli we «Bu gören düýşümiň we şeýtanyň şerinden goramagy üçin Beýik Taňrydan pena soraýaryn» diýmeli. Şonda, bu ýakymsyz düýş siziň dünýäňize täsir etmez. Eger, hasyl bolaýanda hem, ujypsyz ýakymsyzlyk bilen geçer gider. «Ony kimdir birine aýtmak, şol düýşüň hakykatdan hem hasyl bolmagyna getirer» diýlip, pygamberiň hadyslarynda ýatlanylýar.

Bir düýşüň ýorgudy bir bolýar. Bir gezek görüp, bir gezek hem hasyl bolan şol düýşüňe soň-soňlaram tama bilen telmuryp durmaly däl.

Tebigatyň bu dilinden ýeterlik sowadyň bolmasa we gören düýşüň ýorgudy seni aşa gyzyklandyrsa, onda diňe bu ugurdan başy çykýan adamlara ýüz tutmaly bolýar. Ýorgutçy örän ussat we bilimli, dogruçyl, ýagşy iş edýän, halallykda, päklikde adygan, ýorgut ylmynyň köklerinden, düýp mazmunyndan habarly, başy çykýan adam bolmaly. Düýşleri her adamyň öz ýagdaýyna görä ýormaly. Bu babatda öňki ötenleriň sözlerine, kitaplaryna salgylanmaly. Meşhur şahyrlaryň, edebiýatçylaryň eserlerinde manysy gabat gelýän sözleri peýdalanmalydyr. Çünki ýorgut ylmy bilen ynsan düýşleriniň dürlüligi, edil kenary bolmadyk umman ýalydyr.

***

Biz bu zatlary näme üçin ýatladyk? Ruhnamanyň bir babynyň Asmandygy aýdylýar. «Bap» diýen sözüň bir manysy «derweze, gapy» diýmekdir. Şonuň üçin hem Ruhnama bize Asmanyň syrly gapysyny açyp berýän, ýol görkezýän keramatly kitapdyr. Bu kitap bir derwezesi Asman, beýlekisi Zemin bolan, paýhas hem-de ruhubelentlik köşgüne meňzeýär. Şol köşgüň töründe düşlän adam, ylym dalbarlaryndan paýhas hoşasyny ýolup alyp, akyl däneleri garylan aň şerabyny süzer.

Şeýdibem, adamzat üçin bähbitli köpsanly syryň üstünden barar. Bize şol syrlary aýan edýän bir peşgeş – düýşlerdir. Düýşlere dogry düşünmek bilen biz Türkmenbaşynyň ündeýän iki sargydyny ýerine ýetirýäris. Bu sargytlaryň aňyrsynda bolsa jemgyýetiň sagdynlygy, ruhybelentligi ýatyr. Ilki bilen tebigatyň diline düşünmäge çalyşýarys. «Biziň milletimiz öz ýaşaýşyny tebigata garşylyk görkezmek, onuň garşysyna çykmak usulynda däl-de, tebigat bilen sazlaşyk esasynda gurnapdyr. Tebigat bilen garşydaş däl-de, hyzmatdaş bolup ýaşaýan milletiň taryhy ömri bolsa, edil tebigatyň özi ýaly uzak hem hasylly bolýar». «Adam tebigata garylyp, tebigat ýaly päk, owadan bolup biler». Käbir ýazgylarda daşarky dünýäniň täsiri bolan düýşler  hakynda bir maglumat bar. «Düýşler arkaly biziň aňymyza täze bir zat oklanylmaýar. Ol diňe biziň aňymyza ozaldan guýlan, gizlin ýatan zatlary oýarýar, jana, herekete getirýär». Haýsy tarapdan alanyňda hem bulara düşünmek bilen utjak zadymyz köp. Bu hadysalardan misil alyp, Türkmenbaşynyň adam aňyny tükeniksiz hazyna deňemeginiň sebäbine göz ýetirip bolýar. Ikinjiden, ol bizi sebäpsiz ýere dowla düşmelerden goraýar. Çünki adam aňyna ornaşan gorky we çekinjeňlik duýgusy, ukudaka hem öz täsirini bildirýär. Huşunda gorkýan zatlaryny düýşünde görse hem ýerliksiz dowla düşýär. Sussypeslige, göwniçökgünlige özüni eýerleden adam, bu duýgularyndan ýeňillik bilen saplanmaýar. Dargursaklyk ölüm howply duýgudyr. Iň gowusy şeýle duýga gul bolmazlyk gerek. Munuň üçin bolsa düýşüň dogry ýorgudyny bilmeli.

Dowula salýan düýşleriň käbirini ýatlap öteliň. Biziň köpümiz düýşümizde ýylan görsek betbagtlyga, şumluga ýorýarys. Aslynda welin bu başgaçarak. Ussat alym Allama Demiriniň haýwanlar hakyndaky eserinde düýşüňde ýylan görmegi şeýle ýorýar: «Ýylan görmek aslynda örän köp zada ýorulýar. Ol döwletlilige, dirilige, nesil-dowamata, aýala we duşmançylyga ýorulýar. Bir adam düýşünde ýylan bilen söweşse we

ýylan ony çakjak bolsa, ol adam duşmany bilen dawa-jeň eder, jetleşer. Bir adam düýşünde ýylan görse, ony tutup, gorkman, nirelere äkitse we oýnatsa, ol adam rysgal-döwlete ýeter we ýeňiş-üstünlik gazanar. Çünki Musa pygamber ýylan bilen Faraondan üstün çykdy. Bir adam düýşünde daragtlaryň we ekinleriň arasyndan ýüwrüp barýan ýylany görse, bu düýş sile delildir. Çünki adamlar siliň akmasyny ýylana meňzedýärler. Bir adam düýşünde ýylanlary ýanynda görse, ýöne ony çakmasa, duşmanlaryndan aman gezer, eger zyndanda bolsa, halas bolar. Bir adamy düýşünde ýylan çaksa we çakan ýeri çişse, ol baýlyk gazanar. Çünki zäher baýlykdyr, çiş hem zyýada baýlykdyr». Halyl ibn Şahynyň ýorgut kitabynda bolsa ýylan görmek hakda şeýle diýilýär: «Kim düýşünde ýylan öldürse, duşmanyndan üstün çykar. Kim düýşünde ýylan bilen gürleşse, oňa bir ýerlerden bähbit-peýda ýa-da şatlyk, söýünji geler. Kim düýşünde ak ýylan görse we ony eli bilen tutup, ýokary galdyrsa, ol beýik mertebelere gowşar. Kim düýşünde daş-töwereginde uşak ýylanlar bolan gara ýylany görse, ol ýolbaşçylyk mertebesine ýeter. Kim düýşünde ýaşyl ýylany görse, ätiýaç etsin, ol howply duşmandyr. Kim düýşünde gyzyl ýylan görse, bu öz garyndaşlaryňdan bolan duşmana delil. Kim düýşünde daş-töweregini gurşap duran ýylanlary görse, bu onuň ildeşleriniň oňa gyýa göz bilen garajakdyklaryny, ýöne zeper ýetirip bilmejekdiklerini aňladýar. Kim düýşünde agzyna ýylan girip gidenini görse, ol örän uly ylyma eýe bolar. Kim düýşünde kellesiniň üstünde ýylan görse, ol patyşanyň huzurynda beýik mertebelere, sylaglara gowşar...». Bu düýşüň ýorgudyny ýene uzaldyp bolýar. Muny ýaňzytmakdan maksadymyz, her bir düýşüň dilini bilmezden, özüňi ýerliksiz ýüregagyrylara, düýpsüz dowullara duçar etmeli däldir. Geliň şu ýerde bu düýşüň ýorluşyna üns bereliň. Bu ýagdaý ýorgudyny bilmeýän düýşi göreniňizde, size umyda çykalga bolar. Ilki bilen ýylan owadan haýwan. Bu dünýä

hem, durmuş hem owadan zat. Ýylanyň dünýämentlige, döwlete ýorulmagynyň bir sebäbi şonuň üçindir. Ýylanyň neşteri, zäheri baýlyga ýorulýar, çünki baýlyk, bol rysgal renç, azap çekilip gazanylýar. Ýylan uzak ýaşaýan haýwanlaryň biri, ol dirilige ýorulýar. Şonuň üçin düýşüňde agzyňdan ýylan çykyp gidendigini görseň, hassalyga, ýoňlamaga, ömrüň paýawlamagyna, agzyňa ýylan girip gitmek bolsa, uzak ömre, ylym-bilime ýorulýar. Ine, düýşler alys eýýamlardan gelýän kitaplarda şunuň ýaly meňzetmeleriň üsti bilen ýorulýar. Iň täsin ýeri bu zeýilli düýşleriň ýorgudynyň köplenç babatda hut şeýle-de bolýanlygydyr. Biz bu zatlary tebigatyň diline düşünip, her bir zatdan dogry netije çykarmalydygy, perişanlyga per bermän, durmuş hadysalaryny elmydama gowulyga ýorup, ruhubelent gezmelidigi üçin Türkmenbaşynyň Ruhnamasyndan täsirlenip ýazdyk.

***

Ynsan syrly dünýä. Güneşiň, howanyň ekine täsir edişi ýaly, daştöweregimizi gurşan barlyk hem ynsana täsir edýär. Ýyldyzlaryň hereketi we tebigaty hem şunuň ýaly baglanyşykdan üzňe däldir. Olar adamyň göwnüne, ruhyna täsirini ýetirýär. Adamda kelleagyry, özüňi nähoş duýmak, ysgynsyzlyk ýaly dertler peýda bolýar. Bu günlerde haýyr işe hem höweslenip baraňok. Käteler göwnüňi göterýän günlerde, adam şatlanýar, özüne bolan ynamy artýar. Şol günlerde «göwni açygyň ýoly açyk» diýlişi ýaly, onuň işi ugrukýar. Bu hadysa Ruhnamada «Ruhana adamyň işi mydama şow alýandyr. Ruhuň belent bolsa, bagt hemraň bolar» ýa-da «Ruhy beýgiň rysgy iki essedir» diýen mübärek sözlerine bap gelýär. Bu sözi her kim nähili ýorsa-da, onuň bir hakykaty bar: Adam näçe ruhybelent boldugyça, onuň işi ugrukýar. Adam öz dünýäsini ruhybelentlige werziş etdirip, garaňky oýhyýallardan göwnüni goraýşyna, belent häsiýetlere bürenip biler.

Şeýdibem, biz aňymyzda uklap ýatan ukyplara dirilik bereris. Olar bolsa bizi bagtyň göze gelüwli gapysyna elter. Alla bu syrly güýçleriň gönezligini ynsanyň öz aňynda we ganynda gizläp goýandyr. Bu ruhy tilsimatyň açary – ruhybelentlikdir.

Ruhybelentlik bizi Geljegiň gapysyndan ätleder. Bagtly geljege batly gadam urmak üçin Türkmenbaşynyň paýhasyny kalbymyza tumar etmelidiris: «Biz beýnimize agram salyp, ondan pikir-paýhas hasylyny alýarys. Emma topragyň üstünde ýatan baýlykdan müň esse uly baýlyk topragyň astynda ýatyr ahyry! Biziň tapýan dana pikirlerimiz beýniniň ýokarky böleginiň önümi. Esasy uly, düşünip bolmaýan baýlyk bolsa beýniniň astynda ýatyr. Adam million ýyl dünýäde ýaşan bolsa, million ýyl bäri beýniniň ýokarysyny kämilleşdirmek bilen çäklenýär. Aňastyaňy kämilleşdirmegiň eýýamy geldi. Aňastyaňyň kömegi bilen Adam özüne golaýlap gelýän howpy, keselçiligi, bagty, şatlygy öňünden duýup biler. Aňastyaň arkaly adam müň ýyl mundan ozal bolan wakany hem, dünýäniň ol başynda boljak wakanam öňünden bilip biler. Aňastyaňyň gapysyny açmak – dünýä pynhanlyklaryna, geçmişe hem geljege, ýedi gat zemine hem ýedi gat asmana açylan gapydyr».

Bu ýolda ýöremek üçin diňe bagta bolan ynam gerek. Adam şeýle bir köp zady başarmaga, oýlap tapmaga ukyply, ol ykbalyň, tebigatyň öz aňynda, beýnisinde ýygşyryp goýan hazynasyny diňe zähmetiň, irginsiz yhlasyň üsti bilen açyp biler. Bu babatda asmandan iberilýän habarlary hem, zeminden çöplenilýän paýhaslary hem ýerlikli peýdalanmak gerek. Tebigata garylmak, onuň bilen bir hörpden gopup, köp zadyň syryna akyl ýetirmek üçin adamyň arassa, halal we päk bolmagy baş şertdir. Türkmenbaşynyň ýaşlara eden 12 sargydyna eýerip, Ruhnamanyň salgy berýän ýoly bilen gitsek, Altyn Geljegiň guruljakdygyna şek-şübhe ýok.

***

Gün ýakmadyk almalaryň gür ýapraklaryň astynda gizlenip ýatandygyny her bagban gowy bilýär. «Her kim özüne bagban». Aňastyaňda jemlenen, hem durmuşdan, hem düýşlerden miras galan maglumatlary, üşükdir-zehinleri, ukypdyr-yhlaslary herekete getirmeli. Şol pursatda biz adam beýnisiniň älemdäki millionlarça syrly hadysalary açmaga, aň ýetirmäge ukyplydygyna, guşlaryň sesiniň ýüregedüşdi jürküldi däl-de, täsin bir dildigine, al-elwan bolup ýaýylyp ýatan çemenzarlygyň ýöne bir ösümlik bolman, gözellik hem-de melhem paýlaýan güldügine göz ýetireris. Bize aşa ýetmeýän zat, jem bolan maglumatlardan dogry netije çykarmak üçin aňymyzy yhlas bilen işletmeýänligimizdedir. Ýadawlykdyr öýdülýän ýaltalyga, rahatlykdyr öýdülýän biperwaýlyga, adatylyk saýylýan geleňsizlige berlip, bize ýollanan, kalbymyza oklanan altynlara, ýakut deý ýaldyraýan paýhaslara göwünsiz garaýarys.

***

Gursagynda Watana bolan söýgüsi möwç urýan her bir adam Altyn Geljegiň hatyrasyna bir zat döredip bilmäge ukyplydyr. Muny Ruhnamanyň birje sözi subut edýär: «Allatagalanyň öz döreden bendesine — Adama bolan beýik söýgüsini her bir ädimde görýärin. ...Allatagala bu dünýäni adamzat üçin ýaradypdyr. Allatagala tebigaty, ähli oty-çöpi, guş-gumursylary, ähli zatlary adamzat üçin ýaradypdyr. Ähli zat Allatagalanyň beýik söýgüsinden döräpdir».

Her bir zada bolan söýgi nämedir bir zat döretdirmäge ylham berýär. Türkmenbaşynyň ýokardaky sözleriniň aňyrsynda örän çuň many bar. Ynsana bolan söýgüsi älemi ýaratdyran bolsa, biz Watana

bolan söýgümiziň hatyrasyna Watan üçin köp zatlary döretmäge ukyply bolmalydyrys. Hakyky söýgi hasylly bolýar. Ol daýhana şor ýeri gülzar etdirişi ýaly, ynsana şor maňlaýy bagtyýar etdirýär. Biziň her birimiz Watany ýürekden söýýän bolsak, hiç hili şübhe ýok, biz Watan üçin hökman bir zat bitirmäge ukyplydyrys. Beýik Taňrynyň deňiz düýbünde dürli-dümen we ummasyz hazynany görer gözden gizläp goýşy ýaly, her kime aýan edilmeýän we diňe amallar arkaly äşgär bolýan beýik söýgini biziň gursaklarymyzda pynhan goýdy. Ukyplarymyza dirilik berjek, jan berjek bu söýgini diňe bagtyýarlygymyza bolan ynam we Watan üçin bagyş edilen yhlas şineledip biler. Zulmata giden Zülkarneýne nesip etmedik zülal suwy bu gün Türkmenbaşynyň paýhasyndan dömen Ruhnama öwrülip, köňüllere siňip başlady. Ruhy duýgularyň dirilik sakasyna dodagyňy gataňda dünýäň giňeýär, ýeri onsoň bu suwdan ganaňda nähili bagtyň nesip etjekdigini göz öňüne getir!

Bu Kitap bize Älemiň syrly gapysyny açyp berýär. Bu kitap bize özümizi açmaga, özümize düşünmäge kömek edýär. Bu ýol – gyrasynda behişdi miweler biten Ruhnamanyň mübärek ýoludyr. Bu ýol bagta barýan ýoldur. Biz ruhumyza ýat pikirleriň arasynda azaşman, bu ýolda Beýik Serdar bilen bile bolmalydyrys. Bizi bu ýollara ataran Hak halatly Howandarymyza barça gowulyklaryň nesip etmegini, ähli alada-yhlasynyň hözirini görüp, öz halkynyň bagtyna guwanyp, uzak ýaşamagyny arzuw edýäris.

73

# Geçmişe syýahat

Taryhy mesgenlere zyýarat edeniňde, ýüregiňde döreýän täsin duýgularyň täsirinden hiç wagt aýňalyp bolanok. Şeýle üýtgeşik duýgulary berip bilýän gudrata haýran galýarsyň.

Jahan giň, heňňam uzak. Gadymyýetiň ýaňyny saklaýan her ýere aýlanyp çykmak mümkin däl. Hatda ýurdumyzyň çägindäki gadymy ýadygärliklere aýlanmak hem ep-esli wagty talap edýär, çünki topragymyzyň her sere ýeri taryhy wakalar bilen baglanyşykly. Gadymy Köneürgenç, Merw, Abiwerd, Dehistan, Nusaý, Zemm ýaly topraklara, keramatly ýerlere zyýarat etmek miýesser etdi. Her gezegem öňküden täsin duýgular bilen dolanýardym. Bu täsirleriň öwezini dolup, ýerini tutup biljek başga bir zat bardyr öýtmeýärdim. Deň-duşlarymyň arasynda hem hemişe diýen ýaly olaryň juda üýtgeşik täsiriniň başga bir ýerde gaýtalanmazlyk derejesini gaýta-gaýta ýaňzydardym. Bu meniň üçin inkär edip bolmajak hakykada öwrülipdi. Turamda-oturamda ýa-da bir işiň başyna baramda, şol zyýaratlaryň – taryhy mesgene syýahatlaryň ruhuma ornaşdyran howasy, ylhamy bilen girişerdim. Ähli zat allanäme eý bolup biterdi. Her gezek şeýle joşguna düşenimde, kalbyňa ýaşaýyş gymmatyny salýan bu mesgenlere tiz-tizden aýlanyp durjakdygyma öz ýanymdan söz bererdim, ýöne wagt geçdigi saýy gündelik işaladalara ýa-da ownuk-uşak hysyrdylara özümi aldyrýandygymdanmy, ähtli sözüň üstünden aýlar aşyp giderdi. Bahanam hem işleriň agdyk-

lygy we boş wagtyň ýokdugy. Bir elin ulag bolsa, hepdäniň şenbe gününe gabatlap, gidip-gelseňem boljak welin, bizem hepdäň dowamynda düýplüräk öý-hojalyk işlerini aglaba halatda şenbe-ýekşenbe günlerine süýşürip goýmaga halys endik edipdiris.

Şeýdip soňky zyýaratdan bäri ep-esli wagt geçdi. Hatda şäheriň etegindäki tebigatyň gözel künjeklerine nazar salmaga hem pursat tapmadym. Ruhum bolsa özüne nämedir bir zadyň ýetmeýändigini durabara has aýdyň ýaňzydyp başlady. Ruhuň teşnelik bilen ýüzbe-ýüz bolan uçurlary serime dolan bir pikir hiç günüme goýmady. Nähilidir bir güýç meni muzeýlere sary dartyp durdy. Ýaňy söz öwrenýän çaga mysalyndamy, ýa bir yşka diwana mejnun mysalyndamy – özümi nämä meňzetjegimi bilmedim, ýöne dilimde "muzeý, muzeý, muzeý" sözleriniň üznüksiz gaýtalanandygy ýadymda.

Ýüregiňde bir zadyň hyýaly möwjäp durka ony desbi-dähel ýerine ýetirmäge girişseň, hasyly has süýji bolýar. Işden boşlag günlerimiň birinde ýüregimi bire baglap, uzakdan seredeniňde arkasyny belent daglara diräp duran kaşaň binaly muzeýe tarap ýola düşdüm. Gümmeziniň gök reňki Asman bilen sazlaşykly görünýän we bosagasyna barýançaň amfiteatr kysmy sütünleri saňa gujak açýan muzeýiň ilkinji basgançaklaryna aýagymy goýanym hem şoldy, men özüm üçin açyljak ýene bir ajaýyp dünýäniň girelgesinde durandygyma akyl ýetirdim. Bu Türkmenistanyň Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýidi.

Heniz muzeýiň öz gapysyna ýetýänçäň ençeme ädim öňe ýöremeli, emma görkli gülüň hoşboý ysy uzakdan bildirýär diýlişi ýaly, onuň özüne çekiji howasyny daş aralykdan hem duýup bolýan ekeni. Mundan başlan her ädimimde serimde ýüzlerçe pikir öwrüm edip geçýärdi. "Heniz muzeýiň içine giremok, daşyndan synlanymda, şeýle täsirlere gark edýär, ol ýerdäki zatlary görsem dagy, niçiksi duýgulara gaplan-

jagymy bilemok, bu juda üýtgeşik ýer bolmaly” diýýärdim. Taryhyň gatyndan biziň günlerimize gelip ýeten täsin tapyndylara, geçmişiň ýaňyny, heňňamyň heňini saklaýan zatlara salama barýandygymy ýatlaýardym. Taryha zyýarat etmek üçin özümi taýýarlaýardym, taplaýardym.

Muzeýiň bosagasynda egni milli lybasly gyzlar garşy aldy. Owadan we gelşikli türkmen ýakaly, örülen saçlary egninden öňe goýberilen, edep-ekramly we dilleri salamly gyzlaryň mähirli kabul etmegi muzeýiň binagärlik aýratynlygyndan soňra bu ýerde duýýan ilkinji milli äheňiň. Çünki türkmen gelin-gyzlarynyň owadan we gelşikli lybaslary, olaryň köýnekdir donlara sünnäläp salýan keşdeleri, edep-ekramlylygy dessanlaryň we kyssalaryň, taryhlaryň we taryplaryň içinde baky ýaşaýar. Türkmen halkynyň taryhy bilen gyzyklanýan her bir daşary ýurtlynyň nazary ilki bilen bedew atymyzda, halylarymyzda we gelin-gyzlarymyzyň milli lybasynda jemlenýär. Ýurdumyzda geçirilýän halkara ylmy maslahatlarynda, forumlarda we simpoziumlarda, medeniýet günlerinde myhman bolýan daşary ýurtly alymlar, esasanam hem arap ýurtlaryndan gelen alymlar türkmen gyz-gelinleriniň milli lybasy babatda öz taryhlarynda beýan edilýän maglumatlary höwes bilen paýlaşýarlar. Olaryň aýtmagyna görä, “Birmahallar gadymy Şam sebitinden bu illere ýollanan alymlar türkmen gelin-gyzlarynyň geýiniş edebini görenlerinde, “bu geýinmek medeniýietniň iň kämil derejesidir. Bu lybaslarda gözellik we sagdynlyk mäkäm utgaşýar” diýip belläpdirler. Ýogsa-da, türkmen alymy, döwürdeşleriniň ýazmagyna görä, “dünýäniň ýetmiş iki dilinde gürläp bilen”, gadymy grek-rim we latyn dillerindäki eserleri arap diline terjime edip, olaryň ölmez-ýitmezligine sebäp bolan, sazyň aýratyn bir sungatdygyny dünýä ýaýyp, onuň gudratyny subut eden, kanon, sanaç, rubab ýaly birnäçe saz gurallaryny döreden Abu Nasr al-Faraby hem hemişe türkmen milli lybasynda

gezipdir ahyry. Bu hakda orta asyrlarda ýaşan meşhur taryhçy Ibn Hallikanyň „Tanymallaryň wepaty we döwürdeşleriň söhbeti” atly iki jiltlik eserinde şeýle diýilýär: „Abu Nasr al-Faraby mantyga, saza we ylmyň beýleki ugurlaryna degişli köp sanly eserleriň awtory, iň beýik musulman filosofydyr. Ol türkmendir. Türkmen ilinde doguldy, şol ýerde önüp-ösdi, elmydama türkmen lybasynda gezdi” diýip, maglumat berýär. Biziň milli lybasymyzda gözellikden daşary sagdynlygyň hem göz öňünde tutulandygyny hergiz unutmaly däldiris.

Muzeýiň içine gireniňden sen eýýäm daşarky dünýäni doly unudýarsyň. Ýanyma ýoldaş bolup, bu muzeýiň ilkinji kerpijiniň goýulmagyndan başlap, onuň içindäki ähli eksponatlar barada gürrüň berýän ekskursowodyň gürrüňleri has täsirli ýaňlanýar. Bu zatlar hakynda onlarça kitap okalanam bolsa, Pyragynyň “Eşiden deň bolmaz, gören göz bilen” diýen sözleriniň muzeý eksponatlary babatda hem hakykatdygyny ýatladym. Gözüň täsiri okalan sözüň täsirinden has rüstem ekeni. Adatça ýa-da hakykatdan-da biz taryhdan şu güne gelýäris. Men bu ýerde şu günden geçmişe tarap syýahat etdim. Ýurdumyzyň Garaşsyzlygy we onuň milli mirasymyzy, şöhratly taryhymyzy öwrenmek üçin döreden mümkinçiliklerinden başlanan ýolçulyk, hakyky taryhyň jümmüşine sary uzady. Ýurdumyzyň baý taryhyny ädimme-ädim, ýylma-ýyl diýen ýaly teswirleýän ýazgylar gadymy tapyndylar bilen aýdyň görkezilýärdi. Mundan ýüzlerçe däl, müňlerçe ýyl ozal adam eli bilen ýasalan dürli gap-gaçlar, aw gurallary, öý-hojalyk esbaplary durşy-durky bilen täsinlikdi. Şol wagtky ýaşaýyş durmuşynyň her bir pursadynyň panorama şekilinde berilmegi bolsa taryhy lentanyň bir parçasyny hut şu ýerde ornaşdyrylan ýaly görkezýärdi. Synladygymça, içine çümýärdim. Birhaýukdan soňra berýän sowallarymyň üznüksizdigini aňşyrdym. Niredendir bir ýerden mende çaga bilesigelijiligi dörän ýalydy. Gyzyklanmam has artypdy. Her sowalyma berlen jogaby

hem hiç wagt unutmazlyk üçin ýandepderime belläp alýardym. Ýasalýan zatlaryň kämilligi adamzat durmuşynyň barha kämilleşýändigini subut edýärdi. Muňa garamazdan şol müňýyllyklarda hem iňňe, iňňebagjyk ýaly ýa-da saça dakylýan dürli bezeg şaýlarynyň bolmagy bu toprakda ýaşan eždatlarymyzyň özlerine serenjam bermek babatda akylly-başly häsiýetlere eýedigini görkezýärdi. Hat-da soňraky ýyllarda ýasalan käbir esbaplary, serişdeleri häzirki döwrüň ösen tehnikasy bilen ýasajak bolsaň hem mazaly eglenmeli we emgenmeli boljakdygyň çyn.

Şeýdip, ertekilerde gezip ýören ýaly muzeýe syýahatymy dowam etdirdim. Hamana, Süleýmanyň uçýan halysynda taryhyň ýyllaryny synlap ötýän ýalydym. Dogrusy, aýagymyň astynda uçar haly bolmasa-da, özümdäki duýgy-täsirleriň şol haly kibi howada uçurýandygyny welin magat aýdyp biljek. Heý-de taryhyň habaryny saklaýan zatlaryň huzuryna salama bararsyň-da, duýga gaplanmazmyň?! Olar taryhyň gözli şaýady ahyryn. Olarda şol ýyllaryň we şonça ýyllaryň ruhy saklanýar. Olarda geçmişiň ýaňy bar. Ýaň bolsa janly-jansyz her bir zada siňmegi başarýar. Hezret Ynaýat hanyň “Sesiň mistikasy” atly eserinde: “Her bir adamyň aýdýan sözi, sesi onuň durmuşyna we geljegine, ebediligine täsir edýär. Üstesine-de her bir ýaňlanan ses şol ýere we şol ýerdäki zatlara  siňip galýar. Ony aşyp duran aýlaram, dogup-ýaşyp duran günlerem, sergin ýa batly öwüsýän ýellerem, galyň-galyň garlar, çabgaly ýagyşlaram, zalym-u adyl duşmanam... bozup bilmeýär. Şonuň üçinem meşhur alymlaryň, keramatly öwlüýäleriň ýaşan we düşlän ýerlerinde bolmaklyk, adama ajaýyp duýgyny bagyşlaýar. Bu Allanyň gudratlarynyň biridir” diýip ýazýar.  Ine, keramatly ýerlere hem-de keramatly adamlaryň eliniň, deminiň, teniniň, ruhunyň, nazarynyň galtaşan zatlaryna zyýarat etmekligiň, syýahat etmekligiň bir syry şunda jemlenýär. Ol ýerlerde we şol zatlarda geçmişiň ýaňy bar. Ol ýerlerde, şol zatlarda şol adamlaryň aurasy saklanýar. Şol täsir hem her barana,

görene täsir edýär. Muzeýleriň beýleki mesgenlerden utýan tarapy bu ýerde ýurdumyzyň çägindäki ähli taryhy ýadygärliklerden tapylan gadymy gymmatlyklar bar. Hut şonuň üçin hem muzeýe aýlanmak, şol keramatly ýerleriň ählisine diýen ýaly zyýarat-syýahat etmekdir. Üstesine, bu ýerde özüňi gyzyklandyrýan her bir taryhy sowala degerli jogap tapýarsyň. Işine ussat ekskurowodlar siziň bilesigelijiligiňiziň we taryha goýýan hormatyňyzyň hatyrasyna uly höwes bilen gürrüň bermäge taýyn. Uzak-uzak menzilleriň, alys-alys asyrlaryň taryhy hakykaty – habary şu ýerde bar. Bu ýerde siziň başga hiç bir ýerde tapyp bilmejek täsirleriňiz bar. Bu ýerde geçmişden size ýollanan salamlar bar. Her bir zady üns bilen synlap durkaň, seriňde döreýän täze pikirler, ylma ymtylyşlar, maksada okgunly çemeleşmek, gözellige we sungata doly düşünmek islegi, mahlasy, geljegiňe degerli köpsanly pikirler seriňe hemra bolýar. Hem ruhy ylhamlar, hem baý taryhy maglumatlar bilim goruňy artdyrýar. Her bir taryhy gymmatlygyň örän gyzykly kyssasy, wakasy bar. Bir ýerde şalaryň tylla çaýylan tabagy, bir ýerde serkerdeleriň ötgür naýzalary, ýarag esbaplary, syýa galamlary, gözellik serişdeleri, ýüz görülýän aýnalar, ýene bir ýerde dürli-dürli gurallar, abzallar.. ýasalyşy babatda aklyňy haýran edýän zatlar. Hat-da şolary häzirki döwürde hem gaýtadan taýýarlasaň, ýasasaň, taraşlasaň, gözellik we täsir babatda häzirki zatlardan birjikde egsik bolmaz. Olar dymyp dursa-da, dilli dünýäden has hoşamaý we köp zatlary düşündirip bilýär. Hat-da Gadymy Nusaýyň goýnundan tapylan gadymy Parfiýa ritonlarynyň hem juda gyzykly taryhy bar. Gürrüň bereýinmi?! Iň gowusy, bu muzeýe syýahata gel – bu taryha zyýarat etmek bilen deň. Özüm-ä şol gezekki zyýaratymdan we ondan soňra durmuşymda bolan gowulyklardan soňra, ýygy-ýygydan bu ýerlere aýlanyp durýaryn. Hem taryhymyza nazar salýaryn, hem-de ruhy ylham gazanýaryn. Çünki bu ýerdäki her bir taryhy gymmatlyga öten-geçenleriň aýdan sözi, sesi, yl-

hamy, zehini, joşguny, gaýraty, gujury, ugurtapyjylygy siňen. Her gelene hem täsiri ýokýar. Muzeý – täsinlikler we täsin duýgularyň mekany. Bu ýerde biziň öz taryhymyz bar. Şol gezekki zyýaratymdan soňra muzeýlere aýlanyp durmagyň hem ömre many çaýyp bilýändigine anyk göz ýetirdim. Ýatlamaly ýene bir zat, geçmişe syýahat etmek üçin täze bir guralyň ýa-da uçar halynyň ýasalaryna garaşyp oturman, muzeýlere syýahata gelmek ýeterlik. Bu ýer sizi şeýle täsin duýgulara gaplap, hemişe ömrüňize hemra boljak ajaýyplyklary bagyşlar.

74

# Suwuň bar ýerinde abadan durmuş bar

Älemiň ýaradylyşy hakdaky bütin kyssalar bir söz, bir heň bilen başlanýar: ilkibaşda ol bir damja suw eken. Bir damja suwuň hikmeti, hekaýaty müňlerçe esere siňdi. Ýüzlerçe alym bu gudrat hakda dil ýardy. Olaryň ählisi jemlenip bir hakykata syrygýar – suw ýaşaýşyň çeşmesi. Suwuň bar ýerinde umyt bar. Suwuň barýan ýerine durmuş barýar. Teşne topraklar, kepän dodaklar suw bilen özüni dürseýär. Suw bilen ösýär, özgerýär. Taryhdaky beýik şäherler uly derýalaryň kenarynda, küren obalar çeşme-çaýlaryň ýakasynda ýerleşýändir. Bir halk üçin däl, ähli adamzat, janly-jandar, ösümlik we tebigat dünýäsi üçin suwuň hormaty, şerapaty örän beýik. Bereketi, gadyr-gymmaty duzdan ýokarda goýulýan ýeke-täk ýaşaýyş bulagy. Deňizlerde tolkun atýandygyna, kert gaýalara, daglara özüni urýandygyna garamazdan iň pespäl hasaplanýan serişde. Öten ulamalar, danalar, pirler, sopular suwuň hereketinden özlerine nusgalyk häsiýet alypdyrlar. Suw ýaly bolmaga çalşypdyrlar.

Suw ýaly arassa bolmaly, deňizleriň suwunyň arassalygyna, päkligine seret. Oňa bir daş ýa-da kesek oklaýanyňda hem suwuň ýüzi bir

pursat bulanar, ýöne dessine öňki katdyna – arassalygyna we päkligine dolanyp barar.

Suw ýaly paýhasly bolmaly, howa gyzyp ugrasa, ol buga öwrülip, asman sary beýige galar. Howa sowap ýa-da salkynlap ugradygy, gatbar-gatbar bulutlara garylyp, asman ýagmyryna öwrülip, bereket bolup, ýere iner.

Suw ýaly ugurtapyjy bolmaly, öňünden böwet çyksa, maý tapsa, suwlaryň sowlup geçýändigi, akjak ýerini özi tapýandygy we şundan mysal alyp, her bir ýagdaýda çykalga tapyp boljakdygy mälim.

Suw ýaly çydamly, tutanýerli bolmaly, suw tolkunlarynyň dag gaýalaryna üznüksiz urulýandygyna nazar aýla! Her günde, her hepdede, her ýylda urlup durandygyna üns ber! Şeýde-şeýde ol sessiz-üýnsiz, dymma daglaryň döşünde hem öz yzyny goýýandyr.

Suw ýaly pespäl bolmaly, görmeýärmiň, ol al-asmana galkan bulutlardan seçelenip gelşine zeminiň çuňluklaryna siňip gidýär, ýöne ozlügini welin ýitirmeýär.

Suw ýaly söýgüli, näzik bolmaly, her gün säher ýaşyl maýsalaryň, ýapraklaryň we daragtlaryň ýüzüni öpüp, säheriň sergin şemalyna syrygyp gaýdan çyglary ýadyňa sal! Olar tebigata hem ajaýyplyk, hem terlik, hem peýda berip dur. Şolar ýaly kalby näziklik, göwni ýumşaklyk bilen adamlaryň ýüreginden özüňe orun gözläp, olaryň derdine ýarajak bolmaly.

Häzirki döwrüň alymlary suwda millionlarça maglumatyň saklanýandygyny, onuň diňläp, düşünip bilýändigini uly açyş hökmünde äleme ýaýýan pursatlary, halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alýan ynançygtykadynda, yrymynda, ynamynda suwuň Hakyň didaryny gören keramat bulagydygy, onuň bilen sözleşip, düşünşip bolýandygy tekrar-

lanýar. Suwuň ýakasyna baraňda oňa hormat-edep bilen salam berilmegi, akar suwuň üstünden öteňde, Perwerdigäri ýatlap dileg-doga edilmegi, taryhdaky ilkinji we ýeke-täk suw ybadathanasynyň türkmen topragyndan tapylmagy – bularyň ählisi suwuň gudratyna, keramatyna akyl ýetiren eždatlarymyzyň äleme ýaýylmaly ýaňydyr. Häzirki döwrüň suw hakdaky ylmy açyşlary – mundan müňlerçe ýyl ozal tebigat bilen sada dilde gürleşip, suwuň keramatyna akyl ýetiren ata-babalarymyzyň pikir-düşünjesiniň, çuňňur garaýyşlarynyň, ynanç-ygtykatlarynyň ykrar edilmegidir.

Suwa ähli döwürde hem aýratyn hormat-sarpa bilen bakypdyrlar. Milli-ruhy gymmatlyklarymyza has uly ähmiýet berilýän bagtyýarlyk döwrümizde halkymyzyň suwa bolan päkize garaýyşlary “Suw damjasy – altyn dänesi” baýramçylygynda has açyk we aýdyň ýüze çykýar. Ýaşaýşyň çeşmesi bolan suw hakda ýurt, döwlet derejesinde uly işler amala aşyrylýar. Garagum sähralyklarynyň jümmüşinde tereň suwly Altyn asyr türkmen kölüniň birinji tapgyrynyň gurlup, ulanylmaga berilmegi uly üstünlikdir. Sähelçe wagtyň içinde töweregini ýaşyl begrese bürejek bu köl ata-babalarymyzyň ýaşaýyş hakdaky arzuwlarynyň ýene bir wysaly bolup görner. Çünki, suwuň bar ýerinde ýaşaýyş bar. Suwuň barýan ýerine abadan durmuş barýar.

# Sagdynlyk aňdan başlanýar

Akyl ýetirip ýa-da göz öňüne getirip bilmeýän zadyňy arzuw edip bolanok. Bagt hakda oý-hyýaly, pikiri, özünde örňän ýa-da gaýry birinden eşdip, kemala gelen düşünjesi bolmasa, ol hakdaky  hyýallar nireden döresin? Has gowusyny arzuw edip bilmeýän adamlar ösmek, özgermek, kämillige ymtylmak ýaly pikirlerden üzňe.  Özgeleriň gulaçlap ýüzýän arzuw ummanlary, beýle adamlar üçin zat bitmeýän takyr meýdan. Başgalaryň  bürgüt perinden berk ylham ganatlary bulara ýöne bir ýelek.  Pyragynyň aýdyşy ýaly, eline düşen almazyň nämedigini bilmeýän ony diňe çakmak daşy edip ulanýar.

Her zadyň gadyr-gymmatyny bilmek üçin sagdyn düşünje gerek. Käteler uzyn söhbete gyzyp gidýäris, şeýle gürrüňdeşligiň owalynda, ahyrynda, ortasynda, ardynda söhbetimiziň  bir ýanynyň saglyga syrygmaýan ýeri ýok. Sebäbi, saglyk döwletliligiň sakasy.  Saglyk bolmazdan süýji durmuşyň mazasy duýlanok. Maksatlary hasyl edip bolanok. “Ynsanyň bigadyr bakýan iki sany uly nygmaty – saglyk  we boş wagty” diýip, mundan on bäş asyr ozal aýdylypdyr. Şondan bärem, ömrüň gymmatyny kesgitleýän saglyk we wagt hakdaky pelsepewi pikirler, durmuş hekaýatlary, paýhaslar we tymsallar biziň günlerimize gelip ýetipdir.

Ynsanyň islendik maksady hasyl etmegi üçin sagdynlyk gerek. Hem beden taýdan, hem ruhy taýdan.   Bularyň birini apalap, beýlekisini gyrada goýmak ýa-da haýsy hem bolsa birini beýlekisinden rüstem görmek dogry çözgüt däl. Olaryň sazlaşygy, utgaşygy bagtyň kämilligine baş şertleriň biri. Gadymy gündogarda bagtyýarlyk alhimiýasyny çöşlän ençeme alymlar hem şeýle netijä gelipdirler. Gülüň gözelligini kesgitlemekde diňe daşky görki däl, onuň hoşboý ysy hem göz öňünde tutulýar.   Pikir-düşünje we beden sagdynlygy biri-biriniň üstüni dolduryp duran hal-ýagdaý. Hormatly Prezidentimiz nesilleriň ruhy we beden taýdan sagdyn kemala gelmekleri üçin ummasyz tagallalar edýär. Şolaryň arasynda düşünje sagdynlygyna gönükdirilen üns hem örän ýokary.

Dogry pikirlenip, düz netije çykaryp bilmek – bagt, iň bolmanda arzyly bagtyň ýolundaky baş şert. Ynsan gowy ýaşamaga ymtylmaly. Has gowy zatlary arzuw etmeli. Arzuwa ýetmek üçin yhlas etmeli.  Ynsanyň durmuşdan susup alýan we ýadyna tiz ornaýan maglumatlarynyň 90 göterimini görmek, okamak we eşitmek arkaly kabul edýändigi dünýä ylmynda  tassyklanan tejribe. Abadan durmuş aňda, kalpda  arassa duýgulary oýarýar. Mümkinçilikler yhlasyňa görä hak we bagt gazanyp bolýandygyny görkezýär. Has gowy ýaşamaga ymtylmak islegi halal zähmet çekmeklige höwesi oýarýar.  Bagtly ýaşamak üçin sagdyn düşünje howa ýaly zerur. Düşünmek üçin bolsa okamak, öwrenmek, bilmek zerur.

Köňülden süzülip, kitaplara siňen we ýene-de ýürek bilen sunulmaly ýagşy sözler, dogruçyl nesihatlar göwnüň höregi. Eseriň süňňünde ýaşaýyş hakykatlary näçe takyk we durmuşa ýakyn suratlandyryldygyça, onuň täsir edijilik güýji barha artýar. Şeýle täsirli sözler, paýhaslar we nesihatlar göwün hümmetlerini beýgeldýär, esasanam ukyp-zehinli

adamlaryň dünýäsine öwüşgin, ýagtylyk çaýýar. Düşünjäniň gönezliginde okamak ukyby ýatyr. Arzuwyny eý görýän, has gowy ýaşasy gelýän adam hökman kitap okamaly. Öňünde anyk we aýdyň maksat goýan adam hökman kitap okamaly. Halal zähmet çekseň mundan hem has gowy ýaşap bolýandygyny, çünki adamzadyň ýaşaýşynyň baş manysynyň barha kämillige ymtylmak we ösmekdigine düşünmek üçin hökman kitap okamaly. Kitap – sagdyn düşünjäniň gönezligi. Okamak – gözýetimiňi giňeldip, netije çykaryp bilmek ukybyny, pikirleniş güýjüni ösdürýän gymmatly serişde. Pikirlenip bilmek ýaly süýji zat ýok – ruhuň belent, göwnüň giň, seriň düz, ýoluň açyk bolmagy üçin okamagy, pikirlenmegi başarmaly. Bularyň ählisi düşünjä bagly.

Haýsy birimizde arzuw ýok? Ýöne ählimiz şol arzuwlary hasyl etmek üçin ýeterlik deprenýärismi? Şonuň ugrunda zähmet çekýärismi? Oňa ýetmegiň ýollary nähili? Şu sowallara jogap ýa-da manyly ömre salgy tapmak üçin hormatly Prezidentimiziň "Älem içre at gezer" romanyny okamak gerek. Yhlasyňa görä hormat, sylag gazanmak üstünlik hasaplanylýar. Üstünlige ýetmegiň ýollary kän. Onuň ugur-utgusy, ýoly-ýodasy hakda dürli dillerde ýazylan ençeme kitaplar dünýäni seýr edýär. Maksada okgunly bolmak üçin nämeler etmelidigi, nähili işlemelidigi dürli mysallaryň, wakalaryň, teswirleriň üsti bilen beýan edilýär. Hormatly Prezidentimiziň "Älem içre at gezer" romany üstünlige ymtylýan adam üçin uly gollanma. Süňňüne türkmen ruhy, milli mentalitet siňen bu eserdäki her bir waka, pikir, söz, öwüt şol şöhratly eždatlardan hut özümiziň göwnümize guýlup duran pähim ýaly örän täsirli. Bir okanyňda ýadyňda galýan we düşünjä öwrülýän jümleler ýanymyzdan aýrylmaýan Hydyr ata mysaly durmuş meýdanynda ýol salgy berip dur. Eseriň özeninde birnäçe baş pikirler – ömre many çaýýan öwütler eriş-argaç geçýär. Sözler, wakalar aňymyza ornaýar we bizde özboluşly düşünjä öwrülýär. Pikirlendirýär, oýlandyrýar, mak-

sada ýetmek üçin nusga alarlyk häsiýetleri terbiýeleýär. Düýbi dürden doly şol deňizden dörän täsirler durmuş wakalaryna ruhubelent we has döredijilikli çemeleşmäge itergi berýär.

Ilki bilen beýik we diňe özüňe däl, il-günüňe hem haýyrly bolan zady arzuw etmeli. Ynsan ýönekeý arzuw üçinem, beýik arzuwlar üçinem şol bir energiýasyny harçlaýar. Şeýle bolsa her zadyň, hat-da arzuw-hyýalyň hem iň haýyrlysyna, beýigine ýapyşmaly. "Asmanlara galmagy ýüregiňe düwen bolsaň, ýyldyzlardan aşagyny arzuw etmegin" diýilýän pähim pederlerimiziň ömür şygary bolupdyr. Maksadyňa ýetmek üçin erjellik, tutanýerlilik, ynamlylyk möhüm häsiýet. Onuň dürli taraplaryndan barmak üçin durkyň bilen maksadyňa berilmeli, okamaly, öwrenmeli. Hemişe ýagşy niýetde gezmeli. "Älem içre at gezer" romanynda yhlaslara itergi, ädimlere bat, göwünlere gaýrat berýän şeýle jümleler örän kän: "Her bir iş arzuwdan, göwün ýüwürtmeden başlanýandyr. Şeýle arzuw-hyýallaryň bolmagynyň özi gowy ahyryn", "Öz söýgüli käriňe düýrmegiň bilen berilmeli we özüňde bolan bar zady – bütin ömrüňi şoňa bagyşlamaly", "Belentlige ýetmek aňsat däl. Munuň özi uzak-uzak wagtlap dyrmaşyp çykmaly dagdyr", "Batyrlyk derwezesi bagly galany alar", "Ykbalyň açyk bolmagy üçin durmuş ýoluňda saňa oňat adamlaryň duşmagam gerek. Olaryň goldawy seniň on ýylda-da geçip bilmejek menziliňi bir ýylda geçmäge kömek edýär", "Gowy adamlaryň hemmesi meniň ýakynym", "Hiç wagt özbaşdak okamagyňyzy goýmaň", "Näçe köp bildigiňçe, ýene köp bilesiň geler. Munuň özi gowy, gyzykly pişedir" diýen ýaly jümleler durmuş wakalary bilen berkidilip, beýan edilýär.

Bu sözler, paýhaslar ynsany beýiklik basgançaklaryna mündürýär. Ol sözler bilen ynsan we ýurt ösýär, özgerýär, gülleýär. Şonuň üçin ynsan hemişe ýagşy öwüt-ündewleri, durmuş hakdaky dogruçyl söhbetleri

özünde saklaýan kitaplara mätäçdir. Köňülleri öňe iterýän, haýyr işe höweslendirýän, niýetleri berkidýän, bagtyýarlyk düşeginden ýöredýän gudrat ol. Ol sagdyn düşünjäni kemala getirýär. Sagdyn düşünje bolsa döwrüň bezegi we geregi. "Saglygyna seretmeýän adam iki tarapyndan ýakylan şem ýalydyr" – ynsan özüniň beden we pikir-düşünje sagdynlygyny deň derejede ösdürmäge, kämilleşdrimäge borçly bolup durýar. Pikirler bişişip, islegler yhlas bilen utgaşanda köňülde gämiklän gaýrat maksada okgunly hereket etdirýär.

Serinde kämillige we üstünlige ymtylmak düşünjesi kemala gelen adam diňe ajaýyp zatlaryň arzuwynda gezer – maksadyna ýeter. Muny bolsa, hormatly Prezidentimiziň "Älem içre at gezer" romany hem tassyklaýar: "Diňe gowy zatlaryň umydynda bolmaly. Ony-da öz zähmetiň bilen gazanmagy başarmaly, göreşip gazanmaly. Işiň ähbetiniň haýyrly bolmagyna bil baglamaly. Şonda hökman şeýle-de bolar".

***

Ynsanyň ähli ylymlara, ähli eşrete ýa-da, umuman alanyňda, bagta ýetmegi, bagtyýar ýaşamagy üçin ilki bilen saglyk gerek. Beden sagdynlygy we ruhy-düşünje sagdynlygy bolmazdan, ynsan özüniň göz öňüne getirýän we arzuw edýän bagtyna ýetip bilmez. Biziň bu bagtyýar zamanamyzda saglygy goramak ugruna berilýän üns, gönükdirilýän alada has uly derejelere çykdy. Hormatly Prezidentimiziň ýörite karary esasynda ýurdumyzda geçirilýän "Sagdynlyk we bagtyýarlyk hepdeligi" munuň aýdyň subutnamasy. Bereketi güngünden artýan bagtyýarlyk döwründe her bir Watan perzendiniň bilimli, sowatly, sagdyn pikirlenip bilýän, çuňňur aň-düşünjeli bolmagy üçin uly aladalar edilýär. Ýaş nesliň, jemgyýetiň, tutuş halkyň beden we ruhy taýdan sagdyn bolmagyny gazanmak — hormatly Prezidenti-

miziň ileri tutýan ugurlarynyň biri. Şolaryň arasynda düşünje sagdynlygyna gönükdirilen üns hem örän ýokary.

# Efsanalaryň unudylmaz bedewleri

Ynsanyň bedew ata bolan hormaty juda beýik, belki şonuň üçindir adamzat taryhy hakda söz açylýan uçurlaryndan başlap bedewli kyssalar hem ýan-ýana ýatlanylyp gelýär. Müňýyllyklary aşan müň dürli ertekiler, efsanalar, dessanlar, rowaýatlar, şygyrlar, taryhy hakykatlar - bularyň haýsy birini alyp görsegem, bedew atyň ynsanyň çyn dostudygy, alysyny ýakyn edýän, kyn gününde ýeke goýmaýan, başyna ne gelse-de ýanyndan aýrylmaýan hemrasydygy teswirlenýär.

Edebi we medeni gymmatlyklar umumadamzat bähbitlidir, hut şonuň üçin hem haýsy dilde döredilýändigine garamazdan sungat derejesinde ýokary göterilip bilnen her bir eser millilik çäginden çykyp, dünýä edebiýatynyň, medeniýetiniň altyn hazynasyna goşulýar. Netijede, şol eserleriň many-mazmuny, äheňi beýleki halklaryň aňdüşünjesine hem ornamak bilen bolýar. Döredijilikli çemeleşmeler bolsa täze-täze zatlaryň üstünden eltýär. Şonuň üçin dünýä edebiýatynyň bir eserini okap otyrkaň, ol ýerde öz ruhy dünýämizdäki meňzeşliklere gabat gelmegimiz tebigy ýagdaý. “Asmany argamaklar”, “Ylahy argamaklar”, “Asman bedewleri”, “Ganatly bedewler”  ýaly düşünjeleri dünýä edebiýatyna berip bilendigimiz hakykata ýakyndyr. Çünki türk-

menleriň has irki eýýamlarda döreden söz baýlyklarynda şeýle atlar hakda kän dil ýarylýar we üstesine gaýry ýurtly jahankeşdelerdir taryhçylar hem bu topragyň atlaryny hut şonuň ýaly taryp edipdirler.

Dünýä halklarynyň arasynda rowaç bolan edebi eserlerde birnäçe bedewler hakda söz açylýar. Olaryň aglabasy türkmen bedewleri bilen birlikde biziň edebiýatymyza hem-de aňymyza ornaşmagy başaran bedewlerdir. Olar asmany bedewler, uçýan bedewler, suw atlary, ýyldyrym tizligindäki bedewler ýaly aýratyn häsiýetler bilen ýatlanylýar. “Müň bir gije” ertekisinde bolsa adam eli bilen ýasalan uçýan atyň beýany bar. Zeminiň beýleki bedewlerinden tapawutlylykda bularyň tebigatynda adatdan daşary güýçler, gözellikler, ýyndamlyklar, häsiýetler agdyklyk edýär. Ýa-da olaryň käbiri “bedew” hökmünde ýatlanylsa-da, heniz adam aňynyň kesgitläp biljek, aň ýetirip biljek derejesinden ýokardaky bir zada çalym edýär.

Burak - nusgawy edebiýatymyzda giňden ýatlanylýan, göwresi bedew at hökmünde beýan edilýän jandar. Rowaýatlara görä, Buragy diňe ýekeje adam - Muhammet pygambere münmek miýesser edipdir. Eserlerimizdäki Migraj gijesi bilen bagly wakalarda Muhammet pygamberiň bir gijede Mekgeden Beýtilmukaddese, ol ýerden hem Arşyaglaýa syýahat edendigi we yzyna dolanyp gelendigi ýatlanylýar. Şonça aralygy bir gijede geçmek adamzat üçin heniz aňýetmez başarnyk bolýandygyna garamazdan, ylmyň häzirki gazananlary we ýeten derejesi esasynda Buragyň wagt giňişlikleriniň çäginden daşarda hem hereket edip bilýän bir  bedewdigini ýa-da gudratdygyny öňe sürüp bolar. Burak sözüniň gelip çykyşy hakda hem iki dürli pikir aýdylýar. Olaryň birinjisi “bark” - ýyldyrym sözünden gelip çykyp, Buragyň ýyldyrym ýa-da ýagtylyk çaltlygynda hereket edip bilýändigini ýatladýar. Beýlekisi, “bary:k” - lowurdawuk, ýalpyldawuk diýen manylary

berip, süňňi-göwresi lowurdawuk ak göwherler kibi ýaldyrap durandygy üçin berlen at bolmaly diýýärler. Taryhy eserleriň ählisinde hem onuň daşky sypatlary birmeňzeş teswirlenýär: Buragyň jylawdary Jebraýyl pygamber. Behişdi bedew. Reňki göze ýakymly parlak-röwşen bir reňk. Boýy gatyrdan kiçi, eşekden uly. Her ädiminiň arasy gözýetim aralyk. Göz-ýumup açasy salymda Asmana eltýär. Ýüzi ynsan ýüzi ýaly, ýaňaklary bedew mysaly. Gulaklary ýaşyl zeberjetden. Gözleri parlak ýyldyz deýin şuglaly. Boýny owadan. Uzyn aýakly. Edil adam mysaly bolup ynsan sözüni diňleýär we düşünýär. Ýene birnäçe rowaýatlarda Buragyň nurana (nurdan ýaradylan) bedewdigi we şonuň üçin onuň hereketleriniň  hem ýagtylyk tizligi bilen ölçelmelidigi ýaňzydylýar. Magtymguly Pyragynyň "Byragyň" atly şygrynda hem ýokarda agzalanlar beýan edilýär:

"Boýny uzyn, göwsi ýasy, reňňi ak,
Adamzada meňzär ýüzi Byragyň.

Äleme röwşen biýr alnynyň agy,
Ýogyndyr buýnuzy, ýuka dodagy,
Ýaşyl zeberjetdir iki gulagy,
Daň ýyldyzna meňzär gözi Byragyň.

…Eşekden uludyr, gatyrdan kiçi,
Ýörise bilinmez yzy Byragyň.

Any münen Ahmet ibn Abdylla,

Geldi zybanyma sözi Byragyň”.

Tulpar - halk arasynda “Ýüzden ýüwrük çykar, müňden tulpar” diýen söz bar. Bu söz köplenç halatda has köp zehinliniň içinden hem aýratyn başarnykly biri çykar diýen manyda ulanylýar. Biziň nusgawy eserlerimizde, şeýle hem türki halklaryň efsanalarynda, dessanlarynda, rowaýatlarynda tulpar hakda köp ýatlanylýar. Tulparyň häsiýetleriniň türkmeniň ahalteke bedewine berilýän häsiýetler bilen doly deň gelmegi has-da täsindir. Rowaýatlara görä, tulpar - ganatly bedewdir. Ýagny, ganatly bedewlere tulpar diýilýär. Tulpar aýratyn we adatdan daşary ukyp-başarnyklara, häsiýetlere eýe bolan bedew. Tulparyň ganatlaryny görmek aňsat miýesser etmeýär. Ony diňe garaňky gijede uçup barýan, batly öňe barýan halatynda gerçek ýigitlere çala saýgarmak miýesser edýär. Tulpar ýeri peşän halatynda ol ýerden bir çeşme çogup çykýar we ol çeşmäniň suwy bedew eýesine ruhy ylham, joşgun berýär. Käbir gadymy dessanlarda Tulpar Asman şasynyň gyzy Humaýyň gudratly bedewleri hökmünde suratlandyrylýar. Tulpar bedewler käteler deňziň içinden çyksa, käteler asmandan inýär. Ýa-da olary gerçek ýigitler çeşme-çaýlarda, suw ýakalarynda ele salyp bilýär. Tulparyň her ýan tarapynda göze görünmeýän bir ganaty bolýar we ony diňe batly çapyp barýan wagty garaňky gijede çala saýgarmak başardýar. Tulpar bedewler adam ýaly gürlemäge ukyply hasap edilýär. Olar adam diline düşünýär, adam ýaly pikirlenip bilýär, düýş görýär. Eýesinden üzňe wagty oňa ýalynyň üç taryny berýär we kömek gerek wagty şol tarlaryň birine çirkizmegi tabşyrýar. Şeýsteň, Tulpar dessine ýanyňda häzir bolýar we eýesine kömek edýär. Köplenç halatlarda, Tulpary suw aty hökmünde hem görýärler. Dünýä taryhyna “ganatly bedewler” diýen düşünjäni bermekde türki dessanlaryň ähmiýeti uly bol-

maly. Tulpar bilen deň derejede ýatlanylýan gadym grek mifologiýasynyň aty bolan Pegasyň arasynda meňzeşlik örän kän. Ýöne, şu ugurda birnäçe ylmy gözlegleri geçiren alymlar türk dessançylygynyň grek mifologiýasyndan birnäçe asyr ir dörändigini, şonuň bilen birlikde Tulparyň beýleki halklaryň eserlerine girip gidendigini öňe sürýär. Käbir alymlar, Pegasyň ilkibaşdaky suratlandyrmasynda onuň bir ganatly bedewdigi we ýüzüniň üstünde şahynyň bolandygyny, şeýle görnüşde suratlandyrylandygyny ýatlaýar. Ol Burak atyna meňzeş wasp edilýär. Magtymguly "Ýogyndyr buýnuzy.." diýip, Buragyň şahly bir bedewdigini ýatlaýar. Bu Pegas bilen bagly häsiýetnamalara hem gabat gelýär. Tulpar bolsa owalda-ahyrda tebigy bedew şekilinde, ýöne ýagyrnysynyň iki tarapynda ganatlary bolan, ýagny iki ganatly bedew hökmünde suratlandyrylypdyr.

Pegas - gadymy grek mifologiýasynda ganatly bedew. Pegas sözüniň gelip çykyşy dogrusynda häzire çenli anyk bir pikire gelnenok. Ony grek mifologiýasynda Gök gümmürdisiniň hudaýy Pegasyň epiteti hökmünde görülýär. Pegas Zewse ýyldyrymlary getirip berýän barlyk hökmünde ýatlanylýar. Ýene bir çaklama görä, ol deňizleriň gözbaş alýan ýerinde dünýä inen bedewdir. "Pegas" (Pegasus) sözi grek dilinde "çasly akym" diýen manyny berýär. Pegas ýel tizliginde hereket edip bilýän bedewdir. Pegas hem edil Tulpar ýaly ýeri peşände toýnaklarynyň astyndan çeşme çykaryp bilýän at hökmünde görülýär. Bu çeşme hem ylham çeşmesi diýlip ýatlanylýar. Asmanda howalanmak üçin Pegas ilki bilen ýerde özüne gerek bolan tizligi ylgap almaly ekeni. Grek mifologiýasynda Pegasyň bitiren işleri türkmen dessanlaryndaky bedewleriň ýerine ýetirýän işleri bilen juda meňzeşdir. Deňizleriň düýbünden gerekli zadyňy tapmakda hem, Asmana galkmakda hem Pegas birnäçe hyzmatlary bitiripdir. Ol iň soňunda Zewse ýyldyrymy tutup getirip berýär we bu hyzmaty üçin ol asmanda ýyldyza öwrülýär. Ol ýyldyz

Pegas ýyldyzy diýlip atlandyrylýar. Astronomiýa bilen meşgullanýan alymlar bolsa, at suduryny ýada salýandygyna garamazdan Pegas ýyldyzlar toplumynda ganatly aty göz öňüne getirdip biljek şekiliň ýokdugyny tekrarlaýarlar. Käbir ýewropaly taryhçylar Pegasy ýaşaýyşdaky ähli zatlaryň janly baglanyşygynyň simwoly hökmünde görýärler.

Düldül - türkmen nusgawy edebiýatynda hezreti Alynyň münen bedewi. Taryhy kyssalarda, nusgawy şahyrlarymyzyň dessandyr şygyrlarynda aýratyn ukyp-häsiýete eýe bolan bedew hökmünde suratlandyrylýar. Düldüliň Alynyň jylawdary Ganbar  bilen bagly hekaýatlary has-da giňden ýaýrandyr. Bu hekaýatyň tüýs türkmen ruhunde beýan edilmegi aýratyn ünsüňi çekýär. Ganbar Düldüle ot-iým berip, ony seýislär ekeni. Bir gün Aly Düldüliň barha horlanyp barýandygyny duýýar we munuň sebäbini anyklamak isleýär. Ol ogrynça Ganbaryň ata seredişini synlaýar. Görse, Ganbar Düldüliň öňüne gerekli ot-iýmini, suwuny bereninden soňra, ýanyndan bir guraly çykaryp, onuň kirişlerine kakyp, saz alýan ekeni. Düldül hem bu saza muşdak bolup, ot-suwy ýatdan çykarýan ekeni. Hezreti Aly Ganbaryň ýanyna gelip bu gural hakynda soranda, Ganbar bu saz guralynyň tut agajyndan, kirişleriniň bolsa ýüpekden ýasalandygyny aýdýar. Şonuň üçin hem Ganbar, ýagny Baba Gammar nusgawy edebiýatymyzda sazyň piri hökmünde görülýär. Ganbar sözüniň asyl manysy “torgaý” diýmekdir. Düldül gyr ýa-da ak reňkde bolup, ol Muhammet pygamberiň Ala sowgat beren aty hasaplanylýar. Biziň dessanlarymyzda hezreti Alynyň Düldül aty we Zülpükar (oňurga şekilli) gylyjy bilen suratlandyrylmagy has rowaç bolupdyr. Sebäbi, Aly söweşlerde köplenç halatda Düldül aty we Zülpükar gylyjy bilen çykar ekeni.

Busefal - Beýik Isgenderiň münen söweş aty. Atyň ady türkmençe “Öküzbaş” diýmekligi aňladyp, ol Isgenderiň öz topraklarynda ýetişen

at däldir. Taryhy rowaýatlara görä, ol seýislenilmek üçin Makedoniýa başga ýerlerden getirilen at bolmaly. Onuň bir bedew täjiri tarapyndan bu sebitlere getirilendigi ýatlanylýar. Aty Filip patyşa sowgat berýärler, emma ol bu bedewe erk edip bilmeýär we aty satyn almakdan ýüz öwürýär. Şol wagt on üç - on dört ýaşlaryndaky Isgender synanyşyp görmek üçin ejaza soraýar. Atyň öz kölegesinden ürkendigini duýan Isgender onuň alnyny Güne tarap öwürýär we öz kölegesini görmez hala getirip, onuň köşeşmegini gazanýar. Filip bu bedewi ogly Isgendere bagyş edýär. Bedewli wakalaryň türkmen dessanlaryna meňzeşligi şu ýerde hem ýene bir gezek görülýär: Birnäçe wagt geçenden soňra Isgenderiň bu atyny ogurlap gidýärler. Isgender atynyň gaýtaryp getirilmegini talap edýär. Iş çözülmedik halatynda ol ýerleri ýegsan etjekdigini aýdýar. Ogrular Busefaly yzyna gaýtaryp getirýär. Isgender ogrulara zat diýmeýär, gaýta gaýdyp ogurlyk etmezlik şerti bilen olara birnäçe engam berýär. Busefal gara reňkli, hiç zatdan çekinmeýän, uzyn aýakly, owadan bedew hökmünde suratlandyrylýar. Ol hatda käbir ýerlerde Pegasdan hem ýokary derejede goýlupdyr. Rowaýatlaryň birinde, bu bedewi parasat nazary bilen synlan gurrandazlaryň biriniň patyşa Filipe bakyp: “Bu ata münmegi başaran dünýä höküm etmegi başarar” diýendigi ýatlanylýar. Busefal hakda ýazylan eserler, çekilen suratlar az däl. Bu onuň sungat äleminde ylham çeşmesi bolup bilendigini görkezýär. Busefalyň aslynda taryhda “Parfiýa bedewleri” diýlip wasp edilen, häzirki ahalteke bedewleriniň biridigini öňe sürýän alymlar hem bar. Üstesine, 2004-nji ýylda düşürilen “Beýik Isgender” filminde Busefaly friz atlarynda görkezipdirler. Şonuň üçin hem bu film hakda öz pikirlerini ýaňzydan daşary ýurtly žurnalistler: “Ýöne, näme üçindir Golliwudyň surata dşüren “Beýik Aleksandr” atly filminde Aleksandr Makedonskini friz atlaryna mündüripdirler. Ony ahalteke atyna mündürip, surata düşüren bolsalar, has jüpüne düşerdi. Friz atlary hem

gowy, oňa söz ýok, ýöne onuň ahalteke atlaryna düýbünden bäs edip bilmeýändigini boýun almaly, üstesine-de bu taryhy hakykatyň ýoýulmagydyr" diýip, beýan edýärler.

Gyrat - meşhur Göroglynyň münen bedewi. Gyratyň ata urugynda hem, ene urugynda hem suw aty bardyr. Gülendam ýeňňesi oňa ganynda suw atynyň täsiri bolan iki sany bedewden (öz gylýaly hem-de Reýhan arabyň aty) bir täsin taýyň dogjagyny ýaňzydýar. Reýhanarabyň atyny höwre çekmegiň ugruny maslahat berýär. Birnäçe wakalardan soň bir taý dünýä inýär, emma süýji arzuwlara çümüp, kämil bedewiň yşkynda göz öňüne getirmelere güýmenip ýören Görogly bu dogan taýyň daşky sypatyny görüp, ähli tamasynyň puç bolandygyna gynanýar. Atasynyň bolsa özüne dogry zady aýtmandygy üçin gaharlanýar. Eposdaky wakalaryň dowamynda bu taýyň önüp-ösüşi, onuň ilki kyrk günläp, soňra ýene bir kyrk günläp Gün şöhlesi düşmeýän garaňky ýer kümede saklanyşy, soňra Göroglynyň taýyna baş öwretmegi, ýagyrnysyna erenleriň eliniň we deminiň düşmegi, Araz çaýyndan uçup geçmegi ýaly täsirli wakalar beýan edilýär. Eposdaky wakalarda Gyratyň bedewe mahsus ähli kämil häsiýetleri özünde jemleýändigini bilip bolýar. Oňa suw atynyňam, asman atlarynyňam, uçýan atlaryňam häsiýeti siňdirilipdir. Hut şonuň üçin hem Gyrat kämil bedewiň nyşanyna öwrülmegi başarýar. Ünsüňi özüňe çekýän esasy zatlaryň biri hem türkmenleriň bedew ykbalyny öz ykballaryndan aýra görmeýändikleridir. Çünki Görogly erenlerden-pirlerden üç mertebe dileg edende özüne näme dilese, bedew atyna hem şony dileýär: "Meniň dilegimi berseňiz, göwün-maksadyma ýetirýän bolsaňyz, atyma, özüme ýüz ýigrimi ýaş beriň, atyma, özüme her niçik ýara düşse, ýyldyz göremde gutulaýyn. Ine, meniň dilegim" diýýär. "Zürýat dilemedim, seni diledim" diýip, Gyratyna ýüzlenýär. "Görogly" eposynda bedew atlar we olaryň häsiýetli aýratynlyklary, seýisleniş usullary bilen

baglanyşykly ýene köpsanly ylmy maglumatlar bardyr. Göroglynyň Gyraty bu epos arkaly dünýä edebiýatyna girmegi başaran, hiç wagt unudylmaýan bedewleriň biridir.

Suw aty - ýazuw gymmatlyklarymyzda gaýta-gaýta ýatlanylýandygyna garamazdan, biz üçin erteki ýaly görünýän bu gürrüňleriň aslynda hakykat bara meňzeýär. Çünki orta asyrlarda ýazylan edebi-taryhy eserleriň birnäçesinde suw aty hakda ýatlama ýa-da düşündirişler berilýär. Bu ýagdaý suw atynyň aslynda bardygyny, bolandygyny tassyklamaga tutarykdyr. Orta asyrlarda ýaşan alym Muhammet al-Kazwininiň “Ajaýibul-mahlukat we garaýibul-mewjudat” atly eserinde suw atlary hakda maglumat berilýär. “Suw atlary daşky görnüşi babatda edil ýer atlary ýalydyr, ýöne suw atynyň ýaly we guýrugy ýer atlarynyňkydan uzyn bolýar. Suw atynyň reňki göze ýakymly örän owadan bir reňkdir. Onuň toýnagy sugunlaryň toýnagyna meňzeşdir. Göwresi ýer atynyňkydan pesräk, eşekden birneme ulurak bolýar. Bu atlar suwdan çykýarlar we ýer atlary bilen höwre gelýärler. Olardan örän owadan, kämil sypatly taýlar dünýä inýär” diýip ýazýar. Şuňa meňzeş maglumatlary orta asyr ýazarlarynyň ýene birnäçesinde görmek bolýar. Horasanly alym şeýh Abulkasymyň suw atlary bilen bagly kyssasy hasda meşhurdyr. Günleriň birinde şeýh Abulkasym deňze suwa düşüp ýören ekeni. Beýleräkde onuň baýtaly hem deňziň ýakasynda otlap ýören ekeni. Birdenkä deňizden endamynda dirhem ýaly togalajyk akja nokatlary bolan gara dor at çykyp, baýtal bilen höwrügipdir. Bu baýtaldan atasyna meňzeş owadan bir taý dünýä inipdir. Soňra şeýh Abulkasym baýtalyny we şol taýy deňziň ýakasyna alyp gelipdir. Abulkasymyň ýene-de suw atyndan taý edinmek tamasy bar ekeni. Garaşylyşy ýaly, suw aty deňizden çykypdyr. Ysyrganyp, töweregine bakypdyr. Soňra öz taýyny - balasyny ysgapdyr we ýene-de suwa çümüp gidipdir. Atasy gidenden soň, ol taý hem onuň yzy bilen suwa girip gidipdir.

Şeýh Abulkasym soň-soňlaram baýtaly bilen şol ýakalarda kän gezipdir, emma suw aty çykmadyk bolarly” diýip, alym ýazýar. Şeýle maglumatlaryň ýene birini Omar ibn Sagdyň ady bilen baglanyşdyrýarlar. Onuň aýtmagyna görä, adamlar Nil derýasynyň gözbaş alýan ýerinde we deňze guýýan ýerinde suw atynyň aýak yzlaryna gabat gelipdirler. Şondan çen tutup, suw atlarynyň diňe deňizde, deňiz ýakalarynda däl-de, eýsem derýalarda hem bolup bilýändigini çaklaýarlar.

Süleýmanyň ýelden ýyndam bedewleri - taryhy eserlerde Süleýman pygamberiň bedewleri hem köp ýatlanylýar. Onuň ahyrynda (at agyly) on müň sany, käbir maglumatlara görä ýigrimi müň sany bedewiniň bolandygy aýdylýar. Süleýmanyň bu bedewleriniň ählisiniň ganatly bedewler bolandygy hem ýazylýar. Olaryň owadanlygy, ýyndamlygy, ynsan diline we duýgusyna düşünýändikleri Süleýmany juda özüne imrindiripdir, hatda Süleýman pygamber öz etmeli-goýmaly işlerini, borçlaryny hem unudypdyr. Munuň jezasy hökmünde ganatly bedewleriň ählisiniň Süleýmandan yzyna alynmagy emr edilýär. Ýaradan bu atlaryň deregini tutup biljek zat hökmünde Süleýmana ýeliň ygtyýaryny beripdir. Çünki, ganatly bedewleriň ornuny tutup biljek zat diňe ýeller ekeni. Munuň hem özüne ýetik sebäbi, delili bar. Rowaýatlara görä, bedew atlar aslynda ýelden ýaradylypdyr. Şol taryhy kyssalarda: “Adamzat üçin owaldan-ahyra iň eziz jandar bedew bolup galar” diýilýär.

Dünýä taryhynda waspy-tarypy ýetirilen, uçar ganatly, ýelden ýyndam bedewler başga-da kändir. Ýöne, bedew atlaryň taryhy ykbalyna, ýazgylara ser salsak, ebedilige gatylmak üçin edebi eserlere siňmek esasy şertleriň biri ýaly görünýär. Çünki, ýokarda beýan eden zatlarymyzyň şeýle derejede mahabatlanmagyna, adamzat aňynda müdi-

milik orun almagynda olar hakda ýazylan edebi eserleriň uly ähmiýetiniň bolandygy şübhesizdir.

# Kitaba hormat – milli dessur

Mundan müň ýarym ýyl gowrak ozal ýaşap geçen arap şahyry Al-Mütenebbiniň “Dünýäde atyň üstünden gowy tagt ýok, kitapdan gowy dost ýok” diýen sözleri hiç wagt ähmiýetini egismeýän paýhasly we ganatly jümleler bolup, dünýäni aýlanýar. Kitap ýanyňdan aýrylsa-da, hiç wagt ýadyňdan aýrylmaýan keramat. Kitabyň nämedigini aýratyn düşündirip oturmak, belki, zeruram däldir. Ol nähilidir bir söz bilen subut edilmezden, öz-özünden düşnükli hakykat. Kitap, şeýle seretseň, içi many-mazmunly sözler, suratlar we maglumatlar bilen üpjün edilen hazyna.  Ol biziň durmuşymyzda dem alýan howamyzdan, gündelik azyk-owkatymyz bolan çörekdir-suwumyzdan soňra iň esasy zerurlyk bolup durýar. Sebäbi ýaşaýşa düşünmegiň we öňe ilerlemgiň, ösüşiň özeninde ylym-bilim ýatyr. Ylym-bilimi bolsa kitaplar arkaly has özleşdirip bilýäris. Kitap hiç wagt bahasy egsilmeýän, gymmaty gaçmaýn gymmatlykdyr. Mysal üçin, häzirki durmuşymyzy alyp göreliň. Dünýä günsaýyn däl-de, demsaýyn özgerip dur. Oýlanyp tapylýan täze enjamlar, serişdeler, mümkinçilikler bir wagtlar apalanyp saklanan ençeme abzallary, gurallary durmuşymyzdan gysyp çykarýar. Emma tehnologiýanyň ösen döwründe öz ähmiýetini birjikde kemeltmedik ga-

dymy senet bar, uludan-kiçiniň aýratyn mukaddeslik, keramat bilen bakýan bu senedine kitap diýilýär.  Kitaplar geçmişde ýaşan ata-babalarymyzyň taryhy paýhaslaryny, tejribelerini, häzirki döwürde gazanylan üstünlikleri we olara eltýän ýollary öz gursaklarynda saklap, okyjylara dogry ýola gönükdiriji sapak berýärler. Kitaplar geçmiş bilen geljegiň hem-de halklaryň we ýürekleriň arasyndaky baglanyşygy üzmän saklap duran bahasyz  miras hasaplanylýar.

Türkmenler owaldan okumyş halk. Diňe kitaby köp okaýan halklar dünýä nusgalyk medeniýeti döredip bilýär. Munuň şeýledigine taryh şaýat. Gadymy Merw, Köneürgenç, Dehistan, Abiwerd, Nusaý, Amul, Merwerud, Sarahs ýaly ýerler özleriniň baý kitaphanalary bilen meşhur bolupdyr. Türkmen alymlary has köp kitap okamakda, olary ýatdan bilmekde juda ezber eken. Taryh kitaplarynda şeýle hakykat öwran-öwran teswirlenýär. Bir mejlisde gürrüňden gürrüň çykyp, Ymam Şapygy hakda söz açylypdyr. Şonda alymlaryň biri Ymam Şapygynyň ýatkeşligine haýran galypdyr. Sebäbi Ymam şapygy 300 jilt kitaby ýatdan bilýän eken. Adamlar Ymam Şapygy hakda eşden gürrüňlerini ýatlap, ony öwüp, taryplamaga başlapdyrlar. Şol wagt çüňkde oturan, ýönekeý geýimli biri: “Ol meniň ýatdan bilýänimiň diňe zekat bölegini bilýän eken” diýipdir. Mejlisde oturan adamlar muňa haýran galypdyrlar. Hiç kim bu ýigidiň sözüni inkär edip bilmändir. Ol ýigit öz ildeşimiz Ahmet as-Sarahsy eken. Ol şol wagt on dört müň jilt eseri ýatdan bilipdir. Ine, türkmeniň kitaphonlugy şeýle bolýar. Kitaba hormat goýmak türkmeniň milli dessuryna öwrülip galypdyr.

***

Her bir zadyň ýüze çykyş, kemala geliş taryhy bolýar. Kitaplar häzirki kagyz ýa-da elektron görnüşine geçmänkä nähili görnüşde dowam etdilerkä? Has gadymy döwürlerde, adamzadyň ýaňy kemala

gelip başlan mahalynda, heniz hiç kimiň ýazuw-pozuwdan başy çykmaýan wagty, elipbiýiň oýlanyp tapylmadyk eýýamlarynda hem aňpaýhassyz, maglumatsyz ýa-da habarsyz oturylmandygy öz-özünden düşnükli. Ähli döwürlerde hem birek-birek bilen düşünişmek, habarlaşmak üçin maglumat alyş-çalşygy howa ýaly zerur bolupdyr. Şol irki zamanlarda ähli pähim-paýhasdyr parasady adamlar kellelerinde göterip gezipdirler. Ylym-bilimi, täze we gerekli maglumatlary dil üsti bilen birek-birege ýetiripdirler. Halypalar şägirtlerine, mugallymlar okuwçylaryna, garaz, ýaşuly nesil indiki nesile gürrüň bermek arkaly öz sowadyny, bilimini mälim edipdir. Ýatdan öwredipdir. Elbetde, bu ýagdaýyň häzirki döwrüň gözi bilen seredeniňde hupbatly we kyn işdigini duýup bolýar. Emma, islendik döwürde hem nämä uýgunlaşsaň, nämä endik etseň, ol adaty zada öwrülýär duruberýär. Adamzadyň kemala gelen ilkinji eýýamynda paýhasdyr bilimiň aňda, kellede göterilmegi tebigy ýagdaýdyr. Emma, hemme zat hemişe ýadyňa düşüp durmaýar. Netijede, hiç zada sünnälenilmedik, ýazylmadyk maglumatlaryň ençemesi unudylmak bilen bolýar.  Şol wagt akyl ýetirilen tebigat hadysalaryny hem gaýtadan öwrenmäge mejbur bolunýar. Şol döwürlerde adamlar kitabyň ornuna derek diňe öz beýnisini, ýatkeşligini peýdalanmaly bolupdyrlar. Heniz ýazuwly kitabyň ýüze çykmadyk wagtynda, kitabyň, golýazmanyň, daşbasmanyň, neşir işleriniň hiç hili ýok mahalynda, hat-da elipbiýiň hem ýüze çykmadyk wagtlary maglumatlary sözüň, ümüň, hereketiň üsti bilen mälim edipdirler. Şol ilkibaşky endikler hem adamzadyň ýasawyna, tebigatyna şeýle bir siňipdir welin, häzirki döwrüň alymlary adamlaryň özlerini alyp barşyny, gürlän wagty edýän hereketlerini synlap, olarda nähili häsiýetleriň agdyk edýändigini, gürleýän wagty anyk hakykata  ýa-da galplyga ýykgyn edýändigini kesgitleýärler. Soňra şol hereketleri aňladýan çyzgylar peýda bolup başlaýar. Olara ylmy dilde "ieoroglifler" diýilýär. Has irki

döwürlerdäki şumer, Müsür, hytaý, hindi, türk (türkmen) ieroglifleri häzirki elipbiýleriň ata-babasy bolup durýar. Ieorogliflerde adaty bir şekil hem uly manyny aňladyp bilýär. Mysal üçin, gadymy hytaý ieoroglifinde ýagşylyk sözüne derek açylyp barýan gülüň şekili goýlar eken. Bu ýagşylygyň örän gowy zatdygyny, täsiri we netijesi babatda açylyp barýan hoşboý ysly güli ýatladýandygyny aňladýar. Soňra bu çyzgyly, suratly şekiller barha kämilleşýär. Sudury inçelýär we ýeňilleşýär. Şeýdibem, ilkinji elipbiýler peýda bolup başlaýar. Aslynda, kitabyň döreýiş taryhyny elipbiý bilen baglanyşdyrmak örän dogry bolardy. Çünki elipbiý, harp bolmasa, kitabyň bolmajakdygy düşnükli zat. Uzak ýollara sapar-syýahata gidýän söwdagärler, täze ýerleri açmak, öwrenmek bilen meşgullanýan jahankeşdeler baran-gören ýerlerindäki aýratynlyklary we täsinlikleri bellige alyp başlaýarlar. Ilkibaşda boýra gamyşlaryň ýüzüne ýazylan maglumatlar, soňra barha kämilleşip, kemkemden häzirki keşbine girmegi başarýar. Soňra ol daşlaryň, gaýalaryň ýüzüne ýazylýar. Heniz boýra gamyşly ýa-da kagyzly kitaplar peýda bolmanka, maglumatlary, taryhy kyssalary ýeterli etmek, biziň halkymyzda, ozanlaryň üstüne düşüpdir. Ozanlar her tiräniň, taýpanyň, kowmuň ýa-da aýratyn bir şahsyň tarypyny, taryhyny we  nusga alarlyk ömrüni, durmuş wakalaryny dil üsti bilen owaz, aýdym arkaly mälim edipdirler.

Kitabyň gelip çykyşy hakda onuň öz ady hem doly maglumat berip bilýär. Latyn dilindäki “liber” sözi “gabyk” diýen manyny berýär. Ol ýüzüne ýazgy ýazmak üçin uly agaçlardan soýlan gabygy aňladýar. Iňlis dilindäki “book” sözi agajyň bir adydyr: Demirgazyk Ýewropada hat ýazmak üçin şol agaçdan ýasalan ýasyja tagtalar ulanylypdyr. Rus dilindäki “kniga” sözi, aslynda, gadymy türkmen sözi bolup, ol “könig, künig” ýa-da “küýün” diýmekdir. Ol “külterlenen, düýrlenen kagyz” diýen manylarda ulanylypdyr.  Aslynda welin, gadymy hytaýlylar hem-

de şol ýakalarda ýaşan türki halklar köne esgileri gaýtadan peýdalanyp, olardan hat-ýazuwda peýdalanar ýaly zat ýasar ekenler. Bu bolsa kitabyň esasy serişdesi bolup hyzmat edipdir. Arap dilinde “kitab” sözi, “ketebe” – ýazmak işliginden gelip çykýar, ol “ýazgyly zat, ýazgy” diýmekligi aňladýar, edil şonuň ýaly gadymy türkmen dilinde hem kitaba “bitig” diýlipdir. Ol “bitmek” – ýazmak işliginden gelip çykyp, bu hem “ýazgy, ýazylan, hat” diýen manyny berýär. Kitaplar ilkibada köne esgilerden ýa-da boýra gamyşlardan taýýarlanan zada ýazylyp, saklamaga amatly bolmagy üçin düýrlenip saklanypdyr. Ine, şular hem häzirki kitaplaryň ilkinji görnüşleri hasaplanylýar. Biziň günlerimize gelip ýeten iň gadymy düýrlenen kagyz mundan 2400 ýyl ozal gadymy Müsüri dolandyran faraon Neferirkara degişlidir.

Halkymyzyň buýsançly geçmişinde hem kitaba goýulýan hormatsarpanyň belent bolandygyna akyl ýetirip bolýar. Türkmeniň ady agzalan ýerde kitap bilen bir umumylygy, bitewi birligi tapyp bolýar. Aslynda, iň gadymy ýazgylaryň biri hasaplanylýan, Göktürkmen döwletiniň hökümdarlarynyň biri Kültegininiň şanyna galdyrylan, daşlaryň ýüzüne nagyşlanan ýazgylar hem kitapdyr. Mahmyt Kaşgarlynyň „Türk dilleriniň sözlügi“ atly eserinde türkmenleriň keramatly kitaplara „Biti“ ýagny, „ylahy bitilen, ýazylan“ diýilýändigi nygtalýar. Germaniýanyň Berlin şäherindäki döwlet kitaphanasynda irki oguz-türkmen elipbiýinde ýazylan taryhy, edebi we drama eserleri saklanylýar. Bularyň ählisi türkmeniň döreden kitabydyr. „Gorkut ata“, „Oguznama“, „Gut etgü bilig“, „Görogly“ ýaly paýhasa baý, hikmete jomart, uly göwrümli eserleri her bir halkdan tapyp bolanok. Halkymyz şunuň ýaly ajaýyp eserleri, kitaplary bilen özüni dünýä tanatdy. Ünsleri we ýürekleri özüne çekdi. Öňki döwürlerde ata-babalarymyz uzak ýola sapara, syýahata çykanlarynda ýanlary bilen bir gysym Watan topragyny, bir döwüm tamdyr çöregini, bir çümmük nahar duzuny we

bir kitap alyp gider ekenler. Çünki bularyň ählisi ömürboýy ýanyňa ýoldaş bolýan, asla harlanylmaýan mukaddeslikler hasaplanypdyr. Argyşa giden ata-babalarymyz giden ýerlerine türkmeniň kitabyny äkitseler, baran ýerlerinden üýtgeşik, täsin, gyzykly we ähmiýetli kitaplary satyn alyp gaýdar ekenler. Türkmeniň özge halklar bilen kitaply gatnaşygy onuň edil saçakly gatnaşygy ýaly bolupdyr.

Türkmen topragy özüniň kitaphanalary bilen hem tapawutlanypdyr. Gadymy Köneürgenç, Merw, Nusaý, Dehistan, Amul ýaly şäherleriň taryhy kyssasy muňa mysaldyr. Mysal üçin Merwiň kitaphanalary hakda ýatlap geçeliň. Medeniýetiň gülläp ösmeginde kitaphanalaryň orny örän beýik. Bu hakykaty taryhyň dürli döwürlerinde beýik ösüşleri, ruhy-medeni galkynyşlary amala aşyran dünýä halklarynyň taryhynda hem, dünýäniň bir mertebe medeniýetleşmegine saldamly goşant goşan  öz halkymyzyň taryhyndan hem aýdyp bilýäris.  Orta asyrlarda jahana ýaň salan kitaphanalar hakda gürrüň gozgalsa, ilkinji nobatda gadymy Merw  hakydaňda janlanýar.  Orta asyr Gündogarynyň meşhur şäherleri bolan Köneürgenç, Sarahs, Samarkand, Balh, Buhara, Hyrat, Maşat ýaly şäherleriň arasynda iň uly kitaphanalar gadymy Merwde jemlenipdir. Taryhçylar gadymy Merwde ownukly-irili birnäçe kitaphanalaryň bolandygyny teswirläp, kitaba gyzyklanýanlar üçin uly mümkinçilik döredilipdir. Hat-da käbir kitaphanalrda kitap okamaklyga bolan islegi artdyrmak üçin okyjylara ýörite hak-heşdek hem tölenipdir, mugt nahar bilen üpjün edilipdir. Gadymy Merwiň birnäçe kitaphanalarynyň ady taryhy çeşmelerde gabat gelýär. Olaryň arasynda has ähmiýetlisi hökmünde Aziziýýe medresesiniň kitaphanasy, 12000 sany kitap gory bolan Kemaliýýe medresesiniň kitaphanasy, Amidiýýe medresesiniň kitaphanasy, Mejdülmülk kitaphanasy, Nyzamylmülk kitaphanasy, Hatunyýýe kitaphanasy (Seljuk soltanlaryndan biriniň zenanlarynyň gurduran kitaphanasy), Tekiýýet az-

Zamiriýýe kitaphanasy, Samanylaryň nebere kitaphanasy ýaly kitaphanalary görkezmek bolar. Her kitaphananyň özünde ýörtie medreseleriň bolmagy, kitaphana bilen ylym-bilim ojaklarynyň aýrylmaz baglanyşyklydygyny görkezýär. Merwiň kitaphanalary hakda Samanynyň, Ýakut Hamawynyň eserlerinde hem birnäçe maglumatlar getirilýär. Kitap okamaga höwesek käbir şahslaryň soňlugy bilen uly kitaphanalary açandygy hem beýan edilýär. Orta asyr taryhçylarynyň ählisi diýen ýaly öz eserlerinde Merwiň kitaphanalary hakda ýatlap geçipdir. Bu hakda As-Samany, Ýakut Hamawy, Muhammet Gaýmaz Türkmen, Ibn Hallikan, Ibn Esir, Ibn Kesir, Hajar ibn Askalany ýaly ýene birnäçe meşhur taryhçylaryň eserinde giňişleýin ýatlanylýar. Merwiň taryhdaky şöhraty hakda söz açylanda onuň behişdi mesgendigi, ajaýyp önümleriň, datly miweleriň diýarydygy bilen birlikde uly-uly kitaphanalary özünde jemleýändigi hem aýratyn nygtalýar.

Kitabyň ähmiýeti, peýdasy gadymyýetden bäri mälim. Çagalykdan aňymyza siňen ertekidir rowaýatlarda, nakyldyr matallarda kitabyň edil çörek ýaly mukaddes zatdygy öňe sürülýär. Eger-de şu wagt “Gatlak-gatlak gatlama..” diýip, bir matal aýdyp başlasalar, sözüni soňlaryna garaşman, onuň dowamyny hem, jogabyny hem dessine aýdyp berersiňiz. Dogrudanam, onuň jogaby – kitap. Ata-babalarymyz kitabyň üstünden ätlemegi gaty ýokuş görüpdürler, hut şonuň üçinem “Gatlak-gatlak gatlama, gatlamadan ätleme” diýip, onuň mukaddesligini çörege barabar edipdirler. Ýogsa-da biziň her birimizde dost, jora, ýoldaş, deň-duş, mahlasy pikir alşara biri bardyr. Käwagt siz olaryň göwnüne degensiňiz, käteler olaryň sözi maňzymyza batan däldir, emma dünýäde şeýle bir dostlar bar, “gözlere röwşenlik çaýýan, ýöremeli ýollaryňy ýadyňa salýan, gaýly günüňde aladadan, gaýgydan saplap, teselli berýän, seni üns bilen diňleýän, ýekeligiňi unutdyrýan dost bar, oňa – kitap diýilýär”. Dogrudanam, kitap içi maglumatlardan doly bilim sandygy,

akyl jamy. Köne döwrüň alymlarynyň, akyldarlarynyň kitaby Jemşidiň jamyna meňzetmeklerinde hem çuňňur many bar. Kitap döredijiligiň, paýhasyň, zehiniň we zähmetiň datly miweleri bilen doldurylan tabaga hem meňzedilipdir. Kitabyň içinde pikir-düşünjeler, dünýägaraýyşlar, duýgular öz inçeligi, näzikligi, gaýta-gaýta okalýandygyna garamazdan solmaýan terligi bilen gaplanyp goýlandyr. Atalarymyzyň paýhasynda „Kitaby açan adam bilimler hazynasy saklanýan gowagyň derwezesini açýandyr" diýilýär. Hat-da tanymal lukman we tebigat ylymlarynyň ussady Dawut Antaky at-Türkiniň „Tezkiretu ulul-elbab" atly eserinde söýginiň dermany hökmünde hem kitap okamaklyk maslahat berilýär: „Söýginiň iň gowy dermany wysaldyr, birek-birege gowuşmakdyr. Wysal miýesser etmese, taryhy we ylmy kitaplary okamak arkaly özüňe aram-teselli, ynjalyk tapyp bolýar. Bu synalyp görlen we dogrudygy subut edilen emdir" diýip ýazýar. Şonuň üçin hem orta asyrlarda ýaşan arap şahyry Al-Mütenebbi „Dünýäde atyň üstünden gowy tagt ýok, kitapdan gowy dost ýok" diýip belleýär.

Bu keramatyň söhbeti edilýän wagty bir kitaba düýesini çalşan Welmyrat aga, yzynda bazardan sowgat-salamly geler diýip, çagalaryň göz dikip oturandygyna garamazdan, ondan has gymmatly zady alyp gelýän, ähli üzümlerini bir kitaba çalşan Anna aga ýaly pederlerimiziň nurana keşbi seriňe dolýar. Kitaplaryň üsti bilen adamlary we älemleri öwrenýäris, dünýämiziň ýakyn we alys ýyldyzlaryny tanaýarys, asmanlaryň aňyrsyndaky we zeminleriň astyndaky zerrelere çenli akyl ýetirýäris. Iň esasy zat bolsa kitap arkaly jemgyýetiň gymmatly hazynasy bolan şahsyýeti kämilleşdirip, beýgeldip bolýar. Kitabyň ýene bir aýdyň hikmeti bar, munuň şeýledigini her bir adam özünde synap görübem biler. Muny synamagam, başarmagam kyn däl. Kitabyň bu hikmeti - her okalan kitap, bizi bir basgançak ýokary göterýär.

Taryha siňen şol beýiklik bu gün türkmen topragynda has täze röwüş, täze öwüşgin bilen pajarlaýar. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow medeniýetiň asyl nusgasyny özünde jemleýän kitaphanalaryň işine uly uns berýär. Kitaba uly sarpa goýýan parasatly Prezidentimiz ýurdumyzyň kitaphana ulgamyny kämilleşdirmek, onuň enjamlaýyn-tehniki binýadyny döwrebaplaşdyrmak barada uly işleri durmuşa geçirýär. “Kitap adamzadyň köňül nagşydyr, ol medeni gymmatlyk hökmünde ruhy baýlyga öwrülip, adamlaryň ýüreklerine ýol salyp bilýär” diýip belleýär. Kitaplary has täze röwüşde, owadan bezegde, many-mazmuna baý edip neşir etmekde hormatly Prezidentimiziň döreden mümkinçilikleri örän uludyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe iň uly ruhy gymmatlyk hökmünde görülýän kitap hakda söz açmak bolsa juda ýakymlydyr.

# Remezan hikmeti

Halkymyzyň asyrlarboýy dowam edip gelýän her bir edim-gylymynyň, däp-dessurynyň özboluşly manysy, hikmeti bolýar. Olar bir ynsanyň we tutuş jemgyýetiň bähbidine, bagtyna gönükdirilen gymmatlyklardyr. Şolaryň biri hem "Müň aýdan haýyrly bolan" remezan aýy. Ata-babalarymyz remezan aýyna sabyrsyzlyk bilen garaşypdyrlar. Taňrynyň beren her gününi sähet saýýan türkmen remezan aýy gelende has begenipdir. Diňe ýagşy işler etmäge çalşylypdyr. Bu aýdaky her bir amaly öz dergähinde kabul etmegi Alladan diläpdirler.

Ruhy gymmatlyklaryň arasynda hem beýlekilerden bir gez ýokary arzylanan remezanyň biz üçin ruhy we beden terbiýesi has ähmiýetlidir. Bu günlerde ala säherden gün batýança iýip-içgilerden saklanyp, agyz beklenilýär. Boş gürrüňlerden, çylkasyz, suwjuk sözlerden, gyzyldan gymmatly wagtyňy alýan biderek oýun-güýmenjelerden, gybatdan, gep gezdirmekden, içigaralykdan, ýalançylykdan daş durulýar. Gijelerini ybadat, haýyrly amallar bilen geçiriilýär. Sadaka, haýyr-yhsan, tagam-hödür, agzaçar berilýär. Remezan aýy gaýrata galynýan, durkuň-süňňüň bilen yhlasa we amala berilýän aýdyr. Bu aýda ýagşy niýetlere berilmek bilen, ata-babalarymyz özlerini ruhy taýdan taplapdyrlar. Şonuň üçin bu mübärek aýy uly şatlyk, begenç, söýünç we ruhubelentlik bilen garşy almak indi däp bolup galypdyr.

Häzirki zaman lukmançylyk ylmynda hem oraza tutmaklygyň, agyz beklemekligiň peýdalary içgin öwrenilýär. Oraza sagdynlygyň açarydyr. Bu döwürde ýylyň dowamynda dürli nahar bilen agram salynýan iýmit siňdirji organlara dynç almaga, täzeden öňki kaddyna gelmäge mümkinçilik döreýär. Bedeniň açlyga-suwsuzlyga garşy durmak güýjüni artdyrýar. Ynsanyň çydamlylygyny ösdürýär.  Orazanyň beden saglygy üçin ähmiýeti Pygamberimiziň hadyslarynda hem ýatlanylýar: «Oraza tutuň, bedeniňiz berk we sagdyn bolsun" diýilýär.

Mübärek remezan aýynyň gelmegi ynsanyň hut özi üçin edýän ala-dalaryna many çaýýar. Bu mübärek aýy özüňe hasap bermekligiň, tu-tumly işleriňe badalga bermekligiň, düýnüňe göz aýlap, durmuşyňa ter-lik çaýmagyň, ony has gözelleşdirmegiň we täzeçe ýaşap başlamagyň başlangyç nokady hökmünde kabul etmäge pursatdyr. Ýyllarboýy aňyňda apalan  arzuwlaryňa ýürekden berlip başlamagyň wagtydyr. Bu aýy özüňe bähbidi bolmadyk, gaýta zyýan berýän endiklerden saklan-mak hem-de saplanmak üçin iň amatly pursat hasaplap, remezandan soň hem şu aýda endige öwren zatlaryňy dowam etjekdigiňi pugta ýüre-giňe düwmek bilen gaty köp zat gazanyp bolýar. Remezan ýaraşyk aýydyr, göwnüne degen adamyň bar bolsa, dessine  ötünç sorap, dostlukly gatnaşyklary dowam etdirmeli.  Garyndaşlyk gatnaşygy, ene-atalaryň göwnüni görmek, goňşy-golamyň halyndan habar almak, öýkeli adamlaryň bilen ýaraşmak, isrip etmezlik, adamlara görelde bol-maklyk, terbiýe bermeklik, dost- doganlaryň işi, ýagdaýy bilen gyzyk-lanmaklyk, nebsiňi ynjaltjak bolup ähmiýetsiz zatlara pul sowmazlyk, öwüt-ündewlere dogry düşünmeklik, berilýän maslahatlary kabul et-meklik we ikiýüzli hereketlerden häzir bolmaklyk, öz küýseýän zadyňy doganyňa hem dözüp bilmeklik, ajaýyplyk we abadanlyk üçin yhlas et-meklik, dost-doganlaryň gybatyny etmezlik, manyly kitaplary okamak we onuň manylaryny özleşdirmek, öwrenen gowy zadyňy amal etmek-

lik – Remezanda ündelýän möhüm maslahatlardyr. "Şu işlere amal etmäge endik etseňiz, ol siziň diňe remezan aýyňyza däl, bütin ömrüňize many çaýar" diýlip, gadymy ýazgylarda aýdylýar.

Remezan aýy amatly pursatlaryň, täze mümkinçilikleriň, joşgunyň aýy hasaplanylýar. Ynsan haýyrly işiň başyny başlamakçy bolsa, mübärek aýlary, sähetli ýa-da ýatda galyjy günleri saýlaýar. Sebäbi şeýle günler maksada ugrukmak üçin üýtgeşik ruhy godaw we itergi bolýar. Remezanyň her bir güni şeýle pursatlaryň biri. Şonuň üçinem, ýyllar boýy ýürekde göterlip, dürli bahanalar zerarly soňa süýşürilen, başyna barylmadyk islendik haýyrly işe şu aýda ruhubelentlik bilen girişip bilersiňiz. Remezan her güni sähet bolan aýdyr, her bir haýyrly işi jäht tutmaly aýdyr. Bu aý agyz beklemek üçin, bedenimizi maddy we köňlümizi ruhy taýdan arassalamak, päklemek üçin Allanyň saýlan mübärek aýy. Kurany-kerimiň inderilen aýy. Jennet gapylarynyň giňden açylyp, dowzahyň tüýnük-gapysynyň baglanylýan aýy. Ýagşylyklaryň adatdakysyndan esse-esse artyk sogaba eýe bolýan aýy. Öňümizde şeýle mümkinçilikler, pursatlar, nygmatlar barka, her abadan günümize ýürekden şükür etmeli aýy.

Halkymyz remezany arzyly myhman hasaplaýar. Ýanyňda myhmanyň barka, diňe gözel hereketler edilýär, süýji sözlenilýär. Myhmanyň göwnüne ýakmajak, ýaramajak her bir zatdan uzak durulýar. Ýagşy amallar, haýyrly işler öňküden has köp edilýär. Biri sögse, oňa sögünç bilen jogap bermän: "Men orazaly, meniň agzym bekli, meniň ýanymda myhmanym bar" diýip, içiňden gaýtalamaklyk ündelýär. Şu zatlara oraza bereketi bilen endik edilse, soňra hakyky häsiýete öwrülýär duruberýär. Şeýdibem bu mübärek aýyň bereketini özümize siňdirip bilýäris. Adam haýsy hem bolsa bir gowy häsiýeti özünde hasyl etmek islese, ilki niýet edip, soňra oňa amal etse, bir aýyň

dowamynda düýbünden täze häsiýetli, gözel häsiýetli adam bolup ýetişer. Bu aý bize durmuşymyzyň täze sahypasyny açmaga itergi berýän, şert döredýän aýdyr. Ähli ýaramaz endiklerimizden saplanmgy ýüregimize düwüp, maksada yhlasly ýapyşmak isleýän bolsak, turuwbaşdan şol häsiýetleri aňladýan sözleri aňymyza guýmaly. Oňlanylmaýan endiklerimizden saklanmak, ruhy-ahlak taýdan arassalanmak we saplanmak üçin  mundan bu ýana çynlakaý yhlas bilen ýapyşmak üçin ynam, gaýrat we gujur-dogum berip bilýän aýdyr.
Orazalarymyzyň we salyh amallarymyzyň doly, kämil bolmagy üçin ähli adama gowy garamaly, ýagşy amallar etmeli, içimizden-daşymyzdan ýagşy niýet saklamaly. Namazymyzda, orazamyzda we ähli amallarymyzda il-günümiz, ýurdumyz, Watanymyz üçin ýagşy dileg-dogalar etmeli. Çünki bu aýda edlien salyh amallar we dileg-dogalar Hak dergähinde kabul bolýandyr.

Remezanyň hikmeti, syry, sogaby bir söhbediň çygryna sygardan örän giň. Goý, törümize gelen mübärek remezanyň bereketi ojaklarymyza, köňlümize siňsin. Goý, tutan orazalaryňyz, il-ýurt, Watan üçin eden dileg-dogalaryňyz Hak dergähinde kabul bolsun. Jan saglygynda, baş bitinliginde indiki remezanlara ýetirsin!